**O. Danagulyýew, I. Jumagulyýew, M. Hanaýewa,**
**P. Aýdogdyýew, G. Hanow**

# FILOSOFIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2020

UOK 378:1 (091)
D 15

**Danagulyýew O. we beýl.**
D 15 **Filosofiýa.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Ylym, 2020. – 416 sah.

Okuw kitabynda filosofiýanyň predmeti, onuň mazmuny, ýerine ýetirýän hyzmatlary barada giňişleýin maglumat berilýär. Filosofiýanyň jemgyýetiň durmuşyndaky orny, ähmiýeti kesgitlenilýär. Onuň döreýiş we ösüş taryhy beýan edilýär. Jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky gatnaşyklara seljerme berilýär. Filosofiýanyň dürli şahalarynyň many-mazmunyna, özara baglanyşyklaryna we filosofiýanyň beýleki möhüm meselelerine seredilýär.

Okuw kitaby geljekki hünärmenlerde ylmy dünýägaraýşy, filosofiýa medeniýeti, döredijilikli pikirlenmäni, jemgyýetçilik durmuşynyň çylşyrymly meselelerinden baş çykarmak başarjaňlygy kemala getirmekligi maksat edinýär.

Okuw kitaby talyplara, aspirantlara we filosofiýa ylmy bilen gyzyklanýan okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 212, 2020 KBK 87.3 ýa 73

© Danagulyýew O. we beyl., 2020
© «Ylym» neşirýaty, 2020



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# SÖZBAŞY

Ynsan özüniň akyl-paýhasy, döredijilik ukyby, başarjaňlygy we beýleki dürli artykmaçlyklary bilen dünýäde ýaşaýan janly-jandarlardan tapawutlanýar. Ol sowukda-da, yssyda-da, gurakçylykda-da, ýagyş-ýagmyryň köp ýerinde-de ýaşap bilýär. Sebäbi adam daşky dünýäni öz isleglerine laýyklamagy başarýar. Zähmeti, döredijiligi, bilimi bilen ýaşamak üçin zerur şertleri döredýär. Ýaşar ýaly jaýlary, obadyr şäherleri, döwletleri gurýar. Önüm öndürýär, durmuş hyzmatlaryny gurnaýar, alyş-çalyş edýär, paýlaýar. Özüniň ýakynlary hakynda aladalanýar. Durmuşda ejir çekýänleri alada bilen gurşap alýar. Daşky dünýä bilen gatnaşykda adama artykmaç ukyp, başarnyk berýän ylmy döredýär. Ylym adamzat üçin ýol-ýörelgä öwrülýär, ol jemgyýetiň öňünde täze mümkinçilikleri açýar. Çünki hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, «Ähli döwürlerde beýik işler, beýik özgerişler ylmyň we bilimiň güýji bilen amala aşyrylýandyr»[1].

Adamzat jemgyýetiniň pajarlap ösmeginde filosofiýanyň täsiri uly bolupdyr. Uzak ýyllaryň dowamynda «ylymlaryň ylmy» adyna eýe bolan filosofiýa geçmişde adamzadyň bilim gorunyň wezipesini ýerine ýetiripdir. Gadymy hindi, hytaý, müsür, marguş akyldarlarynyň, Sokrat, Platon, Aristotel, Seneka, al Faraby, ibn Sina, R. Dekart, F. Bekon, J. Lokk, Ş. Monteskýe, Ž. Ž. Russo, I. Kant, G. Gegel ýaly filosoflaryň tebigat, jemgyýet, adam barada öňe süren pikirleri adamyň akyl ýetiriş ukybynyň – intellektiniň täze derejelere çykmagyna badalga berdi.

Adamlaryň filosofiýa ylmynyň çäginde toplan bilimi kämilleşip, dürli tebigat we jemgyýetçilik ylymlarynyň kemala gelmekligine ýardam etdi. Häzirki döwürde filosofiýanyň adamlaryň dünýägaraýşyny

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. –A.: TDNG, 2014. 92 sah.

kemala getirmekde we metodologik ähmiýeti barha ýokarlanýar. Çünki, filosofiýa dünýä, jemgyýet, adam, olaryň gurluşy, adamyň tebigatdaky we jemgyýetdäki orny, adam ömrüniň manysy ýaly düýpli meseleler barasynda pikirlenmäni öwredýän, olaryň ösüş, özgeriş kanunalaýyklyklaryny açyp görkezýän taglymatdyr.

Giň dünýägaraýyşly, döwrebap bilimli nesli ýetişdirmegi döwlet syýasatynyň baş maksadyna öwren Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda filosofiýa ylmyny öwrenmeklige we ony okatmaklyga uly üns berilýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň aladalary bilen filosofiýa okuw dersi hökmünde ýokary we ýörite orta okuw mekdepleriniň okuw meýilnamalaryna goşuldy. Ders boýunça okuw maksatnamalary taýýarlanyldy, okuw kitaby we gollanmalar çap edildi.

Hödürlenýän okuw kitaby Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan ders boýunça soňky okuw maksatnamasyna laýyklykda taýýarlanyldy. Onda filosofiýanyň wajyp meseleleri, bölümleri, olaryň many-mazmuny, kategoriýalary we ýörelgeleri, kanunlary hakynda okuw maglumatlary berilýär. Okuw kitabynda filosofiýanyň ylym hökmünde döreýiş taryhyna, onuň düzüminde hereket eden filosofik ugurlara we akymlara degişli maglumatlar hem beýan edilýär.

Okuw maglumatlarynyň durmuş bilen baglanyşygyna aýratyn üns berildi. Olaryň sada, düşnükli, logiki yzygiderlilikde beýan edilmegini gazanmaklyga çalşyldy.

Awtorlar okuw kitabyny kämilleşdirmäge gönükdirilen teklipler üçin minnetdar boljakdyklaryny habar berýärler.

# I. FILOSOFIÝA, ONUŇ PREDMETI WE JEMGYÝETDÄKI ORNY

## 1.1. Filosofiýa we onuň ylymlaryň düzümindäki orny

Filosofiýa gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Ilkinji filosofik pikirlenmeler gadymy Hindistanda, Hytaýda, Müsürde, Marguşda we Wawilonda döräpdir. Adamlar durmuşyň manysy, tebigat, älem-jahan, jemgyýet, olarda adamzadyň orny, ölüm we ýaşaýyş, adalatlylyk we adalatsyzlyk, bagt we betbagtlyk we beýleki birnäçe zatlar barada pikirlenip başlapdyrlar. Öz öňlerinde dürli soraglary goýup, olara jogap bermäge çalşypdyrlar. Daş-töwereklerini gurşaýan hadysalar, prosesler, zatlar, wakalar barada pikir ýöredip, olaryň barlygynyň kanunalaýyklygyny tapmaga synanyşypdyrlar.

Filosofiýa ylmynyň ilkinji pyntyklary gadymy Gündogarda döräp, şaha ýaýyp, ýapraklan bolsa-da, onuň gülläp ösen ýeri gadymy Gresiýadyr. Gadymy grek filosoflary gadymy hindi we müsür filosofik pikirler bilen hem tanyş bolupdyrlar. Olary özleşdiripdirler, ösdüripdirler. Biziň eýýamymyzdan öňki VII–VI asyrlarda Gresiýada filosofiýa täze derejä çykýar, ylym hökmünde kemala gelýär. Ol ýerde dörän dürli filosofik mekdeplerde gozgalan, ösdürilen pikirler dünýä jemgyýetçiliginiň ösüşine oňyn täsir edýär. «Filosofiýa» adalgasy-da ilkinji gezek şol ýerde ulanylypdyr. «Filosofiýa» sözi grekleriň «phileo» – «söýýärin» we «sophia» – «paýhas» diýen sözlerinden düzülip, paýhasa bolan söýgi diýen manyny aňladýar. Ony ilkinji bolup grek filosofy Pifagor ulanýar. Gadymy grek akyldary Platon ony «dünýägaraýyş» manysynda ylma ornaşdyrýar. Şol döwürlerden başlap, Filosofiýa näme? Ol jemgyýetde nähili wezipeleri ýerine ýetirýär? Onuň



Pifagor

adamyň durmuşyndaky orny nämede? Filosofiýa nämäni öwrenýär? diýen ýaly soraglar boýunça filosoflaryň arasynda jedel gidýär. Bu soraglara dürli filosoflar dürlüçe jogap berýärler.

Pifagor ýaşaýşyň täsinligini, adamlaryň pähim-parasatly, sagdyn ýaşaýyş durmuşy isländiklerini, filosoflaryň şeýle durmuşy beýan edýän adamlardygyny nygtapdyr. Bu pikiri gadymy grek filosofy Geraklit hem goldapdyr we ösdüripdir.

Grek filosofy Platon filosofiýanyň wezipesini baky we absolýut hakykylyga akyl ýetirmekde görüpdir we bu wezipäni diňe ýokary paýhasly adamlaryň başarýandygyny belläpdir. Aristoteliň pikirine görä, filosofiýa ylmyndan başga hiç bir ylym tebigata tutuşlygyna garamaýar. Diňe filosofiýa ony tutuşlygyna, hemmetaraplaýyn öwrenýär. Beýleki ylymlaryň hersi tebigatyň bir ugruny, bir tarapyny seljerýär we barlag edýär.

Orta asyr dini filosofiýasy filosofiýa Hudaýa sežde etmeklige, çokunmaklyga, ýakynlaşmaklyga ýardam berýän kömekçi serişde, hyzmatkär, gural, taglymat hökmünde seredipdir.

Nemes nusgawy filosofiýasynyň wekili Gegel filosofiýany Hudaý hakyndaky taglymat hökmünde kabul edýär.

Beýleki ylymlardan tapawutlylykda, filosofiýa üýtgemeýän, hemişelik, özüne özi sebäp bolýan, absolýut, çäklendirilmeýän, obýektiw hakykata akyl ýetirmek ugrunda hereket edýär. Ol absolýut ylmyň ornuna dalaş edýär. Tejribä esaslanýan beýleki ylymlardan tapawutlylykda filosofiýa hakykat hakyndaky ylymdyr. Onuň jemgyýetçilik, tebigy, takyk we beýleki ylymlaryň ösüşine ýetirýän täsiri uludyr.

Dünýä, tebigat, jemgyýet, adam we adamyň pikirlenmesi filosofiýa ylmynyň obýektidir.

*Filosofiýa – bu tebigatyň, jemgyýetiň, adamyň, onuň akyl ýetirişiniň ösüşiniň, özgerişiniň, özara täsirleriniň umumy kanunalaýyklyklaryny öwrenýän ylymdyr.*

Filosofiýa – bu döredijilik işiniň aýratyn görnüşidir. Onuň predmeti hem adam bilen dünýäniň özara täsiriniň ählumumy formalarydyr.

Ylym bilen meşgullanýan islendik adama filosofiýa metodologiýa hökmünde zerurdyr. Çünki filosofiýa tebigatyň, jemgyýetiň we adamyň, pikirlenmäniň ösüşiniň has umumy kanunalaýyklyklaryny öwrenýär. Ol her bir zadyň, wakanyň, prosesiň ösüşindäki, özara täsir-

lerindäki, baglanyşyklaryndaky umumylyklary ýüze çykarýar, kanunalaýyklyklaryny açýar. Şunuň bilen baglylykda filosofiýa öwrenilýän obýekt barada umumylyk derejede gymmatly maglumatlary, bilimi berýär. Olar bolsa, öz gezeginde, öwrenijiniň, alymyň işini ýeňilleşdirýär, ýalňyşlyklarynyň öňüni alýar. Filosofiýa alymyň öwrenýän anyk, bölek hadysasynyň esasyna, aýratynlyklaryna oňat düşünmekligine kömek edýär.

Filosofiýa ylym hökmünde dünýägaraýşyň möhüm teoretik özenidir. Şol bir wagtyň özünde-de tebigatyň, jemgyýetiň we adamyň dürli taraplaryny öwrenýän takyk ylymlar bilen filosofiýa bir zat däldir. Filosofiýa bilen takyk ylymlar ýakyndyr. Olaryň ikisem teoriýa esaslanýar. Geçmişde olar özara ýakyn gatnaşykda we täsirde bolupdyrlar. Ýöne taryhyň dowamynda olaryň gatnaşygy üýtgäp durupdyr. Filosofiýa bilen takyk ylymlaryň gatnaşygyny üç döwre bölmek mümkin.

B. e. öňki VII–III asyrlara gabat gelýän birinji döwürde filosofiýa «ylymlaryň ylmy» diýlip at berilýär. Bu döwürde filosofiýadan baş çykaran adam dünýäniň beýleki meseleleriniň islendiginden baş çykarar diýlip düşünilipdir. Sebäbi ol wagtlar aýratyn tebigat ýa-da jemgyýetçilik ylymlary bolmandyr. Adamzadyň dünýä akyl ýetiriş prosesiniň jemi filosofiýada jemlenipdir. «Men filosof» diýmeklik dünýä ylmyndan baş çykarýan diýmekligi aňladypdyr. B. e. öňki IV asyrda Aristotel ylmy birnäçe görnüşlere bölýär. Onuň tebigaty öwrenýän görnüşini ol birinji filosofiýa ýa-da fizika diýip atlandyrýar. Ylmyň barlygy, hemme zatlaryň başlangyjyny öwrenýän görnüşine ikinji filosofiýa ýa-da «metafizika» (fizikanyň yzyndan gelýän) diýip at berýär. Şondan soň metafizika adalgasy uzak döwrüň dowamynda «filosofiýa» adalgasynyň sinonimi hökmünde ulanylypdyr.

B.e. öňki III asyrdan başlap, käbir takyk we ynsanperwer ylymlaryň binýady goýulýar. Ýöne olar ýene-de filosofiýanyň çäginde galypdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen adamzadyň daşky dünýä akyl ýetiriş işi kämilleşýär. Dünýä, tebigat, jemgyýet, adam baradaky bilimleri köpelýär. Netijede, Täzeden döreýiş döwründen, ýagny XIV–XV asyrlardan başlap, takyk ylymlar özleriniň predmetlerini, kanunalaýyklyklaryny kesgitläp, filosofiýanyň ganatynyň aşagyndan çykyp, özbaşdak ylym bolup başlaýarlar. Takyk ylymlaryň sanynyň köpeldigiçe filosofiýanyň meşgullanýan meseleleri daralýar.

XIX asyrda tebigat bilimlerinde edilen üç uly açyş olaryň özlerine bolan ynamyny has hem berkidýär. Ol açyşlara beden agzalarynyň öýjük gurluşy taglymaty, energiýanyň saklanma we öwrülme kanuny we Ç. Darwiniň ösüş hakyndaky seçgi taglymaty degişli. Täze açyşlaryň dünýä dolmagy bilen filosofiýa özüniň ylymlaryň ylmy hökmündäki ähmiýetini doly ýitirýär. Alymlaryň içinde filosofiýany ylym hökmünde inkär edýänler-de, onuň gerek däldigi barada pikiri öňe sürýänler-de tapylýar. Ýöne takyk ylymlar hakykatyň diňe bir tarapyny öwrenýärler. Dünýäde bolsa ýöriteleşdirilen ylymlar tarapyndan öwrenilýän çäkli kanunalaýyklyklar bilen bir hatarda tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň çäklerinde hereket edýän ählumumy kanunalaýyklyklar hem bar. Olary filosofiýa öwrenýär.

Filosofiýanyň ylym hökmünde diňe özüne mahsus bolan aýratynlyklary bar. Ilki bilen, filosofiýa aşa umumy we teoretiki häsiýete eýedir. Ol beýleki ylymlaryň gazananlaryny jemleýär we umumylaşdyrýar. Onuň obýekti we predmeti giňdir. Beýleki ylymlaryň ählisiniň obýekti we predmeti filosofiýanyň obýektiniň we predmetiniň içinde ýerleşýär.

Filosofiýa hakykaty hemmetaraplaýyn öwrenýär, alnan bilimleri hakykatyň ähli taraplaryny göz öňüne tutmak arkaly umumylaşdyrýar. Ol ylym hökmünde barlyga, materiýa akyl ýetiriş prosesinde adamyň toplan bilimlerini ulgama salýar.

Filosofiýa hakyndaky garaýyşlary umumylaşdyryp, filosofiýanyň umumy häsiýetlerini ýüze çykarmak mümkin: filosofiýa barlyk we ilkinji başlangyç hakyndaky ylymdyr. Ol hakykaty goraýjy we saklaýjydyr. Filosofiýa bilimiň nazary görnüşidir. Ýöne onda takyk ylymlara mahsus bolan aýratynlyklar, nyşanlar ýokdur.

## 1.2. Filosofiýa we dünýägaraýyş

Filosofiýanyň esasy wezipeleriniň biri adamda ylma esaslanýan dünýägaraýşy kemala getirmekdir. Eýsem dünýägaraýyş diýlende nämä düşünilýär? Onuň nähili görnüşleri bar? Dünýägaraýşyň aýratynlyklary nähili ýüze çykýar? Bu soraglara olaryň goýluşy bilen baglylykda dürlüçe jogap bermek mümkin. Mysal üçin, adamyň dünýä akyl ýetirmek mümkinçiligi bilen baglylykda dünýägaraýyş opti-

mistik ýa-da pessimistik, substansiýa meselesi bilen baglylykda idealistik ýa-da materialistik, öňe sürülýän ideýalaryň mazmuny boýunça liberal, konserwatiw, demokratik, kommunistik ýaly görnüşlere bölünýär. Sosial toparlaryň, synplaryň, gatlaklaryň (işçileriň, daýhanlaryň, talyplaryň, mugallymlaryň aristokratiýanyň, intelligensiýanyň, telekeçileriň, harbylaryň we ş.m.) dünýägaraýşy hakynda hem gürrüň edip bolýar. Ýaşaýan ýeri bilen baglylykda obalylaryň we şäherlileriň dünýägaraýşyny tapawutlandyrmak mümkin.

Adamyň dünýä bolan gatnaşygyny kesgitlemek bilen baglylykda dünýägaraýşa adamlaryň dünýä we özlerine düşünmeklerine kömek edýän garaýyşlarynyň, pikirleriniň, duýgularynyň, ymtylyşlarynyň, umytlarynyň, ynamynyň we kadalarynyň, ideallarynyň we durmuş ýörelgesiniň bitewiligi hökmünde baha berilýär.

*Dünýägaraýyş – bu adamlaryň dünýä we özleri, özleriniň dünýädäki orny, ýaşaýşynyň maksady we manysy baradaky garaýyşlarynyň, bilimleriniň, ýörelgeleriniň, ideallarynyň, ugur alyş gymmatlyklarynyň, akyl ýetiriş we iş ýörelgeleriniň ulgamydyr.*

Dünýägaraýyşda adamyň akyl ýetiriş prosesinde dünýä we onuň häsiýetleri barada toplan bilimleri, garaýyşlary jemlenýär. Olar dünýägaraýşyň esasyny düzýär.

Dünýägaraýyşda ynsanyň emosional, psihiki hem-de intellektual (ylym, akyl, paýhas) taýdan dünýä bolan gatnaşygy (duýgusy, paýhasy, gymmatlyklary, şübhelenmesi hem-de ynanjy, durmuş ýörelgeleri, ideallary) hem jemlenýär.

Dünýägaraýyş taryhy häsiýete eýedir. Adamzat özüniň ruhy taýdan ösüşinde dünýägaraýşyň dürli-dürli görnüşlerini başdan geçirýär. *Öňe sürýän pikirleriniň subutnamalara daýanyş derejesi* boýunça dünýägaraýşyň, adatça, üç taryhy görnüşi tapawutlandyrylýar. Olar mifologik, dini we filosofik dünýägaraýyşdyr.

*Mifologik dünýägaraýyş* (grekçe mypth+myphos – hekaýat, gürrüň bermek we *logos* – aň, taglymat, söz, ylym) dünýägaraýşyň iň gadymy görnüşidir. Ol dünýäni, ondaky hadysalary, wakalary, prosesleri miflerň kömegi bilen düşündirýär.

Gadymy döwrüň miflerinde adamlaryň, hudaýlaryň bitiren beýik işleri, dünýäniň döreýşi, adamlaryň we beýleki jandarlaryň dünýä gelşi, adamlar bilen hudaýlaryň arasyndaky göreş ýaly wakalar ha-

kynda gürrüň berilýär. Miflerde dünýä hyýaly düşündiriş berlipdir. Gadymy adamlar bolsa miflere ynanypdyrlar, şolaryň kömegi bilen dünýäni tanapdyrlar. Olary gymmatlyk hökmünde nesilden-nesle geçiripdirler.

Ilkinji miflerde umumylaşdyryjy, logiki baglaýjy häsiýetler entek gowşak bolupdyr. Mif döredijiliginiň başlangyç döwürlerinde gadymy adamlar özlerini aýratyn şahs hökmünde duýmandyrlar. Olar ilki bilen özlerini toparyň agzasy, topara mahsus häsiýetleri göterijiler hökmünde göz öňüne getiripdirler. Özleriniň topardan daşarky ýaşaýşyny göz öňüne getirip bilmändirler. Şonuň üçin toparlaýyn ýaşan adamlar özlerine we topara mahsus häsiýetleri daşky dünýä geçiripdirler, tebigatyň, älem-jahanyň güýçlerini hadyslaryny öz isleglerine laýyklykda «janlandyrypdyrlar», «adamlaşdyrypdyrlar». Şeýle usul arkaly olar tebigat hadysalary bilen jemgyýetçilik – medeni hadysalaryň arasyndaky gapma-garşylygy aýyrmaga, olary ýakynlaşdyrmaga çalşypdyrlar.

Gadymy döwürlerde höküm süren mifologik aňa hadyslary, zatlary, prosesleri bitewileýin şöhlelendirmek mahsus bolupdyr. Şöhlelendirmäniň şeýle usulyny ulanmak bilen adamlar dünýädäki ähli zatlar, predmetler birmeňzeşdirler we birmeňzeş häsiýete eýedirler diýen pikire gelipdirler. Netijede, dünýädäki ähli zatlar, predmetler, hadysalar bitewi bir zat hasaplanypdyr. Şol sebäpli-de islendik jandaryň, zadyň başga bir jandara ýa-da zada öwrülmegi, adamlaryň haýwanlardan, adatdan daşary güýçlerden emele gelmegi, ýarym haýwan ýarym adam jandarlaryň ýaşamagy mümkin öýdülipdir.

Mifologik dünýägaraýyş adamlary tebigatdan bölüp, oňa garşy goýmaýar. Ol panteistik häsiýetde bolup, ýaş çaganyň dünýä bolan gatnaşyklary netijesinde emele gelen psihologiýasyny ýada salýar.

Dünýäni mifologik kabul etmegiň esasy bolup tebigat hadysalaryna politeistik düşündiriş bermeklik we ol hadysalara çokunmaklyk, barlygyň ruhy we maddy jähetlerini tapawutlandyrmazlyk, ata-babalaryň ruhlaryna we totemlerine uýmaklyk çykyş edýär. Adamlaryň älem-jahan hadysalaryndan astral garaşlylygyny ykrar etmekligem mifologik we köphudaýlylyk garaýşynyň ýüze çykmasynyň bir görnüşidir.

Jemgyýetiň kämilleşmegi, adamlaryň dünýä baradaky bilimleriniň artmagy bilen mifologik dünýägaraýyş ýuwaş-ýuwaşdan öz ornuny dine berýär. Beýle diýildigi mifologiýanyň adamzat ýaşaýşyny düýpli terk etmegini aňlatmaýar. Ol islendik jemgyýetde, hatda iň döwrebap, kämil jemgyýetde-de ýaşamagyny we adamzadyň akyl ýetiriş mümkinçilikleriniň gowşak ýerlerini düzetmegini dowam edýär, emma gadymy jemgyýetdäki ýaly öňdäki hatarda bolmagyny bes edýär.

*Dini dünýägaraýyş.* Dini dünýägaraýyş adamyň dünýä bolan gatnaşygynyň aýratyn formasy bolan diniň täsiri bilen döreýär. Din (arapça –دين– – ynam, ýekehudaýlylyk, Hudaýdan gorkmak we ş.m.) mifologik dünýägaraýşyň ornuna gelýär.

Din gadymyýetde döreýär we adamzadyň ruhy medeniýetinde aýratyn ýeri eýeleýär. Onuň döremeginiň sebäpleri barada dini öwreniji alymlaryň arasynda belli bir ylalaşyk ýok. Ýöne olaryň köpüsi diniň döremegini adamlaryň dünýä akyl ýetirmek mümkinçilikleriniň pesdigi, tebigy güýçlerden garaşlydygy we ondan gorkusy bilen baglanyşdyrýarlar. Olaryň pikirine görä, adamlar tebigatyň ýowuz, garaňky güýçlerine düşünmändirler. Şol sebäpli hem olara çokunypdyrlar, keramatlaşdyrypdyrlar.

Mifologiýa garanyňda din hökmanylyk we ulgamlaýynlyk häsiýete eýedir. Ol jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli görnüşlerini kadalaşdyrmak wezipesini amal edýär.

Eýsem ylymda din diýlende nämä düşünilýär? Ylymda *adam durmuşyna we ony gurşap alan dünýä täsir edýän adatdan daşary keramatly güýçleriň (Hudaýyň, hudaýlaryň, ruhlaryň) bardygyna bolan ynama din diýilýär.*

Dünýädäki ähli dinlere diýen ýaly dünýäniň iki görnüşini – real adamlaryň ýaşaýan bu dünýäsini we adam ölenden soň ruhlaryň ýaşajak ol dünýäsini tapawutlandyrmak mahsusdyr. Dinler üçin bu dünýä wagtlaýyndyr, durnuksyzdyr, üýtgäp durýandyr. Ol dünýä bolsa bakydyr, üýtgewsizdir. Dinler adamlaryň ýaşaýan dünýäsine wagtlaýynlyklar dünýäsi hökmünde seredýärler. Ony bakylyk dünýäsi bolan ol dünýä taýýarlyk hökmünde görýärler. Bakylyk dünýäsiniň hem iki görnüşden – jennetden we dowzahdan durýandygyny nygtaýarlar.

Dini dünýägaraýyşda dünýäniň, jemgyýetiň, tebigatyň, adamyň keramatly güýçler tarapyndan döredilendigi hem-de dolandyrylýandygy yglan edilýär. Adamlardan dini talaplara laýyklykda hereket etmek, ýaşamaklyk talap edilýär. Diniň talaplaryna laýyk ýaşaýanlar sogap iş edýänler, olary ýerine ýetirmedikler ýa-da kemçilik goýberenler günä iş edenler hasaplanýar. Öz ömürlerini diniň talaplaryna laýyk ýaşap sogap gazananlaryň ol dünýäde jennete, günä iş edenleriň bolsa dowzaha düşjekdigi aýdylýar. Dinleriň ähli görnüşleri ruhulygyň maddylykdan ýokarydygyny, ilkinjidigini, onuň bakydygyny, keramatlydygyny ykrar edýärler. Dini aň ynanja esaslanýar. Ol diniň talaplaryna, ýazgylaryna, däp-dessurlaryna ynanmaklygy talap edýär. Ynamyň ýok, gümanyň bar ýerinde din ýokdur.

Jemgyýetiň ösüşiniň her bir döwrüne diniň belli bir görnüşi laýyk gelipdir. Dinler jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaklyga, dünýäni özboluşly düşündirmeklige, adamlary terbiýelemeklige gatnaşypdyrlar. Jemgyýetiň irki döwürlerine fetişizm, totemizm, anemizm, magiýa ýaly urug, tire, taýpa dinleri, belli bir kämilleşen döwürlerine bolsa milli dinler, soňraky döwürlerine hem dünýä dinleri gabat gelýär. Diniň her görnüşiniň täsiri bilenem şoňa laýyk gelýän dünýägaraýyş kemala gelipdir. Dinler merkezleşdirilen döwletleriň döremegine itergi berýär. Jemgyýetde iýerarhiýa – aşakdan ýokaryk galyş basgançaklaryna esaslanýan gatnaşyklaryň döremegine kanunylyk häsiýetini berýär.

Urug, tire, taýpa, milli dinler takyk etnik toparlaryň kemala gelmegine, kämilleşmegine ýardam beren bolsalar, dünýä dinleri takyk bir (buddizm, hristiançylyk we yslam) etnik toparlaryň çäginden çykýarlar. Olar dünýä derejesinde dürli etnik toparlarynyň ýakynlaşmagyna, olarda meňzeş ruhy medeniýetleriň kemala gelmegine sebäp bolýarlar.

*Filosofiýa.* Filosofiýa dünýägaraýşyň rasionallyga, akyla, paýhasa esaslanýan has kämil görnüşidir. Eger-de din özüniň dünýä baradaky garaýyşlaryny keramatly güýçler tarapyndan döredilen absolýut hakykat hökmünde görkezýän bolsa, onda filosofiýa daşky dünýäni adam aňynyň kömegi bilen öwrenýär. Ol ynama däl-de, subutnamalara esaslanýar. Din «güman imandan aýrar» diýip, öňe sürýän pikirlerine ynanmaklygy talap etse, filosofiýa güman etmeklige hakykata

akyl ýetirmegiň bir ýoly, usuly hökmünde garaýar. Ol mifologiýadan we dinden tapawutlylykda tebigata, jemgyýete we adama akyl ýetirmekligi maksat edinýär.

Filosofiýa dünýägaraýyş hökmünde jemgyýetiň we adamyň özboluşly aňynyň bir görnüşi hökmünde çykyş edýär. Dünýä we onda adamyň orny baradaky bitewi garaýşy döredýär. Adamyň we jemgyýetiň geljekdäki keşbi we oňa ýetmegiň ýoly baradaky ideal nusgany işläp düzýär. Ol adam barlygynyň düýp manysyny açýar. Adamyň dünýä, tebigata, jemgyýete, biri-birlerine bolan syýasy, ykdysady, ekologik, ahlak, hukuk, estetik, ylmy we beýleki gatnaşyklarynyň manysyny beýan edýär. Filosofik dünýägaraýyşda adam we dünýä baradaky gymmatlyklar we pikirler birleşýär. Filosofiýa gümany ýeňmek arkaly dünýä we özüňe akyl ýetirmeklige mümkinçilik döredýär hem-de uly ýol açýar.

Filosofiýa tebigatyň, jemgyýetiň, adamyň we onuň akyl ýetirişiniň ösüşiniň, baglanyşygynyň, özara täsiriniň ählumumy kanunlaryny öwrenýär. Olar filosofiýanyň esasy mazmunyny düzýär. Şeýlelikde, filosofiýa teoriýa salnan dünýägaraýyşdyr.

Häzirki döwürde dünýägaraýşyň dördünji görnüşi – *çeperleýin dünýägaraýyş* hem tapawutlandyrylýar. Çeperleýin dünýägaraýyş çeper eserlerde, sungatyň dürli görnüşlerinde döredilen keşplerde öz beýanyny tapýar. Onda mifologik, dini we filosofik dünýägaraýyşlar bitewileşdirilýär. Keşpde döredijilikleýin hyýalylyk, dini ynanç, subutnamalaýyn ylmylyk dürli gatnaşyklarda şöhlelendirilýär.

## 1.3. Dünýägaraýyş we gymmatlyklar

Adamda dünýägaraýşyň kemala gelmeginde gymmatlyklaryň ähmiýeti örän uly. Çünki bilimiň dünýägaraýşa öwrülmegi üçin onuň bahalandyrylmagy zerur. Bahalandyrylmanyň dowamynda bilimiň peýdalylyk derejesi kesgitlenilýär. Adamyň daşky dünýä gymmatlyklaýyn çemeleşmesi peýda bolýar. Eýsem gymmatlyk diýlende nämä düşünýäris?

*Ynsan üçin örän ähmiýetli we zerur, adamlar tarapyndan edinilmegi islenilýän, oňatlyk, gözellik, peýdalylyk hökmünde kesgitlenilýän zatlara, hadysalara, proseslere gymmatlyk diýilýär.*

Dünýädäki zatlaryň, hereketleriň, duýgularyň, hadysalaryň, ideýalaryň, garaýyşlaryň belli bir ähmiýeti we gymmaty bar. Olara Watan, ýurt, söýgi, maşgala, bilim, adalatlylyk, peýdalylyk, gözellik ýaly adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynda we tebigat bilen gatnaşyklarynda ýüze çykýan hadysalar degişlidir. Gymmatlyklar adamlara ýaşamaga, ýaşaýyşda öňlerinde maksat goýmaklyga, şol maksada tarap hereket etmeklige itergi, ýaşaýşyna many berýär.

Jemgyýetde gymmatlyklaryň köp görnüşi bar. Olara mysal hökmünde jemgyýetiň kiçi ulgamlary bilen baglanyşyklylykda ýüze çykýan ykdysady, syýasy, sosial we ruhy-medeni gymmatlyklary, jemgyýetiň ösüşiniň ol ýa-da beýleki döwrüne degişli dürli demografik toparlaryň (ýaşlaryň, ýaşuly nesliň we ş. m.) gymmatlyklaryny, adamlaryň hünär, dini, milli gymmatlyklaryny we beýlekileri görkezmek bolar. Umumylykda alanyňda, dünýädäki ähli zatlaryň, hereketleriň, duýgularyň, ideýalaryň, garaýyşlaryň belli bir ähmiýeti we gymmaty bar.

Gymmatlyklary belli bir umumylyklaryň, meňzeşlikleriň esasynda, adatça, iki görnüşe – maddy we ideal ruhy gymmatlyklara bölýärler. Maddy gymmatlyk – bu tebigy baýlyklardyr. Ol adam aňynda däl-de, anyk zatlaryň dünýäsinde ýüze çykýar we adamlaryň ýaşaýyş durmuşyna hyzmat edýär. Ruhy ýa-da ideal gymmatlyga bolsa din, jemgyýetçilik ideallar, düzgünler we gymmatlyklara berilýän baha, kadalar we düzgünler, maslahatlar we taslamalar, taglymatlar, ölçegler, idealogiýalar, ahlak we estetiki garaýyşlar, taglymatlar ş.m. degişli.

Ruhy gymmatlygyň ýokary, kämil derejesi idealdyr. *Ideal – bu kämilligiň iň ýokary ölçegi baradaky garaýyşdyr, adamyň tebigat, adam, jemgyýet bilen sazlaşykly gatnaşygynyň, kämilliginiň ruhy beýanydyr*. Kämillik entek kemala gelmedik, ýöne bolmagy islenilýän nusgalykdyr. Adamlar öz durmuşlarynda şol kämillikden ugur alýarlar, şoňa tarap hereket edýärler. Ony kemala getirmeklige gatnaşýarlar. Idealyň hem görnüşi köpdür. Ýigitler üçin ideal gyz, gyzlar üçin ideal ýigit, ata-eneler üçin ideal perzent, adamlar üçin ideal jemgyýet, ideal döwlet, ideal şahsyýet ýaly ideallyklaryň görnüşlerini tapawutlandyrmak mümkin. Real hakykat, okalan kitaplar, diňlenilen

aýdym-sazlar, gürrüňler, tomaşa edilen sahnalar, tirkeşilen adamlar we şuňa meňzeşler ideallyklaryň çeşmesi bolup çykyş edýärler. Ideallygyň çeşmesi hökmünde diňe bir oňatlyklar, gözellikler, oňatlyga, gözelliklere meňzemeklik höwesi däl, eýsem dünýädäki kemçiliklere, kynçylyklara, ýaramazlyklara, bedroýlyklara meňzemezlik, olardan saplanmaklyk höwesi hem çykyş edip bilýär. Şolaryň täsiri bilen dörän ideallyk ýaramazlyklardan, bedroýlyklardan halas bolýar. Saplanmak höwesi adamyň gymmatlaýyn gözükmesine kömek edýär.

Dünýägaraýşyň esasy düzüm bölekleriniň biri ynançdyr. Ynanç daşky dünýä, tebigat, jemgyýet, adam baradaky garaýyşlaryň kabul edilmegidir. Ynançlaryň esasynda alnan bilimleriň hakykylygy baradaky ynam döreýär. Ol adamlaryň durmuş ýörelgeleriniň döremegine itergi berýär. Diňe alnan bilim ynama öwrülende dünýägaraýş kemala gelýär.

Ynam – bu adamyň öz biliminiň hakykylygyna we hereketiniň dogrudygyna doly ynanmagydyr. Ynam adama dünýä akylly-başly çemeleşmäge, durmuş ýoluny saýlamaga, öňde anyk maksat goýup, şoňa tarap hereket etmäge mümkinçilik berýär.

## 1.4. Filosofiýanyň esasy meselesi

Filosofiýanyň ylym hökmünde çözýän esasy meselesi bar. Ol maddy zatlar bilen ideal zatlaryň, materiýa bilen ruhuň arasyndaky gatnaşygy çözmek meselesidir. Filosofiýanyň öwrenýän we seljerýän beýleki meseleleriniň çözgüdiniň şol mesele bilen bagly bolandygy sebäpli oňa filosofiýanyň esasy meselesi diýilýär. Baş meseläni çözmek üçin filosoflar «Dünýäde ilki näme döreýär – materiýamy ýa-da ideýa?» we «Dünýä akyl ýetirip bolarmy?» diýen iki soraga jogap bermeli bolýarlar. Ol soraglar filosofiýanyň esasy meselesiniň iki tarapyny düzýär.

Ilkinji näme döreýär? diýlen soraga berilýän jogap bilen baglylykda filosofiýada materializm we idealizm diýlip atlandyrylýan iki sany iri ugur döreýär.

Materiýanyň ilkinjiligini ykrar edýän filosoflara materialistler diýilýär. Olar dünýäni hiç kim ýaratmandyr, tebigat ebedi dowam edip gelipdir diýip hasaplaýarlar. Materialistler dünýäni düşündiren-

lerinde tebigatdan daşary güýçlere salgylanman, dünýäniň özünden ugur alýarlar. Olaryň pikirine görä, meteriýa dünýäniň, älem-jahanyň, görünýän we görünmeýän, duýulýan we duýulmaýan ähli zatlaryň, prosesleriň, hadysalaryň esasydyr. Materiýa hiç wagt ýitip gitmeýän, hemişelik, obýektiw substansiýadyr. Ol özüne mahsus bolan kanunlar esasynda dowam edýär. Aň, ruh, pikir ýaly ideallyklar – materiýanyň önümleri, olar maddy zatlar tarapyndan kesgitlenýär.

Ideýanyň, ruhuň ilkinjiligini ykrar edýän akyldarlara idealistler diýilýär. Olar filosofiýanyň idealizm ugruny düzýärler. Idealistleriň pikirine laýyklykda, hemişe bolan we hiç wagt ýok bolmaýan ideýä, ruh ilkinji esas, başlangyçdyr. Dünýädäki ähli zatlar, hadysalar, prosesler gözbaşyny ideýadan, ruhdan alýar. Ideýa olaryň düýp manysyny, köki-damaryny, esasyny düzýär. Ideýanyň ýok ýerinde materiýa ýokdur. Materiýa ideýanyň önümidir we ondan garaşlydyr.

Filosofiýada, köplenç ýagdaýda, «Aň ilkimi ýa-da materiýa?» diýlen sorag göni goýulmaýar. Ýöne soragyň açyk goýulmazlygy onuň ýokdugyny aňlatmaýar. Sebäbi islendik filosof islendik meseläni çözende özünden biygtyýar ýagdaýda şol soraga jogap bermeli bolýar. Mysal üçin, «Jemgyýetde duşýan kynçylyklary çözmek üçin näme etmeli?» diýlen soraga ähli döwrüň filosoflary jogap gözläpdirler. Olar bu soraga jogap berenlerinde açyk ýa-da ýapyk görnüşde «Näme ilkinji?» diýen soraga-da jogap beripdirler. Jemgyýetdäki kynçylyklaryň sebäplerini ykdysadyýetden, ykdysady düzgünlerden, başgaça aýdanda maddylykdan gözläp, ykdysady şertleri oňatlaşdyrmaklygy teklip edýänler materialistler hökmünde çykyş edýärler. Jemgyýetdäki kynçylyklaryň sebäplerini Hudaýyň ornaşdyran düzgünleri ýa-da adamlaryň sowatsyzlygy, ylmynyň, biliminiň, aňynyň pesdigi, başga-ça aýdanda, ideýa bilen baglanyşdyrýanlar, olary ýeňmek üçin Hudaýa sygynmaklygy ýa-da adamlaryň sowatlylygyny artdyrmagy, ylym-bilimi ösdürmegi maslahat berýänler idealistler hökmünde çykyş edýärler.

Filosofiýanyň materializm we idealizm ugurlarynyň içinde-de «Näme ilkinji?» diýlen soraga berilýän jogap boýunça özara tapawutlanýan akymlar bar. Taryhy ýüze çykyşy we ösüşi bilen baglylykda materializmiň esasy görnüşleri hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

a) *Gadymy döwrüň materializmi.* Bu materializmiň ilkinji görnüşi. Oňa gadymy Messopotamiýada, Hindistanda, Hytaýda, Gresiýada we Rimde dowam eden materialistik akymlar degişlidir. Gadymy döwrüň materializminiň wekilleri daşky dünýäniň, älemiň döreýşiniň esaslaryny adamlaryň gündelik durmuşda iş salyşýan, görýän ot, howa, suw, toprak, demir ýaly zatlardan (hindi çarwaklarynyň wekilleri, gadymy hytaý materialistleri, Fales, Geraklit we beýlekiler) gözläpdirler.

b) *Ýewropadaky Täze döwrüň metafizik ýa-da mehanik materializmi.* Bu materializmiň esasynda tebigaty öwrenmek ýatyr. Onda tebigatyň häsiýetleri we gatnaşyklary materiýanyň mehaniki hereketine bagly edilýär. Bu akymyň wekilleri – F. Bekon, J. Lokk, K. Gelwessiý we başgalar.

ç) *Yzygidersiz materializm.* Materializmiň bu akymynyň wekilleri dünýäniň ilkinji esasy, başlangyjy hökmünde materiýany görkezýärler. Akyl ýetirişde hem materiýanyň ilkinjiligini ykrar edýärler. Ýöne tebigaty we jemgyýeti, olardaky hadysalary, prosesleri, wakalary düşündirenlerinde ideýany, ruhy, aňy birinji ýerde goýýarlar. Bu akymyň iň görnükli wekil L. Feýerbahdyr. Onuň filosofiýasynda jemgyýete materialistik düşündiriş berilmeýär.

d) *Dialektiki materializm.* Materializmiň bu akymynda dünýäniň maddy esasy ykrar edilýär we ondaky ähli zatlar, hadysalar, prosesler, wakalar özara baglanyşyklylykda, täsirde, göreşde we ösüşdedigi tassyklanýar. Özara baglanyşykly we täsirli gapma-garşylykly taraplaryň arasyndaky göreş ösüşiň we özgerişiň ýeke-täk çeşmesi hökmünde görkezilýär. K. Marks we F. Engels dialektiki materializmi esaslandyryjylardyr.

e) *Wulgar materializm.* Wulgar materializm XIX asyrda tebigat bilimleriniň güýçli ösmeginiň täsirinde döreýär. Bu akymda aň, ruh ýaly zatlar hem maddy zatlar hökmünde göz öňüne getirilýär. Onda ideallyk inkär edilýär. L. Býunher, K. Foht, Ý. Moleşott wulgar materiýalizmiň wekilleri hasaplanýar.

f) *Gilogoizm*. Materializmiň gilogoizm (grekçe hyle – zat, materiýa we zoe – ýaşaýyş, jan) akymynda dünýä, älem-jahan, tebigat, ondaky ähli zatlar we hadysalar, materiýa janly hasaplanýar. Ol akyma laýyklykda dünýäde jansyz zat ýokdur.

Idealizm hem iki sany uly akyma – obýektiw we subýektiw idealizme bölünýär. Olar ilkinji başlangyç hökmünde ideýany, ruhy ykrar edýän hem bolsalar, olaryň görnüşi meselesinde özara tapawutlanýarlar.

*Obýektiw idealizmiň* tarapdarlary dünýäniň ilkinji esasy, başlangyjy hökmünde ideýany, ruhy ykrar edýärler. Olaryň pikiriçe, ideýa, ruh obýektiwdir, ýagny hiç zada garaşly däldir, dünýädäki, älemdäki ähli zatlary döredijidir, olardaky prosesleri, hadysalary, wakalary kesgitleýjidir. Obýektiw idealizmde şol obýektiw ideýanyň dünýäniň, älem-jahanyň düýp manysynyň ruhy kanunalaýyklygy hökmünde görülmegi-de, dünýäniň ykbalyny kesgitleýän aýratyn bir keramatly güýç şeklinde sypatlandyrylmagy-da mümkin. Platon we Gegel bu akymyň wekilleridir.

*Subýektiw idealizm* bolsa dünýädäki zatlaryň, prosesleriň, hadysalaryň barlygyny, gymmatlyklaryň düýp manysyny adam aňyna garaşly edip goýýar. Onda obýektiw dünýäniň we onuň kanunalaýyklygynyň barlygy inkär edilýär. Zatlar, hadysalar, prosesler ten duýgularynyň we aňyň jemi hasap edilýär. Subýektiw idealistleriň pikirine görä, adam aňyndan daşarda zat ýokdur. J. Berkli, D. Ýum subýektiw idealizmiň wekilleridir.

Ilkinji başlangyç bilen bagly soraga berilýän jogaba laýyklykda filosofiýada monizm, dualizm we plýuralizm diýlip atlandyrylan ugurlar döreýär.

*Monizm* (grekçe monos – bir, ýeke-täk) – dünýäniň ýeke başlangyçdan döreýändigini ykrar edýän filosofik taglymat. Şeýle başlangyç hökmünde maddy ýa-da ruhy substansiýa çykyş edýär. Olaryň haýsysynyň ilkinji substansiýa diýlip yglan edilmegi bilen baglylykda materialistik we idealistik monizm tapawutlandyrylýar. Ilkinji substansiýa hökmünde materialistik monizm materiýany, idealistik monizm bolsa ideýany ykrar edýär. Olaryň ikisem substansiýanyň hiç kim tarapyndan döredilmändiginden, onuň bakylygyndan we ýok edilmezliginden ugur alýarlar. Materialistik monizm ruhulygyň maddylykdan gelip çykýandygyny, ruhulygyň maddylyk tarapyndan kesgitlenýändigini tassyklaýar. Idealistik monizm bolsa, tersine, maddylygyň ruhulykdan döreýändigini tassyklaýar.

*Dualizm* (latynça dualis – iki, ikileýin) – dünýäniň iki başlangyçdan – materiýadan we ideýadan dörändigine esaslanýan filoso-

fik taglymat. Ol maddylygyň we ruhulygyň, bedeniň we psihikanyň deň hukuklydygyny ykrar edýär. Filosofiýanyň dualistik taglymatyna eýerýän filosof islendik meseläniň çözgüdinde materiýanyň we ideýanyň ýakyn gatnaşygynyň zerurdygyna ynanýar.

*Plýuralizm* (latynça *pluralis* – köp, köplük) dünýäniň, barlygyň döremegine köp görnüşli başlangyjyň, esasyň gatnaşandygy baradaky pikiri öňe sürýän taglymat. Mysal üçin, gadymy filosoflaryň dünýäniň birnäçe başlangyçdan – otdan, suwdan, howadan, toprakdan we ş.m. emele gelendigi baradaky taglymatlary plýuralistik taglymatlardyr.

Filosofiýanyň esasy meselesiniň ikinji tarapynyň ýüze çykýan «Dünýä akyl ýetirip bolarmy?» diýen soraga jogap bermekde hem filosoflaryň arasynda dürlülik bar. Ýöne dünýä akyl ýetirmek meselesine berilýän dürli jogaplary umumylaşdyrmak we olary üç topara birikdirmek mümkin. Birinji toparyň wekilleri adamyň dünýä, ondaky hadysalara, proseslere, wakalara akyl ýetirip, hakykata laýyk gelýän bilim alyp biljekdiklerine ynanýarlar. Adam aňynyň güýjüne ynam bilen bakýandygy üçin olar ylymda optimistler (latynça *optimus* – iň oňat) adyny alýarlar. Ikinji topara degişli akyldarlar adam aňynyň hiç wagty dünýä doly akyl ýetirip bilmejekdigini, alan bilimleriniň hem hakykatdan daş boljakdygyny aýdýarlar. Olar ylymda agnostikler (grekçe *agnostos* – akyl ýetirip bolmaýan) ady bilen belli. Üçünji toparyň wekilleri umumylykda alanda adamyň dünýä akyl ýetirmek mümkinçiligini inkär etmeýärler. Ýöne akyl ýetiriş prosesinde alnan bilimiň hakykylygyna şübhe bilen garaýarlar. Olaryň pikiriçe, hemişe üýtgäp, özgerip duran dünýä gutarnyksyzdyr, ondaky hadysalara we proseslere doly akyl ýetirip bolmaz. Alnan bilim hem doly bolmaz. Ol hiç wagtam hakykata doly laýyk gelmez, kemter bolar, üstüni doldurylmagyny talap eder. Bu toparyň wekilleri skeptikler (grekçe *skeptikos* – öwrenýän, barlaýan) atlandyrylýar. Filosofiýanyň taryhynda skeptikleriň dürli görnüşleri duş gelýär.

Dünýä akyl ýetirmeklikde ulanylýan usullaryň görnüşi boýunça rasional we sensual filosofiýa tapawutlandyrylýar. *Rasional* (latynça *ratio* – akyl, paýhas) filosofiýa dünýä akyl ýetirmekde esasy ýeri akyla, paýhasa, pikirlenmä berýär. Onuň wekilleriniň pikirine görä, dünýä diňe paýhasyň, akylyň kömegi bilen akyl ýetirip bolar. Rasionalizmiň görnükli wekilleri – Leýbnis, R. Dekard, B. Spinoza, W. Gegel.

*Sensual* filosofiýa (latynça *sensus* – kabul etmek, duýgy, syzgy) ähli bilimi syzgydan we kabul edişden alyp çykýar. Diňe şolaryň kömegi bilen anyk we doly bilim alyp bolýar. Onuň wekilleriniň pikirine görä, paýhas öz mazmuny syzgydan, syzgy bolsa tejribeden alýar. Netijede, daşky dünýä akyl ýetirişiň hem çeşmesi, hem ölçegi bolup çykyş edýär. Sensualizm ýörelgesi duýga esaslanýan akyl ýetirişe degişli. Görnükli wekilleri – Pratogor, Epikur, Jon Lokk, Etýen Bonno de Kondilýak we beýlekiler.

## 1.5. Filosofiýanyň bölümleri we funksiýalary

Häzirki zaman filosofiýasy köpsanly bölümlerden we ugurlardan durýar. Olar filosofiýanyň düzüm bölekleri emele getirýär. Filosofiýanyň düzüm bölekleriniň esasylary – gnoseologiýa, ontologiýa, sosial filosofiýa, antropologiýa, aksiologiýa, praksiologiýa, logika, etika, estetika, ylmyň filosofiýasy, syýasy filosofiýa, ykdysady filosofiýa, taryhyň filosofiýasy we beýlekiler. Olaryň her haýsysy filosofiýanyň predmetiniň haýsy-da bolsa bir tarapyny öwrenýär.

*Ontologiýa* (grekçe *ontos* – barlyk we logos – aň, taglymat, ylym, söz) – bu filosofiýanyň barlygy öwrenýän bölümidir. Ol barlygyň dowam etmeginiň esasy, kesgitleýji ýörelgelerini, düýp manysynyň, gurluşynyň, kategoriýalarynyň has umumy kanunalaýyklyklaryny öwrenýär.

*Gnoseologiýa* (grekçe *gnosis* – akyl ýetiriş we logos – aň, taglymat, söz, ylym) – filosofiýanyň adamyň dünýä akyl ýetiriş mümkinçiliklerini öwrenýän bölümi. Ol akyl ýetiriş, akyl ýetirişiň gurluşy, bilim, bilimiň görnüşleri, alnan bilimiň hakykylygy we onuň ölçegleri ýaly meseleler bilen meşgullanýar. Bilimiň tebigatyny we çäklerini kesgitleýär.

*Logika* (grekçe *logos* – aň, taglymat, söz, ylym) – filosofiýanyň esasy bölümleriniň biri. Ol pikirlenmäniň, akyl ýetirişiň görnüşleri, usullary we kanunlary hakyndaky taglymatdyr. Onuň maglumatlary logiki dilde beýan edilýär. Logikanyň ylym hökmünde öwrenýän predmetiniň aýratynlyklary boýunça formal, formal däl, nyşanly, alamatly we dialektiki görnüşleri tapawutlanýar.

*Estetika* (grekçe *aisthetikos* – duýujy, duýgy) tebigatdaky, durmuşdaky, döredijilikdäki gözellik, onuň düýp manysy, gurluşy we

görnüşleri hakyndaky filosofik taglymatdyr. Gözellik we betnyşanlyk, beýiklik we peslik, gynançlyk (tragiklik) we gülkünçlik (komiklik), çuňluk we ýüzleýlik ýaly jübütleýin kategoriýalaryň kömegi bilen estetikanyň predmeti açylýar. Estetika ylymda sungat filosofiýasy ady bilen hem tanalýar.

*Etika* (grekçe *ethika*, ethikos – ahlak, däp, dessur) – filosofiýanyň ahlagy we ahlak düzgünlerini öwrenýän bölümi. Ol ahlaklylyk-ahlaksyzlyk, günä-sogap, ýagşylyk-ýamanlyk, mertlik-namartlyk, batyrlyk-gorkaklyk, adalatlylyk-adalatsyzlyk, ýaly kategoriýalaryň üsti bilen jemgyýetiň, döwrüň we şahsyýetiň ahlak keşbini öwrenýär.

*Aksiologiýa* (grekçe *axia* – gymmatlyk we logos – aň, taglymat, söz, ylym) – filosofiýanyň gymmatlyklary öwrenýän bölümi. Aksiologiýa gymmatlyklary, olaryň tebigatyny, gymmatlyklaryň dünýäniň gurluşyndaky we şahsyýetiň durmuşyndaky ornuny öwrenýär.

*Praksiologiýa* (grekçe *praktikos* – işewür, işjeň) filosofiýanyň aýratyn bölümi hökmünde adamzadyň, toparyň, adamyň işini, zähmetini, tejribesini, olaryň guralyşyny, netijeliligini artdyrýan çeşmelerini we faktorlaryny öwrenýär. Praksiologiýa ylymda hereket hakyndaky filosofik taglymat ady bilen hem tanalýar.

*Antropologiýa* (grekçe *anthropos* – adam we logos – aň, taglymat, söz, ylym) filosofiýanyň adamy, adamyň ruhy esaslaryny, adamyň emele gelşini we ewolýusiýasyny öwrenýän bölümi.

*Sosial filosofiýa* jemgyýeti we adamyň jemgyýetdäki ornuny öwrenýär. Ol jemgyýetiň gelip çykyşyny, düýp manysyny, dowam edişini, gurluşyny, görnüşlerini, ösüşiniň kanunalaýyklyklaryny, ösüş çeşmelerini, sosial akyl ýetirişiň aýratynlyklaryny ýüze çykarýar.

*Syýasy filosofiýa* syýasaty, ony bahalandyrmagyň ölçeglerini, syýasatyň tebigatyny, şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwlet häkimiýetiniň arasyndaky gatnaşygyň adam üçin ähmiýetini, syýasy gymmatlyklary we ideýalary öwrenýär.

*Ylmyň filosofiýasy* ylmyň düýp manysyny, çäklerini we metodologiýasyny öwrenýär. Filosofiýanyň aýratyn bölümi hökmünde ol ylmyň ösüş aýratynlyklaryny we modellerini, ylmyň adamyň ýaşaýşyndaky ornuny we ähmiýetini ýüze çykarýar.

*Taryhyň filosofiýasy* adamzat jemgyýetiniň taryhy ösüş ýolunyň kanunalaýyklyklaryny, bu ösüş ýolunda adamyň tutýan ornuny,

bu ýoluň ýekeligi ýa-da köpugurlylygy baradaky meseläni, taryh ylmynyň we taryhy bilimiň düýp manysyny öwrenýär.

Filosofiýanyň öňünde döreýän dürli wezipeleri çözüp bilmek mümkinçiligi onuň funksiýalaryny emele getirýär. Olaryň her haýsysynyň özüniň ähmiýeti bar.

*Dünýägaraýyş funksiýasy.* Filosofiýanyň esasy wezipesi adamda dünýä barada bitewi ylmy garaýşy kemala getirmekdir. Ol adamda dünýäde bolup geçýän wakalar, hadysalar, prosesler barada ylmy garaýşyň döremegine ýardam edýär. Talaba laýyk kemala gelen dünýägaraýyş adama jemgyýetde öz ornuny tapmaga, beýleki adamlar, jemgyýet we tebigat bilen dogry gatnaşygy ýola goýmaga, ýaman bilen ýagşyny garyşdyrmazlyga mümkinçilik berýär.

*Gnoselogik ýa-da akyl ýetiriş funksiýasy.* Filosofiýa akyl ýetirişiň mümkinçiliklerini artdyrmaklyga we mazmunyny baýlaşdyrmaklygy ýardam edýär. Ol adam, jemgyýet, tebigat, olaryň düýp manysy, özara baglanyşygy, täsiri barada bilim berýär. Adama dünýäni we özüni tanamaklygyň ugruny görkezýär, akyl ýetirmekligiň usulyny salgy berýär. Şol bilimleriň, endikleriň, başarnyklaryň kömegi bilen adam öz ýaşaýşy üçin zerur bolan bitewi ylmy bilimlere eýe bolýar.

*Metodologik funksiýasy.* Filosofiýa adamlara akyl ýetiriş prosesinde täze usullary berýär. Şol usullaryň kömegi bilen filosoflar dünýä çemeleşmegi, oňa akyl ýetirmegi öwrenýär. Filosofiýanyň metodlary takyk ylymlarda hem ulanylýar.

*Maglumat-kommunikatiw funksiýasy.* Filosofiýa toplanan, alnan bilimleri jemgyýete ýaýratmak, adamdan adama, nesilden-nesle geçirmek wezipesini ýerine ýetirýär. Maglumatlar dilden, ýazuw görnüşinde dürli göterijileriň we saklaýjylaryň kömegi bilen berilýär. Maglumatlary ýaýratmakda olaryň hakykylygyny saklamaklyga aýratyn üns berilýär.

*Aksiologik ýa-da gymmatlaýyn-ugrukdyryjy funksiýasy.* Filosofiýa bolup geçýän wakalara we hadysalara ahlak nukdaý nazaryndan baha bermegiň ölçeglerini kemala getirmeklige hyzmat edýär. Ol hadysalary we wakalary seljermäge, olaryň oňatlaryny we ýaramazlaryny, peýdalylaryny we zyýanlylaryny tapawutlandyrmaga kömek edýär. Jemgyýetiň gymmatlyklary jemgyýetdäki sosial-syýasy, sosial-ykdysady we sosial-ruhy ýagdaýlar tarapyndan kesgitlenýär.

Adama we adam durmuşyna goýulýan hormat, şahsyýete we raýata kanuny ýagdaýda berilýän hukuklar we erkinlikler, watançylyk, ata-enä bolan söýgi ýaly gymmatlyklar, ideallar jemgyýetiň ahlak gymmatlyklaryny düzýär.

*Tankydy funksiýasy.* Filosofiýa adam, jemgyýet, tebigat barada alnan bilimleriň dogrudygyny ýa-da nädogrudygyny anyklamakda esasy gural bolup çykyş edýär. Ol akyl ýetirişiň çägini giňeltmek, bilimiň süňňüni has berkitmek we ony döwrebaplaşdyrmak, bilimiň elýeterliligini artdyrmak maksadyna gulluk edýär. Bilimlere tankydy göz bilen garamany başarýan adamlar hakykaty azaşmakdan saplamagy başarýarlar. Olar alnan bilimiň hakykylygyny barlamak üçin logikany ulanýarlar.

*Öňünden görüjilik ýa-da çaklaýyş funksiýasy. Filosofiýa* öňden bar bolan filosofik bilimlere daýanyp, tebigatyň, jemgyýetiň, adamyň we ylmyň ösüşiniň ýollary, ugurlary, geljegi boýunça teoriýalary döretmek hem-de olaryň ösüş meýillerini öňünden görmek, prognozirlemek işini amal edýär.

*Terbiýeleýjilik funksiýasy.* Filosofiýa jemgyýetde ynsanperwerlige ýugrulan pikirleri, ideýany ündew edýär. Jemgyýetdäki ahlagy berkidýär. Adamlaryň ýokary ynsanperwerlik ideallara gulluk etmegine ýardam edýär. Onuň adamlaryň durmuşa uýgunlaşmagyna, ýaşaýşyň manysyny tapmagyna berýän kömegem uludyr.

Filosofiýanyň ähli funksiýalary özara baglanyşykly we täsirlidir. Olar biri-birleriniň üstüni dolýarlar we bir maksada – adamyň dünýä bolan gatnaşygyny kesgitlemeklige gulluk edýärler. Olaryň bitewiliginde filosofik bilimiň manysy we aýratynlyklary ýüze çykýar.

## 1.6. Durmuş filosofiýasy

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan uly özgertmeleri başdan geçirýär. Jemgyýetiň ähli gurşawlary döwrüň talaplaryna laýyk gurnalýar. Bu işde milli we dünýä tejribelerine, häzirki zaman ylmynyň gazananlaryna daýanylýar. Şunuň bilen birlikde döwrüň öňde goýýan talaplaryndan oňat baş çykarýan, jemgyýetde ýüze çykýan dürli görnüşli meseleleri çözmäge ukyply, giň dünýägaraýyşly, sosial meseleleri görmegi we çözmegi başarýan ýolbaşçy işgärlere bolan zerurlyk artýar. Türkmenistanyň Prezidenti

Gurbanguly Berdimuhamedow bu işi amala aşyrmakda täze taryhy döwre laýyk durmuş filosofiýasynyň ähmiýetiniň örän uludygyny nygtaýar. Ol ýurdumyzyň sosial, ykdysady, syýasy we ruhy durmuşyna ýolbaşçylyk edýän işgärleriň filosofik pikirlenmesini kemala getirmek barada aladalanýar. Ýurt Baştutanymyzyň hut özüniň şahsy tagallalary bilen orta mekdepleriň 9–11-nji synplarynda okadylýan «Jemgyýeti öwreniş» dersiniň çäginde filosofiýanyň öwrenýän meselelerine degişli düşünjeleriň berilmegi, ýokary okuw mekdeplerinde geljekki hünärmenlere filosofiýa dersiniň okadylmagy hem raýatlaryň, aýratyn-da ýokary bilimli işgärleriň filosofik pikirlenmesini kemala getirmek barada edilýän aladalardan nyşandyr.

Filosofik bilim ýolbaşçy işgärleriň öňünde uly mümkinçilikleri açýar. Filosofiýa adamyň pikirlenişini oňatlaşdyrýar, akyl ýetiriş ukybyny kämilleşdirýär. Onuň häsiýetindäki ynsanperwerlik başlangyçlary baýlaşdyrýar Dünýäde, tebigatda, jemgyýetde bolup geçýän özgertmelere, hadysalara, proseslere wakalara düşünmäge, olaryň sebäplerini ýüze çykarmaga, baglanyşyklaryny we täsirini öwrenmäge mümkinçilikler döredýär. Adamyň medeni we aň derejesini ýokarlandyrýar.

Filosofiýa ylmyny özleşdirýän adamyň tankydy aňy ösýär. Ol ýüze çykýan sosial meselelere döredijilikli çemeleşmäni başarýar. Filosofiýa başga dünýägaraýyşly adamlara tolerant gatnaşmaklyga, olar bilen düşünişmäge, ylalaşyga gelmäge ýol açýar. Ol gepleşikde delilleri, subutnamalary ulanmaklygy, dilewarlygy, öz garaýşyny goramaklygy öwredýär. Filosofiýa adamyň logiki pikirlenmesini ösdürýär.

Filosofiýanyň dünýägaraýşyň kemala gelmeginiň nazary esasy bolup çykyş edýändigi onuň ýolbaşçy işgärleriň durmuşyndaky ähmiýetini has ýokarlandyrýar. Filosofik bilimiň düzüminde ylmy garaýyşlar, çylşyrymly jemgyýetçilik durmuşyndan baş alyp çykmaga kömek edýän gymmatly gözükdirmeler, dünýä we jemgyýetçilik gurluşynyň nusgasy, adalatly jemgyýet baradaky jemgyýetçilik idealy, umumylykda tutuş adamzadyň müňýyllyklara uzap gidýän taryhynyň dowamynda toplan paýhas hazynasy jemlenýär. Şu nukdaýnazardan filosofiýa diňe bir ylym hökmünde däl, eýsem adamzat jemgyýetiniň kuwwatly ruhy gurşawy hökmünde çykyş edýär. Şeýle dünýägaraýşa

eýe bolan adamda, ýokary bilimli hünärmende – geljekki ýolbaşçy işgärde jemgyýetçilik durmuşynyň syýasy, sosial, ykdysady we ruhy gurşawlarynda bolup geçýän hadysalary, wakalary, prosesleri ulgamlaýyn seljermek, olardaky kanunalaýyklyklary ýüze çykarmak we kämilleşdirmek mümkinçiligi döreýär.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Filosofiýanyň döremeginiň şertleri hakynda gürrüň beriň.
2. Filosofiýanyň predmetini kesgitläň.
3. Filosofiýanyň beýleki ylymlardan tapawutly taraplaryny beýan ediň.
4. Dünýägaraýşyň häsiýetli alamatlaryny teswirläň.
5. Dünýägaraýşyň görnüşlerini häsiýetlendiriň.
6. Dünýägaraýşyň kemala gelmeginde gymmatlyklaryň ähmiýetini düşündiriň.
7. Filosofiýanyň esasy meselesi we ony çözmek bilen baglylykda filosoflaryň arasynda dörän bölünişik barada gürrüň beriň.
8. Filosofiýanyň esasy düzüm bölekleriniň öwrenýän meselelerini beýan ediň.
9. Filosofiýanyň funksiýalaryny teswirläň.
10. Türkmenistanda täze taryhy döwre laýyk durmuş filosofiýasynyň, ýolbaşçy işgärleriň filosofik pikirlenmesini kemala getirmegiň zerurdygyny esaslandyrmaga synanyşyň.

# II. FILOSOFIÝANYŇ ÖSÜŞ TARYHY

## 2.1. Filosofiýanyň taryhy we filosofiýa

Daş-töweregi gurşap alan zatlara, hadysalara, wakalara, proseslere, olaryň baglanyşyklaryna we özara täsirlerine akyl ýetirmek gadymy döwürlerden bäri her bir ynsanyň elýetmez islegleriniň biri hasaplanýar. Adamzadyň bilesigelijiligini kanagatlandyrmak we adamyň, jemgyýetiň, dünýäniň ösüşinde bolup biläýjek zatlary öňünden bilmek islegi ylmy-filosofik dünýägaraýşyň zerurlygyny şertlendirýär.

Filosofiýanyň döremeginiň sebäplerini, onuň ösüşini, kämilleşmegini bilmek üçin filosofiýanyň taryhyna ýüzlenmek gerek. Sebäbi islendik bolup geçen taryhy waka ýa-da hadysa jemgyýetiň ösüşinde yz galdyrýar. Filosofiýanyň taryhy bolsa dürli döwürlerde ýaşap geçen akyldarlaryň, alymlaryň ylmy-filosofik hyzmatlaryny, üstünliklerini we kemçiliklerini, adamzat jemgyýetiniň ösmegi üçin bitiren gymmatly açyşlaryny öwrenýär. Olaryň kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarýar. Filosofiýanyň taryhyny öwrenmek bilen adam halkyň ýa-da ýurduň ýaşaýyş durmuşy, ösüş döwürleri bilen tanyş bolýar. Halklaryň taryhy geçmişini, sosial gurluşyny, däp-dessurlaryny, dini ynançlaryny öwrenýär. Olaryň medeniýetde, ylymda, bilimde gazanan, adamzat jemgyýeti üçin uly ähmiýete eýe bolan gymmatlyklaryna akyl ýerýär. Filosofiýanyň taryhy adamzadyň ýalňyşlyklaryny seljermäge, olary düzetmäge, gaýtalamazlyga, geljekde has gowy durmuş ýörelgelerini saýlap almaklyga ýardam berýär.

Biziň eýýamymyzdan öňki ýüzýyllyklarda gadymy gündogar ýurtlarynda – Müsürde, Wawilonda, Hindistanda, Hytaýda, Marguşda, soňra ýewropa ýurtlarynda medeniýet hem-de siwilizasiýa ösýär. Medeniýetiň, syýasatyň, ykdysadyýetiň, bilimiň – ylmyň ösmegi bilen birlikde filosofik pikirler kemala gelip, kämilleşip başlaýar. Adam paýhasy dünýäni mifologik kabul etmekden dini dünýägaraýşa, ondan hem ylma – filosofik dünýägaraýşa geçip başlaýar.

Gadymy döwre degişli halk döredijiliginde, mifologiýada dünýäni, älem-jahany ýaradyjylar hökmünde hudaýlar çykyş edýärler. Dürli gahrymanlar – adamlar, ýarym adam, ýarym haýwan mahluklar adamlaryň durmuşyny, ykbalyny kesgitleýärler. Olar adamlara ýaşamagy, medeni gymmatlyklary döretmegi öwredýärler. Şol wagtyň dünýägaraýşynda hyýalylyk, hakykatdan daş düşmeklik bilen birlikde adamlaryň toplan tejribeleri, bilimleri, dünýäni, adamy gurşap alan daş-töwerekdäki hadysalary tebigata esaslanyp düşünmeklik hem şöhlelenipdir. Mysal üçin, gadymy müsürlileriň miflerinde hemme zatlar suwdan, ummandan döräpdir we hemme zatlarda howa bar diýen ýaly ýönekeý hakykatdan daş düşmeýän çaklamalar we pikirler öňe sürülipdir.

Hadysalara tebigata esaslanyp düşündiriş berýän şeýle başlangyçlar wagtyň geçmegi bilen ýönekeý, ilkinji filosofik pikirleriň, ga-

raýyşlaryň hem-de taglymatlaryň çeşmelerine öwrülipdir. Dünýäniň esasynda haýsydyr bir başlangyjyň, substansiýanyň bardygyny gadymy akyldarlar ykrar edipdirler. Ýöne ol başlangyjyň tebigatyny düşündirmekde olarda dürlülik emele gelipdir. Şol dürlülik, dürlüligiň esasynda döreýän gapma-garşylyk filosofiýanyň ösmegine, öňe tarap hereket etmegine sebäp bolupdyr. Filosofiýanyň meselelerini görmeklikde, olary çözmeklikde peýda bolan tapawutlar filosofiýanyň ösüşinde özara göreşýän dürli filosofik akymlaryň we ugurlaryň ýüze çykmagyny şertlendiripdir.

## 2.2. Gadymy Müsürdäki we Wawilondaky filosofik garaýyşlar

*Gadymy Müsür.* Ilkinji siwilizasiýa ojaklarynyň biri bolan gadymy Müsüriň akyldarlary ilkinjileriň biri bolup dünýä, tebigat, jemgyýet we adam, adam durmuşynyň manysy ýaly meseleler barada oýlanyp başlapdyrlar. Ilkinji filosofik pikirlenmeler şol ýerde döräpdir. Gadymy Müsürde medeniýet we siwilizasiýa ýokary derejede ösüpdir. Biziň günlerimize ýeten ýazgylar, taryhy ýadygärlikler gadymy müsürlileriň ylym-bilimden baş çykarýan adamlar bolandyklaryna şaýatlyk edýär. Şeýle ýadygärliklere dünýäniň ýedi gudratynyň biri hasaplanýan bäş müň ýyllyk taryhly piramidalar degişlidir. Olar diňe müsür hökümdarlarynyň – faraonlaryň mazary däldir. Piramidalar müsürlileriň wagta, giňişlige, adam janyna, ölüler we diriler dünýäsine bolan garaýyşlarydyr. Olar şol döwrüň adamlarynyň toplan tejribeleriniň, ylymda ýeten beýik derejeleriniň önümidir.

Gadymy müsürlileriň dünýä baradaky oýlanmalary şöhlelenýän miflerine laýyklykda, dünýä ikä bölünýär. Olaryň biri dirileriň, beýlekisi bolsa ölüleriň dünýäsidir. Wagt hem iki döwre – ýerdäki ýaşaýyş bilen bagly gutarýan we ölümden soň başlanýan gutarmaýan, baky wagta bölünýär. Bakylyk, gutarmazlyk tutuş äleme mahsus. Wagtlaýynlyk, gutarýanlyk, çäklilik adama we dünýädäki beýleki janly-jandarlara degişli.

Gadymy müsürlileriň ynanjyna görä, adam jany ölmeýär. Ol teni terk edýär. Eger-de, beden zaýalanman saklansa, onda janyň ýene-de

gaýdyp bedene girmegi we merhumyň janlanmagy mümkin. Bedeniň zaýalanmazlygyny üpjün etmek üçin müsürliler jesedi mumiýalamagy öwrenipdir. Bakylyga gidýän adama gerek bolar diýen ynam bilen onuň mazaryna bu dünýäde ulanan zatlaryny ýerleşdiripdirler. Jesediň ýanyna nämeleriň goýuljakdygy, onuň üstüne nähili ahyret jaýynyň guruljakdygy merhumyň bu dünýäde eýelän wezipesine, mal dünýäsine, sosial statusyna bagly bolupdyr.

Gadymy müsür akyldarlary dünýäniň ilkinji esasy, ilkinji substansiýasy hökmünde suwy görkezipdirler. Olaryň ynanjyna görä, suw dünýädäki ähli janly-jandarlaryň çeşmesidir. Gadymy müsür ýazgylarynda howanyň-da ilkinji esas hökmünde görkezilýän pursatlaryna-da duş gelmek bolýar. Ýazgylarda howa giňişligi doldurýan we ähli zatlary gurşaýan başlangyç hökmünde suratlandyrylýar.

Müsürlileriň dünýägaraýşynda ýyldyzlara, planetalara, güne we aýa uly üns berilýär. Olaryň hereketi bilen baglylykda adamlar wagty hasaplapdyrlar. Pal atypdyrlar. Ekin ekmek, ýygmak üçin has oňaýly pursatlary kesgitläpdirler. Wagty ýyllara, aýlara, günlere bölüpdirler. Olaryň keramatlydygyna, adamlaryň ýaşaýşyna uly täsiriniň bardygyna ynanypdyrlar.

Gadymy müsürliler haýwanlaryň hem adamlar bilen deň hukukly jandarlardygyna ynanypdyrlar. Şonuň üçin-de öküz, it, pişik, tomzak ýaly haýwanlary mumyýalapdyrlar, olary hudaýlaşdyrypdyrlar.

Müsür akyldarlarynyň, müsür filosofiýasynyň abraýy gaty ýokary bolupdyr. Müsürlileriň filosofiýasyny öwrenjek, akyldarlaryndan sapak aljak bolup ol ýere başga ýurtlardan hem adamlar gelipdirler. Pifagor, Platon, Gerodot, Plutarh ýaly gadymy grek akyldarlary Müsürde bolupdyrlar. Ol ýerde ýaşaýan akyldarlardan sapak alypdyrlar. Müsür akyldarlarynyň öňe süren pikirlerini ösdüripdirler. Ol pikirleriň köpüsi soňlugy bilen grek filosofiýasynyň döremegine esas bolup çykyş edipdir.

*Wawilon.* Biziň eýýamymyzdan öňki IV müňýyllygyň ahyrlarynda – III müňýyllygyň başlarynda Mesopotamiýada şumer we akad medeniýetleriniň ornunda wawilon medeniýeti döreýär. Ol ýerde ylym, önümçilik ösýär. Matematika, geometriýa, astronomiýa, hukuk ylymlarynyň esasy goýulýar. Filosofiýanyň döremegi üçin zerur şertler peýda bolýar. Gadymy Wawilonyň medeni durmuşynda ruha-

nylaryň orny ýokary bolupdyr. Olar dini ynançlary, şeýle hem tebigat, jemgyýet, adam barada toplanan bilimleri saklaýjylar, goraýjylar we ýaýradyjylar bolupdyrlar. Şunuň bilen baglylykda Wawilonda kemala gelýän filosofik pikirde iki ruhy güýjüň – bir tarapdan, agalyk edýän mifologiýanyň we diniň, beýleki tarapdan bolsa durmuş talaplary bilen ösýän astronomiýanyň, matematikanyň, kosmologiýanyň, hukugyň täsiri uly bolupdyr.

Wawilonda filosofik pikirler ulgamyna salnan görnüşde bolmandyr. Gadymy wawilonlylaryň dünýä düşünişiniň esasynda gadymy şumerleriň dünýäniň haos ýagdaýyndan dörändigi, ýeriň we asmanyň, ýyldyzlaryň, jandarlaryň, şol sanda adamyň döredilendigi baradaky mifologiýasy ýatýar. Olar şumerleriň Gilgameş hakyndaky şadessanyny kabul edip, eseri özleriniň däp-dessurlaryna, ýaşaýyş keşplerine uýgunlaşdyrypdyrlar. Oňa täze teswirleme beripdirler. Şol şadessanda filosofiýanyň möhüm meseleleriniň biri bolan ýaşaýyş we ölüm, adam barlygynyň pajygalylygy ýaly meseleler gozgalýar. Şadessanda gahrymanyň özüni hudaýlar bilen deňeşdirişi hakynda gürrüň berilýär. Deňeşdirmäniň netijesinde Gilgameş özüniň başynyň ölümlidigine, ýaşaýşyny diňe döredijilikde we haýyr işlerde uzaldyp biljekdigine göz ýetirýär.

Wawilonda asman jisimleri keramatlaşdyrylypdyr. Olara sejde edilipdir. Aýratyn hem aýa uly hormat goýlupdyr. Aý wawilonlylar üçin gaty uly ahlak güýjüne eýe bolan, dünýäni dolandyrýan esasy keramatlyk hasaplanypdyr. Olar aýa garaňkylykdan üstün çykýan ýagtylyk hudaýy hökmünde seredipdirler. Güni bolsa garaňkylygyň çeşmesi, ýerasty dünýäsiniň güýji hasaplapdyrlar. Wawilonlylaryň ynanjyna görä, gün ölüm getiripdir. Aýyň ýaşmagy ölümi, dogulmagy bolsa täzeden direlişi aňladypdyr. Hut şunuň üçinem olar aýa hiç wagt ýitmeýän, ýok edip bolmaýan hemişelik ýaşaýşyň keşbi hökmünde sejde edipdirler.

Gadymy Wawilonda dörän mifler, toplanan tejribeler, bilimler soňlugy bilen adamzat dünýäsiniň ruhy taýdan ösmegine uly goşant goşan Injil kitabyna siňdirilipdir. Wawilondan gözbaş alan şeýle hekaýatlaryň biri Nuhuň tupany baradaky hekaýatdyr. Ol hekaýatda gozgalan ýaşaýyş, göreş, bagt, ýagşylyk we ýamanlyk, haýyr we şer, adalatlylyk ýaly filosofik meseleler soňlugy bilen Gündogarda we Günbatarda diniň we filosofiýanyň ösmegine aýgytlaýjy täsir edipdir.

## 2.3. Gadymy Hindistandaky we Hytaýdaky filosofik garaýyşlar

*Gadymy Hindistan.* Gagymyýetde Hindistanda filosofiýanyň dürli akymlaryna degişli özboluşly mekdepler döräpdir. Wedalar, çarwaklar, jaýnizm, buddizm şol akymlaryň esasylarydyr.

*Wedalar.* «Weda» adalgasy sanskrit dilinden terjime edilende «bilim» diýen manyny berýär. Wedalar induizmiň keramatly dini ýazgylarydyr. Bu dine uýýanlar wedalary adamlara akyldarlaryň üsti bilen ýetirilen keramatlyk hasaplaýarlar. Olar b.e. öňki 2500–1700-nji ýyllarda ýazga geçirilipdir. Wedalarda gadymy hindi jemgyýeti, jemgyýetiň gurluşy, jemgyýetçilik gatnaşyklary, ondaky adamlar, däp-dessurlar, garaýyşlar barada gymmatly maglumatlar saklanyp galypdyr. Wedalar Rigweda, Ýajurweda, Samaweda, Atharwaweda diýlip atlandyrylýan dört bölümden durýar.

Wedalar ýazylan döwri hindi jemgyýetinde sosial deňsizlige esaslanýan bölünişik bolup geçýär. Zähmet bölünişiginiň we sosial deňsizligiň esasynda jemgyýet dört sany warna – gatlaga bölünýär. Warnalaryň jemgyýetdäki orny sosial basgançagy ýatladypdyr. Birinji basgançakda brahmanlar – ruhanylar we monahlar durupdyrlar. Olar döwleti we jemgyýeti dolandyrypdyrlar, ylym we bilim bilen meşgullanypdyrlar. 2-nji basgançagy kşatriler – esgerler we häkimiýetiň wekilleri eýeläpdirler. Olar brahmanlaryň işlerine kömek beripdirler. Olaryň janlaryny gorapdyrlar, harby ýörişlere gatnaşypdyrlar. 3-nji basgançakda waýşylar – ekerançylar, senetçiler, söwdagärler ýerleşipdirler. Olar önüm öndüripdirler. Soňky basgançak şudralara – halkyň zerur isleglerini kanagatlandyrýan önümçilikde işleýän köpçülige degişli bolupdyr. Şudralaryň bilim almaga, saglygyny bejertmäge, döwlet gullugynda wezipe eýelemäge, ýokary kastalaryň garşysyna gitmäge, hatda olaryň edenine «däl» diýmäge-de haklary bolmandyr.

Din hindi jemgyýetinde emele gelen sosial gurluşa dini äheň berýär. Ony Hudaýyň emri bilen bolan gudrat diýip yglan edýär. Din hindi jemgyýetindäki gurluş Hudaýyň özi ýaly ebedi diýlen pikire gulluk edýär.

*Çarwaklar.* Ylymda çarwaklar (urduça *çar* – «dört», *waka* – «element») adyny alan hindi filosofiýasyna başgaça lokaýata filosofiýasy (sanskritçe चार्वाक – gemirmek, çeýnemek) hem diýilýär. Ol gadymy hindi filosofiýasynyň materialistik ugruna degişli. Bu ugruň filosoflary barlyk hakynda pikir ýöredip, bütin dünýä ilkinji maddy esaslardan döräpdir diýen netijä gelipdirler. Ilkinji başlangyçlar, esaslar hökmünde howany, ody, suwy we topragy kabul edipdirler. Dünýädäki ähli zatlar dört zatdan: howadan, otdan, suwdan we toprakdan emele gelýärler. Wagty gelip forma dargandan soň, ýene-de olar başdaky esaslara öwrülýärler diýip hasaplapdyrlar. Dünýäde ilkinji esaslardan we kanunlardan başga hiç zat bolup bilmez, Hudaýyň bardygy, ruhuň ölmeýändigi, o dünýä, jennet baradaky ynançlar hem ýalandyr diýen pikiri öňe sürüpdirler.

Bu ugruň akyldarlary adamyň ölümiň garşysyna göreşip biljekdigini ykrar etseler-de, olaryň ölümi ýeňip biljekdiklerine ynanmandyrlar. Adamlar dünýä paýhasa laýyk bagtly ýaşamak üçin gelýärler diýip hasap edipdirler.

Çarwaklar akyl ýetitmekde sensualçylygyň tarapdarlary bolupdyrlar. Olaryň dünýä akyl ýetirmekdäki materializmi gadymy hindi filosofiýasynda aýratyn yz galdyrypdyr.

*Jaýnizm* (sanskritçe जिन– ýeňiji) – biziň eýýamymyzdan öňki IX–VI asyrlarda Hindistanda ýüze çykan dini-filosofik akym. Bu akymy Mahawira Wardhamana esaslandyrýar. Ol ylymda Mahawiri (Beýik Irak) ýa-da Jina (Ýeňiji) atlary bilen bellidir.

Jaýnizm dünýäniň jiwa we ajiwa diýlip atlandyrylýan iki sany substansiýadan durýandygyny ykrar edýär. Jiwa diýlende ruhy, janly-jandarlara düşünilipdir. Ajiwa diýlende bolsa ruhy däl, jansyz, materiýa görnüşinde ýüze çykýan zatlara, atomlardan durýan, anaşi (ýa-da giňişlik), wagtda, dharma we adharma (hereketi emele getirmek üçin şert döredýän gurşawa) düşünilýär. Olary karma (inçe materiýa) birleşdirýär.

Jaýnizm filosofiýasyna laýyklykda, ajiwadan saplanmak we jiwa ýagdaýyna barmak adamyň ýaşaýşynyň manysyny düzýär. Olar munuň üçin, ilki bilen, hemişe hemme zady görýän, hemme zady bilýän hemişelik lezzet we çäksiz güýç, dünýä ruhy bilen birleşmek üçin

adam ruhuny kämilleşdirmekliň zerurdygyny nygtaýar. Özüniň öňki durmuşyndan, ýaşaýşyndan galan beden gabygyny terk edip, nirwana ýagdaýyna ýetmegi başaran islendik ruh jaýnadyr. Ýöne munuň üçin bu dünýäniň lezzetlerinden el çekip, terkidünýä durmuşy alyp barmak zerur.

*Buddizm.* Gadymy hindi filosofiýasynyň bir ugry bolan buddizm dini filosofiýanyň hataryna girýär. Buddizm biziň eýýamymyzdan öňki VI asyrda ýaşan hindi şazadasy Siddharthi Gautama tarapyndan esaslandyrylýar. Onuň ýaşlygy asudalykda geçýär. Atasy şazadany dünýäniň ýaramazlyklaryndan gorap saklaýar. 29 ýaşyna ýetende, ol dünýäde dürli kemçilikleriň bardygyna göz ýetirýär we parahat durmuşy taşlap, durmuşyň manysyny gözleýän derwüşe öwrülýär. Gautama 35 ýaşyna ýetende dünýä akyl ýetiren Buddalyga ýetýär.

Buddizmiň esasy ideýalary:

1. Ýaşaýyş ezýetdir – dogulmaklyk, kesel, garrylyk, ölüm, şowsuzlyklara duçar bolmak we gowulyklardan aýrylmak, öz isleg-arzuwlaryňa ýetip bilmezlik we ş.m. ählisi ejir çekmeklige, horluga eltýär.

2. Ezýetiň sebäbi adamlaryň islegleri we ymtylyşlarydyr.

3. Ezýetden dynmak üçin durmuşyň isleglerini we ymtylyşlaryny inkär etmeli.

4. Oňa Buddanyň görkezen halas ediş ýoly bilen gitmek arkaly ýetmek bolar: dogry pikirlenmeli, her bir işe dogry netije çykarmaly, dogry geplemeli, dogry durmuş ýöretmeli, dogry çemeleşmeli, dogry üns bermeli we ünsüňi dogry gönükdirmeli.

5. Ölümden soň islendik jandar, şol sanda ynsan hem täzeden başga jandaryň keşbinde dogulýar. Onuň haýsy keşpde doguljagy öňki ýaşaýyşda eden işlerine baglydyr.

6. Adamlaryň nirwana, ýagny rahatlyga we dynçlyga tarap hereketi zerurdyr. Nirwana ýetmek üçin adamyň dünýä lezzetlerinden, isleglerinden ýüz döndermegi zerur.

*Gadymy Hytaý.* Hytaýda filosofiýa b. e. öňki VII – b. e. III asyrlary aralygynda ýüze çykýar we ösýär. Bu döwürde Hytaýda In we Ýan mekdebi (In Ýan szýa), Konfusiançylyk, Edebiýatçylyk mekdebi (Žu szýa), Moistler mekdebi (Mo szýa), Atlar mekdebi (Min

szýa), Ýuristler, Legistler mekdebi (Fa szýa), Ýol we güýç mekdebi, daosizm (dao de szýa, dao szýa) ýaly filosofiýanyň dürli ugurlaryny we akymlaryny şöhlelendirýän mekdepler döreýär. Konfusiançylyk we daosizm Hytaýda dörän köp sanly filosofik ugurlaryň esasylary hasaplanýar.

*Konfusiý we konfusiançylyk.* Konfusiançylyk filosofiýasy görnükli hytaý akyldary Konfusiý (Kun-fu-szy, b.e.ö. 551–479) tarapyndan esaslandyrylýar we onuň şägirtleri tarapyndan ösdürilýär. Ol Hytaýyň we uzak gündogar ýurtlarynyň birgideniniň ýaşaýşynda yz galdyrýar.


Konfusiý

Konfusiý kun atly gadymy kökli, ýöne garyp düşen tanymal maşgalada dogulýar. Konfusiý doglanda onuň kakasy Şulýan He 63 ýaşynda ekeni. Ejesi ýaňy 17 ýaşly gyrnak bolupdyr. Ogly 1,5 ýaşanda atasy aradan çykýar. Şondan soň Konfusiniň ejesiniň iki sany uly eltileri bilen gatnaşygy ýaramazlaşýar. Ol oglunyň janyna kast edilmekden howatyrlanyp ata ýurduna dolanýar. Ogly bilen Ýan Çženszaýda özbaşdak ýaşap başlaýar. Ýeke galan ene ogluny ýetişdirmek üçin köp işlemeli bolýar. Ol ogluna atasynyň we ata-babalarynyň bitiren beýik işleri barada gürrüň bermäge wagt tapypdyr. Şeýdip ol oglunyň kalbynda ata-babalaryna meňzemek hyjuwyny we olara hormat goýmak däbini döretmegi başarýar. Konfusiý ata-babalaryna mynasyp nesil bolmak üçin özbaşdak okamaga, bilimini kämilleşdirmäge başlaýar. Özüniň tutanýerliligi we zähmetsöýerligi bilen hytaý döwlet gullukçylaryna zerur bolan bilime we terbiýä eýe bolýar. Tiz wagtdan ol ezber döwlet gullukçysy hökmünde özüni tanadýar. Soňra Konfusini hytaý durmuşyndan oňat baş çykarýan akyldar hökmünde-de ykrar edip başlaýarlar. Ol ylymda konfusiançylyk adyny alan özboluşly ahlak-etiki filosofiýany döretmegi başarýar. Konfusiançylyk iki müň ýyldan gowrak wagtlap Hytaýda diniň ornuny ýetirýär.

Konfusiançylyk asmany hudaýlaşdyrýar. Ony dünýäniň ýokary güýji diýip yglan edýär. Asman dünýäni dolandyrýar, onuň ykbalyny

çözýär. Ýöne dünýä, dünýäniň ösüşine, dünýäniň tertibine diňe asman däl, eýsem adamlaryň hüý-häsiýetleri, kalplarynyň we hereketleriniň arassalygy hem täsir edip biler diýlip hasap edilipdir.

Konfusiançylykda jemgyýeti ynsanperwer dolandyrmaklyga aýratyn üns berilýär. Konfusiý döwleti we hökümdary keramatlaşdyrýar. Olary asmanyň (Hudaýyň) emri bilen dörän keramatlyklar diýip yglan edýär. Hökümdar – asmanyň (Hudaýyň) ogly. Ol Hudaýyň emri bilen ýurdy dolandyrýar. Şonuň üçinem hökümdar halky babatynda ata mysalyndadyr. Ol ogullary barada atalyk aladasyny etmeli. Ilaty alada bilen gurşap almaly. Ilat hem hökümdara atalaryna sereden ýaly seretmeli. Onuň garşysyna gitmeli däl.

Jemgyýetde asudalygyň we abadanlygyň bolmagy üçin her kim öz ýerinde bolup, öz borçlaryny ak ýürek bilen ýerine ýetirmeli. Konfusiniň sözleri bilen aýdylanda, «Hökümdar hökümdar ýerinde, raýat raýat ýerinde, ata ata ýerinde, ogul ogul ýerinde bolmaly». Hökümdar halky adalatly dolandyrmaly. Agyr işlere çekip çökermeli däl, agyr salgytlar salyp tozdurmaly däl.

Konfusiançylyk ylma, bilime oňyn garapdyr. Ylymly-bilimli adam gelip çykyşyna seretmezden, ýokary döwlet wezipelerini eýeläp bilipdir. Şonuň üçinem her bir maşgala çagasyna bilim bermegi arzuw edipdir.

Konfusiançylygyň häsiýetli alamatlarynyň biri-de könäni ideallaşdyrmagydyr. Ol adamlardan köneden gelýän däp-dessurlary gyşarnyksyz berjaý etmegi, olary üýtgetmezligi talap edipdir.

*Daosizm.* Ol Gadymy Hytaýda hereket eden dini-filosofik ugur. Daosizm dünýäniň iň gadymy dinleriniň hataryna girýär. Ol takmynan b. e. öňki V asyrda döreýär. Onda ähli adamlaryň deňligi ykrar edilýär. Olaryň birmeňzeş hukuklardan we erkinliklerden peýdalanmalydyklary nygtalýar. Daosizmiň bu ideýasy hytaý jemgyýetiniň garyp ýaşaýan böleginiň göwnünden turupdyr. Daosizme uýýan garyp-pukaralar tizden deňlige we adalatlyga esaslanýan täze jemgyýetiň dörejekdigine ynanypdyrlar. Şonuň üçinem daosizmi goldapdyrlar, tarapyny tutupdyrlar.

Huan Şi atly imperator daosizmiň esasyny goýupdyr. Gadymy Hytaýda ýaşan Lao-Szy diýen alym daosizmiň däp-dessurlaryny, öňe sürýän taglymlaryny özüniň «Onuň ýoly we jahanda ýüze çykyşy hakyndaky taglymat» diýen kitabynda ýazyp beýan edýär.

Dao – bu uç-gyraksyz, gutarmaýan, ähli ýerden geçýän we geçmeýän, nirä barýandygy we nirede gutarýandygy näbelli ýoldur. Ol barlyk we ýoklukdyr. Ähli zatlaryň esasydyr. Dao baky Absolýutdyr. Absolýut dykyzlykdyr we boşlukdyr. Hemme zatdyr we hiç zatdyr. Älem-jahandaky, dünýädäki ähli zatlar, hatda gök asman hem Absolýuta boýun egýär, onuň kanunlary boýunça hereket edýär. Ol gutarmaýan ýol we hereketdir. Çünki tebigatdaky hiç bir zat hereketi inkär edýän rahatlyk ýagdaýynda bolmaýar. Ähli zat hereket edýär, akýar we özgerýär. Adam hem şeýle kanun boýunça ýaşaýar.

Daosizme görä, dünýädäki iň uly bagt Dao akyl ýetirmek we onuň bilen goşulmakdyr. Dao akyl ýetiren, onuň bilen birleşen adam ömürlik ýaşaýşa eýe bolýar. Dao akyl ýetirmek, oňa düşünmek üçin bedeni we ruhy iýmitlendirmek bilen baglanyşykly belli bir düzgünleri hem-de hiç zat etmezlik ýörelgesini berjaý etmeli bolýar.

Adam ynsan kalbyna eýe bolmak ugrunda dyngysyz göreşýän oňat we ýaramaz ruhlardan durýar. Eger-de ol oňat işleri, ýagşy niýetleri, aýdyň pikirleri köp etse, onda onuň kalby güýçlenýär, Absolýut bilen arasy ýakynlaşýar. Eger-de adam ýaramaz işleri, hereketleri, pikirleri köp etse, onda onuň kalbyny ýaramaz ruhlar eýeleýär. Adamyň Absolýut bilen arasy daşlaşýar.

Daosizm hiç zat etmezlik ýörelgesini ündeýär. Ol ýörelge dünýädäki ähli zatlaryň, hereketleriň Dao we Asman tarapyndan kadalaşdyrylýandygyny aňladýar. Adamyň goşulmagy tebigat tarapyndan döredilen zatlaryň zaýa bolmagyna, bozulmagyna getirýär. Şu zatlary nazara almak bilen, Lao-Szy döwletde hiç zady üýtgetmeli däl diýip hasaplaýar. Sebäbi adamlar Asmanyň emri bilen ýaşaýarlar we şoňa laýyk hem hereket edýärler.

## 2.4. Gadymy Türkmenistanda paýhasly garaýyşlaryň kemala gelmegi

*«Awestadaky» filosofik garaýyşlar.* Zaroastrizm (awest. *vahvī-daēnā – māzdayasna* – akylla hormat goýýan oňat din) – gözbaşyny Zaratuştra pygamberden alýan gadymy din. Zaroastrizm dininiň watany Türkmenistandyr. Ol ilki Margianada döräpdir. Soňra goňşy ýurtlaryň çäklerine – häzirki Owganystanyň, Eýranyň, Azerbaýjanyň,

Merkezi Aziýanyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň köp ýerlerine ýaýrapdyr. Bu dini Zaratuştra esaslandyrýpdyr. Zaroastrizm dininiň esasynda adamyň oňat pikirleri, işleri we sözleri erkin saýlamaklygy bar. Onuň esasy hudaýy Ahura Mazda, pygamberi Zaratuştra, dini kitaby «Awesta» hasaplanýar. Zaroastrizm dininiň 9 sany esasy ynam ýörelgeleri bar:

- paýhasly we adyl, ýagşylyklary dörediji hudaý Ahura Mazda ynanmak;
- Ahura Mazdanyň ýeke-täk pygamberi, ýagşylyga we arassalyga barýan ýoly görkezen Zaratuştra ynanmak;
- ruhy dünýäniň barlygyna, şol dünýäde ýagşylyk we ýamanlyk dörediji iki ruhuň barlygyna ynanmak. Şol iki ruhuň arasyndaky göreşiň netijesi adamzadyň ýaşaýşyny kesgitleýär;
- Ahura Mazda tarapyndan döredilen jahan kanunyna ynanmak. Ol ýagşylyk ýoluny saýlan adamlary goldamaklyga gönükdirilýär;
- ýagşylyk bilen ýamanlygy saýgarmaga kömek edýän ynsanyň düýp manysyna ynanmak;
- adam şahsyýetiniň ösüşiniň we kämilleşmeginiň ýedi derejesi bolan ýedi Ameşaspentine ynanmak;
- Ahura Mazda tarapyndan döredilen tebigy hadysalara we tebigata ynanmak we olar hakynda alada etmek;
- Ahura Mazdanyň ýeňşine we ýamanlygyň doly kowulmagyna ynanmak.

Zaroastrizm dininiň esasyny dünýäniň özara gapma-garşylykly iki başlangyçdan, ruhdan durýandygy baradaky ynanç eýeleýär. Olaryň biri ýagşylyk ruhy bolup, oňa Spena Main diýlipdir. Ol döredijidir, ýagşylyk isleýjidir. Ikinji ruh ýykyjy, ýumrujy, adamlaryň aňyny zaýalaýjy Angra Main atly ýamanlyk ruhudyr. Ýamanlyk ruhy Ahura Mazdanyň we onuň dünýäsiniň esasy we ganym duşmanydyr. Iki ruhuň arasynda hemişelik göreş, uruş gidýär. Göreşde olaryň kä birisi, käte-de beýlekisi ýeňýär. Angra Main üstünlik gazananda tutuş jemgyýetiň ýaşaýşy ýaramazlaşýar. Adamlaryň aňyny, kalbyny ýaramaz pikirler eýeleýär. Uruş, dawa-jenjel, keselçilik köpelýär. Açlyk, garyp-gasarlyk ýaly ýaramaz zatlar adamlaryň hemrasyna öwrülýär. Ýagşylyk ruhy bolan Spenta Main ýeňende bolsa ýaşaýyş oňatlaşýar.

Adamlaryň kalbyna rahatlyk aralaşýar. Birek-birege kömek etmek islegi döreýär. Abadançylykly durmuş, bagtly ýaşaýyş başlanýar.

Saýlamak erkinligi zaroastrizm dininiň esasy ýörelgesidir. Bu ýörelgä laýyklykda, islendik jandar, islendik adam özüniň haýsy ýoldan – ýagşylyk ýa-da ýamanlyk, hakyky ýa-da ýalan, haýyr ýa-da şer ýolundan gitjekdigini özi saýlaýar. Olaryň haýsy ruhuň yzyna eýermelidigini saýlamagy netijesinde özara göreşde ruhlaryň haýsynyň ýeňjekdigi kesgitlenýär. Adam saýlaw arkaly özüniň kalbyny günä gaplap-da, günäden saplap-da bilýär.

«Awesta» laýyklykda, adamlar dünýä bagtly ýaşamak, Ahura Mazda gulluk etmek we Spena Mainiň hatyrasyna dini däp-dessurlary berjaý etmek üçin gelýärler. Olar şeýtmek bilen ýagşylygyň ýamanlykdan üstün çykmaklygyna kömek edýärler.

*«Oguznama» şadessanyndaky filosofik pikirler.* Türkmen halky iňňäň irki döwürlerden bäri dünýä hakynda, ondaky maddy zatlar bilen ruhuň, aňyň gatnaşygy hakynda, dogulmak, ýaşaýyş we ölüm hakynda, dünýäniň ýagdaýy, ondaky predmetleriň, hadysalaryň özara baglanyşygy, täsir edişi, olaryň üýtgeýişleri we durnuklylygy hakynda, adamyň dünýä akyl ýetirmek mümkinçiligi barada oýlanypdyrlar. Çünki, adamlaryň alyp baran durmuş keşpleri, tebigatda we jemgyýetde duşýan kynçylyklaryň özi olaryň öňünde şeýle soraglary ör boýuna goýupdyr. Bu soraglar ýüze çykan ýagdaýda olara halk jemgyýetçilik önümçiliginiň we jemgyýetçilik tejribesiniň hem-de jemgyýetçilik aňynyň ösüş derejesiniň berýän mümkinçiliklerine laýyk jogap bermäge çalşypdyr. Halkyň dürli döwürde tapan jogaplary jemgyýetçilik ýa-da tebigy hadysalar baradaky garaýyşlary halk döredijilik eserlerine siňip, biziň günlerimize ýetipdir. Adamlaryň geçmişinden habar berýän halk döredijilik eserleriniň biri hem türkmenleriň «Oguznama» şadessanydyr.


Oguz han

Türkmenleriň ir döwürdäki filosofik pikirlerini öwrenmekde «Oguznama» şadessanynyň ähmiýeti örän uludyr. «Oguznamalar» türkmenleriň nesilbaşysy Oguz han Türkmeniň we onuň nesilleriniň bitiren beýik işlerini wasp edýän halk döredijilik eseridir. «Oguznamalarda» oguzlaryň-türkmenleriň taryhy, etnografiýasy, toplan ruhy we maddy gymmatlyklary barada baý maglumatlar saklanyp galypdyr.

«Oguznama» filosofik eser däl. Ýöne ylmy barlagyň obýekti hökmünde öwrenilende, ondaky maglumatlaryň seljermesi ata-babalarymyzyň baý dünýägaraýşyna eýe bolandyklaryny tassyklaýar.

«Oguznamalardaky» dünýägaraýyş bitewilik (sinkretik) we praktiki häsiýete eýe. Onda ata-babalarymyzyň mifologik, dini we filosofik garaýyşlary özara baglanyşykda beýan edilipdir.

Eserdäki mifologik garaýyşlar «Oguznamalaryň» köküniň gadymy döwürlerden, heniz ata-babalarymyzyň özlerini tebigatdan bölüp aýyrmadyk döwürden alyp gaýdýandygyna şaýatlyk edýär. Dünýäniň beýleki etnoslarynda bolşy ýaly, gadymy döwürlerde oguzlaryň dünýägaraýşynda hem mifler esasy ýeri eýeläpdir. Olaryň dünýä, tebigata, jemgyýete we beýleki adamlara bolan gatnaşyklaryny kesgitläpdir. Olar özlerini tebigatdan bölüp aýyrmandyrlar. Özlerini tebigat bilen bir bitewilik hasaplapdyrlar. Tebigy hadysalary, ösümlikleri we beýleki jandarlary «adamlaşdyrypdyrlar», olara adamçylyk häsiýetlerini beripdirler.

Oguzlaryň şadessanda şöhlelenýän mifologik garaýyşlaryna mysal edip, eseriň uýgur nusgasyndaky Oguz hanyň dünýä inişi baradaky rowaýaty we onuň ähli nusgalarynda diýen ýaly duşýan Oguz hana ýol görkezýän möjek bilen baglanyşykly rowaýaty görkezip bolar. Birinji rowaýatda ynsanyň ýokarky keramatly güýçler bilen gudaçylyk gatnaşyk etmek mümkinçiliginden habar berilýär. Ikinji rowaýatda bolsa möjek keramatlyk derejesine çykarylýar. Ol adama ýol-ýörelge görkezmäge ukyply, diňe Oguz hana görünýän jandar hökmünde suratlandyrylýar.

«Oguznamalarda» oguz-türkmen iliniň bitewilik we agzybirlik meselesine aýratyn üns berilýär. Olarda oguz-türkmen halkyny jem edýän gymmatlyklar keramatlyk derejesine çykarylýar. Ili agzalalyga eltýän zatlar, hereketler, hadysalar bolsa ýazgarylýar.

«Oguznamalarda» merkezleşdirilen döwlet tutuş ili bitewileşdirýän esasy gymmatlyk hökmünde çykyş edýär. Oguz han Türkmen

tagt ugrundaky, wezipe ugrundaky göreşiň halk we döwlet üçin örän uly howpdygyny öňünden görüpdir. Ol şeýle göreşiň bolmazlygy üçin häkimiýetiň mirasageçijiligini tertipleşdirýär. Bu meselede ululyk ýörelgesini öňe sürýär. Oguz han döwletiň esasy wezipelerine ilki bilen ulyny saýlamaklygy tabşyrýar.

«Oguznamalar» uzak ýyllaryň dowamynda ata-babalarymyzyň dünýägaraýşyny kesgitleýän, kyn meselelere jogap gözlenilýän ýörelge kitaby bolupdyr.

## 2.5. Gadymy grek we rim filosofiýasy

Filosofiýanyň taryhynda antiki (latynça antikuus – gadymy) filosofiýa diýlip at alan filosofiýanyň düzümine gadymy grek we rim filosofiýasy girýär. Antiki filosofiýa günbatar ýewropa filosofiýasynyň kemala gelmeginde we ösmeginde, dünýä filosofiýasynyň täze derejelere çykmagynda aýgytlaýjy orny eýeläpdir. Antiki döwürde köp görnüşli ylymlaryň esasy goýulýardy. Dürli garaýyşlary, pikirleri ündew edýän filosofiýa mekdepleri kemala gelýärdi. Olarda öňe sürülen pikirleriň käbirleri entegem öz ähmiýetini ýitirmeýär. Bu döwür adamzat paýhasynyň bahasyz hazynasy bolup adamzat taryhyna girdi.

Antiki filosofiýa biziň eýýamymyzdan öňki VI–V asyrlarda häzirki zaman Gresiýasynyň, Italiýanyň, Kiçi Aziýanyň çäklerinde döreýär we b. e. VI asyrynyň ortalaryna çenli dowam edýär. Antiki filosofiýanyň döremegine gadymy hindi, wawilon we müsür filosofiýasynyň goşandy uly bolupdyr.

Gadymy grekleriň dünýäniň, älem-jahanyň ilkinji başlangyjyny, esasyny tapmaklyga bolan synanyşygy bilen gadymy grek filosofiýasy başlanýar. Gadymy grekler älem-jahanyň ilkinji esasyny gözlänlerinde ilki bilen dünýäniň bölünmeýänligi we bitewiligi baradaky mifologik ýörelgeden ugur alypdyrlar. Hut şonuň üçinem olar ilki maddylyk bilen ruhulygyň, jan bilen bedeniň arasynda ullakan bir tapawut görmändirler. Olar ähli zatlaryň, hadysalaryň janlydygy baradaky mifologik ynanja esaslanypdyrlar.

Antik filosofiýanyň döreýşi we ösüşi, adatça, iki sany esasy döwre bölünýär.

Birinji döwür b. e. öňki VI–V asyrlary öz içine alýar. Ol döwre Sokrata çenli ýaşan Milet mekdebiniň filosoflary, Effesli Geraklit, Pi-

fagor, Demokrit ýaly filosoflar girýär. Olar natur filosofiýasy (tebigatyň filosofiýasy) bilen gyzyklanypdyrlar. Birinji döwrüň akyldarlarynyň filosofiýa boýunça ýazan, aýdan pikirleriniň ujypsyz bölegi biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Ikinji döwür Sokratyň ýaşan döwründen başlanýar we b. e. VI asyrynyň 30-njy ýyllaryna çenli dowam edýär. Bu döwri hem ylmy edebiýatlarda nusgawy filosofiýa döwri we ellin döwrüniň filosofiýasy diýlen iki tapgyra bölýärler.

Sokratdan soň ýaşan köp sanly filosoflaryň Platonyň, Diogeniň, Aristoteliň, Pirronyň, Epikuryň, Senekanyň we beýlekileriň filosofiýa boýunça işleriniň, aýdan pähimleriniň ep-eslisi biziň günlerimize gelip ýetipdir.

*Fales.* Fales (b.e.ö. 624–547) filosofiýanyň Milet mekdebiniň ilkinji akyldary bolupdyr. Ol gadymy greklerden ilkinjileriň biri bolup, dünýäniň nämeden dörändigini, oňa nämäniň ilkinji esas, ilkinji başlangyç bolandygyny düşündirmäge çalşypdyr. Ol dünýäniň emele gelmeginiň sebäplerini onuň özünden gözläpdir. Falesiň pikiriçe, ilkinji başlangyç, esas hökmünde suw çykyş edýär. Ähli zatlar suwdan döreýärler we wagty gelende ýene-de suwa öwrülýärler.

Fales gadymy grekleriň arasynda ilkinji bolup dünýäniň maddylykdan – ilkinji esasdan döreýändigi baradaky pikiri öňe sürýär. Ýöne ol ilkinji esasyň – substansiýanyň häsiýetli aýratynlyklaryny görkezmändir. Fales näme üçin suwuň substansiýa bolup çykyş edýändigini düşündirmekden hem ejiz gelipdir.

Fales tebigaty janly zat hökmünde kabul edipdir.

*Anaksimandr (b.e.ö.* 610–540) Falesiň zehinli şägirtleriniň biri Anaksimandr hem halypasy ýaly substansiýa meselesi bilen meşgullanypdyr. Anaksimandr ilkinji esasy anyk bir zat, maddylyk hökmünde göz öňüne getirmändir. Onuň pikiriçe, dünýä hadysalarynyň esasynda ähli zada umumy, ähli zada degişli, ähli zada esas bolup biljek ölçegsiz, kesgitsiz başlangyç bolmaly. Ol şeýle substansiýany apeýron diýip atlandyrýar. Apeýron – bu formasyz, çäksiz, hemişelik, kesgitsiz, başlanýan ýerem, gutarýan ýerem ýok, dogulmaýan we ölmeýän, ýitip gitmeýän substansiýadyr. Apeýrony adamyň duýgy agzalary kabul edip bilmeýär. Ol ähli zatlary gaplap alýar we olary

dolandyrýar. Dünýädäki ähli zatlar – ýyldyzlar, planetalar, ösümlikler, haýwanlar, adamlar we beýlekiler apeýrondan döreýär. Apeýrondan tapawutlykda, ondan dörän zatlar hemişelik däldir. Belli bir döwür gelende, olar dargaýarlar we ýene-de apeýrona öwrülýärler.

Anaksimandr zatlaryň döremegini apeýronyň özara gapma-garşylykly taraplardan durýandygy bilen düşündiripdir.

*Anaksimen.* Anamsimen (b.e.ö. 588–525) – Anaksimandryň şägirdi. Ol howany ilkinji substansiýa hasaplapdyr. Anaksimeniň pikiriçe, edil apeýron ýaly, howanyň hem reňki, tagamy, çägi, formasy ýokdur. Ýöne bir hilden başga hile geçende, ýagny sowuga, çyga, yssa öwrülende, hereket edende ony görmek, eşitmek, duýmak bolýar. Howadaky gapma-garşylyklar zatlaryň döremegine sebäp bolýar. Howa gowşanda oda, dykyzlananda bolsa ýele, suwa, daşa we beýleki zatlara öwrülýär diýip ol hasaplapdyr.

Elbetde, Milet mekdebiniň öňe süren pikirleri gowşak bolupdyr. Ýöne olaryň substansiýa baradaky pikirleri soňlugy bilen uly ösüşe eýe bolýar.

*Geraklit.* Effesli Geraklit (b.e.ö. 544–483) substansiýa meselesine iki taraplaýyn çemeleşýär. Ol substansiýa hökmünde ody kabul edýär. Ol hemme zat otdan döreýär we ýene-de oda öwrülýär diýip hasaplaýar. Ot – tebigy güýç, ol tebigatyň önümi. Geraklitiň diýýän ody diňe bir tebigy güýç hem däl. Ol dünýäni dolandyrýan ideal kanun, hemişelik we ählumumy zerurlyk bolan logosdyr.

Geraklit özüniň filosofiýasynda dünýäniň, tebigatyň, älem-jahanyň dowam etmesiniň esasynda hereket ýatyr diýen pikire gelýär. Onuň taglymatyna laýyklykda hemme zat hemişe hereketde. Hereketsiz duran zat ýok. Ol hereketleriň çeşmesi gapma-garşylygyň bitewiligi we olaryň arasyndaky göreşdir. Geraklitiň esaslandyran sada dialektikasy soňlugy bilen filosofiýada uly akyma öwrülýär.


Geraklit

*Demokrit.* Gadymy Gresiýada filosofiýanyň materializm ugruny esaslandyryjylaryň biri Demokritdir (b.e.ö. 460–370). Ol filosofiýada «atomizm» diýip atlandyrylan filosofik taglymaty döredýär. Demokrit älemi dolandyrýan älem aňynyň bar-

dygyny inkär edýär. Onuň pikiriçe, dünýäniň diňe maddy başlangyjy, substansiýasy bar. Ol şol substansiýany atomlar diýip atlandyrýar. Atomlar mundan beýläk böleklere bölünmeýän, maddylygyň iň ownuk bölejikleridir. Atomlary hiç kim döretmeýär. Olar hemişe bolupdyr, hemişe-de bolar. Sebäbi olar ýok edilmesizdir. Atom absolýut dykyzdyr. Olar özleriniň ýerleşişi, tertibi, gurluş görnüşi boýunça biri-birlerinden tapawutlanýarlar. Atomlara diňe güýçli aň-paýhasyň netijesinde akyl ýetirip bolar. Olar duýgy üçin elýetmezdir.

Demokrit dünýäde barlygyň we ýoklugyň bardygyny ykrar edýär. Ol barlyk diýlende atomlara, ýokluk diýlende bolsa uç-gyragy, çägi ýok boşluga düşünýär. Boşluk atomlaryň ýerleşýän ýeridir. Atomlar boşlukda dyngysyz hereketde bolýarlar. Olar boşlukda biri-biri bilen ýerini çalyşmak arkaly, daş-töwerekdäki çylşyrymly zatlary, dünýädäki tertibi döredýär.

*Sokrat.* Döwrüniň iň bilimli, sowatly adamlarynyň biri bolsa-da Sokrat (b.e.ö. 470/469–399) özünden soň ylmy iş galdyrmandyr. Ol okuwçylaryna okuwy özara gürrüňdeşlik – dialog görnüşinde geçipdir. Sokratyň geçýän okuwy örän netijeli bolupdyr. Ol örän dilewar ekeni. Okuwynda dürli öwrümleri, usullary ulanmak arkaly diýjek bolýan zadyny şägirtlerine ýetirmegi başarypdyr. Sokratyň dialoglary ýatda galyjy bolupdyr. Olaryň täsiriniň has netijeli bolandygy üçin akyldar aradan çykandan soň şägirtleri halypasynyň aýdan zatlaryny, öňe süren pikirlerini, taglymatyny özleriniň işlerinde dikeldipdirler. Sokratyň şägirtleri Platonyň, Antisfeniň we Ksenofontyň işleri has hem ähmiýetli bolupdyr. Olaryň ýazan işleri häzirki döwürde Sokratyň filosofik garaýyşlaryny öwrenmekde esasy çeşme bolup hyzmat edýär.



Sokrat

Sokrat gadymy grek filosofiýasynyň ýüzüni adam meselesine öwürmegi başarýar. Onuň pikiriçe, filosofiýa tebigata akyl ýetirmegi maksat edinýän ylym däldir. Ol adam, adamyň gylyk-häsiýetleri, adamyň nähili ýaşamalydygy baradaky ylymdyr. Şu nukdaýnazardan Sokratyň filosofiýasyna ahlaky filosofiýa hem diýilýär.

Sokrat duýgy agzalaryna kemter baha berýär. Onuň pikiriçe, adam diňe özüniň erkinde bolan zatlara akyl ýetirip biler. Dünýä, tebigat onuň erkinde däl. Adama öz jany – ruhy degişli. Şu sebäplem adam diňe özüniň ruhy bilen baglanyşykly bilime eýe bolup biler. Şonuň üçinem Sokrat adam özüne akyl ýetirmekligi maksat edinmeli diýip, «Özüňi tana!» diýen şygary öňe sürýär.

Bilim zatlaryň, hadysalaryň umumylygyny ýa-da aýratynlyklaryny ýüze çykarmakdyr. Bilim – bu zatlar, hadysalar barada düşünjedir. Oňa düşünjeleri anyklamak arkaly ýetilýär. Anyklamak etikada has wajypdyr. Etikada Sokrat bilimi ýagşy gylyk bilen bir zat hasaplaýar. Bilim adamyň kim boljakdygyny, nähili hereket etjekdigini kesgitleýär. Adamyň hereketi jemgyýetde bar bolan ýagşylyk we ýamanlyk, batyrlyk, mertlik, gahrymançylyk ýaly ahlaky häsiýetler baradaky garaýyşlary tarapyndan kesgitlenilýär. Oňat hereket etmelidigini duýup, bilip durup ýaramaz hereket etjek adam ýokdur. Şeýlelik bilen Sokrat ýaramaz hereketi bilmezlik we ýalňyşlyk bilen bir zat hasaplaýar. Paýhaslylyk onuň üçin kämil bilim bolupdyr.

*Platon.* Sokratyň zehinli şägirtleriniň biri Platonyň (b.e.ö. 427–347) hakyky ady Aristokl ekeni. Ýöne ýaşlykdan berk, gelşikli, pälwansypat bedenli bolany üçin oňa döwürdeşleri Platon (grekçe «giň eginli», «eginlek») lakamyny dakypdyrlar.

Afina döwletiniň asylzada maşgalasyndan bolan Platon bütin ömründe afina demokratiýasynyň garşydaşy bolupdyr. Ol aristokratik döwlet dolandyryşynyň tarapdary bolupdyr.


Platon

Platon Sokratyň filosofiýasyndan düýpli tapawutlanýan, ylymda obýektiw idealizm adyny alan filosofiýa ugruny döredýär. Platonyň taglymatyna laýyklykda, duýgulaýyn kabul edilýän zatlar hakyky barlyk dünýäsi däldir. Olar yzygider döreýärler, ýok bolýarlar, özgerýärler we hereket edýärler. Olarda durnuklylyk we hakykylyk ýok. Zatlaryň düýp manysy, olaryň sebäpleri hökmünde bedensiz duýul-

maýan formalar çykyş edýärler. Olara diňe aňyň kömegi bilen ýetip bolýar. Platon olary görnüşler (eýdoslar), kähalatlarda bolsa ideýalar diýip atlandyrýar. Zatlaryň her görnüşine tensiz, duýulmaýan dünýäniň belli bir ideýasy gabat gelýär. Zatlar babatynda ideýalar şol bir wagtyň özünde hem sebäp, hem netije, hem maksat hökmünde çykyş edýärler. Olar ideýalaryň düýp manysy we nusgalarydyr. Ýöne zatlary düşündirmek üçin diňe bir ideýalaryň bolmagy ýeterlik däl. Sebäbi zatlaryň hemişe üýtgäp, özgerip durýandygy üçin olary diňe bir barlyk nukdaýnazaryndan däl, eýsem ýokluk nukdaýnazaryndan hem düşündirmeklige zerurlyk döreýär. Platon ýoklugy «materiýa» hasaplaýar. Platonyň materiýasy hemişe üýtgäp, özgerip, dyngysyz hereketde bolýar. Materiýa ideýany kabul edýär. Şol kabul edilen ideýa bilen baglylykda zatlaryň belli bir görnüşi döreýär.

Platonyň taglymatyna görä, ideýalar obýektiw dowam edýärler, materiýanyň dowam etmegi bolsa ideýa bagly. Zatlar dünýäsi tensiz ideýalar dünýäsi bilen ýokluk hasaplanýan materiýalar dünýäsiniň aralygynda ýerleşýär. Zatlaryň formasyny olaryň sebäbi we nusgasy hökmünde çykyş edýän ideýa berýär. Ýöne zatlaryň hemişe üýtgäp, özgerip durmagy olaryň ýokluk – materiýa bilen arabaglanyşyklydygyny aňladýar.

Ideýalar dünýäsi piramidany ýada salýar. Onuň çür depesinde ýokary ideýa ýerleşýär. Ol zatlaryň düýp manysyny emele getirýär. Olaryň dowam etmegini we akyl ýeterlikligini kesgitleýär. Şeýlelikde ideýalar döredilmeýär, ýok bolmaýar, olar hemişelik. Wagtdan we giňişlikden garaşly däl.

Platon bar bolan ideýalaryň, ruhuň mukdary, hili bilen baglylykda adamlary üç sany uly topara bölýär. Has kämil ideýaly adamlaryň toparyny akyldarlar, filosoflar düzýär. Hili pes, mukdary az ideýaly adamlar hünärmenleri, senetçileri kemala getirýär. Filosoflar bilen hünärmenleriň arasyndaky ýeri harbylar eýeleýär. Bu üç sany adamlar topary sosial derejäni hem aňladýar. Birinji derejäni filosoflar, ikinjini harbylar, üçünjini bolsa hünärmenler eýeleýärler. Platon ideýalaryň hili, mukdary bilen baglylykda her bir adam jemgyýetde diňe özüniň başarýan işini etmeli diýen pikiri öňe sürýär: filosoflar dolandyrmaly,

harbylar ýurdy içki hem daşky howplardan goramaly, hünärmenler bolsa jemgyýetiň ýaşamagy üçin zerur bolan maddy gymmatlyklary öndürmeli. Platon toparlaryň birek-biregiň işine goşulmadyk ýagdaýynda ideal, kämil döwlet dörär diýip hasaplaýar. Platonyň bu pikiri öz döwri üçin öňdebaryjy pikir bolupdyr.

Platon akyl ýetiriş taglymatynda «ýada salyş» ýörelgesini öňe sürüpdir. Onuň pikiriçe, adamlaryň ruhlary ebedilikdir, olar ideýalar dünýäsinde bolup, ideýalary özleşdirýärler, ýat tutýarlar. Iň köp ideýalary özleşdiren ruhlar geljekki parasatly adamlaryň, patyşalaryň, serkerdeleriň, alymlaryň bedeninde ýerleşýärler. Az ideýaly ruhlar garyplaryň, daýhanlaryň, hünärmentleriň, gullaryň bedenine ornaşýarlar. Platonyň tassyklamagyna görä, adamlaryň dünýä akyl ýetirmegi olaryň ruhlarynyň ideýalar dünýäsinde ýat tutan ideýalaryny gaýtadan ýatlamagyndan, göz öňüne getirmeginden ybaratdyr.

*Aristotel.* Gadymy grek meşhur akyldary Aristotel (b.e.ö. 384–322) ensiklopediýaçy, uly alym bolupdyr. Aristotel filosofiýanyň, psihologiýanyň, ritorikanyň, logikanyň, tebigat bilimleriniň, taryhyň, syýasatyň, etikanyň, estetikanyň iň wajyp meselelerini öwrenipdir. Olaryň täze derejä çykmagyny gazanypdyr. Aristoteliň ylym dünýäsinde ýokary abraýdan peýdalanandygy sebäpli, Orta asyrlarda gündogar – musulman ýurtlarynda oňa «Mugallym» diýen hormatly ady dakypdyrlar.

Aristotel öz halypasy Platona uly hormat goýupdyr. Ýöne filosofiýanyň esasy meseleleri boýunça halypasy bilen ylalaşmandyr. Platon obýektiw idealizmiň wekilidir. Aristoteliň filosofiýasy bolsa Platonyň filosofiýasyndan tapawutlylykda idealizm bilen materiýalizmiň arasynda ýerleşipdir. Ol käbir filosofik meseleler babatynda materialist, käbir meseleler babatynda bolsa idealist hökmünde çykyş edipdir.

Aristotel Platonyň ideýalar baradaky garaýşy bilen ylalaşman, ony tankytlapdyr. Platon ideýany zatlaryň «nusgasy» diýip yglan edýär. Aristotel bolsa zatlaryň düýp manysyny olaryň özleri bilen baglanyşdyrýar. Ol zatlaryň ideýalary olaryň – zatlaryň özlerinden özge ýaşap bilmez diýen netijä gelýär.

Aristotel materiýa bilen formanyň gatnaşygyny düşündirende hem Platonyň pikiri bilen ylalaşmaýar. Aristotel maddy dünýäniň obýektiw ýaşaýandygyny ykrar edýär. Maddy dünýä mydama bolupdyr, bar we hemişe bolar, ol özüniň ýaşamagy üçin Platonyň ideýalar dünýäsine mätäç däldir diýip tassyklaýar. Aristotelde hem hiç kim tarapdan döredilmedik, hemişe bar we hemişe boljak absolýut Paýhas (Hudaý) passiw, çäksiz, formasyz, ýöne şol bir wagtyň özünde-de islendik görnüşi kabul etmäge, islendik zada öwrülmäge ukyply ilkinji materiýa ilkinji formany berýär. Aristotel formany barlygyň düýp manysy diýip yglan edýär. Onuň pikiriçe, materiýada ösüşiň diňe mümkinçiligi bar. Şu mümkinçiligi hakykata öwürmek üçin materiýany degişli forma salmak gerek. Formanyň özi zatlaryň ideal keşbidir, zada öwrülmeginiň sebäbidir. Islendik zat özüniň barlygy üçin forma baglydyr. Islendik zat materiýa bilen formanyň bitewiligidir.

Aristotel gnoseologiýa meselelerinde hem Platon bilen ylalaşmaýar. Eger-de Platon akyl ýetirmekligi ideýalaryň «ýada salyş» ýörelgeleri bilen baglanyşdyran bolsa, Aristotel akyl ýetirmegiň çeşmesini tebigatyň özünden gözleýär. Onuň pikirine görä, akyl ýetirmek duýgulardan başlanýar. Ten duýgusy «teniň duýan materiýasyz formalarynyň beýnä ornaşdyrylmagydyr». Aristotel duýgularyň kömegi bilen diňe ýekeleýin zatlara akyl ýetirip bolar, zatlaryň umumylyklaryna bolsa duýgular arkaly akyl ýetirip bolmaz, umumylyklara diňe paýhas arkaly akyl ýetirip bolar diýip hasaplaýar. «Formalaryň formasyna» (Hudaýa) akyl ýetirmek duýgular arkaly mümkin däldir diýen netijä esaslanyp, Aristotel akyl ýetiriş prosesinde abstrakt pikirlenmä aýgytly orny degişli edýär.

Aristoteliň absolýut Paýhas hakyndaky taglymaty teologiýa – hudaý hakyndaky taglymata öwrülýär. Ýöne Aristoteliň gürrüňini edýän hudaýy ondan soňky döwrän dinlerinde aýdylýan hudaýlar bilen bir zat däl. Aristoteliň hudaýy ýokary barlyk hökmünde çykyş edýän absolýut Paýhasdyr. Ol üç gymmatlygyň – formanyň, hereketiň we maksadyň birelşmesidir.

Aristotel antik döwrüň ylym-bilimini umumylaşdyrypdyr, ulgama salypdyr, ösdüripdir we olaryň mundan beýläk-de ösmegi, täze ylmy pudaklaryň kemala gelmegi üçin zerur şertleri döredipdir.

## 2.6. Ellin-rim filosofiýasy

Ellin-rim filosofiýasynda köp sanly filosofik ugurlar we mekdepler bolupdyr. Şol köplügiň içinde üç sany filosofiýa mekdebi aýratyn tapawutlanýar. Olar kinikler, stoikçilik we epikurçylyk mekdepleridir. Ol filosofik mekdeplerde adamyň şahsy durmuşy bilen baglanyşykly meseleler birinji ýere çykýar.

*Kinikler filosofiýasy.* Ellin-rim filosofiýasynyň meşhur kinikler (gadymy grek κῡνικοί, κύων (it) sözünden ýa-da Κῡνόσαργες (Kinosarg, Afinanyň ýanyndaky baýryň ady) mekdebiniň wekilleri özlerine itler diýip at dakypdyrlar. Bu ugry esaslandyranlar Antisfen (b.e.ö. 445-360) we Diogendir (b.e.ö. 445-360).

Kinikler filosofiýasy şol döwrüň nogsanlyklaryna, kemçiliklerine, kynçylyklaryna, adalatsyzlyklaryna özboluşly jogap hökmünde döreýär. Bu ugruň wekilleri filosoflaryň howaýy, ýokary materiýalar hakynda pikir ýüwürtmelerine garşy çykýarlar. Olaryň pikiriçe, filosofiýa admlary gyzklandyrýan, olaryň ýaşaýşyny ýeňilleşdirip biljek hakyky meseleler bilen meşgullanmaly.

Adamlaryň oňat ýaşamaklaryny, ahlak arassalygyny gazanmak üçin filosofiýa adamlara dogry ýaşaýşyň ýoluny görkezmeli. Munuň üçin, ilki bilen, jemgyýetde hereket edýän gymmatlyklara täze garaýyş zerur. Adamlara ýaşaýyşlaryny oňatlaşdyryp biljek ýagşy ahlak gymmatlyklaryny hödürlemeli.

Kinikleriň pikirine görä, maddy baýlyk, beden lezzeti, jemgyýetçilik pikirinden garaşlylyk ýaly zatlar ýalan, ýalňyş gymmatlyklardyr. Adamlar oňat iýmek, içmek, geýmek, şan-şöhrat gazanmak üçin özleriniň adamçylyk häsiýetlerini ýitirýärler. Jemgyýeti şeýle ýaramaz, ýalňyş gymmatlyklardan saplamaly.

Kinikler tebigatyň ýaşamak üçin zerur diýip kesgitlän mukdaryndan köp zada hantama bolmazlygy sargapdyrlar. Dünýäniň ähli lezzetlerinden el çekmekligi, terkidünýälige ýüz urmagy ündew edipdirler.

*Stoikçilik.* Zenonyň (b.e.ö. 336–265) esaslandyran stoisizm taglymaty b.e.ö. III asyrdan b.e. II asyryna çenli herket edýär. Bu mekdebiň «Stoýz« ady Zenonyň öz taglymatyny beýan eden ýeri – şol ady göteren port bilen baglydyr. Stoikçiler hem, edil kinikler

ýaly, daşky dünýäniň täsirinden azat bolmak pikirini öňe sürüpdirler. Kiniklerden tapawutlylykda olar hemişe kämilleşmekligi, adamlar tarapyndan döredilen gymmatlyklary kabul etmekligi, durmuşyň oňatlyklaryndan lezzet almaklygy ündäpdirler.

Stoikçiler özüniň akyly, bilimi, oňat gylyk-häsiýetleri, paýhasy bilen daşky dünýäniň, jemgyýetiň ownuk-uşak meselelerinden ýokary galmagy başarýan akyldar bolmak ugrunda göreşipdirler. Munuň üçin olar tebigat we dünýä aňy Logos bilen ylalaşykly ýaşamagy, ýagşy gylyk-häsiýetleri iň ýokary haýyr, ýaramaz gylyk-häsiýetleri bolsa ýeke-täk şer hökmünde kabul etmekligi maslahat beripdirler. Döwlet häkimiýetini we onuň kanunlaryny diňe oňat bolan ýagdaýynda ykrar etmekligi, ýaramaz bolan ýagdaýynda olary ykrar etmezligi ündäpdirler. Baýlykdan, gözellikden, saglykdan lezzet almaklygy, dünýä medeniýetiniň gazananlaryny kabul etmekligi wagyz edipdirler. Garyplygy, hassaçylygy, sergezdançylygy, gedaýçylygy ýazgarmagy, bagtly ýaşaýşy adamzadyň öňde goýýan iň ýokary maksady hökmünde görmegi özleriniň filosofiýasynyň many-mazmuny hasaplapdyrlar.


Seneka

Stoikçileriň iň görnükli wekili Senekadyr (b.e.ö. 4 – b.e. 65). Ol Rimiň imperatory Neronyň mugallymy bolupdyr. Seneka adamlaryň we adamzadyň ösüşiniň, kämilleşişiniň çäksiz mümkinçiliklerine ynanypdyr. Adamlary öz üstlerinde işlemeklige, kämilleşmeklige çagyrypdyr. Filosoflaryň, akyldarlaryň döwleti dolandyrmakdaky ähmiýetine ýokary baha beripdir. Garyp-gasarlary, sowatsyzlary özüni oňarmaýan adamlar hökmünde ýigrenipdir. Ol bagtly ýaşaýşy adamlaryň baş maksady hasaplapdyr.

*Epikurçylyk.* Epikur (b.e.ö. 341–270) Demokritiň atomçylyk filosofiýasyny dowam ediji, ösdüriji bolupdyr. Epikur atomlaryň öz hereketinden tötänlikde gyşarmak taglymatyny işläp düzýär. Bu taglymatyň örän uly dünýägaraýyş ähmiýeti bolupdyr. Çünki Epikur tötänligiň obýektiw barlygyny ykrar edipdir. Bu ýagdaý

Epikura adam ykbalynyň ýokardan – hudaýlar tarapyndan kesgitlenilmeýändigi, adamyň erkiniň bardygy we öz ykbalyny özüniň kesgitleýändigi barada netijä gelmäge mümkinçilik beripdir. Atomlaryň özygtyýaryna dürli taraplaryna gyşaryp bilmekligini Epikur adam erkini, azatlygyny esaslandyrmak üçin ulanypdyr. Tötänligiň barlygyna esaslanyp, Epikur adamyň ykbaly onuň özüniň elinde, adam bagtly ýaşaýşa ymtylyp, bagtly ýaşaýyş ugrunda göreşip biler diýen netijä gelýär. Şeýle hem filosof özüniň etika taglymatyny ösdürmek üçin gnoseologiýany hem ulanýar. Ol sensualçylyga daýanyp, diňe biziň syzýan zatlarymyz hakykydyr diýýär. Syzgy ýalňyşmaýar. Sebäbi ol atomyň ýerleşişinden we formasyndan garaşsyzlykda kesgitlenýär. Ýalňyşlyk we ýalan diňe syzgylar arkaly pikir eleginden geçirilende ýüze çykýar.


Epikur

Şeýlelik bilen, Epikur adamyň syzgysyny birinji ýere çykarýar. Bu ýagdaý onuň etikasynyň hem gedonik häsiýetde bolmagyna sebäp bolýar. Ol özüniň etikasynda gaýgy-gamdan azat, isleglerinde kanagatlylyk bar adamy bagtly adam hasaplaýar. Epikur durmuşda adamlar ten we ruh lezzetini almaga hem-de bagtly ýaşamaga hakly diýen pikire gelýär.

Epikuryň taglymaty döwrüniň meşhur taglymatlarynyň biri bolup, b.e.ö. I asyrda Rim topragyna hem geçýär. Tit Lukresiý Karyň (b.e.ö. I asyryň ortalary) «Zatlaryň tebigaty barada» atly poemasyny latyn dilinde ýazmaklygy epikurçylygyň bu ýere ýaýramaklygyna uly täsir edýär. Şol döwürde latyn dilinde filosofik adalgalaryň bolmandygy sebäpli, Lukresiý Epikuryň pikirlerini şahyrana keşpleriň üsti bilen berýär. Ol adamlaryň bagtly ýaşaýşyny ündeýän Epikuryň taglymatyna ýokary baha berýär. Tebigatda bolup geçýän hadysalary atomlaryň hereketi bilen düşündirmeklik Lukresiý üçin tebigatyň hudaýlara garaşly däldigini aňladypdyr.

Epikurçylyk mekdebi giçki antik döwre çenli dowam edipdir. Ýewropada hristiançylygyň doly ýeňmegi bilen epikurçylyk taglymaty ýazgarylýan we gadagan edilýän taglymata öwrülýär.

*Gadymy Rim filosofiýasy.* Giçki ellinizmiň dünýägaraýşynda dini filosofiýa esasy orun eýeleýär. Hristiançylyga esaslanýan dini filosofiýanyň kemala gelmeginde, ösmeginde neoplatonçylygyň orny ýokary bolupdyr. Neoplotonçylyk Platonyň Aristotel, stoikçiler we beýleki filosoflar tarapyndan ösdürilen esasy ideýalaryny tertipleşdirýär, ulgamlaşdyrýar. Şeýdip neoplotonçylyk özboluşly taglymaty düzüpdir. Ony dörediji asly müsürli grek Plotin (204–270) hasaplanýar. Ol 244-nji ýylda Rimde dünýäniň eşretlerinden, hysyrdylaryndan daşda durup, Hudaý bilen goşulmaklygy ündew edýän dini filosofik mekdebi döredýär. Ol Platonyň ýokary obýektiw ruh hakyndaky taglymatyny ähli ýerde bar, ähli zatlary kesgitleýän Hudaý hakyndaky taglymata öwürýär. Plotiniň taglymatyna laýyklykda, ilkinji Bitewilik ýok ýerinde hiç zat ýaşap, dowam edip bilmeýär. Ol Bitewilik barlykdan ýokarda durýar. Bitewilik barlygam, ýoklugam, pikirem, ýaşaýyşam däl. Şonuň üçinem ony tanap, akyl ýetirip, sypatlandyryp bolmaýar. Bitewilik – keramatly absolýut. Onuň sebäbi özüdir. Ol hiç zada garaşly däl. Ýöne dünýädäki ähli zatlar ondan garaşly. Plotin ol Bitewiligi emanasiýa diýip atlandyrýar. Emanasiýanyň hemişelik çeşmesi bütin dünýäni ýagtylandyrýan keramatly yşykdyr. Emanasiýa prosesi ilkinji ideal bitewiliginiň yzygiderli öwrülişidir. Ilkinji Bitewilik ähli ideýalary özünde jemleýän dünýä Paýhasyna we Ruhuna öwrülýär. Özüniň düýp manysyny akyl eleginden geçirýän dünýä Ruhy dünýädäki ähli zatlary döredýär.

Plotiniň pikiriçe, öwrülişik boldugyça soňky döreýän zatlar ilkinji Bitewilikden daşlaşýar. Öwrülişigiň netijesinde dörän soňky zatlar öňkülere boýun bolýarlar. Ilkinji Bitewilik ýaradyjy, soňkular ýaradylanlar hökmünde çykyş edýärler.

Plotiniň öňe süren pikirleri hristiançylyga ýakyn bolupdyr. Olara uzak döwrüň dowamynda ýaşamaklyk miýesser edipdir.

Antiki döwürde öňe sürülen filosofik pikirler, döredilen filosofik taglymatlar uzak ýyllaryň dowamynda adamzat paýhasynyň kämilleşmeginiň egsilmez çeşmesi bolup hyzmat edipdir. Olaryň käbiri häzirki döwürde-de öz ähmiýetini ýitirmeýär.

## 2.7. Orta asyr ýewropa filosofiýasy

Ylymda «Orta asyrlar» düşünjesi IV asyrdan XV asyryň aýaklaryna, XVI başlaryna çenli döwri öz içine alýar. I asyryň birinji ýarymynda ýewropa ýekehudaýlylygy ündeýän hristiançylyk dini aralaşýar. Hristiançylyk rim dünýägaraýşyna, ýaşaýyş keşbine dogry gelmeýän din hökmünde imperiýada gadagan edilipdir. IV asyrda imperator Konstantiniň hristian dinini kabul etmegi bilen hristian dininiň jemgyýetdäki orny üýtgeýär. Ol ýuwaş-ýuwaşdan döwlet dinine öwrülýär we dini filosofiýasynyň kemala gelşi has çaltlaşýar. Täze diniň talaby bilen gadymy grek, rim filosofiýasynyň, medeniýetiniň, akyldarlarynyň eserleriniň we gymmatlyklarynyň köpüsi hristian dini dünýägaraýşyna laýyk gelmeýän zatlar hökmünde gadagan edilýär. Olary okaýanlar, ündew edýänler dinsizlikde aýyplanýar.

Orta asyrlarda ýewropa filosofiýasy kemala gelýär. Ol antiki filosofiýa bilen göreşde döreýär. Kemala gelýän täze filosofiýa antiki filosofiýany diňe bir tankytlamak bilen meşgullanman, ony jemläpdir, onuň däpleriniň, usullarynyň käbirlerini kabul edipdir.

Täze filosofiýa ilki bilen hristiançylyga esaslanýan dini filosofiýadyr. Teomerkezlik (theos – hudaý) onuň esasy aýratynlygyny düzýär. Oňa laýyklykda, dünýädäki ähli zatlaryň many-mazmunyny kesgitleýji esas – Hudaý. Bu ýagdaý tebigata, jemgyýete we adama täzeçe düşünmekligiň döremegine sebäp bolýar. Din bilen çäklendirilen filosofiýa teologiýa bilen birleşýär. Onuň esasyny Injildäki we dini akyldarlarynyň ýazgylaryndaky pikirler eýeleýär. Olara laýyk gelmeýän islendik pikire, taglymata dinden çykma hökmünde seredilýär. Hristian teologlary esasy ünsi prosesleri, hadysalary öwrenmeklige däl-de, düşünjeleri seljermeklige gönükdirýärler.

Orta asyr dini ýewropa filosofiýasynda bilim ynanja, filosofiýa bolsa dine boýun egdirilýär. Dini ynanç adam barlygynyň köptaraplaýyn usuly, indiwidiň dünýägaraýşy hökmünde düşündirilýär. Bu filosofiýa laýyklykda adam aňy diňe dinde bar zatlary aňlap bilýär. Hristian filosofiýasy hakykatyň din tarapdan açylýandygyny, anyklanýandygyny tekrarlaýar.

*Paterçilik.* Orta asyr ýewropa filosofiýasynyň kemala gelşi we ösüşi iki döwre bölünýär. Birinji döwür II – VIII asyrlary öz içine alýar. Oňa paterçilik (latynça *paternus* – ata) döwri diýilýär. Paterçilik döwründe hristian buthanasynyň atalary – ilkibaşky esasy akyldarlary hristian filosofiýasynyň esasy ideýalaryny işläp düzýärler.

Paterçiligiň grek-rim we latyn diýlip atlandyrylýan görnüşleri bar. Grek-rim paterçiligiň teologiýasy Platonyň we Plotiniň filosofiýasyna esaslanyp döredilipdir. Olar gadymy grek we rim filosofiýasynyň esasy bölegini ret eden bolsalar-da, neoplatonçylyga oňyn garapdyrlar. Olaryň bir bölegi filosofiýany hristiançylygyň hakykatyny subut etmäge kömek berjek gural hökmünde kabul edipdir. Irki latyn paterçiligiň wekilleri bolsa antiki filosofiýa garşy çykypdyrlar. Olar antik filosofiýada köphudaýlylygy mahabatlaýan grek dünýägaraýşynyň alamatlaryny görüpdirler. Antik filosofiýasyny-da, onuň wekillerini-de hudaýsyzlykda aýyplapdyrlar. Latyn paterçiligiň wekili, döwründe «Keramatly» lakamyny alan Awreli Awgustin (**354-430**) filosofiýasynyň käbir ugurlaryna düýbünden başgaça seredipdir.

Demirgazyk Afrikanyň Tagaste şäherinde doglan Awgustin günbatar hristian filosofiýasynyň esasyny goýujy akyldar hökmünde tanalýar. Onuň taglymatynyň merkezini Hudaý, adam we dünýä, ynanç we aň, hudaý erki we adam erkinligi, günä we sogap, ýagşylyk we ýamanlyk ýaly meseleler eýeleýär.

Awgustin ilkibaşda grek filosofiýasynyň we medeniýetiniň tarapdary bolupdyr. Plotiniň işleriniň üsti bilen neoplatonçylyk bilen tanyşandan soň ol hristiançylygy kabul edýär. Neoplatonçylaryň esasy pikirlerini kabul etmek bilen Awgustin olara hristiançylyga laýyk gelýän dini äheň berýär. Awgustiniň teomerkezli filosofiýasyna görä, Hudaý ýokary barlykdyr. Ol dünýädäki ähli zatlaryň sebäbidir. Ähli zatlary ýaradyjydyr, ol Ýaradandyr. Dünýädäki zatlar ýaradylmanka onda hiç zat – wagtam, ýagtylygam, giňişligem bolmandyr. Hudaý dünýäni hiç zatdan – sözüň gudraty bilen ýaradýar. Dünýä zerurlygyň däl-de, Hudaý erkiniň önümidir.

Dünýäniň ýaradylmagy bilen Hudaý wagty döredýär. Hudaýyň özüne wagt gerek däl. Sebäbi ol döredilmeýän we gutarmaýan, başlangyjam, gutarýan wagtam ýok Bakylykdyr. Wagt ýaradylan dünýäniň hemişe öz-

gerip, üýtgäp durşuny ölçemek üçin zerur. Hudaýdan rugsatsyz dünýäde hiç zat döremeýär we ýok bolmaýar. Dünýädäki ähli zat Hudaýyň emri bilen bolýar. Awgustin wagtyň özara gapma-garşylykly geçmiş, häzir we geljek ýaly häsiýetlerini öwrenip, ýaradylan dünýäde hakyky barlyk diňe häzirki wagtda mümkin diýen netijä gelýär. Geçmiş diňe adamyň ýady bilen baglanyşykly, ýatdan daşarda dowam edip bilmeýär. Geljek bolsa, boljagy-bolmajagy näbelli umytda saklanýar. Diňe absoýut Bakylyk bolan Hudaýda wagtyň üç häsiýetem bir ýere jemlenýär.

Awgustiniň pikiriçe, dünýä akyl ýetirmek üçin Keramatly ýazgylardaky gizlin syrlara ýüzlenmeli. Olara düşünmek Hudaýa düşünmekdir. Hudaýa düşünmek barlyga düşünmekdir. Hudaýa düşünmeklik akyl ýetirişiň beýleki görnüşleriniň zerurlygyny ortadan aýyrýar. Emma olary ulanmak mümkinçiligini aradan aýyrmaýar.

Awgustin aň bilen ynanjyň sazlaşygy taglymatyny işälp düzýär. Adam ynanja duýgy organlarynyň, isleglериniň, erkiniň üsti bilen-de baryp bilýär. Oňa rasionallygyň – akylyň, filosofiýanyň kömegi bilenem barmak mümkin. Ýöne duýgulaýyn akyl ýetiriş dünýä barada ýüzleý maglumat berýär. Akylyň ýardamy bilen bolsa hemişe üýtgäp, özgerip duran dünýä barada ygtybarly bilim almak mümkin. Baky, üýtgemeýän, hudaý barlygyna diňe ynanç eltýär. Awgustin ynanjyň iň ygtybarly çeşmesi hökmünde hristian buthanasyny görkezýär. Ol Keramatly ýazgylara hakyky teswirleme berýän ýeke-täk güýçdür.

Awgustiniň pikiriçe, dünýädäki ähli jandarlaryň içinde diňe adamyň ruhy bar. Adam hudaýa meňzeş ýaradylan jandar. Ruh bedenden kämilligi we bakylygy bilen tapawutlanýar. Adama paýhas bilen birlikde erk hem mahsusdyr. Adam ruhy dünýäni şöhlelendirýän bolsa, erk adamyň işjeňligini kesgitleýär. Paýhas akyl ýetirýär, erk bolsa saýlaýar. Şonuň üçinem erkinlik paýhasyň däl-de, erkiň häsiýetidir. Akylyň we erkiň adam ruhunyň dürli başarjaňlygy bolandygy sebäpli erkiň saýlawy paýhasa laýyk bolman hem biler. Özüniň haýsy ýoldan gitjegini adamyň özi saýlaýar. Onuň saýlamak erkinligi bar. Adama hudaý tarapyn berlen akyl we erk ony ýagşylyk bilen ýamanlygy, haýyr bilen şeri, günä bilen sogaby saýgaryp bilýän ahlaky jandar edýär. Hudaýyň erki adamy ýagşylyga gönükdirýär. Adamyň edýän ýamanlyklaryna bolsa onuň erk azatlygy günäkär.

Awgustin jemgyýetiň ösüşi, taryhyň özgerişi, jemgyýetçilik progresi baradaky taglymaty hem işläp düzýär. Şol taglymata laýyklykda, jemgyýet aşaklykdan ýokarylyga, onuň aýdyşy ýaly, «ýerdäki patyşalykdan» «Hudaýyň patyşalygyna» tarap ösüşi bilen tapawutlanýar. Awgustiniň pikiriçe, adamzat taryhy Isus Hristosyň ikinji gezek dünýä gelmegi bilen tamamlanar.

Awreliý Awgustin özüniň işlerinde wagt, giňişlik, akyl ýetiriş, üýtgeýiş, ölüm we ýaşaýyş, akyl, erk, saýlaw azatlygy, hakykat we ýalan ýaly filosofik meseleleri teologik nukdaýnazardan çözýär we Orta asyr ýewropa filosofiýasynyň indiki görnüşiniň döremegi üçin zerur ruhy şertleri döredýär.

*Sholastçylyk.* Günbatar ýewropa orta asyr filosfiýasynyň ösüşiniň ikinji döwri IX asyrdan XV asyryň aýaklaryna – XVI başlaryna çenli dowam edýär. Ol döwrüň filosofiýasyna sholastçylyk (grekçe sholastikos – mekdep, alym) filosofiýasy diýlip at berilýär. Ol hristian dünýägaraýşyny adamlara öwretmekligi maksat edinipdir. Sholastçylyk dini guramalarda, birleşmelerde we okuw mekdeplerinde okadylypdyr. Sholastçylyga dini akyldarlaryň, buthananyň tanymal ruhanylarynyň, apostollaryň aýdanlaryny subut etmesi zerur däl hakykat hökmünde kabul etmeklik mahsus bolupdyr. Sholastçylykda hristianlaryň esasy dini kitaby Injil, ondaky ýazgylar bolsa hakykatyň aňrybaşy hasaplanypdyr. Haýsy-da bolsa bir pikiriň hakykylygyny tassyklamak üçin Injile salgylanmak, ondan öňe sürülýän pikiri tassyklaýan jümläni tapmak ýeterlik bolupdyr.

XII asyrda Günbatar ýewropa filosofiýasynyň musulman filosofiýasy bilen tanyşlygy bolup geçýär. Ibn Ruşd, Ibn Sina ýaly akyldarlaryň eserleri günbatar ýewropa filosofiýasynyň many-mazmunyna, ösüşine güýçli täsir edýär. Olaryň eserlerindäki pikirleriň täsiri bilen täze filosofik pikirler, jedeller döreýär. Arap-musulman akyldarlarynyň işleriniň üsti bilen günbatarlylar Aristotel, Platon ýaly antiki döwrüň filosoflaryň işleri bilen täzeden tanyşýarlar.

Orta asyr hristian dini filosofiýasynyň ösüşiniň ikinji döwrüniň görnükli wekili Foma Akwinçkiý (1225–1274). Italiýadaky Akwinonyň (filosofyň familiýasy Akwinonyň ady bilen baglanyşykly) golaýyndaky Rokkazekka galasynda dogulýar. Onuň işleri sholastçy-

lygyň çür depesi, ýokary nokady hasaplanýar. Ol Aristoteliň işlerini hristian dini nukdaýnazardan öwrenýär. Olara din bilen baglanyşykda teswirleme berýär. Onuň ady bilen baglanyşykly ylymda tomçulyk (Foma ady latynça Tomas diýlip tutulýar) adyny alan özboluşly dini filosofiýa esaslandyrylýar. Foma Akwinskiniň esaslandyran dini filosofiýasy belli bir döwürde katolik dininiň resmi ideologiýasy hökmünde hereket edipdir we ähli dini mekdeplerde, uniwersitetlerde öwrenilipdir.

Foma Akwinskiniň pikirine görä, hakykatyň açary Keramatly ýazgylarda we ynançda. Ýöne ol Injilde beýan edilýän hakykata diňe bir ynanjyň we teologiýanyň kömegi bilen däl, eýsem akylyň, pikirlenmäniň ýardamy bilen hem ýetip bolar diýen netijä gelýär. Akwinskiniň pikiriçe, ynanç we akyl adama Hudaý tarapyndan berlen iki gymmatlykdyr. Adam ynanjyň kömegi bilen Hudaýy, akylyň ýardamy bilen bolsa onuň ýaradan zatlaryny – tebigaty, jemgyýeti we adamy tanaýar. Ynanç birinji, akyl ikinjidir. Ynanç Hudaýyň barlygynyň hakykylygyny, dünýäniň Hudaý tarapyndan sözüň gudraty bilen hiç zatdan ýaradylandygyny, adamyň täzeden direlmek ideýasyny we beýlekileri bolşy ýaly kabul edýär. Olara akylyň kömegi bilen ýetmek mümkin däl. Olara diňe ynanmaly. Akylyň esasynda hemme zada, şol sanda hakykata-da güman etmek bolar. Şu sebäpli teologiýa ynanja, filosofiýa bolsa paýhasa esaslanýar. Teologiýa Ýaradyjy, filosofiýa bolsa ýaradylan bilen iş salyşýar. Akyl ynanjyň görkezmeleri boýunça hereket edýär, onuň hyzmatynda durýar. Olaryň sazlaşygy adama ýamanlyga garşy durup, ýagşylygy gazanmaga mümkinçilik berýär.

Foma Akwinskiniň öňe süren pikirleri häzirki zaman filosofiýasynda-da öz täsirini ýitirmändir. Akwinskiniň pikirleriniň tarapdarlary olary täze şertlere laýyk ösdürýärler. Olar ylymda neotomçylar ady bilen bellidir.

*Realçylar we nominalçylar.* Orta asyr ýewropa dini filosofiýasynda köki Platonyň we Aristoteliň döredijiligine gidýän umumy düşünjeler, uniwersallar meselesi bilen bagly özara oňuşmaýan, biri-birine gapma-garşylykly iki ugur döreýär. Olar realçylar we nominalçylar ady bilen tanalýar.

Realçylar (latynça realis – hakyky) diňe hemişelik ideýalaryň hakyky barlyga eýediklerine ynanypdyrlar. Olar hemişelik ideýalary uniwersallar diýip atlandyrypdyrlar. Uniwersallar zatlaryň ýaradylmazyndan ozal hem bolupdyrlar. Olar Hudaý paýhasynda pikir, ideýa görnüşinde dowam edipdir. Ýöne zatlar wagtlaýyn, ýekeleýin häsiýetde bolýarlar. Olar hemişe üýtgäp, özgerip durýarlar. Şeýle garaýşy Foma Akwinskiý doly goldapdyr.

Nominalçylar (latynça nomen – at) realçylar bilen ylalaşmaýarlar. Olaryň pikirine görä, umumy düşünjeler zatlardan soň döreýärler. Olar zatlaryň atlarydyr we özbaşdak dowam edip bilmeýärler. Nominalçylaryň wekilleri diňe aýratyn zatlar aýratyn häsiýetleri bilen bardyr diýen pikiri öňe sürüpdirler. Biziň zatlar barada umumy düşünjelerimiz, pikirlerimiz ol zatlara garaşlydyrlar. Nominalçylykda erkiň paýhasdan üstündigi tekrarlanýar. Hudaý paýhasynda hiç hili düşünje ýokdur. Zatlar Hudaýyň erki bilen ýaradylýar. Düşünjeler zatlara akyl ýetirýän ruh tarapyndan döredilýär. Olaryň obýektiw dowam etmegi mümkin däl diýen pikire uýupdyrlar. Aşa nominalçylar umumy düşünjeleriň abstraktlaşdyrmanyň önümleridigini aýdypdyrlar. Aşa realçylar bolsa umumy düşünjeleriň uniwersaldyklaryny, adamlardan garaşsyz ýagdaýda dowam edýändikleri baradaky pikiri öňe sürüpdirler. Olaryň pikiriçe, uniwersallar zatlardan öň döreýärler.

Umumy düşünjeler baradaky meseläni çözüşleri boýunça realçylar idealizme, nominalçylar bolsa materializme ýakyn bolupdyrlar.

## 2.8. Orta asyr musulman filosofiýasy

VII asyryň 20-nji ýyllarynda Arabystan ýarym adasynda Muhammet pygamber tarapyndan esaslandyrylan yslam dini gysga döwrüň içinde giň çäklere ýaýrap, milliligiň çäginden çykyp, täsirli dünýä dinine öwrülýär. Onuň döremegi sebitiň ykdysadyýetine, syýasy we ruhy-medeni durmuşyna oňaýly täsir edipdir. Diniň ýaýran ýurtlarynyň arasynda aragatnaşyk ýygjamlaşypdyr. Täze diniň ylma-bilime oňaýly garamagy bolsa ylmyň we bilimiň ösmegi üçin oňaýly şertleriň döremegine sebäp bolupdyr. Ýerlerde mekdepler, kitaphanalar, medreseler döräpdir. Olarda sowat, ylym berlipdir. Yslam dünýäsi-

niň iri medeni ojaklarynda dörän akademiýalarda bolsa döwrüň ussat akyldarlary ylym bilen meşgullanypdyrlar. Akademiýalarda terjime işleri-de oňat ýola goýlupdyr. Hindi, grek, ýewreý we beýleki dillerde ýazylan işler arap diline terjime edilipdir. Akademiýalarda terjimeleri, ýazylan işleri göçürýän oňat ýazuwly mürzeler hem saklanypdyr. Olaryň göçüren kitaplaryny yslam dünýäsiniň çar künjeklerine ugradypdyrlar.

Ylma, bilime, edebiýata we sungata, medeniýet adamlaryna howandarlyk etmek yslam ýurtlarynyň hökümdarlarynyň, barjamly adamlarynyň oňat görýän işlerine öwrülipdir. Şeýle şertlerde yslam ýurtlarynda ylym-bilim pajarlap ösüpdir. Ylmyň geografiýa, matematika, astronomiýa, lukmançylyk, farmakologiýa, fizika, himiýa, meteorologiýa, logika ýaly ugurlary boýunça yslam medeniýetli ýurtlarda uly üstünlikler gazanylypdyr.

I we II müňýyllyklaryň çatrygynda arap medeniýetiniň – ylmynyň, sungatynyň, tehnikasynyň ýeten derejesi olaryň filosofiýasynda-da şöhlelenipdir. Arap filosoflary tejribä esaslanýan bilimlere, tebigat bilimlerine aýratyn üns beripdirler.

*Al Kindi.* Abu Ýusuf Ýakub ibn Ishak al Kindi (800-879) ýemenlileriň tanymal asylzada maşgalalaryna degişli bolup, Basrada dogulýar. Bilimi Bagdatda alýar. Käbir çaklamalara görä, ol ylym-bilime aýratyn üns beren mutazilitizlere degişli bolupdyr. Olar dünýägaraýyş meselesinde musulman teologiýasynyň çäginden çykmandyrlar. Ýöne şeýle bolsa-da Bagdatda halyf Mutasimiň ornuna Mutawakkil gelende al Kindi yzarlanmalara sezewar edilipdir.

Al Kindiniň ensiklopedik bilimi bolupdyr. Ol metafizika, logika, etika, astronomiýa, lukmançylyk, matematika, saz ylmy, optika, meteorologiýa ýaly ylymlar boýunça işler ýazypdyr. Onuň ýazan işleriniň sany 240-a golaý bolupdyr, emma olaryň köpüsi biziň günlerimize gelip ýetmändir. Ol Aristoteliň «Metafizikasyna», Ptolemeýiň «Geografiýasyna», Ewklidiň we beýlekileriň işlerine teswirleme ýazypdyr.

Al Kindi orta asyr arap filosofiýasyny esaslandyryjy hasaplanýar. Onuň taglymatynda gnoseologiýa meselesi birinji ýere çykýar. Ol özüniň işlerinde matematikanyň we logikanyň kömegi bilen ähli tebigy we jemgyýetçilik hadysalarynyň barlygyň berk kanunalaýyklygynyň täsirinde bolup geçýändigini subut etmäge çalşypdyr. Ol Hu-

daýa ähli zatlaryň we hadysalaryň aýratyn sebäbi hökmünde garapdyr. Al Kindi dünýäniň Hudaý tarapyndan ýaradylandygyny ykrar edýär. Ýöne şeýle pikir edýän köp sanly beýleki teologlardan tapawutlylykda onuň hakykatdan hem şeýledigini logikanyň kömegi bilen subut etmäge çalşypdyr. Al Kindi akyl ýetirişiň üç derejesiniň bardygyny aýdypdyr. Olar: 1. Logika we matematika. 2. Tebigat ylymlary we lukmançylyk. 3. Metafizika.

Al Kindiniň işleri diňe bir Ýakyn Gündogaryň ylmyna däl, eýsem beýleki ýerleriň ylmynyň ösmegine-de uly goşant goşupdyr. Onuň latyn diline terjime edilen işlerini orta asyr Ýewropasynyň öňdebaryjy akyldarlary tarapyndan ürç edilip okalypdyr. Rojer Bekon, Kardan ýaly öz döwrüniň beýik akyldarlary al Kindiniň kitaplaryndan ylym öwrenipdirler.

Al Kindiniň başlan işini al Faraby dowam edipdir.

*Faraby.* Gündogar filosofiýasyny ösdürmäge we dünýä ýaýratmaga uly goşant goşan alymlaryň biri hem Abu Nasr Muhammet ibn Muhammet ibn Tarhan ibn Ozlag al Faraby at Türkidir (870-950). Ol häzirki Gazagystanyň günortasynda Syrderýanyň boýundaky Farab (Otrar) şäherinde oguz-garlyk taýpasyndan bolan harby serkerdäniň maşgalasynda eneden bolýar. Al-Faraby 20 ýaşa ýetýänça Otrarda ýaşap, bilim-terbiýe alypdyr. Soňra ol döwrüniň belli medeni merkezleri Samarkantda, Buharada, Merwde, Damaskda, Bagdatda okap, öz bilimini çuňlaşdyrypdyr.

Faraby 160-dan gowrak ylmy işi miras goýupdyr. Ol eserler akyldaryň ýaşan döwründäki ylmyň ähli pudaklaryny diýen ýaly öz içine alypdyr. Faraby gadymy grek alymy Aristoteliň esasy eserlerini grekçeden arap diline terjime edip, olara düşündiriş ýazypdyr. Faraba «Gündogaryň Aristoteli» ýa-da «ikinji mugallym» diýip at beripdirler.

Faraby filosofiýanyň ylym ulgamyndaky orny barada «Ylymlary kesgitlemek we toparlara bölmek», «Filosofiýanyň manysy hakyndaky kitap», «Filosofiýany öwrenmezden ozal nämeleri bilmelidigi hakyndaky kitap» we ençeme beýleki eserlerini ýazypdyr. Ol jemgyýetçilik durmuşynyň, döwleti dolandyrmagyň, terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň meselelerine, ahlak kadalaryna, adalatly jemgyýeti gurmagyň ýollaryna hem uly üns beripdir.

Faraby özüniň filosofik garaýyşlarynda Aristoteliň filosofik garaýyşlaryny, onuň däplerini dowam etdiriji, baýlaşdyryjy, ösdüriji hökmünde çykyş edýär. Oňa gündogar peripatetiçiliginiň – aristotelçiliginiň düýbüni tutujy diýilmegi ýöne ýerden däldir. Ol filosofiýanyň esasy ontologik meselelerini naturalçy panteistçilik ruhunda seljerýär we çözýär.

Farabynyň pikirine görä, tebigaty hem jemgyýeti Alla ýaradypdyr. Soňra Hudaý öz ýaradan tebigat we jemgyýet hadysalaryna birleşýär, siňýär. Maddy dünýä hem Hudaýyň özi ýaly bakydyr. Dünýä baky bolsa, onda materiýa we forma hem bakydyr. Çünki, dünýä materiýa bilen formanyň bir bitewiligidir diýip Faraby hasap edipdir. Akyldaryň garaýşyna görä, dünýäde hemme zat üýtgeýär, ösýär. Dünýäniň hereket etdiriji güýji onuň öz içindedir, ol güýç tebigy determinizm, tebigy sebäplikdir. Farabynyň dini garaýyşlary özboluşly häsiýetli bolupdyr.

Farabynyň filosofik garaýyşlarynyň möhüm alamatlary bar. Olar dünýäniň ebedilikdigini ykrar etmek, dünýädäki özgerişlerde tebigy determinizmi esaslandyrmak, dünýä akyl ýetirmekde rasionalçylyk ýörelgesinden ugur almak we adam paýhasynyň möhüm ähmiýetini nygtap bellemekdir.

Farabynyň baý ylmy, filosofik mirasy tutuş dünýäde ylmyň we filosofiýanyň ösüşine uly täsir edipdir.

*Biruny.* Al-Farabynyň öňdebaryjy ylmyny we filosofik däplerini görnükli alym we filosof al-Abu Reýhan Muhammet ibn al Biruny (973-1048) dowam etdiripdir. Al-Biruny Horezmiň Kyýat şäherinde eneden doglupdyr.

Birunynyň soňky nesillere galdyran ylmy mirasy 150-den hem köp eserden ybaratdyr. Olar döwrüniň ylmynyň ähli pudaklaryny öz içine alýar.

Biruny 995-nji ýylda 23 ýaşynda Ýeriň globusyny öz eli bilen ýasapdyr. Munuň özi bütin dünýäde ilkinji globusdyr. Ýewropada şunuň ýaly globus bäş asyr çemesi soňra, 1492-nji ýylda peýda bolupdyr.

Birunynyň ýeriň şar şekillidigi, onuň älemiň merkezi däldigi, onuň günüň töwereginden aýlanýandygy barada aýdanlary döwrüniň uly ylmy täzelikleriniň biri bolupdyr.

Birunynyň ylmyň ösmegi üçin filosofiýanyň ähmiýeti, ylym işgärleriniň filosofiýany öwrenmeginiň zerurlygy hakynda aýdan pikirleri häzir hem öz işjeňligini saklaýar. Onuň pikirine görä, her bir alymyň ähli ylymlary jikme-jik bilmegi mümkin däl, ol anyk bir ylmy pudagy içgin öwrenmek bilen birlikde, filosofiýany hem çuňňur bilmelidir. Sebäbi filosofiýa ähli ylymlaryň esasy netijelerini umumylaşdyrýar, olaryň umumy teoretiki mazmunyny özünde jemleýär.

Beýik akyldar Biruny ylmyň ençeme pudaklary boýunça soňky nesillere ägirt uly miras goýupdyr. Olaryň käbirleri häzirki döwürde-de ähmiýetli hasaplanýar.

*Ibn Sina.* Dünýä ylmynyň we filosofiýanyň ösüşine uly goşant goşan alymlaryň biri Ali Hüseýin ibn Abdullah ibn al-Hasan ibn Ali Sinadyr (980-1037). Ibn Sina Buharanyň eteginde Afşana obasynda eneden dogulýar. Döwrüniň ylymly-bilimli adamlarynyň biri bolan kakasy Abdulla öz ogluna talabalaýyk bilim bermäge çalşylypdyr. Matematikadan, logikadan, lukmançylykdan, filosofiýadan ýörite mugallym tutup, öz öýünde okadypdyr.


Ibn Sina

Ibn Sina 450-den gowrak iş ýazypdyr. Olaryň 240 çemesi biziň günlerimize gelip ýetipdir. Olaryň 150-si filosofiýa, 40-sy lukmançylyga, 50-si beýleki ylymlara degişlidir.

Ibn Sina eserlerinde ylymlaryň dünýägaraýyş, filosofiýanyň esaslary, din bilen gatnaşygy baradaky meselelerine uly üns beripdir. Ol hem Faraby, Biruny ýaly Aristoteliň taglymatyny dowam etdiripdir. Şu manyda Ibn Sina hem gündogar aristotelçiligiň görnükli wekili diýmek bolar. Ol özüniň filosofik garaýyşlaryny, esasan-da, «Danyşnama» («Bilim hakynda taglymat») diýen kitabynda beýan edipdir.

Ibn Sina bilimleriň bir bitewi ulgamyny döretmäge çalşypdyr. Filosofiýa ähli bilimleri, ylymlary öz içine alýar, birleşdirýär diýip, hasap edipdir.

Ibn Sinanyň metafizikasynda emanasiýa (çogup çykmak) teoriýasy esasy orun eýeleýär. Älem, maddy dünýä Hudaýdan zerurlyk

hökmünde çogup çykýar. Maddy dünýäni döretmek mümkinçiligi bolmasa Hudaý ony döredip bilmezdi. Şeýle mümkinçilik materiýadyr. Materiýa – bu maddy dünýä däl-de, onuň mümkinçiligidir. Şol mümkinçiligi peýdalanyp, Hudaý maddy dünýäni ýaradypdyr. Şeýlelikde, Hudaý we materiýa ebedi bar. Görşümiz ýaly, Ibn Sinanyň filosofik garaýşy dualistik häsiýetde bolupdyr.

Özüniň jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlarynda Ibn Sina adalatly döwlet gurluşynyň tarapdary bolupdyr. Şeýle döwletde adamlaryň gurply, bolelinlikde hem azatlykda ýaşamalydygyny, her bir adamyň jemgyýetde peýdaly zähmet çekmelidigini belläpdir.

Ibn Sina adamyň ruhy baýlygyny artdyrmakda, onuň ruhubelentligini üpjün etmekde ynsan ömrüniň manysyny açyp görkezýän filosofiýa ylmyna uly ähmiýet beripdir. Ol «Filosofiýa oýlanmak sungatydyr, adam bu sungatdan özüniň ýaşamagynyň näme maksadynyň bardygyna düşünmegiň we öz kalbyna asyllylyk guýmak, ony kämilleşdirmek üçin öz işini nämä gönükdirmek gerekdiginiň sapagyny alýar» diýip belleýär.

*Omar Haýýam.* Omar Haýýam (1040–1123) Beýik Türkmen-Seljuk döwletinde ýaşapdyr we döredipdir. Ol filosofiýanyň, edebiýatyň, matematikanyň we astronomiýanyň ösmegine uly goşant goşupdyr.

Omar Haýýam zehinli alym, görnükli filosof we ýiti galamly şahyr hökmünde tanalypdyr. Ol «Barlyk we borçlulyk hakda eser», «Ýaşaýşyň ählumumylygy hakynda eser», «Üç sowala jogap» ýaly filosofik eserleri, filosofiýa garaýyşlaryny beýan edýän ajaýyp rubagylaryny ýazypdyr. Akyldaryň işlerinde, rubagylarynda peripatetisçiligiň–aristotelçiligiň täsiri duýulýar.


Omar Haýýam

Omar Haýýamyň filosofik garaýyşlary panteistçilik we dualistçilik häsiýetli bolupdyr. Onuň pikirine görä, dünýäni ilkinji drediji Hudaýdyr. Dünýäni döredenden soň Hudaý on-

dan aýrylmaýar-da, tebigatyň özüne siňýär, tebigatda ýaşaýar. Omar Haýýamyň pikiriçe, tebigat bilen Hudaý bir zatdyr. Tebigatyň her bir böleginde absolýut, çäklendirilmedik Ruh hökmünde çykyş edýän Hudaýyň bölekleri, jemaly bardyr. Tebigat Hudaý ýaly ebedidir we çäksizdir. Tebigata hem, Hudaýa hem diňe paýhas arkaly akyl ýetirip bolýar.

Omar Haýýam filosofiýanyň esasy wezipesi ähli umumy barlyga – Hudaýa, tebigata akyl ýetirmek diýip hasaplaýar. Tebigat hemişe üýtgäp, ösüp, bir hil ýagdaýdan başga ýagdaýa geçip durýar. Tebigatda diriler ölýär, ölüler janla öwrülýär. Beýle çemeleşme akyldara dialektiki pikir ýöretmäniň hem mahsusdygyny subut edýär.

*Sopuçylyk.* Yslam dininiň çäginde dörän täsirli dini filosofik akymlaryň biri sopuçylykdyr. Oňa ylmy edebiýatda sufizm hem diýilýär. Akymyň ady sopularyň eginlerine geýýän elde egrilip dokalan ýüň matadan dikilen ýapynjasy – çäkmeni bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr. Araplar ýüňe «suf» diýýärler. Şol sözden hem sufizm – sopuçylyk ady gelip çykýar. Tutuş ýylyň dowamynda – yssyda we sowukda, ýagyşda we ýagmyrda geýlip eleşany çykýan ýapynja sopularyň pakyrlygynyň, terkidünýäliginiň nyşany bolupdyr. Şunuň bilen baglylykda ýapynjany atynýanlara sopular, olaryň uýýan taglymatlaryna bolsa sopuçylyk diýlipdir.

Sopuçylyk dini-filosofik taglymat hökmünde VIII–IX asyrlarda döreýär. Onuň kemala gelşiniň başky döwürlerinde sopuçylygyň mistik we panteizm ugurlary bolupdyr.

Sopuçylygyň mistisizm ugrunyň wekilleriniň tassyklamagyna görä, hakyky-real dünýäden başga «syrlar dünýäsi» ýa-da «ruhy güýçler dünýäsi» bardyr. Ynsan özüniň durmuşyny, ýaşaýşyny, pikir-paýhasyny, hereketini şol «syrlar älemine» aralaşmak duýgusyna bagyş etmelidir we Hudaýa bagly bolmaga çalyşmalydyr. Şu garaýşa uýup, terkidünýälik ýoluna düşen sopular özlerini derwüş –galandar diýip atlandyrýarlar. Olaryň pikiriçe, ynsan pany – wagtlaýyn, ýalançy dünýäden ýüz öwrüp, baky – hemişelik dünýä barmak üçin özüniň fiziki we ruhy bähbitlerinden geçmeli, köpräk jebri-jepa çekmeli. Şeýdip, özüniň arassa ruhunyň «hapa» bedenden azat bolmagyny tizleşdirmeli.

Panteistik (grekçe pan – hemme, teos – Hudaý) garaýyşa görä, Hudaý maddy zatlar dünýäsinden ýokarda, özbaşdak arassa ruh görnüşinde ýaşamaýar. Ol bütin älem-jahany, real hakykaty, barlygy ýaradandan, döredenden soň şolara siňýär. Hudaý bilen maddy dünýä bir bitewilikdir. Adamyň barlygy bolsa Hudaýyň bölegi bilen baglanyşykly. Adam ölenden soňra ondaky ruh ýene-de aslyna dolanýar.

Panteistik ugra ýykgyn eden akyldarlar Hudaýy asmandan däl-de daş-töweregi gurşaýan zatlardan, ynsanlaryň görüp, duýup ýören hadysalaryndan, adamlaryň hut özlerinden, obýektiw dünýäden, tebigatdan gözleýärler.

Sopuçylygyň iki ugrunyň-da wekilleriniň pikirine görä, Alla bilen birleşmek üçin sopy dört basgançagy geçmeli. Olar şerigat, tarykat, marifat we hakykatdyr. Şerigatda sopuçylyk ýoluna düşen adam dini talaplary doly we dogry ýerine ýetirmegi öwrenýär. Tarykatda ruhy halypa – sopuçylygyň kyn ýolunda ýol görkeziji saýlanylýar. Sopy halypasynyň gözegçiliginde erkinden üstin çykmagy öwrenýär. Marifat basgançagynda dünýäniň eşretlerinden, lezzetlerinden baş tartyp, terkidünýälige ýüz uran sopy dünýä bilen Allanyň birdigine göz ýetirýär. Sopuçylygyň soňky basgançagy bolan hakykatda sopy Hak bilen birleşýär.

Sopuçylygyň yslam dünýäsiniň edebiýatyna we sungatyna, medeniýetine täsiri örän uly bolupdyr. Edebiýatda we sungatda, ylymda görnükli yz galdyran Nejimeddin Kubra, Nesimi, Jelaleddin Rumy, Hoja Ahmet Ýasawy, Al Gazaly, Mansur Hallajy, Bahaweddin Nagyşbendi, Abu Sahyt Abu Haýyr Mäneli ýaly akyldarlar sopuçylyk bilen meşgullanypdyrlar.

Gündogar filosofiýasy orta asyrlarda ýokary derejä galyp, ol, bir tarapdan, filosofiýany we ylmy, ikinji tarapdan bolsa ylym bilen dini sazlaşdyrmaklyga çalşypdyr. Şunlukda, täze döwrüň ylmynyň we filosofiýanyň ýüze çykmaklygyna täsir edip, filosofiýanyň taryhynda we häzirki döwrüň filosofiýasynda mynasyp orny eýeleýär.

Merkezi Aziýada, şol sanda Türkmenistanda IX–XII asyrlarda ylym, filosofiýa, medeniýet özüniň uly ösüşini başdan geçirdi. Ýöne, bu ösüşiň gazanan üstünlikleri Çingiz hanyň çozuşlary netijesinde XIII asyrda weýran edilýär. Şondan soň birnäçe ýyllaryň dowamynda Merkezi Aziýa halklarynyň, şol sanda türkmen halkynyň-da maddy we ruhy medeniýeti örän pese gaçýar.

## 2.9. Türkmen halkynyň Orta asyr şadessanlaryndaky filosofik pikirleri

*«Gorkut ata» şadessanynda türkmen halkynyň dünýägaraýşy.* Türkmenleriň gahrymançylykly «Gorkut ata» şadessanynda yslam dini garaýyşlary bilen bir hatarda köphudaýlylyk dinleri – animizm, totemizm, fetişizm, magiýa (jadygöýlük, gudrat) bilen baglanyşykly garaýyşlar hem ýüze çykýar. Onda halkyň real garaýyşlarynyň – özakymlaýyn materializmiň, sada dialektikanyň elementlerini-de görmek bolýar. Şadessanda ulgama salnan dünýägaraýyş ýok. Dünýägaraýyş sinkretik häsiýetde. Eserde dürli mazmunly dünýägaraýyşlar, hatda biri-birlerine ters gelýän garaýyşlar hem özboluşly utgaşýar.

«Gorkut ata» şadessanynda şöhlelenýän dünýägaraýyşlaryň iň gadymylaryň biri mifologik garaýyşdyr. Daşky dünýäni janlandyrmak, olara adam häsiýetlerini bermek mifologiýa aňyna mahsusdyr. «Besedin Depegözi öldürdigi boýunda» ynsan çagasyny haýwanyň – arslanyň... aňly-düşünjeli ideg edip, terbiýeläp biljekdigi ykrar edilýär. Bu ýagdaý oguzlaryň gadymy dini-mifologik garaýşynyň şadessanda şöhlelenmesinden nyşandyr. Ol halkymyzyň aňyna siňen gadymy ynamlarynyň halk döredijiliginde şöhlelenmesidir. Gadymy döwürlerde ata-babalarymyz dürli haýwanlary özleriniň tirebaşy – totemleri hasaplapdyrlar. Şeýle totemleriň biri-de gök böri bolupdyr. Onuň keşpleri dürli folklor eserlerinde, şeýle hem «Gurt biziň gudamyz…», «Gurt göreniň ýüzi mübärek» ýaly nakyllarda biziň günlerimize çenli saklanyp gelipdir.



Gorkut ata

Şeýle mysallar «Gorkut ata» şadessanynda-da bar. Ol mysallaryň biri Salyr Gazanyň üsti bilen berilýär. Salyr Ga-

zan eserde: «Gurt göreniň ýüzi mübärekdir, gurt bilen habarlaşaýyn» – diýip, gurda ýüzlenýär.

Salyr Gazanyň aňly-düşünjeli zat hökmünde suwa, gurda, ite ýüzlenmesi-de ata-babalarymyzyň bütin tebigaty, älem-jahany we jemgyýeti bitewi bir bir substansiýa hökmünde kabul edendiklerine we olara janly zatlar hökmünde baha berendiklerine şaýatlyk edýär. Salyr Gazanyň ogly Orazyň:

Agaç-agaç diýsem saňa, arlanma, agaç,
Beýik-beýik suwlaryň köprüsi agaç,
Gara-gara deňizleriň gämisi agaç,
Başyn ile bakar olsaň, başsyz, agaç,
Düýbün ile bakar olsaň, düýpsüz, agaç,
Meni san asarlar göretmegil, agaç,
Göterjek olsaň, ýigitligim seni tutsyn, agaç,
Biziň ilde gerek idin agaç!

– diýip agaja ýüzlenmesinde-de oguzlaryň politeistik garaýyşlarynyň täsiri duýulýar.

Şadessanda, ertekilerde tebigata janly zat hökmünde garalmagy, animizmiň, totemizmiň elementleriniň bolmagy, döw-aźdarha ýaly gara güýçlere garşy göreşilmegi, urug – patriarhalçylyk gurluşynyň görkezilmegi, jyn-arwah we her hili perişdeler barada yslamdan öňki köphudaýlylyk döwrüniň wakalarynyň hem-de giň köpçüligiň şolara bolan garaýşynyň görkezilmegi – bularyň hemmesi halk döredijiligimizdäki köp sanly keşpleriň örän gadymy döwürlerde döredilip başlandygyndan habar berýär.

Şadessanda yslamdan öňki döwürlere degişli garaýyşlar üýtgeşmelere, özgertmelere sezewar edilen bolsalar-da, yslam dini taglymaty bilen garşylygy aradan aýryp bilmändir.

Dünýäni mifologik kabul etmegiň esasy bolup tebigat hadysalaryna politeistik düşündiriş bermeklik we ol hadysalara çokunmaklyk, barlygyň ruhy we maddy jähtlerini tapawutlandyrmazlyk, ata-babalaryň ruhlaryna we totemlerine uýmaklyk çykyş edýär. Adamlaryň älem-jahan hadysalaryndan astral garaşlylygyny ykrar etmeklik hem

mifologik we köphudaýlylyk garaýşynyň ýüze çykmasynyň bir görnüşidir.

Yslam dininde bolsa ýekehudaýlylyk taglymaty logiki taýdan gutarnykly häsiýetde. Onda hemişe hemme ýere ýetişýän Allatagalanyň ýeke-täk özi iň ýokary güýç bolup hereket edýär.

«Gorkut ata» şadessanynda yslam dini garaýyşlaryna uly orun berlipdir. Eserde kapyrlara – başga dinlilere garşy alnyp barylýan uruş suratlandyrylýar. Ýöne şeýle bolsa-da, eserde beýan edilýän söweş hereketleriniň hiç birine-de dini ynançlar sebäp ýa-da bahana bolmaýar. Uruşlar bir wagtlar duşmanlara ýesir düşeni oguz beglerini azat etmek, özara oňuşmazlyk, söýýän gyzyna gowuşmak, çozup gelen duşmanlardan goranmak ýaly islegler bilen baglanyşdyrylýar.

Şadessanda oguz begleri şahsy azatlyklaryny, ar-namyslaryny dini ynançdan ýokarda goýýarlar. Şadessanda hereket edýän gelin-gyzlaryň zerur bolan halatda erkek kişiniň ornuny tutup, söweşe girip ýagy gaýtarmaga taýýar bolmaklary ýaly halatlar hem oguzlaryň dini ynançlarynyň durnuksyz bolandygyna şaýatlyk edýär.

Eserde köne mifler döredijilik materiallary hökmünde ulanylypdyr. Olar yslam dini talaplaryna laýyklykda üýtgetmeklige çalşylypdyr. Şeýle zerurlyk täze dünýägaraýyş bilen köne dünýägaraýşyň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykanda zerur bolupdyr. Gapma-garşylyk täzäniň – yslam dininiň peýdasyna çözülipdir.

«Gorkut ata» şadessanynda çowdur nusgasynyň «Gorkudyň gabry gazylgy» şahamçasy hem oguzlaryň mifologik we gini garaýyşlaryny öwrenmekde köp maglumat berýän boýdur. Bu boýda müňýyllyklaryň dowamynda adamlary gyzyklandyran ynsan ýaşaýşynyň we ömrüniň manysy, ölüm we ýaşaýyş meseleleri gozgalýar. Boýuň dowamynda Gorkut atanyň keşbiniň üsti bilen oguzlaryň ölüme we ýaşaýşa bolan garaýyşlary suratlandyrylypdyr.

Şadessanynda Gorkut ata il-halkyň kyn gününe gynanyp, şatlykly günlerine begenip, adamlara güýjüniň ýetdiginden kömek berip ýören akylly, dana kişiniň keşbinde hereket edýär. Onuň il-halkyň içindäki abraýy hem uly. Uly, kiçi, hemmeler onuň uzak ýaşamagyny dileýärler. Ýöne bir gün oňa ölüm sagadynyň golaýdygyny duýdyrýan ses eşidilýär. Gorkut ata ýaşy gaýdyşyp, gojalan bolsa-da, diniň

taryplaýan dünýäsine gitmäge gyssanmaýar. Ol ölümden gaçyp gutulmak üçin oguzlaryň şol wagtky oturan ýerlerine aýlanmaga çykýar.

Allatagala ölüm meselesinde Gorkut ata eglişik etmeýär. Ol nirä barsa-da, ölümi ýatladýan ses oňa ynjalyk bermeýär. Gorkut ata bu ýagdaýa geň galýar. «Ol özüne: Il-ulus menin uzak ýaşamakyma alkyş etedir, bul alkyşlar kabul bolmydyrmy?» – diýipdir

Ölümden, diýmek, ykbaldan hem gaçmak meselesi yslam dini taglymatyna dogry gelmeýär. Şadessanda «Olümden gaçyp gutulyp bolmaz, ol nirede bolsaňam seni tapar» – diýlen netije çykarylýan bolsa-da, şeýle meseläniň şadessanda şöhlelenmesi «Gorkut ata» eseriň kemala gelen döwründe yslam dininiň oguzlaryň arasynda gaty durnuksyz bolandygyny tassyklaýar.

Şadessanda Allatagalanyň keramatlydygyny, keremlidigini, rehimlidigini mahabatlandyrýan dürli wakalar beýan edilipdir. Ol wakalaryň birinde kyn güne düşen gahrymanyň haka ýalbarmagy netijesinde gudrat bilen gümmeziň ýedi ýerinden gapy açylyşy suratlandyrylsa, başga bir ýerde çyn ýürekden toba gelen tekepbir gahrymanyň halyna Hudaýyň rehiminiň gelip, onuň günäsini geçişi gürrüň berilýär.

Yslam dini taglymatynyň täsirini gowşadýan zatlaryň biri-de halkyň özakymlaýyn garaýşynyň şadessanda şöhlelenmesidir. Şadessanda şöhlelenýän halkyň özakymlaýyn materialistik garaýşyna aýdyň mysal edip, oguzlaryň söweşde agyr ýaralanan, hatda ölüm halynda ýaralanan batyrlary, gahrymanlary bejermek üçin aýat-doga okap, Alladan medet dilemeýişlerini getirmek bolar. Olar dürli ot-çöplerden melhem ýasap, diýmek, maddy tebigatyn öz predmetlerini ulanyp, gahrymanlary aýaga galdyrýarlar.

Şadessanda hereket edýän garhymanlar öz günlerine kaýýl bolup oturan gahrymanlar däldir. Olar kyn günlerde – ýurduň üstüne ýagy çozanda, ýakyn adamlary duşmana ýesir düşende, agyr ýaralananda diňe özlerine, ýyndam atlaryna, kesgir gylyçlaryna we wepaly ýoldaşlaryna daýanýarlar.

Musulman dininiň gülläp ösen Orta asyrlar döwründe oguzlaryň – türkmenleriň garaýyşlarynda mifologik garaýyşlaryň saklanyp galmagynyň sebäplerini, bir tarapdan, oguzlaryň – türkmenleriň durmuş keşpleri, şeýle hem «Gorkut ata» şadessanynyň döreýiş prosesiniň

türkmenleriň yslam dinini kabul etmeginiň irki döwürlerine gabat gelýändigi bilen düşundirip bolar. Düşündirişiň ikinji tarapy hökmünde bolsa, türkmenleriň köpçülikleýin tejribesiniň derejesini görkezmeli. Mälim bolşy ýaly, mif ynanja degişli hadysadyr. Ony logiki usulda barlap bolmaýar. Barlagy diňe praktikada amal edip bolýar. Käbir adamlaryň praktikadan çykaran netijeleri hem (ýygnalan bilimler haýsydyr bir pajygaly ýagdaýa ýetýänçe) özbaşdak ýagdaýda köpçülikleýin tejribeden geçip bilmeýär. Sebäbi köpçülikleýin tejribäni saklaýýjy hökmünde ýene-de mif çykyş edýär.

*«Görogly» şadessany.* Ýakyn Gündogarda, Merkezi Aziýada giňden ýaýran bu eser türkmen, türk, özbek, gazak, garagalpak, azerbaýjan, gagauz, tatar, bolgar türkileri, gyrgyz, uýgur, krym türkileri ýaly türki halklaryň arasynda örän meşhurdyr. «Görogly» şadessanynyň özboluşly nusgalaryny kürt, ermeni, gürji, täjik halklary hem nesilden-nesle geçiripdirler.

«Görogly» şadessany türkmen halkynyň milli-etnik aň-düşünjesiniň garaşsyzlyk we azatlyk ugrundaky göreşiniň çeper aňlatmasydyr. Eserde halkyň jemgyýetçilik-medeni, ahlak-estetiki ýörelgeleri, öňe sürýän pikir garaýyşlary jemlenendir. Şadessan halkyň watançylyk duýgusyny kemala getirmegiň milli nusgasy bolup asyrlaryň dowamynda hyzmat eden çeşmedir.


Görogly beg

Şadessandaky Hezreti Alynyň, kyrk çiltenleriň, pirleriň, sopularyň keşpleri, olaryň doga-dileg edişleri yslam dini garaýyşlaryndan habar berýär. Gahrymanlaryň haraý gözläp Hudaýa, pirlere ýüzlenmekleri-de diniň ata-babalarymyzyň durmuşyna mäkäm ornaşandygyny aňladýar. Şadessanda Göroglynyň bir Hudaýa uýýandygy, diniň wekillerini özüne pir, medetkär hasaplaýandygy aýdyň görkezilýär. Dini wekillerden, esasan hem şygyr bentlerinde, Adam Ata, Hydyr, Ylýas, Nuh, Ybraýym, Ýakup, Dawut, Süleýman, Isa, Muhammet ýaly pygamberler, çaryarlar, on iki ymamlar, üç ýüz altmyş öwliýäler, Bibi Merýem, Şyh Mansur, Molla Rumy, Aşyk Aýdyň ýaly şahslaryň atlary duş gelýär.

Şadessanda Hezreti Aly bilen Aşyk Aýdyň pir aýratyn orna eýedir. Göroglynyň piri bolan Hezreti Aly kähalatda Murtaza, Şahymerdan, Şiri-Huda atlary bilen atlandyrylýar. Aşyk Aýdyň pir bolsa Göroglynyň işiniň oňuna bolmagy üçin pata berýän dini wekilleriň biri hökmünde çykyş edýär[2]. Ýöne şeýle bolsa-da, şadessanda dini mazmuna garanyňda sinkretik mazmun has aýdyň ýüze çykýar. Şadessanda agzyndan ot saçýan ajdarhalaryň, adamyň sypatyny üýtgetmekligi başarýan jadygöýleriň, perileriň, derýalardan, çaýlardan, galalardan böküp geçmegi, alty aýlyk ýoly alty menzilde basmagy başarýan Gyratyň bolmagy hem eserde halk mifologiýasynyň ymykly ornaşandygyny görkezýär. Göroglynyň ýaralarynyň ýyldyz görende bitmegi, onuň daglara edil akylly-başly jandara, ýoldaşyna ýüzlenişi ýaly ýüzlenmegi, olardan maslahat soramagy hem ata-babalarymyzyň mifologik dünýägaraýşyndan habar berýär.

Eserde çynar agajyň, daglaryň janlandyrylmagy, peri keşpleri, aždarhalar, şir-peleňler eseriň mazmunynyň sinkretik häsiýetini ýüze çykarýan hadysalardyr. Kähalatlarda gahrymanlaryň çäksiz uly kynçylyklary ýeňmek üçin haýwanlaryň güýjüne bil baglamaklary, bir görnüşden başga bir görnüşe geçip, haýwanlaryň kömegi bilen uzak ýoly gysgaldyp bilmekligi we ş.m. türkmenleriň durmuşynda mifologik aňyň güýçli bolandygyny görkezýär[3].

«Görogly» şadessanynyň merkezini ahlak-etik gymmatlyklar meselesi eýeleýär. Onda türkmen halkynyň ýaşan haý-haýly döwrüne, çeken kynçylyklaryna, il-halk üçin islendik pursatda jan alyp, jan bermäge taýyn bolmaga mejbur eden taryhy pursatlara bolan gatnaşyklary öz beýanyny tapýar. Eser agyr günlerde halkymyza ruhy goldaw beripdir. Ony gaýduwsyzlyga çagyrypdyr.

Şadessanyň baş temasy gahrymançylykdyr. Eseriň baş gahrymany hem gahrymançylykda, batyrlykda deňi-taýy bolmadyk Görogly begdir. Ol şadessanda göreşse ýykýan, aýdyşsa basýan, ýaryşsa ýeňýän, gaýduwsyz, mert, ägirt uly güýje eýe bolan batyr, akylly, ze-

[2] *Orazow O., Gylyçdurdyýew N.,* «Görogly» şadessanyndaky dini şahslar. //Görogly ýordumy we gündogar edebiýaty. Halkara ylmy maslahatynyň nutuklarynyň gysgaça beýany. – Aşgabat, 2009. 47 sah.

[3] *Jumalyýewa O.* «Görogly» şadessanynda sinkretik mazmun we haýwanlar kultunyň şöhlelendiriliş aýratynlyklary. //Görogly ýordumy we gündogar edebiýaty. Halkara ylmy maslahatynyň nutuklarynyň gysgaça beýany. 2009-njy ýylyň 23-25-nji sentýabry. – Aşgabat, 2009. 132 sah.

rur bolan ýerinde hilegär şahsyň keşbinde hereket edýär. Ol il-halkyň bähbidini öz bähbidinden ýokarda goýýar. Görogly – ejizleriň hossary, ganymlaryň duşmany. Ol bu günküsini tapsa ertirini gaýgy etmeýän jomart. Soňky çöregini hem ýigitleri, il-halky bilen paýlaşmaga taýyn. Ol amanady aman bolsa ertir hem aç ölmejekdigine ynanýar. Görogly – şahandaz, dilewar, ruhubelent. Ol durmuşy, ýaşaýşy lükgeligi bilen söýýär. Görogly begiň şeýle keşbinde türkmen halkynyň filosofik garaýyşlary bitewilikde şöhlelendirilýär.

«Görogly» şadessany türkmen halkynyň umumadamzat ruhy gymmatlyklaryna goşan saldamly goşandydyr. Muňa onuň ÝUNESKO-nyň maddy däl gymmatlyklaryň sanawyna girizilmegi-de aýdyň şaýatlyk edýär.

## 2.10. Täzeden döreýiş filosofiýasy

XIV asyryň ahyrlaryndan – XV asyryň başlaryndan Günbatar Ýewropada jemgyýetiň ruhuýetinde, sosial we syýasy durmuşynda, ykdysadyýetinde düýpli üýtgeşiklikler başlanýar. Ýewropa öňki döwürden hil taýdan tapawutlanýan täze döwre gadam basýar. Ol XVII asyra çenli wagty öz içine alýar. Täze döwrüň akyldarlary diniň jemgyýete zor salmasyny gowşatmaklygy, antiki ylmy we medeniýeti täzeden dikeltmekligi maksat edinipdirler. Şonuň bilen baglylykda ol döwür ylymda «Täzeden döreýiş» we «Dikeldiş» döwri adyny alýar.

Täzeden döreýiş döwründe gözellige bolan täze garaýyş peýda bolýar. Eger-de orta asyrlarda Hudaýyň keşbiniň we Hudaý bilen baglanyşykly zatlaryň üsti bilen gözellik gözlenen hem-de beýan edilen bolsa, Täzeden döreýiş döwründe üns adama berilýär. Sungat eserleriniň merkezini ynsan we onuň dünýäsi eýeleýär. Döredijilik işgärleri dünýäniň, hatda Hudaýyň keşbiniň gözelligini-de ynsanyň gözelliginiň üsti bilen beýan etmäge çalyşýarlar. Edebiýatda, sungatda we ylymda ynsan indiwiduallygyna, indiwidiň özboluşlylygyna, şahsy özbaşdaklygyna berilýän üns güýçlenýär. Şahsyýet düşünjesi ýüze çykyp başlaýar. Şonuň üçin täze döwre ynsanperwer – gumanistçilik döwri hem diýilýär.

Täzeden döreýiş döwründe ylym-bilim ösýär. Tebigat bilen gyzyklanmak artýar. Naturfilosofýa berilýän üns güýçlenýär.

Täzeden döreýiş döwrüniň döremeginiň ykdysady, ruhy we syýasy şertleri bar. Deňizde ýüzüjileriň tagallalary bilen täze ýerleriň açylmagy, gündogar ýurtlaryna barýan täze deňiz ýolunyň tapylmagy Ýewropada ykdysadyýetiň, söwdanyň güýçli depginde ösmegine sebäp bolýar. Ýewropalylaryň musulman dünýäsiniň ylymda gazananlary bilen tanyşmaklary olaryň ylmynyň ösmegine güýçli itergi berýär. Musulman awtorlarynyň işleri bilen täzeden Ýewropa aralaşan gadymy grek we rim alymlarynyň işleri bolsa olarda ruhy galkynyş döredýär. Indiwiduallyk, şahsyýet bilen baglanyşykly düşünjeleriň ösmegi soňlugy bilen Ýewropanyň syýasy durmuşynyň üýtgemegine getirýär.

Täzeden döreýiş döwrüniň özboluşly filosofiýasy bar. Ol filosofiýa orta asyr dini filosofiýasyna, buthana we sholastçylyga garşy çykyş edýär. Adamyň gözelligine, beden we ruhy mümkinçiliklerine ynanýar. Özüniň äheňi boýunça geljege umyt bilen bakýar. Ylmy dinden, syýasaty ahlakdan bölüp aýyrýar.

*Nikolaý Kuzanskiý* (1401–1464) – nemes filosofy, alymy, dini işgäri. Hakyky ady Nikolaý Krebs bolup, doglan ýeri bilen baglanyşykly (Mozeldäki Kuza) Kuzansiý – Kuzaly lakamyny alypdyr. Ol teologiýany, matematikany, astronomiýany, geografiýany ösdüripdir. Onuň dini garaýşy panteizme esaslanypdyr. Kuzanskiý «Hudaý ähli zatlaryň düzümindedir, ähli zatlar Hudaýyň düzümindedir» diýen pikiri öňe sürüpdir. Ol adamyň akyl ýetirişine ýokary baha beripdir. Adamy akyly, döretmeklik ukyby boýunça Hudaýa meňzedipdir. «Adam aňy bilen adam» diýen pikire gulluk edipdir. Tebigata akyl ýetirmekde matematiki düşünjeleri ulanmagyň mümkinçiligi barada filosofik pikirlerini beýan edipdir. Dünýäniň geliomerkezli ulgamdygy, älemiň bolsa gutarnyksyzdygy baradaky çaklamany aýdypdyr.

N. Kuzanskiý filosofiýada garşylyklaryň biri-birine laýyk gelmegi baradaky pikiri öňe sürüpdir. Ol ähli garşylyklaryň çözgüdi Hudaýda bolýar diýip hasap edipdir.

*Kopernik* (1473–1543) – polýak astronomy, matematigi, ykdysadyýetçisi, hukuk öwrenijisi, dünýäniň geliomerkezli ulgamdygy baradaky taglymaty dörediji. Kopernik Krakow, Bolonýa, Paduýa, Ferrara uniwersitetlerde okaýar we dini bilim bilen birlikde astronomiýa, lukmançylyk, hukuk ylymlaryny hem öwrenýär. 1512-nji ýylda Froibork şäherinde ybadathanada işe başlaýar. Şol ýerde hem dünýäniň geliomerkezli ulgamdygy hakyndaky taglymatyny işläp düzýär we ony «Asman sferalarynyň aýlanyşy» (1543) diýen eserinde beýan edýär. Şol işinde Ýeri planeta diýip yglan edýär. Onuň öz okunyň we Günüň daşyndan aýlanýandygyny matematiki hasaplamaryň kömegi bilen esaslandyrýar. Bu taglymat älemiň merkezi diýip Ýeri däl-de, Güni ykrar edýär.



Nikolaý Kopernik

Kopernigiň taglymatyndan soň dünýäniň ýeke-täk däldligi, Ýeriň we Asmanyň şol bir kanunlara boýun egýändigi hakynda täze pikir döreýär. Bu pikir bilen buthana ylalaşmaýar. Kopernigiň taglymaty we ýazan işi 1616-njy ýyldan 1828-nji ýyla çenli aralykda gadagan edilýär.

*Jordano Bruno* (1548–1600) – italýan astronomy, filosofy. Ol Neapol uniwersitetini okap, ruhanylyk kärini we filosofiýanyň doktory derejesini alýar. Onuň dünýägaraýşynyň kemala gelmegine Nikolaý Kuzanskiniň gapma-garşylyklaryň gabat gelmegi baradaky taglymaty we Nikolaý Kopernigiň dünýäniň geliomerkezli ulgamy hakyndaky taglymatynyň täsiri uly bolupdyr.



Jordano Bruno

Jordano Bruno Nikolaý Kopernigiň taglymatyny ösdürýär. Kopernigiň dünýäniň geliomerkezli ulgamdygy baradaky taglymaty bütin dünýäniň merkezi Gün, beýleki planetalar onuň daşyndan aýlanýarlar diýip hasaplaýardy. Jordano Brunonyň pikiriçe, Ýerem, Günem älemiň mer-

kezi däldir. Her biri Gün ýaly planetalar bilen gurşalan sansyz ýyldyzlaryň ählisem älemde öz orbitalary boýunça hereket edýärler. Bruno dünýäde köp dürli ýaşalýan dünäýniň bardygy, ýeriň şol dünýäleriň biridigi baradaky çaklamany öňe sürýär. Akyldar dünýäniň hemişelikdigini, hiç kim tarapyndan döredilmändigini aýdýar. Onda maddylyk we ruhulyk bir barlygy emele getirýär, tebigatdaky ähli zatlar janlydyr we aňlydyr. Brunonyň pikiriçe, Hudaý tebigatdan üzňe däldir. Ol tebigatyň hereketiniň we ösüşiniň kanunalaýyklyklarynda ýerleşýär. Tebigat bilen Hudaý birdir.

Bruno materiýanyň barlygyny ykrar edýär. Materiýa döremeýän, ýok bolmaýan, diňe özara ýakynlaşýan ýa-da daşlaşýan ýönekeýje böleklerden durýar. Bruno ol bölejikleri «minimum» diýip atlandyrýar. Onda älemiň içki häsiýetleri şöhlelenýär. Brunonyň taglymatyna laýyklykda minimum ähli zada – maksimuma deňdir.

Jordano Brunonyň taglymaty katolik dinine we dini filosofiýasyna doly garşy gelýärdi. Şonuň üçin 1592-nji ýylda ony türmä taşlap, öňe sürýän pikirlerinden ýüz öwürmegi talap edýärler. Ýöne ol özüniň ynanjyndan ýüz öwürmändir.

*Galileo Galileý* (1564–1642) – italýan fizigi we astronomy, nusgawy mehanikanyň esasyny goýujy. Ol Ýewropada ilkinji bolup asman jisimlerine syn etmek üçin zatlary 30 esse ulaldyp görkezýän teleskopy ulanýar.

Galileý tejribä we matematiki hasaplamalara daýanýan tebigat bilimlerini esaslandyrýar. Ol matematiki hasaplamalaryň we tejribeleýin barlaglaryň esasynda Kopernigiň dünýäniň geliomerkezli ulgamydygy baradaky çaklamasynyň dogrudygyny tassyklaýar. Galileý tebigy hadysalara düşünmek üçin tejribäni we matematikany ulanmaklygy teklip edýär. Olara daýanmak arkaly adam aňy iň bir kyn tebigy hadysalara-da akyl ýetirip biljekdigini nygtaýar. Onuň pikiriçe, tebigy prosesleri ölçäp, matematikanyň ýardamy bilen bar bolan kanunalaýyklyklara esaslanyp, suratlandyrmak mümkin.



Galileo Galileý

Galileýiň öňe sürýän pikirleriniň katolik dininiň ündewlerine laýyk gelmeýändigi üçin ol buthananyň yzarlanmalaryna sezewar bolýar.

*Leonardo da Winçi* (1452–1519) – nakgaş, heýkeltaraş, binagär, alym we inžener. Ol ussat nakgaş hökmünde Täzeden döreýiş döwrüniň talaplaryna laýyk gelýän ideal adamyň keşbini döredýär.


Leonardo da Winçi

Ol nakgaşlykda beýlekilere nusga bolarlyk sungat ýolunyň esasyny goýýar. Leonardo «Çokunmak», «Ýagşy niýet», «Madonna Benua», «Madonna Litta», «Jakonda» ýaly eserlerinde adamyň içki we daşky dünýäsiniň gözelligini wasp edýär. Ol hristian dininiň keramatlyklarynyň keşbini dikeltmekdede adamyň keşplerini ulanýar.

Leonardo matematika «ylymlaryň uçmahy» diýip at beripdir. Ony älemiň esasy hasaplapdyr. Onuň tehniki açyşlaram köpdür. Tanky, suwasty gämini, paraşýuty, suw bentlerini, awtomatik igi bejermek ýaly idealary öz döwrüniň tehniki mümkinçilikleriniň çygryndan çykypdyr.

*Nikkolo Makiawelli* (1469–1527). Täzeden döreýiş döwrüniň ylmynyň adama tarap ýüzüni öwrendigine sosail-filosofik we syýasy taglymatlar hem şaýatlyk edýär. Täzeden döreýiş döwrüniň syýasy filosofiýasynyň görnükli wekili italýan döwlet işgäri, filosofy we şahyry Nikkolo Makiawelli köp sanly ownuk döwletlere bölünen dagynyk Italiýada ýaşapdyr. Florensiýanyň syýasy ýolbaşçysy Lorenso Mediçiniň başda durmagynda bitewi, kuwwatly Italiýa döwletini döretmegi arzuw edipdir. Makiawelli özüniň «Hökümdar» diýlip atlandyrylýan esasy işini-de bitewi döwlet gurmaklyga bagyşlapdyr.


N. Makiawelli

Makiawelliniň pikirine görä, adam öz ykbalyny özi kesgitleýär. Ol durmuşyny özüniň islegine laýyk gurap biler. Ýöne bu işde ol diňe

özüne bil baglap biler. Adamyň hereketlerini-de onuň durmuş islegleri we bähbitleri kesgitleýär. Maddy isleg, özi hakynda alada adamyň tebigatyny kesgitleýär. Onuň tebigatynda bolsa ýagşylykdan ýamanlyk köpdür. Şonuň üçinem adamlaryň ählumumy abadançylykly durmuşy üçin merkezleşdirilen bitewi döwlet zerur. Şeýle döwleti gurmak üçin ähli zatlaryň, hatda jemgyýetiň ahlak binýadynyň üstünden hem ätläp bolar.

Makiawelliniň pikiriçe, ahlak bilen syýasat biri-birine gabat gelmeýär. Syýasatda öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin islendik serişdäni, şol sanda ahlaga gabat gelmeýän serişdeleri-de ulanyp bolar. Makiawelli döwlet gurluşynyň patyşalyk görnüşiniň tarapdary bolupdyr. Jemgyýetdäki ýagdaý bilen baglylykda hökümdar üýtgäp durmaly. Ol döwletiň bähbitleri bilen baglylykda ýolbars bolmagy-da, tilki bolmagy-da başarmaly.

Makiawelli parahatçylykly durmuşda raýatlaryň giň erkinliklerden we azatlyklardan peýdalanmagynyň tarapdary bolupdyr.

Täzeden döreýiş döwrüniň ylmy açyşlary we ylmy pikirleri adamzadyň dünýä bolan garaýşyny üýtgedýär. Ol ylmy açyşlar, filosofik pikirler tebigy we ynsanperwer ylymlaryna itergi berýär. Täze eýýamda tebigy ylymlaryň güýçli depginde ösmegine esas bolýar. Adamzada dünýädäki ornuny kesgitlemäge ýardam berýär.

## 2.11. XVII–XVIII asyrlaryň günbatar ýewropa filosofiýasy

XVII asyrdan başlap günbatar ýewropada tebigaty öwrenýän ylymlar güýçli depginde ösüp başlaýar. Deňizde ýüzmeklik üçin zerurlyk astronomiýanyň ösmegine sebäp bolýar. Şäher gurulşygynyň, gämi gurluşygynyň, harby işleriň giňemegi matematikanyň we mehanikanyň ösmekligine itergi berýär. Senagatyň güýçli depginde ösmegi bilen ylmy oýlap tapyşlar köpelýär. Dokma senagatynda egiriji, dokaýjy maşynlar arzan we mäkäm matalaryň dokalmagyny üpjün edýär. Simap barometri, howa sorujylary oýlanyp tapylýar. Iňlis alymy I. Nýuton tarapyndan mehanikanyň esasy kanunlary kesgitlenýär. R. Boýl mehanikany himiýada ulanyp, himiki element düşünjesini işläp düzýär. Belli alymlar R. Dekart we G. Leýbnis matematikanyň, meha-

nikanyň, fizikanyň, fiziologiýanyň ösüşine saldamly goşant goşýarlar. Jemgyýetçilik ylymlarynda tebigy hukuk taglymaty işlenilip düzülýär.

Bu döwürde filosofiýa hem orta asyr sholastçylygy bilen doly arany açýar. Bilime, ylma we adam paýhasyna ynam döreýär. Akyldarlar adamlaryň tebigatyň we jemgyýetiň kanunalaýyklyklaryny öwrenip, olary adamzadyň hyzmatyna goýup biljekdiklerine ynanyp başlaýarlar. Filosofiýada materialistik ugur agdyklyk edip başlaýar. XVII asyryň günbatar ýewropa filosofiýasynda ontologiýanyň barlyk, hereket, giňişlik we wagt baradaky meselelerine berilýän üns güýçlenýär. Filosofiýanyň we ylmyň wezipeleri barada pikirler döreýär. Täze döwrüň filosofiýasynda substansiýa we onuň häsiýetleri bilen gyzyklanma artýar.

*Frensis Bekon* (1561-1626) – iňlis filosofy, taryhçysy, syýasatçysy, iňlis materializmini we empirizmini esaslandyryjy. Ol «Bilim – güýçdür!» diýen meşhur şygary öňe sürýär. Bekon ylym tejribä we induksiýa esaslanmaly diýip hasaplapdyr. Ylym, şol sanda filosofiýa öňküliginde galsa sholastçylyk häsiýetinden saplanyp bilmez diýip tassyklaýar. Ylmy netijeler deliller bilen esaslandyrylmalydyr, şonda umumylaşdyrmalary has giň ulanylmak bolar diýen pikiri öňe sürýär.

F. Bekon XVI-XVII asyrlarda başlanan ylymlaryň «beýik differensiasiýasyny» öňünden äşgär görüpdir. Ol «deslapky ylmyň», ýada ozal böleklere bölünmedik bilimler toplumynyň – filosofiýanyň iki uly şaha bölünýändigini belläpdir. Olar ylym bilen filosofiýadyr.

Bekonyň pikirine görä, adam ruhunyň üç ukyby: ýatkeşlik, arzuw-hyýal we oýlanmak-pähim etmek bolup, olar ylymlaryň şahalarynyň esasyny düzýärler. Ýatkeşlik taryh ylmynyň, arzuw-hyýal poeziýanyň, oýlanmak-pähim etmek bolsa filosofiýanyň esasyny düzýär.

Bekon ylmyň üç bitewilik hökmünde ýüze çykýandygyny belleýär: ylym ýöriteleşen bilimiň ulgamydyr, düzümidir; ylym jemgyýetçilik institutydyr, edarasydyr; ylym ruhy önüm öndürmegiň bir görnüşidir.

Ol akyl ýetirişde sholastçylaryň ulanan deduksiýa usulyna kembaha garapdyr. Tejribe esasynda alynýan maglumatlary seljerýän induksiýa usulyny dünýä akyl ýetirmegiň hakyky usuly hasaplapdyr.

*Tomas Gobbs* (1588–1679) – iňlis filosofy. Ol Bekonyň tarapdary we ony goldaýjy bolupdyr. T. Gobbsyň pikiriçe, materiýa bakydyr. Aýratyn bölekler, zatlar wagtlaýyndyr. Hereket zatlaryň orunlaryny üýtgetmegi bilen baglydyr. Hereket tebigata-da, jemgyýete-de, adama-da mahsusdyr. Olaryň hemmesem hereket edýär. Ýöne ol hereketler mehaniki häsiýetdedir.

T. Gobbs din ylym bilen özara baglanyşykda bolup bilmeýär, din jemgyýetiň durmuşynda adamlary dolandyrmagyň serişdesidir diýen pikiri öňe sürýär.


T. Gobbs

Akyldar bilimiň diňe tejribe esasynda alynýandygy we ylymda usulyýetiň zerurdygy baradaky Bekonyň pikirini goldapdyr. Onuň pikiriçe, akyl hakykata barýan ýoly görkezýär. Ol aň taýdan (rasional) akyl ýetirişi ýönekeý matematiki hasaplamalara deňeýär. Gobbs düşündirişleri ikuçlylykdan halas edýän anyk kesgitlemeleri döretmeklige aýratyn üns beripdir. Kesgitlemesiz anyk we dogry ylmy dil mümkin däldir.

Gobbsuň döredijiliginde sosial filosofiýa aýratyn orny eýeleýär. Sosial we döwlet gurluşyna bagyşlap ýazan «Lewifan» atly kitabynda ol hiç bir zat tarapyndan erkinligi çäklendirilmedik gadymy adamlary suratlandyrýar. Olar tebigy hukuk ýagdaýynda ýaşaýarlar. Gadymy adamlar özleriniň tebigy isleglerini kanagatlandyrmak ugrundaky göreşde, «hemmeler hemmelere garşy uruş» ýagdaýynda bolýarlar. Her bir adam özi barada alada edýär. Mümkin boldugyndan, köp baýlyga eýe bolmaklyga çalyşýar. Adamlaryň arasynda «gün güýçlüniňki, gowurga dişliniňki» ýörelgesi höküm sürýär. Adamlara gyrylyp gutarmak howpy abanýar. Aýratyn nesil hökmünde ýok bolmak howpy adamlary tebigy ýagdaýdan jemgyýetçilik durmuşyna geçmäge we çäklendirilmedik döwlet häkimiýetiniň zerurlygyny ykrar etmäge mejbur edýär. Adamlar ýaşaýşy dowam etmek üçin özleriniň erkinliginden meýletin el çekýärler we häkimiýeti patyşa bermek barada jemgyýetçilik şertnamasyny baglaşýarlar. Şol şertnama laýyklykda patyşa adamlaryň bitewiligini we otnositel sazlaşygyny üpjün etmeklige borçlanýar.

*Rene Dekart* (1596-1650) – fransuz matematigi we filosofy, täze ýewropa filosofiýasynda rasionalçylygy esaslandyryjy.

Dekart ontologik dualizmiň tarapdary bolupdyr. Ol ýaradylan dünýäde biri-birinden garaşsyz iki substansiýanyň bardygyny ykrar edipdir. Olaryň biri – pikirlenýän substansiýa, ruh, aň. Beýlekisi – fiziki dünýä, maddy älem. Substansiýalaryň her haýsysynyň hili, häsiýeti, nyşany bar. Ruhuň atributy pikirlenmedir, fiziki dünýäniňki – giňişlik. Ruhy substansiýanyň ideýalary bolýar. Olaryň käbirini tejribeden alyp bolmaýar. Olar dogabitdi bolýar. Dogabitdi ideýalara Hudaý ideýasy, sanlar, formalar ideýalary we käbir aksiomalar hem-de düşünjeler degişlidir. Giňişlik atributy ähli zatlaryň ininiň, boýunyň, beýikliginiň barlygyny göz öňünde tutýar. Olar böleklere bölünýärler, her bölegiň özüniň eýeleýän ýeri bolýar. Olaryň hereketi we formalary bolýar.



Rene Dekart

Dekartyň pikiriçe, maddy dünýä ägirt uly maşyn ulgamydyr. Ol hem ruh ýaly obýektiw dowam edýär. Ýöne onuň içki düýp manysy ýokdur. Haýwanlar, ösümlikler hem maşynlardyr. Adamyň hem iki esasy – başlangyjy bar. Ýöne dünýäniň beýleki zatlaryndan, jandarlaryndan tapawutlykda adamyň aňy, ruhy bar. Ol pikirlenmäni başarýan ýeke-täk jandardyr. Şuny göz öňünde tutup, Dekart «Men pikirlenýärin, diýmek, men bar!» diýen meşhur jümlesini aýdýar.

Akyl ýetirmek meselesinde Dekart Bekon bilen ylalaşmaýar. Ol tejribäniň ähmiýetini ykrar edýär. Ýöne onuň pikiriçe, ylmy açyşlar tejribäni gönükdirýän aňyň önümidir. Şeýlelik bilen ol Bekondan tapawutlykda induksianyň ornuna deduksiýany, duýgy agzalarynyň ýerine-de aňy, pähim-paýhaslylygy – rasionallygy goýýar.

*Jon Lokk* (1632–1704) – iňlis filosofy we pedagogy, täze Ýewropada sensualçylygy esaslandyryjy. Substansiýa meselesinde Lokk Dekart bilen razylaşýar. Ol Dekartyň hadysalaryň substansiýasyz bolmagy mümkin däl, substansiýalara akyl ýetirilmeýär, olar atributlarda

ýüze çykýarlar diýen pikiri bilen ylalaşýar. Ýöne onuň adam ruhy hemişe pikirlenýär, pikirlenmek onuň esasy atributy diýen pikiri bilen ylalaşmaýar. Lokk Dekardyň hakykylygyň ýüze çykyşy baradaky taglymatyna-da garşy däl. Ýöne ideýalaryň döreýşi meselesinde Dekardy tankytlaýar. Bu meselede ol Bekonyň we empirizmiň tarapdary.


Jon Lokk

Lokk ähli ideýalaryň çeşmesi hökmünde tejribäni görkezýär. Ol tejribäniň içki we daşky görnüşleriniň bardygyny aýdýar. Içki tejribe syzgydyr. Ol daşky dünýäniň zatlarynyň adamyň duýgy agzalaryna täsir etmegi netijesinde döreýär. Daşky tejribe adamlara ýönekeý ideýalary berýär. Reňk, tagam, ses, gyzgynlyk, ys we ş.m. hem zatlaryň hillerine degişlidir.

Içki tejribe ýa-da refleksiýa akylyň öz işine we onuň ýüze çykyş usullaryna syn edişidir. Ol adamyň islegleri, tolgunmalary, duýgulary we ş.m. barada ideýalary berýär. Içki tejribäni seljermek arkaly onda özbaşdak güýç hökmünde hereket edýän akyly tapyp bolmaýar. Şoňa daýanmak arkaly Lokk empirizmiň sensualçylygyň «Akylda öň syzgyda bolmadyk hiç zat ýok» diýen ýörelgesini döredýär. Jon Lokkuň pikiriçe, ýaşamak, dowam etmek, bitewilik, güýç ýaly ýönekeý ideýalar adamzat biliminiň başlangyç esaslarydyr. Paýhas olary birleşdirmek arkaly çylşyrymly ideýalary döredýär.


G. W. Leýbnis

*Gotfrid Wilgelm Leýbnis* (1646–1716). Nemes akyldary Leýbnisiň filosofiýasy plýuralçylyk filosofiýanyň hataryna girýär. Onuň pikirine görä, dünýä monada diýlip atlandyrylan ruhy atomlardan düzülýär. Monadalar barlygyň iň kiçi ruhy bölejikleridir. Olar bakydyr, gutarnyksyzdyr, hemişe hereketdedir we duýgudaşlyga, kabul etmäge we döredijilikli pikirlenmäge ukyplydyrlar, gaýtalanmasyzdyr. Her bir monadada tutuş älem ýerleşýär. Maddy hadysalar hem monadalaryň ýüze çykmasydyr. Monadalar özlerini we daşky dünýäni kabul etmeklige ukyply. Olar özleriniň

duýýan we görýän zatlaryny bar hasaplaýarlar. Görmedik, duýmadyk zatlary olar üçin ýokdur. Leýbnisiň sözleri bilen aýdylanda «monadalaryň daşky dünýä bilen habarlaşar ýaly penjireleri ýokdur». Olar öz aralarynda gatnaşyk saklamaýarlar. Olaryň arasy Hudaý tarapyndan sazlanylýar. Leýbnis monadalary ýaşaýyş monadasy, jan monadasy, ruhuň monadasy atly üç topara bölýär. Olardan degişlilikde jansyz tebigat, haýwanlar, adamlar döreýär.

Leýbnisiň pikiriçe, giňişlik we wagt subýektiwdir. Çünki olary adamlar kabul edip bilýärler.

*D. Berkli, D. Ýum.* XVII–XVIII asyrlarda Angliýada idealistik sensualçylyk hem giň ýaýrapdyr. Olaryň görnükli wekilleri subýektiw idealistler D. Berkli (1685-1753) we D. Ýumdur (1711-1776). Berkli belli bir şertlerde realçylyga, hatda rasionalçylyga-da ýakynlaşýar. Şeýle-de bolsa subýektiw idealizm derejesinde galýar. Ýum Berkliniň subýektiw-idealistik taglymatyny ösdürýär. «Daşky dünýä barmy?» diýlen soraga Ýum «bilmeýän» diýip jogap berýär.

## 2.12. Fransuz magaryfçylarynyň filosofiýasy

XVIII asyryň ikinji ýarymynda Fransiýada bolup geçen buržuaz rewolýusiýasynyň ideologiýasy ylymda fransuz magaryfçylary adyny alan akyldarlar tarapyndan taýýarlanylýar. F. Bekon, J. Lokk, T. Gobbs ýaly iňlis filosoflary bilimiň tebigaty we jemgyýeti üýtgedip biljekdigi baradaky pikiri öňe süren bolsalar, fransuz magaryfçy filosoflarlary ony gutarnykly görnüşe getirýärler. Olar dine, şeýle hem Fransiýanyň şol wagtky sosial-syýasy düzgünine garşy çykypdyrlar. Magaryfçylar adam erkinligi, azatlygy, hukugy meselesini orta çykarypdyrlar. Jemgyýetdäki ýetmezçilikleri, kynçylyklary ýeňmekligiň ýollaryny, jemgyýetiň syýasy gurluşynyň täze nusgalaryny gözläpdirler. Jemgyýetdäki we adamdaky kemçilikleri bilimiň, magaryfyň güýji bilen düzetmegi teklip edipdirler. Şonuň üçinem olar «magaryfçylar» adyny alypdyrlar. «Ylym we progres» döwrüň esasy şygary bolupdyr. Bu pikiri goldaýan filosoflar D. Didro tarapyndan çap edilýän «Ensiklopediýanyň» daşyna jebisleşýärler.

XVIII asyr fransuz magaryfçylarynyň filosofiýasy iki ugra bölünýär: Wolteriň, Monteskýeniň, Russonyň deiçilik materializmi we deiçiligiň esaslaryny tankytlaýan Didronyň, Golbahyň, Gelwesiniň, Lametriniň filosofiýasy.

*Fransua Wolter* (1694–1778). Fransuz magaryfçylar filosofiýasynyň görnükli wekili Wolter adam aňynyň daşky dünýä akyl ýetirmek mümkinçiliginiň çäksizdigine ynanypdyr. Ol adam aňynyň tejribäniň täsiri bilen döreýändigini ykrar edipdir. Bu meselede Lokkuň tarapdary bolupdyr. Ol dünýäniň Hudaý tarapyndan döredilendigine ynanypdyr. Ýöne Hudaýyň tebigatyň we jemgyýetiň işine goşulýandygyny inkär edipdir. Hristian dini däplerini, dessurlaryny, buthana gurluşyny tankytlapdyr. Emma Wolteriň pikiriçe, din – jemgyýet üçin zerur gymmatlyk. Ol jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga kömek edýär, sosial tertibi goraýar. Akyldaryň pikiriçe, jemgyýet üçin täze tebigy din gerek. Ol şeýle din hökmünde umumadamzat ahlak ýörelgelerini öňe sürýän ahlak düzgünlerini görkezipdir. Wolter çäklelndirilmedik patyşalyk dolandyrylyşyna garşy çykypdyr. Akylly, bilimli, adyl, adalatly patyşanyň tagta gelmegini isläpdir.


Fransua Wolter

*Žan Žak Russo* (1712-1778). Fransuz rewolýusiýasynyň ideologiýasyny döredijileriň biri bolan Russo deizmiň tarapdary bolupdyr. Ol hem edil Wolter ýaly, Hudaýyň bardygyna, Ýaradyjydygyna ynanypdyr. Tebigatyň we jemgyýetiň, adamyň ýaşaýşyna Hudaýyň goşulmaýandygy boýunça-da ol Wolter bilen pikirdeş bolupdyr. Ýöne Wolterden tapawutlylykda Russo garyp-gasarlaryň mertebesini, bähbitlerini gorapdyr. Russo adamlaryň arasyndaky deňsizligiň, konfliktleriň sebäplerini hususy eýeçilik bilen baglanyşdyrypdyr.

Russonyň pikiriçe, adamlar tebigaty boýunça ýagşydyr. Olar doglanda oňat jandarlar hökmünde dogulýarlar. Ýöne jemgyýetde ýaşamak bilen onuň ilkibaşdaky tebigaty zaýalanýar. Ol ýaramaz sosial şertlerde ýaşap, jemgyýetiň ýaramazlyklaryny kabul edýär we ýaramaz adama öwrülýär.


Žan Žak Russo

Žan Žak Russo jemgyýetçilik şertnamasynyň tarapdary bolupdyr. Ol respublikan gurluşly döwlet gurmaklygyň we raýatlary deň maddy we syýasy hukuklar bilen üpjün etmekligiň sosial progres boljakdygyny aýdýar. Ol sosial deňligi amal etmek üçin adamlara bilim we terbiýe bermekligiň gerekdigini nygtaýar.

*Şarl Lui Monteskýe* (1689-1755) jemgyýetçilik prosesleriniň we hadysalarynyň hem-de jemgyýetiň ösüşine täsir edýän faktorlar meselesini öwrenýär. Monteskýeniň pikiriçe, jemgyýetiň ösüşine geografik faktorlaryň täsiri aýgytlaýjydyr. Jemgyýetiň durmuşy, halkyň ýaşaýşy, bagtyýarlygy adamlaryň ýaşýyş serişdelerini gazanyş usullaryna baglydyr. Ol usullar hem, öz gezeginde, ýurduň topragynyň ýagdaýyndan, döwletiň ululygyndan, kiçiliginden, nirede ýerleşýändiginden, howa we beýleki fiziki ýagdaýlaryndan garaşly bolýar. Monteskýe ýurduň ösüşini onuň fiziki ýagdaýy bilen düşündirýän geografik determinizm taglymatyny ösdürýär. Şol taglymata laýyklykda, ýurduň ykdysady, sosail we syýasy aýratynlyklary, milli ruh we häsiýet geografik şertleriň täsiri bilen kemala gelýär. Ol şertler döwleti dolandyrmaklygyň formalaryna-da täsir edýär. Monteskýe döwlet dolandyryşynyň iň kämil görnüşi hökmünde konstitusion monarhiýanyň çykyş edýändigini belläpdir. Ol häkimiýeti çäklendirmegiň tarapdary. Häkimiýetiň bir edarada jemlenmekligine ýol bermezlik üçin ol döwlet häkimiýetini biri-birinden garaşsyz hereket edýän kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetine bölmekligi teklip edýär.


Şarl Lui Monteskýe

*Deni Didro* (1713–1784) – fransuz filosofy, ýazyjysy we dramaturgy. «Ylmyň, sungatyň we senetleriň düşündiriş sözlügi ýa-da ensiklopediýasy» atly tutumly işi esaslandyryjy.

D. Didro fransuz Magaryfçylyk eýýamynyň materialistik ugrunyň wekilidir. Ol dünýäde hiç wagty ýok bolmaýan, hemişelik hereketde bolýan materiýadan başga hiç zat ýok diýip hasaplapdyr. Materiýa obýektiw dowam edýär. Giňişlik we hereket onuň atributla-

rydyr. Onuň pikiriçe, dünýädäki ähli zatlar, hadysalar we prosesler sebäplilik kanunyna boýun egýärler. Syzmak başarjaňlygy belli bir derejede ähli materiýa mahsusdyr. Aň hem materiýanyň häsiýetidir. Bilim hem obýektiw daşky maddy dünýäniň zatlarynyň adam kellesinde şöhlelenmegi netijesinde döreýär.

Didro jemgyýetiň nogsanlyklaryny aýyrmak üçin onuň sowatlylygyny ýokarlandyrmagy teklip edýär. Onuň «Ylmyň, sungatyň we senetleriň düşündiriş sözlügini ýa-da ensiklopediýasyny» ýazmaklygy guramaklygynyň aňyrsynda bilimiň güýjüne bolan beýik ynanç bar. Didro bilen de Lametriniň redaktirlemeginde çap edilen bu iş 35 tomdan ybarat bolupdyr. Onda ýewropalylaryň şol döwürde toplan ähli bilimi jemlenýär. Ony ýazmaklyga döwrüň iň görnükli alymlary, magaryfçylary gatnaşypdyrlar. Gaty kynlyk bilen döredilen «Ensiklopediýa» Ýewropada köne garaýyşlaryň ýumrulyp, täze garaýyşlaryň we gymmatlyklaryň döremegine ýardam berýär.


Deni Didro

*Žýulýen Ofre de Lametri* (1709–1751). Fransiýada ilkinji bolup mehaniki materializmi yzygiderlikde beýan edýär. Onuň pikiriçe, dünýäde diňe bir substansiýa – materiýa bar. Onuň hereket, wagt, giňişlik ýaly atributlary bar. Oňa syzmak we pikirlenmek başarjaňlyklaram mahsusdyr. Onuň bu başarjaňlyklary adamda ýüze çykýar. Adam beýleki jandarlardan akyly bilen tapawutlanýar.

Lametri filosofiýa degişli köp işi ýazýar. Ýöne «Adam – maşyn» diýen işi uly meşhurlyga eýe bolýar. Işinde Lametri adamy sagat pisint hasaplaýar, ony öz-özünden tow alýan sagada meňzedýär. Onuň bedeniniň mehanikasyny öwrenmek arkaly adamyň duýgy we pikirleniş işiniň manysyny açmak mümkin. Onuň pikiriçe, adamyň ruhunyň


Ž. O. de Lametri

gelip çykyşy hakyndaky dini garaýyş ýalandyr. Ruh adam bedeniniň başarjaňlygyndan başga zat däldir.

Lametri akyl ýetiriş meselesinde Dekartyň rasionalçylygy bilen ylalaşmaýar. Onuň pikiriçe, islendik bilimiň gözbaşy tejribededir. Tejribäniň ýok ýerinde bilim ýokdur. Pikirlenme bolsa gaýtadan işlenen syzgydyr. Ol syzgyny ähli bilimiň gözbaşy hasaplaýar. Syzgy maddy zatlaryň adamyň duýgy agzalaryna täsir etmegi netijesinde döreýär.

*Pol Genrih Dimrih Golbah* (1723-1789) – gelip çykyşy boýunça nemes, fransuz materializminiň görnükli wekili. «Ensiklopediýany» taýýarlamaklyga we çap etmeklige işjeň gatnaşýar. Fransuz materializminiň we ateizminiň esasy eseri hasaplanýan «Tebigatyň ulgamy ýa-da fiziki we ruhy dünýäniň kanunlary hakynda» diýen işinde sensualizmi, determinizmi hem-de ateizmi gysgaça beýan edýär. Dini we buthanany, dini ahlagy, ruhuň ölmeýändigi hakyndaky garaýşy tankytlaýar. Hemme zadyň materiýadan dörändigi baradaky pikiri öňe sürýär. Materiýanyň bakylygyny, döredilmändigini, onuň hereket, giňişlik, wagt ýaly atributlarynyň bardygyny beýan edýär. Materiýanyň ösüşinde ondan dünýäniň köpdürlüliginiň emele gelşi suratlandyrylýar.



**P. G. D. Golbah**

Golbah adamyň biri-birine gapma-garşy iki başlangyçdan – bedenden we ruhdan durýandygyny tekrarlaýan dini garaýşy tankytlapdyr. Ol adama tebigatyň bir bölegi hökmünde seredipdir. Adamyň tebigatyň kanunlaryna laýyklykda ýaşaýandygyna ynanypdyr. Akyldaryň pikirine görä, adamyň kemala gelmegine, özüni alyp barmagyna dürli tebigy güýçler we jemgyýetçilik şertler täsir edýär.

## 2.13. Nemes nusgawy we marksçylyk filosofiýa

*Nemes nusgawy filosofiýasy.* XV asyrdan Günbatar Ýewropada filosofiýanyň ösüşini ýurtlar, ýerler boýunça deňeşdirilse onda XV–XVI asyrlarda birinji ýeri italiýan Täzeden döreýşine, XVII asyry iňlis filosofiýasyna, XVIII asyry hem fransuz magaryfçylaryna bermeli bolar. Olaryň her haýsysy aýralykda we bilelikde Günbatar

Ýewropanyň ylmynyň we medeniýetiniň täze derejä çykmagyna ýardam etdiler.

XIX asyrda ylym-bilimi ösdürmek boýunça öňdebaryjylygy eýelemek nemes filosoflarynyň paýyna düşýär. XVIII asyryň ahyrlarynda, XIX asyryň başlarynda nemes filosofiýasy hil taýdan täze derejä çykýar. Onda filosofiýanyň iki ugrunyň – idealizm bilen materializmiň, metafizika bilen dialektikanyň arasyndan ýiti gapma-garşylyk ýaýbaňlanýar. Iki ugruň – iki gapma-garşylykly tarapyň arasynda dörän göreşiň, ýiti ylmy jedeliň, çekeleşmäniň netijesinde tutuş dünýäniň ösüşine täsirini ýetiren nemes nusgawy filosofiýasy döräp başlaýar. Nemes nusgawy filosofiýasy bir ugurly, meňzeş manyly filosofiýa däl. Onuň düzüminde subýektiw idealizmi ösdürenler-de, obýektiw filosofiýanyň tarapdarlary-da, materialistik filosofiýany goranlar-da bar. Immanuil Kant (1724–1804), Iogann Gotlib Fihte (1762–1814), Fridrih Wilgelm Şelling (1775–1854), Georg Wilgelm Fridrih Gegel (1770–1831), Lýudwig Andreas Feýerbah (1804–1872) we başgalar nemes nusgawy filosofiýasynyň esasy wekilleridir. Bu mekdebiň iň görnükli filosoflary hökmünde Immanuil Kantyň (subýektiw idealizm), Georg Gegeliň (obýektiw idealizm), Lýudwig Feýerbahyň (metafiziki materializm) atlary tutulýar.

*Immanuil Kant* (1724–1804) – nemes nusgawy filosofiýasyny esaslandyryjydyr. Ol Gün ulgamynyň ilkinji başlangyç dumanlaryndan uly partlamanyň netijesinde dörändigi hakyndaky ylmy çaklamany oňe sürüpdir. Onuň bu çaklamasy asman jisimleriniň tebigy, taryhy gelip çykyşlary hakyndaky metafiziki we dini garaýyşlara urlan düýpli zarba bolýar.


Immanuil Kant

Zatlaryň obýektiw, öz-özleriniň ýaşaýandygyny ykrar etmeklik Kantyň filosofiýasynyň esasy tarapydyr. Emma ol «özlüginde galýan zatlara» akyl ýetirip bolmajakdygyny aýdýar. Onuň pikirine görä, zatlaryň düýp manysy «özlüginde» galýar. Adam aňy onuň düýp manysyna akyl ýetirmekden ejiz gelýär. Akyl ýetiriş prosesinde adam zatlaryň düýp manysyna däl-de onuň

hadysalaryna, daşky häsiýetlerine akyl ýetirýär. Hadysa diýlende Kant adamlaryň şol zat, hadysa hakyndaky garaýyşlaryna düşünýär. Netijede, akyl ýetiriş prosesinde adam zatlara däl-de, özüniň şol zatlar baradaky garaýyşlaryna akyl ýetirýär.

Akyl ýetirmegiň düýpli çägini belläp, Kant din üçin, haýsydyr bir tebigatdan ýokary, tebigatdan daşary zada ynam üçin orun galdyrýar. Ol tebigatyň kanunlaryny paýhas döredýär diýip tassyklaýar we obýektiw kanunalaýyklyklaryň bardygyny inkär edýär. Kant filosofiýanyň iňňän möhüm düşünjelerini obýektiw hakykatdan aýryp, olary idealistik nukdaýnazardan düşündirýär.

Nemes nusgawy filosofiýasy Kantdan soň görnükli filosoflar I. G. Fihte (1762–1814) we F. Şelling (1775–1854) tarapyndan ösdürilipdir.

*Georg Wilgelm Fridrih Gegel* (1770–1831) dialektikany obýektiw idealizm bilen utgaşdyrmaga düýpli synanyşyk eden filosofdyr. Gegel dialektikany, onuň kanunlaryny, ýörelgelerini, kategoriýalaryny işläp düzýär. Gegel bütin dünýä – tebigat, jemgyýetçilik ýaşaýşy we pikirlenme tükeniksiz hereketde, üýtgeýişde, özara baglanyşykda hem-de ösüş prosesinde bolýar diýip hasaplaýar. Ol tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň ösüşiniň umumy kanunalaýyklyklaryň esasynda bolup geçýändigini belleýär. Onuň pikiriçe, hiç zatdan garaşsyz, obýektiw, çäklendirilmedik ruh şol kanunalaýyklyklaryň esasyny düzýär. Gegel barlyga yzygiderli proses, dowamly ösüş, yzygider taryh, hemişelik hereket hökmünde garapdyr.



G.W.F. Gegel

Gegel uçin tebigat tazeden sekillendirilen ideýadyr. Onyň beýleki görnüşdäki barlygydyr, dünýä ruhunyň ösüşindäki basgançakdyr. Onuň filosofiýasynda ähli zat ýoýulan görnüşde beýan edilýär. Gegel üçin obýektiw bar zatlar maddylaýyn durmuşyň şöhlelendirilmesi däldir. Olar obýektiw ideýanyň, dünýäniň işjeň ruhy güýjüniň önümidir. Tebigaty obýektiw ruh döredýär. Tebigatyň ösüşi pikirlenýän jandaryň, ýagny adamyň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Adamyň, jemgyýetiň, döwletiň döremegi bilen olary dörediji obýektiw ideýa

öz-özüne akyl ýetirýär. Gegel obýektiw ideýanyň özüne akyl ýetirişini yzarlamak bilen baglylykda dialektik usuly işläp düzýär.

*Lýudwig Feýerbah* (1804–1872). Lýudwig Feýerbahyň döredijiligi bilen nemes nusgawy filosofiýasy tamamlanýar. Feýerbah ilkibaşda Gegeliň şägirdi bolupdyr. Onuň taglymatyny goldapdyr. Ahyrynda ol halypasy bilen filosofiýanyň meseleleri boýunça ylalaşman, onuň filosofiýasyny tankytlap başlaýar. Ol Gegeliň hristian dini, absolýut ideýa baradaky garaýyşlaryny ýalňyş hasaplaýar. Feýerbahyň pikiriçe, Gegeliň filosofiýasy dünýäniň Hudaý tarapyndan döredilendiginiň oýlanyşykly – rasional beýan etmesidir.

Feýerbah dine garşy çykýar. Ol tejribede toplanan delillere daýanyp, adamyň tebigy güýçleriň öňündäki ejizligi, olardan garaşlylygy diniň döremegine sebäp bolýandygyny subut etmäge synanyşýar. Feýerbahyň filosofiýasyna laýyklykda, dini garaýyşdan halas bolmak üçin tebigy güýçlerden garaşlylykdan dynmaly. Munuň üçin adam öz güýjüne, mümkinçiliklerine ynanmaly. Öz ykbalynyň keramatly güýçlere däl-de, özüne baglydygyny bilmeli.

Feýerbah adamlaryň aňyny we durmuşyny üýtgetmek üçin durmuş talaplaryna laýyk gelýän filosofiýany döretmek isleýär. Onuň pikiriçe, şeýle filosofiýanyň predmeti adam bolmaly. Feýerbah özüniň filosofiýasyny adam hakyndaky köptaraplaýyn taglymat diýip atlandyrýar. Ol filosofiýa ylymda antropologik materializm adyny aldy. Feýerbahyň materializminiň esasyny tebigat hakyndaky taglymat düzýär. Tebigat ýeke-täk barlykdyr, hakykatdyr. Onuň başlanýan wagty-da, gutarýan wagty-da ýokdur. Ol gutarnyksyzdyr. Özüne özi sebäpdir we ýaradyja mätäç däldir. Tebigat hemişe ösüşdedir. Adam tebigatyň iň ýokary önümidir. Adamyň pikirlenmesi-de materiýadan üzňe däldir, ol beýniniň işiniň netijesidir. Feýerbahyň pikiriçe, tebigatdan we adamdan daşarda hiç zat ýokdur. Şonuň üçin hem filosofiýa tebigy adam hakyndaky taglymat bolmaly. Adam bedeninden daşarda ruh ýok. Adamyň ruhy onuň bedeniniň önümidir. Ol şol bir wagtyň özünde hem maddy obýekt hem-de pikirlenýän subýekt hökmünde çykyş edýär. Adamy adam edýän esasy aýratynlyklar aň, duýgy we erkdir. Duýgy, esasan hem, söýgi Feýerbah üçin barlygyň nyşanyna

öwrülýär. Feýerbah akyl ýetirişde sensualçylygyň tarapdarydyr. Ol syzga akyl ýetirişiň ýeke-täk çeşmesi hökmünde seredýär.

*Karl Marks (*1818–1883) XIX asyryň ikinji ýarymynda *Fridrih Engels* (1820–1895) bilen bilelkide dünýäniň syýasy, ykdysady, ruhy-medeni durmuşynyň ösüşine düýpli täsir eden marksistik taglymatyny döredýär. Marksistik taglymaty üç sany düzüm bölekden – filosofiýadan, syýasy ykdysadyýetden we ylmy kommunizmden durýar. Ony esaslandyryjylar marksçylygy «zynjyrdan başga hiç zady ýok» proletariatyň – işçiler synpynyň ideologiýasy diýip yglan edýärler.


K. Marks

Marksistik filosofiýa özara baglanyşykly we täsirli dialektiki materializmden we taryhy materializmiň bitewiliginden durýar. Bitewilikde çykyş edýän marksistik filosofiýanyň taraplarynyň her haýsysynyň özüniň hereket meýdany bar. Dialektik mateializmde Gegeliň dialektikasy we materializm öz beýanyny tapýar. Eger-de, Gegel özüniň filosofiýasynda dialektika usulyny obýektiw ruhuň ösüşini, özgerişini, bir hilden başga hile geçmekligini yzarlamak üçin ulanan bolsa, K. Marks we F. Engels ony materiýanyň ösüşini barlamak üçin ulanýarlar. Materialistik dialektika marksistik filosofiýada ähli barlygyň birliginiň we ösüşiniň teoriýasy we filosofik pikirlenmäniň usuly hökmünde çykyş edýär. Ol dünýäni giňişlikde we wagtda hereket edýän materiýa hökmünde kabul edýär.

Karl Marks jemgyýete-de materialistik dialektika nukdaýnazaryndan baha berýär. Ol «taryha materialistik düşünmek» diýlip atlandyran taglymaty işläp düzýär. Şol taglymata laýyklykda jemgyýetiň döremegi, ösmegi, kämilleşmegi, bir hilden başga bir hile geçmegi önümçilik usulyna, öndüriji güýçler bilen önümçilik gatnaşyklaryň arasyndaky sazlaşyga baglydyr.

Marksistik filosofiýada jemgyýet adamlaryň zähmetiniň netijesinde döreýän we dowam edýän sosial materiýa diýlip atlandyrylýar.

Şol sosial materiýanyň, ähli adamzadyň taryhynyň we olaryň gatnaşyklarynyň logikasy adamyň zähmetine esaslanýar. Adam zähmeti bilen daşky dünýäni özüniň islegine laýyklaýar. Diňe öndürijilikli zähmetiň güýji bilen adam we jemgyýet dowam edýär. Zähmetde nesilleriň arasyndaky arabaglanyşyk amal edilýär. Soňky nesiller öňki nesilleriň zähmet prosesinde toplan bilimlerini, tejribelerini, endiklerini kabul edýärler. Olary ösdürýärler, baýlaşdyrýarlar, üstüni dolýarlar. Marksçylykda zähmetiň jemgyýeçilik häsiýetini tekrarlamak üçin praktika düşünjesi işlenip düzülýär. Praktika – bu maddy we ruhy önümçiligik prosesinde adamlaryň tebigat bilen we özara amal edýän gatnaşyklaryny aňladýan düşünjedir. Marksizmi esaslandyryjylaryň pikiriçe, praktika aň we ruh babatynda ilkinjidir. Praktika hakykylygyň ölçegidir. Alnan bilimiň hakykylygyny diňe praktikada barlap bolýar. Eger-de alnan bilim praktika laýyk gelmeýän bolsa, ol ýalandyr.


F. Engels

Karl Marks taryhy materializminde jemgyýetçilik-ykdysady formasiýa düşünjesini kemala getirýär. Ol synpy jemgyýet diýip atlandyrýan jemgyýetiniň ornuna synpsyz, gapma-garşylyksyz kommunistik jemgyýetiň geljekdigini teswirleýär. «Kapital» diýen esasy işinde goşmaça gymmat ykdysady kanunyny açýar. Şol kanunyň esasynda hem köne jemgyýetiň ýykylmagynyň we onuň ornuna täze jemgyýetiň gelmeginiň zerurlygynyň ykdysady şertlerini esaslandyrmaga çalyşýar. Marksizmiň üçünji düzüm böleginde – ylmy kommunizmde teklip edilýän täze jemgyýetiň gurulmagynyň ýollary, serişdeleri, usullary teswirlenilýär.

K. Marksdan we F. Engelsden soň markçylyk filosofiýa rus akyldarlary G. W. Plehanow (1856–1918), W. I. Lenin (1870–1924) sosialistik döwletler diýip atlandyrylan döwletleriň ýolbaşçylary, kommunistik ideologiýa ynanýan filosoflar tarapyndan ösdürilýär.

## 2.14. XVIII-XX asyrlarda ýaşan türkmen akyldarlarynyň filosofik garaýyşlary

Mongol çozuşlary türkmen topragyna, türkmen milletiniň ýaşaýşyna ýaramaz täsir edýär. Şol çozuşlardan soň ata Watanynda galan türkmenleriň bitewi döwleti dargaýar. Döwlet tarapyndan howandarlygyň bolmazlygy netijesinde ylym-bilim, edebiýat, sungat, medeniýet pese düşýär. Ýöne şeýle bolsa-da türkmeniň zehinli perzentleri ylym-bilimden örküni üzmändirler. Ylymlaryny artdyrmak üçin uzak ülkelere gidipdirler. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, «Öz taryhy gelip çykyşyny adamzat medeniýetiniň irki eýýamlaryndan alyp gaýdýan türkmen halky ähli döwürlerde ylymda sebit derejesinde hem, dünýä derejesinde hem uly üstünlikleri gazanypdyr. Ylym dünýäsinde belent derejä ýeten halkymyz hiç bir döwürde hem ondan üzňe bolmandyr.

Mukaddes türkmen topragy geçmişde ykbalyny ylym bilen baglan akyldar-danyşmentleriň, söz ussatlarynyň mekany bolupdyr»[4].

Türkmen halkynyň taryhynda XVIII asyr uly özgerişleriň badalga alan döwrüdir. Türkmenleriň medeniýetinde, halkyň, ýurduň we ilatyň bähbitlerini goramak ugrunda bitirilen işlerde örän ähmiýetli özgerişler bolup geçipdir. Dagynyklyk döwrüniň kynçylyklaryna seretmezden, türkmen halky jemgyýetimize peýdaly ruhy gymmatlyklary ýetişdirip bilipdir. XVIII – XIX asyrlarda ýaşan Andalyp, Azady, Magtymguly, Kemine, Zelili, Seýdi, Mätäji, Mollanepes Magrupy, Şabende, Gaýyby, Şeýdaýy ýaly akyldarlar pikirleri bilen türkmen halkynyň ýoluna ýagtyldypdyrlar. Eserlerinde watansöýüjilik, gahrymançylyk, edermenlik, gaýduwsyzlyk, agzybirlik, dostluk, adalatlylyk ýaly ahlak gymmatlyklaryny wasp edipdirler. Söýgi, dünýä, dünýäniň gurluşy, ylym, bilim ýaly meseleleri gozgapdyrlar. Olaryň many-mazmunyny, ähmiýetini açyp görkezmäge çalşypdyrlar. Şahyrlaryň döredijiliginde dini ynançlaryň we pikirleriň hem orny uly bolupdyr.

*Nurmuhammet Andalyp* (1660–1740). XVII–XVIII asyr türkmen edebiýatynda görnükli yz galdyran akyldar Nurmuhammet Andalybyň döredijiligi, goşgulary, poemalary, dessanlary, pikirlerini

---

[4] Gurbanguly Berdimuhamedow. Saýlanan eserler. 5-nji tom. – Aşgabat, 2012. 235-236 sah

beýan edişi, eserlerinde getirýän baý maglumatlary onuň öz döwrüniň iňňän sowatly adamlarynyň biri bolandygyndan habar berýär. Andalybyň döredijiligi köp taraplydyr. Ol yşky temadan ençeme ajaýyp şygyrlary, «Oguznama», «Nesimi», «Kyssaýy Fyrgun», «Sagdy Wakgas» poemalaryny, «Leýli-Mejnun», «Ýusup-Züleýha», «Babaröwşen», «Zeýnelarap» dessanlaryny döredýär.

Akyldar eserlerinde ýagşylyk, batyrlyk, mertlik, rehimdarlyk, jomatlyk, myhmansöýerlik ýaly ahlak häsiýetleriniň waspyny edýär. Olary adamy bezeýän ahlak gymmatlyklary hökmünde görkezýär. Ýamanlyk, gorkaklyk, gysgançlyk, haýynlyk ýaly häsiýetleri bolsa ynsana ýaraşmaýan gylyklar hökmünde ýazgarýar.


N. Andalyp

Andalyp gadymy oguz-türkmen ýazuwyna we taryhyna ilkinji bolup ýüzlenen nusgawy şahyrdyr. Ol özüniň şygrynda gadymy oguz-türkmen elipbiýiniň agysyny aglaýar. «Oguznama» poemasynda bolsa türkmeniň şöhratly taryhynyň waspyny edýär. Andalyp türkmenleri Gündogaryň ylym-bilim älemindäki dürdäneleri bilen tanyşmagynyň aladasyny eden akyldardyr. Ol pars dilinde ýazylan ençeme şygyrlary çeper terjime edip türkmen iline ýetiripdir.

Gadymy türkmen ilinde Garaşsyz türkmen döwletiniň gurulmagy bilen Andalybyň ylmy-filosofik mirasy, çeper döredijiligi-de ylmy esasda töwerekleýin öwrenilip başlandy.

*Döwletmämmet Azady* (1700–1760). XVIII asyryň görnükli akyldary, beýik türkmen gumanisti Döwletmämmet Azady «Wagzy-Azat» poemasyny, «Behiştnama», «Hekaýat Gaýr-ensar», «Rubagyýet ruhy-zary we doga» eserlerini, birnäçe goşgularyny bize miras galdyrypdyr.

«Wagzy-Azat» eseri dört bapdan ybarat. Eseriň birinji babynda häkimler we olaryň wezipeleri, ikinji babynda barly adamlaryň köme-

gi bilen adamlaryň güzerany dolandyryşlary, adamkärçilik, halallyk kadalary gürrüň edilýär. Poemanyň üçünji babynda ylmyň peýdasy, alymlaryň sypatlary, dördünji babynda bolsa garyp-gasarlaryň, derwüşleriň durmuşda tutýan orunlary, olaryň hak-hukuklary barada söhbet açylýar.



D. Azady

Azady öz eserlerinde özbaşdak döwlet döretmek meselesini açyk goýmadyk hem bolsa, onuň hökümdaryň şahsyýetine we onuň üçin zerur gylyk-häsiýetlere ýüzlenmegi akyldaryň şeýle döwleti isländiginden habar berýär. Azadynyň pikiriçe, hökümdar adyl, öz halkyny söýýän, ylymly, giň dünýägaraýyşly, ylym-bilimli adamlaryň gadyryny bilýän adam bolmaly.

Döwletmämmet Azadynyň umumadamzat gymmatlyklaryna laýyk gelýän watansöýüjilik, ynsanperwerlik, kiçigöwünlilik, hoşniýetlilik, zähmetsöýerlik, ata-enä sarpa goýmak, myhmanparazlyk, goňşuçylyk hem-de dost-doganlyk gatnaşyklary hakyndaky öwüt-nesihatlarynyň ähmiýeti häzirki döwürde hem barha artýar. Döwletmämmet Azadynyň filosofiýasyna durmuş meseleleriniň çözlüşi nukdaýnazardan seredilende döwrebaplyk mahsus. Dünýä, taryh, millet, din, döwlet, medeniýet, adamzat, adam ýaly düýpli meselelerde onuň filosofiki pikirleri türkmen ruhyýetinden gelip çykýan garaýyşlary özünde jemleýär.

«Wagzy-Azat» poemasynda ilatyň ylymly, sowatly bolmagyna aýratyn üns berilýär. Azady bu eserinde hakyky alymlar we olaryň jemgyýetdäki orny barada gürrüň edýär. Ylymly-sowatly bolmak barada wagyz-nesihat edip, öz döwrüniň ussat magaryfçysy hökmünde çykyş edýär. Akyldar halk bähbidini gorap, ylmyň ilata öwredilmelidigini nygtaýar. Azady ylmyň zähmet bilen baglanyşyklydygyny, adamyň önüm öndürmekdäki işini ýeňilleşdirýändigini, gözýetimini giňeldýändigini, ýaşaýyşda ugurtapyjylyk ukybyny artdyrýandygyny aýdýar.

Akyldar ylymly adamlara, alymlara uly hormat goýýar we alym üçin zerur gylyk-häsiýetleri belläp geçýär. Onuň pikiriçe, alymlyga ýeten adam öz bähbidini öňe sürmeli däl. Kiçigöwünli bolmaly. Jemgyýetde peýda getirmeli, köpçülige oňat zatlary ündäp, bilen zadyny adamlara öwretjek bolmaly.

Azady alymlary öz ylmyny ilata ýetirýänler we ýetirmeýänler diýen iki topara bölýär. Ol öz öwrenen ylmyny durmuşda ulanmagy başaran, halk köpçüligine öwreden alymy hakyky alym, gowy adam diýip hasaplapdyr. Öwrenen ylmyny ilata ýetirmeýän, durmuşda ulanmaýan alymlary ile peýdasyz hasaplap, olary köpçülige peýdaly adam bolmaga çagyrýar. Ilata ylym bermeýän alymlary bag ýetişdirip, miwesini zaýalaýan bagban bilen bir hatarda goýýar. «Durmuşda ulanylmaýan ylym jansyz göwredir, jemgyýete bilim öwretmeýän alym bolsa, tikin işinde boş girip-çykyp duran sapaksyz iňňe ýalydyr» diýip Azady belleýär. Onuň pikiriçe, okap alymlyga ýetişen adam bilimini beýlekiler bilen paýlaşmak arkaly öz hünärini kämilleşdirýär. Beýlekileriň hem biliminiň artmagyna ýardam edýär.

Azadynyň pikiriçe, adamlar özlerine ylym öwredýän alym bilen peýdasyz alymyň parhyny bilmelidirler, olaryň ikisine-de deň derejede garamaly däldirler. Ylma teşne halk özüne ylym-bilim berýän alymyň töweregine üýşmeli, onuň gadyryny bilmeli.

Şahyr adamy we ylmy biri-biriniň dowam etmegini şertlendirýän zerur birlik hasaplapdyr: adamy gündize meňzetseň, ylym oňa Gün ýalydyr, gijä meňzetseň, Aý ýalydyr. Emma Azadynyň göz öňünde tutýan ylmy dini-sholastik ylymdyr.

*Şabende* (1720–1800) döwründe belli sazanda, aýdymçy, şahyr hökmünde tanalypdyr. Ol eserlerini saza goşup, ilat arasynda aýdypdyr. Şahyr «Galanyň» atly şygrynda döwrüniň ýaşlaryna mümkingadar ylym almagy, ökdeden, ussatdan öwrenmekligi wagyz edýär.

Şabende dessanlarynda, goşgularynda batyrlygy, gaýduwsyzlygy, tutanýerliligi, durnuklylygy, mertligi, ýoldaşa, söýgä, il-halka wepalylygy, adalatlylygy, watançylygy wasp edipdir. Türkmen ýigidine ýaraşmaýan gorkaklyk, bigaýratlyk ýaly häsiýetlerden gaça durmaklygy, zerur bolan ýagdaýda il-halk üçin jan alyp, jan bermekligi

ündäpdir. Ol adam mertebesini belent tutmaklygy, ony kemsitmek ýaly ýaramaz häsiýetlere garşy göreşmekligi nesihat edipdir.

*Magtymguly Pyragy* (1724–1807). Türkmen halkynyň beýik akyldary Magtymguly Pyragy döwrüniň çäginden çykýan, bahasyna ýetip bolmajak eserleri döredipdir. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Magtymguly Pyragy ajaýyp eserleri döreden, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen pelsepesini, kalbynyň owazyny, isleg-arzuwlaryny dünýä ýaýan beýik söz ussadydyr»[5] diýip danalyk bilen belleýşi ýaly, Magtymguly öz döredijiligi bilen tutuş adamzadyň aňynda, öz döwrüniň ylmynyň we filosofiýasynyň ösmeginde öçmejek yz galdyran şahyrdyr. Akyldaryň döredijiliginde filosofiýanyň öwrenýän ähli meseleleri şöhlelendirilýär. Adama, jemgyýete, tebigata tutuş dünýä dahylly soraglar töwerekleýin we bitewilikde seljerilýär.


Magtymguly

Magtymgulynyň dünýägaraýşynda tebigy hadysalar, halkyň ýaşaýyş durmuşy, ahlagy, dini we ruhy özgerişleri hut adamyň döredijilik dünýäsiniň şekili hökmünde öňe sürülýär. Şahyryň döredijiliginde sopuçylyk dini taglymatyň güýçli täsiri duýulýar. Şol ynanjyna laýyklykda, Magtymguly dünýädäki ähli zatlarda Ruhuň – Hudaýyň jemaly bardyr, Hudaýyň hak ýoluny saýlan adam ony görüp, oňa birigip biler diýen sopuçylyk taglymatyna mahsus pikire uýýar.

Magtymguly durmuşyň çylşyrymlydygyna, adamlaryň gylyk-häsiýetleriniň dürlüdigine garamazdan, jemgyýeti özgertmek üçin zerur bolan güýçleriň onuň öz içinde bardygyna ynanypdyr. Şahyr jemgyýetiň kämilligini adamlaryň akyl-paýhasly hereketi esasynda gazanyp bolýandygyny yzygiderli nygtapdyr.

Magtymguly öz döwründe täze türkmen medeniýetini esaslandyryjy bolup çykyş edýär. Ol döredijiliginde şol döwrüň wajyp meselelerini gozgapdyr. Watançylyk, gahrymançylyk, söýgi, adalat baradaky goşgulary, sosial deňsizligi ýazgarýan şygyrlary döredipdir.

[5] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – A.: TDNG, 2014. 32 sah.

Magtymgulynyň ýurt abadançylygy, özbaşdaklygy, türkmen halkynyň agzybirligi baradaky ideýalary, pikirleri, arzuw-hyýallary «Il ýagşy», «Döker bolduk ýaşymyz», «Gidiji bolma», «Il biläni», «Gymmat ýagşydyr» ýaly şygyrlarynda beýanyny tapypdyr. Magtymguly döwürdeşlerinde mertlik, batyrlyk, namyslylyk, sadalyk, il-güni söýmeklik ýaly asylly häsiýetleriň bolmagyny isläpdir.

Magtymguly goşgularynyň üsti bilen jemgyýetçilik nogsanlyklaryna, zyýanly endik-adatlara garşy göreşipdir. Ol ýaramaz endikleriň, gylyklaryň soňuna çykmak barada wagyz-nesihat edipdir.



Mollanepes

Magtymguly Pyragynyň ahlak-etiki garaýyşlary örän köptaraplydyr, çuň mazmunlydyr. Magtymgulynyň filosofiýasynda esasy oruny adam we onuň mertebesi eýeleýär. Adamyň täleýi, ykbaly, durmuşy bilen baglanyşykly meseleler akyldaryň eserleriniň özenini düzýär.

XIX asyrda ýaşap geçen Talyby, Misgingylyç, Mollanepes, Kemine, Seýdi, Zelili, Mätäji, Magrupy, Şabende, Gaýyby ýaly türkmen şahyrlary özleriniň döredijiliginde Magtymguly Pyragynyň gozgan, öwrenen filosofik meseleleriniň belli bir tarapyny ösdüripdirler. Döwletsizlikden, dagynyklykdan ejir çekýän türkmen halkynyň agyr güni, olary halas etmegiň ýollary, adalatly jemgyýet, milli jebislik, döwletlilik, ynsanperwerlik ýaly zatlar barada pikir ýüwürdipdirler. Eserlerinde olary gazanmagyň şertleridir usullaryny ýüze çykarmaklyga çalşypdyrlar. Ylymly, düşünjeli adamlara sarpa goýmagy, alymlara hyzmat etmekligi, ylym-bilim almaklygy ündäpdirler. Akyldarlar şygyrlarynda, döreden dessanlarynda ahlak meselelerini goýup, jemgyýetiň, halkyň hyzmatyna ýarap ýörän kämil adam keşbini döredipdirler. Ideal jemgyýet keşbini şekillendirip, ony gurmagyň ýollaryny agtarypdyrlar. Olaryň döredijiliginde gözellik meselesem öz beýanyny tapypdyr. Akyldarlaryň estetiki pikirleri sosial garaýyşlary bilen berk baglanyşykda beýan edilipdir. Şahyrlaryň şygyrlary belentden ýaňlanyp, adamlary galkyndyrypdyr. Olaryň geljege ynam bilen bakmagyna sebäp bolupdyr.

## 2.15. Häzirki zaman günbatar filosofiýasy

Döwrüň sosial-taryhy ösüşleri we derwaýys meseleleri, ylymdaky uly açyşlar, şeýle hem Täze döwrüň filosofiýasynyň aýratynlyklary bilen baglylykda, takmynan XIX asyryň ortalaryndan başlap, günbatar filosofiýasy düýpli özgerişlere sezewar bolýar.

XVII asyrdan başlap, XIX asyryň başlaryna çenli rasional paradigmanyň[6] höküm süren nusgawy günbatar filosofiýasy çökgünlige düşýär. Onuň köki gadymyýete – antik döwre uzap gidýärdi. Täzeden döreýiş döwründe rasional paradigmanyň işjeňleşmegi başlanýar. Täze döwrüň başlanmagy bilen ol berkeýär. XVIII asyrda bolsa rasional paradigma jemgyýetçilik pikirinde agalyk ediji ýagdaýa geçýär. Ol filosofiýa barlygyň paýhasynyň bardygy baradaky ynanja daýanýar. Barlygyň paýhasy diýlende diňe bir indiwide degişli paýhasa däl, eýsem indiwidden daşarda we ýokarda durýan dünýä paýhasyna, keramatly paýhasa – Hudaý paýhasyna-da düşünilýär. Tebigat kanunlary we ruhy medeniýet tebigy we adam paýhasynyň ýüze çykyşy hökmünde kabul edilýär. Ol rasional paradigma aşakdaky üç esasa daýanýar:

1. Bu döwürde ýaşan akyldarlar tebigatyň we jemgyýetiň akyla laýyk gurnalandygyna, olaryň paýhasly kanunlar (hudaý, tebigy, ruhy we ş.m.) tarapyndan dolandyrylýandygyna ynanypdyrlar.

2. Filosoflaryň esasy köpçüligi ol kanunlara adam aňynyň, duýgy tejribesiniň akyl ýetirmek mümkinçiligini ykrar edipdirler.

3. Akyldarlar alnan bilimiň kömegi bilen tebigaty adamyň gullugyna goýup, jemgyýeti we adamy kämilleşdirip boljakdygyna ynanypdyrlar. Mysal üçin, ýewropa magaryfçylary jemgyýetde we tebigatda dörän islendik meseläni ylmyň kömegi bilen çözmekligi teklip edipdirler.

Şol döwürde adamzatda öz güýjüne, aňyna, ylma we progrese bolan uly ynam döreýär. Ýöne hakykat ýüzünde ylmy we sosial-taryhy durmuş garaşylandan has çylşyrymly, has kyn bolup çykýar. Sosial durmuş kämillikden gaty uzakda bolmagyna galýar. Jemgyýetdäki bar bolan köp sanly kemçilikler barha we barha adam aňynyň kämil-

[6] *Paradigma* – haýsydyr bir meseläni goýmaklygyň, düşünmekligiň ýa-da çözmekligiň umumy nusgasy, ýörelgeler ulgamy.

likden daşdadygy baradaky pikirleriň döremegine we berkemegine sebäp bolýar. Jemgyýetdäki nogsanlyklar sebäpli sosial dartgynlyk güýjeýär. Halklaryň, döwletleriň arasynda döreýän uruşlaryň möçberiniň artmagy, barha pajygaly häsiýete eýe bolmagy nusgawy filosofik paradigmanyň esasyny opurýar. Onuň netijeliligine bolan ynamy gaçyrýar. Netijede, akyldarlaryň arasynda tebigatyň kanunlarynyň paýhasa esaslanýandygyna, jemgyýetiň we adamyň kämilleşmegine bolan ukybyna bolan ynam gaçýar.

Jemgyýetçilik ylymlarynda bolsa hakykatyň otnositelligi baradaky garaýyş ýaýbaňlanýar. Şunuň bilen baglylykda nusgawy rasional filosofiýa dargap başlaýar. Täze filosofik gözlegler köpelýär. XIX, XX, XXI asyrlarda Günbatarda gülläp-ösen we jemgyýetiň, dünýäniň ösüşine güýçli täsir eden köp sanly filosofik ugurlaryň düýbi XIX asyryň ortalarynda tutulýar.

Dörän filosofiýanyň esasy aýratynlygy ol döwrüň medeniýetiniň, ylmynyň, tehnikasynyň we adamzadyň işiniň beýleki görnüşleriniň ösüşi bilen şertlendirilýär. Bu döwürde adamzadyň mümkinçilikleri artýar. Ylym-bilim güýçli ösýär. Tehnologiýalar täze derejä çykýar. Adamlaryň, halklaryň, döwletleriň, medeniýetleriň arasyndaky gatnaşyklar ýygjamlaşýar. Muňa garamazdan milli, dini dawalar güýjäp başlaýar. Ykdysady bölünişik çuňlaşýar. Jemgyýetdäki gatlaklaryň arasyndaky tapawut düýpli artýar.

Häzirki zaman günbatar filosofiýasy özüniň tolerantlygy (latynça tolerantiýa – sabyr-takat), integratiwligi (latynça integratio – üstüni ýetirmek) we antropomerkezligi (latynça antropos – adam, senrium – merkez) bilen tapawutlanýar. Häzirki zaman günbatar filosofiýasynyň tolerantlygy filosofiýanyň dürli ugurlarynyň, mekdepleriniň gapma-garşylyga girmän, özara ylalaşyp ýaşaýandygyny aňladýar. Olar özara integratiwdirler. Takyk ylymlara sinergetikanyň ýörelgeleriniň, ylmyň matematika bilen esaslandyrylmagynyň, ählumumy ewolýusionlyk ýörelgesiniň, ulgamlaýyn çemeleşmeleriň we beýleki usullaryň ornaşdyrylmagy filosofiýanyň tebigy we gumanitar ylymlary bilen birleşmegine sebäp boldy. Häzirki zaman filosofiýasynyň antropomerkezligi onuň öwrenýän meseleleriniň merkezinde adam we adam bilen baglanyşykly meseleleriň durmagy bilen düşündirilýär.

Häzirki zaman günbatar filosofiýasynyň düzümine ekzistensializm, pragmatizm, empirizm, instrumentalizm, neotomizm, neopozitiwizm, logiki semantika, fenomenologiýa, strukturalizm, postmodernizm, germenewtika, sinergetika, psihoanaliz ýaly filosofiýa ugurlary girýär. Olarda häzirki zaman günbatar dünýäsiniň dünýägaraýşynyň esasy aýratynlyklary ýüze çykýar.

*Empirizm.* Ol häzirki zaman günbatar ýurtlarynda ähmiýetini ýitirmedik filosofik akymlaryň biridir. Empirizm – bu duýgy tejribesine daýanýan, ylmy, ýaşaýyş tejribesini hatda ahlagy-da duýgudan çykarýan filosofik akym. Empirizm gnoseologik filosofik akym hökmünde XVII–XVIII asyrlarda kemala gelýär. Bu akym akyl ýetirişde tejribäni bilmekligiň çeşmesi hasaplaýar. Ol rasionallygyň ähmiýetine kemter garaýar. Empirizmiň görnükli wekilleri – F. Bekon, Gobbs, Lokk we beýlekiler. Empirizm subýektiw realizmde-de duş gelýär. Subýektiw empirizmde reallygyň ýeke-täk aňladylmasy subýektiw tejribedir diýlip tassyklanýar. Onuň görnükli wekilleri Berkli bilen Ýumdur.

*Pozitiwizm we postpozitiwizm.* Pozitiwizm XIX–XX asyrlarda Günbatar Ýewropanyň, tutuş dünýäniň ylym-bilimine, medeniýetine, ýaşaýyş durmuşyna täsir eden filosofik ugurlaryň biridir. Ol XIX asyryň birinji ýarymynda O. Kont we G. Spenser tarapyndan döredilýär. Olaryň pikiriçe, öňki filosofiýanyň aýratyn barlag predmeti-de, akyla laýyk usuly hem ýok. Filosofiýanyň öňe sürýän pikirlerini tejribe arkaly barlap hem bolmaýar. Şu sebäpli filosofiýa ylym däl. O. Kont we G. Spenser tejribede alnan bilimlere esaslanýan täze bir filosofiýany döredendiklerini yglan edýärler. Ol filosofiýa ylymda pozitiw filosofiýa (latynça positivus – oňyn) ady bilen bellidir.



O. Kont

Täze dörän filosofiýa dört döwri başdan geçirýär. Pozitiwizm atlandyrylýan birinji döwür O. Kont, J. Mill, G. Spenser ýaly filosoflaryň ady bilen baglanyşykly. Bu döwür XIX asyryň 30-njy ýyllaryna gabat gelýär. Empiriokritisizm ady bilen belli bolan ikinji

döwür XIX asyryň aýaklaryna başlanýar. Onuň görnükli wekilleri E. Mah we R. Awenariusdyr. Üçünji döwür neopozitiwizm – täze pozitiwizm diýlip atlandyrylýar. Ol XX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlanýar. Görnükli wekilleri – M. Şlik, R. Karnap, H. Reýhenbah, F. Frank, O. Neýrat we beýlekiler. Dördünji döwür postpozitiwizm – soňky pozitiwizm adyny alýar. Ol XX asyryň 60–70-nji ýyllarynda başlanýar we häzirki döwre çenli dowam edýär. K. Popper, T. Kun, I. Lakatos we beýlekiler postpozitiwizmiň wekilleridir. Amerikada pozitiw filosofiýa pragmatizm ady bilen kemala gelýär we ösýär. Pragmatizmiň Ç. Pirs, W. Jems, S. Huk, F. Şiller ýaly görnükli wekilleri bar.


G. Spenser

Pozitiw filosofiýany esaslandyryjylaryň biri Ogýust Kont öňki filosofiýany netijesini barlap bolmaýan ylymlaryň hataryna goşýar. Ýöne ony dolulygyna inkär etmeýärde, onuň wezipelerini gysgaldýar. Kontuň pikiriçe, filosofiýa umumy ylmy usuly işläp düzmek we ylymlaryň arabaglanyşygyny ýüze çykarmak bilen meşgullanmaly. Ol filosofiýanyň akyl ýetiriş we metodologik funksiýalaryny ykrar edip, dünýägaraýyş, gymmatlyk, ynsanperwerlik, estetiki, ewristiki ýaly funksiýalaryny inkär edýär.

XIX–XX asyrlaryň çatrygynda günbatar ýurtlarynda elektrodinamika, atom teoriýasy, otnositellik teoriýasy ýaly täze teoriýalaryň döremegi, duýgy agzalarynyň fiziologiýasynyň we psihologiýanyň ösmegi bilen nusgawy fizika krizise düşýär. Tebigata bolan täze garaýyşa zerurlyk döreýär. Şeýle şertlerde *empiriokritisizm* – tejribäni tankytlamak taglymaty döreýär. Bu ugruň tarapdarlary Ernst Mah (1838–1916) we alym Rihard Awenarius (1843–1896) akyl ýetirişi we materiýany inkär edýärler. Olaryň pikirine laýyklykda dünýäde diňe syzgylar bar. Ylmy maglumatlar syzga esaslanýarlar. Düşünjeler hem syzgylaryň toplumydyr.

*Neopozitiwizm.* XX asyryň 20-nji ýyllarynda pozitiwizmiň üçünji taryhy görnüşi – neopozitiwizm kemala gelýär. Neopozitiwizm-

de tebigy ylymlaryň, matematikanyň, logikanyň gazanan üstünlikleri giňden ulananylýar. Filosofiýanyň bu ugruna Wena gurnagynyň wekilleriniň täsiri uly bolupdyr. Olaryň täsiri bilen logiki pozitiwizm döreýär.

Neopozitiwizmiň wekilleri üçin filosofiýanyň öňe sürýän meseleleri galp, ýalan häsiýete eýedir. Rasseliň pikirine görä, filosofiýanyň tebigat, jemgyýet we akyl ýetirmek bilen işi bolmaly däl. Sebäbi olary anyk tebigat ylymlary öwrenýärler. Filosofiýa jemgyýetde bar bilimiň görnüşlerini, diliň görnüşleriniň logiki-sintaktik we semantik gurluşyny öwrenmelidir. Onuň düzümini metafiziki düşünjelerden halas etmek olary öwrenmegiň esasy maksadydyr. Neopozitiwçileriň pikirine görä, filosofiýa teoriýa däl-de metoddyr.

*Postpozitiwizm.* XX asyryň ikinji ýarymynda neopozitiwizm özüniň täsirini ýitirýär, geçen asyryň 60–70-nji ýyllarynda ylymda postpozitiwizm adyny alan täze filosofik akyma öz ornuny berýär. Bu akymyň döremeginde awstriýaly filosof, sosiolog Karl Popperiň (1902–1994) hyzmaty uludyr. Şeýle hem postpozitiwizmiň wekilleri bolan T. Kun, I. Lakatos we beýlekiler başky pozitiwizmiň köp sanly ideýalaryndan daşlaşýarlar.

Postpozitiwçiler ylmy bilimleri seljermek, olaryň emele geliş we ösüş aýratynlyklaryny öwrenmek bilen meşgullanýarlar. Olaryň işlerinde ylmyň döreýiş taryhy filosofiýasynyň esasy goýulýar. Popper ilkinjileriň biri bolup ylmy bilimleriň ösüş teoriýasyny döretmeklige girişýär. Ol ylmy bilimlere absolýut hakyky bilimler hökmünde seretmeklikden boýun towlaýar. Onuň pikiriçe, islendik ylmyň ýalňyşmagy, dogry ýoldan çykyp, azaşmagy (fallibilizm ýörelgesi) mümkin.

Postpozitiwizmiň wekilleriniň pikirine görä, alymlar hakykat barada empirik bilim bilen teoretik bilimleriň özara berk baglanyşygy bolan çaklamany öňe sürýärler. Wagtyň geçmegi bilen öňe sürlen çaklama täze deliller bilen inkär edilýär. Onuň ornuna soňky delilleri özünde jemleýän, hakykatyň indiki ösüşini hem göz öňüne tutýan has täze, has batyrgaý çaklama gelýär. Bu ýagdaý proses görnüşinde bolup, üznüksiz dowam edýär. Şeýle ýol bilen ylmy akyl ýetirişiň çuňlugy we giňligi amal edilýär. Şeýle usul bilen postpozitiwçiler ylmy bilimleriň otnositelligini we ösýänligini esaslandyrýarlar.

*Ekzistensializm* (latynça exsistentia – dowam etmek, ýaşaýşy dowam etmek) ýa-da ýaşaýşy dowam etmek filosofiýasy belli bir derejede pozitiwizme jogap hökmünde döreýär. Ol häzirki zaman irrasional filosofiýanyň bir görnüşidir.

Ekzistensializmiň düzüminde birinji jahan urşy döwründe Martin Haýdegger (1883–1969) we Karl Ýaspers (1883–1969) tarapyndan esaslandyrylan nemes we ikinji jahan urşy döwründe Žan Pol Sartr (1905–1980), Alber Kamýu (1913–1960) we Gabriel Marsel (1889–1973) tarapyndan döredilen fransuz mekdepleri tapawutlandyrylýar. Olar eksiztensializmiň aýry-aýry ugurlarydyr. Çünki bu mekdepleriň taglymatlarynyň arasynda düýpli tapawutlar bar.


M. Haýdegger

Ekzistensializm tutuş taglymat hökmünde çykyş edýän bolsa-da, onuň içinde bitewilik ýok. Ýasparsiň we Marseliň taglymaty dini görnüşde bolsa, Haýdeggeriň, Sartryň we Kamýunyň ekzistensializmi ateistik görnüşdedir. Gysga döwrüň içinde bolup geçen jahan uruşlary ekzistensializmiň tarapdarlarynyň köpelmegine getirdi. Olar adamyň ýaşaýşy, adamyň dowam etmek meselesini ylmy mesele hökmünde filosofiýanyň öňünde lükgeligi bilen goýýar. Ylmyň we tehnologiýalaryň gazananlarynyň adamyň we siwilizasiýanyň garşysyna ulanylmagy, adam ömrüni hiç zatça görmeýän syýasy düzgünli döwletleriň köpelmegi adamzadyň ertirki gününe bolan ynamyny gaçyrýar. Adamlarda durmuşa howsalaly garamak, geljekden gorkmak duýgusyny döredýär. Şonuň üçin ekzistensial filosoflar adam, adamyň içki dünýäsi meselesine ýüzlenýärler. Olar adam indiwiduallygyny, onuň gaýtalanmazlygyny, adamdaky adamçylygy öwrenmäge girişýärler. Ekzistensial filosoflar adamyň barlygy we manysy, adamyň erkinligi we dünýädäki orny ýaly meseleler bilen ymykly gyzyklanyp başlaýarlar.

Ekzistensia ekzistensializmiň esasy kategoriýasydyr. Ol kategoriýa bilen başga hiç kime meňzemeýän, aýratyn alnan şahsyýet aňladylýar. Adamyň aýratynlygy, gaýtalanmazlygy onuň akyl, beden,

durmuş tejribesi we beýleki tapawutlarynda ýüze çykýar. Ekzistensiýa – bu subýektiň özüniň dünýädäki barlygy baradaky gaýgy-gamydyr.

Adamyň dowam etmesi onuň düýp manysyndan öň gelýär diýen pikir ekzistensializmiň esasyny düzýär. Çaga dogulýar, duýýar, dem alýar, iýýär, içýär. Ol ýagşy-da däl, ýaman-da. Ol şeýle häsiýetlere – düýp manysyna geljekde eýe bolmaly. Bu ýerde dowam etmek düýp manydan öň gelýär.

Öňde goýan maksadyna ýetmek üçin adam özüni şahsyýet hökmünde kemala getirýär. Ýaspersiň sözleri bilen aýtsak, adam öz dünýäsini özüniň isleýşi ýaly döredýär. Ýöne öňde goýlan maksadyň bolmazlygy, adamda howsalanyň, gorkynyň, göwnüçökgünligiň, lapykeçligiň döremegine sebäp bolýar. Ol duýgular adam ömrüniň hemrasyna öwrülýärler.

Ekzistensiýa subýektiň hemişe öz çäginden daşary çykmaklyga bolan ymtylyşydyr. Ol ilkibaşdan adamdan däl-de, başga zatdan – transsendensiýadan garaşly bolýar. Dini ekzistensializmde transsendensiýa diýlende diňe ynanja açylýan gizlinlige, keramata, Hudaýyň barlygyna düşünilýär. Onda Hudaýa gönükdirilen adam barlygyna ekzistensiýa diýlip düşünilýär. Ateistik ekzistensializmde transsendensiýa adamda gorky, göwnüçökgünlik, howsala döredýän we adamyň özüni döredýän zat hökmünde göz öňüne getirilýär.

*Pragmatizm*. XIX asyryň 70-nji ýyllarynda ABŞ-da pragmatizm (grekçe *pragma* – peýdaly iş, hereket) filosofiýasy döreýär. Ony Ç. Pirs, U. Jems, J. Dýu we J. Mid dagy esaslandyrýarlar. Pragmatik filosofiýanyň wekilleriniň pikirine görä, filosofiýa substansiýa we oňa akyl ýetirmek meselesi bilen meşgullanmaly däl. Ol adamlaryň ýaşamaklaryna kömek edýän, olaryň tejribe işindäki meseleleri çözýän umumy usul bolmaly.

Pragmatik filosofiýanyň üns merkezinde adam we onuň işi hem-de sosial işjeňligi durýar. Adamyň sosial işjeňliginiň ýeke-täk çeşmesi onuň biologik tebigatydyr. Adam ýaşamak üçin daşky dünýäniň talaplaryna uýgunlaşmaly, şoňa laýyk üýtgemeli bolýar. Muny başaryp bilenler oňat ýaşaýarlar. Daşky dünýä uýgunlaşmak prosesinde beýni ilki bilen ýaşaýan gurşawy bilen oňaýly gatnaşyk meselesini çözýär.

Pragmatik nukdaýnazardan praktika bilen teoriýanyň, ruhulyk bilen maddylygyň, keşp bilen onuň ýerleşýän ýeriniň arasynda düýpli tapawut ýok. Esasy zat daşky gurşaw bilen «yzygiderli gatnaşyk» ýörelgesini amal etmekdir. Ol ýörelge adamda endigiň döremegini üpjün edýär. Endik durnukly ynanjyň ýa-da stereotipiň emele gelmegine esas bolýar. Bu gatnaşykda köne endiklerden ýüz öwrüp, has täze, has netijeli we peýdaly endikleri döretmek oňat netije berýär. Köne Amerikanyň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli reformalary hem şol maksada ýetmeklige ymtylypdyr.

Daşky dünýäni özleşdirmeklige gymmatlykdan ugur almaklygyň ornaşdyrylmagy – pragmatizm filosofiýasynyň esasy artykmaçlygynyň biri. Pragmatik filosofiýa subýektiw gyzyklanma we bähbitlilige daýanýar. Şeýle çemeleşme Ýewropada pozitiwizmiň agalyk edýän döwründe günbatar filosofiýasy üçin täzeçillik boldy.

Pozitiw filosofiýadan tapawutlylykda pragmatik filosofiýada hakykata barýan ýol bilen gymmatlyklar ýoly gabat gelýär. Bu ýagdaý pragmatik filosofiýa peýdaly zat hakykydyr, hakykylygyň çeşmesi peýdalylykdyr diýlen netijä gelmäge mümkinçilik berýär. Bu ýerde ýene diňe häzirki döwre gabalan, diňe häzirki ýeri we häzirki wagty görýän fenomenalizm öňe çykýar. Hakykylygyň çeşmesi hökmünde aýratynlykda alnan, wagt tarapyndan çäklendirilen adamyň tejribesi çykyş edýär. Adam tejribesi hakykat barada gymmatlyklar gönükdirijisinden geçirilen garaýyşlardyr. Şonuň üçinem tejribede obýektiw mazmun däl-de subýektiw garaýyşlar esasy orny eýeleýär.

«Peýdaly, diýmek, hakyky» diýen ideýa pragmatik filosofiýanyň merkezi ideýasydyr. Ol ideýa pragmatizmiň özboluşlylygyny, aýratynlygyny kemala getirýär. Şol ideýa pragmatizmiň düýpleýin, esasy ylymlara ynamsyzlyk bilen seretmegini, daşky dünýä, adamlara, zatlara bolan utilitar gatnaşygyny kesgitleýär. Peýdalylyk ideýasy üstünligi, ýeňşi esasy maksat diýip yglan edýär. Pragmatizmiň hemmelere düşnükli bolan bu ideýasy köpleriň göwnünden turýar. Ol özboluşly pragmatik aňyň kemala gelmeginiň faktory bolýar. Pragmatik filosofiýa uýýan, onuň talaplary boýunça ýaşaýan adamlar üçin imij – daşky görnüş birinji ýere çykýar. Beýleki zatlar ikinji derejeli

hasaplanýar. Pragmatizm adamlardan hemişe üstünlik gazanmaklygy, öz ähmiýetliligini ýokarlandyrmaklygy talap edýär.

*Instrumentalizm* düşünjeleri, ideýalary pikirlenmek arkaly barlamagy hereketiň, işiň, amalyň guraly hasaplaýar. Instrumentalizm filosofiýada we ylmy usulyýetde özboluşly bir ugurdyr. Ol bilimi we ylmy adamlaryň nazary we tejribe işinde hadysalara, wakalara akyl ýetirmek üçin çelgi hasaplaýar. Bu ugur ylym we bilim tebigat bilen jemgyýetiň gatnaşygynda amatly şertleri döredýär diýip hasap edýär. Instrumentalizm akymynyň wekilleri ylmy düşünjeler, çaklamalar, teoriýalar adamyň hereketi üçin guraldyr, ýöne ol dünýä zatlarynyň şöhlelenmesiniň netijesi däldir diýen pikiri öňe sürýärler. Bu akym ylmyň usulyýetine, şonuň ýaly-da sosiologik hadysalary düşündirmäge özüniň belli bir täsirini ýetirýär.

*Fenomenologiýa.* Fenomenologiýa (grekçe phainomenon – gelýän we logos – bilim) XX asyrda günbatar filosofiýasynda ýüze çykan ugurlaryň biridir. Bu adalganyň özi öň Kantyň we Gegeliň filosofiýasynda hem ulanylýar. Ol taglymat hökmünde Edmund Gusserl (1658-1938) tarapyndan esaslandyrylýar we Martin Haýdegger (1889-1976) tarapyndan ösdürilýär. Fenomenologiýa XX asyryň başynda we ortalarynda nemes we fransuz filosofiýasynda uly ähmiýete eýe boldy. Şelleriň « Etikada formalizm we gymmatlyklaryň material etikasy», Haýdeggeriň «Barlyk we wagt», Sartryň «Barlyk we hiç zat», Merlo – Poniniň «Kabul etmegiň fenomenologiýasy» ýaly işleri fenomenologik barlaglaryň esasyny düzdi. Fenomenologiýa akyl ýetiriş usulynda obýektiw maddy zatlar bilen iş salyşman, diňe duýgularyň komponentleri bolan duýmaklyk, beýnä ornaşdyrmaklyk bilen iş salyşýar. Şeýlelikde, onuň esasy meselesi aň bolup, taglymatda manylaryň ideal logiki baglanyşygynyň özboluşlylygyny kesgitlemek meselesinden ugur alýar.

Häzirki zaman filosofiýasynda fenomenologiýa aňyň arassa seljermesini usuly hökmünde seredilýär. Ol aňyň gurluşyny kesgitlemek, onuň işleýşinini öwrenmeklik bilen meşgullanýar. Aňy naturalizmden arassalamaga çalyşýar. Fenomenologiýanyň esasyny zatlaryň manysyny açyp görkezmek düzýär.

*Strukturalizm* XX asyryň 20-nji ýyllarynda ynsanperwerlik ylymlarynda ýüze çykan ylmy ugurlaryň biridir. Strukturalizmiň

ynsanperwerlik ylymlarynyň tejribeden abstrakt – teoretiki barlaglara geçmegi netijesinde ýüze çykmagy bu geçişiň esasynda modelirleme we gurluş usullarynyňyň bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Ol ilki bilen lingwistikada işlenip düzülýär, soň edebiýaty öwrenişde, etnografiýa we beýleki ynsanperwer ylymlaryna hem ýaýrap başlaýar. Strukturalizm bilimiň köp pudaklaryny öz içine alýar. Gysga manyda ol filosofiýada gurluş usulyny ulanmak bilen baglydyr. Geçen asyryň 60-njy ýyllarynda strukturalizm Fransiýada has giňden ýaýrap başlaýar. Onuň görnükli wekiller Lewi-Stros, Fukon, Derridan, Lakan, U. Ekon we başgalar.

Filosofik strukturalizm şweýsar lingiwisti Ferdinand de Sossýur tarapyndan esaslandyrylan gurluş lingiwistikasyndan ösüp çykýar. Ol ilkinji bolup gurluş seljermesi diýlip atlandyrylan ylmy barlag usulyny esaslandyrýar. Ol usul gurluşy bitewilikdäki bölekleriň arasyndaky «gizlin gatnaşyklaryň» jemi hökmünde ýüze çykarmaklygy we öwrenmekligi göz öňünde tutýar. Ýöne olary diňe «abstraksiýanyň güýji» bilen ýüze çykarmaklyk mümkin. Barlag pursadynda bölekleriň tebigy, many aýratynlyklaryna üns berilmän, diňe bölekleri baglanyşdyrýan gatnaşyklaryna garaşly häsiýetler ýüze çykarylýar. Soňlugy bilen bölekleriň arasyndaky gatnaşyklarda olaryň tebigy, many häsiýetlerine üns bermän, olaryň gatnaşyklaryny baglanyşdyrýan häsiýetlerini öwrenmeklik gurluş seljermesiniň esasy ýörelgesine öwrülýär. Ol ýörelgä laýyklykda, bitewilige birleşen bölekleriň özlerini alyp baryşlaryndan bitewiligi düzýän gurluş, guramaçylyk has ähmiýetli hasaplanýar.

Gurluş seljermesi usulynyň ikinji ýörelgesi ulgamyň dürli wagtda täsirleşýän we üýtgeýän ösüşini däl-de ulgamyň içinde şol bir wagtda bilelikde dowam edýän bölekleriniň özara täsirlerini öwrenmekligi göz öňünde tutýar.

Fransuz filosofik strukturalizminiň wekilleri diliň gurluş seljermesi usulyny has çylşyrymly sosial hadysa bolan medeniýeti öwrenmekde ulanyp başlaýarlar. Olar şonda dil islendik ruhy durmuşyň esasydyr diýen garaýşa daýanypdyrlar. Şol garaýşa laýyklykda, medeni döredijiligiň esasynda adamyň pikirlenmesini üpjün edýän dil gurluşy bar. Ol adamyň diňe bir ruhy durmuşynda däl, eýsem tejribesinde, düzgün-kadalarynda-da ýüze çykýar. Umumylykda alnanda,

sosiomedeni döredijiliginiň islendik önümi nyşanlar ulgamlarynyň jemidir. Olara dil, medeniýet, sungat, din, ylym degişlidir.

*Neotomizm* XIX asyryň ahyrynda döreýär. Onuň esasyny orta asyr dini filosofy Foma Akwinskiniň taglymaty düzýär. Neotomizm Hudaýyň barlygyny filosofik taýdan esaslandyrmaklyga, dürli hili dini dogmalary subut etmeklige, belli bir ruhy başlangyç hökmünde «arassa barlyga» garamaklyga çalyşýar. Hristian däplerini, katolik buthanasynyň alyp barýan işlerini, katolisizmiň medeni-ruhy ýagdaýyny öwrenmeklik neotomizmiň sosial-filosofik taglymatynyň üns merkezinde durýar.

Neotomizmiň täsirli wekilleri – Žak Mariten (1882–1973), Etýen Anri Žilson (1884–1978), Ýuzef Mariýa Bohenskin (1902–1995) we beýlekiler. Neotomizmiň merkezi meselesi Hudaýdyr. Hudaý gutarnyksyz, baky, döredilmedik, kämil şahsyýet reallygy hökmünde kabul edilýär. Ol özünden başga bar bolan ähli zatlary döreden, ähli manylyklara degişlilikde akyl ýetirmekden daşda, ýöne bu dünýäde degerli barlygyny saklaýar. Neotomizm ilki bilen Hudaýy duýgy tarapdan kabul edýär. Neotomizmde filosofiýany Hudaýyň barlygyny esaslandyrmaklykda ulanylýar. Onuň dini derňemeklikde, dini ynançlary we adamyň hakykylyga gatnaşygyny düşündirmeklikde rassionallyk tarapy güýçlüdir.

Neotomizm empirizmi we rasionializmi, dini we ylmy birikdirmeklige ymtylýar.

*Logiki semantika.* XX asyryň 30-njy ýyllaryň ahyrlarynda günbatar ýurtlarynda Umumy semantika topary döreýär. Onuň wekilleri (Ç. Morriz, S. Çeýz we başgalar) esasy ünsi sözleriň we sözüň ýüze çykyşynyň ähmiýeti hakyndaky meselä gönükdirýärler.

Logiki semantika filosofiýasynyň wekilleri sözleriň, diliň sosial mazmunyny, olaryň jemgyýetçilik ganaşyklarynda esasy serişde bolup hyzmat etmek funksiýasyny inkär edýärler. Sözi, dili pikirlenmeden üzňe alýarlar. Olaryň pikiriçe, söz, dil subýektiň içki tolgunmalarynyň özakymlaýyn ýüze çykyş prosesidir. Diýmek, obýektiw dünýä sözler, dil bilen çylşyrymlaşýar we dile üns berilýän esasy reallyga öwrülýär. Sosial durmuşdaky «kapitalizm», «demokratiýa», «faşizm», «azatlyk» ýaly köp sözler real faktlara ters gelýärler we ýiti

gapma-garşylyklaryň, göreşleriň, konfliktleriň esasy çeşmeleri bolup hyzmat edýärler. Çeýziň aýtmagyna görä, jemgyýeti konfliktlerden, sosial garşylyklardan halas etmek üçin dilde semantik reformany geçirmek we ony «howply» sözlerden arassalamak gerek. Şeýlelik bilen, semantik filosofiýa jemgyýetiň, köpçüligiň ünsüni jemgyýetde bolup geçýän kynçylyklardan sowmaklygy niýet edinýär. Semantik filosofiýa öz döwrüniň ideýalaryny goramaklyga gönükdirilýär. Ol jemgyýetiň kanunalaýyk ösüşini, erkinlik, azatlyk üçin göreşiň zerurlygyny inkär edýär. XX asyrda logiki semantizmiň dünýä akyl ýetirmekdäki kemçiliklerine akyl ýetiren alymlaryň bir topary ondan ýüz dönderýärler.

*Germenewtika* (grekçe hermeneutike – düşündiriş, teswirleme) – jemgyýetçilik ylymlaryndaky bir akym. Dar manyda germenewtika diýlende ylmyň filologiýa, hukuk, dini filosofiýa ýaly ugurlary boýunça ýazylan ýazgylara düşündiriş bermeklige düşünilýär. Filosofik germenewtika düşünmeklik prosesini gutarnyksyzlyk, germenewtik halka hökmünde göz öňüne getirýär. Onda düşünmeklik sosial barlyga akyl ýetirmegiň şerti hökmünde çykyş edýär. Gadymy döwrüň akyldarlary hem germenewtika ýüzlenipdirler. Olar dürli manyly we görnüşli ýazgylary teswirläpdirler.

Germenewtikanyň taryhy görnüşleriniň biri terjimedir. Terjime başganyň toplan tejribesini öz diliňe geçirmekdir. Onuň beýleki bir görnüşi täzeden dikeltmek – rekonstruksiýadyr. Dikeltmeklik hakyky manyny ýa-da manynyň döremeginiň şetrlerini täzeden döretmeklikdir. Germenewtikanyň taryhy görnüşleriniň ýene biri dialogdyr. Dialog – bu dowam edýän zat barada täze manyny we subýektiwligi kemala getirmekdir.

Germenewtikanyň taryhy ösüşiniň birinji döwri hudaýlaryň erkini ýa-da ymtylyşlaryny *teswirlemek sungatyna gabat gelýär*. Ol antiki döwürde döreýär. Bu döwürde dürli yşaratlara, nyşanlara düşündiriş berlipdir. Mysal üçin, gadymy Gresiýada we Rimde söweşe başlamazdan öňürti serkerdeler dürli haýwanlar bilen baglanyşykly hereketleri edip, olardan söweşiň netijesi barada yşarat-nyşan gözläpdirler. Howa ýagdaýynyň, käbir haýwanlaryň ýa-da guşlaryň yşarat-nyşan hökmünde kabul edilýän wagtlary-da seýrek bolmandyr. Orta asyrlarda

keramatly kitaplara düşündiriş bermeklik, ondaky ýazgylardan gizlin syr gözlemeklik ýoň bolupdyr. Mysal üçin, musulman ýurtlarynda Gurhana seredip, bolýan waka düşündiriş bermäge synanyşypdyrlar. Serkerde, ruhany we başgalar Gurhanyň haýsy bolsa-da bir sahypasyny açyp, şol ýerdäki ýazgylardan-aýatlardan şol döwürde bolup geçýän hadysa, waka, meselä çözgüt gözläpdirler. Şeýle çemeleşme hristian dinine uýýan halklarda-da adaty ýagdaý bolupdyr.

Täzeden döreýiş döwründen başlap düşünmeklige täzeden dikeltmeklik hökmünde garap başlaýarlar. Protestant dininiň täsirinde bolan medeniýetde düşünmeklik filosofiýasy keramatly kitaplardaky Hudaýyň sözleri bilen ol kitaplara adamlaryň goşan goşantlaryny aýylsaýyl etmeklige çalyşýan dini germenewtika öwrülýär. Täzeden dikeltmekligiň tehnikasy, usuly Şleýermaher tarapyndan has ösdürilýär.

Germenewtika filosofik mesele hökmünde nemes filosoflary F. Şlegel (1772–1829) we F. Şleýermaher (1768–1834) tarapyndan esaslandyrylýar. Olar germenewtikany filosofik mesele hökmünde öňe sürüp, poeziýada, sungatda we medeniýetiň dürli görnüşlerinde obýektiw gözellik meseleleriniň «filosofik dilini» şöhlelendirmeklige çalşypdyrlar.

Häzirki döwürde germenewtik filosofiýanyň wekilleri E. Betti, G. Gadamer, M. Londman germenewtikany diňe bir gumanitar ylymlarynyň usuly hasaplamak bilen çäklenmän, ony adam durmuşynyň hem-de medeni-taryhy ýagdaýlaryň kesgitlenilmeginiň usuly we görnüşi hasaplaýarlar.

Germenewtikanyň filosofik bilimi adam dünýäsi bilen baglanyşykly bolup, esasan, adamlaryň arasyndaky gatnaşygy aňladýar. Bu akym sosial näsazlyklar, esasan, adamlaryň olary özara düşündirip bilmeýändikleri üçin döreýär diýen ideýa gulluk edýär.

*Modernizm we postmodernizm.* Modernizm düşünjesi XX asyryň aýaklarynda günbatar ýurtlarynyň filosofiýasynda medeni ösüşiň derejesini aňlatmak üçin ulanylyp başlanýar. Modern düşünjesi göni terjime edilende «häzirkiden soňky» diýen manyny berýär. Modern diýlende filosoflaryň bir topary Täze döwre, beýleki bir topary hem magaryfçylar döwrüne düşünýärler.

Modernizm döwründe adamzat tebigatyň we jemgyýetiň ähluumumy kanunalaýyklyklaryny açmaklyga we olary umumadamzat bähbidi

üçin ulanmaklyga ymtylypdyr. Onuň wekilleri ylma we sosial progrese çäksiz ynanypdyrlar. Olar ylmyň kömegi bilen tebigatyň üstünden agalyk etmäge, jemgyýetde sosial adalatlylygy we ynsanperwerligi ýola goýmaga çalşypdyrlar. Ýöne wagt we döwür ylmyň hem howply güýç bolup biljekdigini görkezdi. Ylym adamzat we tebigat babatynda diňe bir progresiň däl, eýsem regresiň hem bolup bilmegini şertlendirdi. XIX asyryň ikinji ýarymyndan pikirlenmäniň bu görnüşi we umumymilli paradigma nusgawy däl filosofiýa tarapyndan tankytlanyp başlanýar. Netijede, postmodernçi pikirlenme döreýär.

*Postmodernizm* adalgasy nusgawy we nusgawy däl filosofiýadan düýpli tapawutlanýan hem-de häzirki zaman dünýäsiniň iň üýtgeşik filosofiýasyny aňlatmak üçin ulanylýar. Bu filosofik akymyň görnükli wekilleri hökmünde R. Bart, Bataý, Bataşon, Bodriýar, Delez, Derridan we beýlekiler tanalypdyr.

Toýnbiniň 1939-njy ýyldan 1946-njy ýyllar aralygynda ýazan işlerinde postmodernizm adalgasy bilen öňki modern zamanyndan düýpli tapawutlanýan häzirki zaman eýýamy aňladylýar. Toýnbi häzirki zamanyň başlanýan döwri hökmünde birinji jahan urşunyň başyny görkezýär. 1960–1970-nji ýyllarda postmodernizm adalgasy binagärlikdäki, sungatdaky täzeçillikleri aňlatmak üçin peýdalanylýar.

Postmodernizmiň tarapdarlarynyň filosofiýanyň nusgawy we nusgawy däl görnüşleri bilen postmodernizmiň hiç hili baglanyşygynyň ýokdugyny tekrarlaýarlar. Muňa garamazdan, postmodernçi filosofiýa köp zatlar babatda nusgawy däl filosofiýa (Nisşeden başlap) we poststrukturalizm, fenemenologiýa, neomarksçylyk, psihoanaliz, lingiwistika, semiotika bilen genetiki baglanyşykdadyr. Häzirki zaman günbatar medeniýeti özüni postmodern ýa-da wagtdan, taryhdan soňky gymmatlyk hökmünde göz öňüne getirýär. Şunuň bilen birlikde häzirki zaman filosofiýasy hem özüni diňe bir postdöwrebap hasaplaman, eýsem postfilosofiýa hem hasaplaýar. Beýle diýildigi onuň filosofiýa mahsus bolan filosofik meselelerden, düşünjelerden we nusgawy semantik gymmatlyklardan baş gaçyrmaklygyny aňladýar. Mysal üçin, postmodernçi filosofiýa filosofik bilimi ontologiýa, gnoseologiýa ýaly bölümlere bölmekden gaça durýarlar. Şonda olar adamlaryň pikirlenişiniň üýtgändigini esas edinýärler. Olar häzirki zaman adamynyň pikirlenişine-de «postmodernçi pikirlenme» diýip at goýýarlar.

Postmodernçi filosoflar bilimiň hemişelik däldigini, onuň durnuksyzdygyny belleýärler. Olaryň pikiriçe, tejribeden alnan umumy netijelere seredeniňde anyk netijeler has peýdalydyr. Hakykat Kantyň «özlügine galýan zatlary» ýalydyr. Oňa akyl ýetirmekden adamyň aňy ejiz gelýär. Alnan bilim hemişe otnositeldir. Şonuň üçin hem hiç kim gutarnykly hakykata ýetip bilmez. Islendik bilim, aň ýetirme gutarnykly, anyk, doly bolmadyk teswirlemeden ybaratdyr. Şeýle-de, jemgyýetde bar bolan synpylyk, millilik, din, sosial gelip çykyş ýaly ýagdaýlar hem oňa täsir edýär.

Postmodernçilige görä, dünýä özüne düşündiriş berýänlerden we düşündirilýänlerden aýry dowam etmeýär. Dünýä hakyndaky garaýyşlar hem ol hakyndaky düşündirişleriň üsti bilen amal edilýär. Akyl ýetirişiň obýekti we subýekti bölünmeýär. Akyl ýetirişiň obýektinem biz oňa öň düşündiriş beren subýektleriň berşi ýaly kabul edýäris. Şunuň bilen baglylykda akyl ýetirişiň islendik obýekti bize çenli düşündiriş berlen zadyň içinde bolýar.

Negatiwlik postmodernizmiň esasy alamatlarynyň biridir. Postmodernizme çenli anyk, durnukly, ygtybarly hasap edilen adam, medeniýet, ylym, edebiýat, sungat, aň, filosofiýa, progres ýaly gymmatlyklar postmodernizmde durnuksyz, anyk däl, hakyky däl zatlar hökmünde inkär edilýär. Postmedernçileriň pikirine görä, ol gymmatlyklar gürrüňe, söze, pikirlenmä, ýazga öwrülýärler. Olary düşündirmek, düşünmek, kämilleşdirmek mümkin. Ýöne adamyň dowam etmeginde, akyl ýetirişinde we işinde olara daýanmak bolmaz.

*Häzirki zaman islam dini filosofiýasy.* Häzirki zaman yslam dini filosofiýasynda esasy iki akym tapawutlanýar. Olaryň biri yslam dini filosofiýasynyň däp bolan – däpçilik ugruny dowam edýär. Beýlekisi yslamda täze modernçilik ugruna ýykgyn edýär. Köne däp-dessurlaryň, ykdysady, syýasy we ruhy-medeni gatnaşyklaryň agalyk edýän ýurtlarynda däpçilik dini filosofiýasy agalyk edýär. Ol islendik täzelige, şol sanda täze filosofik garaýşa garşy çykyş edýär. Bu akymyň wekilleriniň pikirine görä, diňe Gurhanyň we şerigatyň talaplaryna laýyk ýaşamak, iş tutmak yslam dünýäsini oňat sosial ösüşlere ýetirip biler.

Yslam filosofiýasynyň modernçi ugry XIX asyrda döreýär. Yslam ýurtlarynyň ykdysadyýetde, syýasatda, sosial durmuşda yza galmagy, yslam ýurtlarynyň köpüsiniň günbatarlylar tarapyndan basylyp alyn-

magy, dolandyrylmagy ýa-da olaryň düýpli täsiri astynda bolmagy täze dini filosofiýa bolan zerurlygy döredýär. Döwrüň talaplaryna laýyklykda dine täzeçe garamagy talap edýän akyldarlar peýda bolýar. Olar dini filosofiýany kämilleşdirmek arkaly sosial durmuşy kämilleşdirip boljakdygyna ynanýarlar. Yslam dini filosofiýasynyň moderncçi ugrunyň iň görnükli filosoflary hökmünde hindistanly, ahyrynda «Päkistanyň atasy» adyny alan Muhammet Ykbalyň (1877–1938) we müsürli Muhammet Abdonyň (1849–1905) atlaryny tutmak bolar. Olar kartezan dualizmini öňe sürmek arkaly paýhas bilen ynanjyň, şeýle hem günbatar we gündogar medeniýetiniň deňagramlylygyny amal etmeklige synanyşýarlar. Moderncçiler Hudaýyň bitewiligini we ýekedigini ykrar edýärler hem-de adam tarapyndan döredilen zatlar bilen onuň hiç hili meňzeşliginiň ýokdugyny tekrarlaýarlar. Häzirki zaman yslam filosofiýasynyň täze moderncçilik ugrunyň wekilleri adam aňynyň çäksiz mümkinçiliklerine, adamyň erkinliklerine we durmuşda edýän işleri üçin jogapkärçiliklerine ynanýarlar.



Muhammet Ykbal

## 2.16. XX – XXI asyrlarda Türkmenistanda filosofiýanyň ösüşi

XIX asyryň soňlarynda – XX asyryň başlarynda türkmen jemgyýetiniň durmuşyna dünýewi bilim ulgamy ornaşyp başlaýar. Türkmen halkynyň ruhy dünýäsine rus-ýewropa medeniýetiniň täsiri mese-mälim duýlup ugraýar. Ylmyň döwre mahsus bolan ugurlary aralaşýar. Bu prosese türkmen topragynda sowet jemgyýetçilik gurluşynyň amal edilmegi, Türkmenistan respublikasynyň döredilmegi hem kesgitli täsirini ýetirýär. Şeýle ýagdaýlar ülkede filosofiýanyň döwrüň talaplaryna laýyk ösüşe eýe bolmaklygyny şertlendirýär.

XX asyryň ortalaryndan başlap respublikada filosofiýanyň ösüş depgini artyp ugraýar. Oňa filosofiýany öwrenmäge we öwretmäge gönükdirilen çäreler öz täsirini ýetirýär. 1951-nji ýylda döredilen Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzüminde ilki filosofiýa

bölümçesi, 1959-njy ýylda filosofiýa we hukuk bölümi, soňra bolsa Filosofiýa we hukuk instituty döredilýär. Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde filosofiýa kafedralary açylýar. Aspiranturalaryň, doktoranturalaryň işi ýola goýulýar. Netijede, filosofiýanyň dürli ugurlary boýunça ylmy barlaglary alyp barmaga mümkinçilikler döreýär. Geçen asyryň 50–80-nji ýyllarynda Türkmenistanda filosof alymlaryň uly topary ýetişýär. Akademik Geldi Çaryýew, professorlar Gylyç Mülliýew, Täşli Hydyrow we beýleki filosoflar bu nesliň görnükli wekilleri hökmünde Türkmenistanyň çäklerinden daşarda-da meşhurlyga eýe bolýarlar.

Bu döwürde filosofiýanyň dürli ugurlary boýunça ylmy barlaglar geçirilýär. Kandidatlyk we doktorlyk dissertasiýalary ýerine ýetirilýär. Milli filosofik mirasyň öwrenilmegi ýola goýulýar. Türkmen akyldarlarynyň – Azadynyň, Magtymgulynyň, Andalybyň, Zeliliniň, Mollanepesiň, Seýdiniň we beýleki şahyrlaryň filosofik garaýyşlary derňelýär. Türkmen halkynyň milli-etniki garaýyşlarynyň we jemgyýetçilik-syýasy pikirniň ösüş taryhy yzarlanýar. Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşynyň filosofik meseleleri seljerilýär. Dünýä filosofiýasynyň gazananlaryny, ösüş aýratynlyklaryny we meýillerini öwrenmäge bagyşlanan işler ýazylýar. Mysal üçin, akademik Geldi Orazowiç Çaryýew Türkmenistanda jemgyýetçilik pikiriniň taryhyny seljermäge, Magtymguly akyldaryň garaýyşlaryny öwrenmäge, nemes nusgawy filosofiýasynyň görnükli wekili Gegeliň ylmy mirasyny derňemäge gönükdirilen barlaglarynyň netijelerini şöhlelendirýän tutumly işlerini çap etdi. Emma döwrüň filosoflarynyň ylmy işlerine çäklilik, birtaraplaýynlyk mahsus. Çünki, olaryň ählisi marksçylyk filosofiýanyň ruhunda, agalyk eden kommunistik ideologiýanyň çäklerinde alnyp baryldy.

Ýurt Garaşsyzlygyna eýe bolmak bilen, Türkmenistanda filosofiýanyň dogruçyl, obýektiw, umumadamzat ülňülerine laýyklykda öwrenilmegi üçin şertler döredi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda halkyň filosofik mirasy, ruhy-medeni gymmatlyklary, milli aňyň ösüş aýratynlyklary dogruçyl öwrenilip başlandy. Bu ugurlarda dissertasion barlaglar, ylmy-derňew işleri alnyp baryldy. Filosofiýanyň ähli meselelerine degişli monografiýalar, ylmy işler, ylmy-usuly, ylmy-populýar makalalar çap edildi. Mysal üçin, filosofiýa ylymlarynyň

doktory Nursähet Baýramsähedowyň milli we umumadamzat filosofik mirasy öwrenmäge saldamly goşant bolan «Gündogaryň beýik danalary» (1992), «Alymlara uýsaň» (1993) atly uly göwrümli işleri neşir edildi.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe filosofiýanyň ösüşiniň hil taýdan täze derejelere çykmagy üçin zerur mümkinçilikler döredildi. Alym Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen türkmen jemgyýetinde döwrebap filosofik pikirlenmäni kemala getirmäge gönükdirilen tutumly başlangyçlara badalga berildi. Orta mekdepleriň 9–11-nji synplarynyň okuw meýilnamasyna filosofik meseleleri hem özünde jemleýän «Jemgyýeti öwreniş» okuw dersi girizildi. 2007-nji ýyldan başlap ýurduň ýokary okuw mekdeplerinde Filosofiýa dersi öwrenilip başlanyldy. Talyplar üçin ýurdumyzyň görnükli filosoflary tarapyndan okuw kitaplary[7] we okuw gollanmalary[8] çap edildi. Ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde ýokary bilimli filosoflary taýýarlamaklyk ýola goýuldy. Filosofiýa boýunça aspiranturalar we doktoranturalar açyldy. Türkmen akyldarlarynyň, alymlarydyr ulamalarynyň, şahyrlarydyr pirleriniň, halk döredijilik çeşmeleriniň filosofik mirasyny öwrenmäge bagyşlanan halkara ylmy-amaly maslahatlar yzygiderli geçirilýär, dürli ylmy-medeni ekspedisiýalar, ylmy saparlar guralýar. Türkmen jemgyýetiniň isleg-bähbitlerini we ösüş meýillerini kesgitleýän döwrebap, maksadalaýyk durmuş filosofiýasyny kemala getirmegiň mümkinçilikleridir şertlerini, usullarydyr ýollaryny seljermäge gönükdirilen ylmy-barlag işleri amal edilýär. Şeýlelikde, raýatlarda filosofik dünýägaraýşy kemala getirmek, filosofik pikirlenmäni ýokary bilimli hünärmenleriň ynsanperwer taýýarlygynyň düzüm bölegine öwürmek, filosofiýanyň ähli ugurlary boýunça düýpli ylmy derňewleri geçirmek üçin filosofiýanyň jemgyýetiň durmuşynda tutýan ornuna barabarlykdaky guramaçylyk binýat emele geldi.

Häzirki döwürde türkmenistanly filosoflar, Milli Liderimiziň şahsy göreldesine eýerip, filosofiýanyň ähli düzüm bölekleri, öwrenýän meseleleri boýunça milli gymmatlyklara esaslanýan, dünýä tejribesine daýanýan ylmy derňewleri, barlag-seljerme işlerini üstünlikli alyp barýarlar.

---

[7] *Muhammetberdiýew Ö., Suwhanow N.* Filosofiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – Aşgabat: Ylym, 2011.

[8] *Danagulyýew O.* we başg. Filosofiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: Ylym, 2010.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Filosofiýanyň taryhynyň meşgullanýan meseleleri barada gürrüň beriň.

2. Gadymy Müsürdäki we Wawilondaky filosofik garaýyşlaryň aýratynlyklaryny ýüze çykaryň.

3. Gadymy Hindistandaky filosofik ugurlary teswirläň.

4. Gadymy Hytaýdaky esasy filosofik ugurlar barada gürrüň beriň.

5. Gadymy Türkmenistandaky paýhasly garaýyşlaryň häsiýetli aýratynlyklaryny açyp görkezmäge çalşyň.

6. Gadymy Grek we Rim filosofiýasynyň umumadamzat gymmatlyklaryna goşan goşandyny kesgitlemäge çalşyň.

7. Ellin-rim filosofiýasynyň görnükli filosoflarynyň garaýyşlary hakynda gürrüň beriň.

8. Orta asyr ýewropa dini filosofiýasynyň düzümindäki akymlaryň öňe süren pikirlerini teswirlemäge çalşyň.

9. Orta asyr musulman filosofiýasynyň tebigat ylymlary bilen baglanyşygyny ýüze çykaryň.

10. Gahrymançylykly «Gorkut ata» şadessanyndaky filosofik pikirler hakynda gürrüň beriň.

11. Gahrymançylykly «Görogly» şadessanyndaky filosofik pikirleri türkmen durmuşy bilen baglanyşdyryň.

12. Täzeden döreýiş filosofiýasynyň mazmun aýratynlyklaryny we onuň sebäplerini açyp görkeziň.

13. Fransuz magaryfçylarynyň filosofiýasyndaky gapma-garşylyklary tapmaga çalşyň.

14. Nemes nusgawy filosofiýasynyň görnükli akyldarlarynyň filosofik garaýyşlary hakynda gürrüň beriň.

15. XVIII–XX asyrlarda ýaşan türkmen akyldarlarynyň filosofik garaýyşlaryndaky umumylyklar barada gürrüň beriň.

16. Häzirki zaman günbatar filosofiýasynyň esasy ugurlarynyň öňe sürýän pikirlerini açyp görkeziň.

17. XX–XXI asyrlarda Türkmenistanda filosofiýanyň ösüşiniň häsiýetli alamatlaryny ýüze çykaryň.

# III. BARLYK HAKYNDAKY TAGLYMAT

## 3.1. Barlyk düşünjesi

Barlyk filosofiýanyň esasy obýektidir. Ony filosofiýanyň ontologiýa diýlip atlandyrylýan şahasy öwrenýär. Ähli ylymlar hem barlygy, ýöne onuň belli bir taraplaryny, hadysalaryny, proseslerini öwrenýär. Filiosofiýa bolsa barlygy bitewilikde ylmy barlagyň predmetine öwürýär. Filosofiýada göze görünýän we görünmeýän maddy we ruhy zatlaryň ählisi barlyk hökmünde kabul edilýär. Barlyk hiç zada bagly bolmadyk hakykylyk bolup, «durmuş», «materiýa», «aň» ýaly filosofik düşünjeler bilen aňladylýar.

Maddy, ideal, tebigy, sosial zatlaryň, hadysalaryň, prosesleri tapawutlandyrýan bölek, biri-birine meňzemeýän edip görkezýän häsiýetler wagtlaýyn, şertli ýagdaýda aýrylan halatynda olary bitewileşdirýän umumy nyşan, umumylyk galýar. Ol umumylyk ähli zatlaryň we hadysalaryň dowam etmek ýa-da barlyk häsiýetidir. Hadysalaryň, zatlaryň we prosesleriň şol umumylygyna filosofiýada barlyk diýilýär.

Barlyk – bu predmetdäki anyklyk, kesgitlilik aýrylan ýagdaýyndan soňra galýan zatlardyr. Islendik zat we hadysa hakynda aýdylan söz açyk ýa-da ýapyk ýagdaýda «bar» diýen sözüň daşynda jemlenýär. Mysal üçin, «Sapardurdyýew Babageldi türkmen ýigidi. Ol Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby we Garaşsyz Türkmenistanyň raýaty» diýen jümläniň manysynda Sapardurdyýew Babageldiniň anyk häsiýetleri – milleti, raýatlygyny, talyplygy, jynsy we ş.m. aýrylan ýagdaýynda onuň diňe barlygy galýar.

Barlyk – bu islendik hakykylygyň dowam edişiniň umumy, köptaraplaýyn we ýeke-täk usulydyr. Islendik zadyň, hadysanyň, prosesiň dowam etmegi üçin onuň bar bolmagy zerurdyr. Dünýäde bar bolan, dowam edýän zatlaryň ählisi barlykdyr.

Filosofiýa ylmynda zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň barlygynyň esasy häsiýetleri ýüze çykarylýar.

Barlyk ähli zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň birinji häsiýetidir. Hakykylygyň dowam etmegi üçin onuň barlyga eýe bolmagy zerurdyr. Barlygyň ýok ýerinde dowam, dowatlylyk ýokdur. Ýokluk barlygyň tersidir. Ýoklugy göz öňüne getirmek, pikiriňe aýlamak hem mümkin däl. Göz öňüne getirilen, pikir eleginden geçirilen ýokluk ýokluk häsiýetini ýitirip barlyga öwrülýär. Dünýädäki barlygy inkär etmeklik-de ýalňyşlykdyr. Sebäbi, dünäde hiç zat ýok diýmekligiň özi logiki gapma-garşylyga getirýär. Çünki, dünýäde hiç zat ýok diýmekligiň özi şeýle pikir edýän adamyň özüniň-de ýoklugyny aňladýar.

Dünýädäki zatlaryň we hadysalaryň barlygy adamyň aňyna ýa-da pikirine garaşly däldir. Olar obýektiw, adam aňyndan garaşsyz dowam edýärler. Olar ähli zatlary gurşap alýarlar, köpdürlüdirler we gutarnyksyzdyr.

Şeýlelik-de dünýädäki ähli zatlar, prosesler we hadysalar dowam edýärler we barlyga eýedir.

Zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň barlygynyň üýtgeýjilik, geçijilik häsiýete eýe bolmagy barlygyň ikinji häsiýetidir. Dünýäde üýtgemeýän, özgermeýän zat, hadysa ýa-da proses ýokdur. Dünýädäki maddylyk-da, ideallyk-da hemişe üýtgeýär, ösüşde bolýar. Ol aşakdan ýokarylyga, ýönekeýlikden çylşyrymlylyga tarap hereketde bolýar.

Barlygyň islendik görnüşiniň wagt we giňişlik çäginde doly ýok bolup, hiç zada öwrülip gitmeýänligi onuň üçünji häsiýetidir. Zatlar, hadysalar ýok bolmaýarlar-da, başga zada, hadysa öwrülip, bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçýärler. Ýabyň ýakasynda gögerip oturan söwüdi alyp göreliň. Wagtyň geçmegi bilen söwüt garraýar, guraýar. Ony çapýarlar. Soňra hem ony ýakýarlar. Bu ýagdaýda söwüt oduna, odun oda, ýalyna, köze we küle öwrülýär. Ekin meýdanyna dökülen kül hem wagtyň geçmegi bilen topraga garylyp, toprak bolýar. Söwüt ýagny bag, agaç hökmünde ýaşamagyny bes etse-de, onuň barlygy doly ýok bolmady. Ol barlyk giňişlikde we wagtda başga bir barlyga öwrüldi. Şeýdip, gutarnyksyz dünýä barlygy emele gelýär. Bu gutarnyksyz dünýä düzümine filosofiýada bitewi dünýä diýip at berilýär.

Şu ýerde bir zada üns berilmegi gerek – bitewi dünýäni kemala getirýän zatlar we hadysalar üýtgeýjilik, başga zada we hadysa geçijilik häsiýetine eýedirler. Ýöne bitewi dünýäniň özi wagt we giňişlik

taýdan şeýle häsiýete eýe däldir. Ähli zady gurşap almak bilen onuň özi giňişlikde kesgitli ýeri eýeläp bilmeýär.

Giňişligiň gutarnyksyz boluşy ýal, bitewi dünýäniň özi-de tükeniksizdir. Onuň çägi ýokdur. Şeýle hem ol kesgitli bir wagtda döremez we ýitip ýok bolmaz.

Barlyk dünýäsindäki zatlar, hadysalar, prosesler üýtgäp, özgerip durýarlar. Ýöne şol bir wagtyň özünde-de olar otnositel üýtgewsiz, şol zada mahsus häsiýetleri özünde jemleýän zat hökmünde çykyş edýärler. Meselem, okaradaky alma çep we sag böleklerden, gabygyndan, tohumyndan ybaratdyr. Olaryň her haýsysy geçijilik, üýtgeýjilik häsiýetine eýedir. Olar giňişlikde biri-birlerine geçýärler we wagtda üýtgeýärler. Ýöne düzümindäki bölekleriň üýtgeýjilik, geçijilik häsiýetine garamazdan, alma almalygyna galýar. Elbetde, gadymy grek filosofy Geraklidiň aýdyşy ýaly, bir derýa iki gezek girip bolmaz. Sebäbi, derýa hemişe akyp, üýtgäp dur. Şonuň üçinem derýa ikinji gezek gireniňde ol başdaky ýagdaýyndan başga ýagdaýa geçer. Ýöne derýa derýalygyna galýar. Üýtgemek netijesinde Amyderýa Murgap derýasyna, soňra bosa Tejen derýasyna öwrülmeýär. Şu nukdaýnazardan her bir zat dünýä barlygyna meňzeşdir. Olar üýtgemelere we özgermelere garamazdan özüne mahsus häsiýetleri saklap, özlügine galýarlar.

Bitewilikde öwrenilýän zat bilen bitewi dünýäniň arasynda ýene bir wajyp meňzeşlik bar. Bitewi dünýäni tutuşlygyna göz öňüne getirmek mümkin däl. Adam hemişe onuň diňe käbir bölekleri bilen iş salyşýar we diňe şol bölekleri görýär. Adam aýratynlykda alnan zady-da tutuşlygyna görüp bilmeýär. Mysal üçin, men daşarda ösüp oturan agaja seredýärin. Men şonda onuň diňe bäri tarapyny görýärin. Onuň arka tarapy maňa görünmeýär. Men ony diňe hyýalymda şöhlelendirip bilýärin. Ol agajyň içki gurluşy, ony düzýän öýjükler düýbünden görünmeýär. Içki gurluşyny görmek maksady bilen agajy kesen ýagdaýymda-da men onuň içki gurluşyny tutuşlygyna däl-de, diňe kesilen ýerini görüp bilýärin. Şeýle hem onuň diňe häzirki ýagdaýyny, häzirki wagtyny görýärin. Ony wagt taýdan bitewilikde göz öňüne getirmekden adam aňy ejiz gelýär.

Biz bir adamy görenimizde-de oňa tutuşlygyna syn edip bilmeýäris. Edil agajy görşümiz ýaly, adamyň-da diňe şu wagtdaky ýag-

daýyny görüp bilýäris. Köplenç ýagdaýda, zatlardaky görüp bilmedik bölegimiziň öwezini ýadymyzyň, hyýalymyzyň, bilimimiziň kömegi bilen dikeldýäris.

Adam islendik zady giňişlikde we wagtda biri-birlerini çalşyp duran barlyk dünýäsi hökmünde göz öňüne getirýär. Şol bir wagtyň özünde-de ol dünýä barlygyna meňzeşdir. Bu ýagdaý biziň öwrenýän düşünjelerimiziň ählumumy häsiýetiniň bardygyna güwä geçýär.

Şeýlelik bilen, bu dünýädäki ähli zatlar hemişe üýtgäp, özgerip durýarlar, ýöne muňa garamazdan, olar öz asyl häsiýetlerini, özlügini saklaýarlar.

## 3.2. Barlyk düşünjesiniň taryhy

Barlyk kategoriýasyny ilkinji bolup düşündirmäge synanyşan grek akyldary Eleý filosofiýa mekdebiniň wekili Parmenitdir (b.e.ö. 504–501) Ol «Tebigat barada» atly filosofik poemasynda barlyk we ýokluk meselesini seljerende: «Barlyk bar, ýokluk bolsa asla ýok, bu şübhesizlige ýol, ol hakykata hem ýakynlaşdyrýar» diýip tassyklaýar. Parmenit ýoklugyň bardygyny inkär edip, bar bolan zat bar, bar bolmadyk zat ýok diýip, barlygy hereketden aýyrýar. Onuň pikiriçe, barlyk täzeden döränok, ýok bolup hem gidenok, onuň geçmişi we geljegi-de ýok. Ol diňe häzirki döwürde bolup geçýär.

Tebigatda, jemgyýetde hemişe hereket bolup durýar. Täze zatlar döreýär, köne zatlar ýok bolýar: adamlar aradan çykýar, köne jaýlar ýykylýar, olaryň ornunda täze jaýlar peýda bolýar we ş.m. Bu ýagdaý Parmenidiň we onuň tarapdarlarynyň pikirlerine garşy gelýär. Sebäbi olar barlyk barada gürrüň edende tötänleýin bolýan hadysalary, wakalary we zatlary ünsden düşürip, umumy barlygy göz öňünde tutýarlar.

Parmenidiň öňe süren pikirine Geraklit (b.e.ö. 544–480) garşy çykypdyr. Ol herekete esasy orun berýär. Herekete gapma-garşylyklaryň biri-birine geçişi hökmünde garaýar. Onuň pikiriçe, barlyk we ýokluk üznüksiz. Dünýäniň dört başlangyjy bolan toprak, suw, howa we ot diňe bir bar zatlar bolman, biri-birine geçýän zatlardyr. Olar döreýärler, bir görnüşden ikinji, üçünji, dördünji görnüşe geçýärler. Bu proses üznüksiz dowam edýär.

Geraklitiň taglymatyna görä, bütin dünýä hereket etmek we üýtgemek ýagdaýyndadyr. Geraklit dünýäniň maddylygy hakyndaky ideýanyň üstüni onuň üýtgemegini, özgermegini, hereketini kanunalaýyk, zerur prosesdigi baradaky ideýa bilen ýetirýär. Ol tebigatyň hereketiniň we üýtgemeginiň kanunalaýyklygyna logos diýip at berýär. Tebigatyň hemme zatlary we hadysalary logosa tabyn bolýarlar. Logos gapma-garşy başlangyçlaryň göreşidir. Geraklitiň pikiriçe, «hereket, göreş hemme zadyň atasydyr we hemme zadyň patyşasydyr».

Tebigatda hereketiň çeşmesi hökmünde gapma-garşy başlangyçlaryň göreşi hakyndaky düzgüni öňe sürüp, Geraklit şonuň bilen birlikde şol başlangyçlaryň aýrylmaz baglanyşygyny-da esaslandyrypdyr.

Demokrit (b.e.ö. 460–370) atomistik taglymaty öňe sürüpdir. Onuň pikiriçe, ähli görünýän maddy zatlar göze görünmeýän, bölünmeýän atomlardan durýarlar. Demokrit barlyk we ýokluk düşünjelerini atom we boşluk düşünjeleri arkaly teswirleýär.

Platon (b.e.ö. 427–347) barlygy düýpgöter başgaça düşündiripdir. Ol materiýanyň barlygyna özbaşdak ýaşamaklykdan mahrum bolan barlyk hökmünde seredipdir. Platon maddy barlyga ideýalaryň şekili, kölegesi hökmünde, ruhy döredijiligiň önümi hökmünde garaýar. Onuň üçin hakyky barlyk ideýalardyr. Platon tebigy hadysalara «duýgulaýyn zatlar» diýip at beripdir we olary ideýalardan gelip çykan zat diýip hasap edipdir.

Aristotel maddy dünýäniň, materiýanyň obýektiwligini we ebediligini ykrar edipdir. Emma ebedi dowam edýän ilkinji materiýa hereketsizdir. Ol barlyk däl-de, barlygyň mümkinçiligidir. Şu mümkinçiligi hakykata öwürmek üçin materiýany degişli forma salmak gerek. Formanyň özi köp görnüşli zatlaryň ideal keşbidir, zada öwrülmeginiň sebäbidir. Her bir zat özüniň bar bolmagy üçin forma minnetdardyr. Ol zatlar materiýa bilen formanyň bitewiligidir. Aristotel tebigatda hereketiň ebedilikdigini ykrar edipdir we hereketi zatlaryň düýp manysy hasaplapdyr. Emma «asmandaky kämil hereket» bilen «kämil däl ýerdäki hereketiň» arasynda düýpli tapawudyň bardygyny belläpdir.

Orta asyrlarda barlyga bolan garaýyş üýtgeýär. Gündogarda we Günbatarda öňki köphudaýlylygyň ýerine ýekehudaýlylyk dini

döreýär. Adamlaryň dünýägaraýşynda uly öwrülişik bolýar. Dini filosofiýa täsirlilige eýe bolýar. Ol esasan hudaýyň we onuň döreden tebigatynyň bardygyny düşündirmek meselesi bilen meşgullanypdyr. Ýekehudaýlylyk dininiň filosofiýasy barlyk diýlende ähli zatlary Ýaradyja, hiç kim tarapyndan döredilmeýän, başlanýan ýerem, gutarýan ýerem ýok, hiç wagt ýok bolmaýan, şol bir wagtyň içinde ähli ýerde bolmagy başarýan Hudaýa düşünýär. Oňa laýyklykda zatlar dünýäsi geldi-geçerdir. Onda baky zat ýokdur.

XI–XIV asyrlaryň günbatar sholastçylyk mekdeplerinde barlyga bolan garaýyş bilen bagly iki sany esasy ugur – nominalizm we realizm peýda bolýar.

Sholastçylar hudaýyň barlygy we ruhuň bakylygy bilen bagly degşirmelerinde «Umumy düşünjeler ilkinjimidir ýa-da ikinji?» diýen soragy goýupdyrlar. Ol soraga berlen jogaba laýyklykda iki topara bölünipdirler. Umumy düşünjeleriň real ýaşamaýandygyny, olaryň ikinjidigini, diňe tebigatyň belli-belli zatlaryna we hadysalaryna berlen atlardygyny tekrarlan sholastlara nominalçylar diýip at berlipdir. Realçylar adyny alan ikinji toparyň wekilleri bolsa tebigatyň indiwidual zatlary baradaky umumy düşünjeleriň ilkinjidigini we olaryň real ýaşaýandygyny subut etmäge synanyşypdyrlar. Käbir filosoflaryň tassyklamagyna görä, nominalizm orta asyr filosofiýasynda materializme tarap ädilen ädimleriň biri bolupdyr.

XVIII asyrda fransuz materializminiň döremegi we jemgyýetçilik pikirine aýgytly täsir etmegi, XIX asyryň 40–50-nji ýyllarynda dini ideologiýanyň gowşamagy bilen Ýewropada materializmiň täze bir görnüşiniň – dialektik materializmiň döremegine esas bolýar. Netijede, Karl Marks (1818–1883) we Fridrih Engels (1820–1895) tarapyndan dialektiki materializmiň esaslary işlenip düzülýär, taryha materialistik nukdaýnazardan düşünmekligiň esasy ýörelgeleri kesgitlenilýär. Marksçylyk filosofiýasynda «jemgyýetçilik barlygy» diýen düşünje öňe sürülýär. Ol düşünje adamlaryň özara gatnaşyklaryny aňlatmak üçin zerur bolan esasy filosofik kategoriýa öwrülýär.

Filosofiýanyň taryhynda dünýäniň bar bolmagynyň ilki başlangyjy işjeň gözlenildi. Ol gözleg barlyk meselesine filosofik garaýyşlaryň köpdürlüliginiň kemala gelmegine sebäp boldy.

## 3.3. Barlygyň görnüşleri

Barlyk ähli bar bolan zatlary öz içine alýan hakykylykdyr. Ol ähli zatlary gurşap alýar. Dowam edişi bilen baglylykda barlygyň obýektiw we subýektiw barlyk ýaly görnüşleri tapawutlanýar. Adama we adam aňyna garaşsyz ýagdaýda dowam edýän barlyk obýetiw barlykdyr. Ol diňe bir maddy zatlaryň dünýäsini däl, eýsem adam ruhunyň obýektiwleşdirilen dünýäsinem özüne birleşdirýär. Barlygyň adamyň döredijilik başlangyjy bilen baglanyşykly subýektiw görnüşi adamyň obýektlere akyl ýetiriş prosesinde kemala gelýär we adam aňyndan daşarda dowam edip bilmeýär. Subýektiw barlyga köpçiligiň, sosial toparyň, döwletiň, aýry-aýry şahsyýetleriň maksadalaýyk hereketleri, şonuň ýaly-da olaryň aňlary, erkleri, herekete bolan ukyplary degişlidir. Obýektiw sebäpler elmydama kesgitleýji bolýarlar. Ýöne olaryň täsiri subýektiw sebäpleriň üsti bilen ýüze çykarylýar. Bu bolsa obýektiw we subýektiw barlyklaryň özara baglanyşygyny kesgitleýär. Şonda barlyk obýektiw we subýektiw hakykylygyň bitewiligi bolup çykyş edýär.

Barlyk kategoriýasynyň aýratyn manysy hem onuň adam bilen baglanyşyklylygydyr. Sebäbi bu dünýäniň özi adamyň döreden subýektiw hakykylygy bolmadyk ýagdaýynda garyplaşardy we onuň hereketliligi peselerdi. Subýektiw hakykylygyň täsiri bilen obýektiw hakykylygyň özi täze mana eýe bolýar, sebäbi täze hadysalar, tehniki we tehnologik desgalar, landşaftlaryň täzelenmegi, kosmosyň özleşdirilmegi we ş.m. bilen baýlaşýar. Olar adamyň döredijilikli hereketiniň netijesi bolýarlar. Şu esasda hem barlygyň görnüşleri akyl ýetirmäniň kämilleşmegi bilen has çuňňur häsiýetlendirilýär.

Häzirki döwürde adam aňynyň üýtgedilen ýagdaýynyň dünýäsi bolan wirtual barlyga berilýän üns güýçlenýär. «Wirtual hakykat» adalgasy latynlaryň «virtualis» sözünden gelip çykyp, «zerur şertleriň bolan ýagdaýynda döremegi mümkin zat» manysynda terjime edilýär. Ol düşünje kompýuterler we internet zamanasynda kompýuter oýunlaryny söýüjileriniň arasynda aýratyn meşhurlyga eýe boldy. Kompýuterler diňe bir obýektiw hakykata meňzeş wirtual barlygy döretmek bilen çäklenmeýär. Zerur bolan ýagdaýda olar wirtual hakykata çümen adamyň buýrugy esasynda ony üýtgedip hem bilýär.

Kompýuter oýunlary wirtual dünýä has çuň aralaşmaga mümkinçilik berýär. Olar hyýaly – wirtual dünýäde oýunçynyň ýaşap, gezip ýörändigi ýaly, oýunlaryň oýun däl-de, hakykatdygy ýaly aldawy döredýär. Wirtual hakykat adamlaryň fantaziýasynyň baýlaşmagyna kömek edýär. Adamyň göz öňüne getirmeleri üçin aşa uly mümkinçilikleri açýar. Ýöne kompýuter oýunlary bilen aşa gyzyklanmagyň real dünýäden doly daşlaşmak howpuny döretmek mümkinçiligi-de bar.

Filosofik akyl ýetirme obýektiw we subýektiw barlygyň esasynda barlygyň bäş sany esasy görnüşini hem tapawutlandyrýar. Olar tebigatyň barlygy, sosial barlyk, ruhuň barlygy, adamyň barlygy we «men» barlykdyr.

*Tebigatyň barlygy.* Tebigatyň barlygyna zatlar, prosesler, hadysalar degişli. Onuň düzümine adamyň döreden maddy gymmatlyklary-da girýär. Tebigat barlygyna ulgamlylyk, ählumumy ewolýusionlyk we öz-özüni gurnamaklyk ýaly häsiýetler mahsus. Tebigatda artykmaç zat ýokdur. Ondaky ähli zatlaryň, jandarlaryň, ösümlikleriň, tebigy hadysalaryň, prosesleriň hemmesiniň hem öz ýeri, ýerine ýetirýän wezipesi bar. Olar özara baglanyşykly we täsirli ulgamy emele getirýärler. Onuň zynjyryndan bir halkanyň gitmegi tutuş ulgamyň işinde bökdençlik döredip bilýär.

Dünýäniň gurluşy daşky zatlaryň, hadysalaryň üsti bilen kesgitlenmän, onuň ulgamlaýyn-düzümleýin gurluşy bilen kesgitlenýär. Bu ýagdaý dünýäniň köpdürlüligini, şeýle hem onuň bitewiligini we durnuklylygyny üpjün edýär. Tebigat gyssanmaçlygy, howlukmaçlygy halamaýar. Ol uzak wagta çekýän ewolýusiýanyň dowamynda kämilleşýär. Onuň düzüm bölekleri ewolýusiýanyň önümleridir. Ewolýusiýanyň täsin ukyby çäkli däl-de, ählumumy häsiýete eýe bolýar. Ewolýusiýanyň mehanizminiň hem ählumumy bolmaklygy mümkin. Onuň esasy görnüşi hökmünde öz-özüni gurnamaklyk häsiýeti çykyş edýär. Tebigatyň özi, onuň düzüm bölekleri öz-özünden, özakymlaýyn gurnalmaga ukyplydyr. Şeýdip ol ýetirilen zyýanyň öwezini dolup ýa-da bir hilden başga, has ýokary hile geçip bilýär.

*Sosial barlyk.* Sosial barlyga jemgyýet we onuň düzüm bölekleri degişli. Barlygyň bu görnüşi soňky döwürde tehnologiýalaşmak, edaralaşmak, globallaşmak, maglumatlara eýe bolmak aýratynlyklaryna, nyşanlaryna eýe bolýar. Olaryň birinjisi sosial barlygyň içinde,

adamyň daşky gurşawa uýgunlaşmaklygy we öz durmuşyny gurnamaklygy bilen baglanyşykda tehniki serişdeleriň ähmiýetiniň barha artýanlygyny aňladýar. Ikinji aýratynlyk jemgyýetçilik durmuşyny gurnamaklygyň we formallaşdyrmaklygyň derejesiniň ýokarlanýandygyna şaýatlyk edýär. Jemgyýetiň durmuşyna sosial institutlaryň – edaralaryň täsiriniň köpelýändigini görkezýär. Sosial barlykdaky üçünji meýil dünýäniň dürli sebitleriniň özara baglanyşygynyň artýandygyna, sosial hereketleriň görnüşleriniň umumylaşmaklygynyň gutarnyksyzlygyna şaýatlyk edýär. Meýilleriň soňkusy sosial barlykda adamlaryň işewürligini özüne çekýän täze gatlagyň peýda bolandygyny görkezýär. Häzirki zaman dünýäsinde sosial hakykylygyň düzümini zatlar we baýlyklar däl-de (çig mal, energetika we başg.) maglumatlar kesgitläp başlaýar. Olar iň gymmatbaha haryda öwrülýär. Jemgyýetde maglumat gurşawynyň çürt-kesik artmagy sosial barlygyň düzümini üýtgedýär.

*Ruhuň barlygy.* Ruhuň barlygy adamyň akyl ýetiriş işiniň netijesinde kemala gelýär. Ol adam zähmetiniň ähli görnüşlerinde-de saklanýar. Ruhy barlyk adamyň duýgularynyň, pikirleriniň, arzuwlarynyň we hyýallarynyň, jemgyýetçilik we şahsy aňynyň dünýäsidir. Barlygyň bu görnüşi gönümel sosial barlyga bagly bolýar. Şonuň üçin ruhy barlyk sosial barlygyň ösüş meýillerini belli bir görnüşde gaýtalaýar.

Häzirki zaman dünýäsinde ruhy barlyk, onuň esasy gymmatlygy bolan ideýalar aýratyn güýçli gurala öwrülýär. Ol adamyň, jemgyýetiň ösmegine aýgytlaýjy täsir edýär. Ruhuň derejesi, güýji tebigatyň dowam etmegem öz täsirini ýetirýär. Şol täsir ýyl geçdigi saýyn artýar. Ruhy barlyk tehnologiýalaryň, tehnikanyň täze derejä galmagyna itergi berýär. Täze kommunikasion tehnologiýalar ruhy barlygy görkezmekligiň görnüşini we ony kemala getirmegiň adaty usullaryny hem üýtgedýär. Olaryň täsiri bilen ruhy barlyk, jemgyýetçilik aňy, jemgyýetçilik pikiri durnuklylyk ýagdaýyny saklamakda kynçylyk çekýär. Ýöne onuň öňki döwürlere garanyňda hereketleri artýar, çeýeligi ýokarlanýar.

*Adamyň barlygy* onuň çylşyrymly içki dünýäsinde we içki dünýäniň adam ýaşaýşynyň sosial hem-de tebigy şertleri bilen baglanyşygynda ýüze çykýar.

«*Men*» *barlyk*. Adamyň döredijilikli häsiýetini nygtamaklyk üçin filosofiýada «Men» diýen düşünje ulanylýar. Bu düşünjäni açyp görkezmeklik üçin hem «Men» taglymaty işlenip düzülýär. «Men» taglymaty adamyň özüni göz öňüne getirişini açyp görkezýän garaýyşlar ulgamydyr. Onuň esasynda adam beýlekilere we özüne bolan gatnaşygyny gurnaýar. Ol adamyň özüne bolan gatnaşygynyň ýörelgesi bolup çykyş edýän içki gapma-garşylykly «Meniniň» görnüşi bolýar. Bu taglymat durmuş tejribesi esasynda döreýär. Onuň düzümine hakyky «Men» (şu pursatda adamyň özüni göz öňüne getirişi), ideal «Men» (adamyň pikiriçe, onuň ahlak kadalaryna eýeren ýagdaýynda bolmaklyk mümkinçiligi), hereketli «Men» (adamyň adam bolmaklyk niýeti), hyýaly «Men» mümkinçilikler dörän ýagdaýynda, adamyň adam bolmaklyk islegi girýär.

«Men» taglymatynyň döremekligine nemes nusgawy filosofiýasynyň görnükli wekili Fihte uly goşant goşupdyr. Ol «Mene» gutarnykly döredijilikli başlangyç hökmünde garapdyr.

Adamyň barlyga akyl ýetirmekligi bilen döredijilik ukyplary açylýar. Barlyk adama onuň barlyga ýakyn bolan ýagdaýynda, wyždan ýa-da söýgi duýgusyny başdan geçirýän halatynda elýeterli bolýar. Şonda adamyň kalbynda barlygyň owazy bilen ýaňlanan sözler we pikirler döreýär. Bu pikirleri erkiň güýji bilen getirip bolmaýar. Olary oýlap tapyp bolmaýar. Barlyk elmydama bar. Ýöne ol baralyk adama oňa kybapdaş bolan ýagdaýynda açylýar. Bu ýagdaý barlygyň özboluşlylygyny, aýratynlygyny kemala getirýär.

Adamy gaýtalanmaýan, aýratyn adam edýän zatlar onuň psihologik özboluşlylygy, çagalyk tejribesi, durmuş ýoly we jemgyýetde tutýan ornunyň gapma-garşylygydyr. Şol aýratynlyk hem «Men» diýen düşünje bilen aňladylýar. Bu ýerde adamyň barlygynyň kategoriýalary bolup erkinlik, ýaşaýşyň manysyny gözlemek, döredijilik, söýgi, ynanç, bagt we beýlekiler çykyş edýärler.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Barlyk we onuň esasy häsiýetleri hakynda gürrüň beriň.
2. Barlyk dünýäsi bilen dünýä barlygyny tapawutlandyrmaga çalşyň.
3. Parmenidiň barlyga düşünişini teswirläň.
4. Aristoteliň barlyga düşünişi hakynda gürrüň beriň.

5. Obýektiw barlygyň we subýektiw barlygyň tapawutlaryny we arabaglanyşygyny häsiýetlendiriň.

6. Wirtual barlygyň nämedigini düşündiriň.

7. Tebigatyň barlygynyň aýratynlyklaryny suratlandyryň.

8. Sosial häsiýetli barlygyň alamatlary hakynda gürrüň beriň.

9. Ruhuň barlygynyň sosial barlyk bilen baglanyşygyny açyp görkezmäge synanyşyň.

10.«Men» barlygynyň häsiýetli alamatlaryny ýüze çykarmaga çalşyň.

# IV. MATERIÝA, ONUŇ DOWAM ETMEGINIŇ ESASY FORMALARY WE DÜNÝÄNIŇ MADDY BITEWILIGI

## 4.1. Substansiýa düşünjesi

Materiýa düşünjesi taryhy taýdan üýtgäp duran düşünjeleriniň hataryna girýär. Onuň hemişe üýtgäp durmagyna filosofiýanyň ösüş aýratynlyklary, tebigy we beýleki ylymlaryň maddy dünýä baradaky bilimleriniň ösüşiniň täze derejä çykmagy aýgytlaýjy täsir edýär.

Ilkinji filosoflar ähli zatlaryň, tutuş dünýäniň haýsydyr bir ilkinji başlangyçdan, esasdan döräýmeginiň mümkindigi barada çaklama aýdypdyrlar. Soňlugy bilen ol ilkinji başlangyç, esas ylymda «substansiýa» adyny alýar. Gadymy akyldarlar dünýädäki zatlar bilen ilkinji esasyň – substansiýanyň arasynda düýpli tapawudyň bardygyny hem duýupdyrlar. Olar syn etmek arkaly zatlaryň zatlardan döreýänligine, wagtyň geçmegi bilen ol zatlaryň hem ýok bolup gidýändiklerine düşünipdirler. Olar zatlaryň doly ýok bolman, başga zatlara öwrülýändiklerine syn edipdirler. Syn etmegiň esasynda akyldarlar hemişelik zat ýok-da, olaryň esasynda ýatýan ilkinji esas – substansiýa bar diýen netijä gelipdirler.

Dünýäniň ilkinji esasdan döreýändigi meselesinde özara ylalaşsalar-da, dünýäniň döremegine gatnaşýan substansiýanyň görnüşleri we mukdary meselesinde akyldarlaryň arasynda köpdürlülik döräpdir. Bu soraga berlen jogap bilen baglylykda filosofiýada monizm, dualizm we plýuralizm ugurlary döreýär.

Monizmiň (grekçe *monos* – bir, ýeke-täk) wekilleri dünýäniň ýeke başlangyçdan döreýändigini ykrar edýärler.

Monizmiň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: materialistik we idealistik monizm. Materialistik monizmiň tarapdarlary ilkinji başlangyç – substansiýa hökmünde materiýany kabul edýärler. Demokritiň ýa-da Epikuryň, Deni Didronyň, Klod-Andrian Gelwesiniň, Etenni Bonno Kondilýagyň we beýlekileriň filosofiýasy materialistik monizme degişli. K. Marksyň, F. Engelsiň, W. Leniniň garaýyşlary-da materialistik monizm häsiýetinde bolupdyr.

Idealistik monizm ilkinji başlangyç hökmünde ruhy substansiýany ykrar edýär. Platonyň, Jorj Berkliniň, Iogann Fihtäniň, Fridrih Şellingiň, Georg Gegeliň we beýlekileriň filosofiýasy idealistik monizme degişli XIX asyryň ortalaryndan – aýaklaryndan şeýle substansiýa hökmünde dürli görnüşli irrasional güýçler hem görkezilip başlanýar. A. Bergson «ýaşaýyş güýjüni», F. Nisşe «häkimiýet erkini» we ş.m. ruhy substansiýa hökmünde teklip edýär.

Haýsyda bolsa bir jaý gurulýar diýeliň. Jaý kerpiçlerden gurulýar. Kerpiç – maddy önüm. Ony görip, tutup, duýup bolýar. Ýöne kerpiçleriň bu häsiýetleri jaýyň nähili boljakdygyny kesgitlemeýär. Kerpiçden mekdep, stadion ýa-da islendik başga bir binany gurmak mümkin. Kerpiçden nämäniň guruljakdygyny kesgitleýän başlangyç näme? Kesgitleýji başlangyç, elbetde, binagäriň pikiridir. Ilkibaşda guruljak jaýyň keşbi onuň kellesinde kemala gelýär. Soňra ol kagyza geçirilýär. Diňe şondan soň, başdaky pikir, ilkinji başlangyç maddylaşmaga, gurulmaga başlanýar. Göräýmäge, bu ýerde ilkinji başlangyç bolup ruh, ideýa, pikir çykyş edýär.

Ikinji bir mysala ýüz ýetireliň. Biziň ýaşaýan ýerimiz gün ulgamynyň düzümine girýär. Bu ulgamdaky ähli planetalar, aý, gün, asteroidler bir bitewiligi kemala getirýärler. Olaryň hemmesi maddylykdan bolan çekiş güýji tarapyndan kadalaşdyrylýar. Şol çekiş güýji bolmadyk bolsa ulgamlyk bozulardy-da, haos – baş-başdaklyk emele gelerdi. Bu mysal bolsa materialistik monizmiň garaýşyny – ýerde maddy substansiýanyň ilkinjidigini tassyklaýar.

Filosofik dualizm bitewi dünýäniň biri-birinden garaşsyz iki substansiýasynyň bardygyny ykrar edýär. Dualizmiň wekilleriniň pikirine görä, olaryň biri ruhy, beýlekisi bolsa maddy substansiýadyr.

Olar biri-birlerine meňzeş däldirler. Ýöne ikisiniň bilelikde bolmadyk ýerinde döreýiş mümkin däldir. Rene Dekart şu garaýşyň tarapdary bolupdyr. Ol maddylyk bilen ruhulygyň arasyndaky gapma-garşylygy aýyrmakda hudaýyň esasy orny tutýandygyny belläpdir.

Filosofýanyň plýuralistik (grekçe plýural – köp, köpdürli) ugrunyň wekilleri dünýäniň köp sanly özbaşdak, biri-birinden üzňe substansiýalardan ybaratdygyny ykrar edýärler.

Plýuralistik filosofiýanyň wekili Gotfrid Wilgelm Leýbnisiň pikirine görä, dünýä monada diýlip atlandyrylan, biri-birlerinden tapawutlanýan ruhy atomlardan düzülýär. Dünýäde biri beýlekisini doly gaýtalaýan iki monada ýokdur. Bu ýagdaý dünýäniň dürlüligini emele getirýär. Olar özleriniň içki dünýäsini kabul etmeklige ukyplydyr. Monadalardan akyl ýeterlikli dünýä döreýär. Monadalaryň içki ýagdaýy Hudaýdan başga daşky täsiriň güýji bilen üýtgemeýär.

## 4.2. Materiýa we onuň häsiýetleri

Substansiýa düşünjesi bilen berk baglanyşykly düşünjeleriň biri materiýa (latynça materiýa – zat, madda) düşünjesidir. Ol maddylygy aňladýar. Gadymy grek filosoflary ilkibaşda materiýa diýlende ilkinji esasa – substansiýa düşünipdirler. Olar birinji başlangyç – esas hökmünde dürli görnüşli maddylygy görkezipdirler. Mysal üçin, Fales birinji başlangyç – esas hökmünde suwy, Anaksimen howany, Geraklit ody görkezipdir.

Demokritiň pikiriçe, dünýä atomlardan we boşlukdan durýar. Atomlar böleklere bölünmeýärler we ýok bolmaýarlar. Olar bakydyr. Atomlar güýçli harasat görnüşli hereketde bolýarlar we dünýäleri döredýärler. Şol dünýäleriň birinde-de atomlar ýaşaýarlar.

Demokritiň taglymatyny ösdürip, Epikur ilkibaşda atomlar öz hereketlerinde özara çaknyşsalar-da, soňlugy bilen olar hereketini düzýärler we çaknyşman biri-birleri bilen parallel hereket edip başlaýarlar diýen netijä gelýär. Şeýle bolsa dünýäde hiç hili hadysa bolmaly däl ýaly. Ýöne onda hadysalar bolup dur. Epikur dünýäde hadysalaryň bolmak mümkinçiligini düşündirmek maksady bilen bolsa «klinemen» – gyşarmak düşünjesini girizýär. Atomlar käwagtlar öz ýolundan çykýarlar we beýleki atomlar bilen duşuşýarlar. Şeýdip,

dünýäde hadysalar bolup geçýär. Epikur bu ýerde tötänlik düşünjesini ulanýar. Tötänlik azatlyga deňdir. Sebäbi tötänlik ozaldan hereket edýän kanunlara boýun egmeýär. Epikuryň gelen esasy netijesi – adam ykbalyň mejbur edýän zatlaryny etmän, öz ýoluny saýlap biler. Bu onuň azatlygydyr.

Sondan soňraky ýaşan materialistler Demokritiň atomlar we giňişlik hakyndaky taglymatyny belli bir derejede gaýtalamak bilen meşgullanypdyrlar.

Platonyň pikiriçe bolsa, materiýa hiç hili häsiýeti bolmadyk, formasyz, näbelli, passiw zatdyr. Ideýanyň gatyşmagy bilen ondan dürli ölçegli we görnüşli zatlar kemala gelýär.

Soňlugy bilen materiýa diýlende anyk zatlara we atomlara düşünip başlaýarlar. XIX asyryň aýaklarynda atomlaryň bölejiklere bölünýändikleri, ol bölejikleriň hem biri-birlerine öwrülip bilýändikleri belli boldy. Netijede, materiýa atom hökmünde düşünmeklik krizise düşýär. Bu taglymatyň garşydaşlary atomlar bölünýärler, diýmek, materiýa hem ýok bolýar diýen pikiri öňe sürýärler. Şonda materiýa täze kesgitleme bermek zerurlygy ýüze çykýar. Materiýa adam aňyndan garaşsyz ýagdaýda dowam edýän, duýgularda berlen obýektiw hakykat hökmünde düşünmeklik ýörgünlilige eýe bolýar. Bu ýagdaýda üç zada üns berilýär: birinjiden, materiýa aňdan garaşsyz dowam edýär; ikinjiden, materiýa göni ýa-da gytaklaýyn şöhlelenmä sebäp bolýar; üçünjiden, aň tarapyndan şöhlelendirilýän hakykat materiýadyr.

Materialist filosoflaryň pikirine görä, materiýa adam aňynda şöhlelenýär. Ol dowam edýän ýeke-täk substansiýadyr, hemişelikdir we gutarnyksyzdyr, gaýtalanmasyzdyr we ýok edilmesizdir, şoňuna çykylmasyzdyr we hemişe hereketdedir. Materiýa öz-özüni guramaga we söhlelendirmäge ukyplydyr. Materiýanyň sebäbi özüdir. Onuň özünden başga sebäbi ýokdur. Bu häsiýetler materiýadan aýyrmasyzdyr. Şonuň üçinem olara ylymda materiýanyň atributlary – aýrylmaz häsiýetleri diýilýär. Giňişlik we wagt materiýanyň dowam etmeginiň formalarydyr. Olar hem materiýanyň atributlarydyr. Adam aňy-da materiýanyň önümidir. Ol daşky dünýäniň adamyň beýnisinde şöhlelenmesi netijesinde döreýär.

## 4.3. Materiýanyň gurluşy

Häzirki zaman ylmy materiýanyň çylşyrymly ulgamlaýyn gurluşynyň bardygyny nygtaýar. Ulgamlaýyn garaýşa laýyklykda, maddy dünýäniň islendik zadyny ulgam hökmünde, ýagny özara baglanyşykly we täsirli bölekleriň bitewiligi hökmünde göz öňüne getirmek mümkin. Diňe aýratynlykda alnan zatlar däl, eýsem dünýädäki ähli zatlar, hadysalar we prosesler özara baglanyşyklydyr hem-de täsirlidir. Olar bitewiligi emele getirýärler. Şol bitewilikde her bir zadyň, hadysanyň, prosesiň öz orny, ýerine ýetirýän wezipesi bar. Bölekleriň birinde ýüze çykan kemçilik tutuş bitewiligiň işleýşine täsir edip bilýär. Onuň etjek täsiri bolsa, şol bölegiň bitewilikde tutýan ornuna, ýerine ýetirýän wezipesine bagly. Eger-de ol bölek bitewilikde ikinji, üçinji derejeli ýeri eýeleýän we wezipäni ýerine ýetirýän bolsa, onda onuň işindäki kemçiligiň bitewilige täsiri hem şeýle derejede bolar. Täsirleşmäniň netijesinde baglanyşygyň käbirleriniň ýitmegi mümkindir. Ýöne gatnaşygyň esasylary saklanýar. Şonuň netijesinde-de bitewilik ulgam hökmünde dowam edýär.

Bitewiligi emele getirýän bölekleriň arasyndaky gatnaşyklar we täsirler ulgamyň gurluşyny emele getirýär. Mysal üçin, islendik makromaddany molekulalaryň kesgitli bir guramasy hökmünde kabul etmek mümkin. Ol molekulalardan durýar. Ýöne molekulalaryň özleri hem özara baglanyşykly we täsirli atomlardan durýar. Materiýanyň şeýle görnüşli gurluşy aşakdan ýokarylygyna tarap gidýär. Materianyň bir derejesi beýlekiniň içinden ösüp çykýar.

Häzirki döwürde meteriýanyň gurluşynda iki sany uly esasy dereje tapawutlandyrylýar. Olar – organiki däl materiýa ýa-da jansyz tebigat we organik meteriýa ýa-da janly tebigat. Olaryň ikisiniň gurluşynda-da ulgamlaýynlyk saklanýar.

Jansyz tebigatyň gurluş derejeleri häzirki zaman ylmynda aşakdaky görnüşde kabul edilýär.

*Materiýanyň elementar bölejikler derejesi.* Organiki däl materiýanyň iň pes, ýönekeý derejesi elementar, iň ýönekeý bölejiklerden durýar. Elementar, ýönekeý bölejikler diýlende fiziki ma-

teriýanyň iň maýda böleklerine (fotonlara, protonlara, neýtrinolara, antibölejiklere we beýlekilere) düşünilýär.

Elementar bölejikleriň elektrondan özgeleri XX asyrda açyldy. Elektony bolsa alymlar XIX asyrda ýüze çykarypdylar. Elementar bölejikleriň häsiýetleri gündelik durmuşda iş salyşýan makrojisimlerden düýpli tapawutlanýar. Olar şol bir wagtyň özünde korpuskulýar we tolkunlaýyn häsiýete eýe. Elementar bölejikleriň hereketleriniň kanunalaýyklary-da nusgawy fizikada beýan edilýän makrojisimleriň hereketleriniň kanunalaýyklygyna meňzemeýär. Ol kanunalaýyklyklar kwant fizikasy tarapyndan öwrenilýär.

Entek elementar bölejikler we olaryň özara täsiri açylmanka ylma materiýanyň iki görnüşi – meýdan we madda bellidi. XIX asyrlaryň aýaklarynda – XIX asyryň başlarynda meýdana üznüksiz, maddylyga bolsa üznükli, diskret bölejiklerden durýan maddy gurşaw hökmünde seredilýärdi. Ýöne kwant fizikasynyň ösüşi meýdan bilen maddanyň arasyndaky çäk çyzygynyň otnositeldigini ýüze çykardy. Diňe meýdanyň kwant häsiýetini göz öňüne tutmasaň hem bolýan makroderejede meýdany üznüksiz gurşaw hökmünde kabul etmek mümkin. Ýöne mikroderejede meýdanlar korpuskulýar we tolkunlaýyn häsiýetli kwantdan ybarat bölejikler görnüşde ýüze çykmagyny bes edýärler.

Elementar bölejikler güýçli, gowşak, elekrtomagnit we grawitassion görnüşli özara täsiriň dördüsine-de gatnaşýar. Özara täsirleriň diňe soňky ikisi islendik uzak aralykda hereket edip bilýär. Şonuň üçinem olara diňe bir mikrodünýädäki prosesler däl, eýsem makrojisimler, planetalar, ýyldyzlar we galaktikalar hem boýun egýär. Güýçli we gowşak özara täsirler bolsa mikrodünýäniň proseslerine mahsusdyr.

Elementar bölejikler köp görnüşlidir. Mysal üçin, aralyk ýagdaýda örän az wagt dowam edýän wirtual bölejikler-de elementar bölejikleriň bir görnüşidir. Elementar bölejiklerde biri-birine öwrülmek ukyby hem bar.

*Materiýanyň atomlar derejesi.* Elementar bölejiklerden materiýanyň özboluşly görnüşi bolan atomlar döreýär. Atom ýadrodan we elektron gabykdan ybarat bolýar. Atomlarda himiki elementleriň häsiýetleri saklanýar.

*Materiýanyň himiki element derejesi.* Himiki element – bu birmeňzeş zarýadlanan atomlaryň jemidir. Jansyz we janly tebigatdaky ähli maddalar şol himiki elementlerden emele gelýärler.

*Materiýanyň molekula derejesi.* Atomlaryň özara täsirleriniň netijesinde materiýanyň has ýokary gurluşy – molekula döreýär. Molekulalarda maddanyň ähli häsiýetleri saklanýar. Olar maddalary kemala getirýärler. Molekulalar himiki baglanyşyk arkaly baglanyşýan atomlardan ybarat bolýar.

*Materiýanyň planeta derejesi.* Molekulalaryň yzyndan materiýanyň suwuk, gaty, gaz görnüşinde dowam edýän makrojisimler gelýär. Materiýanyň özboluşly görnüşi hasaplap boljak makrojisimler planetalary kemala getirýärler. Planetalar (ýer, ýupiter, wenera, saturn we beýlekiler) çylşyrymly içki gurluşa eýedirler.

*Materiýanyň planetalar ulgamy derejesi.* Planetalar ulgamyny ýyldyzlar we planetalar emele getirýärler. Ýyldyzlar güne meňzeşdir. Olar şar görnüşinde bolup, ýagtylyk saçýan (plazma) gazlardan durýar. Şol gazlar Älem maddalarynyň köp bölegini düzýärler. Olar gaz-tozan gurşawynda, esasan, wodoroddan we geliden döreýärler. Planetalaryň ýaşaýşy şol ýyldyzlaryň ýaşaýşy bilen baglydyr. Adatça, älemdäki islendik planetalar toplumynyň öz ýyldyzy bolýar. Olar şol ýyldyz bilen baglanyşykly dowam edýärler. Mysal üçin, güniň daşyndan aýlanýan planetalar gün bilen bilelikde gün ulgamyny döredýärler.

*Materiýanyň galaktikalar derejesi.* Ýyldyzlaryň, planetalar ulgamlarynyň, ýyldyzara tozanlaryň we gazlaryň ägirt uly toplumy özara täsirleşip, galaktikany döredýärler. Galaktikalar ýüzlerçe milliard ýyldyzlardan ybarat bolan ýyldyzlar ulgamydyr. Ýer şary hem şeýle galaktikalaryň birinde ýerleşýär. Akmaýanyň ýoly adyny alan ol galaktikanyň elips görnüşli spiral şekili bar. Onda 100 milliarddan hem köp ýyldyz bar. Olaryň esasy bölegi diametri 100 000 ýagtylyk ýylyna, galyňlygy hem 1500 ýagtylyk ýylyna deň bolan diskde ýerleşýär. Bu ölçegiň neneňsi uludygyny göz öňüne getirmek üçin ýagtylygyň tizliginiň sekuntda 300 000 kilometre deňdigini ýatlamak ýeterlik bolar. Gün galaktikanyň çetinde ýerleşýär. Ol galaktikanyň ýadrosynyň daşyndan 200 million ýylda bir gezek aýlanýar.

*Materiýanyň galaktikalar ulgamy derejesi.* Älemdäki ummasyz köp mukdardaky we köp görnüşdäki galaktikalar hem belli bir bitewilik bolan galaktikalar ulgamyny emele getirýärler.

*Materiýanyň metagalaktika derejesi.* Jansyz materiýanyň iň ýokary derejesi metagalaktikadyr. Onuň düzümine özara baglanyşykly we täsirli örän köp mukdardaky galaktikalar ulgamlary girýär. Metagalaktikanyň düzüm bölekleriniň özara täsiri olaryň birek-birekden daşlaşmagyna sebäp bolýar. Galaktikalar ulgamlarynyň arasynyň daşlaşdygyça, olaryň birek-birekden gaçmak tizligem şonça ýokarlanýar. Ylymda bu prosese metagalaktikanyň giňemegi diýilýär. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, bu ýagdaý mundan 20 milliard ýyl ozal Uly Partlamanyň netijesinde döräpdir. Ylym partlamany fiziki wakkumyň gurluşynyň üýtgemegi, onuň bir hil ýagdaýyndan başga bir hil ýagdaýyna geçmegi bilen baglanyşdyrýar. Bu prosesde örän köp mukdarda energiýa bölünip çykypdyr. Şeýle ýol bilen, ýagny materiýanyň bir hil ýagdaýyndan başga bir hil ýagdaýyna geçmegi netijesinde älem döräpdir.

Häzirki zaman ylmy dünýäde biziň metagalaktikamyza meňzeş başga köp dünýäleriň bolup biljekdigini ykrar edýär. Olaryň çylşyrymly özara gatnaşyklary köp basgançakly uly älemi emele getirýär.

*Janly tebigatyň gurluş derejeleri.* Häzirki zaman ylmynyň şaýatlyk etmegine görä, metagaktikanyň ösüşiniň kesgitli bir döwründe onuň düzümine girýän galaktikalar ulgamarynyň planetalarynyň käbirlerinde jansyz tebigatyň molekulalaryndan janly zadyň döremegi üçin zerur bolan şertler döreýär. Jansyz tebigatdan janly organizmleriň döremek prosesi gaty uzak döwri öz içine alypdyr. Ilki bilen janly organizmleriň iň ýönekeý, sada görnüşleri ýüze çykypdyr. Millionlarça ýyllaryň dowamynda olar kämilleşip, has çylşyrymly janly organizmleri kemala getiripdirler. Janly tebigatyň uzak döwrüň dowamynda geçen çylşyrymly ýoly onuň gurluş derejesinde-de öz beýanyny tapýar. Onuň ösüşi hem aşakdan ýokarlygyna, sadalykdan çylşyrymlylyga tarap bolupdyr. Edil jansyz tebigatda bolşy ýaly, janly tebigatyň maddy gurluşy-da birnäçe derejeden durýar.

*Materiýanyň öýjüge çenli bolan derejesi.* Janly tebigatyň iň ilkinji, iň aşaky derejesi öýjüge çenli bolan derejedir. Ol dezonukleýin we ribonukleýin kislotalaryndan (DNK we RNK), beloklardan

durýar. Beloklar 20 aminokislotadan düzülen ýokary molekulýar organik maddalardyr. Olar ähli organizmiň ýaşaýyş esasyny düzýär.

*Materiýanyň öýjük derejesi.* Öýjük ähli ösümlikleriň we haýwanlaryň ýaşaýyş esasyny düzýän ýönekeý janly ulgamdyr. Ähli jandarlar öýjüklerden durýar we öýjükden başlanýar.

*Materiýanyň köp öýjükli organizmler derejesi.* Ösümlik we haýwanat dünýäsiniň köp öýjükli organizmleri hem janly materiýanyň gurluşynyň aýratyn derejesini düzýär.

*Materiýanyň populýasiýa derejesi* – bu uzak döwrüň dowamynda kesgitli meýdany eýeläp, köp nesilleriň dowamynda neslini dowam edýän jandaryň bir görnüşiniň jemidir.

*Materiýanyň biosenoz derejesi* gury ýeriň ýa-da suwuň belli bir böleginde ýaşaýan jandarlaryň, ösümlikleriň hem-de mikroorganizmleriň jeminden emele gelýär. Biosenozdaky jandarlar we ösümlikler biri-birleri bilen baglanyşykly we täsirli bolýarlar. Olaryň ýaşamagy özara baglanyşyga we täsire bagly bolýar.

*Materiýanyň biogeosenoza derejesi* (ekoulgam) oňa janly organizmler we olaryň ýaşaýyş gurşawy tarapyndan döredilen bitewi tebigy toplumy girýär. Şol toplumy düzýän islendik bölegiň işindäki kemçilik tutuş ulgamyň işleýşine ýaramaz täsir edýär. Mysal üçin, adamlaryň tebigata zor salmagy netijesinde ekin ýerleriniň şorlamagy ösümlikleriň belli bir görnüşleriniň ýok bolmagyna getirmegi mümkin. Ösümlikleriň görnüşiniň ýitmeginiň şol ösümlikler bilen iýmitlenýän haýwanlaryň ýitip gitmegine sebäp bolmagy ähtimal.

Materiýa ululygy boýunça üç derejä bölünýär: mikrodünýä, makrodünýä we megadünýä. Mikrodünýä – bu adam tarapyndan gös-göni syn edilip bolmaýan juda kiçi mikroobýektleriň dünýäsidir. Makrodünýä adam tejribesi bilen deň gelýän obýektleriň jemidir. Megadünýä bolsa ägirt uly kosmiki giňişligiň we tizligiň dünýäsidir.

Materiýanyň ululyk derejeleri bilen baglylykda giňişligi we wagty ölçemek üçin dürli ölçegler ulanylýar. Materiýanyň göwrüm derejesi ulaldygyça, wagty we giňişligi ölçemek üçin ulanylýan ölçegleriň derejesi-de ulalýar.

Dünýä materiýadan gurulýar. Ol materiýanyň gurluşynyň esasyny düzýär. Materiýanyň substansiýasy-da, subýekti-de özüdir. Sub-

stansiýa we subýekt bolmaklyk diýmeklik öz-özüni dolandyrmak hem-de kesgitlemek diýmekdir. Substansiýa we subýekt düşünjelerini maddy hadysalary suratlandyrmak üçin-de, ruhy hadysaly beýan etmek üçin-de ulanmak bolar. Mysal üçin, gün ulgamy maddy substansiýadyr we özünde bolup geçýän özgerişleriň subýektidir. Adamyň eli bilen çekilen surat bolsa ruhy substansiýadyr we subýektdir.

Materialistik garaýyş boýunça, bitewi dünýä materiýadyr we şol wagtyň özünde-de giňişlikde hem-de wagtda bolýan üýtgeşmeleriniň substansiýasydyr we subýektidir.

## 4.4. Hereket barada düşünje. Hereket we dynçlyk

Tebigat bilimlerinde we filosofiýada XIX asyra çenli hereket diýlende jisimleriň giňişlikde ýerini üýtgetmekligine düşünildi. Materiýanyň ähli hereketi onuň mehaniki görnüşi hökmünde kabul edildi. Bu garaýyş dünýäniň hereketi haýsydyr bir daşky täsiriň netijesinde bolup geçýär diýen pikiriň döremegine getirýär. Ýöne hereket materiýanyň dowam ediş usulydyr, materiýanyň aýrylmaz häsiýetidir – atributydyr. Olar biri-birleri bilen berk baglanyşyklydyr we biri-birinden aýry dowam edip bilmeýärler. Olaryň aýrylykda dowam etmekleri mümkin hem däl. Hereketiň bar ýerinde materiýa, materiýanyň bar ýerinde hem hereket bardyr. Ýöne taryhda olary biri-birinden aýrylyşdyrmak synanyşygy-da boldy. Mysal üçin, XIX asyryň aýaklarynda, XX asyryň başlarynda filosofiýada we tebigat bilimlerinde dörän «energetizm» atly ugruň tarapdarlary tebigatda bolup geçýän ähli özgermeleri materiýa degişli bolmadyk energiýa özgertmeleridir diýip hasaplamaga we hereketi materiýadan bölüp aýyrmaklyga synanyşdylar. Energetizmiň tarapdarlary energiýa arassa ruhy başlangyç hökmünde baha berdiler we bu «ruhy subsansiýany» ähli zatlaryň esasy diýip yglan etdiler. Ýöne ylym olaryň pikiriniň ýalňyşdygyny we energiýanyň materiýadan gelip çykýan dürli görnüşli hereketleriň umumy mukdar ölçegidigini subut etdi.

Materiýa diňe hereketde dowam edip bilýär. Islendik hadysa şol hadysa mahsus häsiýetleri diňe hereketde üýtgemek arkaly saklap bilýär. Ol özlügine galmak üçin üýtgemeli, başgalyga geçmeli bolýar.

*Materiýanyň giňişlikde we wagtda üýtgemegi hereketdir.* Dünýäde bolup geçýän her bir özgerme, üýtgeme materiýanyň hereketidir. Atomlaryň we molekulalaryň içinde bolup geçýän üýtgeşmeler, kristallaryň ösüşi, öýjükleriň alyş-çalşy, tutuş ýaşaýyş hereketdir. Sebäbi olar diňe üýtgemek arkaly dowam edip bilýärler. Jemgyýetiň taryhy, rewolýusiýalar, parahatçylykly ýaşaýyş we ş.m. hem hereketiň görnüşleridir. Dünýäde bolup geçýan fiziki, himiki, biologik we sosial üýtgeşmeleriň ählisi hereketdir. Bu ýagdaý hereketiň köptaraplydygyny, hemme zatlary, hadysalary, prosesleri, wakalary gurşap alýandygyny we olardan aýryp bolmaýandygyny görkezýär.

*Hereket garşylykdyr.* Tebigatdaky, jemgyýetdäki islendik zat, hadysa, proses özara gapma-garşylykly taraplaryň bitewiligini emele getirýär. Biri-birini inkär edýän, ýöne şol bir wagtyň özünde-de birek-bireksiz oňup bilmeýän taraplaryň arasynda garşylyk döreýär. Dünýädäki islendik hereket hem bitewilikdäki şol garşylygyň çözülmesi netijesinde bolup geçýär.

*Hereket – bu hereketiň we dynçlygyň birligidir.* Häzirki zaman ylmy hereketdäki garşylygyň giňişlikdäki we wagtdaky garşylygy-da aňladýandygyny subut etdi. Fizika ylmynyň tassyklaýşy ýaly, hereket elementar, ýönekeý bölejikler bolan elektronlaryň, protonlaryň, neýtronlaryň we beýlekileriň jemidir, şol bir wagtyň özünde-de tolkunlardyr. Olar bir wagtyň içinde şu ýerde-de, beýleki ýerleriň ählisinde-de bardyr. Olar bölejikler hökmünde dünýäniň ähli ýerlerine ýaýrandyr.

Dynçlyk näme? Adatça dynçlyk diýlende hereketsizlige, gymyldamazlyga düşünilýär. Ýöne zat dynçlyk ýagdaýynda diýlende, onuň başga zada otnositelligi göz öňünde tutulýar. Otnositel dynçlyk ýagdaýdaky zat beýleki zatlar bilen bilelikde ýeriň okunyň daşyndan aýlanýar. Ýer Güniň, Çün hem galaktikanyň merkeziniň daşyndan aýlanýar. Hakykat ýüzünde diňe hereket bar ýaly. Ýöne hereketiň düzüminde hökmany suratda dynçlyk bolaýmaly.

Dynçlyk deňagramlylykdyr. Zat dynçlyk ýagdaýynda diýmeklik ony düzýän ähli bölekleriň, elementleriň, atomlaryň we molekulalaryň dyngysyz hereketdedigini, ýöne muňa garamazdan, onuň özlügini saklaýandygyny aňladýar. Onuň düýp sebäbi şol zady döredýän

atomlaryň özleriniň deňagramlylygyny saklaýandygyndadyr. Haýsy-da bolsa bir zady ýa-da ulgamy şol öňküligine saklaýan hereketdir. Mysal üçin, adamyň organizmindäki ähli öýjükler hereket edýär. Bedende zat alyş-çalşy bolup geçýär. Damarlarda gan aýlanýar. Ýürek işleýär. Adam bedeni hereketde, özgerişde. Ýöne şol hereket hem adamyň adam bolup galmagyny üpjün edýär. Şu nukdaý nazardan adam bedeni dynçlykdadyr. Şol dynçlyk hem ulgamyň bozulmazlygynyň öňüni alýar. Eger-de adam bedenindäki deňagramlylyk bozulsa, onda beden özüniň asyl häsiýetini ýitirýär we başga zada öwrülýär.

Ýöne islendik deňagramlylyk hemişe otnositeldir, wagtlaýyndyr, absolýut däldir. Ol şu häsiýetleri bilen üznüksiz, absolýut bolan hereketden tapawutlanýar. Wagtyň gelmegi bilen köp ýa-da az derejede üýtgewsiz bolan zatlaryň hemmesi özgerýär we başga zada öwrülýär. Sebäbi hereket absolýutdyr, dynçlyk otnositeldir.

Dynçlyk hem edil hereket ýaly materiýanyň döwam ediş usulydyr. Dünýäde dynçlykdan daşarda abadançylyk ýok. Çünki arassa hereket haosy aňladýar. Diňe ontositel deňagramlylyk bolan dynçlygyň şertlerinde hereketiň ösüşi, progresi mümkindir.

Dünýäde materiýanyň hereketiniň bäş formasy – himiki, mehaniki, fiziki, biologik we sosial formalary.

Jansyz tebigatda materiýanyň mehaniki, himiki we fiziki formalary bar. Materiýanyň fiziki hereketine ýylylyk, ýagtylyk, magnetizm ýaly hereketler degişli. Olaryň maddy esasy hökmünde atomlar çykyş edýärler.

Materiýanyň himiki hereketi molekulalaryň atomlardan döreýiş prosesi bilen baglanyşykly. Himiki hereket – materiýanyň wajyp görnüşleriniň biri. Ylmyň şaýatlyk etmegine görä, himiki prosesleriň täsiri bilen Ýerde ýaşaýyş döreýär.

Materiýanyň biologik hereketi janly organizmleriň ýaşamagy we ösüşi bilen baglanyşykly. Häzirki zaman ylmy materiýanyň hereketiniň biologik formasy baradaky bilimleri baýlaşdyrdy. Belok molekulalaryndan başga-da DNK we RNK kislotalary hem ýaşaýşyň molekulýar göterijileri hökmüňde ykrar edildi.

Materiýanyň sosial hereketi materiýanyň hereketiniň ýokary formasydyr. Ol jemgyýetde, jemgyýetçilik durmuşynda, adamda we adam pikirlenmesinde bolup geçýän ähli prosesleri we hadysalary gurşap alýar.

Häzirki zaman ylmynda mehaniki hereket materiýanyň haýsydyr bir özbaşdak gurluş derejesi bilen baglanyşykly däldir diýen pikir kemala geldi. Ol pikire laýyklykda, mehaniki hereket diýlip atlandyrylýan zadymyz materiýanyň birnäçe derejesini baglanyşdyrýar. Şonuň bilen baglylykda ýönekeý bölejikleriň we atomlaryň özara täsirini häsiýetlendirýän kwant-mehanikasy hereketini hem-de makromaddalaryň hereketini häsiýetlendirýän makromehanik hereketleri tapawutlandyrmaga zerurlyk döredi.

Soňky döwürde alymlaryň bir topary materiýanyň özbaşdak ekologik, planetalaýyn, kompýuter, geologik hereketleri ýaly hereketiniň bardygyny-da ykrar edýärler. Mysal üçin, materiýanyň geologik hereketine ýer gabygynyň üýtgeýşi, umman, materikleriň, daglaryň we derýalaryň döreýşi we ş, m. degişli edilýär.

Hereketiň ýönekeý, aşaky formalary has ýokary we çylşyrymly formalara esas bolup çykyş edýärler. Hereketiň ýokary formalary hereketiň üýtgedilen pes formalaryny özünde saklaýar. Ýöne ýokary formalar öz kanunalaýýklyklary boýunça hereket edýärler.

## 4.5. Giňişlik we wagt

*Giňişlik düşünjesi.* Giňişlik – bu materiýanyň dowam ediş usulydyr. Filosofiýada giňişlik düşünjesi möhüm orny eýeleýär. Filosofiýanyň taryhynda giňişligi we wagty düşündirýän iki sany taglymat – substansiýa we relýatiwçilik taglymatlary döredi.

*Substansiýa taglymaty.* Bu taglymat giňişligi we wagty materiýadan garaşsyz dowam edýän, özbaşdak esas, substansiýa hökmünde düşündirýär. Onda giňişlik materiýanyň ýerleşýän gutarnyksyz boşlugy, wagt bolsa arassa gutarmaýan dowamlylyk hökmünde göz öňüne getirilýär. Eger-de birden materiýa ýok bolaýsa, dünýäde giňişlik bilen wagt galar. Bu pikiri Nýuton goldapdyr. Ol materiýadan garaşsyz ýagdaýada dowam edýän absolýut wagtyň we giňişligiň bardygyny ykrar edýär.

*Relýatiwçilik taglymaty.* Bu taglymatyň Aristotel, Leýbnis ýaly wekilleri giňişlige we wagta materiýadan garaşly esas hökmünde garaýarlar. Olaryň pikiriçe, giňişlik we wagt materiýanyň formalarydyr we ondan aýrylykda dowam edip bilmeýärler.

Giňişik we wagt materiýanyň barlygynyň wajyp formalarydyr. Giňişlik düşünjesi maddy obýektleriň tutýan meýdanyny, gurluşyny we maddy ulgamdaky düzüm bölekleriň özara täsirini häsiýetlendirýär. Wagt düşünjesi bolsa maddy obýektleriň dowam ediş uzynlygyny we ýagdaýlarynyň üýtgemekligini aňladýar.

Giňişligiň we wagtyň häsiýetlerini köptaraplaýyn we özboluşly görnüşlere bölmek bolar. Olar obýektiwdirler, hiç zatdan we hiç kimden garaşsyzdyrlar. Birek-biregi bilen berk baglanyşyklydyrlar, gutarnyksyz hem-de tükeniksizdirler. Giňişligiň üç, wagtyň bolsa bir ölçegi bardyr. Olar üznüksizdirler.

Giňişlik islendik maddy obýektiň dowam etmeginiň zerur şertidir. Giňişlikde bolmaklyk bir zadyň başga zatdan bölek bolmaklygyny aňladýar. Giňişlikde bir zadyň eýelän ýerini başga hiç zat eýeläp bilmez.

*Wagt düşünjesi.* Wagt bakydyr, ony ýok edip bolmaýar. Wagt bir hadysanyň yzyndan başga hadysanyň gelmek formasydyr. Wagt birmeňzeşdir, ol hemişe geçmişden geljege tarap hereket edýär, assimetrdir we yzyna gaýtmasyzdyr.

Giňişlik we wagt hereketiň dürli formalarynda dürlüçe ýüze çykýar. Şonuň üçin hem soňky döwürlerde ylymda biologik, psihologik, sosial we beýleki wagty hem-de giňişligi tapawutlandyrýarlar. Mysal üçin, ylymda psihologik wagt diýlen düşünje ulanylýar. Ol adamyň ýagdaýy, ony gurşaýan şertler bilen baglylykda wagtyň haýal ýa-da çalt geçýändigini aňladýar. Ýaramaz, kyn, agyr pursatlar uzaga çekýäne, oňat, şatlykly, bagtly pursatlar bolsa ýeňil we çalt geçýäne meňzeýär. Şeýle ýagdaý wagty subýektiw duýmagyň netijesinde bolup geçýär.

Adamzadyň ösüş taryhy bilen baglanyşykly sosial wagt hem geçişini çaltlaşdyryp ýa-da haýalladyp biler. Tehniki progres, ylmy – tehniki rewolýusiýa sosial wagtyň çalt geçmegine aýgytlaýjy täsir edýär. Çökgünlikler, dawa-jenjeller, tebigy-betbagtçylyk ýaly hadysalar wagtyň geçmegini haýalladýar.

Ylymda biologik wagt we biologik giňişlik hem tapawutlandyrylýar. Biologik wagt janly organizmleriň biodöwri, ýagny gijäniň we gündiziň öz orunlaryny çalyşmagy, bir paslyň ornuna başga paslyň gelmegi ýaly hadysalar bilen baglanyşyklydyr. Biologik giňişlikler diýlende bolsa dürli jandarlaryň ýaýran giňişligine düşünilýär.

Giňişligik we wagt öz aralarynda hem-de materiýanyň hereketi bilen berk baglanyşyklydyr. Tebigat ylymlarynda XX asyryň başlaryna çenli giňişligiň we wagtyň absolýutlygy baradaky garaýyş agalyk etdi. Ol garaýyşa laýyklykda, giňişik we wagt materiýanyň dowam etmeginiň daşky şertleri hökmünde çykyş edýärdi. Bu taglymatyň esasy ideýalary Issak Nýuton tarapyndan öňe sürülipdi. Onuň pikiriçe, giňişigiň we wagtyň absolýutlygy olaryň obýektiwligi, hiç zatdan garaşsyzlygy bilen deň. Bu taglymatda wagta gutarnyksyz, birsydyrgyn akym uzynlygy hökmünde seredilýärdi. Giňişlik bolsa gutarnyksyz, çägi ýok, maddy zatlary ýygnaýjy passiw, boş meýdandy. Dünýäde näme bolsa-da, nähili elhençlikler dörese-de giňişlik we wagt özgermez, öňki bolşuna galarlar hem-de öňki häsiýetlerini saklar diýilen pikir goldanylýardy.

Ýöne XX asyryň başlarynda Albert Eýnşteýn tarapyndan öňe sürlen otnositellik taglymaty giňişlik we wagt baradaky däp bolan garaýşyň düýpli üýtgemegini şertlendirdi. Ol ýagtylykdan ýokary tizligiň ýokdugyny yglan etdi. Beýle diýilmegi zatlaryň özara täsiriniň tizliginde çäklendirmäniň bardygyny ykrar etmekdi. Diýmek, tutuş jahan üçin bitewi, bir wagtda amal edilýän wagtyň hem bolmagy mümkin däl. Bir ulgamdaky hadysa üçin zerur bolan wagt, başga ulgamda başga wagtda bolup geçer. Başgaça aýdanda, biri-birinden aýrylykda hereket edýän giňişlik we wagt ýok. Hasaba alnan her ulgam üçin hadysalaryň öz geçmişi, häzirki wagty we geljegi bar.

Otnositellik teoriýasy giňişligiň we wagtyň häsiýetleriniň zatlaryň hereketiniň tizliginden garaşlydygyny kesgitledi. Zatlaryň hereketiniň tizligi ýagtylygyň tizligine ýakynlaşanda giňişligiň bölekleri herekete tarap gysgalýar, wagt bolsa, tersine, uzaýan, çekilýän ýaly bolýar. Şu ýagdaýda-da giňişlik-wagt interwaly – aralygy üýtgemeýär. Çünki uzynlygyň gysgalmagy wagtyň aralygynyň köpelmeginiň, wagtyň aralygynyň gysgalmagy bolsa giňişligiň uzalmagynyň hasabyna dolýar. Giňişlik bilen wagtyň biriniň häsiýetiniň üýtgemegi beýlekisiniň hem häsiýetiniň üýtgemegine getirýär.

Otnositelligiň umumy teoriýasy giňişlik we wagt meselesinde has uly netijelere gelinmäge ýardam berdi. Bu teoriýa laýyklykda, giňişligiň we wagtyň ölçeglilik häsiýeti özara çekişýän materiýanyň

hereketi we paýlanyşy tarapyndan kesgitlenýär. Şeýle hem, tersine, giňişligiň her bir nokadyndaky çekijilik güýji ölçeglilikden garaşlydyr. Sözüň doly manysynda aýdylanda, otnositelligiň umumy teoriýasy Nýutonyň teoriýasyna seredeniňde grawitasiýa düýbünden başgaça düşündiriş berýän häzirki zaman çekişme teoriýasydyr. Ol teoriýa dykyzlygy we paýlanyşy bilen baglylykda zatlar giňişlik-wagt kontinumyny gyşardýar diýip hasaplaýar.

Şeýlelik bilen Eýnşteýniň otnositellik teoriýasy materiýanyň, giňişligiň we wagtyň arasynda berk baglanyşygy bardygyny görkezdi.

Häzirki zaman filosofiýasynyň we ylmynyň tassyklamagyna görä, maddy dünýä içki taýdan böleklere bölünen bitewilikden ybaratdyr. Ony emele getirýän bölekleriň, hadysalaryň görnüşleriniň, häsiýetleriniň köpdürlüdigine garamazdan, dünýä maddylygy, energetikasy we gurluşy boýunça bitewidir. Şol bitewi dünýäniň içinde bir tarapy maddylykdan – bedenden, beýleki tarapy ideallykdan –aňdan ybarat bolan paýhasly adamyň hem öz orny bar. Maddylyk babatynda adam dünýäniň bitewilik kanunalaýyklygyny bozmaýar. Ol edil beýleki jandarlaryňka meňzeş materiýadan-öýjüklerden durýar. Tebigatyň kanunalaýyklyklaryna boýun egýär, ewolýusiýa laýyklykda kämilleşýär. Ýöne adamyň ideal tarapy welin daşdan seredeniňde şol bitewiligi bozýana meňzeýär. Hakykatdan-da, adama mahsus bolan ideallygyň maddylygy ýok. Ol giňişlikde ýerleşmeýär, başga maddy zatlar bilen täsirleşmeýär. Bu ýagdaý maddy dünýä bilen ýanaşyk öz kanunlary boýunça ýaşaýan ideal dünýäniň barlygyna şaýatlyk edýär.

Filosofiýa dünýäniň birdigine we bitewidigine ynanýar. Maddylyk dünýäniň bitewiligini üpjün edýär. Dünýäde hemişe hereketde bolýan materiýadan başga hiç zat ýok. Dünýädäki ähli zatlar maddy sebäpler we özara täsirler bilen şertlendirilýär. Ideallyk bolsa materiýanyň guralyşynyň ýokary derejesine mahsus häsiýet hökmünde görkezilýär.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Substansiýa düşünjesini barlyk bilen baglanyşdyryň.
2. Monizm, dualizm we pluralizm düşünjelerini tapawutlandyryň.
3. Materiýa we onuň düýp manysy hakynda gürrüň beriň.

4. Filosofiýanyň taryhynda materiýanyň manysynyň düşündiriliş aýratynlyklaryny deňeşdiriň.
5. Organiki däl materiýanyň gurluş aýratynlyklaryny suratlandyryň.
6. Organiki materiýanyň gurluşy hakynda gürrüň beriň.
7. Materiýa bilen hereketiň özara baglanyşygyny we täsirini açyp görkeziň.
8. Materiýanyň hereketiniň formalaryny tapawutlandyryň.
9. Materiýany substansiýa we subýekt hökmünde häsiýetlendirmäge çalşyň.
10. Materiýanyň hereketiniň tebigatdaky we jemgyýetdäki ornuny kesgitläň.
11. Materiýanyň jansyz tebigatdaky hereketiniň aýratynlyklary hakynda gürrüň beriň.
12. Materiýanyň döwam etmeginde giňişligiň we wagtyň ornuny açyp görkeziň.
13. Giňişlik bilen wagtyň özara baglanyşygyny we täsirini kesgitläň.
14. Eýnşteýniň otnositellik teoriýasynyň materiýanyň, giňişligiň we wagtyň arasynda berk baglanyşygynyň bardygyny görkezýändigini subut ediň.

# V. AŇ, ONUŇ GELIP ÇYKYŞY WE DÜÝP MANYSY

## 5.1. Filosofiýada aň meselesi

Adamy beýleki jandarlardan tapawutlandyrýan aýratynlyklarynyň içinde aň möhüm orny eýeleýär. Aň adamyň artykmaçlygydyr. Ol adamyň ýetmeziniň öwezini dolýar. Adam aňyň güýjüne daýanyp, iň ýyndam haýwanlardan hem çalt hereket etmäni, asmanda ganat ýaýýan guşlardan hem ýokary galmany, suwda ýaşaýan jandarlaryň baryp bilmejek çuňluklara aralaşmany başarýar. Dünýädäki beýleki jandarlar ýaşamak üçin daşky gurşawa uýgunlaşmaly bolsalar, aň adama daşky dünýäni öz islegine laýyklamaga mümkinçilik berýär. Adam aňy we oý-pikiri bilen daş-töweregini we özüni özgerdip, üýtgedip bilýär.

Aňyň gudratly güýçdigine adamlar gadymy döwürlerden üns beripdirler. Olar adam aňy, adam aňynyň syrlary barada pikirlenipdir-

ler. Onuň tebigatyna, düýp manysyna akyl ýetirmeklige çalşypdyrlar. Aňyň döreýşi, gurluşy, ýerine ýetirýän işleri bilen baglanyşykly soraglara jogap gözläpdirler. Bu soraglara dogry we doly jogap tapmak kyn bolupdyr. Sebäbi aň meselesi adamzadyň öňünde dörän meseleleriň iň kynlarynyň, iň çylşyrymlylarynyň biri hasaplanýar.

Filosofiýa hem aň bilen iş salyşýar. Ýöne fiziologiýa, kibernetika, medisina, psihologiýa, sosiologiýa ýaly aňy öwrenýän beýleki ylymlardan tapawutlylykda, ol aň meselesini filosofik nukdaýnazardan çözýär. Ol çözgüt adamyň dünýädäki ornuny we ähmiýetini anyklamaga, daşky dünýä bilen gatnaşygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Filosofiýa aňyň tebigaty, düýp manysy, daşky dünýä akyl ýetirmek we özgertmek mümkinçilikleri bilen gyzyklanýar. Ýöne bu meseleler boýunça akyldarlaryň arasynda agzybirlik ýok. Filosoflar özleriniň akymlary, ugurlary, mekdepleri bilen baglylykda aň bilen baglanyşykly goýlan soraglara dürlüçe jogap berýärler. Mysal üçin, materialistler aňyň tebigatyny maddylygyň düzüminden gözleýärler. Olaryň pikiriçe, aň materiýanyň ýokary gurlan formasynyň – beýniniň önümidir. Ruh bolsa jan bilen aňyň birligidir.

Idealistler we dini filosofiýanyň wekilleri aň meselesinde aňyň birinjiliginden, materiýanyň ikinjidiginden ugur alýarlar. Olar aňa maddylykdan, tebigatdan we sosiallykdan garaşsyz, olardan has ýokarda durýan, «ruhuň» bir bölegi, häsiýeti, käbir ýagdaýlarda bolsa dünýäni dörediji barlyk hökmünde baha berýärler. Olaryň pikirine laýyklykda, ruh dogulmaýar we döredilmeýär.

Aňa, onuň tebigatyna we düýp manysyna düşünmekde filosoflaryň arasynda düýpli garşylyklar bar. Ýöne filosofiýanyň iki ugry hem aňyň bardygyny, dowam edýändigini ykrar edýärler. Olaryň ikisi-de aňyň dowam etmeginiň esasyny düşündirmäge çalyşýar. Olaryň düşündirişlerinde düýpli tapawutlar bar. Gadymy döwürde jana aňy hereketlendiriji güýç hökmünde seretmek ýoň bolupdyr. Antiki döwrüň atomçy filosoflary janyň tebigatyny maddylyk bilen, Pifagor, Sokrat, Platon ýaly akyldarlar bolsa ideallyk bilen baglanyşdyrypdyrlar. Olar jana tenden daşary bir güýç hökmünde seredipdirler. Bu meselede Aristoteliň özboluşly garaýşy bolupdyr. Onuň pikiriçe, jan özbaşdak bir zat däl-de, teniň formasydyr. Jan teniň düýp manysydyr,

ony hereketlendiriji güýçdür. Onuň hereketiniň maksadydyr. Jan pikiriň kömegi bilen bedeni herekete getirýär. Aristotel janyň haýwan we aňly görnüşleriniň bardygyny belläpdir. Olaryň her haýsysy organiki dünýäniň bir derejesine – ösümlik, haýwan we ynsan derejelerine gabat gelýär. Diňe adam jany akyl ýetirýän we tanaýan, işjeň aňa eýedir.

Orta asyrlarda aňa dini çemeleşiş mahsus bolupdyr. Ol garaýyşa laýyklykda, aň tebigatdan öň hem bolupdyr. Ol tebigaty dörediji we dolandyryjydyr.

Täze döwürde tebigat bilimleriniň güýçli ösmegi bilen mehanika esaslanýan täze filosofik garaýyş kemala gelýär. Ol takyk ylymlaryň gazananlaryna daýanmak arkaly öň agalyk eden garaýyşlaryň köpüsine täzeçe, tankydy göz bilen seredip başlaýar. Aristoteliň jan baradaky taglymaty-da ol tankytdan çetde galmandyr. Rene Dekart ilkinji gezek jan bilen aňyň bir zat däldigini belleýär. Dekart jana bedeni hereketlendiriji güýç hökmünde seretmek bilen ylalaşmaýar. Ol adam hereketiniň ähli sebäplerini nerw damarlary tarapyndan dolandyrylýan myşsalaryň hereketi bilen baglanyşdyrypdyr. Dekart jany, ruhy maddy substansiýa bilen deň derejede hereket edýän substansiýa derejesine çykarýar. Dekart ruhy substansiýany akyl ýetirişiň, syzyşyň, göz öňüne getirmeleriň, hakydanyň we ş.m. subýekti hökmünde teswirleýär hem-de olary «pikirleniş» ýa-da «aň» diýp atlandyrýar. Dekartyň dualizmi – iki başlangyçlyk hakyndaky taglymaty fiziki we ruhy hadysalaryň özara gatnaşyk meselesini döretdi. Dekart bu meseläni psihiki-fiziki gatnaşyk täsirine daýanyp çözýär. Onuň pikiriçe, adam beýnisinde ruhy substansiýanyň maddy substansiýasy bilen baglanyşmagy, täsirlenmegi bolup geçýär.

Leýbnis aň meselesi bilen baglanyşykda Hudaý tarapyndan berlen sazlaşyk taglymatyny işläp düzýär. Ol taglymata laýyklykda biri-birinden garaşsyz ruh bilen ten hadysalarynyň arasyndaky gatnaşyk Hudaý tarapyndan sazlanýar.

Ten bilen ruhuň arasyndaky gapma-garşylyk meselesine wulgar materialistleriniň çemeleşmesi özboluşlydyr. Filosofiýanyň bu akymynyň wekilleri aňyň fiziki hadysalardan tapawutlanmaýandygyny belleýärler. Olaryň pikiriçe, aň maddydyr. Edil bagyryň ödi bölüp çykaryşy ýaly, adam beýnisi hem pikiri bölüp çykarýar. Wulgar

materialistleriň garaýyşlarynyň ylym tarapyndan inkär edilendigine garamazdan, enteklerem aňy materiýanyň bir görnüşi hökmünde görkezmeklige synanyşyk edilýär. Mysal üçin, elektrofiziologiýanyň üstünlikleri bilen baglylykda ylymda pikir beýniden çykýan elektromagnit yrgyldysydyr diýen pikir öňe sürüldi. Hakykatdan-da, beýni üznüksiz elektromagnit tolkunlaryny ýaýradýar. Beýni işjeňleşen ýagdaýynda olar hem özüniň häsiýetini üýtgedýär. Adam kesellän ýagdaýynda şol tolkunlary öwrenmeklik arkaly beýniniň niresinde näsazlygyň bardygyny bilmek bolýar. Ýöne pikiriň maddy bolmandygy sebäpli plenkadaky ýazgylary öwrenip onuň mazmunyny anyklap bolmaýar.

Filosofiýada gilogoizmiň tarapyny tutýanlaryň pikirine laýyklykda bolsa, dünýädäki ähli zatlaryň aňy bardyr.

Dialekti materializmi goldaýan filosoflar aňa çylşyrymly biohimik, fiziologik, nerw proseslerine eýe bolan adam beýnisiniň önümi hökmünde seredýärler.

Häzirki zaman filosofik akymlaryň biri bolan fenemenologiýa aňy onuň içki obýekte, mana gönükdirilmesi hökmünde düşündirýär.

Häzirki zaman ylmynda aň diýlende adamyň daşky dünýäniň özboluşlyklaryna laýyklykda öz hereketlerini, işlerini meýilleşdirip bilmek başarjaňlygyna düşünilýär.

## 5.2. Aňyň döremeginiň şertleri

Adam aňy materiýanyň milliardlarça ýyllaryň dowamynda çylşyrymly ewolýusiýasynyň netijesinde döräpdir. Şol ewolýusiýanyň dowamynda jansyz tebigatdan janly tebigat emele gelýär. Ondan hem pikirlenýän jandar peýda bolýar. Adam aňy ýöne ýerde döremeýär. Onuň kemala gelmegi üçin biologik we sosial şertleriň bolmagy zerurdyr.

*Aňyň döremeginiň biologik şertleri.* Aňyň döremeginiň biologik şertleriniň biri hökmünde dik ýöreýän maýmyn pisint adamyň bolmagyny görkezmek bolar. Dik ýöremek maýmyn pisint adamlaryň elleriniň zähmet çekmeklik üçin boşamagyna getirýär. Wagtyň geçmegi bilen el adam bedeniniň esasy bölekleriniň birine öwrülýär. Ýokary gurluşly maýmyn pisint adamlarda ses we hereket arkaly ha-

bar beriş, duýduryş ulgamynyň döremegi hem-de ösmegi soňlugy bilen diliň döremegine esas bolýar. Olaryň sürüleýin ýaşamaklygy hem aňyň döremeginiň şertleriniň hataryna girýär. Sürüde ýaşamak maýmyn pisint adamlaryň ýaşýyş ukyplaryny ösdürýär, daşky gurşaw bilen gatnaşyklaryny çylşyrymlaşdyrýar. Sürüde içki ierarhiýanyň peýda bolmagy olaryň gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylmagyna getirýär. Maýmyn pisint adamlaryň sürüsinden soňlugy bilen ilkidurmuş adamlaryň obşina gurluşy döreýär. Maýmyn pisint adamlaryň nerw ulgamlary we beýnisi hem beýleki jandarlaryňkydan düýpli tapawutlanypdyr. Mysal üçin, gadymy driopitegiň ýa-da şimpanzäniň beýnisiniň göwrümi 400 $sm^3$, sinatropyňky ýa-da gadymy hytaýlynyňky 1050 $sm^3$, neahdertalyňky 1300–1400 $sm^3$, häzirki zaman adamynyňky hem 1400–1600 $sm^3$ deňdir.

Zerur biologik şertler täze hadysanyň döremeginiň mümkinçiliklerini taýýarlaýar. Ýöne maýmyn pisint adamlaryň sözüň doly manysynda aňly adama öwrülmegi üçin olar ýeterlik bolmandyr. Adam aňynyň döremegini we işlemegini haýwanlaryňky ýaly biologik ewolýusiýanyň kanunalaýklary däl-de, taryhy ösüşiň kanunlary kesgitleýär. Onuň aň-düşünjeli adam bolmagynda, adam aňynyň döremeginde esasy orun sosial şertlere degişli bolýar.

*Aňyň döremeginiň sosial şertleri.* Aňyň döremeginiň esasy sosial faktory zähmet we dildir. Adamyň tebigy barlygyň çäginden çykmagy ýaşamaklygyň hil taýdan täze bir usulynyň – daşky dünýäni zähmetiň kömegi bilen özleşdirmek usulynyň peýda bolmagyna getirýär. Bu usul zähmet gurallaryny ýasamaklygy we zähmet prosesinde adamlaryň arasynda özboluşly bir gatnaşygyň ýola goýulmagyny göz öňüne tutýar. Haýwanlardan tapawutlykda adam zähmet gurallaryny öňden taýýarlanan meýilnamanyň esasynda ýasaýar. Ony nirede, nähili şertlerde ulanjakdygyny we saklajakdygyny hem meýilleşdirýär. Adam ýagdaýa laýyk hereket etmäni, zähmet gurallaryny saýlamaklygy başarýar.

Zähmet prosesinde adama mahsus bolan özboluşly gatnaşyk döreýär. Daş-töwerekdäki adamlar indiwid üçin diňe bir biologik gymmata eýe bolman, eýsem ýuwaş-ýuwaşdan sosial gymmata hem eýe bolup başlaýar. Jemgyýetiň emele gelmegi we jemgyýetçilik gat-

naşyklarynyň çylşyrymlaşmagy bilen adamyň sosial ähmiýeti häs hem artýar. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň çylşyrymlaşmagy ilki bilen adamlaryň islegleriniň, bähbitleriniň artýangyny aňladýar. Adamlar şol islegleri, bähbitleri kanagatlandyrmak üçin özara gatnaşyklaryny has hem ýygjamlaşdyrmaga mejbur bolýarlar. Çünki adam ýekelikde isleglerini we bähbitlerini kanagatlandyryp bilmeýär. Olary diňe beýleki adamlar bilen bilelikde, bilelikdäki zähmetde, özara gatnaşykda kanagatlandyrmak mümkin. Zähmet ilki bilen adamyň biologik isleglerini kanagatlandyrmaklyga hyzmat edýär. Islegler hem öz gezeginde, adamyň zähmetiniň esasy höweslendirijisiniň, gyzyklandyryjysynyň wezipesini ýerine ýetirýär.

Adam zähmeti bolup biläýjek hadysalary öňden görüp bilmek we şoňa laýyklykda zähmet maksadyny goýmak bilen baglanyşykly. Zähmetiň maksady zähmet prosesini özüne boýun edýär. Şol maksada ýetmek üçin adamlar özara gatnaşyga girmeli bolýarlar. Zähmet prosesindäki bu zerurlyk aňyň döremeginiň esasy şertleriniň ýene biriniň – diliň we gepleşigiň döremegine sebäp bolýar. Urugdaşlara zähmet çekmek endiklerini öwretmek, toplanan tejribeleri soňky nesillere geçirmek, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmak ýaly zerurlyklar diliň we gepleşigiň döremegine getirýär.

Adamyň we haýwanlaryň ýokary nerw işini seljermek arkaly I. Pawlowyň işläp düzen iki duýduryş ulgamy hakyndaky taglymatyna laýyklykda, haýwanlarda diňe birinji duýduryş ulgamy bolýar. Olarda daşky dünýä baradaky duýduryşlar diňe gyjyndyryjylaryň we duýgy agzalarynyň üstünden gelýär. Adam duýduryş ulgamlarynyň ikisi-de mahsus. Ikinji signal ulgamynda birinji duýduryş ulgamynyň köp sanly maglumatlary gaýtadan işlenilýär we hakykat umumylaşdyrylýar. Ol diliň we sözüň kömegi bilen gazanylýar. Sözüň kömegi bilen adam anyk duýgulaýyn beýnä ornaşdyrmalardan, göz öňüne getirmelerden umumy düşünjelere, deňeşdirmelere, pikir ýöretmelere geçýär.

Dil sosial mazmunlydyr. Ol diňe jemgyýetde döreýär. Dil adamzat medeniýetiniň ösüşiniň wajyp serişdesidir. Sosial maglumatlary özleşdirmek we geçirmek üçin diliň ulanylmagyna sözleýiş diýilýär. Dil adamlaryň özara habarlaşmagynyň, özara düşünişmeginiň we jemgyýetdäki ylalaşykly, sazlaşykly ýaşamaklygyň serişdesidir. Ol sözlerden, sözleri ulanmaklygyň kanunalaýyklygyndan, aňladyjy nyşanlardan, duýduryşlardan durýar.

Gadymy adamlar ilki öz pikirlerini sözleriň kömegi bilen däl-de yşaratlaryň, bokurdak sesleriniň, şertli belgileriniň, ýüz-gözüniň hereketleriniň kömegi bilen beýan edipdirler. Soňra sözsüz diliň esasynda aýyl-saýyl sözleýiş – gepleýiş döreýär. Ýöne sözsüz dil doly ýok bolup gitmeýär. Sözsüz dili – dürli yşaratlary, ümleri häzirki döwrüň adamlaram işjeň ulanýarlar. Ýöne aýyl-saýyl sözleýişiň, gepleşigiň peýda bolmagy adamlaryň özara gatnaşyklarynda, özleriniň ýaşaýyşlary üçin zerur bilimleri ýygnamakda, pikirlerini düşünjelerde beýan etmekde we soňky nesillere geçirmekde ep-esli ýeňillikler döredýär. Bilim maglumatlaryň, maglumatlar hem şöhlelenmäniň üsti bilen alynýar we düşünjelerde, sözlerde aňladylýar. Gepleşikde ulanylýan her bir sözde belli bir zadyň nyşany saklanýar. Adamyň daşky dünýä bilen gatnaşygy näçe ýygy bolsa, onuň akyl ýetiriş mümkinçilikleri näçe ýokary bolsa, dili hem şonça baý bolýar.

*Daşky dünýäniň, tebigatyň, jemgyýetiň, adamyň we ş.m. prosesleri, zatlary, wakalary, olaryň daşky sypatlary, içki aýratynlyklary baradaky habarlara maglumat ýa-da informasiýa diýilýär.* Maglumat bilimiň esasydyr. Maglumatyň ýok ýerinde bilim ýok. Emma islendik maglumat bilim däldir. Diňe adam tarapyndan kabul edilen we özleşdirilen maglumat bilime öwrülýär. Bilimiňi artdyrmak diýmeklik dünýä, ondaky zatlar, wakalar, prosesler baradaky habarlylygyňy artdyrmak diýmekligi aňladýar.

Maglumat obýektiwlige esaslanýan subýektiw şöhlelenmedir. Ol şöhlelenmäniň atributydyr. Öwrenilýän, öwrenmek maksady bilen şöhlelendirilýän maglumatyň giňligi we çuňlugy diňe bir şol maglumatlary özünde saklaýan obýekte bagly bolman, eýsem öwrenýän subýektiň taýýarlyk derejesine, onuň dünýägaraýşyna hem baglydyr. Mysal üçin, metalyň häsiýetleri, sypatlary onuň özünde saklanýar. Ýöne şol sypatlar, häsiýetler subýektler – adamlar tarapyndan dürlüçe kabul edilýär. Ömrüni çölde çopançylykda geçiren sähraýy adam üçin uçar gökde gaýyp ýören bir bölek demirdir. Ol şol uçar barada gürrüň berende hem ilki bilen demir bölegi hakynda gürrüň edýär. Ýöne häzirki zaman tehnologiýasyndan oňat baş çykarýan adam uçar barada gürrüň bermeli bolsa, onda ol ilki bilen onuň uçujylyk häsiýetini, aragatnaşykdaky ähmiýetini we amatlylyklaryny bellär. Elbetde, olaryň ikisiniň hem beren maglumatlary şol uçarda saklanýar. Ýöne,

ikinji adamyň uçar baradaky maglumaty has giňdir we çuňdur. Sebäbi, onuň bilim derejesi birinji adamyňka garanyňda has ýokarydyr. Ýöne birinji adam çölde ösýän ösümlikler, ýaşaýan haýwanlar barada ikinji adama garanyňda has giňişleýin gürrüň berip biler.

Dil adamzadyň baýlygydyr. Onda adamlaryň toplan tejribeleri, bilimleri saklanýar. Adam sözleýşiň kömegi bilen müňýyllyklaryň dowamynda toplanan şol bilimleri özleşdirmäge, baýlaşdyrmaga we soňky nesillere geçirmeklige mümkinçilik alýar.

Adamzat taryhynyň dowamynda tebigy dil bilen birlikde emeli dili hem döredýär. Hat-ýazuw adamyň döreden emeli dilleriniň naýbaşysydyr. Ony öwrenmek, özleşdirmek uly çykdajyny, belli bir wagty, jemgyýetçilik guramaçylygyny we özbaşdak ukyby talap edýär. Ýöne hat-ýazuw toplanan bilimi, tejribäni, habarlary, maglumatlary soňky nesillere, uzak aralyga üýtgetmän ýetirmäge mümkinçilik döredýär. Ol toplanan bilimleri köpçülige ýaýratmaga, adamlaryň bilimini artdyrmaga, dünýäniň dürli künjeklerinde dürli döwürlerde ýaşan adamlaryň pikirleri bilen tanyşmaga ýol açýar.

Aňy informatika we kibernetika ylymlary hem öwrenýär. Informatika ylmy maglumatlar we maglumatlary ýaýratmak bilen iş salyşsa, kibernetika baglanyşyklary we dolandyryşy öwrenýär. Ol adam aňy baradaky bilimlere daýanmak we häzirki zaman tehnologiýalary ulanmak arkaly emeli aňy döretdi we ony adamyň hyzmatyna goýdy. Kibernetikanyň döreden emeli aňy adam aňynyň ylymdaky we önümçilikdäki işini ýeňilleşdirdi. Onuň akyl taýdan ýerine ýetirýän işiniň birgidenini çalyşdy.

Zähmet we dil adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagyna, beýniniň ewolýusiýasyna, onuň ösmegine sebäp bolýar. Beýniniň ösmegi bilen bolsa adamyň aňynyň kämilleşmesi hem bolup geçýär – onuň mümkinçilikleri ýokarlanýar.

## 5.3. Aň we şöhlelenme

Materiýa özüniň ösüşiniň dowamynda belli bir şertleriň täsir etmeginde aňy döredýär. «Materiýanyň nähili häsiýetleri aňyň döremegine sebäp bolýar?» diýen soraga tebigy ylymlar «Şeýle häsiýet hökmünde şöhlelendirmäni görkezmek bolar» diýip jogap berýär.

Aňy, onuň gelip çykyşyny düşündirmekde şöhlelendirme kategoriýasy aýratyn ýeri eýeleýär. Şöhlelendirme materiýanyň ählumumy hasiýetidir. Şöhlelenmäniň dowamynda şöhlelendirilýän obýektiň aýratynlyklary, häsiýetleri we gatnaşyklary şöhlelendirýände ýüze çykarylýar. Şöhlelendirme materiýanyň gurluşynyň ähli derejelerine – jansyz, janly we sosial tebigata mahsusdyr. Şöhlelendirmäniň dürli görnüşleri bolup, olaryň her haýsysy materiýanyň gurluşynyň belli bir derejesine gabat gelýär.

*1. Jansyz tebigatdaky şöhlelendirme.* Oňa materiýanyň hereketiniň mehaniki, himiki we fiziki görnüşleri gabat gelýär. Olar fizikanyň, mehanikanyň we himiýanyň kanunlaryna laýyklykda bolup geçýär. Şöhlelendirmäniň bu görnüşi gowşakdyr. Onda şöhlelenýän obýekt şöhlelendirýän obýekt tarapyndan bahalandyrylmaýar. Jansyz tebigatdaky şöhlelenme diňe göni galtaşma bolan ýagdaýda ýüze çykýar. Onda özara täsir barada belli bir maglumat saklanýar. Mysal üçin, agajyň ýaşyny görkezýän halkalar haýsy ýylda gurakçylyk, haýsy ýylda ygalçylygyň bolandygyndan habar berip biler. Şöhlelendirmäniň islendik görnüşiniň esasy aýratynlyklarynyň biri olaryň özlerinde maglumatlary saklaýanlygydyr. Oňa laýyklykda, bir obýekt beýleki bir obýekt baradaky maglumaty «ýadynda» saklaýar.

*2. Janly tebigatdaky şöhlelendirme.* Oňa materiýanyň hereketiniň biologik görnüşi gabat gelýär. *Şöhlelendirmäniň fiziologik görnüşi* janly tebigatyň ösüşiniň başky döwürlerinde ýüze çykýar. Ol bir öýjükli jandarlara mahsusdyr. Şöhlelendirmäniň has ýönekeý görnüşi gyjynmadyr. *Gyjynma – bu janly organizmleriň özlerine gönükdirilen biologik ähmiýetli daşky täsirleri duýmasydyr*. Gyjynmanyň täsiri bilen janly organizmleriň daşky gurşawa passiw uýgunlaşmagy bolup geçýär. Bu ýagdaý ýönekeý organizmleriň bar bolan şertlerden ýaşamak üçin has oňaýlysyny saýlaýandygyny, ýöne olary gözlemeýändigini, döretmeýändigini aňladýar.

*Psihiki şöhlelendirme* ýokary gurluşly jandarlaryň ählisine mahsusdyr. Onuň kemala gelmeginde nerw öýjükleriniň döremeginiň ähmiýeti uludyr. Olar daşky gyjyndyryjylar baradaky duýduryşlary kabul etmäge mümkinçilik berýär. Nerw öýjükleriniň ösmegi, kämilleşmegi bilen olaryň daşky gyjyndyryjylaryň duýduryşlaryny kabul etmekde

ýöriteleşmekleri bolup geçýär. Olaryň bir topary ýagtylygy, beýlekileri gyzgynlygy, üçünjileri sesleri, dördünjileri tagamy we ş.m. kabul etmeklige ýöriteleşýärler. Netijede, syzgynyň aýratyn organlary we olaryň işini kadalaşdyrmaklyga niýetlenen nerw ulgamy döreýär. Olaryň döremegi şöhlelenmäniň syzyş, kabul ediş we göz öňüne getiriş görnüşiniň – duýgy şöhlelenmesiniň döremegine sebäp bolýar. Duýgurlygyň peýda bolmagy daşky gurşawa uýgunlaşmakdan has işjeň maksada gönükdirilen gözlege geçilýändigini aňladýar. Ol gözleg mirasa geçýän instinktiň ýa-da şahsy özleşdirilen özüňi alyp baryş arkaly amala aşyrylýar. Instiniktiw özüňi alyp baryş oňurgasyzlaryň ählisine mahsusdyr. Oňa laýyklykda, deň şertlerde kesgitli biologik görnüşiň wekilleri özlerini birmeňzeş alyp barýarlar. Daşdan seredeniňde olaryň hereketi aňly ýaly görünýär. Ýöne hakykatda olar mirasa geçýän programmalar, mehanizmler tarapyndan kesgitlenýär. Şertiň üýtgedilmegi bilen hereketler hem üýtgeýär.

Beýnisi we merkezi nerw ulgamy bolan oňurgalylaryň şöhlelendirmesi has ýokary dereje hasaplanýar. *Beýniniň kömegi bilen daşky dünýäni şöhlelendirmäge psihika diýilýär.* Ýokary gurluşly haýwanlarda dogabitdi şertsiz refleksler – instinktler bilen bir hatarda wagtlaýyn nerw baglanyşyklary ýa-da şertli refleksler hem bolýar. Olar organizmde şol bir ýa-da meňzeş zatlaryň belli bir wagtyň dowamynda täsir etmegi bilen döreýär. Olar daşky dünýäde bolup biläýjek hadysalar barada duýduryş berýär. Oňa öňürdiji şöhlelendirme hem diýilýär. Ol organizmi belli bir reaksiýa taýýarlaýar. Haýwanlarda öňürdiji şöhlelendirme syzmak, kabul etmek, göz öňüne getirmek ýaly psihikanyň ýönekeýje formalary görnüşde amala aşýar. Ol ilkinji habar beriji ulgamdyr. Ýokarly gurluşly haýwanlarda ýönekeý pikirlenme alamatlarynyň bardygyna garamazdan, olaryň psihikasy döredijilikli pikirlenmeden daşdadyr.

*3. Aň şöhlelendirmesi.* Şöhlelendirmäniň bu görnüşi bilen materiýanyň hereketiniň sosial görnüşi gabat gelýär. Jemgyýetiň peýda bolmagy şöhlelendirmäniň hem täze görnüşiniň – aňyň peýda bolmagyny şertlendirýär. Aň diňe adamzada mahsusdyr. Adam haýwanat dünýäsinden bölünip çykan jandardyr. Haýwanat dünýäsinde dörän psihika adam aňynyň döremeginiň biologik esasy bolup çykyş etdi. Şonuň üçin hem adamyň psihikasy bilen haýwanyň psihikasynyň arasynda umumylyklar bar. Ýöne olar bir zat däldir. Olaryň

arasynda tapawut köpdür. Aň şöhlelendirmegiň ýokary formasydyr. Ol haýwanlaryň psihikasyndan düýpgöter tapawutlanýar. Ilki bilen duýgy şöhlelenmesi has çuň we aň ýetirilen mazmuna eýe bolýar. Oňa abstaktlaşdyrmak mahsusdyr. Oňa laýyklykda, predmetleriň, gatnaşyklaryň, häsiýetleriniň jeminden pikir derejesinde aýratyn predmet, gatnaşyk, häsiýet bölünip aýrylýar. Abstraktlaşdyrmak syn etmekligi we göz öňüne getirmekligi düşünjelere geçirmek usulydyr. Ol bitewiligi böleklere bölýär we onuň aýratyn taraplaryna akyl ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Aň dünýäni ideal keşpde şöhlelendirýär. Şöhlelendirilmäniň netijesinde kemala gelen ideal keşp şöhlelendirilen real obýektden tapawutlanýar. Ideal keşpde real obýekte mahsus bolan fiziki, himiki we beýleki nyşanlar, häsiýetler bolmaýar. Ýöne ideal keşp olar barada maglumatlary özünde saklaýar, olar barada habar berýär. Ideal keşp subýektiw häsiýetde bolup, subýektiw hakykatda ýaşaýar. Olaryň subýektiwligi saklanylýan maglumatlaryň doly däldigini, kemterdigini, bir taraplydygyny aňladýar. Ideal keşpdäki maglumatlaryň mukdary, häsiýeti, derejesi ilki bilen obýektiw hakykaty şöhlelendirýän subýektiň bilim derejesine, dünýägaraýşyna, ahlagyna we beýleki häsiýetlerine baglydyr.

Hakykatyň aňda şöhlelenmesi paýhaslaýyn, gymmatlyklaýyn, duýgulaýyn we motiwasiýalaýyn görnüşde bolup geçýär. Daşky dünýä, adamyň içki ýagdaýy paýhaslaýyn şöhlelendirilende maglumatlar we bilimler görnüşinde, gymmatlaýyn şöhlelendirmede baha bermeler, duýgulaýyn şöhlelenmede duýgular görnüşinde, motiwasiýalaýyn şöhlelenmede bolsa islegler, niýetler, hyýallar görnüşinde amal edilýär. Olaryň hemmesem adam aňynyň hil taýdan täze derejä çykmaklygyna ýardam edýärler.

## 5.4. Aňyň düýp manysy we funksiýalary

Aň adamyň durmuşyny guraýar. Ýaşaýşyny belli bir ugra gönükdirýär. Jemgyýetde eýelemeli ornuny kesgitleýär. Ýerine ýetiren işlerini, hereketlerini bahalandyrýar. Aň adamyň ýaşaýşynyň ähli döwründe-de uly işjeňlik görkezýär. Işjeňlik aňyň iň esasy häsiýetleriniň biridir. Daşky dünýäni maksatlaýyn we saýlawlaýyn şöhlelen-

dirmek, tebigy we sosial hadysalaryň hem-de prosesleriň ösüşi bilen baglylykda çaklamalary işläp düzmek, adamyň daşky dünýäni üýtgetmek, daşky dünýäniň kanunalaýyklyklaryny düşündirýän teoretik nusgalary gurnamak ýaly işlerde onuň işjeňligi has aýdyn ýüze çykýar.

Jemgyýetde kemala gelýän we jemgyýetçilik şertleri tarapyndan kesgitlenýän aňyň mazmuny subýekt tarapyndan kemala getirilýär. Oňa obýektiwlik hökmünde garamak bolmaz. Aň öňde goýlan maksatlardan, wezipelerden, subýektiň bähbitlerinden, onuň obýekte bolan gatnaşyklaryndan we beýlekilerden garaşlydyr. Aňyň döremeginde we öz wezipelerini ýerine ýetirmeginde subýekt bilen obýektiň ählumumy özara baglanyşygynyň ähmiýeti uludyr. Aňyň kemala geliş prosesinde obýekt subýektiň aňynda keşp hökmünde şöhlelenýär. Şu nukdaýnazardan aň – bu obýektiw dünýäniň subýektiw keşbidir.

*Aň – bu beýniniň dil bilen baglanyşykly, diňe adama mahsus ýokary funksiýasydyr. Aň – daşky gurşawyň obýektleriniň adam beýnisinde ideal keşpler görnüşinde şöhlelenmesidir. Aň – bu adamyň pikirleridir, duýgularydyr, göz öňüne getirmeleridir we erkidir.* Olaryň hemmesi bitewilikde adamyň daşky gurşawa akyl ýetirmek, jemgyýýetde öz ornuny, hereketlerini, duýgularyny, oý pikirlerini, bähbitlerini bilmek başarjaňlygyny emele getirýär.

Aňda hyýaly ýagdaýda barlyk obýektiwlige we subýektiwlige bölünýär. Şol hyýaly bölünişde hakyky obýekt bilen onuň keşbi, zat bilen zadyň keşbi, häsiýet bilen häsiýetiň keşbi we ş.m. tapawutlandyrylýar. Adam beýnisinde şöhlelendirilýän obýektleriň keşpleri ideallyk hökmünde çykyş edýär. Olar hakyky obýekt bilen bir zat däldir. Obýektleriň keşplerinde maddylyk bolmaýar. Ideallygy maddy zatlary duýmaklyga kömek edýän usullaryň, emelleriň kömegi bilen ýüze çykaryp bolmaýar. Olaryň sesi, reňki, tagamy we maddylyga mahsus bolan beýleki häsiýetleri ýokdur. Ideallygy işläp çykarýan adam beýnisindäki pikirleri, arzuw-hyýallary, bilimleri we ş.m. görüp, eşidip, duýup bolmaýar.

*Ideallyk adamyň dünýäni özleşdirmeginiň netijesidir.* Ol diňe bir aň görnüşinde däl, eýsem ruhy medeniýet hökmünde-de ýüze çykýar. Şonuň üçin hem ideallyk diňe bir beýni-nerw proseslerine däl, eýsem adamyň taryhy prosesde işläp taýýarlan ruhy gymmatlyklaryna-da daýanýar. Adam özüniň ýaşaýşynda şol ruhy gymmatlyklaryň esaslary bolan dilden, ylymdan we bilimden, tejribeden, sungatdan, ahlakdan,

dinden we ş.m. peýdalanýar. Olar adam ýaşaýşyna täze öwüşgün, many-mazmun, badalga berýär. Adamyň ýaşaýşyny ýeňilleşdirýär.

Aň idealdyr. Ol jemgyýet tarapyndan şertlendirilen ideýalardan durýar. Adam aň diýlip atlandyrylýan ideallyga daýanyp, şonuň ýardamy bilen özüniň hereketlerini jemgyýetde bar bolan dürli görnüşli kadalaşdyryjy, düzgünleşdiriji ölçeglere deňäp, oňa baha berip bilýär. Edilen işleriň, hereketleriň içinden ýagşylaryny we ýamanlaryny, beýiklerini we peslerini, peýdalylaryny we zyýanlylaryny we ş.m. saýlaýar. Olaryň haýsylaryny ösdürmelidigini, haýsylaryndan bolsa saplanmaga çalyşmalydygyny kesgitleýär.

Aň adama beýleki adamlar we tebigat bilen kadaly gatnaşyklary ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Oňa özüni tebigatdan, tebigy güýçlerden, jemgyýetden we beýleki adamlardan tapawutlandyrmaga ýol açýar.

Aň adamy özüni işjeň alyp barmaga mejbur edýär. Adam aňyň emri bilen ýaşaýşyny oňatlaşdyrmak, diňe iýmek, içmek, bedenini oňaýly şertlerde saklamak ýaly ähli jandarlara degişli bolan tebigy islegler barada däl, eýsem döredijilik gözleginde bolmak, täze zatlary döretmek, döredilen zatlardan lezzet almak ýaly diňe adama mahsus bolan hereketleri-de amal edýär. Adam diňe özüniň maddy – tebigy isleglerini däl, eýsem ruhy isleglerini kanagatlandyrmak ugrunda aladalanýar.

Adam aňynyň işjeňliginiň hereketlendiriji güýji hökmünde adamyň islegleri, bähbitleri, ideallary, ynançlary, duýgulary, maksatlary çykyş edýär. Adamyň öz isleglerini, bähbitlerini, arzuwlaryny kanagatlandyrmaklyga bolan ymtylyşlary olara öz öňlerinde şol isleglere eltýän maksatlary goýmaklyga mejbur edýär. Şol maksady goýmak bilen adam oňa ýetmek üçin nähili serişdeleri, haýsy usullary ulanmalydygyny saýlamaly bolýar. Adam özüniň her bir hereketini öňünden meýilleşdirmeli, şol hereketleriň nähili netijeler berjekdigini öňünden görmeli ýa-da görmäge çalyşmaly bolýar. Bu ýagdaý aňyň dartgynly, işjeň bolmagyna sebäp bolýar.

Kemala gelen aň real hakykat bilen galtaşman hem ony şöhlelendirmäge ukyplydyr. Ol öň ýatda galan keşpleriň kömegi bilen real hakykatyň obýektleriniň görnüşini, reňkini, ysyny, tagamyny we beýleki aýratynlyklaryny dikeldip bilýär. Aňyň bu mümkinçiligi adamyň daşky dünýä, ondaky zatlara, hadysalara, proseslere döredijiliklli çemeleşmäge, olary öz isleglerine laýyklamaga mümkinçilik berýär.

Filosofiýa aňyň dürli görnüşlerini tapawutlandyrýar. Aňyň gönükdirilmegi bilen baglylykda onuň öz-özüňi aňmak we şertli (refleksiýa) görnüşleri tapawutlandyrylýar. Şöhlelendirmäniň subýektleri bilen baglylykda aňyň indiwidual aň, toparlaýyn aň, milli aň, synpy aň ýaly görnüşleri tapawutlandyrylýar. Aňyň mazmuny bilen baglylykda bolsa onuň ykdysady aň, syýasy aň, ahlak aňy, estetiki aň, hukuk aňy, ekologik aň ýaly görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Aň ynsanyň işiniň, hereketiniň ugruny, gönükmesini we ş.m. kesgitlemek bilen baglanyşykly köp sanly funksiýalary ýerine ýetirýär. Olaryň esasylary hökmünde aşakdakylary görkezmek maksadalaýyk:

– *aňyň akyl ýetiriş funksiýasy*. Aňyň hakykaty has doly we dogry şöhlelendirmesine akyl ýetiriş diýilýär. Aňyň kömegi bilen adam hadysalaryň düýp manysyna aralaşýar, olar barada zerur maglumatlary alýar;

– *aňyň bilimleri ýygnamak funksiýasy.* Aň diňe bir adamy, jemgyýeti zerur bilim bilen üpjün etmän, eýsem bilimleri ýygnamak bilen hem meşgullanýar;

– *aňyň öz-özüne akyl ýetiriş funksiýasy.* Aň adama diňe bir daşky dünýä däl, eýsem adamyň özüne, özüniň onuň içki dünýäsine akyl ýetirmekligine ýardam edýär;

– *aňyň maksatlary bellemek funksiýasy.* Aň öz döwrüniň çäginden çykmagy başarýar. Ol öz döwrüniň çäginden çykyp, wakalary, prosesleri öňürdip, geljege bakýar. Geljekde amal etjek işlerini, etjek hereketlerini meýilleşdirýär. Ýetmeli maksadyny belleýär;

– *aňyň döredijilik funksiýasy.* Aň täze zady pikir derejesinde gurnamaklygy başarýar. Aňyň döredijilik işinde öňden bar bolan zatlaryň kämilleşdirilmegi-de, ozal düýbünden bolmadyk täze zadyň döredilmegi-de mümkindir.

Aňyň funksiýalary özara baglanyşyklydyr. Olaryň ählisi birleşip, adamyň sosial işjeňligi üçin zerur şertleri döredýär.

## 5.5. Aňyň gurluşy

Adam aňy iňňän çylşyrymly, özara baglanyşykly we täsirli gurluşa eýedir. Aňa özara baglanyşykly we täsirli böleklerden durýan bitewi ulgam hökmünde düşünilýär. Ýöne «Aň nähili düzüm böleklerden durýar?» diýen soraga berilýän jogaplarda filosoflaryň arasynda

agzybirlik ýok. Aňyň düzüm bölekleri hökmünde dürli zatlar görkezilýär. Aňyň düzüm bölekleri hökmünde görkezilýän köpdürlüligiň içinde olaryň esasylaryna bilim, özüňi aňmak, emosiýalar, erk, hakyda, intuisiýa, maksatlar, üns, pikirleme, düşünjeler, gymmatlaýyn ugrukdyrmalar we beýlekiler degişli edilýär.

Aňyň ilkinji we esasy düzüm bölegi *bilimdir*. Bilimsiz aň ýokdur. Ol aňyň özenini düzýär. Bilim adamyň daşky dünýä düşünmesidir, ony akyl ýetirilen duýgy we abstakt logiki keşpler görnüşinde şöhlelendirmesidir. Adam bilimiň kömegi bilen daşky dünýä, onuň hadysalaryna, proseslerine, zatlaryna akyl ýetirip bilýär. Bilim adama zähmet çekmeklige, döredijilik bilen meşgullanmaga, daşky dünýäni öz islegine laýyklamaga mümkinçilik berýär. Adam diňe aňa daýanyp, daşky dünýä, jemgyýet, beýleki adamlar bilen gatnaşyk guraýar.

Aňyň esasy düzüm bölekleriniň biri-de *emosiýalardyr*. Adam daşky dünýä akyl ýetirende şatlyk, gaýgy, gorky, joşgun, gahar, söýgi, begenç ýaly köpsanly emosiýalary-da ulanýar. Akyl ýetirilýän zatlaryň käbirleri adamy tolgundyrsa, beýlekileri ony begendirýär, üçünjisiniň adamyň gaharyny getirmegi, dördünjiniň ony howatyrlandyrmagy mümkin. Adamyň şöhlelendirýän zady ony biparh goýmaýar, oňa täsir edýär. Emosiýalar indiwidiň daşky dünýäni aňlamagyna badalga berýär ýa-da onuň öňüne böwet bolup, aňry gitmäge ýol bermeýär. Mysal üçin, gorky duýgusynyň adamyň akyl ýetiriş mümkinçiliklerine ýaramaz täsir etmegi mümkin. Ýöne şol bir wagtyň özünde-de gorky duýgusy ol adam babatynda gorag mehanizminiň wezipesini ýerine ýetirýär. Gorky adamy soňuna saýmaz töwekgelçiliklerden saklaýar. Daşky dünýä bilen gatnaşykda oýlanyşykly hereket etmäge mejbur edýär.

Aňyň wajyp düzüm bölekleriniň biri bolan *erk* adamyň hereketlerini, işini öňde goýlan maksatlara laýyk kadalaşdyrýar. Erk adamyň öz fiziki we psihiki mümkinçiliklerini bir ýere jemläp, öňde goýlan maksatlary çözmeklige gönükdirip bilmek başarjaňlygydyr. Adam erkiň kömegi bilen maksada tarap hereketde duşýan dürli kynçylyklary ýeňmegi başarýar. Olaryň içinde adamyň özünden garaşsyz bolan obýektiw kynçylyklaryň-da, adamyň özi bilen baglanyşykly ýaltalyk, gowşaklyk, lapykeçlik, göwniçökgünlik, öz güýjüne ynanmazlyk ýaly subýektiw kynçylyklaryň-da bolmagy mümkin.

Erk bilen aňyň beýleki bir düzüm bölegi bolan *maksat* biri-birleri bilen baglanyşyklydyr we biri-birleriniň üstüni dolýarlar. Maksat

adama täze sepgitlere, ösüşiň täze basgançaklaryna çykmaga ýardam edýär. Erkiň bolmadyk ýerinde maksat miwesiz agaçdyr. Erksiz maksat oňat bolan ýagdaýda bolsady, arzuw derejesinde galar. Ondan aňry geçmeýär.

Aňyň esasy düzüm bölekleriniň hataryna pikirlenme-de girýär. *Pikirlenme* adamyň akyl ýetirişi bilen baglanyşykly prosesdir. Ol daşky dünýäni umumylaşdyrýar we duýgularyň üsti bilen şöhlelendirýär. Bu prosesde ozaldan mälim bolan, täzeden eşidilen, görlen, syzylan zatlar, hadysalar, prosesler barada abstrakt düşünjeler, pikir ýöretmeler döredilýär. Olarda akyl ýetirilen zatlaryň esasy häsiýetleri, aýratynlyklary, kanunalaýyklary we ş.m. barada maglumatlar, bilimler jemlenýär.

Pikirlenmegiň kömegi bilen adam duýgy agzalaryna elýetmez bolan çuňluklara, gizlinliklere, düýp mana aralaşýar, olara akyl ýetirýär. Pikirlenme gatnaşyklaryň, baglanyşyklaryň düýpli häsiýetleri barada bilim berýär.

*Üns* bilen *hakyda* hem aňyň esasy düzüm bölekleri hasaplanýar. Üns adamyň psihiki işiniň bir görnüşidir. Ol adam işiniň kesgitli bir obýekte gönükdirilmesinde, jemlenmesinde üýze çykýar. Hakyda hem psihiki prosesdir. Onda indiwidiň öň toplan bilimleri, tejribeleri jemlenýär, saklanýar we zerur bolan ýagdaýda gaýtadan dikeldilýär. Ýatlamak, saklamak, dikeltmek we ýatdan çykarmaklyk hakydanyň esasy düzüm bölekleridir.

Aňyň iň wajyp düzüm bölekleriniň biri *özüňi aňmakdyr.* Ol refleksiw aňdan gözbaş alýar. Özüňi aňmaklyk aňyň adamyň özüne gönükdirilmesiniň, öz-özüni seljermäge bolan ymtylyşynyň önümidir. Indiwid tebigat, jemgyýet, adamlar bilen bolýan dürli görnüşli gatnaşyklarda özüni beýleki adamlar bilen deňeşdirmegi, olardan tapawutlandyrmagy, özüniň oňat we kemçilikli taraplaryny seljermegi öwrenýär. Öz öňünde ideal keşp döredip, şoňa tarap hereket edip, kämilleşmegiň ýoluny tapýar.

Özüni aňmak diňe bir indiwide däl, eýsem jemgyýete, gatlaklara, sosial toparlara-da mahsusdyr. Özüňi aňmak özüňi tanamakdyr, özüňi ideal şekilde şöhlelendirmekdir. Özüňi aňmak – bu adamyň öz hereketlerine, duýgularyna, pikirlerine, özüni alyp baryş itergilerine, jemgyýetdäki ornuna aň ýetirmesidir. Özüňi aňmaklyk prosesinde indiwid hem, sosial umumylyklar hem tebigy, jemgyýetçilik hadysala-

ryň içinde öz orunlaryny kesgitleýärler. Şol gatnaşyklarda özleriniň tutýan orunlaryny bahalandyrýarlar, ölçäp görýärler. Adamyň, sosial umumylygyň özüňi aňlamaklygynyň özüňe akyl ýetirmek, özüňe baha bermek we öz-özüne gözegçilik görnüşinde ýüze çykmagy mümkindir. Özüňi aňmaklyk özüňe akyl ýetirmeklige alyp barýar.

## 5.6. Aň we aňsyzlyk

Adamyň hereketi, işi, durmuşy, gatnaşyklary we ş.m. diňe aňyň emri, aňlylyk bilen dolandyrylmaýar. Olara psihikanyň aňsyzlyk gurşawynyň täsiri hem örän uludyr. Uzak ýyllaryň dowamynda ylymda psihikanyň aňsyzlyk gurşawynyň bardygy inkär edildi. Häzirki zaman ylmy onuň bardygyny, adamyň durmuşynda uly ähmiýete eýedigini ykrar edýär.

*Adam aňyna boýun egmeýän aňasty psihiki hadysalaryň, ýagdaýlaryň we hereketleriň jemine aňsyzlyk diýilýär.* Aňsyzlyk öz-özünden, aňdan garaşsyz, awtomatik görnüşde bolup geçýär. Düýş, gipnoz ýagdaýy, fantaziýa, arzuwlar, akylyçaşanlyk, intuisiýa ýaly ýagdaýlar aňsyzlygyň hataryna girýär. Adama biologik jandar hökmünde iýmek, içmek, janyny goramak, köpelmek, gorkmak ýaly tebigy instinktler mahsusdyr. Olar aňsyzlyk gurşawyna degişli. Instinktler adamda aňasty islegleri, emosiýalary, erk impulslaryny döredýär we adamyň hereketlerine täsir edýär.

Adamyň awtomatik hereketleriniň, intuisiýalarynyň aňyň ýardamy bilen döremegi, soňra aňsyzlyk gurşawyna girmegi mümkindir. Adamlaryň gündelik durmuşynda edýän işleriniň, hereketleriniň her gün yzygider gaýtalanyp durýandygy sebäpli aňsyzlyk häsiýetine eýe bolup, awtomatik gaýtalanýan görnüşe geçýär. Olar aňyň güýji bilen däl-de, endigiň, aňsyzlygyň emri bilen ýerine ýetirilýär.

Aňsyzlygy emele getirýän düzüjileriň aňa ýakynlary-da bar. Olara aňasty aň diýilýär. Aňasty aňa häzirlikçe aňdan giden, ýöne soňlugy bilen ýüze çykyp biljek islegler, hereketler, göz öňüne getirmeler degişli. Olar adamyň hereketine, özüni alyp barşyna, aňyna täsir edip, hemişe aň bilen gatnaşykda bolýarlar. Şunuň bilen baglylykda aňa düşünmek üçin aňasty aňy-da öwrenmek meselesi ýüze çykýar. Bu işe psihiatr we psiholog Z. Freýd (1856–1939) saldamly goşant goşýar.

Ol psihoanaliz taglymatyny esaslandyrýar. Ol taglymata laýyklykda, gepleşikdäki we ýazgylardaky ýalňyşlyklar tötänlikden döremeýär. Olar adamyň aňsyzlykdaky matlabynyň anyk aň ýetirilen hereketiniň maksady bilen çaknyşmagyndan döreýär. Ýalňyşlyk aňsyzlygyň aňyň üstünden bolan agalygynyň netijesidir.

Freýdiň pikiriçe, adamyň görýän düýşleri, edýän arzuwlary onuň aňsyz isleglerine, duýgularyna, matlaplaryna şaýatlyk edýär. Olar adamyň kanagatlandyrylmadyk ýa-da ýarym-ýalta, çala kanagatlandyrylan durmuş bähbitleriniň täsiri bilen döreýärler. Görlen düýşleri ýormak, seljermek, öwrenmek üçin Freýdiň psihiki seljerme – psihoanaliz diýlip atlandyrylan usuly zerur.

Aňsyzlyk aň bilen bilelikde adamyň özüni alyp barşyny dolandyrýar. Ýöne olaryň bu dolandyryşdaky orny dürlüdir.

Freýdiň taglymatyna laýyklykda, adamyň psihikasynyň üç gurşawy bar. Freýd olary «Ol», «Men» we «Ýokary Men» diýp atlandyrýar. «Ol» adamyň aňsyzlyga eýlenen höwesleridir. «Olda» lezzet almak höwesi agalyk edýär. «Men» aňlylyk gurşawydyr. Ol daşky dünýä bilen aňsyzlygyň arasynda araçylyk edýär. Bu ýerde reallyk ýörelgesi agalyk edýär. «Ýokary Men» – adamyň içki dünýäsi, onuň wyždany, ynsaby. «Ol» jemgyýetçilik düzgünlerininiň adyndan çykyş edýär. Adamy jemgyýetiň ýazgarýan zatlaryny, hereketlerini etmeklikden goraýar. «Men» daşky dünýä bilen «Oluň» arasynda araçylyk edýär we «Oly» dünýä tarapyndan kabul ederlik etmäge çalyşýar. Şeýle hem ol dünýäni «Oluň» isleglerine laýyklamak ugrunda hereket edýär. «Men» daşky dünýäniň «Ola» edýän täsirine we bu dünýäniň meýillerine kömekleşýär hem-de «Olda» doly agalyk edýän lezzet almak ýörelgesini reallyk ýörelgesi bilen çalyşmaklyk ugrunda göreşýär. Adaty ýagdaýlarda «Men» hereketiň sebäpleriniň üstünden agalyk edýär. Ol «Oluň» hetdenaşa güýçli hereketiniň öňüni alýar. «Oluň» erkini herekete öwürýär.

Freýd aňyň sosial tebigaty meselesini çözmeklige çalyşmaýar. Bu mesele onuň taglymatynda gozgalman we açylman galýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Filosofiýada aň meselesine bolan dürli garaýyşlary teswirlemäge çalşyň.
2. Aňyň döremeginiň biologik we sosial şertleri hakynda gürrüň beriň.

3. Aňyň döremeginde zähmetiň ornunyň kesgitlenilişini teswirläň.
4. Aň bilen gepleýişiň, pikirlenme bilen diliň özara baglanyşyklaryny ýüze çykaryň.
5. Maglumatlar bilen diliň bitewiligini düşündiriň.
6. Şöhlelenmäniň görnüşleri we derejeleri hakynda gürrüň beriň.
7. Şöhlelenmäniň biologik formasynyň özboluşlylygyny düşündiriň.
8. Aňyň emele gelmeginiň şöhlelenme bilen baglanyşygyny teswirläň.
9. Aňyň düýp manysy hakynda gürrüň bermäge çalşyň.
10. Aňyň esasy funksiýalaryny häsiýetlendiriň.
11. Aňyň esasy düzüm böleklerini, olaryň özara baglanyşygyny hem-de täsirini seljeriň.
12. Aň, aňasty aň we aňsyzlyk düşünjeleriniň özara baglanyşygyny açyp görkezmäge synanyşyň.

# VI. FILOSOFIÝADA ADAM MESELESI

## 6.1. Adam hakynda umumy düşunje

Adamy, onuň gelip çykyşyny we düýp manysyny anyklamak, ýaşaýşynyň manysyny kesgitlemek, ýagşylyk, ýamanlyk, deňlik, bagt, erkinlik, adalatlyk ýaly meseleler filosofiýada adam meselesini düzýär. Adam meselesi filosofik antropologiýanyň baş meselesidir. Filosofiýa döräli bäri akyldarlar ol meseläni çözmeklige çalyşýarlar. Ýöne teklip edilýän çözgütler, berilýän jogaplar, köplenç, biri-birine çapraz gelýärler. Mysal üçin, antiki döwrüň filosoflary adama mikrokosm ýa-da uly Äleme garşy durýan kiçi Älem hökmünde seredipdirler. Ony ähli zatlaryň ölçegi hasaplapdyrlar. Orta asyrlar dini filosofiýada adama Hudaýyň ýaradan iň kämil jandary hökmünde baha beripdirler. Adam durmuşynyň manysy-da Hudaýa ýetmeklige, günäden saplanmaklyga syrykdyrylýar. Musulman sopuçylyk filosofiýasynda adam Hudaýyň ähli sypatlaryny özünde saklaýan Hudaý parçasy, bölegi, käbir ýagdaýlarda bolsa özi hökmünde sypatlandyrylýar.

Täzeden döreýiş döwründe adam ylmyň, bilimiň, sungatyň merkezine geçirilýär. Olar adama hyzmat etmeli diýlen pikir orta atylýar. Adama, onuň özüne akyl ýetirişine, ylma bolan ynam döreýär. Gün-

batar ýewropa indiwidualizminiň döremegi we ösmegi üçin şertler kemala gelýär.

Täze döwürde ylymyň, bilimiň, aýratyn-da mehanikanyň ösmegi bilen adamy tebigat tarapyndan döredilýän çylşyrymly mehanizm hökmünde göz öňüne getirmek ýoň bolýar. Adam aňyna çakdanaşa baha berip ugraýarlar. Daşky dünýäni özgertmek, tebigatyň kanunalaýyklaryny ele alyp, ony adamzadyň hyzmatyna goýmak adamyň esasy wezipesi hasaplanýar.

Nemes nusgawy filosofiýasynda adam ruhy jandar, adamzat taryhyny we medeniýetini dörediji hökmünde teswirlenýär. Dialektiki materializmde bolsa sosial gatnaşyklar adamyň düýp manysyny kemala getirýär diýlip hasaplanýar. XX asyr Günbatar Ýewropada dörän ekzistensial filosofiýada gowgaly dünýäde ýaşamak, dowam etmek meselesi filosofiýanyň esasy meseleleriň birine öwrülýär. Ekzistensial filosofiýanyň wekilleri adam tebigaty boýunça erkindir, ol erkinligine galmalydyr, ynsanlar duşmançylykly sosial şertleri ynsanperwerleşdirmäni başarsa, mundan beýläk ýaşamaga hukuk alarlar diýen pikiri öňe sürýär.

XX asyrda antropososiogenez – adamyň bilogik we sosial gelip çykyşyny öwrenýän taglymat döreýär. Filosofiýanyň aýratyn ugry bolan antropososiogenezde adamyň gelip çykyşynyň sebäpleri, kanunalaýyklyklary seljerilýär. Onuň kemala gelmeginde biologik we sosial esaslaryň barabarlygy, adamyň beýleki jandarlardan tapawutly aýratynlyklary ýüze çykaryldy. Ol taglymatda «Adam kim we ol näme üçin ýaşaýar?» diýlen soraga özboluşly jogap berilýär. Adamyň tebigat we jemgyýet bilen gatnaşygynyň determenizmi yzarlanýar.

*Adam köpölçeglidir. Ol fiziologik, psihiki we sosial ölçegiň birliginde ýüze çykýan janly ulgamydyr.* Adamyň fiziologik ölçegine onuň fiziologik esasy, nerw ulgamy, jyns we ýaş aýratynlyklary we ş.m. degişli. Psihiki ölçegler duýgulardan, pikirlenmelerden, erkden, göz öňüne getirmelerden, hakydadan, häsiýetlerden, şatlykdan, gaýgy-gamdan we beýlekilerden ybarat bolýar. Sosial ölçegler adamdaky bilim goruny, dünýägaraýşy, gürleýiş endigini, gymmatlyklary, başarnyklary we ş.m. görkezýär.

Adam tebigatda ýaşaýan jandarlaryň biridir. Onuň tebigatdan daşarda kemala gelmegi mümkin däl. Ýöne adam beýleki jandarlardan düýpli tapawutlanýar. Oňa bitewilik mahsusdyr. Adam köpta-

raplaýyndyr, ol islendik ýerde ýaşap, islendik işi edip bilýär. Onuň iýmitlenişem köp ugurlydyr.

Adam jemgyýetde adamçylyk häsiýetlerine eýe bolýar. Sosial durmuş oňa yzygider kämilleşmäge, zähmet çekmäge, döredijilik bilen meşgullanmaga, dünýä işjeň akyl ýetirmäge we ş.m. işleri etmäge mümkinçilik döredýär. Gaýtalanmazlyk, özboluşlylyk häsiýetlerini berýär.

## 6.2. Adamda biologik we sosial zadyň mynasybeti

Adamyň gelip çykyşy, döreýşi meselesi çylşyrymly meseledir. Häzirki zaman dünýäsinde adamyň gelip çykyşyny we düýp manysyny düşündirýän taglymatlar köp. Hyýaly-fantastik, teologik, biologik, sosial we biososial taglymatlar olaryň esasylarydyr.

*Hyýaly-fantastik taglymat.* Ylmy däl hasaplanýan hyýaly-fantastik taglymat adamlaryň gelip çykyşyny başga planetalar bilen baglanyşdyrýar. Bu taglymatyň tarapdarlary adamzadyň gaty irki zamanlarda başga planetalardan ýere uçup gelendiklerine we ýeri özlerine ýaşamak üçin saýlap alandyklaryna ynanýarlar. Daşdan seredeniňde gaty ýöntem, tagaşyksyz, subutnamalary az, delilleri ejiz görünýän bu taglymat hem adamyň gelip çykyşyny düşündirýän taglymatlaryň arasynda öz ornuny tapdy.

*Dini taglymat.* Dini taglymatlarda ilkinji adamyň döremeginiň beýan edilişi dürli bolsa-da, mazmuny meňzeş. Olaryň ählisi diýen ýaly adamyň döremegini keramatly güýçleriň, hudaýlaryň, Hudaýyň emri, erki bilen baglanyşdyrýar. Adamyň kim boljagy-da keramatly güýçler, hudaýlar tarapyndan kesgitlenilýär diýlen pikir öňe sürülýär. Dini taglymatlarda adamlaryň ýaşaýan dünýäsi wagtlaýyn, taýýarlyk dünýäsi edilip görkezilýär.

*Biologik taglymat.* Biologik taglymat adamyň gelip çykyşyny tebigy ösüş we adam geni bilen baglanyşdyrýar. Bu taglymata laýyklykda, adam bolmak baradaky maksat-maglumat adamyň geninde – gelip çykyşynda bar. Ol gen islendik ýagdaýda, islendik şertlerde adamyň adam bolmagyny üpjün edýär. Bu akymyň XVIII asyrda ýaşap geçen tarapdary T. Maltus adamlaryň ýaşaýşynyň haýwanla-

ryň ýaşaýşyndan düýpli tapawutlanmaýandygyny nygtaýar. Maltus jemgyýete adamlaryň ýaşaýyş ugrundaky göreş meýdany hökmünde düşünýär. Onuň pikirine görä, jemgyýetde-de, edil tebigatdaky haýwanlaryň arasyndaky ýaly, ýaşaýyş ugrunda göreş gidýär. Şol göreşde ýeňiji bolanlar durmuşda artykmaç hukuga eýe bolýarlar.

XIX–XX asyrlarda günbatar ýurtlarynda hereket eden sosial-darwinizm akymynyň wekilleri hem bu pikiri goldaýarlar. Olar Çarlz Darwiniň tebigy seçgi we ewolýusiýa taglymatyna daýanyp, jemgyýeti adamlaryň ýaşaýyş ugrundaky göreş meýdany hökmünde şekillendirýärler. Şol göreşde adamlaryň arasynda seçgi bolup, adamzat jemgyýetiniň kämilleşendigini tassyklaýarlar.

XIX–XX asyrlarda dörän jynsparazlyk taglymatlary-da biologik taglymatlara degişli bolup durýar. Jynsparazlyk akymynyň wekilleri adamlary, milletleri reňkine, jynsyna görä jenaplara we hyzmatkärlere bölýärler. Olar biologik derejede jenaplaryň has akyllydygy, başarnyklydygy, zehinlidigi, ugurtapyjydygy baradaky pikiri öňe sürýärler.

*Sosial taglymat.* Sosial taglymat adamyň kemala gelmeginde sosial başlangyjyň esasydygyny tekrarlaýarlar. Olar adamy hiç zat ýazylmadyk ak kagyza meňzedýärler. Eli galamly adamyň şol kagyza islän zadyňy ýazyp bilşi ýaly, oňat şert döretmek, dogry terbiýe bermek arkaly iň ýaramaz adamy hem dogry ýola gönükdirip bolýar. Adamy ýaramaz sosial şertler gurşanda ýaramaz gylykly adam döreýär. Şeýle ýagdaýda iň abraýly adamlaryň çagalaram ýoluny urduryp, ýaramaz ýoldan gider. Oňat şertler bolsa adamda oňat häsiýetleriň, halanylýan gylyklaryň döremegine sebäp bolýar. Bu taglymatyň wekilleriniň pikirine görä, durmuşda ýaramaz adamlar ýokda, ýaramaz adamlaryň döremegine sebäp bolýan ýaramaz sosial şertler bar. Sosial taglymatyň tarapdarlary ähli adamlar üçin oňat sosial şertleri döretmek arkaly oňat, kämil jemgyýeti döredip bolar diýen pikire gulluk edýärler.

*Biososial taglymat.* Antropososiobiogenez diýlip atlandyrylýan biososial taglymat adamy biologik we sosial başlangyçlary özünde jemleýän jandar hasaplaýar. Onuň emele gelmegine Çarlz Darwiniň görnüşleriň ewolýusiýasy we tebigy seçgi taglymaty hemde sosial taglymat aýgytlaýjy täsir edýär.

Adamyň özleşdiren, miras alan sosial we biologik, medeni we tebigy esaslary adamdaky biososial başlangyçlara degişli. Adamdaky

biologik esas diýlende onuň bedenine, fiziologik proseslerine, genine we ş.m. düşünilýär. Adamyň biologik esasy onuň jandar hökmünde dowam etmegini, ýaşamagyny üpjün edýän tebigy güýçlerinden ybaratdyr. Biologik esas adamyň güýji, daşky keşbi, çydamlylygy, sagdynlygy ýaly indiwidual häsiýetleriniň kemala gelmegine täsir edýär. Olar ata-enelerden perzentlerine geçýär we olaryň ýaşamagyny üpjün edýär. Adamyň biologik esasy ony ýer şaryndaky beýleki jandarlar bilen ýakynlaşdyrýar. Ýöne adamyň beýleki jandarlardan tapawudy örän uly. Haýwan çagasy dogabitdi instinkt bilen dogulýar. Şol intstinktler toplumy oňa öňden kesgitlenen hereketleri etmäge mümkinçilik berýär. Mysal üçin, keýik çagasy doglandan soň biraz wagtdan ýöremäge, ylgamaga, emmäge başlaýar. Ol bu hereketleri instinktleriň emri boýunça edýär. Haýwanlar özlerine berlen instinktleri kämilleşdirmekden mährumdyrlar. XXI asyrda özlerine höwürtge gurýan guşlar edil müň ýyl mundan ozal ýaşan ata-babalarynyň hereketini gaýtalarlar. Olaryň hiç haýsysy iki gatly, dört otagly höwürtge gurunmazlar. Gurup hem bilmezler. Sebäbi şeýle höwürtge gurmak olaryň instinktlerinde görkezilmeýär. Haýwanat dünýäsiniň jandarlary özlerini şeýle alyp barmaga mejbur. Adam bolsa özüni alyp barmada täsin galdyryjy köpdürlüliligi ýüze çykarýar.

Adamdaky sosiallyk diýlende bolsa onda jemgyýetiň, jemgyýetçilik şertleriň täsiri bilen kemala gelýän gymmatlyklara düşünilýär. Bu gymmatlyklara dil, pikirlenme, zähmet çekmek, döredijilik we beýlekiler degişlidir. Olar adamlaryň ruhy-praktik tejribesine gatnaşygy netijesinde kemala gelýär. Filosofiýanyň bu ugrunyň adamyň gelip çykyşy baradaky pikirleriniň dogrudygyny paleontologiýa ylmy hem tassyklaýar. 1856-njy ýylda neandertal adamynyň ystyhanynyň tapylmagy bilen ylymda paleontologiýa diýlip atlandyrylýan täze bir ugur hem döreýär. Ol ugur maýmynlaryň käbir görnüşleri bilen adamyň diňe bir anatomik gurluşynyň meňzeşdigi barada däl, eýsem, geçilen döwürde adamyň biologik ewolýusiýasy hakynda hem wajyp maglumatlary berýär. Häzirki döwürde biologlaryň ählisi diýen ýaly adamlaryň ata-babalarynyň ilkibaşda maýmyn pisint bolandygyny ykrar edýärler.

Paleontologiýa ylmy ilkinji adamlaryň watanynyň Afrika yklymydygyny nygtaýar. Onuň tassyklamagyna görä, takmynan 3-3,5 million ýyl mundan ozal Afrikada Homo Habilisiň (başarjaň adamyň)

ýüze çykmagy bilen adamyň biologik jandar hökmünde kemala gelmegi başlanýar. Şol ýerden hem ilkinji adamlaryň ýer şarynyň dürli künjeklerine tarap hereketi başlanýar. Takmynan 200 müň ýyl mundan ozal sosial ýaşaýşa has ukyply neandertal adamy döreýär. Neandertal adamyň ornuna Homo Sapiensiň (paýhasly adamyň) gelmegi 40-50 müň ýyl mundan ozal bolup geçýär. Homo Sapiens jemgyýetde beýleki adamlar bilen bilelikde ýaşamak, işlemek üçin zerur bolan ähli biologik we sosial häsiýetlere eýe bolýar.

Alymlar sosial gatnaşyksyz we baglanyşyksyz adamyň döremeginiň mümkin däldigini aýratyn belleýärler. Jemgyýetiň we adamyň kemala geliş prosesinde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ykdysady, urugara, nika-maşgala, şahsyýetara görnüşleri kemala gelýär.

Biososial taglymata görä, adamyň hakyky, sözüň doly manysyndaky adam bolmagy üçin diňe biologik ýa-da sosial esasyň bolmagy ýeterlik däldir. Olaryň sazlaşykly barabarlygy bolan ýagdaýynda adama mahsus häsiýetleri özünde jemleýän, jemgyýetde öz ornuny tapan adam peýda bolýar.

Adamyň ewolýusiýasy uzaga çekýär. Ç. Darwinden başlap alymlar adamyň biologik ewolýusiýasynyň üç sany esasy faktorynyň – üýtgeýjiligiň, seçginiň we mirasageçijiligiň esasynda adamlaryň maýmyn pisint ata-babalary adama mahsus häsiýetlere eýe bolýarlar diýen pikire gulluk edýärler. Ol häsiýetlere dik ýöremek, otnositel uly kelle beýnisiniň ösüşi, çylşyrymly işleri etmäge ýaramly eliň kämilleşmegi, absrakt pikirlenme, dil, döredijilik, aň ýetirilen we maksatly zähmet degişlidir.

## 6.3. Adamyň älemdäki orny

Adamyň älemdäki orny barada müňýyllyklaryň dowamynda akyldarlar kelle döwýärler we dürli pikirleri öňe sürýärler. Häzirki döwre çenli şu gatnaşygy öwrenmek üçin filosoflaryň arasynda «dünýäniň şekili» diýen düşünje döredi.

*Adamlaryň dünýä, dünýäniň gurluşy, onuň ýaşamagynyň, işlemeginiň we ösmeginiň usullary baradaky garaýyşlarynyň, bilimleriniň, tejribeleriniň jemine dünýäniň şekili diýilýär.*

Dünýäniň şekilinde adamlaryň dünýä barada toplan bilimleri jemlenýär. Ol adamlaryň dünýädäki ornuny kesgitlemäge ýardam edýär. Jemgyýetde ýaşaýan islendik sosial birligiň – milletiň, gatlagyň, toparyň ýa-da aýratyn şahsyýetiň dünýä, dünýäniň şekili barada öz garaýşy bar. Ol şekil anyk taryhy döwür tarapyndan şertlendirilýär. Mysal üçin, Oguz han Türkmeniň döwründe ýaşan ata-babalarymyzyň dünýäniň şekili baradaky garaýyşlary XXI asyrda ýaşaýan türkmenleriň garaýyşlary bilen deň gelmeýär.

Ylymda dünýäni görüş derejeleri bilen baglylykda dünýäniň adaty, dini, filosofik we ylmy şekilleri tapawutlandyrylýar.

*Dünýäniň adaty şekili.* Dünýäniň adaty şekili adamyň gündelik ýaşaýşynyň, hysyrdylarynyň, işiniň täsiri bilen döreýär. Olar adamy dolulygyna gurşap alýar. Adamyň başga zatlar bilen meşgullanmaga, dünýäniň gurluşy, düýp manysy, öňde duran wezipeleri, onda adamyň orny ýaly «beýik materiallar» barada oýlanmaga wagtyda, höwesi-de bolmaýar. Ol diňe daş-töweregindäki zatlar, hadysalar bilen iş salyşýar. Dünýäniň şeýle keşbinde adam özüni dünýäniň göbegi hasaplaýar.

*Dünýäniň dini şekili.* Dünýäniň dini şekili adamyň dini ynançlarynyň täsiri netijesinde döreýär. Oňa laýyklykda, adam dünýä keramatly güýçlere, hudaýlara, Hudaýa sejde etmek, çokunmak, sygynmak üçin ýaradylan. Dünýäniň dini şekiliniň merkezini keramatly güýçler eýeleýär. Adamyň kim, nähili häsiýete we käre eýe boljakdygyny, fiziki we ruhy esaslaryny keramatly güýçler kesgitleýär. Adamyň dünýädäki orny-da onuň Hudaýa, keramatly güýçlere bolan gatnaşygyna bagly.

*Dünýäniň filosofik şekili.* Dünýäniň filosofik şekilinde daşky dünýä bitewilikde, ählitaraplaýyn özleşdirilýär. Onda dünýäniň barlygy, oňa akyl ýetirilmek mümkinçiligi, gymmatlyklary, gözellikleri, kanunalaýyklary we ş.m. filosofik seljermeden geçirilýär. Dünýäni özleşdirmek, gatnaşyk etmek, onda adamyň ornuny kesgitlemek meselesine filosofik ugurlaryň her haýsysy özüçe çemeleşýär. Şonuň üçinem dünýäniň filosofik şekili köpdürli, köplenç ýagdaýda, biri-birine meňzemeýän, biri beýlekisini inkär edýän görnüşde bolýar. Mysal üçin, dünýäniň filosofik keşbiniň çäginde dünýäniň materialistik we

idealistik filosofik keşpleri tapawutlanýar. Dünýäniň filosofik şekilinde dünýä teoriýalarynda beýan edilýär. Bu ýagdaý ondaky köpdürlüligi ýakynlaşdyrýar.

*Dünýäniň ylmy keşbi.* Dünýäniň ylmy keşbi dürli ylymlaryň dünýä barada toplan bilimleriniň sintezinden kemala gelýär. Onda dünýä, dünýäniň gurluşy, häsiýeti, kanunalaýyklary baradaky maglumatlar umumylaşdyrylýar. Dünýäniň ylmy şekilinde älem-jahan, tebigat, jemgyýet we adam baradaky ählumumy sosial we tebigy, ýöriteleşdirilen ylymlaryň toplan bilimleri bitewileşdirilýär, dünýäniň ylmy şekili bilen baglanyşykda ulgama salynýar.

Dünýäniň ylmy şekili adam subýektiwliginden garaşly bolmadyk obýektleriň töwereginde gurnalýar. Olar adamlaryň isleglerinden, bähbitlerinden, kabul ediş aýratynlyklaryndan azat bolýarlar. Dünýäniň ylmy şekili kanunalaýyklara we subutnamalara daýanýar.

## 6.4. Indiwid we şahsyýet

Filosofiýadaky adam meselesine düşünmek üçin bu mesele bilen bagly ýüze çykýan «adam», «indiwid», «indiwiduallyk» we «şahsyýet» diýen düşünjeleriň mazmunyny tapawutlandyrmak zerur. Olar biri-biri bilen baglanyşykly we biri-birleriniň üstüni dolýan düşünjelerdir. Olaryň her haýsysy adamyň ösüşiniň bir tarapyny açyp görkezýär.

Adam düşünjesi adamzat neslini, onuň umumy aýratynlyklaryny aňladýan düşünjedir. Ol düşünjede adamyň biologik we sosial başlangyçlary bitewilikde çykyş edýärler. Aýratyn adamy öwrenmek üçin filosofiýada indiwid (latynça indiwiduum – bölünmeýän) düşünjesi ulanylýar. Indiwid aýratyn alnan, anyk, takyk adamyň adamzat nesline degişlidigini görkezýär. Ol adamyň biologik esasy bilen baglanyşykly.

*Indiwiduallyk* – adamyň biologik we sosial aýratynlyklaryny, ony beýleki adamlardan tapawutlandyrýan içki häsiýetlerini, ruhy dünýäsini häsiýetlendirýän düşünje. Biologik indiwiduallyk nesilden-nesle geçýär we soňky emele gelen häsiýetleri özünde jemleýär. Sosial aýratynlyklar bolsa terbiýäniň we sosial şertleriň önümidir. Olaryň neslegeçijilik häsiýetleri ýok. Olar daşky we käbir ýagdaýlarda içki täsirleriň netijesinde kemala gelýär.

Adamyň terbiýe prosesinde, ruhy-tejribe işinde we jemgyýet bilen özara täsirinde eýe bolýan sosial häsiýetlerini aňlatmak üçin filosofiýada şahsyýet düşünjesi ulanylýar. Şahsyýet, ilki bilen, sosial-ruhy häsiýetleriň eýesidir. Ol häsiýetler indiwidiň özi tarapyndan kabul edilýär we özleşdirilýär. Şahsyýet hemişe hereketde, beýleki adamlar, jemgyýet bilen özara täsirde bolýar. Ol döredijilik gözleginde, özleşdirmede we kabul etmede, kämilleşmede bolýar. Adamyň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde biologik esas we sosial terbiýe hem-de tebigy saýlawly «Men» esasy düýpli orny eýeleýär. Şonuň üçin bu üç düzüjiniň haýsam bolsa biriniň ornuny ýokarlandyryp, beýlekisiniň ornuny peseldip bolmaýar. Olar deň-derejede zerur bolup durýar.

Şahsyýet bolmak ücin adam öz-özüni aňlap bilmelidir, özüniň adamdygyny aňyp, özüni beýleki janly-jandarlardan tapawutlandyrmalydyr. Ol özüniň dünýägaraýşy, ýaşaýyş gymmatlyklary, ahlak ýörelgeleri bilen jemgyýetde ornuny kesgitlemelidir. Adamyň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde onuň özi we başgalar üçin peýdaly zähmet bilen meşgullanmagynyň orny hem ýokarydyr. Şahsýýet adamyň we jemgyýetiň özara täsiriniň netijesidir. Şahsyýet diýlende diňe üýtgeşik häsiýetli, aýratyn zehinli adamlara düşünmeli däl. Bu ýagdaý beýik şahsyýet düşünjesine mahsus. Sosial durmuşda ornuny tapan, jogapkärçilikli we düşünjeli her bir adama şahsyýet diýilýär. Her bir şahsyýet indiwiduallyga eýedir. Ol özüniň biologik we sosial başlangyçlary boýunça beýleki adamlardan tapawutlanýar.

*Jemgyýetde bar bolan gatnaşyklary, düzgünleri özleşdiren, şol gatnaşyklarda öz ornuny tapan, peýdaly zähmet çekýän we özüniň hereketine jogap berip bilýän adama şahsyýet diýilýär.*

Filosofiýada şahsyýet we jemgyýet meselesi biri-birinden garaşsyz, ýöne özara berk baglanyşykly taraplar hökmünde öwrenilýär. Ol jemgyýeti öwrenilmeklige, jemgyýetçilik durmuşyny, gurluşyny, jemgyýeti emele getirýän bölekleriň arasyndaky baglanyşyklary we täsirleri kabul etmeklige, özleşdirmeklige gönükdirilýär we şahsyýetiň isleglerine, bähbitlerine laýyk gelýär.

*Şahsyýetiň gurluşy.* Filosofiýada şahsyýetiň fiziki, sosial, ruhy esaslary tapawutlandyrylýar. Islendik şahsyýetde olaryň ählisem bardyr. Şahsyýetiň durmuşynyň belli bir döwründe olaryň haýsy hem

bolsa biriniň esasy ýere geçip, beýlekilerini yzyna tirkemegi mümkin. Mysal üçin, adam ýaş wagtynda onda fiziki başlangyçlaryň, garran wagtynda ruhy başlangyçlaryň, orta ýaşlarynda bolsa sosial baglanyşyklaryň, täsirleriň esasy ýere geçmegi mümkin.

*1. Şahsyýetiň fiziki düzüjisi* adamyň biologik aýratynlyklaryny, beden agzalaryny we gurluşyny emele getirýär. Adamyň eşikleri, öýi hem şahsyýetiň fiziki düzüjisine degişlidir. Fiziki «Men» örän köp ýagdaýda adamyň geni bilen kesgitlenýär. Ýöne onuň ýagdaýyna ruhy esaslaryň, şahsyýetiň özüniň beden saglygy barada alada etmäge taýýarlygynyň, irginsiz taplanmasynyň täsiri uludyr. Adam bedeniniň sagdyn bolmagy onuň ruhunyň belent, sosial taýdan işjeň bolmagyna täsir edýär.

*2. Şahsyýetiň sosial düzüjisi* adamyň jemgyýetdäki işiniň, tutýan ornunyň, eýeleýän statusynyň, ýerine ýetirýän sosial ähmiýetiniň täsiri bilen döreýär. Ol beýleki adamlar bilen gatnaşykda emele gelýär. Adamyň sosial esaslary onuň jemgyýetde dürli toparlarda, gatlaklarda eýeleýän sosial statuslary, ýerine ýetirýän dürli sosial ähmiýeti bilen meňzeşdir.

*3. Şahsyýetiň ruhy düzüjisi* jemgyýetiň ruhy esaslaryny emele getirýän edebiýatyň we sungatyň, jemgyýetçilik ideallarynyň täsiri bilen döreýär. Ol şahsyýetiň ýokary galmagyna badalga berýär. Şahsyýetiň içki dünýäsiniň baý, medeniýetiniň ýokary bolmagyny üpjün edýär. Ol adamyň erkini taplaýar, maksadyna okgunly gitmegini üpjün edýär. Ruhy düzüji şahsyýetiň ýaşaýşynyň düýp manysyna täze öwüşgin berýär.

Şahsyýetiň gurluşynyň ähli taraplary bitewi bir ulgamy emele getirýär. Olaryň her biri şahsyýetiň ýaşaýşynyň belli bir döwründe kesgitleýji orun eýeläp, biri-beýlekisiniň üstüni dolýar.

Adamyň şahsyýet bolmagynyň esasy şertleriniň biri erkinlikdir. Ol erkin dogulýar we erkinlige ymtylýar. Onuň jemgyýetde öz ornuny tapmagy, başgalara peýdaly adam bolup ýetişmegi, başgalar tarapyndan islenilmegi erkinligine baglydyr. Adam erkinlik şertlerinde özüniň mümkinçiliklerini açýar. Şonuň üçin jemgyýetiň esasy institutlarynyň biri bolan döwlet kanun esasynda şahsyýetiň bähbitlerini

araýan we goraýan erkinligi döredýär. Ol erkinlik öz döwrüne laýyk gelmelidir. Jemgyýetiň ösmegi bilen möwrütini geçiren gatnaşyklara daýanýan erkinlik öz ornuny ösüşiň täze basgançagyna laýyk gelýän erkinlige bermelidir.

## 6.5. Şahsyýetiň görnüşleri

Filosofiýada häsiýetleri, hereket ediş meýdany, erki, jemgyýetde tutýan orny we beýleki aýratynlyklary bilen baglylykda şahsyýetiň dürli görnüşleri tapawutlandyrylýar. Mysal üçin, şahsyýetiň intellektiniň, akyl-paýhasynyň derejesi bilen baglylykda şahsyýetiň çäkli, birtaraplaýyn ösen we köptaraplaýyn ösen görnüşleri ýüze çykarylýar. *Çäkli şahsyýet* dar dünýägaraýyşly, pes bilimli, sosial durmuşdan daş adam bolýar. Ol başga adamlar, olaryň meseleleri bilen gyzyklanmaýar. Onuň özem başga adamlar tarapyndan «görülmän» galýar. *Birtaraplaýyn ösen şahsyýet* durmuşyň haýsy-da bolsa bir ugrundan ösüş gazanýar, özüni tanadýar. Ýöne ol başga zatlar bilen gyzyklanmaýar. *Köptaraplaýyn ösen şahsyýet* özüniň sosial işjeňligi bilen tapawutlanýar. Döredijilikli iş bilen gyzyklanýar. Durmuşdaky zatlaryň ählisinden baş çykarmaga, olarda yz galdyrmaga çalyşýar. Aristotel, Leanardo da Winçi, Al Faraby, Al Biruni, Ibn Sina ýaly ensiklopediýaçy alymlar köptaraplaýyn ösen şahsyýetler bolupdyrlar.

Filosofiýada şahsyýetiň öz erkine buýrup bilşi bilen baglylykda güýçli we gowşak şahsyýetler tapawutlandyrylýar. Güýçli şahsyýetlere durmuşda duşýan dürli kynçylyklary dogumlylyk bilen ýeňmek, ruhubelentlik, islendik işi höwesli ýerine ýetirmek, erkinligi söýmek, erkine buýrup bilmek, jogapkärçiligi duýmak, ahlak kadalaryna boýun egmek, akyllylyk, sabyrlylyk, kämilleşmäge ymtylyş, özbaşdaklyk, garaşsyzlyk ýaly häsiýetler mahsus bolýar. Olar adam ömrüniň manysynyň esasy alamatlaryny düzýär.

Etikada şahsyýetiň sarp ediji, uýgunlaşyjy, aristokratik, gahrymançylykly, dini, dogmatik görnüşleriniň bardygy esaslandyrylýar.

Görnüşleri, indiwidual aýratynlyklary, anyk taryhy ýagdaýlar bilen baglylykda şahsyýetler jemgyýetde dürli sosial orny ýerine ýetirýär. Jemgyýetde ýerine ýetirýän sosial orny bilen baglylykda şahsyýetiň önüm öndürijiler, akyldarlar, sungat adamlary, ynsanperwerler we edermenler görnüşleri aratapawutlandyrylýar.

*Önüm öndürijiler j*emgyýetde adamlaryň ýaşamagy üçin zerur bolan önümleri öndürmek, önümçiligi ýola goýmak, öndürülen önümleri paýlamak, alyş-çalyş etmek ýaly işler bilen meşgullanýarlar. Olar hemişe hereketde bolup jemgyýetiň tebigat bilen gatnaşygyny amal edýärler. Önüm öndürijileriň tagallasy bilen jemgyýetiň önümçilige we maddy önümlere bolan islegi kanagatlandyrylýar.

*Akyldarlar* jemgyýetiň ylma, bilime we ş.m. bolan zerurlygyny kanagatlandyrýarlar. Olar ylymda, syýasatda, sungatda, harby işde özlerini has oňat görkezýärler. Şahsyýetiň şu görnüşine degişli bolan adamlar, mysal üçin, alymlar bilime bolan aýratyn höwesi, adalatlylyga, şahsy azatlyga bolan söýgüsi bilen tapawutlanýarlar. Olar ýatkeş, işjanly, ýokary medenýetli bolýarlar.

Akyldarlaryň jemgyýete edýän täsiri hem uly bolýar. Olar taryhda uly yz galdyrýarlar. Şeýle adamlara mysal hökmünde görnükli filosoflary, milli we dünýä dinleriniň pygamberlerini we beýleki şahsyýetleri görkezmek mümkin. Olar jemgyýetiň täze derejelere çykmagyna ýardam edýärler.

*Sungat adamlary* adamlaryň, jemgyýetiň ruhy isleglerini kanagatlandyrmaklyga hyzmat edýärler. Olar edebiýat, sungat bilen meşgullanýarlar. Adamlaryň aýdyma-saza, çeper söze, kino we teatra we ş.m. bolan isleglerini kanagatlandyrmaklygy amal edýärler. Sungat adamlary döwrüniň kynçylyklaryny, ýeňişlerini beýleki adamlara seredeniňde has oňat, has inçeden duýýarlar. Adamlarynyň kynçylyklaryny we begençlerini öz eserlerinde beýan edip, olary paýlaşýarlar. Jemgyýetde zehinli şahyrlaryň we ýazyjylaryň, sungat işgärleriniň önden görüjilikli pikirlerine uly sarpa goýulýar. Meselem, Magtymguly Pyragynyň şahsyýeti külli türkmen üçin mukaddeslik derejesindedir.

*Ynsanperwerler we edermenler* özleriniň ömürlerini adamlara hyzmat etmeklige bagyşlaýarlar. Olar beýik maksatlar, adamlar, jemgyýet üçin ýaşaýarlar. Olar durmuşynyň manysyny adamlara we jandarlara bolan söýgüde we olara işjeň kömek bermekde görýärler.

Şahsyýet görnüşleriniň ählisem häzirki zaman jemgyýetinde duş gelýär. Şol bir wagtyň özünde hem şahsyýetiň ol görnüşleriniň her haýsysynyň bir bölejigi her bir adamyň kalbynda özüne ýer tapýar. Haýsy görnüşiň bölekleriniň adam durmuşynda esasy boljakdygy şahsyýetiň düzüjileriniň sazlaşygyna we baglanyşygyna bagly.

## 6.6. Filosofiýada adam ömrüniň manysy meselesi

Adam özüniň başynyň ölümlidigine aň ýetirmegi we ony pikirlenmäniň predmetine öwürmegi başarýan ýeke-täk jandardyr. Özüniň hemişelik ýaşamajakdygyna aň ýetiren adam ýaşaýşa we ölüme özüniň garaýşyny kemala getirýär. Ol öz öňünde «Nämäniň hatyrasyna we nähili edip ýaşamaly?» diýen soragy goýýar. Goýlan soraga berilýän jogaplaryň dürli bolmagy mümkin. Bu adaty ýagdaýdyr. Sebäbi dürli garaýyşly adamlar öz dünýägaraýyşlaryna, ynanýan gymmatlyklaryna, ymtylýan we goldanýan durmuş ýörelgelerine laýyklykda oňa dürlüçe jogap berýärler. Adamyň şol soraga beren jogabyndan hem onuň kimdigi gelip çykýar.

Filosoflar hem irki döwürlerden başlap, adam ýaşaýşynyň manysyna düşünmek we düşündirmek isläpdirler. Şonuň bilen baglanyşykly filosofiýanyň taryhynda adam ýaşaýşynyň düýp manysyny açmaklyga synanyşan taglymatlar döredi. Gedonizm, asketizm, borç etikasy, utilitarizm, endomonizm, pragmatizm ýaly taglymatlar olaryň esaslary hasaplanýar.

*Gedonizm* (grekçe *hedone* – lezzet almak, keýp çekmek) etiki taglymatlaryň hataryna girýär. Ol taglymata laýyklykda lezzet adamzadyň ýaşaýşynyň düýp manysyny we esasy maksadyny düzýär. Bu taglymatyň tarapdarlary adam ýaşaýyşdan, durmuşdan lezzet almaly, ýaşamak lezzet almakdyr diýen pikiri öňe sürýärler. Olar durmuşdan, iýmekden, içmekden, oňat geýinmekden, intimden, okamakdan, kinofilm görmekden, garaz, adam üçin ýakymly islendik zatdan mümkingadar lezzet almaklygy ündew edýärler.

Gedonizm aýratyn taglymat hökmünde gadymy Gresiýada Sokratyň döwürdeşi Aristipp tarapyndan esaslandyrylýar we Epikur tarapyndan ösdürilýär.

*Asketizm* (grekçe *askesis* – türgenleşmek, gahrymançylyk; asketes – edermenlik) – özüňi alyp barmagyň, ýaşamagyň ýörelgesi. Ol ahlak ýa-da dini ideala ýetmek üçin islegleri jylawlamaklygy, olardan ýüz öwürmekligi, terkidünýä durmuş alyp barmaklygy ündew edýär. Asketizmiň tarapdarlary durmuşdan, mümkin boldugyça, az almaklyga, hemişe ruhy kämilligiň üstünde işlemeklige çagyrýarlar. Gadymy Gresiýada çelekde ýaşan Sinoply Diogende terkidünýä filosoflaryň nusgawy keşbi şöhlelenýär.

Dünýä dinleriniň ählisinde diýen ýaly ol ýa-da beýleki derejede terkidünýälik goldanylýar. Ol dinler ýaşamaklygyň manysyny Hudaýa uýmakdan, oňa ýakynlaşmakdan gözleýär. Munuň üçin, olar hakyky dünýäniň lezzetlerinden gaça durmaga, diňe Hudaýy ýatlap, ruhy taýdan arassalanyp, saplanyp durmagy ündew edýärler. Yslam dinindäki sopuçylyk ugry hem belli bir görnüşlerde terkidünýä durmuşy ündew edipdir. Mansur Hallajy, Ymadeddin Nesimi, Hoja Ahmet Ýasawy dagylar dini terkidünýälikde has tutanýerlilik görkezipdirler.

*Borç etikasy taglymatynda* ýokary ideal üçin (watana, maşgala, borjuňa, söýgä, beýleki adamlary bagtly etmäge we ş.m.) özüňi gurban etmeklige taýyn bolmaly diýen pikire gulluk edilýär.

*Ewdomonizm* (grekçe *eudaimonia* – bagt) – belli bir ahlak kadalaryny öňe sürýän filosofik dessur. Oňa laýyklykda adamzat üçin ýeke- täk we ýokary maksat bagtdyr. Adamlar özleriniň ýaşaýşynda bagta ymtylmalydyrlar we bagtly ýaşamalydyrlar. Ewdonizmiň gedonikçilik ugruna ýykgyn eden Lametri, Wolter, Golbah ýaly filosoflar lezzet bilen bagty deň hasaplapdyrlar. Ýöne gedonizmden tapawutlykda olar lezzeti adamyň oňat häsiýetlerine garaşly hasaplapdyrlar.

*Utilitarizm* (latynça *utilis* – peýdaly) – etikadaky bir akym. Oňa laýyklykda, adamyň her bir hereketi, işi peýdalylyk nukdaýnazaryndan bahalandyrylýar. Utilitarizmiň tarapdarlarynyň pikiriçe, ýaşaýşyň manysy hemmelerden we ähli zatdan diňe peýda görmeklikdir, başga adamy öz isleglerini we bähbitleriňi kanagatlandyrýan serişde hökmünde kabul etmekdir.

Adamzat ýaşaýşynyň ösmegi, kämilleşmegi adamyň ýaşaýşy, onuň düýp manysy barada täze garaýyşlaryň, gymmatlyklaryň döremegine getiripdi. Bu ýagdaý häzirki zaman dünýäsinde-de dowam edýär. Uly ylmy açyşlaryň, umytlaryň, ynançlaryň dünýäsi bolan

häzirki zaman dünýäsinde-de dünýäni, adamy we ýaşaýşyň manysyny täzeden bahalandyrmak prosesi bolup geçýär. Ol bahalandyrmalarda adamzada, onuň ynsanperwer tebigatyna bolan beýik ynam duýulýar.

## 6.7. Adam Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygydyr

Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanda konstitusion esasda adam jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy diýlip yglan edildi. Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipeleri hökmünde kesgitlendi. Giň dünýägaraýyşly, sagdyn bedenli, ruhy-ahlak taýdan baý, döwrebap ylymly, bilimli we hünärli, sosial taýdan işjeň, döwrüň öňde goýýan ähli talaplaryny berjaý etmäge ukyply şahsyýeti ýetişdirmek döwlet syýasatynyň baş maksadyna öwrüldi. Bu syýasata laýyklykda ýurdumyzyň raýatlarynda, aýratyn-da ösüp gelýän ýaş nesilde şahsyýetiň esasy düzüjüleri bolan biologik, ruhy we sosial esaslary kemala getirmek üçin uly işler amal edilýär. Paýtagtymyz Aşgabatda, welaýat merkezlerinde, şäherdir obalarynda gurulýan döwrebap stadionlar, sport mekdepleri, sport toplumlarydyr merkezleri, işleýän sport seksiýalary, döwlet we halkara derejesinde geçirilýän sport çäreleri ýaşlaryň bedenini taplamaga gönükdirilendir. Diýarymyzyň ähli künjeklerinde gurulýan we ulanmaga berlen döwrebap enjamlaşdyrylan şypahanalar, dynç alyş we saglyk öýleri, keseli anyklaýyş we öňüni alyş merkezleri, hassahanalar raýatlarymyzyň saglygyny berkitmäge niýetlenendir. Sport we saglygy goraýyş ulgamlary boýunça öňde goýýan wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen Türkmenistan sagdynlygyň hem-de bagtyýarlygyň ýurduna öwrülýär. Milli Liderimiziň sporty we bedenterbiýäni wagyz etmekdäki şahsy göreldesi ýurdumyzyň jemgyýetçiliginiň ähli düzümleri tarapyndan işjeň goldawa eýe bolup, sagdyn şahsyýetiň döremegine uly goldaw berýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda işlenip düzülen «Saglyk» döwlet maksatnamasynyň netijesinde saglygy goraýyş ulgamy halkara derejesinde ykrar edilen ulgama öwrüldi.

Ýurdumyzda ýaş nesliň döwrüň talaplaryna laýyk gelýän bilim almagyna, döwrebap hünär öwrenmegine aýratyn üns berilýär.

Döwrüň iň öňdebaryjy okuw enjamlary bilen abzallaşdyrylan çagalar baglarynyň, orta mekdepleriniň, ýörite we ýokary okuw mekdepleriniň täze binalary guruldy we gurulýar. Hormatly Prezidentimiziň aladalary bilen mekdep okuwçylary 1-nji synpdan başlap häzirki zaman dünýäsiniň öňdebaryjy tehnologiýalary bilen tanyşyp başlaýarlar. Olaryň ählisiniň şahsy kompýuter bilen üpjün edilmegi okuwçylaryň ýaşlykdan sanly ulgamlar älemine aralaşmagyna, ony özleşdirmegine mümkinçilik berýär. Hereket edýän ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde ýaşlaryň döwrebap hünärli, giň dünýägaraýyşly, çuň bilimli hünärmenler bolup ýetişmekleri üpjün edilýär.

Türkmenistanda raýat jemgyýetiniň gurulmagy we kämilleşdirilmegi, adam hukuklarynyň giňeldilmegi we kepillendirilmegi, demokratiýanyň ösdürilmegi, ýurtda köp partiýaly partiýa ulgamynyň binýat edilmegi raýatlaryň we ýaş nesliň sosial taýdan işjeňligini şertlendirýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Döwlet adam üçindir!» diýen parasatly ýörelgä esaslanýan ynsanperwer syýasaty adamy mertebelemegiň nusgasydyr. Ol ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň binýadyny düzýär. Ykdysadyýetiň ähli pudaklary düýpli döwrebaplaşdyrylýar, ilatyň durmuş we ýaşaýyş şertleriniň derejesi günsaýyn ýokarlanýar.

Ilatyň hal-ýagdaýynyň birsyhly gowulandyrylmagy diňe ykdysady taýdan kuwwatly, ynsanperwer syýasat alyp barýan döwletde mümkindir. Türkmenistan häzirki wagtda şeýle döwletleriň hataryna girýändigini aýdyň görkezmek bilen, geljekde hem ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň durnukly ýagdaýda artdyrmaga gönükdirilen tutumly işleri, taslamalary we başlangyçlary nazarlaýar. Bu ýagdaý Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda döwrüň talaplaryny ödeýän şahsyýeti ýetişdirmek işine, adamyň iň ýokary gymmatlyk hökmünde mertelenmegi üçin netijeli şertleriň döredilmegine oňyn täsir edýär.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Filosofiýanyň ösüşinde adam meselesine garaýyşlardaky aýratynlyklary ýüze çykarmaga çalşyň.
2. Adamyň düýp manysy hakynda gürrüň beriň.
3. Adamyň köpölçegliligini teswirläň.

4. Adamdaky biologik we sosial zadyň mynasybetini özara baglanyşdyryň.

5. Häzirki zaman filosofiýasyndaky adamyň gelip çykyşyny we düýp manysyny düşündirýän taglymatlary häsiýetlendiriň.

6. Adamyň älemdäki ornuny suratlandyryň.

7. «Adam», «indiwid», «indiwiduallyk» we «şahsyýet» düşünjeleriniň mynasybetini tapawutlandyryň.

8. Şahsyýetiň gurluşyny seljermäge çalşyň.

9. Şahsyýetiň görnüşleri hakynda gürrüň beriň.

10. Filosofiýada adam ömrüniň manysy meselesiniň goýluş we çözlüş aýratynlyklaryny açyp görkeziň.

11. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda döwrüň talabyna laýyk şahsyýeti ýetişdirmek ugrunda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň many-mazmunyny teswirläň.

# VII. DÜNÝÄ FILOSOFIK AKYL ÝETIRMEGIŇ METODLARY

## 7.1. Dünýä akyl ýetirmegiň filosofik metodlary barada düşünje

Adamyň dünýä bilen gatnaşygynda netijeli usuly tapmak filosofiýanyň möhüm meseleleriň biridir. Akyl ýetirişde, aýratyn-da ylmy akyl ýetirişde onuň ähmiýeti has hem artýar. Dogry saýlanyp alnan usul öňde goýlan maksada ýetmegi ýeňilleşdirýär.

Metod düşünjesi haýsydyr bir işi amala aşyrmagyň ýoly, düzgüni, tertibi, täri diýen manyny aňladýar. Adam öz maksadyna ýetmek üçin onuň usulyny bilmeli we ol usuly ulanmagy başarmaly. Ylmy iş hem şol tertipde amala aşyrylýar. Mysal üçin, alym öz öňünde maksat edip goýan obýektini açyp görkezmek üçin yzygiderli ýagdaýda birnäçe işleri amala aşyrýar.

Rene Dekart entek XVIII asyrda takyk we ýönekeý düzgünleri esasy metod hasaplapdyr. Onuň pikiriçe, olar dogry bilimleri ýalňyş bilimlerden tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär. Dekart deduksiýany (deduksiýa – umumy pikirden, netijeden aýratyn, ýekeleýin

pikire, netijä gelmek) – rasionalçylyk usulyny hakykaty açmagyň esasy usuly hasaplapdyr.

Ylmy-barlag işlerinde ulanylýan ylmy usullaryň köp görnüşleri bar. Olaryň arasynda filosofik metodlar aýratyn orny eýeleýär. Filosofik usullar hakykatyň ähli ugurlarynda – praktikada-da, ylmy barlaglarda-da giňden ulanylýar. Ýöne olar tebigy we takyk metodlary inkär etmeýär, olaryň ähmiýetini peseltmeýär. Filosofik metodlar ylmy-barlag işlerini ýa-da tejribe işlerini amala aşyrmak üçin has umumy düzgünleri, ýörelgeleri berýär, olara umumy gollanma bolup hyzmat edýär.

Filosofik metodlaryň aňladýan kanunlary we kategoriýalary dünýädäki ähli hadysalaryň, wakalaryň we predmetleriň has umumy mazmunyny, düýp manysyny, olaryň alamatlaryny, gatnaşyklaryny suratlandyrýar. Olar janly we jansyz tebigatyň, adamzat jemgyýetiniň, adamlaryň ruhy dünýäsiniň ähli hadysalaryna we obýektlerine degişlidir.

Häzirki zaman dünýäsinde filosofiýa mekdepleriniň, ugurlarynyň, akymlarynyň dürli ugurlary tapawutlandyrylýar. Köplenç ýagdaýda, olaryň her haýsynyň özüne mahsus özboluşly çemeleşme usulyýeti, pikirleniş, akyl ýetiriş metodlary bar. Häzirki zaman filosofiýasynyň çemeleşme usulyýetiniň analitik, intuitiw, fenomenologiýa, germenewtika, pozitiw, ekzistensial, pragmatik, transsendental, düzümleýin, tehnologik we beýleki görnüşlerini olara mysal hökmünde getirmek bolar.

Filosofiýada dialektika we metafizika, şeýle-de XX asyrda dörän sinergetika metodlary has giň ýaýrandyr. XIX–XX asyrlarda dörän täze filosofik akymlaryň käbirlerinde ulanylýan özboluşly metodlaryň köpüsi metafizik metodyň çäginden çykmaýar ýa-da dialektik we metafizik meodlaryň ýörelgelerini, kanunlaryny birikdirip, garym-gatym edip ulanýar.

## 7.2. Metafizika metody

*Metafizika* (grekçe meta, physika – tebigatdan soňky) düşünjesi filosofiýada iki manyda ulanylýar. Aristotelden Dekarda çenli bolan döwürde metafizika sözi filosofiýa manysynda ulanylypdyr. XVII – XVIII asyrdan soň onuň filosofiýa manyda ulanylyş örüsi daralyp başlaýar. Ýöne häzirki wagtda-da kä halatlarda ol adalganyň filosofiýa sözüniň sinonimi hökmünde ulanylyşyna duşmak bolýar.

Metafizika düşünjesi filosofiýanyň bir metody hökmünde-de ulanylýar. Metafizika filosofiýanyň metody hökmünde XVII–XVIII asyrlarda kemala gelýär. Onuň kemala gelmeginde tebigat we takyk ylymlaryň goşandy uludyr. Şol döwrlerde günbatar ýurtlarynda tebigat ylymlary bilen meşgullanýan alymlar tebigaty, onuň hadysalaryny we proseslerini öwrenmäge ymykly girişipdiler. Olar öwrenmek we seljermek maksady bilen tebigaty aýratyn, özara baglanyşygy bolmadyk böleklere bölýärdiler. Bölekleri beýleki böleklerden, bitewilikden, daşky gurşawdan aýratynlykda, baglanyşyksyz, täsirsiz öwrenmek alymlaryň endigine öwrüýlär. Bu ýagdaý filosofiýanyň kemala gelýän metafizika metody üçin-de esas edilip alynýar.

Filosofik metod hökmünde çykyş edýän metafizikanyň öz ýörelgeleri bar. Ilki bilen, metafizika zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň, wakalaryň arasyndaky arabaglanyşygy, özara täsiri inkär edýär. Onuň tassyklamagyna görä, dünýädäki ähli zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň, wakalaryň arasynda baglanyşyk we özara täsir ýokdur. Olar özbaşdakdyrlar we mehaniki häsiýetlidir. Metafizika dünýäniň ähli hadysalaryny, ähli alamatlaryny öwrenmekde mehanikanyň düzgünlerini ulanýar. Metafizika üçin hereket zatlaryň ýerlerini üýtgetmekleridir. Hereket arkaly ýerlerini üýtgeden zatlar tegelek arkaly hereketlenip, ýene-de öňki ýerine gaýdyp gelýärler. Ikinjiden, metafizika bir taraplaýyn çemeleşmek arkaly öwrenilýän obýektleri ýa aşa çişirip, ýa-da aşa ýoýup görkezýär, olaryň baglanyşyklaryny dogry düşündirip bilmeýär. Metafizikada ähli dünýä baglanyşyklarynyň absolýutlygy, gutarnyklylygy dogry diýlip bellenilýär. Üçünjiden, zatlarda bolýan özgermelere mukdar üýtgemeleri hökmünde ýa-da ozal bolan zatlary gaýtalamak hökmünde seredilýär. Metafizikler predmetleriň we hadysalaryň durnuklylygyny çişirip görkezýärler, olaryň hil taýdan üýtgeýändigini görmeýärler. Dördünjiden, metafizikler dünýäde bolýan üýtgeşmelere, özgerişlere ýapyk halkanyň içinde aýlanyp, gaýtalanyp duran proses hökmünde düşünýärler, ösüşiň ilerläp öňe gitmek häsiýetini inkär edýärler. Olar mehaniki düşünjelerden ugur alyp, tutuş dünýäniň we her bir jisimiň üýtgemeginiň we ösmeginiň çeşmesini olaryň içki gurluşyndan däl-de, eýsem, haýsydyr bir daşarky güýçlerden şertlerden gözleýär. Metafizikler üçin daşky gapma-garşylykly taraplaryň çaknyşmasy özgertmäniň ýeke-täk çeşmesidir.

Metafizikanyň bir görnüşi sofistikadyr. Sofistikanyň esasyny üýtgeýjiligi absolýutlaşdyrmak we akyl ýetirişi otnositelleşdirmek düzýär. Bu ýagdaý her bir adamyň öz hakykatyna eýedigi baradaky ýalan netijä getirýär. Şeýle relýatiwizm islendik pikiri, hatda düýbünden ýalňyş pikiri hem delillere daýanmak arkaly gorap boljakdygy baradaky pikiriň döremegine getirdi. Sofizm – bu jedelde we subutnamalarda sofizmleri bilgeşleýinden ulanmakdyr. *Düýbünden ýalňyş pikirleri dogry pikirler hökmünde ulanmaklyga sofizm diýilýär.* Sofizm sözlerdäki, pikir ýöretmelerindäki ikuçlulyga, düşünjeleri çalyşmaklyga, başdaky pikirleri ýalňyş düzmeklige daýanýar.

Metafizika metodyny adaty aň derejesinde, zatlary hemme taraplaýyn we ösüşde öwrenmek zerurlygy bolmadyk ýagdaýda ulanmak maksadalaýykdyr. Metafizika düşünjesini dialektika garşydaş manyda nemes akyldary Gegel tarapyndan ulanylýar.

## 7.3. Dialektika metody

Dialektika adalgasy – (latynça dialektike, techne – pikir ýöretmek, gürrüňleşmek sungaty) filosofiýanyň taryhynda dürli manylarda ulanylýar. Onuň ilkinji manysy gürrüňleşmek, jedelleşmek, pikiriňi beýan etmek bilen baglanyşyklydyr. Antik demokratiýanyň ösen ýeri bolan gadymy Gresiýa gelşikli sözlemeklige, öz pikiriňi täsirli beýan etmeklige, öňe sürýän pikiriňi subutnamalar getirip gorap bilmeklige uly üns berlipdir. Çünki saýlawlarda ýeňiş gazanmak, köplenç ýagdaýda, syýasatçynyň saýlawçylary ynandyryşyna, olary öz tarapyna çekip bilşine bagly bolupdyr. Şu nukdaýnazardan ol ýerde ilkibaşda dialektika diýlende jedelleşmek, çekeleşmek, pikiriňi beýan etmek sungatyna düşünilipdir. Sokrat, Geraklit we başgalar jedelleşmek sungatynda yz galdyran gadymy akyldarlardyr.

Häzirki zaman ylmynda dialektika diýlende ösüş we baglanyşyk hakyndaky taglymata hem-de filosofiýanyň özboluşly metodyna düşünilýär. Häzirki zaman filosofiýasynda dialektika, dialektikanyň düýp manysy bilen baglanyşykly köp sanly kesgitlemeler ulanylýar. Olar özara tapawutlanýarlar. Oňa garamazdan, dialektika berilýän kesgitlemelerde üç umumylyk ýüze çykýar:

1. Dialektika ählumumy baglanyşyklary öwrenýär.

2. Dialektika gapma-garşy taraplaryň birligi hakyndaky taglymatdyr.

3. Dialektika ösüş hakyndaky taglymatdyr.

*Şeýleleikde, dialektika – bu tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň ösüşiniň ählumumy arabaglanyşygy we kanunalaýyklygy hakyndaky taglymatdyr. Ol pikirlenmegiň we hereketiň ählumumy metodydyr.*

Hereket, ösüş, özara täsir we özara baglanyşyk tebigatda-da, jemgyýetde-de, pikirlenmede-de bardyr. Şonuň üçin dialektianyň kanunlary islendik hereketde, işde we pikirlenmede birmeňzeş hereket edýär. Şu sebäplem obýekiw dünýä-de, adam aňy-da dialektikanyň kanunlaryna boýun egýärler.

Ylymda *obýektiw we subýektiw* dialektika tapawutlandyrylýar. Obýektiw dialektika – bu ösýän, özgerýän dünýäniň zatlarynyň, hadysalarynyň arasynda bolup geçýän düýpli baglanyşykdyr. Ol adamdan garaşsyz obýektiw ýagdaýda dowam edýär. Subýektiw dialektika pikirlenmäni, onuň özgerişini aňladýan düýpli içki, zerur baglanyşykdyr. Ol real dünýäniň ösüşiniň, özgerişiniň, özara baglanyşygynyň we täsiriniň adam aňynda şöhlelenmesidir. Olar biri-birlerinden belli bir derejede tapawutlanýarlar. Çünki, subýektiw dialektika obýektiw dialektikanyň adam aňynda şöhlelenmesidir. Adam aňy daşky dünýäni dolulygyna, ýüz göterim şöhlelendirmeýär. Şöhlelenme aşakdan ýokarlygyna, ýönekeýlikden çylşyrymlylyga, egsiklikden dolulyga tarap hereket edýär. Şuňa esaslanyp, olaryň arasyndaky tapawuda düýpli diýmek bolmaýar. Olarda tapawutdan meňzeşlik köpdür. Şu sebäplem obýektiw dünýäde hereket edýän kanunalaýyklyklar subýektiw dialektikada-da hereket edýärler. Obýektiw dünýäde bar bolan ösüşi, özgerişi, gapma-garşylygy, arabaglanyşygy we ş.m. düşünjelerde, teoriýalarda beýan etmek subýektiw dialektikanyň esasy borçlarynyň biridir.

Dialektika düýniň ýa-da bu günüň önümi däldir. Ol doly kemala gelýänçä uzak ösüş döwrüni başdan geçirýär. Filosofiýanyň taryhynda dialektikanyň üç sany taryhy formasy tapawutlandyrylýar. Olar antiki, nemes nusgawy we materialistik dialektikadyr.

*Antiki dialektika.* Dialektikanyň bu görnüşi durmuş tejribesine we käbir syn etmelere esaslanypdyr. Şonuň üçin hem ol sada we ýön-

tem bolupdyr. Geraklit, Platon, Aristotel, Eleýli Zenon we beýlekiler dialektikanyň bu formasynyň görnükli wekilleri bolupdyrlar. Olar dialektikanyň ösüş taryhynda görnükli yz galdyrypdyrlar. Şu ýerde dialektikanyň boş ýerde döremändigini bellemek gerek. Onuň kemala gelmegi üçin uzak taýýarlyk döwri zerur bolupdyr. Ilkinji dialektiki garaýyşlar ilkinji siwilizasiýalaryň watany Gündogarda döräpdir. Munuň şeýledigine zaroastrizm hem şaýatlyk edýär. Zaroastrizm atly otparazçylyk dini Marguş ýurdunda döräpdir we dünýäniň köp halklarynyň arasyna ýaýrapdyr. Ol diniň döreýşi we ady Zaratuştra diýen adamyň ady bilen baglanyşdyrylýar. Zaroastrizmiň mazmunynda dialektikanyň gadymy esaslarynyň ösdürilendigini görmek bolýar. Otparazçylykda dünýäniň gapma-garşylykly hadysalaryň jeminden durýandygy aýdylýar. Ösüşiň dünýädäki ýamanlyk bilen ýagşylygyň, haýyr bilen şeriň, günä bilen sogabyň, garaňkylyk bilen ýagtylygyň arasynda bolup geçýän göreşiň netijesinde bolup geçýändigi nygtalýar. Zaratuştra adamzat taryhynda progres – ösüş diýen düşünjäni esaslandyran ilkinji akyldardyr. Zaroastrizm dinine laýyklykda dünýädäki ýamanlyk bilen ýagşylygyň, haýyr bilen şeriň arasyndaky göreşde ýagşylyk we haýyr ýeňende progres başlanýar. Zaratuştranyň öňe süren pikirleri soňra Eýranyň üsti bilen Gresiýa we beýleki ýewropa ýurtlaryna ýaýrapdyr.

*Nemes klassyk dialektikasy.* Dialektikanyň bu formasy idealistik filosofiýanyň esasynda XVIII – XIX asyrlarda ýaşan nemes filosoflary Kant, Fihte, Şelling we Gegel tarapyndan döredilýär we ösdürilýär. Nemes nusgawy filosoflarynyň arasynda Georg Filgelm Fridrh Gegel has hem tapawutlanypdyr. Ol «Ruhuň fenomenologiýasy», «Filosofiýa ylymlarynyň ensiklopediýasy», «Logika ylmy» we beýleki işlerinde dialektikanyň esasy kanunlaryny we kategoriýalaryny işläp düzýär. Şol döwürde filosofiýada agalyk eden pikirlenmegiň metafizik usulyny tankyt etmekde we tebigat hem-de takyk ylymlarda dialektikany ulanmagyň zerurdygyny esaslandyrmakda Gegel uly işleri amal edýär.

Gegeliň dialektikasynda ösüş ideýasy esasy orun tutýar. Ösüşe aşakky görnüşlerden ýokarky görnüşlere tarap öňe gitmek häsiýetlidir. Ösüşiň çeşmeleri, mehanizmleri, häsiýeti, ugry we ş.m. dialektikanyň kanunlarynda ýüze çykýar. Olar gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanuny, mukdar we hil üýtgemelerine özara geçiş kanuny,

inkär etmäni inkär etmek kanunlarydyr. Gegel garşylygy her bir hereketiň we ösüşiň çeşmesi hasaplapdyr. Gegeliň filosofiýasynda dialektika Absolýut ruhuň özüne akyl ýetirmeklige tarap hereketinde ýüze çykýar. Ol dialektika metody ideýanyň ösüşini seljermekde ulanýar.

*Materialistik dialektika.* Arabaglanyşyk we ösüş baradaky taglymaty bolan Gegeliň dialektikasynyň mirasdüşeri bolup dialektiki materializm çykyş edýär. Gegeliň dialektikasy Marks we Engels tarapyndan örän ýokary baha mynasyp bolýar. Ýöne muňa garamazdan, olar Gegeliň dialektikasyny tankytlaýarlaram. Olaryň pikiriçe, ideýanyň ösüşini yzarlamaklyk Gegeliň dialektikasynyň esasy kemçiligidir

Dialektiki materializm üçin hiç bir gutarnykly kesgitlenen, şübhesiz, mukaddes zat bolmaýar. Ähli zat ösüşde bolýar. Üznüksiz döreýän we ýok bolýan hereketden, gutarnyksyz aşakdan ýokary göterilmelerden başga hiç zat onuň öňünde durup bilmeýär. Ol ähli zatlarda geljekki ösüşleri we aşakdüşmeleri görýär. Dialektiki materializm Gegeliň dialektikasynyň düşünjeleriniň we kategoriýalarynyň many-mazmunyna üýtgeşmeler girizýär. Dialektikanyň obýektiw we subýektiw görnüşleri kesgitlenýär. Dialektikanyň esasy kanunlary bolan gapma-garşylyklaryň birligii we göreşi, mukdar we hil üýtgemeleriniň özara geçiş, inkär etmäni inkär etmeklik kanunlary we kategoriýalary hem dialektiki materializmde täzeçe düşündirilýär.

Dialektikanyň haýsy görnüşdedigine garamazdan, olaryň merkezini ösüş meselesi eýeleýär. Materialistik dialektikada ösüş maddylygyň we ruhulygyň hereketini, üýtgeýşini, özgerişini aňladýan filosofik kategoriýadyr. Zatlaryň, hadysalaryň ösüş häsiýeti dialektikanyň esasy mazmunyny düzýär we ähli zatlaryň ösmegi, üýtgemegi dialektikanyň kanunlarynyň esasynda bolup geçýär. Dialektikany kanunlaryň üsti bilen kesgitlemek onuň ýörelgesine garşy gelmeýär, çünki bu meseläniň çözgüdi kanun düşünjesi bilen bagly, sebäbi dialektikanyň özi her bir hereketiň has umumy kanunlary hökmünde kesgitlenilýär.

Her bir dialektik kanun öz baglanyşygy bilen şertlendirilýär. Dialektikanyň kanuny zatlaryň we predmetleriň arasyndaky obýektiw baglanyşyk ählumumy, içki, düýpli, zerur, şeýle hem durnukly, gaýtalanýan baglanyşykdyr. Dialektikanyň bu häsiýeti onuň ýörelgesine garşy gelmän, tersine, mazmunyny aňladyp, biri beýlekisini anyklaýar, çuňlaşdyrýar. Bu ýagdaýy diňe kanuna ýakyn has giň düşünje bolan

kanunalaýyklyk düşünjesi bilen aýan etmek bolýar. Eger-de kanun anyk, zerur baglanyşyk bolýan bolsa, onda kanunalaýyklyk tutuşlygyna kanunlaryň düzüminiň bitewilikdäki amaly bolup, şol ösüşde yzygiderligiň saklanylmagyny aňladýar. Ösüşiň, özgerişiň netijesinde öňküden tapawutlanýan düýpgöter täze obýekt döreýär. Ösüş mukdar we hil üýtgemeleriniň birligini, progres bilen regresiň baglanyşygyny, gapma-garşylygy, halkalylygy, wagtda döreýändigini aňladýar.

Ösüş barlygyň esasy we köptaraply häsiýetidir. Onuň atributydyr. Ösüşiň esasy çeşmesi içki garşylykdyr. Şu nukdaýnazardan ösüşe öz-özünden döreýän proses hem diýmek bolýar.

Materialistik dialektika bitewi, açyk ulgamdyr. Ol özara baglanyşykly we täsirli düzüm böleklerden hem-de kanunalaýyklyklardan durýar. Dialektikanyň düzüm bölekleri hökmünde kategoriýalar, ýörelgeler we kanunalaýyklyklar çykyş edýär. Olaryň hemmesi birlikde ösýän real dünýäniň umumy häsiýet bitewiligini, birligini şöhlelendirýärler.

## 7.4. Dialektikanyň esasy ýörelgeleri

Dünýä bilen gatnaşykda özboluşly metod bolup çykyş edýän dialektikanyň köp sanly ýörelgeleri bar. Olar adamyň tebigat, jemgyýet bilen gatnaşyklarynda, akyl ýetiriş prosesinde we pikirlenmede görkezmeleriň, usullaryň-metodlaryň wezipesini ýerine ýetirýärler. Daşky dünýäniň hadysalarynyň has zerur taraplaryny şöhlelendirýärler. Ýörelgeler adamlaryň praktiki we akyl ýetiriş işlerini kadalaşdyrýan anyk metodologik talaplar ulgamy görnüşinde gelýän kanunlarda we düşünjelerde ýüze çykýarlar. Ylmy barlagda şol ýörelgelerden ugur alynýar. Ähumumy baglanyşyk, ulgamlylyk, ösüş, sebäplilik, garşylyk, taryhylyk ýaly ýörelgeler dialektikanyň esasy ýörelgeleridir.

Dialektikanyň esasy ýörelgeleri:

• *Dialektikanyň ähumumy baglanyşyk ýörelgesi*. Dialektika dünýädäki zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň arasynda ähumumy baglanyşygyň bardygyny ykrar edýär. Oňa laýyklykda şol baglanyşykdan daşarda hiç zat galmaýar. Akyl ýetiriş prosesinde ähumumy baglanyşygy göz öňüne tutmaly. Ony ünsden düşürmeli däl.

• *Dialektikanyň garşylyk ýörelgesi*. Bu dialektik ýörelge dünýäniň predmetleriniň düzüminde we olaryň öz aralarynda obýektiw garşy-

lyklaryň bardygyndan ugur alýar. Ol ýörelge öwrenilýän obýekte mahsus bolan esasy we esasy däl, içki we daşky garşylyklaryň bardygyny ykrar edýär. Şundan hem garşylyklaryň her birini anyk öwrenmek, ol taraplaryň özara garşylygynyň häsiýetini, ol gapma-garşy taraplaryň bir wagtyň özünde bitewilikdigini, garşylyklaryň çözgüdiniň tilsimlerini anyklamak ýaly talaplar gelip çykýar. Dialektikanyň garşylyk ýörelgesi ösüşiň çeşmesini açyp görkezýär.

• *Dialektikanyň ulgamlylyk ýörelgesi*. Ulgamlylyk ýörelgesi materiýanyň aýrylmaz häsiýeti, atributy bolup çykyş edýär. Dialektikanyň bu ýörelgesi dünýädäki zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň baglanyşygynyň tertipsiz däl-de, belli bir kanunalaýyklar esasynda, özara baglanyşykda we täsirde dowam edýändigini ykrar edýär. Ol baglanyşyklar ulgamy – bitewiligi emele getirýär. Ony düzýän bölekler ierarhiýa basgançagy görnüşinde ýerleşýärler. Olaryň her haýsysynyň bitewilikde – ulgamda öz orny, ýerine ýetirýän wezipeleri bolýar. Olaryň käbirleri esasy wezipeleri ýerine ýetirseler, beýlekileri kömekçi wezipäni ýerine ýetirip, ulgamyň durnuklulygyna öz goşandyny goşýarlar. Şunuň bilen baglylykda dünýä içki bitewilige eýe bolýar.

• *Dialektikanyň ösüş ýörelgesi*. Dialektika ösüşe materiýanyň atributy – aýrylmaz häsiýeti hökmünde seredýär. Ösüş materiýanyň dowam ediş usuly bolup çykyş edýär. Dialektika islendik zady, hadysany, prosesi öwrenende oňa ösüş nukdaýnazaryndan çemeleşmegi talap edýär. Oňa laýyklykda islendik hereket, islendik özgerme ösüşdir. Ösüşiň progres ýa-da regres görnüşinde bolmagy mümkin.

• *Dialektikanyň sebäplilik ýörelgesi*. Sebäplilik ýörelgesine laýyklykda dünýädäki her bir hadysanyň we wakanyň öz sebäbi bardyr. Her bir hadysanyň we wakanyň döremegine, bolmagyna beýleki bir waka sebäp bolýar. Bir hadysa şert we zerurlyk bolanda başga bir hadysany döredýär. Bu ýerde dörediji hadysalar we wakalar sebäp, dörän hadysalar we wakalar bolsa netije hökmünde çykyş edýärler. Sebäp netije babatynda ilkinji we işjeň başlangyçdyr. Sebäp bilen netijäniň arasyndaky gatnaşyk sebäplilik ýörelgesiniň esasy gatnaşygydyr. Ol sebäpliligi özara täsiriň beýleki görnüşlerinden tapawutlandyrmaga kömek edýär. Sebäplilik gatnaşyklary diňe öz aralarynda, hakyky fiziki täsir bolan gatnaşyklaryň arasynda bolup bilýär. Bu prosesde jisimleriň, hereketiň, informasiýanyň geçirilmegi bolup geçýär.

• *Dialektikanyň anyklyk ýörelgesi.* Dialektika öwrenilýän obýektlere empiriki barlaglarda duýgulaýyn anyk, teoretik akyl ýetirişde bolsa paýhaslaýyn anyk hadysalar hökmünde çemeleşmegi talap edýär.

• *Dialektikanyň taryhylyk ýörelgesi.* Bu ýörelge dünýäniň öz-özünden ösmeginiň basgançaklarynyň wagt taýdan yzygiderliligini nazarda tutmagy talap edýär. Öwrenilýän obýekte doly akyl ýetirmek üçin onuň diňe häzirki ýagdaýyny seljermek bilen çäklenmän, eýsem onuň geçmişini pikirde dikeltmeli. Onuň gelip çykyşyny, taryhy taýdan ösüşiniň esasy basgançaklaryny anyklamaly. Şeýle hem geljekki ösüşiniň meýillerine, ýollaryna akyl ýetirip, onuň geljegini öňünden kesgitlemeli.

Dialektikanyň esasy ýörelgeleri özara baglanyşyklydyr. Olar dialektikanyň many-mazmunyny açyp görkezýärler.

## 7.5. Sinergetika

Ylmyň ösmegi, adamzadyň akyl ýetiriş mümkinçilikleriniň giňemegi bilen ozal köptaraply hasaplanan dialektikanyň kanunlarynyň hem ýetmeziniň, bärdengaýtmalarynyň bardygy ýüze çykaryldy.

XX asyryň ikinji ýarymynda dünýäniň ylmy şekline materiýanyň öz-özüni guraýşy baradaky taglymat aralaşdy. Onuň döremegine stasionar älem taglymatynyň ornuna giňeýän, ösýän älem taglymatynyň gelmegi sebäp boldy. Öňki taglymat älemi emele getirýän makroulgamlaryň özbaşdak, aýratyndygy, daşky gurşaw bilen hiç hili gatnaşygynyň ýokdugy baradaky ynama esaslanýardy. Ýöne häzirki zaman ylmy älemi emele getirýän makroulgamlaryň ählisiniň açykdygyny, öz aralarynda we daşky gurşaw bilen gatnaşykdadygyny ykrar edýär. Açyk ulgamlarda ösüş olaryň öz-özlerini guraýyşlarynyň artmagy bilen amal edilýär. Öz-özüni guramak jisimiň ýönekeý guralyş formasyndan has çylşyrymly guralyş formasyna tarap ösüşinde ýüze çykýar. Öz-özüni guramaklygyň netijesinde bulam-bujarlyk, tertipsizlik – haos teriplilige öwrülýär. Öň-özüni guramak janly tebigata-da, jansyz tebigata-da mahsusdyr.

Häzirki zaman filosofiýasynda we ylmynda barlygyň öz-özünden guralşyny we ösüşini düşündirýän teoriýalaryň esasy biri sinergetikadyr. Sinergetika (grekçe *sinergetikos* – hyzmatdaşlyk, kömek

etmek) XX asyryň üçünji çärýeginde fizikanyň bir taglymaty görnüşinde döredi. Ahyrynda ol filosofik taglymata öwrüldi. Häzirki döwürde sinergetika öz-özüňi guralyşyň has umumy taglymatydyr. Ol öz-özünden guralýan hadysalaryň we maddy ulgamlaryň ähli görnüşleriniň kanunalaýyklaryny öwrenýär. Sinergetika materiýanyň öz-özüini guramaklyga bolan başarjaňlygyny onuň atributy hasaplaýar.

Sinergetikany esaslandyryjylaryň biri G. Hakeniň pikirine görä, materiýanyň öz-özüni guramak ýörelgesi biologiýadaky morfogenezden, beýniniň işleýşiniň käbir funksiýalaryndan uçaryň ganatyna çenli, molekulýar fizikadan ýyldyzlaryň ewolýusiýasyna çenli ýaýrandyr.

Ylmy taglymat we dünýä akyl ýetirmegiň metody hökmünde hereket edýän sinergetikanyň özboluşly ýörelgeleri bar. Sinergetikanyň başlangyç ýörelgesi açyk we ýapyk ulgamlardaky prosesleriň tapawudydyr.

Ýapyk ulgamlarda prosesler tertiplilikden, düzgünlilikden deňagramlylygyň üsti bilen haosa, bulaşyklyga, düzgünsizlige, tertipsizlige tarap hereket edýär. Açyk ulgamlarda tersin hadysa syn etmek bolýar. Olarda belli bir şertler dörände haosdan tertipleşdirilen, düzgünleşdirilen täze guramalar döreýär. Ýapyk ulgamlarda deňagramlylyk we göni çyzyklyk, açyk ulgamlarda bolsa deňagramsyzlyk we göni dällik prosesleriň esasy häsiýetleri hökmünde görkezilýär. Nusgawy ylymlar ýapyk ulgamlara dünýädäki tertipliligiň, düzgünliligiň absolýut tipi hökmünde seredýär. Olardan tapawutlykda sinergetika öz barlagynyň predmeti hökmünde açyk ulgamlary saýlap alýar. Sinergetika taglymatyny döredijileriň pikirine görä, açyk ulgamlar ähluumumydyrlar. Onda bolup geçýän prosesler bolsa dünýäniň öz-özüni guramaklygyna ýardam berýär.

Açyk ulgamlaryň esasy häsiýeti durnuksyzlykdyr. Şu ýörelgä daýanmak bilen sinergetika haosdan, bulaşyklykdan, tertipsizlikden tertipliligiň, düzgünliligiň emele gelşini şeýle düşündirýär: ulgam termodinamik deňagramlylyk ýagdaýynda bolanda onuň düzüm bölekleriniň ählisi biri-birinden garaşsyz ýagadýda bolýarlar. Şeýle ýagdaýda olar teripleşdirilen, düzgünleşdirilen gurluşy döretmäge ukypsyzdyrlar. Haýsydyr bir wagt gelende ýapyk ulgamyň hereketi çylşyrymly, birmeňzeş däl häsiýete eýe bolýar. Birmeňzeş däldigiň döreýän nokadyna şahalanma (bifurkasiýa) diýilýär. Şahalanma

nokadynda ulgama täsir edýän daşky täsirleriň ähmiýeti artýar. Bu ýagdaýda iň bir ujypsyz täsir hem garaşylmadyk uly netijeler berip bilýär. Daşky gurşaw bilen bolup geçýän energetik täsiriň netijesinde açyk ulgamlarda ylalaşyk täsiri döreýär. Şonda ulgamyň ähli düzüm bölekleri biri-birleri bilen sazlaşykly hereket edip başlaýarlar. Sinergetikada ylalaşykly täsire kogerentlik diýilýär. Netijede haosdan tertipleşdirilen, düzgüne salnan täze gurluşlar döreýär. Täze dörän gurluşa sinergetikada dissitatiw diýlip at berilýär. Täze gurluş döränden soň materiýanyň öz-özüni guraýyş prosesine gatnaşyp başlaýar. Şeýlelik bilen, daşky täsir ulgamyň özüniň içki gurluşyny döretmekliginiň faktory bolup çykyş edýär. Ol hem öz gezeginde beýleki ulgamlaryň öz-özüni guraýşyna kömek berýär.

Sinergetiki çemeleşiş «Näme üçin entropi kanunynyň täsiriniň tersine dünýä ýokary derejeli öz-özüni guramaklygy we düzgünliligi görkezýär?» diýen soraga jogap berýär. Şeýle hem sinergetika materiýanyň öz-özüni guraýyş kanunynyň barlygyň ähli derejelerinde hereket edýändigini ykrar edýär. Bu ýagdaý janly we jansyz tebigatyň arasyndaky üzükligi ýeňmäge we jansyz tebigatdan janly tebigatyň öz-özüni guramaklyk arkaly dörändigini düşündirmäge kömek edýär.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Dünýä filosofik akyl ýetirmegiň metodlarynyň wezipelerini teswirläň.
2. Dünýä filosofik akyl ýetirmekde metodlaryň ornuny anyklaň.
3. Metafiziki metodyň esasy alamatlaryny häsiýetlendiriň.
4. Metafizikanyň esasy ýörelgelerini teswirläň.
5. Dialektika düşünjesiniň dürli manylaryny tapawutlandyryň.
6. Dialektikanyň taryhy görnüşlerini suratlandyryň.
7. Dialektikanyň kanunlarynyň we ýörelgeleriniň birligini esaslandyrmaga synanyşyň.
8. Dialektikanyň esasy ýörelgeleriniň özara baglanyşygy we täsiri hakynda gürrüň beriň.
9. Sinergetikanyň taglymat we dünýä filosofik akyl ýetirmegiň metody hökmünde döremeginiň sebäplerini düşündirmäge çalşyň.
10. Sinergetikanyň dünýä filosofik akyl ýetirmegiň metody hökmündäki häsiýetli alamatlaryny teswirläň.
11. Sinergetikanyň esasy ýörelgesini häsiýetlendiriň.

# VIII. FILOSOFIÝANYŇ ESASY KATEGORIÝALARY

## 8.1. Filosofiýada kategoriýa düşünjesi

Ylymlaryň ählisinde degişli düşünjeler ulanylýar. Mysal üçin, fizikanyň atom, energiýa, hukugy öwreniş ylmynyň jenaýat, kanun, dil biliminiň düşüm, ýöňkeme, syýasaty öwrenişiň syýasat, häkimiýet ýaly umumy görnüşli düşünjeleri bar. Olar ylmyň predmetini açyp görkezmeklige hyzmat edýärler. Ylmyň predmeti näçe çuň öwrenilen bolsa, onuň kategoriýalar apparaty hem şonça baý bolýar. Kategoriýalarda ylmyň predmetiniň akyl ýetirilen taraplary şöhlelenýär. *Ylmy dilde ulanylýan has umumy görnüşli düşünjelere kategoriýalar diýilýär.* Kategoriýalar adam aňynyň önümi däldir. Olar daşky hakykatyň adam aňynda şöhlelenmesidir, tebigatyň we jemgyýetiň umumy kanunalaýyklygynyň ýüze çykmasydyr. Şonuň üçinem olar obýektiwdir. Ähli kategoriýalaryň obýekti real dünýädir. Olaryň başga obýekti ýokdur. Olaryň her haýsysy adamyň isleginden, erkinden garaşsyz ýagdaýda tebigatyň, jemgyýetiň ýa-da akyl ýetirişiň bir tarapyny, bir häsiýetini şöhlelendirýär. Şol bir wagtyň özünde-de kategoriýalar subýektiwdir. Sebäbi ol şöhlelenmäniň önümi. Ol diňe real hakykatyň adam aňynda şöhlelenýän bölegi, tarapy baradaky bilimleri özünde jemleýär. Şu nukdaýnazardan kategoriýalar logikanyň formasydyr. Daşky dünýädäki ähli zatlaryň, hadysalaryň özara baglanyşykda, täsirde bolşy ýaly filosofiýanyň kategoriýalary hem özara baglanyşyklydyrlar. Olar ösýän bitewiligi emele getirýärler.

Filosofiýanyň dünýäni has umumylaýyn derňeýändigi üçin onuň kategoriýalary hem umumy häsiýete eýedirler. Beýleki ylymlarda hakykatyň diňe şol ylym tarapyndan öwrenilýän tarapyna degişli kategoriýalar ulanylýar. Filosofiýanyň kategoriýalary bolsa adamlaryň jemgyýetçilik praktikasynyň, işiniň esasynda real hakykatyň we akyl ýetirişiň has möhüm, has esasy taraplaryny, häsiýetlerini, aragatnaşygyny hem-de baglanyşygyny şöhlelendirýär. Filosofiýanyň wezipesi dünýäniň we pikirlenmäniň hemme hadysalaryna mahsus bolan has umumy arabaglanyşyklary, kanunalaýyklyklary öwrenmekden

ybarat. Mysal hökmünde sebäpleýin arabaglanyşyklary alyp göreliň. Sebäpleýin arabaglanyşyklar janly tebigatda-da, islendik fiziki proseslerde-de, jemgyýetçilik durmuşynda-da bar. Fizikada şol arabaglanyşyklaryň fiziki proseslere, biologiýada – janly organizmlere degişlileri öwrenilýär. Beýleki ylymlarda hem şeýle. Filosofiýa sebäpleýin arabaglanyşyklaryň hemmesini umumy görnüşde düşündirmeklige çalyşýar. Şonuň üçin-de filosofiýanyň kategoriýalary ählumumy häsiýetli düşünjeleriň toplumydyr.

Filosofiýanyň materiýa, aň, hereket, wagt, giňişlik, mukdar we hil, garşylyk, sebäp we netije, mazmun we forma, zerurlyk we tötänlik ýaly kategoriýalary köptaraplaýyndyr, umumydyr. Şonuň üçin hem olary hakykatyň islendik hadysasy babatynda ulanmak bolar.

Filosofiýanyň kategoriýalaryny şertleýin ýagdaýda ýekeleýin, jübütleýin we üçemleýin görnüşli kategoriýalara bölmek kabul edilendir. Mysal üçin, «barlyk», «materiýa», «substansiýa», «hereket», «giňişlik», «wagt» ýaly kategoriýalar şertli ýekeleýin görnüşli kategoriýalara degişli. Olar barada «şertli» diýen sözi ýöne ýerden ulanylmaýar. Olar hakykatdan-da aýratynlykda derňelip geçildi, olaryň her biriniň manysy aýratynlykda açylyp görkezildi. Şol bir wagtyň özünde-de barlygyň materiýadan, materiýanyň bolsa hereketden, giňişlikden we wagtdan üzňe däldigine hem göz ýetirdik.

Dialektikanyň esasy düzüm bölekleriniň biri hasaplanýan *ýörelgeler düşünjesiniň* ähmiýeti-de örän uludyr. Ýörelgeler real hakykatyň has wajyp taraplaryny şöhlelendirýän teoretik esasdyr. Olar şol bir wagtyň özünde daşky hakykata akyl ýetirmegiň we üýtgetmegiň usuly hökmünde-de çykyş edýärler. Ýörelgeler adamlaryň tejribe we akyl ýetiriş işlerini kadalaşdyrýan anyk usulyýet talaplar ulgamy görnüşde gelýän kanunlarda we düşünjelerde ýüze çykýarlar. Obýektiwlilik, hemmetaraplyk, anyklyk, taryhylyk, garşylyk, sebäplilik ýaly ýörelgeler şol ýörelgeleriň esasylarydyr.

## 8.2. Ýekeleýinlik, aýratynlyk, umumylyk

Filosofiýanyň esasy kategoriýalarynyň biri bolan ýekeleýinlik dünýädäki zatlary, hadysalary, prosesleri tapawutlandyrmakda ulanylýar. *Giňişlikdäki, wagtdaky we beýleki häsiýetleri boýunça beýleki,*

*şol sanda özüne meňzeş predmetlerden, hadysalardan, proseslerden tapawutlanýan aýratyn predmete, hadysa, prosese ýekeleýinlik diýilýär.* Ol akyl ýetirişde köp ulanylýan möhüm kategoriýalaryň biridir. Aýratynlykda alnan ýekeleýinlik ýok. Ýekeleýinlik diňe umumylyk bilen baglanyşykda hereket edýär. Ol baglanyşyk ählumumy häsiýete eýe, bütin dünýäni, şol sanda akyl ýetirişi-de gurşap alýar. Ýekeleýinlik – umumylyk nukdaýnazaryndan dünýä akyl ýetirmeklik zatlary deňeşdirip bilmekligi, meňzeş we tapawutly taraplarynyň ýüze çykarmaklygy, olaryň haýsy görnüşe degişlidigini anyklamagy we ş.m. aňladýar. Ýekeleýin meňzeş dällikdir. *Meňzeş dällik tapawutly aýratynlykdyr.*

Dünýäde real zatlar ýekeleýindir. Biri-birine doly meňzeş zat ýokdur. Käbir zatlaryň biri-birlerine örän meňzeş bolmagyna seretmezden, olary tapawutlandyrýan aýratynlyklar bardyr. Şol aýratynlyklar hem olara ýekeleýinlik häsiýetini berýär. Mysal üçin, ekizler Ýusup bilen Ahmediň daşky keşpleri, häsiýetleri örän meňzeş. Ýöne olarda Ahmedi Ahmet, Ýusuby Ýusup edýän aýratynlyklar hem bar. Şol aýratynlyklara daýanyp, adamlar olary tapawutlandyrýarlar. Diýmek, zatlar biri-birine gaty meňzeş bolsalar-da islendik zat ýeke-täkdir, gaýtalanmazdyr. Ýekeleýinlikden tapawutlylykda, umumylyk zatlaryň aýratynlyklaryna däl-de meňzeşdigine, gabat gelşine daýanýar. *Ýekeleýin zatlaryň obýektiw ýagdaýda dowam edýän häsiýet meňzeşlikleri, olaryň käbir gatnaşyklarda bir görnüşde bolmagy, hadysalaryň bir topara ýa-da bir gatnaşyklar ulgamyna degişliligi umumylykdyr.*

Ýekeleýinlik we umumylyk özara berk baglanyşykly hem-de täsirlidir. Umumylyk ýekeleýinlikde dowam edýär we onda öz beýanyny tapýar. Ýekeleýinlik hem belli bir kesgitli umumylyga girýär. Oňa degişli umumy aýratynlyklary göterýär. Diýmek, özbaşdak alnan zatda diňe bir şol zada degişli aýratynlyk bolman, eýsem onda umumylyk hem bar. Umumylyk zatlaryň ýüzleý meňzeşliginde-de, içki gabat gelmelerinde-de bolup biler. Umumylyk ýönekeý abstraksiýa däl. Umumylykda diňe bir meňzeşlik hem diýmek bolmaz. Ol zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň meňzeşligini bitewileşdirýän köpdürlüligiň jemidir. Şu nukdaýnazardan umumylyk indiwiduallygyň, aýratynlygyň, bölekligiň ähli alamatlaryny özünde jemleýär. Aýratynlyk zatlaryň umumy taraplary bilen ýekeleýin taraplaryň arasyndaky ara-

baglanyşygy aňladýar. Aýratynlyk düşünjesi filosofiýada ýekeleýinlik bilen umumylygyň sepleýji zynjyrdyr. Mysal üçin, türkmen diňe biziň milletimiziň ady. Şu nukdaýnazardan ol aýratynlykdyr. Ýöne ol adamzadyň, ýagny umumylygyň bir bölegidir.

Ýekeleýinlik we umumylyk dilde öz beýanyny tapýar. Dil ýokary derejede umumylaşdyrmak başarjaňlygyna eýedir. Ol ýekeleýin zatlaryň meňzeşligini tapýar, olary umumylaşdyrýar. Diliň kömegi bilen umumy zatlary kemala getirýän bölekleriň aýratynlyklary beýan edilýär. Olaryň ýekeleýinlik häsiýetleri ýüze çykarylýar. Munuň üçin atlar (Görogly, Gorkut ata, Myrat we ş, m.), özboluşly häsiýetleri, aýratynlyklary (batyr, gahryman, dana, akyldar, watançy we ş, m.) we giňişlikde tutýan, bolýan ýerlerini anyklamak (Çardagly Çandybil, Köpetdag, Köýtendag,Türkmenistan we ş.m.), bolan wagtyny kesgitlemek (gadymy döwürde, orta asyrlarda, garaşsyzlyk ýyllarynda we ş.m.) ýaly zatlar ulanylýar. Indiwiduallaşdyrmak, öwrenilýän zadyň aýratynlyklaryny ýüze çykarmak akyl ýetiriş prosesi üçin örän ähmiýetlidir.

Umumylaşdyrylan zatlary öwrenmek, maglumat toplamak ýeňil bolar ýaly olary böleklere bölmek, bölekleýin, ýekeleýin zatlaryň kanunalaýyklaryny tapmak üçin umumylaşdyrmak usuly ylymda giňden ulanylýar. Mysal üçin, metallary ýekeleýin öwrenmek arkaly olaryň ählisine mahsus bolan tok geçirijilik häsiýeti ýüze çykarylýar. Şol umumy netije islendik ýekeleýinlikde alnan metal babatynda hem ulanylýar.

Akyl ýetiriş prosesinde ýekeleýinligi, aýratynlygy öwrenmek arkaly zerur maglumatlary toplamaklygyň, soňra toplanan maglumatlary umumylaşdyrmaklygyň iňňän uly metodologik ähmiýeti bar. Ýekeleýinligi, aýratynlygy seljermek arkaly alnan maglumatlary umumylaşdyrmak zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň kanunalaýyklyklaryny açmaga, täze teoriýalary döretmeklige mümkinçilik berýär.

## 8.3. Gurluş baglanyşyklary

Filosofiýada barlygyň gurluşyny aňlatmak we öwrenmek üçin ulgam, gurşaw, düzüm bölekleri we bitewilik kategoriýalary ulanylýar.

*Böleklik we bitewilik.* Uzak döwrüň dowamynda filosofiýada barlygyň gurluşyna «ýönekeýlik-çylşyrymlyk», «böleklik-bitewilik»

kategoriýalarynyň kömegi bilen aň ýetirildi. Ýönekeýlige böleklere bölünmeýän sada, böleklerden durýan zatlara bolsa çylşyrymlylyk hökmünde seredildi. Ýönekeý zatlar böleklik, çylşyrymly zatlar hem bitewilik hökmünde kabul edildi. Bu jübüt kategoriýalar özara berk baglanyşyklydyr. Ýöne hakykat ýüzünde bitewilik bölekleriň jeminden has uly düşünjedir. Filosofiýada bitewilik diýlende ilki bilen bölekleri has çylşyrymly jemlere öwrülýän baglanyşyga düşünilýär. Özara baglanyşykly bölekleriň arasynda bolsa özara täsiri hem bar. Özara baglanyşykly we täsirli bölekleriň baglanyşygy bolmadyk ýerde bitewilik ýokdur. Tebigatdaky we jemgyýetdäki ähli zatlar özara baglanyşyklydyr we täsirlidir. *Dialektikada bu baglanyşyga bitewilik ýörelgesi diýilýär.* Ol ýörelge bilimleriň we praktikanyň ösüşinde möhüm ähmiýete eýedir.

Bölekleriň dürli hili baglanyşyklaryna dürli hili bitewilik gabat gelýär. Mysal üçin, barlygyň gurluş, işleýiş, ösüş baglanyşyklaryna bitewiligiň gurşaw, funksional we genetik görnüşleri gabat gelýär. Başgaça aýdanda**,** *bitewilik çylşyrymly içki gurluşa eýe bolan obýektleriň umumylaşdyrylan häsiýetleri, köp dürli özara baglanyşykly bölekleriň birligidir.* Filosofiýada we ylymda bitewilik ýörelgesiniň ähmiýeti örän uludyr. «Bölek – bitewilik» kategoriýalarynyň üstüniň baglanyşyk düşünjesi bilen doldurylmagy element, gurluş, ulgam ýaly täze kategoriýalaryň döremegine sebäp boldy.

Ulgam*, gurluş, element.* Ulgam adalgasy biologiýadan alnan alynma kategoriýadyr. XIX asyryň ortalarynda çalt ösýän, çylşyrymly obýektler bolan jemgyýet we biologik dünýä öwrenilip başlananda ulgamlyk ideýasy döreýär. Bu meselä ilkinji üns beren iňlis alymy Çarlz Darwindir. Onuň tebigy seçgi taglymaty ulgamlylyk çemeleşmesine güýçli itergi berdi. Onuň taglymatynyň täsiri bilen adamlar ylymda daşky dünýä akyl ýetirmekde aýratynlykda alnan bölekler bilen dälde, çylşyrymly, özara baglanyşykly bitewilik bilen iş salyşmagyň has netijeli boljakdygyna göz ýetirip başlaýar. Ulgamlaýyn çemeleşmäniň ylma ornaşmagy barlagy bitewilikden böleklige tarap alyp barmaklyga mümkinçilik berdi. Netijede, filosofik derejede ulgam, element, gurluş kategoriýalary öwrenilip başlandy.

*Gurluşy, guramaçylygy, özara baglanyşygy we täsiri bolan bölekleriň bitewiligine ulgam diýilýär*. Ulgam böleklerden, gurluşdan,

baglanyşyklardan, özara täsirden durýar. *Çylşyrymly zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň, ulgamyň düzüm böleklerine element diýilýär*. Uzak döwrüň dowamynda ylymda element diýlende iň ýönekeý, duýgy tejribesiniň böleklere bölünmeýän elementlerine, logik «atomlara» düşünildi. Häzirki wagtda başga obýektler bilen baglanyşyp çylşyrymly gurluşy döredýän islendik obýekte element diýilýär. Element düşünjesi otnositeldir. Öwrenmek usuly we görnüşi bilen baglylykda islendik çylşyrymly zatda element hökmünde dürli birlikleri görkezmek mümkin. Dünäýdäki islendik umumylyk elementlerden durýar. Ýöne özüniň düzüm bölegi babatynda umumylygyň ornuny ýerine ýetirýän zat, hadysa, proses barlygyň has uly görnüşi babatda element hökmünde çykyş edýär. Başgaça aýdanda, ulgam düzümine girýän böleklerde öz gurluşyna eýedir. Şonuň üçin olara-da kiçi ulgam diýip bolýar. Mysal üçin, jemgyýet ulgamdyr. Ol ulgam özara baglanyşykly we täsirli dört gurşawdan – jemgyýetiň syýasy, ykdysady, sosial we ruhy-medeni gurşawlaryndan durýar. Ol gurşawlara jemgyýetiň kiçi ulgamlary diýilýär. Kiçi ulgamlar hem elementlerden durýar. Kiçi ulgamy düzýän elementleriň hem gurluşy bar. Elementleriň gurluşyny yzarlamak arkaly atom we subatom derejesine ýetmek mümkin. Bu derejä ýetmek diýmeklik molekulýar derejäni terk etmekligi aňladýar. Çylşyrymlylygy ýönekeýlige bölmek usulynda organik däl prosesler bilen baglanyşykly derejä-de ýetmek mümkindir.

Ulgamly obýekt, ondaky elementler şu ulgama mahsus bolan kanunlara boýun egýärler. Ol kanunlar ulgamyň dowam etmegini we üýtgeýşini kesgitleýär. Käbir uly we çylşyrymly ulgamlaryň içinde köp sanly baglanyşyklaryň hem-de gatnaşyklaryň bolmagy ähtimal. Şonuň üçin hem onda köp sanly gurluşy ýüze çykarmak mümkin. Şeýle ulgamlara köpgurluşly, köpderejeli ulgamlar diýilýär.

Ulgamy düzýän elementleriň her haýsynyň ulgamda öz orny, özüniň ýerine ýetirýän funksiýalary bolýar. Olaryň haýsynyň nähili ýeri eýelejekdigi gurluşa bagly. *Çylşyrymly bitewiligiň elementleriniň otnositel durnukly baglanyşyklar usulyna gurluş diýilýär.* Elenemtleriň käbirleri esasy hasaplanýar. Beýlekileri kömekçi funksiýalary ýerine ýetirýärler. Ýöne elementleriň içinde gerek däli, artykmajy ýokdur. Olaryň derejelerine, ýerine ýetirýän funksiýalaryna garamazdan, elementleriň hemmesi ulgamyň kadaly işlemegine gatnaşýarlar. Mysal üçin, adamyň ähli

öýjüklerine üznüksiz gan barmagyny, kislorod we iýmit eltmegi üpjün edýän gan aýlanyş ulgamynyň esasy elementi ýürekdir. Gan aýlanyş ulgamynyň aortalar, arteriýalar, arteriollar, kapillýarlar, wenalar ýaly beýleki elementleri ýüregiň hyzmatyndan peýdalanýarlar. Ýöne ýüregiň kadaly işlemegi üçin hem olaryň kadaly ýagdaýda bolmagy gerek.

Gurluş obýektiň daşky we içki baglanyşyklarynyň tertipliligini, ýerli-ýerindedigini şöhlelendirýär. Ol obýektiň durnuklylygyny, berkligini, hilini üpjün edýär. Gurluş baglanyşygy ulgamly obýektlerdäki ähli prosesleriň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

## 8.4. Mazmun we forma

Mazmun we forma kategoriýalary barlygyň tertipleşdirilmegine hyzmat edýärler. Bu kategoriýalar özara berk baglanyşyklydyr. Biri-birlerinden aýrylmazdyr. Biriniň bar ýerinde hökmany suratda ikinjisi hem bardyr. Olaryň biriniň ýitmegi beýlekisiniň hem ýok bolmagyny aňladýar. Gegeliň belleýşi ýaly, mazmun formalaşdyrylandyr, forma bolsa mazmunlaşdyrylandyr.

*Haýsy-da bolsa bir zadyň, hadysanyň, prosesiň, wakanyň içki häsiýetini, esasy görnüşlerini kesgitleýän elementleriň we özara täsiriň jemine mazmun diýilýär.* Meselem, ynsanyň mazmuny onuň bitiren işleriniň derejesi bilen kesgitlenýär. Kitabyň mazmuny bolsa onda gürrüň berilýän wakalarda ýüze çykýar. Hakykat ýüzünde forma bilen mazmun otnositel özbaşdakdyr. Olaryň özbaşdaklygyny şol bir mazmunyň dürli formalarda ýüze çykyp bilýändigi bilen hem düşündirip bolýar.

*Ulgamyň mazmunyň dowam etmegine,onuň elementleriniň tertipleşdirmek ýörelgesine forma diýilýär.* Pikiri beýan etmekde ulanylýan usullar, çeper eseriň kompozisiýasy, beýan ediliş usuly, gurluşy we ş.m. formadyr.

Forma haýsy-da bolsa bir zadyň, prosesiň diňe bir daşky, ýüzleý häsiýeti bolman, eýsem onuň içki gurluşyny-da aňladýar. Forma hadysanyň ösüşiniň belli bir basgançagyny berkidýär. Şunluk bilen ol üýtgeýjiligiň jemlenmegine we onuň mundan beýläkki ösüşine mümkinçilik döredýär. Forma mazmunyň belli bir derejede durnukly guramaçylygydyr.

Forma bilen mazmunyň özara gatnaşygy köp dürlüdir. Käbir ýagdaýlarda mazmunyň üýtgeýşi formanyň üýtgemegine sebäp bolýan bolsa, başga bir ýagdaýlarda formanyň üýtgemegi mazmunyň özgermegine sebäp bolýar.

Mazmun çalt üýtgeýär. Formanyň üýtgeýşi bolsa mazmunyň üýtgemesine garanyňda haýaldyr. Mysal üçin, jemgyýeti dolandyrmaklygyň formalary köplenç ýagadýda çalt üýtgeýän mazmundan yza galýar. Ösüşiň başga derejesine geçmek zerurlygy hökmany suratda formanyň hem üýtgedilmegini şertlendirýär.

Filosofiýa ylmy barlagda öwrenilýän obýektiň diňe bir formasyny ýa-da mazmunyny öwrenmek bilen çäklenmezligi talap edýär. Olar bilelikde, baglanyşykda öwrenilende obýekti hemmetaraplaýyn öwrenmeklige, obýekt barada has giň we çuň maglumatlary almaklyga mümkinçilik döreýär.

## 8.5. Sebäp we netije

Sebäplilik hadysalaryň ählumumy kanunalaýyk baglanyşygynyň formalarynyň biridir. Ähli ylymlar hadysalary öwrenenlerinde, şol hadysalaryň emele gelmeginiň, ösmeginiň, üýtgemeginiň we biri-birine täsiriniň sebäplerini ýüze çykarmaga çalyşýarlar. Bilmegiň özi ozaly bilen zadyň, wakanyň, hadysanyň döremeginiň sebäbini açmakdyr, oňa akyl ýetirmekdir.

Sebäp we netije özara gatnaşykly, otnositel düşünjelerdir. Başga bir hadysany döredýän hadysa şol täze hadysa barada sebäp hökmünde ýüze çykýar. *Hadysalaryň döremegine getirýän hadysa sebäp, döreýän hadysa bolsa netije diýilýär.* Sebäbiň täsiriniň emele getiren hadysasy netijedir. Sebäplilik hadysalaryň arasyndaky düýpli baglanyşykdyr. Sebäplilik her gezek bir hadysanyň yzyndan başga bir hadysanyň döreýänligini aňladýar. Meselem, suwuň gyzdyrylmagy onuň buga öwrülmeginiň sebäbidir. Her gezek suw belli bir derejä çenli gyzdyrylanda, bug döreýär. Buguň sowadylmagy suwuň emele gelmegine, suwuň 0°C-e çenli sowadylmagy suwuň doňmagyna getirýär. Sebäbiň yzyndan netije ýüze çykýar we ol netije täze sebäbe öwrülip, indiki netijäni döremegine itergi berýär.

Sebäp we netije kategoriýalarynyň teoretiki ylymda we amaly tejribede ägirt uly ähmiýeti bar. Ol kategoriýalarda obýektiw dünýäniň iň möhüm kanunalaýyklygy şöhlelenýär. Olary bilmek adamlaryň praktiki işi üçin zerur. Sebäp we netije hakyndaky düşünjeler jemgyýetçilik tejribesiniň we dünýä akyl ýetirmegiň gidişinde emele gelipdir. Çünki akyl ýetiriş netijesinde zatlaryň, hadysalaryň döreýşiniň sebäbini bilmek bilen adam olara özüniň täsirini ýetirmek mümkinçiligini alýar. Meselem, adam sürtülmäniň ýylylyk döredýändigine akyl ýetiripdir. Adamzat sürtülmäniň netijesinde ot ýakmagy öwrenýär.

Sebäp hemişe öňde gelýär we netijäni döredýär. Sebäp maksatly döreýär. Maksatsyz sebäp ýokdur. Ol haýsydyr bir zady döretmek maksadyny öňde goýýar we şol maksada gulluk edýär. Sebäp we netije obýektiw dowam edýärler. *Olaryň arasyndaky gatnaşyga sebäplilik gatnaşygy diýilýär*. Sebäplilik gatnaşyklary köptaraply häsiýetde bolýar. Olar materiýanyň hereketleriniň ähli görnüşlerinde bar. Olary öwrenmek ylmyň wajyp wezipeleriniň hataryna girýär.

Sebäbi bahanadan tapawutlandyrmak gerek. Bahana hem başga bir wakanyň öň ýanynda bolýar, şol wakanyň ýüze çykmagyna, döremegine getirýar. Emma ol hakyky sebäp däl. Bahana – «emeli, toslanyp tapylan» sebäp. Bahana bilen netijäniň arasynda baglanyşyk bar. Emma ol baglanyşyk daşarky baglanyşykdyr, düýpli däl baglanyşykdyr.

Dünýäde hemme hadysalar, ähli üýtgeşmeler, özgermeler sebäbiň täsiriniň netijesinde emele gelýär. Sebäpsiz hadysalar ýokdur. Hadysalaryň sebäpli baglanyşygyna adam akyl ýetirýär. Dünýäde sebäbi belli bolmadyk hadysalar hem bolýar. Ýöne hadysalaryň sebäbiniň belli bolmazlygy sebäbiniň ýokdugyny aňlatmaýar. Olaryň sebäbiniň belli bolmazlygy ol hadysalary öwrenýän ylymlaryň olary düşündirmekden entek ejiz gelýänligini aňladýar. Ylymlaryň ösmegi, olaryň täze derejä çykmagy bilen sebäbi näbelli hadysalaryň sebäbi anyklanylýar.

Filosofiýada ähli zatlaryň sebäp tarapyndan şertlendirilmegi «determenizm» (latynça determinare – kesgitlemek, bölmek) adal-

gasy bilen aňladylýar. *Filosofiýada determinizm diýlende obýektiw hadysalaryň ählumumy özara şertliligine düşünilýär*. Determinizm dünýädäki ähli zatlaryň arasynda özara baglanyşygyň, özara täsiriň we şertliligiň bardygyny ykrar edýär.

Determenizme garşy çykyş edýän filosofik ugra indetermenizm diýilýär. Indeterminizm hadysalaryň we wakalaryň arasyndaky ählumumy baglanyşygy ýa-da ählumumy sebäpliligi inkär edýär. Indeterminizm dünýäde hiç hili sebäpsiz döreýän we beýleki hadysalar hem-de wakalar bilen hiç hili arabaglanyşygy bolmadyk hadysalaryň we wakalaryň bardygyny ykrar edýär. XX asyryň filosofiýasynyň ýaşaýşyň we erkiň filosofiýasy, eksistensializm we pragmatizm ýaly ugurlarynda determinizmiň hereket meýdany hökmünde diňe tebigat görkerzilýär. Medeniýetde bolup geçýän hadysalara we wakalara düşünmek üçin indeterminizm ýörelgesi gerek diýlip hasaplanýar.

Sebäbiň we netijäniň özara täsiri olaryň biri-birine mydama täsir etmegini aňladýar, şonuň netijesinde bolsa sebäp-de, netije-de üýtgeýär. Meselem, ylym we önümçilik dyngysyz özara täsiriň netijesinde bolýandygy üçin ösýär. Önümçilikde üýtgeşmeleriň bolmagy ylymda düýpli özgertmeleriň bolmagyna sebäp bolýar. Ylmy açyşlar bolsa önümçiligiň tehnikasynyň we tehnologiýasynyň täzelenmegine getirýär.

Sebäp ýa-da sebäplilik pikirde pikir netijesindäki baglanyşyk däl-de, zatlaryň arasyndaky başga bir hadysany döredìji baglanyşykdyr. Ylym we önümçilik babatynda getirilen mysaldaky baglanyşyk logiki baglanyşyk, özi hem esas we netije baglanyşygydyr, ol sebäp we netije baglanyşygy däldir. Ýöne her bir pikir sebäp bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr, çünki, pikiriň özi sebäp baglanyşygy esasynda hakykaty şöhlelendirýär.

Ähli hadysalaryň arasyndaky sebäp baglanyşygynyň obýektiw häsiýeti ylmy taýdan tassyklanandyr. Sebäp bilen netijäniň arasyndaky baglanyşyga laýyklykda olaryň biri beýlekisiniň üstüni doldurýar. Ýagny diňe bir sebäp netijäni döretmän, eýsem, netije hem sebäbe täsir edip, ony üýtgedip biler. Mysal üçin, Türkmenistanyň milli Garaşsyzlygy türkmen jemgyýetinde milli Galkynyşyň döremegine sebäp bolýar. Milli Galkynyş öz gezeginde, täze Galkynyşa sebäp bolýar. Täze Galkynyş Bagtyýarlyk döwrüniň döremegine getirýär. Bu mysallarda emele gelen netije geljekki ösüşleriň döremegine sebäp bolýar.

## 8.6. Zerurlyk we tötänlik

Zerurlyk sebäp-netije hem-de şertlilik gatnaşyklarynyň kanunlarda we kanunalaýyklyklarda ýüze çykmasynyň kesgitleýji häsiýetlerinde beýanyny tapýar. Ol «Dünýäde bolup geçýän hadysalar, prosesler hökman bolaýmaly ýa-da onuň başga-da ýoly barmy?» diýen soraga özboluşly jogap berýär. Filosofik garaýyşa laýyklykda zatlaryň arasyndaky baglanyşyk we gatnaşyk düýpli zerurlykda ýüze çykýar. Zerurlyk dünýädäki zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň arasyndaky durnukly we düýpli baglanyşykdyr. Zerurlyk zatlaryň düýp manysyndan, içki baglanyşygyndan gelip çykýar. Ol kanunalaýyklara boýun egýär we gaýtalanyp durýar. Mysal üçin, garganyň gara bolmagy zerurlykdyr. Sebäbi müňýyllyklaryň dowamynda gara reňk gargalaryň tapawutlandyryjy reňki boldy.

Zerurlyga gutulgysyzlyk hökmünde düşünmeli däl. Zerurlyk bilen gutulgysyzlygyň arasynda baglanyşyk bar hem bolsa, olar bir zat däl. Zerurlyk diňe zerur şertler, mümkinlikler bolan ýagdaýda hakykata öwrülýär. Şeýle şertleriň bolmadyk ýagdaýynda ol diňe amala aşmadyk zerurlyk bolmaklygyna galýar. Mysal üçin, erik şänigini gögermegi, baga öwrülmegi zerurlykdyr. Ýöne amatly topragyň, howa şertleriniň, suwuň, goragyň bolmadyk ýagdaýynda ol şol zerurlygyna galar. Gutulgysyzlyk bolsa şertleri, mümkinlikleri göz öňüne tutmaýar – ol hiç zada seretmezden bolaýmalydyr. Ylymda hemme zadyň täleýiniň öňden kesgitlenenligi hakyndaky garaýşa fatalizm diýilýär. Fatalizm diňe zerurlygy ykrar edip, tötänlige ýer goýmaýar. Oňa laýyklykda dünýäde diňe zerurlyk bar. Şeýlelikde fatalizm zerurlygy absolýutlaşdyrýar.

Zerurlyga garşy zat tötänlikdir. Tötänlik durnuksyzdyr, prosesiň düýp manysy bilen hem gös-göni baglanyşykly däldir. Tötänlik bolup hem biler, bolman hem biler. Onuň ýüze çykyşy hem dürli hilidir. Zerurlygyň sebäbi öz içindedir. Tötänlik bolsa kanunalaýyklyga boýun egmeýär. Onuň sebäbi başga zatdadyr. Mysal üçin, müňlerçe gara gargalaryň içinde bir garganyň bir periniň ak bolmagy tötänlikdir. Ol garganyň reňkiniň gara bolmalydygy baradaky kanunalaýyklyga garşy gelýär. Şol ýagdaý hem oňa tötänlik häsiýetini berýär. Ýöne

garanyň ornuna agyň döremegi sebäpsiz däldir. Emma ol sebäp kanunalaýyklykdan daşardadyr.

Umumy zadyň ýekeleýin hadysalar arkaly ýüze çykyşy ýaly, zerurlyk hem ummasyz köp tötänlikler arkaly ýüze çykýar. Şoňa görä ylmyň wezipesi tötänlikleriň bulam-bujarlygy ýaly bolup görünýän zadyň içinde ýatan zerurlygy, kanunalaýyklygy açmakdan ybaratdyr. Şonuň üçin-de zerurlyk tötänlik bilen dialektiki baglanyşyklydyr. Tötänleýin zat zerurdyr, zerurlyk bolsa özüne ýoly tötänlikleriň üsti bilen gurýar. Tötänlikler diňe zerurlyklaryň döremeli ýerinde olara derek ýüze çykýar.

Filosofiýa tötänligiň we zerurlygyň özara baglanyşygyny materiýanyň ösüş prosesinde, olaryň biri-birine geçişini çuň we hemmetaraplaýyn ýüze çykarýar. Tötänlik zerurlygyň ýüze çykyş formasydyr. Birsyhly gaýtalanýan tötänlik tötänlik bolmasyny bes edýär. Ol zerurlyga öwrülýär.

Tötänlik sebäpsizlik däldir. Hemme tötänlikleriň öz sebäpleri bardyr. Mysal üçin, önümçilikde pes netije alynmagynyň sebäbi önümçiligi talabalaýyk gurnap bilmezlikdir, häzirki ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmagy başarmazlykdyr. Sebäbiň bolmagy üçin şertler bar mahalynda netijäniň döremegi zerur bolup çykýar. Sebäplilik hadysalaryň baglanyşygynyň ählumumy şertidir. Emma sebäbiň döremegi üçin şertler bolup hem biler, bolman hem biler. Sebäp baglanyşygynyň özi hem dürli-dürlüdir. Ösüş prosesiniň içki baglanyşygyndan gelip çykýan, ýagny, zerur bolup durýan sebäpler hem bolýar. Tötänleýin häsiýetde bolan baglanyşyk hem ýaşaýar, dowam edýär.

Ylym tötänlikleriň üsti bilen açyşlar edýär. Tötänlik baglanyşygy obýektiw ýagdaýda dowam edýär we ylym ony öwrenýär. Emma, ylym munuň bilen çäklenmän, tötänligiň aňyrsyndaky zerurlygy, tötänlikde bolan kanunalaýyklygy ýüze çykarýar.

Tötänlik adamzat jemgyýetiniň durmuşyna dürli hili täsir edýär. Tötänligiň käbiri amatly häsiýete degişli bolýar, beýlekileri bolsa oňa ýaramaz täsir edýär. Tötanligiň käbirleri ösüşi tizleşdirýär, ýene birleri bolsa ony çylşyrymlaşdyrýar we haýalladýar. Adamlaryň ýaşaýşy tebigatyň tötänliklerine belli bir derejede bagly bolup gelýär. Adamlar ol tötänlikleri öwrenip, akyl ýetirip öz ýaşaýşyny şoňa uýgunlaşdyrýarlar.

## 8.7. Düýp many we hadysa

Düýp many we hadysa filosofiýanyň esasy kategoriýalar hökmünde zatlara, hadysalara we proseslere akyl ýetirişiň derejesini kesgitlemekde hem-de obýektiň düýpli alamatlaryna aralaşmakda möhüm orna eýedir. Adamzadyň akyl ýetiriş hereketi zatlaryň daşky formasyny öwrenmeklige, onuň içki gurluşyna aralaşmaga mümkinçilik berýär. Zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň arasyndaky sebäp baglanyşyklaryny öwrenmek, kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmak olaryň düýp manysyna akyl ýetirmeklige ýardam edýär.

Düýp many we hadysa obýektiw hakykatyň dürli derejeleridir. *Islendik zadyň, prosesiň, hadysanyň tebigatyny kesgitleýän içki, çuň, gizlin, otnositel durnukly tarapyna, häsiýetler toplumyna düýp many diýilýär*. *Islendik zadyň daşky, syn edip bolýan, adatça has hereketli, üýtgeýän häsiýetleri hadysadyr*. Hadysa we düýp many dialektiki taýdan özara baglanyşan gapma-garşylyklardyr. Olaryň biriniň ýok ýerinde beýlekisi ýokdur.

Hadysa bilen düýp many biri-birlerine gabat gelmeýärler. Käwagtlar olaryň gabat gelmezligi has-da aýdyň ýüze çykýar. Şonda zatlaryň daşky, ýüzleý aýratynlyklary onuň manysyny ýoýýar. Şeýle ýagdaýda ähtimallyk, görnüşlilik ýaly düşünjeler hakynda gürrüň edilýär.

Düýp many düşünjesi akyl ýetirişiň ýa-da hakykatyň üýtgewsiz häsiýetini aňlatmaýar. Adamyň akyl ýetirişi hadysadan düýp mana tarap hereket edýär. Akyl ýetiriş prosesinde düýp manynyň akyl ýetirilen bölegi, tarapy hadysa öwrülýär.

Her bir düýp many anyk predmetlerde, wakalarda ýüze çykýar. Mysal üçin, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň düýp manysy ykdysady ösüş bilen kesgitlenip, ol hormatly Prezidentimiziň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer şygarynyň mazmunynda, raýatlaryň ýaşaýyş durmuşynyň gowulandyrylmagynda, olaryň saglygy baradaky aladada we şuňa meňzeş ýagdaýlarda ýüze çykýar.

Hadysa we düýp many ynsan bilminiň çuňlugyna tarap ýol, ugur görkezýän düşünjelerdir. Düýp manyny açmaklyk prosesi zatlaryň gurluşyna, bitewiligine, sebäbine düşünmeklige, olaryň emele geliş we dowam ediş kanunlaryna düşünmäge kömek edýär.

## 8.8. Mümkinlik we hakykat

Akyl ýetiriş prosesinde mümkinlik we hakykat kategoriýalary uly ähmiýete eýedirler. Beýleki kategoriýalar ýaly, olar köptaraply baglanyşyklary we gatnaşyklary alamatlandyrýar.

Hadysalaryň, prosesleriň emele gelmeginiň mümkinligi maddy dünýäniň obýektiw kanunlarynyň hereketinden gelip çykýar we belli bir şertlerde hakykata öwrülýär. *Mümkinlik haýsy-da bolsa bir hadysanyň döremeginiň we dowam etmeginiň esasydyr.* Mümkinlik we hakykat özara baglanyşykly kategoriýalardyr. Ýöne ikisi bir zat däldir. *Hakykat amala aşyrylan mümkinlikdir.* Hakykat diýlende giň manyda daş töwerekdäki dünýä we şol dünýädäki hemme zatlar, hadysalar, prosesler göz öňünde tutulýar.

Mümkinligiň hakykata öwrülmegi kyn, uzaga çekýän prosesdir. Şeýle hem her bir mümkinligiň hakykata öwrülmeýändigini bellemek gerek. Mümkinligiň hakykata öwrülmegi üçin zerurlygyň bolmagy gerek. Diňe zerurlyk bilen gabat gelen ýerinde mümkinlik hakykata öwrülýär. Mümkinlik diňe bir zerurlyk bilen däl, käte tötänlik bilen hem baglanyşykly bolup biler. Mümkinlik hadysalaryň belli bir toparynyň diňe kanunalaýyk zerur hereketine däl, belki, ýagdaýlaryň tötänleýin utgaşygyna hem baglydyr. Mysal üçin, Türkmenistanda oba hojalyk önümleriniň görlüp-eşidilmedik bol hasylyny ýygnaldy. Şeýle oňat derejäniň gazanylmagynyň mümkinligi birentek kanunalaýyk şertlere (gowy sortly tohumyň seçilip alynmagy, topragyň öz wagtynda iýmitlendirilmegi, ekinleriň öz wagtynda suwarylmagy, bejerilmegi we ş.m.) esaslanýar. Emma, bu mümkinligiň özi-de birentek tötänleýin ýagdaýlara (ýagan ygalyň mukdaryna, güneşli günleriň sanyna, hasyl ýygnalýan mahalynda howanyň amatlylyk ýagdaýyna we ş.m.) hem bagly bolýar. Şonuň üçin mümkinlik ýüze çykarylan mahalynda şol mümkinligi kesgitleýän zerur faktorlar-da, tötänleýin faktorlar-da göz öňünde tutulýar. Şeýdilen ýagdaýda tötänligiň otrisatel täsirini azaldyp ýa-da ýok edip bolýar.

Mümkinlik mümkin dälligiň gapma-garşysynadyr. Mümkinligi we mümkin dälligi anyk ýagdaýda gözden geçirmek gerek. Şertleriň üýtgemegine we täze kanunlaryň emele gelmegine garaşlylykda mümkin däl zadyň mümkin zat bolmagy we, tersine, mümkin za-

dyň mümkin däl bolmagy ähtimal. 1960–1980-nji ýyllarda SSSR-iň düzümindäki respublikalaryň döwlet garaşsyzlygyna eýe bolmagy mümkin däldi. Emma totalitar düzgüniň çökgünlige düşmegi bilen 1991-nji ýylda ol respublikalaryň özbaşdaklyk, garaşsyzlyk almagyna mümkinlik döredi we ol soňra hakykata öwrüldi.

Mümkinlik hakykat däldir. Mümkinligi hakykat diýip kabul etmeklik ýalňyşlyklara getirýär. Eger-de mümkinlik şol bir wagtyň özünde hakykat hem bolup durýan bolsa, onda tebigatda we jemgyýetde hiç hili ösüş bolmazdy. Ylymda mümkinligi hakykat bilen gatyşdyrmaklyk nädogry ylmy netijelere, düýpli ýalňyşlyklara-da getirmegi mümkin. Mümkinlige ähtimallyk nukdaýnazaryndan çemeleşmek gerek. Mümkinlik hakykatyň döremek ähtimallygydyr. *Ähtimallyk amal ediläýmegi mümkin hakykatdyr. Ähtimallyk mümkinligiň hakykata öwrülmek ölçegidir*. Ol mümkinlikdäki zerurlygyň derejesidir. Mümkinlikdäki zerurlygyň derejesi näçe ýokary bolsa, onuň hakykata öwrülmek mümkinçiligi hem şonça ýokary bolýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Filosofiýanyň kategoriýalary we ýörelgeleri barada gürrüň beriň.
2. Filosofiýanyň ýekeleýinlik, aýratynlyk, umumylyk kategoriýalarynyň arabaglanyşygyny, özara täsirini we özboluşlylyklaryny ýüze çykaryň.
3. Filosofiýada barlygyň gurluşyny aňlatmaklyga we öwrenmeklige hyzmat edýän ulgam, gurluş, element, bölek we bitewilik kategoriýalaryň özara baglanyşygyny we täsirini açyň.
4. Mazmun we forma kategoriýalarynyň barlygyň tertipleşdirilmegindäki hyzmatlaryny teswirläň.
5. Sebäp-netije gatnaşyklarynyň özara baglanyşyklaryny açyp görkezmäge çalşyň.
6. Zerurlyk-tötänlik gatnaşyklaryň akyl ýetirişdäki we ösüşdäki ornuny kesgitläň.
7. Zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň arasyndaky sebäp baglanyşyklaryny öwrenmekde, kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmakda, olaryň düýp manysyna akyl ýetirmeklige düýp manynyň we hadysanyň hyzmatlaryny açyp görkezmäge çalşyň.
8. Hakykatyň döremeginde mümkinligiň hyzmatyny kesgitläň.
9. Mümkinlik-hakykat gatnaşygynda ähtimallygyň hyzmaty barada gürrüň beriň.

# IX. FILOSOFIÝANYŇ ÄHLUMUMY KANUNLARY

## 9.1. Ylmy kanunlar

Dünýädäki dowam edýän, ösýän, özgerýän zatlary, hadysalary, prosesleri öwrenmek, teoriýa taýdan esaslandyrmak we ylmy taýdan düşündirmek ylmyň esasy wezipesidir. Bu meseläni çözmekde ylmy kanunlaryň ähmiýeti uludyr. Çünki, ylymlar hadysalaryň düýp manysyny düşündirmekde şol kanunlara daýanýar. Adam tebigatyň we jemgyýetiň kanunlaryny açmak, öwrenmek bilen dürli hadysalaryň ýüze çykmagyna düşünip, ony peýdalanmagyň oňaýly ýollaryny gözläp, gazanylan netijäni ulanyp bilýär.

Ylmyň kanunlarynyň hereket meýdany dürlüdir. Bu ýagdaý barlygyň dürli görnüşlerini dürli ylymlaryň öwrenýändigi, olaryň predmetleriniň we hereket meýdanlarynyň aýralygy bilen düşündirilýär. Şonuň üçin hem bir ylmyň kanunlaryny beýleki ylymlaryň hereket ediş meýdanyndaky zatlary, hadysalary, prosesleri düşündirmek üçin ulanyp bolmaýar. Mysal üçin, taryh ylmynyň kanunlary jemgyýetiň geçmişini düşündirmek bilen baglanyşykly hereket edýärler. Olary fizikanyň hereket ediş meýdanyna geçirmek we şol ýerde bolup geçýän hadysalary düşündirmekde ulanyp bolmaýar. Ylmyň kanunlary obýektiw, adam aňyndan garaşsyz hereket edýärler. Adam olary öwrenip, alan bilimlerini peýdalanyp bilýär. Ýöne olary boýun egdirip bilmeýär.

*Hadysalaryň, prosesleriň we wakalaryň arasyndaky obýektiw, zerur we ähliumumy, yzygider gaýtalanýan hem-de esasy baglanyşyga ylmyň kanuny diýilýär.*

Hadysalaryň arasyndaky baglanyşyklaryň adamyň aňyndan we erkinden garaşsyz bolandygy üçin olara obýektiw häsiýetli diýilýär. Düýp many baglanyşyklary derejesinde ýüze çykýandygy kanunalaýyk baglanyşyklaryň esasylygyny kesgitleýär. Kanunyň zerurlygy zerur şertleriň bolan ýerinde hemişe hereket edýänligindedir. Kanunyň yzygider gaýtalanmagy hadysanyň dowam edýän wagtynda hemişelik prosesleriň ýüze çykmasydyr. Umumylyk kanunalaýyk

baglanyşyklaryň şol görnüşli ýagdaýlaryň ähli görnüşlerini gurşap alýandygyny aňladýar. Ýokarda görkezilen aýratynlyklaryň hemmesine eýe bolan baglanyşyklara kanunalaýyk baglanyşyklar diýilýär.

Ylmy kanunlaryň hereketi olaryň amala aşýan anyk şertlerine baglydyr. Şertleriň üýtgemegi kanunyň hereketiniň güýjemegine ýa-da haýallamagyna getirip bilýär. Mysal üçin, suwuň adaty gaýnaýyş gyzgynlygy 100°C-e deň. Ýöne howanyň basyşy bilen baglylykda onuň üýtgemegi mümkin.

Barlyk köp görnüşli bolandygy üçin hakykatdaky üýtgemeleriň, özgermeleriň boýun egýän köp görnüşli kanunlary bolýar. Mysal üçin, materiýanyň hereket ediş formasy boýunça – mahaniki, fiziki, himiki, biologik we sosial kanunlar; hakykatyň esasy gurşawlary boýunça – tebigatyň, jemgyýetiň kanunlary; hereket giňişligi boýunça – ählumumy, aýratyn we özboluşly kanunlar; determinasiýa mehanizmleri boýunça – dinamik we statistik kanunlar tapawutlandyrylýar.

Filosofiýanyň kanunlary köptaraplaýyn we ählumumy häsiýete eýe. Olar takyk ylymlaryň kanunlaryndan tapawutlanýarlar we tebigatda, jemgyýetde hem-de pikirlenmede hereket edýärler. Filosofiýanyň ählumumy kanunlary akyl ýetiriş we usulyýet wezipelerini ýerine ýetirýärler.

Dialektika esaslanýan filosofik kanunlar tebigatdaky, jemgyýetdäki, adamdaky we adamyň akyl ýetirişindäki ähli prosesleriň, hadysalaryň we zatlaryň dyngysyz hereketini, olaryň özara düýpli baglanyşyklaryny hem-de täsirini şöhlelendirýär. Olar her bir hadysany, zady, prosesi ösüşde, özara baglanyşykda we täsirde, obýektiw, hemmetaraplaýyn öwrenmekligi talap edýär.

Dialektikanyň kanunlarynyň ylmy barlagda hökmany göz öňünde tutmagy talap edýän zatlarynyň biri – bu zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň umumy baglanyşygy meselesidir. Dialektika dünýädäki ähli zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň arasynda dürli we düýpli baglanyşyklar bardygyny ykrar edýär. Baglanyşykdan daşarda zat ýok. Olaryň käbirleri öz aralarynda gös-göni baglanyşykda bolýan bolsa, beýlekilerinde baglanyşyk gytaklaýyn amala aşýar. Ol baglanyşyklar köptaraplaýyn häsiýetde bolýar.

Dialektikanyň esasy kanunlaryna gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanuny, mukdar we hil üýtgemeleriniň özara geçiş kanuny hem-de inkär etmäni inkär etme kanuny degişlidir. Olar özara baglanyşyklydyrlar we biri-birleriniň üstüni dolýarlar. Dialektikanyň kanunlaryny Gegel işläp düzýär. Ol bu kanuny obýektiw ruhuň ösüşini we özgerişini düşündirmekde ulanypdyr.

## 9.2. Gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanuny

Gapma-garşylygyň birligi we göreşi kanuny dialektikanyň özeni hasap edilýär. Ol ösüşiň, hereketiň içki çeşmesini, sebäbini açyp görkezýär. Ol kanun ösüş hakyndaky taglymatyň dogrudygyny barlamakda esas bolup çykyş edýär. Gapma-garşylygyň birligi we göreşi kanuny köptaraplaýyndyr. Ol tebigatda, jemgyýetde we pikirlenmede hereket edýär. Bu kanun ösüşiň we hereketiň daşky täsirsiz öz-özünden bolup geçýändigini düşündirýär.

Dialektikanyň tassyklamagyna görä, hemme predmetler, hadysalar, prosesler gapma-garşy taraplaryň, güýçleriň bitewiliginden durýar. Taraplar biri-birini inkär edýärler. Şol bir wagtyň özünde-de, olar birek-bireksiz oňup bilmeýärler. Olar dowam etmek üçin bitewiligi saklamaga mejbur bolýarlar. Zatdaky, hadysadaky, prosesdäki gapma-garşylyk olaryň bitewiligini saklaýar. Bitewilik şol obýektiň şol obýekt bolmagyny, onuň dargamazlygyny, başga zada öwrülmezligini üpjün edýär.

Bitewilikdäki gapma-garşy taraplaryň özara baglanyşygynda we biri-birine edýän täsirinde garşylyk – göreş döreýär. Taraplar we bölekler ulgamyň içinde, bilelikde ýaşap, biri-biriniň bolmagyny şertlendirýärler we özara göreş – garşylyk ýagdaýynda bolýarlar. Düzümiň bölekleriniň arasynda özara tersin we oňyn taraplaryň geçmişi, häzirki wagty hem-de geljegi könelmek we täzelenmek, ösmek meýlinde bolýar. Olardaky garşylyk, köne bilen täzäniň, öz möwrütini geçirip barýan bilen ýaňy emele gelýäniň arasyndaky göreş baglanyşygydyr. Olar özara dialektiki baglanyşykdadyrlar.

*Dialektiki gapma-garşylyk diýlende özara baglanyşykly we täsirli zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň içki gurluşyndaky biri-birini in-*

*kär edýän we biri-biriniň üstüni dolduryan, şol bir wagtyň özünde-de birek-bireksiz dowam edip bilmeýän bölekleriň, taraplaryň, güýçleriň birligine düşünilýär.*

Dialektikany esaslandyryjy Gegeliň pikiriçe, garşylyk dünýäni hereketlendirýär. Ol islendik hereketiň we ýaşaýşyň köki hökmünde çykyş edýär. Garşylyk tebigatda-da, jemgyýetde-de, adam pikirlenmesinde-de, mahlasy, dünýädäki ähli hadysalarda, zatlarda, proseslerde bar. Fiziki dünýäde üznüksizlik bilen üznükliligiň arasyndaky garşylyk materiýanyň gurluşyny kesgitleýär. Zarýadly bölejikleriň özara dartyşmasy we itekleşmesi, çekijilik bilen iterijiligiň arasyndaky garşylyk atomlaryň öz häsiýetlerini saklamagyny üpjün edýär.

Sosial durmuş hem garşylyklardan doly. Önümçilik bilen sarp edilişiň, jemgyýet bilen tebigatyň, syýasy, ykdysady, medeni we ş.m. dürlülikleriň arasyndaky garşylyklar jemgyýetiň öňe tarap gitmegine badalga bolýar.

Zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň köpdürli bolşy ýaly, garşylyklar hem köp dürli bolýar. Içki we daşky, esasy we esasy däl, antogonistik we antogonistik däl garşylyklar hökmünde tapawutlanýarlar.

*Obýektiň özüne degişli, onuň içindäki garşylykly taraplaryň arasyndaky garşylyga içki garşylyk diýilýär.* Içki garşylyklar garşylyklaryň arasynda kesgitleýji ýeri eýeleýärler. Olar hadysalaryň we zatlaryň öz-özünden hereketlenmeginiň çeşmesi hökmünde çykyş edýärler. *Daşky garşylyk – bu dürli predmetleriň ýa-da dürli hadysalaryň, olaryň düzüm bölekleriniň arasyndaky garşylyklardyr.*

*Hadysalaryň, predmetleriň we prosesleriň ösüşinde düýpli häsiýete eýe bolan garşylyklara esasy garşylyklar, düýpli häsiýetlere eýe bolmadyk garşylyklara bolsa esasy däl garşylyklar diýilýär.* Zerur şertler bolan ýagdaýda esasy däl garşylyklar esasy garşylyklara öwrülip bilýärler. Esasy garşylygyň çözülmegi bilen esasy däl garşylyklaryň öz-özünden cözülip gitmegem mümkin. Jemgyýetde köne we täze zähmet gurallaryň arasyndaky garşylyk esasy däl garşylykdyr. Ýöne doly ünsden düşürilen ýagdaýynda olar jemgyýetiň we ykdysadyýetiň ösüşinde esasy garşylyga öwrülip bilerler.

Jemgyýetçilik ösüşindäki baglanyşyklara, gatnaşyklara antogonistik (ylalaşdyryp bolmaýan) we antogonistik däl (ylalaşdyryp bolýan) garşylyklar hem mahsusdyr. Sosial durmuşda garşylyklaryň antogonistik ýa-da antogonistik däl häsiýetde bolmagy jemgyýetiň ösüş

we özgeriş meýli bilen kesgitlenilýär. Antogonistik garşylyk sosial deňsizligiň ýokary derejesine ýol berlen jemgyýetlere mahsus. Şeýle jemgyýetlerde barjamly synplar bilen ilatyň garyp ýaşaýan böleginiň arasynda antogonistik garşylyk bolýar. Ol garşylyk şol synplaryň meýilleriniň, bähbitleriniň biri-birine ters gelýandigi bilen baglanyşyklydyr. Antogonistik garşylyklaryň ösüşiniň umumy kanunalaýyklygy olaryň ýitileşip, gapma-garşy taraplaryň meýilleriniň arasyndaky üzül-kesil garşylyga baryp ýetmek mümkinçiligi bilen kesgitlenilýär.

Antogonistik däl garşylyklar – bu umumy bähbitleri bolan, ýöne käbir bähbitleri boýunça tapawutlanýan güýçleriň arasyndaky garşylyklardyr. Jemgyýetde önüm öndürijiler bilen sarp edijileriň arasyndaky, alyjylar bilen satyjylaryň arasyndaky garşylylyklar olara mysaldyr. Ol garşylyklary ylalaşmak arkaly çözüp bolýar.

Gapma-garşylykly taraplaryň arasyndaky göreş dürli derejede ýüze çykýar. Obýektde göreş dessine ýüze çykmaýar. Ol özüniň ösüşinde birnäçe derejäni başdan geçirýär. Ilki başda bitewilikdäki gapma-garşy taraplaryň arasynda sazlaşyk – garmoniýa höküm sürýär. Garmoniýa gapma-garşylygyň ilkinji derejesidir. Bu derejede aralarynda garşylygyň-göreşiň bardygyna seretmezden, gapma-garşy taraplar özara sazlaşykda, deňlikde, oňşukda bolýarlar. Iki tarap hem özlerini oňaýly duýýarlar. Birek-birege päsgel bermeýärler. Olaryň arasyndaky garşylyk hem gizlin ýagdaýda bolýar. Ikinji dereje disgarmoniýadyr. Onda gapma-garşy taraplaryň arasyndaky sazlaşyk, deňlik, oňşuklyk bozulýar. Taraplaryň özlerini duýuşlarynda oňaýsyzlyklar peýda bolýar. Şol oňaýsyzlyk gapma-garşylykly taraplaryň arasynda konfliktiň döremegine sebäp bolýar. Göreş ýitileşýär. Konflikt gapma-garşylygyň soňky derejesidir. Ol çözülmegini talap edýär. Konflikt – göreş taraplaryň bilelikdäki bitewiligini inkär edýär. Gapma-garşylygyň arasyndaky garşylygyň – konfliktiň çözülmegi bilen birlikde başky bitewilik hil taýdan täze bir ýagdaýa geçýär. Garşylyklaryň çözülýän pursady ösüş üçin iňňän möhüm ähmiýete eýe bolýar. Täze zadyň döremegi könäniň ýok bolmagyna alyp barýar. Konfliktiň çözülmekligi netijesinde emele gelen täze bitewilik hem gapma-garşy taraplardan, olaryň arasyndaky garşylykdan – göreşden durýar. Bu ýagdaý proses görnüşinde bolup, üznüksiz gaýtalanýar. Gapma-garşy taraplaryň arasyndaky garşylygyň çözülmegi hereketi, ösüşi aňladýar.

Gapma-garşylygyň birligi otnositel häsiýetde bolýar. Eger-de ol hemişelik bolan bolsa, onda predmetleriň hil taýdan özgermegi mümkin bolmazdy. Gapma-garşylygyň birliginiň otnositeldigi, wagtlaýyndygy predmetiň, zadyň, hadysanyň başga bir zada öwrülmek meýliniň bardygyny aňladýar. Gapma-garşylygyň özara göreşi absolýutdyr. Onuň absolýutlygy hereketiň ýekeje pursat hem durmaýandygyny, predmetiň kanunalaýyk üýtgemesini taýýarlaýandygyny aňladýar.

Gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanuny akyl ýetirişiň, ýagny dialektiki logikanyň hem kanunydyr.

Dialektika her bir herekete, ösüşe içki garşylyklaryň göreşi we ösüşi arkaly öz-özünden bolýan hereket hökmünde düşünmegi talap edýär. Ýöne bu ýagdaý ösüş prosesinde daşky garşylyklaryň möhüm ähmiýetini inkär etmeýär. Her bir predmet köpdürli daşky garşylykly häsiýetler bilen bagly bolýar. Bu bolsa ösüşde içki we daşky garşylygy bilelikde nazara almagyň zerurdygyny görkezýär. Mysal üçin, jandarlaryň bedenleriniň sag bolmagyna fiziologik aýratynlyklaryň-da, daşky gurşawyň-da täsiri uludyr.

Gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanunynalaýyklykda gapma-garşylyk islendik zadyň, hadysanyň, prosesiň bitewiliginiň şertidir. Zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň düzümindäki düzüm bölekleriň baglanyşygynda, gatnaşygynda, ösüşinde esasy garşylyklar kesgitleýji häsiýete eýedirler. Olar hereketiň ähli görnüşlerine degişlidir. Mysal üçin, häzirki zaman dünýäsinde jemgyýet-tebigat gatnaşygyndaky gapma-garşylyk esasy garşylyga öwrülýär.

Häzirki zaman dünýäsi garşylyklar dünýäsidir. Ol, bir tarapdan, döwletleriň bir böleginiň ýokary ösüşi, ilatynyň oňat ýaşaýşy bilen, beýleki tarapdan, döwletleriň beýleki böleginiň ösüşde yza galmaklygy, ilatynyň barha garyplaşmagy bilen häsiýetlendirilýär. Tebigat bilen jemgyýetiň arasyndaky garşylyk hem güýjeýär. Ol garşylyk global ekologik meselä öwrülip, adamlaryň ýaşaýşyna howp salýar. Şeýle şertlerde gapma-garşy taraplaryň talaplaryny, isleglerini, bähbitlerini öwrenmek, olary göz öňüne tutmak wajyp zerurlyga öwrülýär. Bu zerurlygy amal etmekde gapma-garşylygyň birligi we göreşi kanunyny boýunça toplanan bilimleri ulanmaklyk örän uly metodologik ähmiýete eýe bolýar. Ol bilimler sosial durmuşda bolup biläýjek ters hadysalardan gaça durmaga mümkinçilik berýär.

## 9.3. Mukdar we hil üýtgemeleriniň özara geçiş kanuny

Mukdar we hil üýtgemeleriniň özara geçiş kanuny gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanunynyň üstüni dolýar we ösüşiň ählumumy mehanizmlerini açyp görkezýär. Bu kanunyň düýp manysyna düşünmek üçin «hil», «mukdar» we «ölçeg» kategoriýalarynyň seljerilmegi zerur.

Hil düşünjesi obýektiw dünýäniň hemme zatlarynyň, hadysalarynyň we prosesleriniň möhüm tarapyny şöhlelendirýär. *Bir zady beýleki zatlardan tapawutlandyrýan, onuň özboluşlylygyny kesgitleýän düýpli häsiýetleriň birligine hil diýilýär.* Hilde zatlaryň, hadysalaryň düýp manysy saklanýar. Hiliň üýtgemegi bir zadyň, hadysanyň ornuna täze zadyň, hadysanyň gelmegini aňladýar. Mysal üçin, metalyň hili gatylyk, belli bir derejedäki gyzgynlykda eremek, ýylylyk we tok geçirijilik häsiýetlerini öz içine alýar. Olaryň üýtgemegi metalyň metal hökmünde dowam etmegini bes etdirýär.

Hiliň üýtgemegi zadyň üýtgemegine getirýär. Haýsy-da bolsa bir zadyň, hadysanyň başga zatdan, hadysadan aýrybaşgadygyny aňlatmak üçin ozaly bilen onuň başga zatlardan, hadysalardan tapawutlandyrýan kesgitli alamatyny bilmek zerur. Şol kesgitleýji alamat hem zadyň hilidir. Dünýädäki zatlaryň köpdürlüligi ilki bilen olaryň hiliniň dürlüligi bilen düşündirilýär. Mysal üçin, organik tebigat bilen organik däl tebigatyň arasynda düýpli hil tapawudy bar. Organiki tebigaty düzýän janly-jandarlar töweregindäki gurşaw bilen üznüksiz madda çalyşmaklygy amal edýärler. Bu hadysa olaryň ýaşaýşyny üpjün edýär. Emma jansyz zatlar madda çalşygyna mätäç däl. Ýöne daşky dünýä bilen täsir olaryň hem hiliniň üýtgemeginiňe sebäp bolup bilýär. Meselem, demir günüň, howanyň we suwuň täsiri bilen poslaýar. Wagtyň geçmegi bilen ol başdaky häsiýetlerini ýitirip, başga hile geçýär. Organik tebigatyň düzüm bölekleriniň, ösümlikler bilen haýwanlaryň arasynda-da hil tapawutlary bar.

Hil taýdan kesgitlilik jemgyýetçilik hadysalaryna hem mahsusdyr. Meselem, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletiniň özüne mahsus kesgitli hili bar. Şol hil tapawutlarynyň esasylary onuň hemişelik Bitaraplyk döwlet statusy we sosial döwlet häsiýetidir. Hemişelik Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistan halkara gat-

naşyklarynda zorlugy, urşy, dawa-jenjeli ret edýär, dünýä ýüzünde ösüş arkaly parahatçylykly ýaşaýyş ugrunda göreşýär. Döwletiň sosial häsiýeti Türkmenistanda adam hakyndaky aladanyň döwlet syýasatynyň baş maksadyna öwrülendigini aňladýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden «Döwlet adam üçindir!» diýen belent şygary döwletiň sosial häsiýetini açyp görkezýär.

Getirilen mysallar ozaly bilen zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň hiliniň kesgitlidigine, hiliň olary hut şol zatlar we hadysalar hökmünde görkezýän möhüm sypatlardygyna, olaryň durnuklydygyna düşünmäge mümkinçilik berýär. Hil taýdan kesgitliligi bolmadyk zat, hadysa we proses ýokdur. Çemenlik, köl, agaç, ýyldyz, jandar, toprak we ş.m. – bularyň hemmesi özleriniň hil taýdan kesgitliligini aňladýan dürli zatlardyr. Hil ýöne bir kesgitlilik däl. Ol zatlaryň, hadysalaryň içki düzümine mahsus kesgitlilikdir. Şeýle bolansoň hiliň üýtgemegi zadyň, hadysanyň üýtgemegini aňladýar. Janly beden töwerekdäki gurşaw bilen madda çalşygyny amala aşyrmagy bes edende heläk bolýar. Çünki onuň barlygynyň, ýaşaýşynyň düýp manysy madda çalyşmagyndan ybaratdyr.

Hil häsiýetleriň bolmagy bilen kesgitlenilýär. Hil we häsiýet düşünjeleri, köplenç, manydaş düşünjeler hökmünde ulanylýan bolsalar-da, olaryň arasynda tapawut bar. Häsiýet hiliň daşky aňlatmasyndaky, şu zadyň başga zatlara gatnaşygyndaky hildir. Hil bolsa zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň özlerine mahsus häsiýetlerinde ýüze çykýar.

Zatlar, hadysalar, prosesler haýsy-da bolsa bir häsiýet bilen dälde, tutuş häsiýetler toplumy bilen sypatlandyrylýar. Hil olaryň hemme häsiýetlerini baglanyşdyryp jemleýän we bitewidigini üpjün edýän baglanyşykdyr. Zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň häsiýetlerini kesgitleýän we olaryň hut şol zat bolmagy üpjün edýän häsiýetler hildir.

Zatlaryň hemme häsiýetleri birmeňzeş ýüze çykmaýar. Zadyň köp häsiýetleriniň haýsysynyň has möhümdigi onuň başga zatlar bilen baglanyşyklaryna hem bagly bolýar. Bir baglanyşykda hadysanyň bir häsiýeti, başga bir baglanyşykda onuň beýleki häsiýeti ýüze çykyp biler. Zatlaryň dowam ediş wagty onuň kesgitli hil hökmünde barlygy bilen kesgitlenýär. Zadyň hil taýdan üýtgemegi onuň başga zada öwrülýändigini aňladýar.

Şeýlelikde, hil zadyň özi bilen üznüksiz baglanyşykly kesgitlilik hökmünde, zada otnositel durnuklylyk berýän we ony başga zatlar-

dan tapawutlandyrýan hemme möhüm häsiýetleriň jemi hökmünde çykyş edýär.

Zatlaryň hili onuň mukdar tarapy bilen aýrylmaz baglanyşykda bolýar. Mukdar düşünjesi-de her bir zadyň, hadysanyň ýa-da prosesiň möhüm ählumumy tarapydyr. Hilden tapawutlylykda, mukdar zadyň ösüş, özgeriş, üýtgeýiş derejesini sypatlandyrýar. Filosofiýada mukdar diýlende zatlaryň ululygyna, kiçiligine, göwrümine, agyrlygyna, ýeňilligine, temperaturasyna we ş.m. düşünilýär.

Zatlaryň mukdar taýdan kesgitliliginiň olaryň hil taýdan kesgitliliginden tapawutly ençeme aýratynlyklary bar. Öz hilini ýitiren mahalynda, zat öňki durkuny ýitirýär. Bu bolsa hiliň zadyň özünden başga zat däldigini aňladýar. Zadyň mukdar tarapy hakynda beýle diýip bolmaýar. Emma ösüş prosesinde mukdar üýtgemeleriniň ähmiýeti içgin öwrenilende ýagdaý başgaça bolup çykýar. Haýsydyr bir zady onuň hilini ýitirmezden artdyrmak ýa-da kemeltmek bolar diýlip tassyklanylýan mahalynda mukdar taýdan üýtgemäniň çägi nazara alynmaýar. Bu ýalňyşlykdyr. Mysal üçin, temperaturasy 100°C-e çenli ýokarlandyrylanda suw gaýnap buga öwrülýär. Şu mysal mukdar üýtgemeleriniň zatlaryň hiline dahylsyzlygynyň diňe belli bir wagta çenli bolýandygyny görkezýär. Netijede, mukdaryň üýtgemegi zadyň hiliniň üýtgemegine-de sebäp bolýar.

Şeýlelik bilen, mukdar üýtgemeleri hem zatlaryň hili bilen içki taýdan baglanyşygyň bardygyny ýüze çykarýar. Emma şol baglanyşyk bada-bat mälim bolmaýar we ýüze çykmaýar. Mukdar zatlaryň daşky araçägidir. Ol zatlaryň hiliniň we mukdarynyň birligini aňladýar. Zadyň hil araçäginiň «bozulmagy» onuň üýtgemegine alyp barýar. Zadyň mukdar araçägi bolsa ol ýa-da başga tarapa süýşüp durýar. Ol ulalyp ýa-da kiçelip bilýär. Mukdaryň üýtgemegi bada-bat zadyň hiliniň üýtgemegine alyp barmaýar. Mukdar özgermeleri belli bir çäge barýança hil üýtgemeýär. Şol çäge, ölçege ýetilenden soň, mukdaryň sähelçejik üýtgemegi düýpli hil üýtgemesine, täze hiliň emele gelmegine alyp barýar.

Mukdar üýtgemeleriniň belli çäge ýetip, hil üýtgemelerine öwrülýändigi himiýa degişli mysallarda aýdyň ýüze çykýar. Mendeleýewiň açan periodik kanuny mukdar üýtgemeleriniň hil üýtge-

melerine geçişine esaslanýar. Himiki elementleriň häsiýetleri olaryň atom agramynyň ululygyna baglydyr diýip Mendeleýew çak edipdir. Häzirki zaman ylmynyň üstünlikleri şol çaklamanyň dogrudygyny tassyklady. Häzirki zaman himiýa ylmy Mendeleýewiň tablisasyndaky her bir himiki elementiň ornunyň onuň ýadrosynyň zarýadynyň ululygy bilen kesgitlenýändigini subut edýär. Şol ululygyň mukdar taýdan üýtgemegi elementleriň hil özgermelerine alyp barýar. Şular ýaly mysallary ylmyň her bir ugrunda tapmak bolýar.

Predmetde, zatda hil mukdara garaşly. Zadyň mukdaryny hem onuň hilinden aýyrmak mümkin däl. Mukdar zadyň ululygy, göwrümi, intensiwligi, onuň ösüş derejesidir. Mukdar özgermeleri otnositel özbaşdak prosesdir. Her bir zat kesgitli çäkden, ölçegden çykan wagtynda, mukdar üýtgemeleri köne hil bilen bir ýere sygyşmaýar. Ine, şol wagt zat hem, hil hem üýtgeýär.

Zatlaryň hil we mukdar taýdan kesgitliligi özara baglanyşyklydyr. Biriniň üýtgemegi beýlekisiniň hem kanunalaýyk üýtgemegine getirýär. Mukdar üýtgemeleri belli bir çäge ýetip, hil üýtgemelerini emele getirýär. Emma mukdar bilen hiliň arasyndaky baglanyşyk bir taraply däldir. Diňe bir mukdar üýtgemeleri hil üýtgemelerine geçmän, eýsem, hil üýtgemeleri-de mukdar üýtgemelerine geçýär. Mukdar üýtgemeleriniň hil üýtgemelerine geçişiniň her bir prosesi hil üýtgemeleriniň täze mukdar üýtgemelerine geçişini hem aňladýar. Munuň özi tebigy hadysadyr, täze hil täze mukdar bilen organik suratda baglanyşyklydyr.

Zatlaryň hil taýdan kesgitliligi diňe bir mukdara bagly bolman, eýsem, zatlaryň mukdary olaryň hil aýratynlygy bilen şertlendirilýär. Hil bilen mukdaryň birligi, özara baglanyşygy we özara garaşlylygy ölçeg düşünjesinde aňladylýar. Gegel ölçege «hiliň mukdary» diýip at beripdir. Edil şunuň ýaly, ölçege «mukdaryň hili» diýip hem at bermek bolar. Ölçeg hil bilen mukdaryň birligidir.

Mukdar özgermeleriniň hile, hil özgermeleriniň mukdara geçiş kanunynda ölçeg kesgitleýji häsiýete eýe bolýar. Ölçegiň kömegi bilen predmetiň mukdar birligi kabul edilýär. Ölçeg zadyň barlygynyň, bolmagynyň çägidir. Ölçegiň bozulmagy barlygyň, zadyň başga barlyga, zada öwrülendigini görkezýär.

Mukdar üýtgemeleriniň zadyň ölçeginden çykmagy dünýädäki obýektiw zadyň, hadysanyň ösüş şertidir. Ölçegden çykmak arkaly

zadyň mukdar üýtgemeleri düýpli hil üýtgemelerine getirýär. Köne hil ýitip, täze hil emele gelýär. Täze hil ölçegiň çäklerinde täze mukdar üýtgemeleri başlanýar. Ol hem öz gezeginde täze hil üýtgemelerine getirýär. Şeýlelikde, tükeniksiz ösüş bolup durýar.

Mukdar we hil üýtgemeleriň özara geçiş kanunyna laýyklykda köne hiliň täze hile geçmekligi böküş görnüşinde bolup geçýär. Böküş öňki hiliň düýpgöter üýtgemekligini, könäniň ornuna täzäniň gelmekligini aňladýar. Böküş hiliň bir çendäki ýagdaýdan täze çene geçýän serhedinde bolup geçýär. Geçiş aýratynlygy boýunça böküşiň iki görnüşi tapawutlandyrylýar. Olaryň birinjisi rewolýusion (örän çalt, gysga wagtyň içinde bolup geçýän), ikinjisi hem ewolýusion (tapgyrma-tapgyr, howlukmazdan bolup geçýän) böküşlerdir.

Mukdar we hil üýtgemeleriniň özara geçiş kanuny dünýäniň köp hillidigine, ondaky zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň hiliniň we mukdarynyň häsiýetleriniň özara berk baglanyşyklydygyna düşünmäge kömek edýär. Ol kanun hiç bir zadyň – hatda iň bir ownuk, ilki görünmeýän, duýulmaýan mukdar üýtgemeleriniň hem ünsden düşürilmeli däldigini nygtaýar. Çünki olar ýuwaş-ýuwaşdan ýygnanyp, zadyň, hadysanyň hiliniň düýpli üýtgemegine sebäp bolýar.

Zatda, hadysada, prosesde mukdaryň hile we hiliň mukdara geçmeklik häsiýeti filosofik kanunyň düýp manysyny aňladýar. Ylymda, akyl ýetiriş teoriýasynda zadyň hil we mukdar baglanyşygyny nazarda tutmak bilen, olaryň özara baglanyşygyny, şeýle hem birligini we garşylygyny, biri-birine geçişini bilmek zerur. Diňe şeýle çemeleşme akyl ýetirişiň iň möhüm şertleriniň biri bolup durýar.

## 9.4. Inkär etmäni inkär etme kanuny

Gapma-garşylygyň birligi we göreşi hem-de mukdar we hil üýtgemeleriniň özara geçiş kanunlary seljerilen wagtynda ösüşiň inkär etmäni inkär etme ýörelgesini hem öz içine alýandygyna göz ýetirdik. Çünki inkär etme bolmasa, bir zadyň başga zada geçmegi mümkin bolmaýar. Gapma-garşylyklaryň göreşi bir garşylykly tarapyň beýlekisini ýeňmegini, könäniň ornuna täzäniň gelmegini aňladýar. Bu ýagdaý bir zadyň inkär edilmegini we beýlekisiniň ykrarlanmasyny aňladýar. Eger-de hil we mukdar üýtgemeleriniň özara geçiş kanuny

ösüşiň ýollaryny, häsiýetini, açyp görkezýän bolsa, inkär etmäni inkär etme kanuny ösüşiň basgançaklaryny, köne bilen täzäniň baglanyşygyny, umumy ugruny açyp görkezýär.

Inkär etme tebigatda, jemgyýetde, pikirlenmede dürli-dürli görnüşde ýüze çykýar. Mysal üçin, pyntygy gülüň, güli bolsa miwäniň inkär etmegi, çalyşmagy ösümligiň ösüşiniň zerur pursatlarydyr. Möwrüti geçen sosial düzgünler täze düzgünler tarapyndan inkär edilmese hem, jemgyýet ösüp bilmeýär. Akyl ýetirişde hem nädogry çaklamalary ýa-da praktika ters gelen teoriýalary inkär etme arkaly ösüşiň amala aşandygyny ylmyň taryhy görkezýär.

Inkär etme ösüşiň obýektiw, aýgytlaýjy pursatydyr. Ol üýtgeýşiň bir görnüşinden başga görnüşe geçmegini aňladýar. Inkär etmesiz ösüş bolanok. Inkär etmek könäniň gitmegine, täzäniň gelmegine ýol açýar. Ol köneden peýdaly zatlary alyp, täzäniň ösmegine şert döredýär. Emma ösüşde inkär ediş pursadyny diňe bir ykrar etme bilen çäklenmek ýeterlik däl. Inkär etmäniň tebigatyna, onuň dialektiki, filosofik häsiýetine dogry düşünmek gerek. Diňe şeýle edilende ösüşdäki esasy kanunalaýyk ugur, meýil aýdyň bolýar.

Dialektikanyň inkär etmäni inkär etme kanuny ösüşiň ugruny we onuň formasyny beýan edýär. Bu kanunyň iň ähmiýetli kategoriýasy inkär etmedir. Inkär etme ösüp barýan zadyň, hadysanyň köne hilden saplanmagyny aňladýar. Ýöne könäni inkär etmeklik ony doly ýok etmekligi aňlatmaýar. Könäni inkär edýän zat, hadysa mirasageçijiligi we bitewiligi saklamagy başarmalydyr. Dörän täze boş ýerde döremeýär. Bu mümkin däldir. Täzäniň döremegi üçin könäniň bolmagy hökmandyr. Şeýle hem täze könäniň döreden iň gymmatly we ýagşy zatlaryny özünde saklamagy başarmalydyr. Diňe şeýdilen ýagdaýda zadyň, hadysanyň mirasageçijilik häsiýeti saklanýar we olar ýaşaýşa ukyply bolýar.

Ykdysadyýetiň, syýasatyň, ahlagyň, ruhuýetiň taryhynda düýpli özgerişler bolup geçýär. Ýöne adamlaryň taryhyň dowamynda döreden gymmatlyklary geçmişiň girdabyna gark bolmaýarlar. Üýtgedilen görnüşde bolsa-da olar ulgamyň ösüşine öz goşantlaryny goşýarlar.

Tebigatda absolýut inkär etme bolmaýar. Inkär etme düşünjesi otnositeldir. Ony belli zatlar we hadysalar bilen baglanyşyklylykda seljermek gerek. Inkär etme ösüşiň üznüksizliginiň, mirasageçijiliginiň, ösüşiň dürli basgançaklarynyň, pursatlarynyň arasyndaky, inkär

edilýän zat bilen inkär edýän zadyň arasyndaky baglanyşygyň aňladylmasydyr. Dialektiki inkär etmä köne bilen täzäniň arasyndaky baglanyşygy inkär etme hökmünde düşünmek bolýar. Täze zadyň köne zatdan döreýändigi sebäpli, täze zat bilen köne zadyň arasynda baglanyşyk bar. Şol baglanyşyk täze zadyň köne zatda bolan ähli oňyn häsiýetlerini özünde saklaýandygyny aňladýar.

Dialektiki inkär etme ýörelgesi akyl ýetirişde-de bolup geçýär. Aşakdan ýokarylyga, ýönekeýlikden çylşyrymlylyga, doly däl bilimden doly bilime tarap hereket edýän akyl ýetirişde köne bilimiň many-mazmuny soňky bilim tarapyndan doly inkär edilmeýär. Täze bilim köne bilime esaslanýar. Onuň üstüni dolýar. Hatda akyl ýetirişdäki azaşmalar, ýalňyşlyklar inkär edilende-de inkär etme şol ýalňyşlyklara esaslanyp amal edilýär.

Inkär etmäni inkär etme kanunynyň ähmiýetini seljermek obýektiw ösüşiň ilerleýjiligi hakyndaky netijä getirýär. Eger dialektiki inkär etmäniň tebigaty şeýle bolsa, onda ol könäniň bütinleý ýok edilmegini däl-de, eýsem onuň oňyn taraplarynyň saklanmagy bilen könäniň aýrylmagyny aňladýar. Ilerleýji ösüş her bir täze inkär etmäniň ozal gazanylan zady özüne siňdirýändiginiň we ony mundan soňraky hereket üçin esas edinýändiginiň kanunalaýyk netijesidir. Şoňa görä-de, ösüşiň her bir täze basgançagy könäni doly gaýtalamaýar. Ol köneden ýokarda durýar, öňki ösüşiň gazananlaryny mundan beýläkki ösüş üçin badalga hökmünde peýdalanýar.

Inkär etmäni inkär etme kanuny ösüşiň öňe gidýän, dyzmaç, mirasageçijilik häsiýetini aňladýar. Ol spiral görnüşde bolýar. Ösüşiň spiral görnüşi ýokary derejede aşaky derejäniň käbir häsiýetleriniň gaýtalanmagyny göz öňünde tutýar. Netijede, könä dolanyp gelnen ýaly ýagdaý döreýär. Ýöne bu gaýtalanyş mehaniki gaýtalanyş däldir. Könäni ýatladýan gaýtalanyş öşüşiň has ýokary derejesinde bolup geçýär.

Inkär etmäni inkär etme kanuny diňe bir inkär etmäni düşündirmek bilen çäklenmän, eýsem inkär etmäni inkär etme düşünjesini öňe sürýär. Ol düşünje hemişelik täzäniň ýokdugyny, könäni inkär edip gelen täzäniň hem wagtyň geçmegi bilen könelişjekdigini we täze bilen inkär ediljekdigini aňladýar. Mysal üçin, bişen tohum ösümlikden dänip, özüniň kemala gelmegine sebäp bolan ösümligi inkär edýär. Ýöne ekilip, gögerip çykandan soň, onuň özü-de täze kemala gelen şitil tarapyndan inkär edilýär. Netijede, iki gezek inkär etmek – inkär etmäni inkär etme bolup geçýär.

Inkär etmäni inkär etme kanunyna laýyklykda inkär edilýän zadyň we inkär edýän zadyň arasyndaky baglanyşyk, mirasageçijilik häsiýet şol kanunyň hereketi bilen şertlendirilýär. Şonuň netijesinde dialektiki inkär etme tutuşlygyna ilerleýji häsiýetde bolan ösüş hökmünde ýüze çykýar. Ol ozalky ösüşiň hemmesini ret edýän boş, biderek inkär etme hökmünde däl-de, ozalky basgançak oňyn zatlaryň hemmesini tassyklaýan we özünde saklaýan, başlangyç basgançaklaryň käbir sypatlaryny ýokary esasda gaýtalaýan we tutuşlygyna ilerleýji, progressiw häsiýetde bolan ösüş şerti hökmünde ýüze çykýar.

Ösüşiň ählumumy dialektiki kanunlaryny we kategoriýalaryny bilmeklik ylym üçin hakykaty öwrenmekde-de, tejribe işde-de hakykata dogry çemeleşmegiň ylmy usuly bolup hyzmat edýär. Dialektikanyň kanunlaryna we kategoriýalaryna esaslanyp, tejribe we teoretik meseleler çözülende akyl ýetiriş özüniň dolulygy, anyklygy, praktika bolsa peýdalylygy bilen tapawutlanýar. Olar täze sepgitlere ýetmegiň badalgasyna öwrülýärler, täze bilime ýol açylýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Ylmyň kanunlary we olaryň alamatlary hem-de görnüşleri hakynda gürrüň beriň.
2. Filosofiýanyň kanunlary bilen beýleki ylymlaryň kanunlaryny tapawutlandyryň.
3. Näme üçin gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanunyna dialektikanyň özeni diýilýändigini düşündirmäge synanyşyň.
4. «Gapma-garşylyk», «bitewilik», «garşylyk» düşünjeleriniň many-mazmunyny açyp görkezmäge çalşyň.
5. Bitewilikdäki garşylygyň görnüşleri we olary çözmegiň ýollary hakynda gürrüň beriň.
6. Mukdar we hil üýtgemeleriniň özara geçiş kanuny bilen baglanyşykda «hil», «mukdar» we «ölçeg» kategoriýalarynyň özara baglanyşygyny hem-de täsirini teswirläň.
7. Zatlarda, hadysalarda, proseslerde täze hiliň emele geliş mehanizmini açyp görkeziň.
8. Inkär etmäni inkär etme kanunynyň ösüşi düşündirmekdäki ornuny kesgitläň.
9. Inkär etmekdäki mirasageçijilik hakynda gürrüň beriň.
10. Dialektikanyň kanunlarynyň metodologik ähmiýetini düşündiriň.

# X. AKYL ÝETIRIŞ TEORIÝASY

## 10.1. Akyl ýetiriş barada düşünje

Adam müňýyllyklara uzap gidýän taryhynyň dowamynda özüniň akyl ýetiriş mümkinçiligini ösdüripdir. Onuň dünýä akyl ýetirmekligi çylşyrymly proses bolup, bilmezlikden bilmeklige, doly däl bilimlerden has doly bilimlere, takyk däl bilimlerden has takyk bilimlere tarap hereket edipdir. Akyl ýetiriş meselesi filosofiýanyň hem düýpli we esasy meseleleriniň biri. Filosofiýanyň akyl ýetiriş we onuň meseleleri bilen meşgullanýan bölümine gnoseologiýa diýilýär. Ol akyl ýetirişiň *görnüşlerini, hakykata ýetmekligiň ýollaryny, usullaryny, ölçeglerini seljerýär*.

XIX asyryň ortalarynda şotland filosofy J. Ferrer tarapyndan «gnoseologiýa teoriýasy» düşünjesi ilkinji gezek ylmy dolanyşyga girizilýär. Ýöne beýle diýildigi gnoseologiýanyň XIX asyryň ortalarynda dörändigini aňlatmaýar. Akyl ýetiriş meseleleri bilen gadymyýetde ýaşap geçen müsür, hytaý, hindi, grek alymlary hem iş salyşypdyrlar. Olar ilkinjiler bolup akyl ýetirişiň meselelerini işläp düzüpdirler. Onuň kategoriýalaryny kemala getiripdirler. Akyl ýetiriş meselesi filosofiýanyň esasyny düzýär we filosofiýanyň binýadynyň ilkinji kerpijiniň goýlan döwründen bäri dowam edýär.

Akyl ýetiriş teoriýasyny kä halatlarda *epistemiologiýa* (grekçe *epistem* – bilim, *logos* – taglymat) düşünjesi bilen hem çalşyrylýar. Epistemiologiýa ylmy akyl ýetiriş teoriýasydyr. Ol akyl ýetirişiň bir görnüşini – diňe ylmy akyl ýetirişi öwrenýär. Ylmy akyl ýetirişiň empiriki we teoretiki derejeleri, ylmy pikirlenmekligiň usullary, görnüşleri we ş.m. epistemiologiýa degişli düşünjelerdir.

Filosofiýanyň bölekleri hökmünde gnoseologiýa we ontologiýa özara berk baglanyşyklydyr. Gnoseologiýanyň ähli düşünjeleriniň ontologik tarapy bar. Şeýle hem ontologiýanyň dünýäniň maddy bitewiligini düşündirýän kategoriýalaryna gnoseologik ähmiýet mahsus.

Gnoseologiýa etika, estetika, sosiologiýa bilen hem baglanyşyklydyr. Adamyň akyl ýetiriş meselelerini öwrenýän psihologiýa, formal logika, dil bilimi, medenýetiň taryhy, ylmyň taryhy we başgalar

hem gnoseologiýa bilen berk baglanyşyklydyr. Olaryň many-mazmuny akyl ýetirişiň üsti bilen açylýar.

Gnoseologiýanyň esasy düşünjesi «hakykat» kategoriýasydyr. Ten duýgulary, göz öňüne getirmeler, pikir ýöretmeler, duýgurlyk – intuisiýa we beýleki psihologiýa bilen baglanyşykly düşünjeler gnoseologiýada hakykata ýetmegiň, barmagyň ýollary, görnüşleri, serişdeleri hökmünde ulanylýar. Gnoseologiýa başga ylymlaryň akyl ýetiriş hadysalaryny öwrenmekde gazanan üstünliklerine daýanýar, olary ulanýar.

«Dünýä akyl ýetirip bolarmy ýa-da bolmaz?» diýen sorag filosofiýanyň esasy we gadymy meseleleriniň biri. Bu sorag dünýä, onuň hadysalary barada ýüzleý däl-de has çuň we giň, doly we dogry bilim almak meselesini goýýar. Bu meselä laýyklykda alnan bilim dünýäniň düýp manysyna laýyk gelmeli. Alnan bilim bilen akyl ýetirilen dünýäniň arasynda gyşarma, laýyk gelmezlik bolmaly däl. Meseläni çözmekde we oňa jogap bermekde filosoflaryň arasynda agzybirlik ýok. Filosofiýanyň dürli mekdepleriniň wekilleri oňa dürlüçe jogap berýärler. Berilýän jogaplar umumylaşdyrylyp, üç hili çözgüt tapawutlandyrylýar. Olar *agnostisizm, skeptisizm* we *optimizm* ugurlardyr.

*Agnostisizm* adam aňynyň dünýä akyl ýetirmekden ejiz gelýändigini ykrar edýär. Ilkinji agnostikler – dünýä akyl ýetirip bolmaz diýýän akyldarlar gadymy döwürde döräpdir. Grek filosoflarynyň bir topary, aýratyn hem *sofistler*, hususan-da, Protagor agnostisizmiň tarapdarlary bolupdyrlar.

Agnostisizm filosofiýanyň aýratyn bir ugry bilen baglanyşykly hadysa däl. Agnostikler materialistleriň içinde-de, idealistleriň arasynda-da bar. Agnostikleriň esasy köpçüligi dünýä akyl ýetirip bolmaz diýlende dünýäniň gutarnyksyzlygyndan ugur alýarlar. Olaryň pikiriçe, dünýäniň çensiz-çaksyzlygy, gutarnyksyzlygy oňa hiç wagt doly akyl ýetirip bolmajaklygyny aňladýar. Agnostikler hakykylygyň doly we üýtgewsizdigi baradaky garaýyşdan ugur alýarlar. Olar alnan hakykat hiç wagt üýtgemeýär, ýene ýüz, müň ýyldan hem öňki hakykatlygyna galýar diýen ynanja uýýarlar. Şeýdip dünýäde diňe absolýut – doly, üsti ýetirilmeýän, gutarnykly, üýtgemeýän hakykatyň bardygyndan ugur alýarlar. Agnostikler şeýle karara gelende tükeniksiz dünýä barada alnan bilimiň otnositeldigine, doly däldigi-

ne esaslanýarlar. Olar otnositel bilim diýlende üsti ýetirilip durulýan, baýlaşýan, düýnkä garanyňda bu güni has çuň bilimi däl-de, eýsem doly däl, diýmek, hemişe ýalan bilimi göz öňüne getirýärler.

Her taryhy döwrüň öz agnostikleri bolupdyr. Olar dünýä akyl ýetirip bolmaz diýlende özleriniň ýaşaýan sosial şertlerinden ugur alypdyrlar. Ýewropada Täze döwür agnostikleriň bir toparyny kemala getirýär. Olaryň arasynda iňlis filosofy Ýum (1711–1776) we nemes akyldary Kant (1724–1804) aýratyn tapawutlanypdyrlar.

Iňlis filosofy Ýum akyl ýetiriş prosesinde adam diňe özüniň duýgusy bilen iş salyşýar, ol akyl ýetirişde özüniň duýgusynyň, syzyşynyň çäginden çykyp bilmeýär diýip hasaplaýar. Ýum üçin dünýäde diňe adam duýgulary bar. Daşky dünýä, ondaky hadysalar, prosesler, zatlar hem duýgularyň önümi. Adamyň akyl ýetirişem diňe duýgular bilen iş salyşýar. Ol daşky dünýäniň hadysalaryna, proseslerine, zatlaryna däl-de, duýgularyna akyl ýetirýär. Ýumun akyl ýetiriş baradaky garaýyşlary subýektiw idealizme esaslanýar.

Nemes nusgawy filosofiýasynyň wekili Immanuil Kant hem agnostikleriň hataryna girýär. Ýumdan tapawutlylykda Kant daşky dünýäniň barlygyny ykrar edýär. Ýöne ol dünýä – adam aňy üçin elýetmez bolan özlüginde galýan zatlaryň dünýäsi. Adam özlügine galýan zatlara, hadysalara, proseslere akyl ýetirmekçi bolanda, olara däl-de, olar baradaky öz duýgularyna, pikir ýöretmelerine akyl ýetirýär. Özlügine galýan zatlaryň düýp manysy adam üçin gizlinligine galýar.

Häzirki zaman dünýäsiniň ösüşine ýeterlik täsir eden filosofiýanyň neopozitiwizm, pragmatizm, ekzistensializm ýaly akymlary-da belli bir derejede agnostisizmde öňe sürülýän ideýalary goldaýar.

XIX–XX asyrlaryň sepgidinde agnostisizmiň täze bir görnüşi – *konwensionalizm* (latynça conwentio – şertnama, ylalaşyk) ýüze çykýar. Onuň ýüze çykmagyna tebigat ylymlarynyň güýçli ösmegi uly täsir edýär. Tebigat ylymlarynyň güýçli ösmegi bilen bu ylymlaryň düşünjeleri, kanunlary, teoriýalary döreýär. Olaryň döremegi, kabul edilmegi alymlaryň arasynda ylalaşygy talap edýär. A. Puankarän, A. Karnap we beýlekiler konwensionalizmiň görnükli wekilleridirler.

Konwensionalizmiň wekilleriniň düşündirişi boýunça, ylmy düşünjeler, teoriýalar obýektiw dünýäni şöhlelendirmeýärler. Olar alymlaryň arasyndaky ylalaşygyň önümi bolup durýarlar. Alymlar ylmy barlagda alnan käbir netijeleri hakykat, kanulaýyklyk hökmünde

kabul etmek barada özara ylalaşyga gelýärler. Ylalaşyk gazanylanda alnan netijäniň peýdalylygyndan, oňaýlylygyndan, ýönekeýliginden we ş.m. ugur alýarlar. Konwensializmde ylmy barlagyň netijelerem barlagy geçirýän subýektlere garaşly edilýär.

*Skeptisizm.* Skeptisizmiň düýbüni tutujylaryň biri Pirron hasaplanýar. Ol Aleksandr Makedonskiniň ýörişlerine gatnaşypdyr. Hatda, hindi akyldarlary bilen gürrüňdeş bolupdyr. Pirron duýgy agzalarynyň üsti bilen alnan bilimlere tankydy göz bilen garapdyr. Skeptikler dünýä akyl ýetirmekligiň, umuman, mümkindigini inkär etmeýän bolsalar-da, akyl ýetirilen zatlaryň dogrudygyna şübhe edýärler.

*Optimizm.* Optimizm – dünýä akyl ýetirip boljakdygyny ykrar edýän filosofik ugur. Bu ugruň wekilleri hem dünýäniň çäksizdigini, gutarnyksyzdygyny ykrar edýärler. Agnostiklerden we skeptiklerden tapawutlylykda, olar adam aňynyň daşky dünýä akyl ýetirmek mümkinçilikleriniň hem çäksizdigine ynanýarlar. Daşky dünýä akyl ýetirmek prosesinde alnan bilimi bahalandyrmak meselesinde-de optimistleriň özboluşlylygy bar. Olar akyl ýetirişde alnan bilimiň otnositeldigini, ýagny doly däldigini, üsti ýetirilmäge mätäçdigini belleýärler. Ýöne ol bilim – absolýut hakykata tarap hereket edýän, hemişe üsti doldurylyp durulýan, hemişe geçen wagta garanyňda has baý bilim. Adam şeýdip bilmezlikden bilmeklige, az bilmekden köp bilmeklige, otnositellikden absolýutlyga tarap hereket edýär. Ol akyl ýetirişiň kömegi bilen bu gün bilmedik zadyna ertir akyl ýetirýär. Muňa adamyň akyl ýetiriş mümkinçilikleri ýol berýär.

Gnoseologiýada öwrenilýän meseleler köp sanly kategoriýalar, düşünjeler bilen baglanyşyklydyr. Olara praktika, akyl ýetiriş, subýekt, obýekt, maddy, ruhy, rasional, intuisiýa, ynanç, azaşmak, ýalňyşmak, ýalan ýaly köp sanly kategorýalar degişlidir. Bu düşünjeleriň her biri maddy we ruhy hadysalary şöhlelendirmek bilen, bir tarapdan, özbaşdak bolsalar hem, beýleki tarapdan, dünýägaraýyş meseleleri bilen baglanyşyklydyr.

## 10.2. Akyl ýetirişiň görnüşleri

Akyl ýetirişiň gündelik-adaty, dini, çeper, ahlak, ekologik, ylmy, praktiki akyl ýetiriş ýaly bilimiň her görnüşine laýyk gelýän köp görnüşleri bar. Olaryň her haýsysy özboluşly aýratynlyklara eýedir. My-

sal üçin, akyl ýetirişiň gündelik – adaty görnüşi toplanan subutnamalardan we olaryň beýan edimelerininden ybarat durmuşy bilimlerden durýar. Ol jemgyýetde ýaşaýan ähli ýaşdaky we hünärdäki adamlara mahsusdyr. Gündelik durmuşda görýän, eşidýän zatlary bilen birlikde adamlarda tebigat, tebigy hadysalar, döwlet, jemgyýetçilik, syýasy liderler, ahlak gymmatlyklary, beýleki adamlar barada özakymlaýyn garaýyşlar, pikirler, duýgular peýda bolýar. Gündelik – adaty akyl ýetirişe jemgyýetçilik psihologiýasy hem diýilýär. Gündelik akyl ýetirişde alynýan bilimler ýüzleý häsiýetde bolsa-da, akyl ýetirişiň beýleki görnüşleriniň döremegi, ösmegi, kämilleşmegi üçin onuň ähmiýeti örän uludyr. Ol akyl ýetirişiň beýleki görnüşleriniň kemala gelmegine esas bolup çykyş edýär.

Ylmy akyl ýetirişde bilim diňe toplanylman we beýan edilmän, eýsem düşündirilýär, kanunalaýyklar açylyp görkezilýär. Oňa öňdengörüjilik hem mahsusdyr. Dini akyl ýetiriş subutnamalara däl-de, ynanja, diniň keramatlyklaryna we ýazgylaryna esaslanýar. Çeper akyl ýetirişde hadysalar we prosesler, wakalar çeper keşpleriň üsti bilen beýan edilýär. Oňa çeper ulaltmalar, hyýalylyk, bolşundan has oňat ýa-da ýaramaz görkezmeklik mahsusdyr.

Islendik akyl ýetirişiň ahyrky netijesi bilimdir. *Ynanmaklyga mynasyp, ýeterlik derejede esaslandyrylan, hakykylygyna ynanylýan maglumata bilim diýilýär.* Bilim adamlara maglumat görnüşinde gelýär. Ýöne islendik maglumata bilim diýmek bolmaz. Maglumatyň bilime öwrülmegi üçin onuň hakykata laýyk gelmegi gerek. Hakykata laýyk gelmeýän maglumat bilim hökmünde kabul edilmeýär. Mysal üçin, her bir adam garyň ak we sowuk bolýandygyny bilýär. Eger bu şeýle bolýan bolsa, onda sowadyjynyň içinde döreýän ak we sowuk maddylygy gar hökmünde kabul edip bolarmy? Elbetde, kabul edip bolmaz. Sebäbi ol maddylyk baradaky maglumat hakykata doly laýyk gelmeýär. Çünki garyň gar hökmünde kabul edilmegi üçin onuň gökden tebigy usulda ýagmagy hem gerek. Maglumatyň bilime öwrülmegi üçin adamlaryň onuň hakykatdygyna, hakykata laýyk gelýändigine ynanmagy hem zerur. Maglumatyň hakykylygyna ynanjyň ýok ýerinde maglumat bilime öwrülip bilmeýär. Bu

ýagdaý adamlaryň jemgyýetde ýaşaýandygy bilen düşündirilýär. Jemgyýetde adama gelýän maglumatlar köp. Şol maglumatlar adamyň ýaşaýşyna kömek edýär. Ýöne adam gelýän maglumatlaryň hemmesini tejribede barlap görmekden ejiz gelýär. Oňa diňe olaryň hakykydygyna ynanmak galýar.

## 10.3. Akyl ýetirişiň obýekti we subýekti

Bilim akyl ýetirişiň subýektiniň we obýektiniň özara täsiriniň önümidir. Äkyl ýetirişdäki subýekt-obýekt gatnaşygyndan daşarda bilim ýok.

*Akyl ýetirmek maksady bilen zada, hadysa, prosese täsir edýän işjeň güýje akyl ýetirişiň subýekti diýilýär*. Akyl ýetirişiň subýekti adamdyr. Sebäbi adamda ten duýgulary, beýnä ornaşdyrmak, emosiýalar, abstraktlaşdyrmak ýaly ukyplar bar. Akyl ýetiriş prosesinde ol maddy ulgamlary özgerdýär. Akyl ýetirişiň subýekti bolup diňe indiwid däl, eýsem ylmy edaranyň, alymlar toparynyň hem çykyş etmekligi mümkin. Adamlaryň akyl ýetiriş prosesinde ulanýan enjamlary, kompýuterler, esbaplar akyl ýetirişiň subýektiniň bölekleri ýa-da serişdeleri bolup çykyş edýärler. Akyl ýetirişiň subýekti işjeňdir, ilkinjidir. Ol öňünde öwrenmek maksadyny goýup, akyl ýetirişiň obýektine ilkinji täsir edýär. Ony üýtgedýär.

*Akyl ýetirişiň obýekti – bu subýektiň işiniň, hereketiniň gönükdirilen zady, hadysasy ýa-da prosesidir*. Daşky dünýäniň islendik zadyna, hadysasyna, prosesine akyl ýetirişiň obýekti diýip bolmaýar. Akyl ýetirişiň obýektine öwrülmegi üçin olary akyl ýetirişiň subýektiniň saýlamagy we öwrenmek maksady bilen täsir etmegi gerek. Diňe şeýdilen ýagdaýda agaç, ösümlik, guş we ş.m. zatlar akyl ýetirişiň obýektine öwrülýär. Obýekt bolup diňe maddy däl, eýsem ruhy hadysalaryň hem hyzmat etmekligi mümkin. Mysal üçin, indiwidiň aňy ony öwrenýän psiholog üçin obýektdir. Ýazyjynyň ýa-da şahyryň öz döredijiliginde öňe sürýän pikirleri olary öwrenýän edebiýatşynaslar üçin ylmy barlagyň obýektidir.

Akyl ýetirişiň obýekti passiwdir, ikinjidir. Oňa maksatly täsir edilýär. Ýöne gowşak hem bolsa, akyl ýetirişiň obýekti onuň subýek-

tine täsir etmäge ukyply bolýar. Akyl ýetiriş prosesinde diňe subýekt obýekte täsir etmän, obýekt hem subýekte täsir edýär. Akyl ýetirişiň obýektine täsir eden subýektde täsir etmeden soň obýekt barada bilimi köpelýär, kämilleşýär. Başgaça aýdanda, ol akyl ýetirişiň obýektiniň täsiri bilen özgerýär.

Akyl ýetirişiň subýekti hem-de obýekti özara baglanyşyklydyr we orunlaryny çalyşmaga ukyplydyr. Mysal üçin, tejribeçi talyp tejribe geçýän mekdebiniň mugallymlary, usulyýetçileri tarapyndan öwrenilýän wagty akyl ýetirişiň obýekti hökmünde çykyş edýär. Ýöne özüne berkidilen synpyň okuwçylaryny öwrenip, olara häsiýetnama taýýarlan wagtynda talyp akyl ýetirişiň subýektiniň wezipesini ýerine ýetirýär.

Gnoseologiýada akyl ýetiriliş işiniň obýekti bilen birlikde onuň predmeti hem tapawutlandyrylýar. Akyl ýetirişiň predmeti diýlende öwrenilýän obýektiň derňemek üçin saýlanylyp alnan anyk tarapyna düşünilýär. Mysal üçin, jaý gurýan ussa üçin akyl ýetirişiň predmeti hökmünde jaýyň gurluşy çykyş edýär.

Her bir adam özüniň başarjaňlygyny, zehinini, duýgularyny, çydamlylygyny we dürli häsiýetini özi öwrenip bilýär. Oňa öz-özüňe akyl ýetirmek diýilýär. Şahsyýetiň özüne baha bermegi, artykmaç, gowy häsiýetlerini, şeýle hem kemçiliklerini, mümkinçiliklerini bilmegi üçin onuň möhüm ähmiýeti bardyr. Käbir adamlar özlerini öwrenip, özlerine tankydy göz bilen garap, gymmatlyk meselesine düzediş girizýärler. Ýaramaz endiklerden halas bolýarlar. Ýaşaýyş keşbini üýtgedýärler. Durmuşda käbir zatlardan ýüz öwürýärler. Meselem, adam iýmek-içmek, girdejilerini rejeli harç etmek, saglyk we ş.m. meselelere başga hili çemeleşip ugraýar. Özüňe akyl ýetirmek prosesinde şahsyýetiň aňy üýtgeýär, ösýär. Öz-özüňe akyl ýetirişde adamyň özi akyl ýetirişiň hem subýekti, hem obýekti bolup çykyş edýär.

Akyl ýetirişiň subýektiniň taýýarlyk derejesi, bilimi, dünýägaraýşy, medeniýeti we ş.m. akyl ýetirişiň obýektine täsir etmekde we ony öwrenmekde esasy faktora öwrülýär. Ol maglumatlar alynýan bilimiň çuňlugyna, giňligine, dolulygyna aýgytlaýjy täsir edýär.

## 10.4. Hakykylyk, onuň obýektiwligi we görnüşleri

Hakykylyk meselesi gnoseologiýada esasy meseledir. Akyl ýetiriş teoriýasynyň ähli meseleleri hakykylyga ýetmekligiň ýollary hem-de serişdeleri, hakykylygyň görnüşleri bilen baglanyşyklydyr. Olaryň hemmesi akyl ýetiriş meselesini anyklaşdyrýarlar, onuň üstüni doldurýarlar. Hakykylyk meselesi dünýägaraýyş meseleleriniň iň möhümleriniň biridir.

Hakykylyga dürlüçe düşünmek mümkin. Oňa dünýägaraýyş manysynda-da, aksiologik manyda-da çemeleşmek mümkin. Hakykylyk düşünjesiniň aksiologik tarapy «dogry» diýen söz bilen deňeşdirende has gowy görünýär. Hakykylyk dogruçyllygy, adalatlylygy aňladýar. Hakykylyk ýalan sozlemekligiň, aldamaklygyň gapma-garşy tarapydyr. *Köplenç halatda, hakykylyk diýlende bilimleriň barlyga doly laýyk gelmegine düşünilýär.*

Hakykylyk obýektiwdir. Çünki ol adam aňyndan garaşly bolmadyk zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň adam aňynda şöhlelenmegi netijesinde kemala gelýär. Mysal üçin, adamyň gaýnap duran suw baradaky bilimi suwuň gyzgynlygyna esaslanýar. Suwy gyzgyn edýän zat adamyň aňy däl-de onuň aňyndan garaşsyz başga zatdyr. Şol bir wagtda hem özüniň ýüze çykyş formasy boýunça hakykylyk subýektiwdir. Ýagny mazmunynyň obýektiwligine seretmezden alnan bilim aňyň düzümine girýär. Akyl ýetirişiň obýektiniň adam beýnisinde şöhlelenmesi subýektiň bilimine, dünýägaraýşyna, taýýarlygyna baglydyr. Mysal üçin, ösüp oturan goja çynara seredip taryhçy bir zady, biolog ikinji zady, himik üçünji zady görýär. Şahyr üçin bolsa çynaryň ylham çeşmesi bolup çykyş etmegi mümkin.

Gnoseologiýada bilimiň görnüşleri bilen baglylykda hakykylyk adaty ýa-da gündelik hakykylyk, çeper hakykylyk, ahlak hakykylygy, estetik hakykylyk, ylmy hakykylyk ýaly görnüşleri tapawutlandyrylýar. Adaty hakykylyk adamyň gündelik durmuşyndan alynýar. Ol durmuşy bilimleriň toplanylan subutnamalaryndan we olaryň beýan edilmelerinden ybarat bolýar. Jemgyýetde hereket edýän ahlak düzgünlerine laýyk gelýän hakykylyga ahlak hakykylygy diýilýär. Jemgyýetiň ýeten derejesi, ösüş mümkinçilikleri, agalyk edýän dini we

ş.m. baglylykda ahlak hakykylygynyň dürli halklarda dürli bolmagy mümkindir. Bir jemgyýetde ahlaky hasaplanýan gymmatlygyň başga bir jemgyýetde ahlaksyzlyk hasaplanmagy mümkindir. Mysal üçin, türkmenlerde çörek mukaddeslik derejesine göterilýär. Jemgyýetde ony harlaýan, zaýalaýan adamlar ýazgarylýar. Ýaşuly adamlar köçäniň ugrunda aýak aşagynda ýatan çörek bölejigini görse, dessine ony galdyrmak bilen bolýarlar. Diňe bir galdyrmak bilen hem çäklenmän, eýsem göýä ondan ötünç soraýan ýaly, üfleşdirp, kakyşdyryp, çaň-tozandan arassalap, maňlaýlaryna degirýärler. Aýak aşagynda galmaz ýaly, ýokary bir ýere goýarlar. Ýöne dünýäniň käbir ýurtlarynda çörek köp görnüşli azyk önümleriniň biridir.

Çeper akyl ýetirişe dünýäni umumylaýyn şöhlelendirmek mahsusdyr. Onda hakykaty beýan etmekde anyklykdan, dogry gelmekden daşlaşylýar. Daşky dünýä, waka, hadysa beýan edilende çeper keşpler ulanylýar. Keşp döredilende çeper umumylaşdyrmalar, ulaltmalar, fantaziýalar giňden ulanylýar. Şeýle usuly ulanmak arkaly real hakykylyk bilen islenilýän hakykylyk ýakynlaşdyrylýar. Islenilýän hakykylyk real hakykylyk hökmünde berilýär. Çeper hakykylyk real dünýäniň kynçylyklaryndan hyýaly derejede gaça durmaga, olary seljermäge, netije çykarmaga, ondaky gözelliklerden lezzet almaga, dünýäni gözelleşdirmäge we ş.m. niýetlenýär.

Ylmy hakykylyk maglumatlara, delillere daýanýan ylmy subutnamalara, düşündirmeklige esaslanýar. Onda alnan bilimler ulgamlaşdyrylýar, ösüş kanunalaýyklygy açylýar. Ylmy hakykylyk barlap görmek mümkinçiligine eýe bolýar. Ol syn etmek, synag etmek, praktika arkaly barlanylýar.

## 10.5. Otnositel we absolýut hakykylyk

Hakykylyk absolýut hem-de otnositel görnüşde bolup bilýär. *Absolýut hakykylyk özüniň şöhlelendirýän zadyna doly laýyk gelýän we akyl ýetirişiň mundan beýläk ösüşinde ýalana çykarylyp bilinmejek bilimdir.* Absolýut hakykylyk akyl ýetirişiň maksadydyr. Adam olary öwrenýär, bilmeklige ymtylýar, emma hemme zatlary gutarnykly öwrenip bilmeýär. Çünki dünýäniň çäksiz bolşy, ýaly dünýä baradaky bilimler hem çäksizdir.

Absolýut hakykylyk birnäçe häsiýete eýedir. Ol, ilki bilen, öwrenilýän obýekt barada doly, üstüni dolduryp bolmajak bilim hökmünde kesgitlenýär. Şeýle hem ol häzirki wagtda-da, geljekde-de inkär edip bolmajak hemişelik hakykylyk hökmünde göz öňüne getirilýär. Üçünji bir ýagdaýda absolýut hakykylyk anyklanan, subutnama talap etmeýän maglumatlar hökmünde-de çykyş edýär. Olara adamlaryň doglan, aradan çykan günleri takyk taryhy seneler we ş.m. mysal bolup biler. Absolýut hakykylyga şeýle düşünilişiň ylmy ähmiýeti uly däldir. Absolýut hakykaty akyl ýetiriş prosesiniň ideal maksady, otnositel hakykylygyň ymtylýan ideal belentligi hökmünde-de göz öňüne getirmek mümkin.

*Otnositel hakykylyk – bu zat, predmet, hadysa hakynda entek doly däl, üsti dolduryljak bilimlerdir.* Ol dolulyga tarap hereketdäki, hemişe üsti doldurylyp durulýan, obýektler barada düýnkä garanda bu gün, bu günkä garanyňda ertir has doly maglumatlary jemleýän hakykylykdyr. Ol bir durkunda durmaýan, hemişe üýtgäp durýan bilimdir. Otnositel hakykylyk praktikanyň we akyl ýetirişiň ösmegi bilen giňeýär hem-de çuňlaşýar. Akyl ýetiriş täzeden-täze açyşlaryň ýardamy bilen otnositel hakykylygyň üstüniň doldurylmagy, köne otnositel hakykylygyň täze hakykylyk tarapyndan inkär edilmegi netijesinde ösýär, kämilleşýär. Şeýlelikde, absolýut hakykylyk otnositel hakykylyklardan ybaratdyr. Otnositel hakykylyk bolsa absolýut hakykylygyň dänelerinden durýar.

Akyl ýetiriş teoriýasynda hakykylyga çemeleşmegiň ýörelgeleriniň ýene biri hakykylygyň takyklygydyr. Bu ýagdaý akyl ýetirilýän obýekte hemmetaraplaýyn çemeleşmekligi talap edýär. Ýeriň, wagtyň we başga şertleriň üýtgemegi bilen pikir ýöretme ýalňyş bolup çykýar. Meselem, «Suw 100°C-de gaýnaýar» diýen pikir ýöretme kadaly atmosfera babatynda dogrudyr. Emma dagyň üstünde basyşa görä suwuň gaýnamak temperaturasy üýtgeýär.

Hakykylyk wagtyň we giňişligiň anyk şertlerine bagly bolýar. Bu ýagdaý onuň özüniň hem takyk mazmuna eýedigini aňladýar. Hakykylyga akyl ýetiriş proses görnüşindedir. Ol ýönekeýlikden çylşyrymlylyga, aşakdan ýokarylyga, doly dällikden dolulyga, otnositellikden absolýutlyga tarap hereket edýär.

## 10.6. Akyl ýetirişiň basgançaklary

Akyl ýetirişiň esasy iki başgançagy, derejesi tapawutlandyrylýar. Olar duýgulaýyn akyl ýetiriş we rasional akyl ýetirişdir. Rasional akyl ýetirişe pikirlenme hem diýilýär.

*Duýgulaýyn akyl ýetiriş.* Duýgulaýyn akyl ýetiriş organiki dünýäniň ähli jandarlary üçin mahsusdyr. Käbir jandarlaryň belli bir duýgy agzasynyň adamyň duýgy agzalaryndan has güýçlüdigini hem ykrar etmek gerek. Meselem, bürgütleriň görşi, möjekleriň ys alşy adamyň görşünden, ys alşyndan ençeme esse güýçlüdir.

Käbir jandarlarda duýmaklygyň adamda ýok görnüşleri hem bar. Mysal üçin, termitler magnit meýdanyny duýýarlar. Infragyzyl şöhlelerini kabul edýän, adamyň kabul edip bilmeýän infrasesleri eşidýän jandarlar hem bar. Haýwanlaryň ýeriň titremegi, suwuň joşmagy, harasadyň gopmagy, siliň gelmegi ýaly tebigat hadysalaryny öňünden duýşy hem adamyňkydan üýtgeşik. Ýöne adamlaryň duýujylyk mümkinçilikleriniň hem deň däldigini bellemek gerek. Olaryň arasynda reňkleriň, tagamlaryň, yslaryň, sesleriň, yzlaryň beýleki adamlar bilen deňeşdireniňde has köp görnüşlerini tapawutlandyryp bilýän adamlar bar. Mysal üçin, türkmenleriň arasynda ýeterlik bolan yzçylar adamyň yzyny synlap, onuň aýala ýa-da erkege degişlidigini, adamyň häçe ýaşyndadygyny, haçan ýöräp geçendigini, ýadawdygyny ýa-da däldigini, ýüküniň bardygyny ýa-da ýokdugyny we ş.m. takyklyk bilen aýdyp bilipdirler. Häzirki zaman ýeňil we azyk senagatynda ysy, tagamy beýlekilere seredileninde oňat saýgarýan degustatorlaryň hyzmaty uly islegden peýdalanýar. Olar atyryň, dürli tagamlaryň we ş.m. ysyny, tagamyny tapawutlandyrmaklyga hyzmat edýär.

Adamlaryň tebigat bilen sazlaşykly ýaşan gadymy döwründe olaryň duýgy agzalary has oňat işläpdir. Olaryň duýuşlary hem beýleki jandarlaryňkydan ol diýen pes bolmandyr. Ýöne zähmet gurallarynyň kämilleşmegi, zähmet öndürijiliginiň artmagy bilen onuň duýgy agzalarynyň ähmiýeti peselip başlaýar. Olaryň ähmiýetiniň peselmegi duýgy agzalarynyň kütekleşmegine getirýär. Adamlaryň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy bilen olaryň duýgy agzalaryny çalyşýan maşynlaryň sany köpelýär. Bu ýagdaý, bir tarapdan, adamzat siwiliza-

siýasynyň ösýändigine şaýatlyk etse, beýleki tarapdan, adamyň ulanmagy azalan, käbir ýagdaýlarda, tersine, ulanmaklygy köpelen duýgy agzalarynyň netijeliliginiň ýaramazlaşmagyna sebäp bolýar. Mysal hökmünde kompýuter tehnologiýasyny getirmek bolar. Kompýuterler adamyň durmuşyny ýeňilleşdirdi. Onuň durmuşynyň bir bölegine öwrüldi. Kompýuteriň başyndan uzak wagtlap oturýan adamlar köpeldi. Netijede, göze düşýän agram artdy, görüşi ýaramazlaşýan adamlaryň mukdary köpeldi.

Duýgulaýyn akyl ýetiriş *ten duýgulary, beýnä ornaşdyrma, göz öňüne getirme* arkaly amal edilýär. Olar özara baglanyşykly bolýarlar.

*Ten duýgylary* adamyň dünýäni şöhlelendirmesiniň başlangyç görnüşidir. Göz, gulak, burun, dil we beden adamyň duýgy agzalarydyr. Ynsanyň bäş duýgy agzalaryna laýyklykda bäş sany ten duýgulary – görüş, eşidiş, ys alyş, tagam biliş we syzyş bar. Ten duýgulary zatlaryň, hadysalaryň aýry-aýry häsiýetleri barada habar berýär. Mysal üçin, göz olaryň ululygy, kiçiligi, reňki, daşky keşbi, daşky ýagdaýy we ş.m. barada maglumat berýär. Burun iş salyşylýan zadyň ysyny, dil onuň tagamy, gulak bolsa sesi bilen baglanyşykly habarlary berýär. Beden syzmaklyga niýetlenýär.

Duýgulaýyn akyl ýetirişiň möhüm düzüm bölegi bolan *beýnä ornaşdyrma* zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň häsiýetleriniň ulgamy hökmünde çykyş edýär. Beýnä ornaşdyrma ten duýgularyna esaslanýar. Ol zatlaryň häsiýeti baradaky maglumatlary ten duýgularynyň kömegi bilen alýar. Ten duýgulary ilkinjidir. Olar beýnä ornaşdyrma bolmasa hem dowam edip bilýärler. Emma beýnä ornaşdyrma ten duýgulary bolmasa ýüze çykyp bilmeýär. Ten duýgulary obýektiň keşbiniň haýsy-da bolsa bir tarapyny görkezýär. Beýnä ornaşdyrma bolsa onuň has doly keşbidir. Adamlaryň we haýwanlaryň duýgy agzalary hil taýdan özara tapawutlanýar. Ýöne şeýle bolsa-da, olarda belli bir derejede umumylyklar hem bar. Meselem, çöldäki haýwanlaryň aglaba köpçüligi zäherli ýylanlardan gaça durýarlar. Onuň howpludygyny duýup, onuň deňinden sowlup geçýärler. Sebäbi olar ýylany görýärler. Ten duýgulary adamyň duýgy agzalarynda ýa-da olardan beýnä barýan nerw ýollarynda däl-de, eýsem kelle beýnisiniň gabygynda emele gelýär.

Duýgulaýyn akyl ýetirişiň üçünji görnüşi *göz öňüne getirmedir*. Ten duýgularynyň kömegi bilen alnan maglumatlary beýnä ornaşdyrmalaryň esasynda adamlaryň beýnisinde göz öňüne getirmeler döreýär. Dünýäniň zatlary, hadysalary, prosesleri duýgy agzalaryna belli bir wagtyň içinde täsir edýärler. Emma olaryň täsiri ýatda galýar. *Beýniniň daşky gurşawyň täsirini saklamak we gerek wagty dikeltmek ukybyna ýat diýilýär.*

*Adamyň ýadynda galan yz boýunça ozal adamyň duýgy agzalaryna täsir eden, emma häzirki wagtda ýok zatlaryň, hadysalaryň gaýtadan dikeldilmegine göz öňüne getirmeler diýilýär*. Bar bolan göz öňüne getirmeler esasynda adam täze göz öňüne getirmeleri döredip, hatda görmedik zatlaryny hem göz öňüne getirip bilýär.

Adamyň duýgy agzalary onuň akyl ýetirişiniň ösmegi üçin esas bolup durýar. Olar tebigy seçginiň we organizmiň daşky gurşawa uýgunlaşmagynyň netijesinde kemala gelipdirler. Duýgy agzalary adamy daşky dünýä bilen birleşdirýär, olar barada ilkinji maglumatlary berýär. Olaryň her biri adamyň daşky dünýä, tebigat, beýleki adamlar bilen gatnaşygynda belli bir wezipäni ýerine ýetirýärler. Olaryň hemmesi birleşip bolsa ynsanyň doly manyly durmuşda ýaşamagyny üpjün edýärler.

*Rasional akyl ýetiriş.* Akyl ýetirişiň rasional görnüşi logika we abstrakt pikirlenmä esaslanýar. Abstrakt pikirlenmäniň ýüze çykmagy diliň, sözleýşiň ýüze çykmagy, şeýle hem zähmet çekmek, praktika bilen baglanyşyklydyr. Rasional akyl ýetiriş bäş düzüm bölekden ybarat. Olar düşünjeler, pikir ýöretmeler, akyl netijesini çykarmak, gipoteza we teoriýalardyr. Olar dogrusynda teoretiki akyl ýetiriş bilen baglylykda giňişleýin söhbet edilýär.

## 10.7. Akyl ýetirişdäki azaşmalar we ýalan

Ylym diňe obýektiw hakykat bilen iş salyşýar diýen garaýyş bar. Ylmy barlag alyp barýan adamlar hakykata ýetmek üçin dürli ylmy meseleleriň üstünde aýlap, hatda ýyllap oturýarlar. Şeýle bolsa-da, ylymda azaşmak tebigy hadysadyr. Käbir ylymlarda, aýratyn hem jemgyýetçilik ylymlarynda ýalan, adamlary aldamaklyga gönükdirlen zatlar hem duş gelýär. Ylymda oňa dezinformasiýa diýilýär.

*Dezinformasiýa* hakykata laýyk gelmeýän maglumatdyr. Onuň üç görnüşi bar. Birinji görnüşde dezinformasiýa bilgeşleýinden, bilkastlaýynlykdan berilýär. Ýalan maglumatlary ýaýradýan tarap haýsy-da bolsa bir peýdany göz öňünde tutýar. Onuň ýalan maglumatlary ýaýratmak arkaly garşydaşyny, beýleki adamlary, döwleti we ş.m. azaşdyrmak, netije çykaryşyna täsir etmek, başgalaryň öňünde abraýdan düşürmek, oňa bolan ynamy syndyrmak ýaly maksatlary öz öňünde goýmagy mümkindir. Köplenç ýagdaýda, şeýle usuly ulanýan taraplar syýasy artykmaçlyk gazanmaklygy niýetleýärler.

Dezinformasiýanyň ikinji görnüşinde ýalan maglumat aňsyz, bilmezlikden berilýär. Dezinformasiýanyň bu görnüşinde ýalan maglumaty ýaýradýan tarap öz öňünde haýsydyr bir maksat goýmaýar. Şeýle bolsa-da, bu hereket beýleki tarapy dogry ýoldan sowup, onuň nädogry netije çykarmaklygyna sebäp bolup bilýär.

Oňat maglumatlary aýtmak, ýaramaz, oňaýsyz maglumatlar barada dymmak dezinformasiýanyň üçünji görnüşidir. Dezinformasiýanyň şeýle usulyny ulanmak arkaly käbir ýurtlar özleriniň ykdysady, syýasy, ruhy-medeni we sosial şertleriniň real ýagdaýyny dünýä jemgyýetçiliginden, öz halkyndan gizlemek isleýär. Dezinformasiýanyň bu görnüşiniň kärhana, edara, hatda maşgala derejesinde ulanylýan wagtlary-da seýrek däl. Olar şeýdip barlygy bolşundan oňat görkezmeklige çalyşýarlar.

Akyl ýetirişde köp duş gelýän hadysalaryň biri azaşmakdyr. *Azaşmak ýa-da ýalňyşmak obýekt barada bilmezlikden hakykata laýyk gelmeýän pikiri öňe sürmekdir.* Azaşmak bilen ýalanyň arasynda meňzeşlik bar. Olaryň ikiside ýalňyş pikir ýöretmelerdir. Ýöne olaryň arasynda düýpli tapawut hem bar. Azaşmak hakyky hasap edilýän ýalňyş bilimdir. Azaşýan adam öz pikiriniň dogrudygyna ynanýar. Ol pikirini öňe sürende başgalary ýalňyşdyrmak, ondan peýda görmek maksadyny goýmaýar.

Dogry bilimi nädogry hasap etmek hem, nädogry bilimi dogry hasap etmek hem ýalňyşmakdyr, azaşmakdyr. Azaşmak dezinformasiýa esasynda hem, başga maglumatlar bilen baglanyşykly hem ýüze çykyp biler. Hakykylyk zatlaryň, hadysalaryň daşynda görnüp durmaýar. Hakykylygy açmak üçin çaklamak, deňeşdirmek, barlamak, seljermek zerur. Bu kyn işde azaşmak adaty zat. Ylmyň ösüşindäki

ýalňyşmalaryň orny birmeňzeş däl. Ýalňyşmalar hakykatdan daşlaşmaklyga getirýär, akyl ýetirişiň ösmegine päsgel berýär. Ýöne ýalňyşmak jenaýat däl. Ol bilgeşleýinden edilmeýär. Azaşmak – bilim ýetmezçiliginiň we akyl ýetirişiň kemterliginiň önümi. Azaşmak irginsiz gözleglere, döredijilige, uly açyşlara sebäp bolup bilýär. Azaşmak – gözlegiň bişmedik miwesi. Gözleg – hereket. Hereketdäki adamyň iru-giç azaşjagy ikuçsyz. Gep azaşmakda däl-de, azaşmagyň netijesinde bolup biljek zyýany mümkingadar azaltmakda. Ylymda azaşmak dürli görnüşlerde bolup bilýär.

Azaşmaklygyň meseläni çözmekligiň dogry ýoluny tapmaklyga, hakyky ylmy teoriýany döretmeklige ýardam etmekligi mümkin. Azaşmaklygyň üsti bilen hakykylyga ýetilýän halatlary hem az däl. Bir topar azaşmalar hakykatdan daşlaşmaklyga däl-de, eýsem, ylmyň hakykata ýakynlaşmagyna ýardam eden basgançaklar bolup hyzmat etdi. Meselem, elektronyň atom ýadrosynyň daşyndan aýlanýandygy baradaky garaýyş bilen baglanyşykly meseleler kwant mehanikasynyň döremegine getirdi. Beýleki bir mysal alhimiýa bilen baglanyşykly. Orta asyrlarda alymlar ilkinji esasdan islendik zady bejerip boljakdygyna ynanypdyrlar. Olar şol ynanja laýyklykda gurşuny altyna öwürmeklige çalşypdyrlar. Adamlary ölümden halas edip biljek ýaşaýyş eleksirini gözläp, müňlerçe tejribe geçiripdirler. Orta asyr alhimikleriniň bu gözlegleri hakykatdan daş düşmekdi, azaşmakdy. Ýöne azaşmak ýolundan giden alhimiýa köp sanly himiki elementleriň açylmagyna, soňra bolsa himiýanyň döremegine sebäp boldy.

Köplenç ýagdaýda, ösüşiň şol basgançagynda ylmy pikirleriň, çaklamalaryň dogrudygyny ýa-da nädogrydygyny kesgitlemek mümkin bolmaýar. Olar bilimleriň ösmegi hem-de praktikada subut edilmegi ýa-da inkär edilmegi bilen tassyklanýarlar.

## 10.8. Bilimiň hakykylygynyň ölçegleri

Hakykylygyň ölçegleri barada filosofiýada dürli garaýyşlar, pikirler bar. Käbir filosoflar hakykylygyň ölçegi hökmünde *duýgy agzalaryny* ykrar edýärler. Olar üçin diňe tejribeden geçen zatlar hakyky. Beýle diýildigi ýekelikden umumy netije çykarmak diýmekdir. Ýeke zatlary öz içine alýan umumy pikir ýöretme örän köp zatlary

öz içine alýar. Şonuň üçin olaryň hemmesine syn etmek arkaly subut etmek mümkin däl. Ýöne durmuşda hemme zatlary tejribe arkaly barlap bolmaýar. Kähalatlarda umumylykdan ýekeleýinligi almaly hem bolýar.

Filosoflaryň beýleki bir topary üçin bilimleriň ölçegi *düşnüklilikdir, aýyl-saýyllykdyr*. Ylymda täze açyşlara, ylmyň täze ýüze çykýan şahalaryna düşünülmeýän wagtlary hem bolýar. Mysal üçin, XIX asyrda Angliýadaky ludditleriň hereketi tehnikanyň we tehnologiýalaryň ösüşine işçileriň ters garaýşynyň şöhlelenmesi boldy.

Hakykylygyň esasy ölçegi *praktikadyr*. Praktikanyň hakykylygyň ölçegidigi absolýutdyr we otnositeldir. Onuň absolýutlygy bilimleriň hemmesiniň diňe praktikada tassyk edilenleriniň hakykylyk hökmünde kabul edilýänligindedir. Onuň otnositelligi bolsa praktikanyň we teoriýanyň elmydama ösüşdedigindedir. Şol sebäpli-de praktika özüniň her basgançagynda teoriýany doly tassyklap bilmeýär. Teoriýa köplenç praktikadan öňde bolýar.

Praktika jemgyýet – tebigat gatnaşygy bilen baglanyşyklydyr. Adamyň dünýäni, tebigaty, jemgyýeti özgertmeklige gönükdirilen ähli işleri praktika degişlidir. Şeýlelikde, praktika diňe zähmet prosesini däl-de, eýsem adamlaryň jemgyýetçilik işini hem öz içine alýar. Adamzadyň durmuşyny tebigatdan üzňelikde göz öňüne getirmek mümkin däldir. Ol öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin tebigat, tebigy güýçler bilen iş salyşýar, olara akyl ýetirýär. Tebigata täsir etmegiň netijeli ýollaryny gözleýär.

Adamyň oňat ýaşamagy, isleglerini kanagatlandyrmagy ilki bilen onuň tebigat bilen maksatly gatnaşygynyň derejesine bagly. Şonuň üçin hem onuň zähmeti-de, akyl ýetiriş prosesi-de tebigata gönükdirilendir. Tebigat adamyň akyl ýetiriş prosesiniň obýektidir. Adam bolsa akyl ýetirişiň subýektidir. Akyl ýetirişiň subýekt-obýekt gatnaşygynda adam daşky dünýä barada bilimleri alýar we kämilleşdirýär. Onuň çekýän zähmeti-de şol gatnaşygyň düzümine girýär.

Adamzadyň ýygnaýjylyk durmuşdan önüm öndürýän durmuşa geçmekligi olaryň ýaşaýşynyň hil taýdan düýpli özgermegine sebäp bolupdyr. Sebäbi öndürijilik önümçilikdir. Önümçilik prosesinde, praktikada adam taýyn önümiň eýesi bolmaýarda, önümi öz islegine laýyk öndürmeli bolýar. Onüm öndürip başlamagy bilen adamyň

tebigatdan garaşlylyk derejesi azalýar. Ýöne önüm öndürmeklik, önümçilik adamdan fiziki we psihologik mümkinçiliklerini has doly peýdalanmaklygy talap edýär. Adam önümçiligiň talaplaryna laýyklykda ýylyň ýagdaýyny bilmek üçin kalendar düzmäge, asman jisimleriniň hereketini öwrenmäge, öndürilen önümleri hasaplamaga, ýerleri ölçemäge, zähmet gurallaryny kämilleşdirmäge we ş.m. etmäge mejbur bolupdyr. Şu nukdaýnazardan praktika akyl ýetirişiň hereketlendiriji güýjüdir diýip bolýar. Sebäbi ol işleri amal etmek üçin adam täzeden-täze bilimler gözlemäge mejbur bolýar. Şol gözlegler bolsa adamlaryň tebigat we jemgyýet baradaky bilimleriniň artmagyna sebäp bolupdyr.

Praktikanyň üç sany esasy görnüşi bar: zähmet, ylmy synag we sosial praktika. Sosial praktika kesgitli jemgyýetçilik kadalaryny, tertibi goramaklyga ýa-da özgertmeklige niýetlenilýär. Mysal üçin, oba kethudasy obadaky märekeleriň kadaly, belli bir tertibe laýyklykda geçmegi ugrunda aladalanýar.

Akyl ýetirişde praktika birnäçe funksiýalary ýerine ýetirýär:

1. Praktika akyl ýetirişiň çeşmesidir. Zatlaryň köp häsiýetleri zähmet prosesinde açylýar. Adam zähmetde, praktiki işinde hem daşky dünýä, onuň hadysalary, prosesleri, zatlary barada bilim alýar. Alnan bilimi özüniň hyzmatyna goýmagy öwrenýär. Olaryň dogrudygyny, ýalňyşdygyny barlap görýär.

2. Praktika akyl ýetirişiň maksadydyr. Akyl ýetirişde alnan islendik bilimiň praktiki peýdasy bolmaly. Ähli ylymlaryň gazananlary soňra praktikada ulanylýar.

3. Praktika akyl ýetirişiň esasy ölçegidir. Akyl ýetirişde alnan bilimler praktikada barlanyp görülýär. Diňe praktikanyň synagyndan geçen bilimler hakykylyk statusyna eýe bolýarlar. Şu nukdaýnazardan praktika akyl ýetiriş prosesinde alnan bilimleriň esasy ölçegi diýip bolýar. Öňde goýlan maksada ýetmeklik, zerur netijäni gazanmaklyk alnan bilimiň dogrudygyna şaýatlyk edýär.

Ylmy akyl ýetirişiň praktikadan başga-da ölçegleri bar. Olaryň biri *logiki ölçegdir*. Käbir halatlarda pikiriň logiki yzygiderligini seljermek, pikir ýöretmekdäki logiki gapma-garşylyklary ýüze çykarmak hem ýalňyşlyklary, azaşmaklygy ýüze çykarmaga kömek edýär.

Jemgyýetçilik ylymlarynda *aksiologik* çemeleşme hem möhüm orun tutýar. Ylmy akyl ýetirişiň aksiologik ölçegi umumadamzat gymmatlyklaryny, jemgyýetçilik-syýasy, ahlak, estetiki ýörelgeleri hasaba almaklygy göz öňünde tutýar. Meselem, syýasy ylymlarda halkyň bähbidini goramak, sosial goraga mätäç adamlara kömek bermek we başga meseleler hasaba alynýar. Emma aksiologik ölçegiň ýeke özi ulanylmaly däldir. Logiki ölçegiň hem kä halatlarda ýalňyşlyklara getirmegi mümkin. Şonuň üçin hakykylygyň has ygtybarly ölçegi praktikadyr.

## 10.9. Ylmy akyl ýetiriş we onuň görnüşleri

Ylmy akyl ýetiriş rasional akyl ýetirişe degişlidir. Ol rasional akyl ýetirişiň bir görnüşidir. *Adamlaryň tebigat, jemgyýet, pikirlenme baradaky kanunalaýyklyga esaslanýan bilimleriniň ulgamyna ylym diýilýär.* Ylym jemgyýetçilik aňynyň ýokary görnüşidir. Ol düşünjeleriň, kanunlaryň üsti bilen dünýäni şöhlelendirýär. Ylym akyl ýetirişiň beýleki görnüşlerinden düýpli tapawutlanýar. Onuň aýratyn akyl ýetiriş obýektleri bolýar. Ol öz öňünde zatlaryň, hadysalaryň we prosesleriň düýp manysyna, kanunalaýyklaryna akyl ýetirmekligi maksat edinýär. Akyl ýetirişiň beýleki görnüşlerinde şeýle maksat goýulmaýar. Ylym öňde goýlan ylmy maksada ýetmek üçin öz usullaryny we ýörelgelerini, barlag serişdelerini we gurallaryny kemala getirýär, olary ulanýar. Ol barlagda akyl ýetirilen zatlary beýan etmek üçin aýratyn ylmy dili döredýär. Ylmy dil tebigy dilden tapawutlylykda toplanan bilimleri gysylan görnüşde, düşnükli we üýtgetmezden beýan etmegi başarýar. Ylmy akyl ýetirişde ylmy barlaglar öňden düzülen meýilnama boýunça alnyp barylýar.

Ylym ruhy önümçilik bilen baglanyşykly aýratyn işiň görnüşidir. Ol önümçiligiň dowamynda täze bilim alynýar. Şonuň üçin hem ylym akyl ýetirişiň aýratyn formasy hökmünde çykyş edýär. Ylmy akyl ýetirişi gnoseologiýanyň aýratyn şahasy bolan epistemiologiýa öwrenýär.

Häzirki döwürde ylym diýlende, birinjiden, bilim bilen bilimi toplamaklyga gönükdirilen işiň birligine, ikinjiden, jemgyýetçilik durmuşynda aýratyn orny bolan özboluşly sosial instituta düşünilýär.

Ylym sosial intitut hökmünde jemgyýetde obýektleri we prosesleri häsiýetlendirýär. Olary düşündirýär we alnan bilimlere esaslanyp, olaryň geljekde nähili boljakdygyny öňünden aýdýar.

Ylmyň funksiýalary ylmyň üýtgemegi, ösmegi bilen ösüp, üýtgäp durýarlar. Onuň funksiýalaryny şertli ýagdaýda üç topara bölmek bolýar:

1) ylmyň medeni – dünýägaraýyş funksiýasy: ol adamy, onuň dünýägaraýşyny kämilleşdirmeklige hyzmat edýär;

2) ylmyň öndüriji güýç bolup hyzmat etmek funksiýasy: ylmyň öndüriji güýje öwrülmegi bilen adamlaryň maddy hal-ýagdaýy oňatlaşýar. Onuň tebigat bilen gatnaşygy täze bir derejä çykýar. Ozallar önümçilik ylmyň ösmegine badalga beren bolsa, häzirki döwürde ylym önümçiligiň öňdebaryjy täze pudaklarynyň açylmagyna sebäp bolýar;

3) ylmyň sosial güýje öwrülmek funksiýasy: häzirki zaman dünýäsinde ylym jemgyýetdäki meseleleri çözmekligiň, jemgyýetde özgertmeleri geçirmekligiň zerur guralyna öwrülýär. Aýratyn hem ykdysady ylymlaryň, syýasaty öwrenişiň, sosiologiýanyň, psihologiýanyň we ş.m. jemgyýetde, durmuşda ähmiýeti has artýar.

Häzirki zaman dünýäsinde ylmyň ähmiýeti örän ýokarlandy. Ylym adamyň ýaşaýan, gatnaşyk edýän çäginden çykyp, älem giňişligine aralaşdy. Onuň jemgyýetiň durmuşyndaky ähmiýetem artdy. Çünki häzirki döwürde ylymdan daşarda jemgyýetiň ösüşini, adamlaryň maddy hal-ýagdaýynyň oňatlaşmagyny göz öňüne getirmek mümkin däl. Bu ýagdaý jemgyýetde ylma bolan iki sany gapma-garşylykly garaýşyň döremegine sebäp boldy. Ol garaýyşlaryň biri *ssientizm* beýlekisi hem *antissientizmdir*. Ssientizmiň (latynça *scientia* – ylym) wekilleri ylma ähli meseleleriň, şol sanda sosial meseleleriň hem çözgüdi hökmünde seredýärler. Olar adamzadyň durmuşynyň ähli ýerlerine ylmy ornaşdyrmaklygy teklip edýärler. Olar ylym hökmünde diňe tebigy ylymlary ykrar edip, sosial ylymlara kembaha garaýarlar ýa-da olary ylym hasaplamaýarlar.

Ssientizmiň gülläp ösýän döwründe antissientizm döreýär. Onuň wekilleri ssientizme garşy çykýarlar. Olaryň pikiriçe, ylym sosial progresi amal edip, jemgyýetdäki köp sanly ýetmezçilikleri we kynçylyklary çözüp bilmeýär. Onuň mümkinçilikleri gaty çäkli. Ylym adamzadyň dosty däl-de duşmanydyr. Ol jemgyýetiň ösüşine, tebigata zarba urýar. Ol medeniýeti opurýar. Ylmyň gazananlaryna esaslanýan ýaraglanyşyk bolsa ähli jandarlary ýok etmäge ukyplydyr.

Ylma bolan iki garaýşyň her haýsysynda-da hakykylyk bar. Ylmyň sosial meseleleri çözmekdäki mümkinçilikleri gaty uludyr. Ýöne onuň gözegçilikden çykan ýagdaýdaky ýykyjylyk, ýumrujylyk güýjünem inkär etmek bolmaz. Şonuň üçin ylymlarda öňe sürülýän pikirleri absolýutlaşdyrmakdan gaça durulýar.

Ylmy akyl ýetiriş hemişe ösýän, üsti ýetirilýän ulgamdyr. Onuň çylşyrymly gurluşy bar. Onuň düzümini ýygnanan maglumatlar, ol maglumatlaryň düşünjelerde umumylaşdyrylmasy we aňladylmasy, ylmy meseleler, delillere esaslanýan ylmy çaklamalar – gipotezalar, hadysalaryň, zatlaryň ösüşini, üýtgeýşini, özara gatnaşygyny amal edýän kanunlar, ýörelgeler we teoriýalar, metodlar ýaly düzüm bölekler emele getirýär.

Ylym özara baglanyşykly we täsirli iki derejeden – empiriki we nazary-teoretiki derejelerden ybaratdyr. Olar biri-birleriniň üstüni dolýarlar. Ýöne olaryň arasynda düýpli tapawut bar. Olaryň barlag predmetleri aýrydyr. Empiriki-tejribe akyl ýetiriş zatlaryň, prosesleriň daşky häsiýetlerini – hadysalary öwrenýär. Teoretiki-nazary akyl ýetiriş bolsa olaryň düýp manysyny öwrenýär. Olaryň akyl ýetiriş serişdeleri, gurallary, metodlary başgadyr. Empiriki derejede, esasan, syn etmek, synag ulanylsa, nazary derejede ulgamlaýyn çemeleşmek, ideallaşdyrmak köp ulanylýar. Nazary derejede alnan bilim zatlaryň düýp manysyna degişli baglanyşyklary açýar.

Islendik ylmy barlag maglumatlary ýygnamakdan, ulgama salmakdan we umumylaşdyrmakdan başlanýar. Ylym üçin iňňän zerur bolan ylmy maglumatlaryň çeşmesi syn etmek we synagdyr. Ylmy maglumatlar ylmyň binýadydyr. Olar ylmyň empiriki esasyny kemala getirýärler.

## 10.10. Empiriki akyl ýetiriş

Ylmy akyl ýetirişiň öşüşiniň iki derejesi tapawutlandyrylýar. Olaryň birinjisine empiriki (grekçe *empeiris* – tejribe) akyl ýetiriş, ikinjisine bolsa teoretiki akyl ýetiriş diýilýär. Empiriki akyl ýetirişde öwrenilýän obýektler ylmy taýdan synlanylýar, Ýüze çykarylan maglumatlar ýazyp beýan edilýär. Olar deňeşdirilýär, ölçenilýär, synagdan geçirilýär. Onda ylmyň mundan beýläkki ösüşi üçin iňňän

zerur bolan ylmy deliller – maglumatlar ýüze çykarylýar, toplanýar, ulgamlaşdyrylýar we ýazyp beýän edilýär.

Ylmyň empiriki derejesinde duýmaklyk, kabul etmeklik agdyklyk edýär we köplenç obýektiň daşky baglanyşyklaryna, gatnaşyklaryna akyl ýetirilýär. Empiriki akyl ýetirişiň gidişinde bilimiň aýratyn formasy bolan ylmy delil – maglumat alynýar. Delil – maglumat ylmy synlamanyň we abstrakt pikirlenmäniň, şonuň ýaly-da ylmy synagyň beren maglumatlarynyň oýlanyşykly seljerilmeginiň netijesi hökmünde ýüze çykýar.

Ylmy maglumat (latynça maglumat – amala aşyrylan, ýüze çykarylan), delil filosofiýada obýektiw barlyga ýa-da reallyga, aňa ýa-da akyl ýetiriş gurşawyna degişli bolan hakykat, obýektiw wakalar, netijeler, gerek ylmy synlamanyň we ylmy synagyň netijesinde alnan empiriki bilim hökmünde çykyş edýär.

Bilimleriň anyk ulgamynyň logik gurluşyna goşulanda maglumat ylmylyk häsiýetine eýe bolýar. Şeýle goşulmada ylmy maglumat, delil bellige alynýar hem-de teswirlenilýär. Ylmy akyl ýetirişde maglumatlaryň toplumy ylmy çaklamalary öňe sürmekde we teoriýalary döretmekde empiriki esas bolup hyzmat edýär. Ylmy maglumatyň teswirlenilmegi teoriýa daýanýar. Emma onuň emele gelmeginiň, teswirlenmeginiň esasy diňe teoriýa bagly däldir. Ylmy maglumatyň esasyny ilki bilen hakykat düzýär. Sebäbi ylmy maglumatda hakykatyň zatlary, hadysalary, prosesleri şöhlelenýär.

Maglumatlar täze teoretiki bilimleriň döremegine badalga berýär. Esaslandyrylan we dogry teoretiki bilimler bolsa has täze maglumatlaryň emele gelmegine, olaryň esasynda ylmy açyşyň edilmegine sebäp bolýar.

Teoriýalaryň barlanyşynda, tassyklanylyşynda we inkär edilişinde maglumatlara uly orun degişlidir. Ylmy teoriýalar maglumatlara laýyk gelmelidir. Teoriýanyň maglumatlar bilen laýyk gelmezligi onuň düýpli ýetmezçiligidir, teoriýa bilen maglumatyň arasynda gapma-garşylyklaryň bardygydyr. Olar teoriýanyň ösüşinde ýa-da synag enjamlarynyň kämilleşdirilmegi netijesinde ylma girizilip ýa-da aradan aýrylyp bilner.

Empiriki derňew barlagçynyň öwrenýän obýekti bilen gönüden-göni özara täsirine esaslanýar. Täze obýekt öwrenilende barlagçy-

nyň belli bir wagtda täze predmet ýa-da mesele bilen «öwrenişmegi» zerur. Empiriki akyl ýetiriş derejesinde bolup geçýän «öwrenişmekden» soň teoretiki derejede çözgüt bolup geçýär. Mysal üçin, himiki elementleriň periodik kanunyny uzak wagtlap gözlän Mendeleýew öwrenýän meselesi bilen şeýle bir öwrenişipdir welin, oňa gözlegiň çözgüdi düýşünde aýan bolupdyr.

## 10.11. Teoretiki akyl ýetiriş

Teoretiki akyl ýetirişiň häsiýetli aýratynlygy empiriki akyl ýetirişiň toplan maglumatlaryny seljermekden we umumylaşdyrmakdan, şonuň esasynda öwrenilýän obýektiň düýp manysyny, onuň içki kanunlaryny açmakdan ybaratdyr. Ol akyl ýetiriş prosesini, onuň görnüşlerini, usullaryny, tärlerini, düşünjelerini hem öwrenýär. Teoretiki akyl ýetirişiň esasy düzüm bölegi abstrakt pikirlenmedir. Abstrakt pikirlenmäniň düşünje, pikirýöretme, pikir netijesi atly üç sany esasy formasy bar.

*Düşünje pikirlenmäniň, zatlaryň we hadysalaryň umumy we düýpli sypatlaryny, alamatlaryny aňladýan görnüşidir.* Düşünjeler aýratyn söz bilen ýa-da sözler topary, meselem, adam, ösümlik, üçburçluk, parallel göni çyzyklar we ş.m. bilen aňladylýar. Olar empiriki barlaglaryň, duýgulaýyn synlamagyň maglumatlary esasynda ýüze çykýar. Emma düşünjeler diňe bir zada degişli däldir. Olar zatlaryň umumy, meňzeş we tapawutly sypatlaryny hem şöhlelendirýärler.

Her bir ylymda düşünjeleriň tutuş ulgamy bar. Meselem, fizikada elektron, proton, atom, massa, energiýa ýaly ylmy düşünjeler bar. Olaryň kömegi bilen ylmyň açýan kanunlary beýan edilýär. Düşünjeleriň kömegi bilen ylym bolup geçýän üýtgemeleriň sebäbini, olaryň düýp manysyny düşündirýär, ol üýtgemelere getirýän kanunlary açyp görkezýär.

Düşünjeler hakykata akyl ýetirmegiň serişdesi bolup hyzmat edýärler. Olar pikirlenmäniň ikinji formasy bolan pikir ýöretmäniň düzüm bölekleridir. Pikir ýöretmäniň manydaş adalgasy degşirmedir. Pikir ýöretmede zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň arasyndaky baglanyşyklar, gatnaşyklar, kanunlary açylyp görkezilýär. Meselem, madda çalşygy janly tebigatyň esasy kanunydyr diýen pikir ýöretmede ähli janly bedeniň daşky dünýä bilen birsyhly we düýpli baglanyşygy açylyp görkezilýär, janly tebigatyň esasy obýektiw kanuny teswirlenýär.

*Bir ýa-da birnäçe pikir ýöretmeler esasynda täze ylmy netije çykarmaga hyzmat edýän pikirlenmäniň formasyna akyl netijesi diýilýär.* Akyl netijäniň kömegi bilen haýsydyr bir düzgüniň hakykylygy ýa-da hakyky däldigi esaslandyrylýar, subut edilýär. Anyklanan delillere düşündiriş berilýär. Tebigatyň we jemgyýetiň akyl ýetirilen kanunlary ylmy taýdan öňdengörmeleri amala aşyrmaga ýol açýar.

Teoretik akyl ýetirişiň ylmy mesele, çaklama, teoriýa ýaly formalary hem bar.

*Ylmy mesele.* Ylmy akyl ýetirişiň başlangyç basgançagy ylmy meseläni goýmakdyr. Ylmy mesele diýlende entek belli bolmadyk, ýöne aňlanylýan bilimi duýmaklyga, syzmaklyga düşünilýär. *Ylmy mesele – bu täze alynjak, ýöne entek mälim bolmadyk bilimi duýmakdyr, syzmakdyr.* Ylmy mesele ylmy akyl ýetirişiň möhüm basgançagydyr. Sebäbi, ylmy meseläni goýmaklyk ylmy barlagyň, ylmy gözlegiň başlanandygyny aňladýar. Ylmy mesele goýlanda näme islenýänine we nähili soraglara jogap gözlenýänine oňat düşünmek gerek. Mesele goýlanda şol mesele barada belli bolan bilimler bilen gözlenilýän jogaplaryň, başgaça aýdanda bilmek bilen bilmezligiň arasyndaky çäge aň ýetirmek zerur.

Ylmy meseläniň çözülmegi jemgyýet üçin zerurlykdyr. Meselem, häzirki zamanyň hemmetaraplaýyn meseleleri dine bir jemgyýetiň däl, eýsem ylmyň hem geljekde çözgüdini tapmaly iňňän derwaýys meseleleridir. Ylmy meseläniň iki esasy basgançagy bolýar. Olaryň birinjisi meseläniň çözmek zerurlygynyň esaslandyrylmagydyr, ikinjisi bolsa meseläniň çözgüdiniň tapylmagydyr.

*Ylmy gipoteza.* Ylmy çaklama – gipoteza teoretiki bilimiň görnüşidir. Ol meseläni çözmegiň barşynda ýüze çykýar. Gipotezanyň esasy maksady ylmy meseläni çözmek we ol hakynda täze bilim almakdyr. *Ylmy gipoteza – bu maglumatlar esasynda dörän, entek ýeterlik öwrenilmedik, hadysanyň mazmunyna aralaşmagyna gönükdirilen pikir netijesini çykarmadyr.* Ol mundan beýläk öwrenilip, subut edilmeli meseledir.

Gipoteza barlanýan obýektiň düýp manysy, onuň aýratyn taraplary barada anyk ylmy maglumatlaryň ýetmedik wagtynda öňe sürülýär. Gipotezanyň esasynda ylmy delilleriň bolmadyk ýerinde, täze alynjak bolýan bilimiň köne bilimlere daýanmadyk ýerinde yl-

mylyk hakynda gürrüň edip bolmaýar. Maglumatlar tebigatdaky, taryhdaky, medeniýetdäki, durmuşdaky bolan zatlardyr, hadysalardyr, wakalardyr. Başgaça aýdanda, maglumat adamyň aňynda haýsy-da bolsa bir zadyň, hadysanyň, häsiýetiň, gatnaşygyň şöhlelenmesi bolup ýüze çykýar. Albert Eýnşteýniň aýdyşyna görä, ylym maglumatlardan başlanýar we maglumatlar bilen tamamlanýar.

Gipoteza tarapyndan öňe sürlen pikir diňe subut edilenden, barlagdan geçenden soň anyk bilime öwrülýär. Onuň dogrudygy ýa-da nädogrudygy, köplenç ýagdaýda, praktika ýa-da tejribe tarapyndan barlanylýar. Tejribede barlamaklygyň barşynda gipotezalaryň bir bölegi hakyky ylmy teoriýa öwrülýär, beýleki bir bölegi üýtgedilýär, anyklaşdyrylýar, käbirleriniň ýalňyşlygyna göz ýetirilip, meseläniň düzüminden aýrylýar. Meselem, belli fizik Lude Broýlyň elementar bölejikleriň korpuskulýar we tolkun häsiýetleriniň bardygy baradaky çaklamasy soňky tejribe we ylmy-logiki barlaglar arkaly subut edilip, ylmy teoriýa öwrüldi. Emma «flogiston», «teplorod», «efir» baradaky çaklamalar ýalňyş düşünjeler hökmünde ylmyň gün tertibinden aýryldy.

*Teoriýa.* Gipotezanyň tassyklanmagy bilen teoriýa döreýär. Ýöne gipotezadan tapawutlylykda teoriýa ähtimal bilime däl-de, anyk, dogry bilime esaslanýar. *Ylmy teoriýa – bu hadysalar barada toplanan bilimleriň içindäki kanunalaýyklyga esaslanýan ulgamlaýyn bilimdir.* Otnositellik teoriýasy, kwant teoriýasy, döwlet we hukuk teoriýasy we beýlekiler teoriýalara mysal bolup biler.

Eýnşteýniň pikirine görä, islendik ylmy teoriýa şu aşakdaky talaplara laýyk gelmelidir: a) tejribäniň maglumatlaryna ters gelmeli däldir; b) bar bolan tejribäniň maglumatlary esasynda barlanyp görülmegi mümkin bolmalydyr; ç) esasy düşünjeler logiki taýdan esaslandyrylmalydyr; d) esasy düzgünler sazlaşykly bolmalydyr; e) tejribede giňden ulanar ýaly bolmalydyr; f) täze, has umumy teoriýany döretmegiň ýoluny görkezmelidir.

Ylmy teoriýa anyk zat ýa-da özara berk baglanyşykly anyk hadysalar topary baradaky bilimdir. Teoriýa maglumatlara, delillere düşündiriş bermeýär. Teoriýa olaryň işleýşiniň we ösüşiniň kanunalaýyklygyny açýar. Onuň kanunalaýyklaryna esaslanyp, geljekde bolup biläýjek zatlar barada habar berip bolýar. Teoriýada öňe sürülýän pikirleriň ylmy esasy bar. Ol pikirler subutnamalara we kanunalaýyklyklara esaslanýar.

Täze maglumatlaryň, ideýalaryň, ýörelgeleriň goşulmagy bilen teoriýanyň üýtgemegi, ondaky käbir düzgünleriň anyklanmagy, olara gaýtadan seredilmegi mümkin. Praktikadan tapawutlylykda teoriýa ruhy hadysadyr. Teoriýa barlygyň şöhlelenmeginiň bir, onda-da ýokary görnüşidir. Teoriýa bilen praktika baglanyşyklydyr. Teoriýanyň dogrydygynyň ahyrky ölçegi hem praktikadyr.

## 10.12. Ylmy akyl ýetirişiň metody, metodikasy we metodologiýasy

Akyl ýetirişiň islendik görnüşinde bolşy ýaly, ylmy akyl ýetirişiň hem ulanýan usullary bar. Olaryň häsiýetli alamatlaryny, görnüşlerini seljermezden ozal metod, netodologiýa, metodika düşünjelerine seredip geçeliň.

Metod adalgasy grekleriň «metodos» diýen sözünden gelip çykyp, has giň manyda haýsydyr bir zada barýan ýol diýmekligi aňladýar. Metod düşünjesi diňe bir akyl ýetirmeklikde ulanylman, eýsem adamyň daşky dünýä bilen gatnaşygynyň islendik görnüşinde ulanylýar. Şu nukdaýnazardan ol täsir etmekligiň, gatnaşmagyň, öwrenmekligiň, öwretmekligiň, özleşdirmekligiň, ýasamaklygyň usuly diýen manyda çykyş edýär.

Metod meselesi ylymda gadymy döwürlerden bäri üns berilýän esasy meseleleriň biri hasaplanýar. F. Bekon metody garaňky gijede ýolagçynyň ýoluny ýagtyldýan çyra bilen deňeşdiripdir. Onuň pikiriçe, islendik meseläni nädogry usul arkaly öwrenip, dogry netije gazanyp bolmaýar. Dogry, hakykata laýyk gelýän netije gazanmak üçin ilki bilen oňa eltýän dogry usuly tapmaly. Ylymlaryň islendik görnüşinde metodlaryň biri däl-de ençemesi ulanylýar. Ýöne olaryň haýsy-da bolsa bіriniň esasy hasaplanmagy mümkin.

*Akyl ýetirişde, işde we hereketde ulanylýan kesgitli düzgünleriň, tärleriň, emelleriň jemine metod diýilýär.* Ol ýörelgeler, talaplar, görkezmeler ulgamyndan durýar. Metodlar akyl ýetirişde, işde, döredijilikde, gatnaşykda we ş.m. öňde goýlan maksada ýetmeklige kömek edýär. Metod maksada ýetmegiň ýeňil, aňsat, iň esasy-da dogry ýoluny görkezýär. Dogry saýlanan metod wagty we serişdäni tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Ylmyň metodlary birnäçe görnüşe bölünýärler. Akyl ýetiriş prosesinde tutýan orny we ähmiýeti bilen baglylykda formal we mazmuny, empiriki we teoretiki barlag we beýan ediş metodlary ýaly metodlary tapawutlandyrylýar. Öwrenýän obýektleri bilen baglylykda tebigat ylymlarynyň we jemgyýetçilik ylymlarynyň metodlary tapawutlandyrylýar. Olar hem dürli görnüşlere bölünýärler. Mysal üçin, tebigat ylymlarynda janly we jansyz tebigaty öwrenýän ylymlaryň metodlarynda düýpli tapawutlar bar.

Ylymda takyk ýa-da ýörite metodlar we umumy ýa-da filosofik metodlar tapawutlandyrylýar.

Takyk ýa-da ýörite metodlar haýsy bolsa bir ylymda ýa-da gaty ýakyn ylymlarda ulanylýarlar. Arheologiýanyň, fizikanyň, himiýanyň, anatomiýanyň, zoologiýanyň, botanikanyň we başga ylymlaryň hersiniň öz usullary bar. Meselem, botanikada ösümlikleri biri-birine sapmak usuly ulanylýar, arheologiýada gazuw-agtaryş usuly giň ýaýran.

Umumy ýa-da filosofik metodlar ol ýa-da beýleki derejede ähli ylymlarda ulanylýar. Olar takyk we tebigy ylymlara geçirýän ylmy barlaglarynda umumy ýol görkeziji bolup çykyş edýärler.

*Ylymda, işde, hereketde usullardan, metodlardan peýdalanmaklygyň tilsimine metodika diýilýär.* Metodika ylmy barlagyň subýektiniň ussatlygyny kesgitleýän esasy görkezijileriň biridir.

Metodologiýa iki manyda düşünilýär. Birini manyda metodologiýa düşünjesi işiň, hereketiň haýsydyr bir görnüşinde ulanylýan ýörelgeleriň, düzgünleriň kesgitli ulgamyny aňladýar. Ikinji manyda metodologiýa – bu metodlar hakyndaky ylymdyr.

Ylmy akyl ýetirişiň empiriki we teoretiki derejesi bardyr. Ylmy akyl ýetirişiň empiriki derejesi tejribe esasynda alynýan bilimlerden durýar. Ylmy akyl ýetirişiň teoretiki derejesi has ýokary umumylaşdyrma bilen baglanyşyklydyr.

## 10.13. Empiriki akyl ýetirişiň metodlary

Syn etmek, ölçemek, eksperiment we ýazyp beýan etmek empiriki akyl ýetirişiň ählumumy metodlary hökmünde çykyş edýärler.

*Syn etmek.* Empiriki akyl ýetirişiň gadymy we esasy usullarynyň biri syn etmekdir. *Belli bir maksada gönükdirilen janly synlama,*

*duýgulaýyn beýnä ornaşdyrma syn etmek diýilýär.* Mysal üçin, botanik ösümligiň ösüşine syn edip, onuň aýratynlyklaryny ýüze çykarýar hem-de ýaşaýşynyň kanunalaýyklaryny açýar. Syn etmekde gurallaryň, enjamlaryň ulanylmaklygy hem mümkin. Olar adamyň duýgy agzalarynyň çäkliliginiň üstüni doldurýar. Meselem, mikroskoplaryň, şol sanda elektron mikroskoplaryň ulanylmagy barlagça adama görünmeýän mikrodünýä aralaşmaga mümkinçilik berýär. Teleskoplaryň, aýratyn hem radioteleskoplaryň ulanylmagy adamyň megadünýäniň hadysalaryna syn etmegine mümkinçilik döredýär.

*Ýazyp beýan etmek metody.* Ýazyp beýan etmek metody syn etmegiň dowamyna meňzeşdir. Ol barlanylýan obýektde bolup geçýän ähli üýtgeşmeleri, täzelikleri, maglumatlary ýazmaklygy, bellemekligi göz öňüne tutýar. Ylmy barlagda alnan maglumatlar barlag döwründe ýazga, çyzga, jedwellere, belliklere geçirilýär. Bu ýagdaý soňlugy bilen alnan maglumatlary üýtgetmezden özleşdirmek, seljermek, umumylaşdyrmak ýaly işleri ýeňilleşdirýär. Ýazyp beýan etmek tebigy diliň däl-de berk logiki gurluşy bilen tapawutlanýan emeli diliň esasynda amal edilýär.

*Synag etmek – eksperiment* (latynça *eksperiment* – tejribe) obýekti öwrenmekligiň bir usulydyr. Ol hem syn etmege meňzeşdir. Ýöne synagda öwrenilýän obýekt üçin şertler emeli ýol bilen döredilýär. *Obýektiň belli bir häsiýetlerini ýüze çykarmak üçin ýörite şertler döretmek arkaly adamyň oňa täsir etmegine synag diýilýär.* Synag etmek usuly Täze döwürde has köp ulanylyp başlanýar. Onuň ulanylyşy U. Gilbert, G. Galileý ýaly alymlaryň ady bilen baglanyşyklydyr. Häzirki zaman ylmynda synag etmäniň dürli görnüşlerini ulanýar. Meselem, düýpleýin barlaglarda hil synagy, öwrenilýän obýektiň mukdar häsiýetlerini ýüze çykarmaklyga niýetlenen ölçeýji synaglar, pikirdäki synaglar giňden ulanylýar. XX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap, sosial synaglar jemgyýeti öwrenmeklige hem ornaşdyrylyp ugrady.

## 10.14. Teoretiki akyl ýetirişiň metodlary

*Ideallaşdyrma.* Teoretiki akyl ýetirişiň möhüm usullarynyň biri ideallaşdyrmadyr. *Ideallaşdyrma usuly hakykatda, durmuşda ýok, bolmagy hem mümkin däl obýektleriň pikirlenmek arkaly ideal*

*görnüşiniň döredilmegini aňladýar.* Adam obýektiw dünýäniň kanunlaryny öwrenip, tebigatda we jemgyýetde ýok obýektler baradaky düşünjeleri öz pikir-hyýalynda döretmäge ukyplydyr. Mysal üçin, nokat, göni çyzyk, tegelek, absolýut, gaty jisim ýaly düşünjeler ideallaşdyrma netijesinde döredilen düşünjelerdir. Ideallaşdyrma netijesinde döredilen şeýle düşünjelere ideallaşdyrylan obýekt diýilýär. Ideallaşdyrylan obýektler dürli teoretiki shemalaryň we logik modelleriň elementi hökmünde ulanylýar we geçmişde bolan, häzirki döwürde bolýan ýa-da geljekde bolmagy mümkin obýektleri ylmy taýdan öwrenmekde ulanylýar.

*Formallaşdyrma.* Ol ylmyň ähli pudaklarynda hem belli bir derejede ulanylýar. Emma, formallaşdyrma matematikada, logikada, kibernetikada, fizikada, himiýada we ş.m. has giňden ulanylýar. Zatlaryň görnüşleri, belli bir derejede mazmuny hem şertli belgilerde, nyşanlarda, matematiki, himiki, fiziki formulalarda we ş.m. bolýarlar. Şonda sypatlar, alamatlar örän takyk aňladylýar. Meselem, maddy dilde «suw» düşünjesi dürli manyda (gaýnan suw, doňan suw, hapa suw we ş.m.) ulanylyp bilýär. Emma himiki belgide $H_2O$ diňe bir manyda ulanylýar. *Öwrenilýän obýektleriň, zatlaryň mazmunyndan ünsüňi sowup, esasan, olaryň formalarynyň, görnüşleriniň umumylaşdyrylmagyna formallaşdyrma diýilýär.*

Formalaşdyrma usuly ylmyň birnäçe pudagynda giňden ulanylýan bolsa-da, onuň formal belgileriniň mazmunyna düşündiriş bermeli bolýar. Formalaşdyrma usuly öwrenilýän obýektleriň mazmunyna çuňňur düşünmäge ýardam edýär.

*Analiz hem-de sintez. Akyl ýetiriş prosesinde adamyň öwrenmek maksady bilen zady, hadysany real ýa-da aň derejesinde böleklere bölmegine analiz diýilýär Analiz wagtynda böleklere bölünen zadyň elementleriniň goşulmagy sintezdir.* Meselem, adam agaja seredip, ony kök, sütün, şaha, pudak, ýaprak ýaly böleklere öz pikirinde bölýär. Analiz hem-de sintez adamyň işinde gadym wagtdan bäri ulanylýar. Meselem, geýim tikmek üçin adam matany, derini böleklere bölýär. Şoňra şol bölekleri birleşdirýär. Dutar ussasynyň tut agajyny taýýarlandan soň, dutary ýasamak üçin agajy böleklere bölmegi, soňra olary ýelimläp, dutar bejermegem analize we sinteze mysaldyr.

Analiziň ýene bir formasy zatlaryň umumy häsiýetlerini ýüze çykarmak ýa-da zatlaryň arasyndaky gatnaşyklary seljermekdir. Şeýlelikde zatlaryň häsiýetleri, zatlaryň arasyndaky gatnaşyklar barada umumy hem-de ýönekeý düşünjeler döreýär.

Zatlary, hadysalary görnüşlere bölmek, şol görnüşleri ýene kiçiräk toparlara bölmek hem analiziň görnüşidir. Şeýle analize *klassifikasiýa* diýilýär. Meselem, ösümlikler, haýwanlar dürli görnüşlere, maşgalalara bölünýär.

*Modelirleme.* Haýsydyr bir hadysany ýa-da zady gös-göni öwrenmek mümkin bolmadyk halatynda onuň logiki ýa-da maddy modeli döredilýär we ol şonuň üsti bilen öwrenilýär. *Öwrenilýän zady tebigy ýa-da emeli, logiki nusgalar arkaly öwrenmeklige modelirleme diýilýär.* Öwrenilýän zadyň möhüm aýratynlyklaryny görkezýän, olaryň hakyky nusgasy bolan islendik zat model bolup biler. Eger-de asyl nusga bilen modeliň tebigaty birmeňzeş bolsa, oňa fiziki modelirleme diýilýär. Asyl nusganyň modeli matematik deňlemeler arkaly beýan edilýän bolsa, onda oňa matematik modelirleme diýilýär. Modeli öwrenmek netijesinde alnan maglumatlar soňra asyl nusga degişli edilip ulanylýar. Munuň özi asyl nusgany gös-göni öwrenip bolmadyk halatynda, onuň häsiýetli aýratynlyklaryna, düýp manysyna, obýektiw kanunlaryna akyl ýetirmek üçin uly ähmiýete eýedir.

*Deňeşdirme.* Ylymda deňeşdirme metody hem giň ulanylýar. Deňeşdirme iň gadymy ylmy metodlaryň hataryna girýär. Deňeşdirme metodynyň kömegi bilen öwrenilýän obýektleriň beýleki obýektler bilen meňzeşlikleri we tapawutlary ýüze çykarylýar.

*Induksiýa hem-de deduksiýa. Induksiýa – bu aýry-aýry zatlary synlamakdan umumy netije çykarmakdyr.* Meselem, materiýanyň bir formasyndan başga formasyna geçilende hiç zadyň ýok bolmaýandygyny köp maglumatlar arkaly synlamak bilen fizikler energiýanyň saklanmak we öwrülmek kanunyny açdylar.

*Deduksiýa bolsa umumy zatdan aýratyn zada tarap akyl ýetirmekdir.* Meselem, Mendeleýewiň periodik tablisasynyň kömegi bilen islendik elementiň köp häsiýetlerini kesgitläp bolýar. Deduktiw usul, adatça, empiriki maglumat toplanandan hem-de teoretiki işlenenden soňra ony ulgamlaşdyrmak üçin ulanylýar.

*Abstraktlylykdan takyk zada barmak metody. Barlag geçirende zadyň päsgel berýän taraplarynyň pikirde aýrylyp taşlanmagyna abstraktlaşdyrma diýilýär*. Ylmyň esasy düşünjeleri abstraktlaşdyrma netijesinde ýüze çykýar.

*Takyklyk metody. Abstraktlaşdyrma wagtynda ýüze çykan düşünjeleri bir bütewi zada birleşdirmeklige takyklyk metody diýilýär.* Abstraktlyk predmetiň hemme häsiýetlerini öz içine almaýar. Şonuň üçin ol takyk zatdan garyp hasaplanýar.

*Analogiýa metody. Analogiýa – bu meňzeş däl obýektleriň käbir gabat gelýän taraplaryny, häsiýetlerini kesgitlemekdir*. Meselem, №1 obýektiň käbir taraplary №2 obýektde, №2 obýektiň käbir taraplary № 3 obýektde bar bolsa, onda №1 obýektiň käbir taraplarynyň № 3 obýektde bolmaklygy mümkin. Analogiýa usuly ylmyň ösüşiniň has irki döwürlerinde ulanylyp başlaýar. Ilki döwlet adamyň organizmi bilen deňeşdirilýärdi. Mehaniki döwürde organizm sagat mehanizmine meňzedilýärdi.

*Taryhy hem-de logiki metodlar.* Akyl ýetirişiň taryhy we logiki metodlarynyň esasy obýektiň ösüşiniň real taryhydyr hem-de şu ösüşiň kesgitleýji meýilidir. Meselem, adamzat jemgyýetiniň geçmişi köp halklaryň ýaşaýşynyň, ösüşiniň taryhyny öz içine alýar. Her bir halkyň öz başdan geçiren wakalary, psihologik aýratynlyklary, medeni, durmuş, dil aýratynlyklary, däpleri, dessurlary bar. Emma umumy zatlar hem bar. Ähli ýurtlarda jemgyýetçilik durmuşy ykdysadyýet, sosial gurluş, syýasy ulgam, medeniýet ýaly şahalara bölünýär.

Teoretiki akyl ýetirmegiň iň çylşyrymly we ösen usuly *metateoriýadyr* (grekçe meta – soňky, teoriýa – teoriýa). *Metateoriýa – bu teoriýanyň özi baradaky teoriýadyr*. Metateoriýa we metaylymlar XX asyrda döredi we ösdi. Metateoriýa ylmy teoriýalaryň düzümini, olary formulirlemegiň usullaryny we ösüş ýollaryny öwrenýär. Metateoriýa ylmyň dürli pudaklarynda, ylaýta-da formal logikada, matematik logikada giňden ulanylýar. Metateoriýa teoriýanyň mazmunyny däl-de, esasan, görnüşini öwrenýär. Bir ýa-da birnäçe dogry teoriýadan, aksiomalardan täze teoriýa almagyň ýollaryny öwrenýär. Häzirki döwür üçin dürli teoriýalaryň integrasiýasy, birleşdirilen teoriýalaryň döredilmegi häsiýetlidir. Bu bolsa metateoriýalary ösdürmegi talap edýär.

## 10.15. Paýhasyň döredijilik işjeňligi

Akyl ýetiriş prosesinde adam dünýä baradaky bilimini artdyrýar, dünýäniň kanunalaýyklyklaryna göz ýetirýär. Ol kanunalaýyklyklary öz peýdasyna ulanmaklyga çalyşýar. Ol toplan bilimlerine daýanmak arkaly dünýäni üýtgedýär, özgerdýär. Adam akyl ýetirişde toplan bilimleriniň kömegi bilen jemgyýet diýlip atlandyrylýan ikinji bir emeli dünýäni döredýär. Jemgyýetdäki maddy we ruhy gymmatlyklar adam aňynyň, dünýä akyl ýetirmegiň we ony üýtgetmegiň, döredijiliginiň önümidir.

Akyl ýetirişiň özi bolan praktik iş we onda alynýan netijeler hem döredijilik häsiýetlidir. Umumylykda alanda, adamyň aňy we akyl ýetirişi bilen baglanyşykly täzeçillige eýe bolan islendik iş we onuň netijesi döredijilikli häsiýete eýedir. *Adamyň gaýtalanmaýan we özboluşly häsiýetli maddy we ruhy gymmatlyklary döretmeklige gönükdirilen maksatly işine döredijilik diýilýär.* Adam döredijilik prosesinde zatlaryň täze häsiýetlerini, kanunalaýyklaryny açýar, tehnikanyň we tehnologiýalaryň täze görnüşlerini we ş.m. döredýär.

Döredijilik dünýäsi edil ruhy we praktiki iş ýaly köpdürlüdir. Täzeçillik we täzelik adamlaryň akyl ýetiriş, teoretiki we üýtgedip gurujylyk, praktik işiniň, tutuş adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň iň zerur taraplarynyň biridir.

Döredijiligiň gündelik-adaty döredijilik, mifologik döredijilik, dini döredijilik, ylmy döredijilik, şekillendiriş, çeper döredijilik, syýasy döredijilik, filosofik döredijilik ýaly görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Döredijiligiň we döredijilik işiniň esasynda jemgyýetçilik bähbitleri bar. Ylmy akyl ýetiriş bilen adamlaryň praktiki işiniň arasynda döreýän garşylygyň çözlüşi bar bolan bilimler gorunyň we tehnikanyň ýeten derejesiniň çäginden çykmaga kömek berýär. Şu nukdaýnazardan jemgyýetçilik bähbitleri döredijiliň ösmegine ýardam berýär. Mysal üçin, tehnikanyň we tehnologiýanyň ösmegi bilen adamzat jemgyýetiniň daşky gurşawa edýän täsiri güýjeýär. Adamyň zähmet öndürijiliginiň artmagy bilen daşky gurşawyň işinde näsazlyklar ýüze çykyp başlaýar. Onuň zaýalanmasy bolup geçýär. Netijede, daşky gurşawyň zaýalanmagyna sebäp bolan jemgyýetde şol gurşawy goramaklyga niýetlenen ekologiýa ylmy döreýär.

*Adamyň döredijilik güýjüniň ösüşiniň esasy şertleri.* Adamyň döredijilik güýjüniň ösmeginiň birinji şerti – bu jemgyýetde we her adamda toplanan bilim gorudyr. Bilim gory tebigatda, jemgyýetde we her bir adamyň durmuşynda bar bolan hem-de bolup biläýjek meseleleri görmäge we olary çözmäge esas bolýar.

Ikinji şert – adamlaryň arasynda döredijilik jedeliniň, pikir alyşmalarynyň tankydynyň we pikir çaknyşmalarynyň we ş.m. bolmagy. Hakykata monopolizm bilen ylmy döredijilik bir gazanda ýerleşmeýän iki goçuň kellesidir. Ol monopolizm döredijiligi galyba salyp, onuň ösmeginde, kämilleşmeginde düýpli kynçylyklary döredýär. Döredijilik galyby, gözükdirmeleri halamaýar. Erkinlige esaslanýan döredijilik has oňat ösýär.

Üçinji şert – adamlarda döredijilik bilen meşgullanmak üçin zerur bolan başarnyklary ösdürmeli. Başarnyklaryň döredijiligiň ösmegindäki orny örän uludyr. Mysal üçin, hyýalkeşlik, umumylaşdyrmak, hyýal etmek fantaziýa, pikirlenişde ölçeglerden çykmagy başarmak ýaly başarnyklar döredijiligiň ösmegi üçin iňňän zerurdyr.

Hyýalkeşligi ösdürmek üçin sungat bilen meşgullanmak peýdalydyr. Ylymda görnükli yz galdyran köp sanly alymlar, tanymal inženerler ylmy we tehniki işlerinde sungatyň ähmiýetiniň örän uly bolandygyny belleýärler.

Döredijilik hyýalkeşligini ösdürmeklik däp bolan garaýyşlaryň çägini bozmaklyga, olaryň daşyna çykmaklyga ýardam berýär. Hyýalkeşlik pikirlenmek bilen birleşip, belli bir bitewiligi emele getirýär. Ol pikirlenmäniň öndüriji güýjüni artdyrýar, öndürijilikli gözlegiň meýdanyny giňeldýär.

## 10.16. Akyl ýetiriş we intuisiýa

Döredijilik hakyndaky gürrüň intuisiýa, onuň tebigaty we onuň döredijilikdäki orny hakynda söhbet edilmegini hem talap edýär. Özara gürrüňde, hatda haýsy-da bolsa bir çynlakaý zat barada gürrüň edilende «Aýdan zadymy subut edip biljek däl. Ýöne men munuň şeýledigini duýýaryn. Munuň hakykatdan hem şeýledigini intuitiw duýýaryn» diýen ýaly jümleler ýygy-ýygydan ulanylýar. Şeýle ýagdaýlarda adam logikanyň kanunlaryna däl-de, duýga esaslanýan intuisiýa ynanýar. Geň görünýän bolsa-da, köplenç, intuisiýa adamy aldamaýar.

Intuisiýa aňyň irrasional – aňasty funksiýasy bilen baglanyşykly. Irrasional başlangyç hökmünde intuisiýa aňyň döredijilik mümkinçiliklerini artdyrýan güýçdür. Ol göz açyp ýumasy salymda täze ideýalary öňe sürýär ýa-da hakykata göz ýetirýär. Bu iş adamda bar bolan bilime esaslanyp, logiki netije çykarmak arkaly däl-de, sähel salymda peýda bolýan intuisiýa arkaly amal edilýär. Diňe şondan soň alnan netije logika arkaly barlanylýar. Intuisiýanyň çylşyrymly tebigaty bar. Intuisiýa gysga döwrüň içinde döreýär. Emma onuň döremezinden ozal aňyň işjeňligi, maglumatlaryň toplanmagy, erkiň çugdamlanmagy zerur. Ýöne olardan aň «ýalpyldysy» logiki ýol bilen çykmaýar. Şeýle bolsa-da, logikanyň ýok ýerinde intuisiýa hem ýokdur. Intuisiýanyň işlemegi üçin ilki aňastynda täze ideýanyň kemala gelýän taýýarlyk döwri zerur. Bu döwürde pikirlenmäniň we logikanyň berk gözegçiliginden azat aňastynda meseläniň köp çözgütleri, ýollary, şekilleri, ideýalary gözlenilýär. Olary seçmek bilinmezden amal edilýär. Hakykata getirýän ýol-da barlagy geçirýän adamdan gizlin bolup geçýär. Hakykat aňda garaşylmadyk ýagdaýda duýdansyz peýda bolýar. Onuň peýda boluş ýoluny yzarlamakda hem ylmyň häzirki zaman mümkinçilikleri entek asgyn gelýär.

*Adamyň logika esaslanýan netijelere daýanmazdan hakykaty görmek başarjaňlygyna intuisiýa diýilýär.*

Adam logikasynyň düşündirmekden ejiz gelen ýerinde intuisiýa ulanylýar. Şonuň üçin intuisiýa adatdan daşary keramatly güýç hökmünde seredilýän wagtlaram seýrek däl. Henize çenli intuisiýanyň tebigaty ýeterlik öwrenileni ýok. Şeýle bolsa-da, alymlar onuň adatdan daşary keramatynyň däl-de, tebigata daýanýan kanunlarynyň bardygyna ynanýarlar.

Döredijilik prosesinde intuisiýanyň ähmiýeti örän uludyr. Görnükli alymlar hem oňa örän ýokary baha berýärler. Mysal üçin, Albert Eýnşteýn intuisiýany düýp manydaky hakyky gymmatlyk diýip atlandyrýar. Beýik fizik Lui de Broýl hem rasional pikirlenmäniň önümi bolan we rasionallyga daýanýan ylmyň ösmeginde intuisiýanyň ähmiýetiniň örän uludygyny belleýär. Onuň pikirine görä, intuisiýa aňyň duýdansyz böküşiniň netijesinde döreýär we pikirlenmäniň agyr zynjyryndan boşamaga kömek edýär.

Intuisiýa ýöne ýerden döremeýär. Onuň güýji we dolulygy üçin ilki bilen paýhas taýýarlygy gerek. Mysal üçin, alma Nýutonyň däl-de

başga bir adamyň kellesine gaçan bolsa-dy, ol adam Nýutonyň açyşyny edip bilmezdi. Ýa-da suwa düşýän wagty suwuň çogup wannanyň daşyna dökülmesine seredip, taýýarlyksyz adam «Ewrika!» diýip gygyrmazdy. Intuisiýanyň ýüze çykmagy haýsy-da bolsa bir meseläniň üstünde köp wagtlap işlemegiň, oýlanmagyň önümidir. Ähli logiki serişdeler doly gutardy, indi çykalga ýok diýlip hasaplanan wagty intuisiýa ýüze çykýar. Şeýle hem intuisiýanyň işleýşinde logikanyň käbir zynjyrjyklarynyň saklanyp galan aňastynyň ähmiýetiniň ýokarydygy çak edilýär.

Intuisiýanyň işinde gapdaldan gelýän «pyşyrdynyň», maglumatyň ornunyň uludygynam inkär etmek bolmaz. Mysal üçin, agajyň şahalarynyň arasyndaky möý kereplerini synlamaklyk asylýan köpri baradaky ideýanyň döremegine sebäp boldy.

## 10.17. Akyl ýetirişde döredijilikli fantaziýanyň we göz öňüne getirmeleriň orny

Ylmy akyl ýetirişde we döredijilikde fantaziýa hem belli bir orun degişlidir. Köplenç halatda fantaziýa diýlende häzir ýok we ýakyn geljekde amala aşmagy mümkin bolmadyk zatlar barada pikir öwürmelere we howaýy arzuw-hyýallara düşünilýär. Emma belli bir döwürlerde fantastik – hyýaly häsiýetde bolan pikirleriň hem soňlugy bilen hakyky zada öwrülip gidýändigine şaýatlyk edýän deliller hem näçe diýseň ýeterlik. Aýdaly, gadymy döwürlerde adamlar guş ýaly uçmak, balyk ýaly ýüzmek baradaky arzuwlary ertekilerde, rowaýatlarda beýan edipdirler. Geçmişde bu fantastikady – bolmajak howaýy zatdy. Ýöne ol häzirki döwürde ýaşaýan adamlar üçin hakykat. Adamlar uçarlaryň kömegi bilen uçmagy, suwasty gämilerinde we başga serişdeleriň kömegi bilen suwuň aşagynda ýüzmegi başarýarlar.

Döredijilkde göz öňüne getirmeler hem uly ähmiýete eýedir. Göz öňüne getirmeler tebigaty boýunça intuisiýa we fantaziýa golaýdyr. Döredijilik häsiýetli göz öňüne getirmeleriň esasynda akyl ýetirilýän subýekte özüne öň belli bolan düşünjeleriň we bilimleriň kömegi bilen başga, täze bir pikiri öňe sürmek başardýar. Ylmyň taryhynda

gelip çykyşy boýunça ilki bilen göz öňüne getirmelere esaslanýan açyşlar az bolmandyr. Mysal üçin, Galileý ideal tekizligiň üstünde tigirlenip barýan ideal şary göz öňüne getirip, onuň hereketiniň hiç wagt togtamajakdygy baradaky pikire gelýär. Galileýiň bu pikiri soň Nýuton tarapyndan açylan inersiýa ýörelgesiniň esasyny düzýär.

Fantaziýany, intuisiýany we göz öňüne getirmäni akyl ýetiriş işiniň iki derejesiniň, ýagny duýgulaýyn akyl ýetiriş bilen rasional akyl ýetirişiň arasyndaky zatlar hökmünde, has dogrusy, bir derejeden beýleki derejä geçmekdäki özboluşly basgançaklar hökmünde hem suratlandyrmak bolar.

Ylmy akyl ýetirişde subut etmelere we ret etmelere hem uly orun degişli. Olaryň ýok ýerinde ylmy akyl ýetiriş hakynda gürrüň etmek bolmaz.

*Haýsy-da bolsa bir netijäniň şol bir belli şertler degişli tertipde ýerine ýetirilen halatynda tassyk bolmagyna subut etme diýilýär.*

*Öňe sürülýän garaýşyň ýalňyşdygynyň subut edilmegine ret etme diýilýär.*

Islendik ylmy netije subut etmelere daýanýar. Ylymda öňe sürülýän pikirdir garaýyşlar ilkibada gipoteza hökmünde bolsa-da, subut edilen halatynda teoriýa öwrülýär. Subut edilip bolmaýan çaklamalar gipoteza derejesinde galýar. Subutnamalar hökmünde kabul edilen maglumatlara, delillere, ylmy dilde argument diýilýär. Argumentleriň garşysyna ulanylan deliller bolsa kontrargument bolýar.

Argumentler we kontrargumentler diňe ylymda ulanylman, eýsem adamlaryň özara söhbetdeşliklerinde, jedellerde hem giňden ulanylýar. Olary ýerlikli ulanmak islendik jedelde, çekişmede üstünlik gazanmaklyga, aýdyljak bolýan pikiriň has özüne çekiji bolmaklygyna kömek edýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen jemgyýetiniň ähli gurşawlarynda bolup geçýän özgerişler döredijiligiň ähli görnüşleriniň ösmegi üçin giň mümkinçilikleri döredýär.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Adamzadyň durmuşynda akyl ýetirişiň zerurlygyny esaslandyryň.
2. Dünýä akyl ýetirmek meselesindäki esasy filosofik ugurlar hakynda gürrüň beriň.
3. Akyl ýetirişiň görnüşlerini tapawutlandyryň.

4. Hakykylygyň obýektiwligini açyp görkeziň.
5. Otnositel we absolýut hakykylygyň dialektikasyny ýüze çykaryň.
6. Akyl ýetirişiň basgançaklary hakynda gürrüň beriň.
7. Azaşmalaryň we ýalanyň akyl ýetirişdäki ornuny kesgitläň.
8. Bilimiň hakykylygynyň ölçeglerini teswirläň.
9. Ylmy akyl ýetirişiň görnüşleriniň alamatlaryny häsiýetlendiriň.
10. Ylmy akyl ýetirişiň metodikasy we metodologiýasy barada gürrüň beriň.
11. Akyl ýetirişiň esasy usullaryny häsiýetlendiriň.
12. Paýhasyň döredijilik işjeňligini kesgitläň.
13. Akyl ýetirişde intuisiýanyň ornuny açyp görkeziň.
14. Akyl ýetirişde fantaziýanyň we göz öňüne getirmeleriň ornuny anyklaň.

# XI. SOSIAL FILOSOFIÝA, ONUŇ PREDMETI, DÜZÜMI WE JEMGYÝETDÄKI ORNY

## 11.1. Sosial filosofiýa, jemgyýet we taryh

Filosofiýanyň köp sanly şahalarynyň – bölümleriniň esasylarynyň biri sosial filosofiýadyr. Ol filosofiýanyň jemgyýeti öwrenýän şahasydyr. *Sosial filosofiýa jemgyýetiň hil taýdan özboluşlylygyny, kanunlaryny, sosial ideallaryny we sosial prosesleriň ykbalyny, geljegini, logikasyny öwrenýär. Ol sosial barlyk hakyndaky ylymdyr.* Ol jemgyýetçilik ösüşiniň iň umumy kanunlary we hereketlendiriji güýçleri bilen iş salyşýar. Sosial filosofiýanyň obýekti jemgyýetdir.

Jemgyýet düşünjesi ýaşap öten, häzirki wagtda ýaşaýan we geljekki nesillere degişli meseleleri öz içine alýar. Başgaça aýdylanda, jemgyýet diýlende onuň geçmişine, şu gününe we geljegine bitewilikde düşünilýär.

Adamzat jemgyýeti – bu özüniň manysy we düzümi boýunça obýektiw dowam edýän hakykatyň iň çylşyrymly janly bölegi. Jemgyýet «obýektiw hakykat» diýip atlandyrylýan ullakan ulgamyň düzümine girýän kiçi ulgamdyr. Ol materiýanyň hereketiniň özboluşly

sosial formasy – görnüşidir. Jemgyýetiň özboluşlygy onuň taryhynyň adamlar tarapyndan döredilýändigidir. Janly tebigatda ýagdaý başgaça. Onda oňat bolan ýagdaýda jandarlaryň tebigy şertlere uýgunlaşmagy bolup geçýär. Jemgyýetde bolsa özgerdiji praktikada tebigaty we onuň hadysalaryny adamlaryň isleglerine laýyklamak prosesi bolup geçýär. Jemgyýetiň dowam etmegi adamlaryň bilelikdäki zähmetine we özara gatnaşyklaryna bagly. Jemgyýet, onuň düzüm bölekleri, ondaky bolýan islendik üýtgeşme adamyň zähmeti tarapyndan amal edilýär.

Jemgyýet ulgam hökmünde özara baglanyşykly, täsirli we umumy kanunlara boýun egýän bölekleriň bitewiliginden durýar. Ulgam hökmünde hereket edýän jemgyýetiň düzüm böleklerine ykdysadyýet, syýasat, jemgyýetçilik aňy, dürli etnoslar, dürli görnüşli gatnaşyklar we ş.m. degişli bolup durýar. Ýöne jemgyýetiň esasy düzüm bölegi adamdyr. Beýleki bölekleriň hemmesiniň gelip çykyşy adam, adamyň durmuşy, onuň zähmeti bilen baglanyşyklydyr.

Jemgyýet tebigat bilen berk baglanyşyklydyr. Tebigat birinji, jemgyýet bolsa ikinjidir. Jemgyýet tebigatda döreýär. Ol tebigatyň bölegidir, dowamydyr. Ýöne tebigat özboluşlydyr, üýtgeşikdir, gaýtalanmazdyr. Jemgyýete bolsa şertli ýagdaýda emeli döredilen tebigat diýilýär. Tebigat jemgyýetsiz ýaşap bilse-de, jemgyýet tebigatsyz ýaşap bilmeýär. Tebigat jemgyýetiň esasyny düzýär.

Tebigatyň dowam etmegi wagt we giňişlik tarapyndan çäklendirilmeýär. Jemgyýetde bolsa şeýle çäk bar. Jemgyýet tebigatyň ösüşiniň belli bir döwründe kemala gelýär we belli bir döwür gelende-de ýaşaýşyny bes edýär. Ol ösüşiniň dowamynda ählumumy kanunlar bilen birlikde diňe jemgyýete mahsus bolan özboluşly we aýratyn kanunlara boýun egýär.

Adamzat jemgyýetiniň döremegi bilen birlikde taryhy aň hem döräp başlaýar. Adamzat sürüsi şertlerinde ýaşan gadymy adamlaryň aňy çäkli bolupdyr. Olar diňe gören we eşiden zatlarynynyň derejesinde dünýäni özleşdiripdir. Adamlaryň umumylyklarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň we baglanyşyklaryň çäkli bolmagy jemgyýetçilik aňynyň, şonuň netijesi hökmünde indiwidual aňyň hereket meýdanynyň dar bolmagyny şertlendiripdir. Şol döwrüň adamlary özleriniň ýaşaýan ýerlerini dünýäniň merkezi hasaplapdyrlar. Taryhy ýat hem

gysga bolupdyr. Adam ýadynda diňe ýakyn döwürde bolup geçen zatlar saklanyp, sähel öňräk bolup geçen wakalar ýitip gidipdir. Ol geljekde bolup biläýjek zatlar bilenem gyzyklanmandyr. Gadymy adam diňe häzirki döwri bilen ýaşapdyr. Ýöne wagtyň geçmegi bilen ol ertirki günüň gamyny iýip, iýmit taýýarlamaga, ýaşuly nesliň maslahatlaryny diňlemäge mejbur bolup ugraýar. Urug-tire gatnaşyklarynyň ösmegi bilen adamlar ýuwaş-ýuwaşdan maşgalanyň, urugyň, tiräniň, taýpanyň ykbaly, geçmişi we geljegi barada pikirlenip başlaýarlar. Bu ýagdaý tiräniň, urugyň, maşgalanyň, aýratyn alnan adamyň ykbalynda uly yz galdyran wajyp zatlaryň ýatda saklanylmagyna sebäp bolýar. Ýönekeý zatlaryň ýatda saklanylmagynda diliň, aýratynda, ilkinji hat-ýazuwyň ähmiýeti örän uly bolupdyr. Hat-ýazuw adamlaryň tejribeleriniň, bilimleriniň, wajyp wakalarynyň soňky nesillere üýtgewsiz ýetmegini üpjün edipdir. Adamlar jemgyýetiň, adamlaryň durmuşynda bolup geçýän has ähmiýetli wakalar, seneler ýatdan çykmaz ýaly hat-ýazuwda belläp ugraýarlar. Şeýdip hat-ýazuw zähmet gurallary we zähmetiň netijeleri bilen bilelikde medeni-taryhy däpleriň, mirasageçijiligiň, däp-dessurlaryň we hüý-häsiýetleriň döremegine sebäp bolupdyr. Adamlar diňe bir häzirki döwrüň däl, eýsem geçmişiň we geljegiň bardygyna akyl ýetirip, häzirki döwürde ýaşaýan nesliň adamzat ösüşiniň bir zynjyrydygyna düşünip başlaýarlar. Şeýdip olarda taryhy aňyň esaslary döreýär.

Sosial durmuşa akyl ýetirmeklikdäki ilkinji ädim häzirki döwrüň geçmiş tarapyndan döredilendigine akyl ýetirmeklikden başlanýar. Taryhy aňyň kemala gelmegi we ösmegi bilen adamlarda häzirki döwre düşünmek üçin diňe geçmişi däl, eýsem geljegi hem bilmekligiň zerurdygy baradaky garaýyş döreýär. Olar geçmişden häzirki döwrüň, häzirki döwürden hem geljegiň döreýändigine, şonuň üçin hem geçmişi bilmezden häzirki döwre, häzirki döwre düşünmezden geljege akyl ýetirip bolmajakdygyna düşünip başlaýarlar.

*Geçmişde bolup geçen wakalaryň jemgyýetçilik ýadynda saklanmagy, jemgyýetiň öz-özüne akyl ýetirmegi we özüni aňmagy taryhdyr.* Jemgyýeti, jemgyýetçilik durmuşynyň aýratynlyklaryny, ondaky meseleleri öwrenmek üçin geçmişi bilmek iňňän zerurdyr. Jemgyýetiň bitewiligine aň ýetirmeklik taryhyň filosofiýasynyň döremegine getirýär.

Sosial filosofiýada taryh meselesi gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Ylmy edebiýatda ol ýarym müň ýyl çemesi taryhy ýoly geçipdir diýlip hasaplanylýar. Taryhyň atasy hasaplanýan Gerodot (b.e. o. 485–425) adamlaryň eden işlerini, olaryň sebäplerini beýan etmäge, hakykaty tapmaga synanyşyk edipdir. Sosial-filosofik pikirleriň çäklerini Fukidid has-da giňeldýär. Gadymy filosoflar (Demokrit, Platon, Aristotel we beýlekiler) jemgyýetçilik durmuşynyň tebigatyna diňe bir taryhy nukdaýnazardan däl, eýsem geljek jahetinden hem akyl ýetirmäge çalşypdyrlar. Mysal üçin, Platon «Döwlet», «Kanunlar» diýen işlerinde geljekde gurulmaly ideal döwletiň filosoflar tarapyndan dolandyrylmalydygyny tekrarlaýar.

Orta asyr akyldarlarynyň köpüsi sosial-filosofik meseleleri dini taglymatlaryň jahtinden seljerýärler. Ýöne ylmy pikir-garaýyşlar hem döräpdir. Mysal üçin, orta asyr türkmen akyldary al Faraby jemgyýetiň ösüşinde söwdanyň ähmiýetiniň örän uludygy barada öňdebaryjy pikiri öňe sürüpdir. Ol ykdysady we söwda gatnaşyklaryna halklary hem-de döwletleri ýakynlaşdyrýan jemgyýetçilik hadysasy hökmünde seredýär.

Renesans eýýamynyň sosial-filosofik garaýyşlary Wolteriň, Gerderiň, Russonyň, Sen-Simonyň we beýlekileriň işlerinde ösdürilýär. I. G. Gerder (1744–1803) jemgyýetçilik ösüşine tebigatyň taryhynyň dowamy hökmünde, ýagny jemgyýetiň ösüşiniň kanunlaryna tebigata mahsus bolan alamatly kanunlar hökmünde seredýär. Onuň pikiriçe, jemgyýetiň ösüşiniň baş hereketlendiriji güýji – adamlaryň işi, onuň esasy ýörelgesi – ynsanperwerlik ýörelgesi.

K. Marksyň, F. Engelsiň we olaryň pikirdeşleriniň sosial-filosofik garaýyşlaryna laýyklykda, jemgyýetçilik durmuşynyň esasyny zähmet we ykdysadyýet düzýär. Olaryň pikiriçe, jemgyýetiň taryhyna düşünmek üçin ilki bilen önümçilik usulynyň görnüşine, öndüriji güýçler bilen önümçilik gatnaşyklarynyň häsiýetine üns bermeli.

Jemgyýetiň geçmişini seljerýän taryhyň filosofiýasy jemgyýetiň wagt jähetinde alnan filosofiýasydyr. «Taryhyň filosofiýasy» adalgasy otnositel ýaş adalgadyr. Ony fransuz akyldary Wolter XVIII asyrda ylmy dolanyşyga girizýär. Ýöne taryhyň filosofiýasy entek antik döwürde döräpdir. Onuň ösüşine Geredot, Fukidid, Polibiý, Plutarh, O. Şpengler, A. Toýnbi we beýlekiler saldamly goşant goşýarlar. Ola-

ryň ählisi adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň logikasyny, çeşmelerini we gönükdirilendigini ýüze çykarmakda uly hyzmatlary ýerine ýetirýärler.

Sosial filosofiýa özüniň mazmuny we predmeti boýunça beýleki filosofiki, jemgyýetçilik-gumanitar we tebigy ylymlar bilen berk baglanyşyklydyr.

Sosial filosofiýa taryhyň filosofiýasy bilen bilelikde sosiologiýa, taryh, döwletiň we hukugyň esaslary, syýasy ykdysadyýet, syýasaty öwreniş ýaly ynsanperwerlik ylymlaryna esaslanyp, jemgyýetçilik durmuşynyň we ösüşiniň umumy ýörelgelerini, umumadamzat taryhynyň kanunalaýyklyklaryny öwrenýär. Sosial filosofiýa we taryhyň filosofiýasy filosofiýanyň bütin taryhynda kemala gelen umumy ýörelgeleri, düşünjeleri we kanunlary özüniň umumy metodologik esasy hökmünde ulanýar. Şu zatlary nazara almak bilen olaryň ikisini özara baglanyşykda öwrenmek maksadalaýyk hasaplanýar.

## 11.2. Sosial filosofiýa we beýleki jemgyýetçilik ylymlary

Sosial filosofiýa – özbaşdak ylym. Şol bir wagtyň özünde-de ol filosofiýanyň bir bölümidir. Şonuň üçin hem filosofiýanyň ähli häsiýetli alamatlary sosial filosofiýa hem mahsus. Sosial filosofiýasynyň sosial ontologiýa, sosial dialektika, sosial gnoseologiýa, sosial aksiologiýa, medeniýetiň filosofiýasy, ahlagyň filosofiýasy, gözelligiň filosofiýasy, ylmyň filosofiýasy ýaly bölümleri bar. Onuň bölümleriniň her haýsysy jemgyýetiň bir tarapyny öwrenýär. Mysal üçin, sosial ontologiýa jemgyýetçilik barlygy, sosial dialektika jemgyýetçilik ösüşiniň maksady we hereketlendiriji güýçleri, umumy baglanyşygy we özara täsiri, sosial gnoseologiýa jemgyýete akyl ýetirmegiň metodlary, ýollary we ýörelgeleri, sosial aksiologiýa sosial gymmatlyklar, medeniýetiň filosofiýasy medeniýet we medeni gatnaşyklar, ahlagyň filosofiýasy ahlak kadalary bilen iş salyşýar.

Sosiologiýa-da jemgyýeti öwrenýär. Ýöne sosial filosofiýa bilen sosiologiýanyň predmetleri aýrydyr. Sosiologiýa tejribä esaslanýan empirik ylymdyr. Ol dürli sosiologik usullaryň kömegi bilen jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplarynyň anyk hadysalaryny öwrenýär we olary umumylaşdyrýar. Ol sosial hadysalaryň häzirki ýagdaýyny öwrenýär. Sosial filosofiýa bolsa sosiologik barlaglara

daýanmak arkaly özüniň filosofik umumylaşdyrmalaryny amal edýär. Edil şuňa meňzeş ýagdaý taryhyň filosofiýasy bilen taryh ylmynyň arasynda-da duşýar. Taryhyň filosofiýasy sosial filosofiýanyň özboluşly çägini emele getirýär.

Sosial filosofiýa ontologiýa, gneseologiýa, taryhyň filosofiýasy, aksiologiýa, etika, estetika ýaly beýleki filosofik ylymlar bilen birmeňzeş funksiýalary ýerine ýetirýär. Mysal üçin, jemgyýetiň esasy düzüjisi bolan adamyň meseleleri diňe sosial filosofiýada däl, eýsem antropologiýada-da, gnesologiýada-da we ontologiýada hem düýpli meseleler bolup durýar.

Sosial filosofiýa özüniň barlag predmetini öwrenmekde, düşünjelerini baýlaşdyrmakda jemgyýetiň belli bir taraplaryny öwrenýän sosiologiýa, syýasaty öwreniş, hukugy öwreniş, medeniýeti öwreniş ýaly sosial-gumanitar ylymlaryň gazananlaryna, olaryň düşünjelerine, olardan alnan has wajyp we ähmiýetli maglumatlara daýanýar. Mysal üçin, sosial filosofiýa jemgyýetiň ykdysady gatnaşyklaryny we güýçlerini öwrenmekde ykdysady teoriýanyň, syýasy durmuş bilen bagly meseleleri öwrenmekde syýasaty öwrenişiň, döwlet we hukuk meselelerini barlamakda döwletiň we hukugyň esaslarynyň, medeni durmuş meselelerini seljermekde medeniýeti öwrenişiň we ş.m. kategoriýalaryny hem-de kanunalaýyklyklaryny peýdalanýar.

Sosial filosofiýanyň düşünjelerini ösdürmekde, predmetini çuň öwrenmekde biologiýa, fizika, kosmologiýa, geografiýa ýaly tebigaty öwrenýän ylymlaryň hem ähmiýeti uludyr. Olar diňe bir jemgyýetiň tebigat bilen baglanyşygyny ýüze çykarmakda däl, eýsem jemgyýetiň many-mazmunyny düşündirmekde-de sosial filosofiýa uly kömek berýär.

Sosial filosofiýa jemgyýeti bitewilikde öwrenýär. Şunuň bilen baglylykda jemgyýetiň düýp manysy, görnüşleri, jemgyýetiň düzüm bölekleri we olaryň arasyndaky baglanyşyklar, jemgyýet-tebigat, jemgyýet-şahsyýet gatnaşyklary ýaly köp meseleler bilen iş salyşýar. Beýleki jemgyýetçilik ylymlaryň jemgyýetiň bir tarapyny, käbir gurşawlaryny, düzüm böleklerini öwrenýändikleri üçin jemgyýeti bitewilikde, öwrenýän zadyny jemgyýetiň beýleki bölekleri bilen baglanyşykda görüp bilmeýärler. Netijede, olaryň ylmy barlaglarynda dürli kynçylyklary döreýär. Sosial filosofiýa olaryň öňünde jemgyýet bilen baglanyşykly döreýän şeýle meseleleri çözmeklige kömek edýär. Bu

ýagdaý sosial filosofiýanyň jemgyýetçilik ylymlary babatynda metodologiýanyň ornuny ýerine ýetirýändiginden habar berýär. Ol jemgyýetiň dürli taraplaryny öwrenmek bilen meşgullanýan alymlaryň ylmy barlagyny zerur ugra ugrukdyrýar. Olara ylmy barlagy üçin zerur çemeleşmeleri we ýörelgeleri salgy berýär. Jemgyýetçilik ylymlarynyň öwrenýän hadysalarynyň, prosesleriniň, wakalarynyň jemgyýetdäki ornuny kesgitleýär. Olaryň beýleki hadysalar, prosesler, wakalar bilen baglanyşygyny, özara täsirini, kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarýar.

## 11.3. Jemgyýetiň esasy taraplary we olary öwrenýän ylymlar

Adam – sosial jandar. Onuň ynsanlyk häsiýetleri jemgyýetde, diňe beýleki adamlar bilen gatnaşykda kemala gelýär. Adam ýekelikde öz ýaşaýşyny üpjün edip bilmeýär. Onuň durmuş isleglerini kanagatlandyrmak zerurlygy jemgyýetiň döremegine sebäp bolýar.

*Adamlaryň bilelikde ýaşamak we zähmet çekmek zerurlygyndan dörän akyla hem-de maksada laýyk guramasyna jemgyýet diýilýär.* Jemgyýete diňe indiwidleriň toplumy, jemi hökmünde düşünmeli däl. Jemgyýet diýlende ilki bilen adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň we baglanyşyklaryň ulgamyna düşünilýär. Ol baglanyşyklar bir bitewiligi emele getirýär.

Jemgyýet dört sany özara baglanyşykly gurşawdan ýa-da kiçi ulgamdan durýar:

*1. Ykdysady ulgam.* Ykdysady ulgama maddy önümleri öndürmek, paýlamak, çalyşmak we sarp etmek bilen baglanyşykly gatnaşyklaryň jemi degişli. Jemgyýetiň bu ulgamy ykdysady filosofiýa we ykdysady ylymlar tarapyndan öwrenilýär.

*2. Sosial ulgam.* Ony jemgyýetiň içki gurluşy emele getirýär. Jemgyýetiň içki gurluşyna:

a) milletler, halklar, synplar, toparlar, gatlaklar ýaly milli, dini, zähmet bölünişigi, jynsy bölünişik we ş.m. alamatlary boýunça biri-birinden tapawutlanýan uly we kiçi sosial umumylyklar;

b) sosial institutlar – jemgyýetdäki adamlaryň we sosial toparlaryň bähbitlerini araýan, goraýan formal we formal däl birleşikler, guramalar degişli.

Jemgyýeti düzýän ol bölekler taryh, sosiologiýa, etnografiýa, demografiýa ýaly ylymlar tarapyndan öwrenilýär. Şeýle hem sosial ulgam filosofiýanyň ylmyň filosofiýasy, etika, estetika ýaly şahalarynyň predmetidir.

*3. Syýasy ulgam.* Syýasy ulgam syýasy gatnaşyklary kadalaşdyrýan döwlet, jemgyýetçilik we syýasy guramalar, hereketler ýaly guramalaryň we edaralaryň jeminden durýar. Jemgyýetdäki esasy syýasy mesele häkimiýet meselesidir. Şonuň üçinem döwlet jemgyýetdäki esasy syýasy institut, syýasy ulgamyň merkezi düzüm bölegi hasaplanýar. Partiýalar, syýasy hereketler, agram salyş toparlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ýaly syýasy birlikler dürli görnüşli sosial toparlaryň bähbitlerini araýar we döwlet edaralarynyň kemala gelmegine hem-de işleýşine täsir edýär.

Syýasy ulgam syýasaty öwreniş, döwletiň we hukugyň esaslary ýaly ylymlaryň we syýasy filosofiýanyň obýektidir.

*4. Ruhy-medeni ulgam.* Ruhy-medeni ulgama ruhy önümçiligi we adamlaryň arasyndaky ruhy gatnaşyklary, ruhy gymmatlyklary döredýän, ýaýradýan we saklaýan guramalar we institutlar degişli. Jemgyýetiň ruhy durmuşynyň özeni jemgyýetçilik aňydyr. Jemgyýetçilik aňynyň düzümine jemgyýetiň ösüşiniň anyk döwrüne mahsus ideýalar, taglymatlar, ýörelgeler, adamlaryň oý-pikirleri girýär. Jemgyýetçilik aňy görnüşleri we derejeleri boýunça tapawutlanýar. Ol iki derejeden – *adaty we nazary aňdan* durýar. Adaty aň diýlende jemgyýetiň we onuň agzalarynyň daş-töweregini bar bolşy ýaly kabul etmegine düşünilýär. Adaty aňa jemgyýetçilik psihologiýasy laýyk gelýär. Jemgyýetçilik psihologiýasy adamlaryň we jemgyýetiň bähbitlerinden, maksatlaryndan, duýgularyndan, däp-dessurlaryndan, ymtylyşlaryndan, adatlaryndan, ideallaryndan ybarat bolýar. Umumylykda alanda, jemgyýetçilik psihologiýasynyň döreýşi özakymlaýyn bolýar. Ýöne ony ýörüte öňünden düzülen meýilnama esasynda döretmeklik hem inkär edilmeýär. Jemgyýetçilik aňynyň ikinji derejesi nazary aňdyr. Oňa jemgyýetçilik ideologiýasy laýyk gelýär. Jemgyýetçilik ideologiýasynda anyk sosial toparlaryň nazary esasda beýan edilen ideýalary we garaýyşlary öz beýanyny tapýar. Ideologiýa adamlar we syýasy guramalar tarapyndan maksadalaýyk döredilýär.

Jemgyýetçilik aňynyň dürli formalary – görnüşleri bar. Olaryň esasylary hökmünde *syýasy, hukuk, ahlak, ylmy, dini, estetiki, ekologik aňy* görkezmek bolar. Dürli taryhy döwürlerde jemgyýetçilik aňynyň haýsy-da bolsa bir formasy adamlaryň ýaşaýşynda esasy orna çykýar. Beýle ýagdaý dürli sebäpler bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, orta asyrlar döwründe ilkinji ýere din çykypdyr. Adamlar diniň talaplaryna laýyk ýaşapdyrlar. Din jemgyýetçilik durmuşynyň ähli gurşawynda agalyk edipdir. Diniň talaplaryna laýyk gelmedik iş, hereket, hatda pikir üçin adamlar jezalandyrylypdyr. Täze we iň täze döwürde syýasat we ylym öňki orna çykýar. Syýasat we ylym adamlaryň ýaşaýyş-durmuşyny kesgitläp başlaýar.

Ruhy ulgam medeniýetiň filosofiýasy, medeniýeti öwreniş we beýleki ylymlar tarapyndan öwrenilýär.

## 11.4. Sosial filosofiýada jemgyýetçilik-taryhy kanunalaýyklyklar meselesi

Taryhyň filosofiýasynda we sosial filosofiýada esasy mesele jemgyýetçilik-taryhy kanunalaýyklyklar meselesidir. Jemgyýetiň ösüşiniň geçmişi we gelejegi baradaky mesele sosial filosofiýada we taryhyň filosofiýasynda iňňän içgin öwrenilen. Sosial filosofiýada jemgyýetiň ösüşiniň sebäpleri dürlüçe düşündirilýär. Ony düşündirmek üçin dürli çemeleşmeler ulanylýar. Natural, ideal, materialistik we plýuralistik çemeleşmeler olaryň esasylarydyr.

*1. Natural çemeleşme.* Bu çemeleşmede jemgyýete tebigatyň we älemiň kanunalaýyklyklarynyň tebigy dowamy hökmünde garalýar (Ş. Monteskýe, A. Týurgo, J. Ten, E. Renan, G. Bokkl, L. Gumilýow we beýlekiler). Oňa laýyklykda, bütin sosial durmuşa täsir edýän baş faktor – geografik ýerleşiş we klimatik şertler. Adamlaryň gylyk-häsiýetleri, däp-dessurlary, döwletiň gurluşy klimata bagly. Adamlar deň bolup ýaradylan, ýöne olaryň arasyndaky tapawut geografik ýerleşiş we klimat bilen şertlendirilen. Mysal üçin, Hytaýdaky, Müsürdäki, Mesopotamiýadaky, Hindistandaky gadymy jemgyýetleriň döremegi we ösmegi olaryň çäklerinden akyp geçýän uly derýalaryň özleşdirilmegi bilen düşündirilýär. Şol sebäplem olara «derýa swilizasiýalary» diýilýär. Amerika yklymynyň açylmagy okean swilizasiýasy hökmünde sypatlandyrylýar. L. Gumilýow entosyň döremegini älem energiýasynyň badalgasy bilen baglanyşdyrýar.

*2. Idealistik çemeleşme.* Bu çemeleşmede jemgyýeti ösdüriji esas hökmünde ruhy başlangyç kabul edilýär. Jemgyýetiň ösüşiniň sebäpleri Allanyň, hudaýlaryň, keramatly güýçleriň emri baradaky (dini düşündirişler), milletiň aşa beýikligi hakyndaky (Germaniýa, XX asyr), geljegiň ynsanperwerlige degişlidigi we ş.m. ideýalar bilen delillendirilýär. Bu çeşmelerde jemgyýeti hereketlendiriji güýç hökmünde ideýalar kabul edilýär.

*3. Materialistik çemeleşme.* Oňa laýyklykda, ähli gatnaşyklaryň, şol sanda «ideal» gurşawyňyň hem esasyny maddy, önümçilik, ykdysady gatnaşyklar düzýär. K. Marksyň ykdysady teoriýasy, Rostouň postindustrial jemgyýet baradaky taglymaty bu çemeleşmäniň esasy ýörelgeleri hasaplanylýar.

*4. Plyuralistik çemeleşme.* Bu çemeleşmede jemgyýetiň ösüşine täsir edýän ähli faktorlar bitewilikde kabul edilýär. Ol ýa-da beýleki takyk faktor şol jemgyýetiň ösüşiniň takyk taryhy pursady üçin kesgitleýji hasaplanylýar.

Ýokarda getirilen çemeleşmeleriň ählisi-de jemgyýetçilik ösüşiniň belli bir kanunalaýyklara esaslanýandygyny ykrar edýärler.

*Jemgyýetiň aşakdan ýokara gönükdirilen sosial ösüşini häsiýetlendirýän jemgyýetçilik durmuşynyň hadysalarynyň obýektiw, gaýtalanýan, esasy, zerur arabaglanyşyklaryna jemgyýetiň ösüşiniň kanunalaýyklyklary diýilýär.*

Jemgyýetiň ösüşiniň kanunlary tebigatyň kanunlaryna meňzeşmi? Jemgyýetiň ösüşiniň kanunlarynyň aýratynlygy nämeden ybarat? Şeýle soraglaryň ýüze çykmagy tebigy ýagdaý. Jemgyýetiň ösüşiniň kanunlarynyň we tebigatyň kanunlarynyň arasynda umumylyk bar: olaryň ikisine-de kanun düşünjesiniň häsiýetli alamatlary mahsus. Olaryň ikisi hem hadysadaky zerur, gaýtalanýan, esasy, obýektiw hereket edýän arabaglanyşygy açyp görkezýär. Ýöne olaryň arasynda düýpli tapawutlar hem bar. Jemgyýetiň ösüşiniň kanunlarynyň häsiýetli aýratynlyklary aşakdakylardan ybarat:

1. Jemgyýetiň ösüşiniň kanunalaýyklyklary jemgyýetiň döremegi bilen bilelikde ýüze çykýar, şonuň üçin hem olar müdimi däl.

2. Tebigatyň kanunlary bolup geçýär, jemgyýetiň ösüşiniň kanunlary döredilýär, berjaý edilýär – olar adamlaryň bilelikdäki aňly işinde ýüze çykýar.

3. Jemgyýetçilik-taryhy kanunalaýyklyklara sosiumyň ýokary derejeli guramaçylygy bilen baglanyşykly bolan has çylşyrymly häsiýet mahsus.

4. Jemgyýetde kanunalaýyklyk, umumylyk ýeke-täkligiň, aýrybaşgalylygyň, tötänligiň üsti bilen bitewilikde hereket edýär.

5. Taryh hiç wagt dolulygyna gaýtalanmaýar. Gaýtalanma bolup görünýän hadysalar-da biri-birinden tapawutlanýar, olaryň her haýsyna özboluşlylyk, täzeçillik mahsus. Şol bir wagtyň özünde taryhy hadysalaryň toplumyna umumylyk hem mahsus. Mysal üçin, ikinji jahan urşunyň Napoleonyň urşuna meňzeş bolmaýşy urşuň tebigatyna filosofik umumylykda akyl ýetirmäge päsgel bermeýär. Şeýlelikde umumy jemgyýetçilik kanunlary esasy bolup durýar.

Sosial-taryhy proseslerde we jemgyýetiň durmuşynda tötänlikler esasy orny eýeleýär. Tebigat bilen deňeşdirilende, jemgyýetiň taryhynda tötänlik has ýygy duşýar. Sebäbi, adamlaryň işjeňligi diňe bir ideýalary we erki bilen oýarylman, eýsem olaryň göwün goýmalaryna, öwrenendiklerine laýyklykda hem ýüze çykýar. Sosial-taryhy tötänlikler biri-birine meňzemeýär. *Tötänlik zerurlygyň belli bir görnüşde ýüze çykmasy bolup durýar*. Bu halatda tötänlikler biri-biri bilen utgaşyp, belli bir kanunalaýyklygyň ýüze çykarylmagyny şertlendirýär. Käbir halatlarda bolsa tötänlikler taryhy proses üçin çetden gelen, keseki zat hökmünde oňa belli bir derejede täsirli düzediş hem girizip bilýär.

Kanunalaýyklyk – obýektiw zat. Eýsem, sosial-taryhy kanunalaýyklyk dogrusynda gürrüň açylanda subýektiwlik inkär edilmeýärmi?

Her bir nesil jemgyýetçilik-taryhy durmuşyň sahnasyna çykyp, taryhy täzeden başlamaýar. Ol özünden öňki nesilleriň eden işini, toplan tejribesini dowam edýär. Şeýlelikde, olaryň ýaşaýşy, zähmeti belli bir derejede obýektiw, olaryň aňyna we erkine bagly bolmadyk şertler bilen kesgitlenýär. Bu şertler adamlaryň işiniň häsiýetini we usulyny, olaryň sosial işjeňliginiň ugruny we görnüşlerini kesgitleýär. Muňa zähmet gurallary, jemgyýetçilik gatnaşyklary we beýlekiler degişlidir. Olaryň hemmesi bilelikde täze nesliň durmuş işiniň başlangyç tapgyry – daýanç esasy bolup durýar. Şeýlelikde, sosial-taryhy prosesde *obýektiw zat – bu öňki nesilleriň zähmetiniň netijesini bitewileşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň formalarynyň we maddy önümçiliginiň toplumydyr.*

Täze nesil diňe bir öňküleriň edenlerini gaýtalamak bilen çäklenmeýär. Ol öz tebigy bähbitlerini, isleglerini, zerurlyklaryny, maksatlaryny amal edýär. Bu nesliň köpdürli işi we zähmeti subýektiw faktor diýen düşünjäniň many-mazmunyny düzýär. *Subýektiw faktor diýlişiniň sebäbi-de taryhyň subýektiniň işini açyp görkezýändigindedir*. Taryhyň subýekti bolup halk köpçüligi, sosial toparlar, aýratyn alnan adamlar – tutuş nesil çykyş edýär. Olaryň zähmeti jemgyýeti saklamaga, ösdürmäge, kämilleşdirmäge, kähalatda täzelemäge gönükdirilendir. Şonuň üçin hem *subýektiw zat diýilende taryhyň subýektiniň – belli bir nesliň syýasy-aňyýet, maddy, ruhy-medeni, dolandyryş ýaly jemgyýeti özgertmegiň dürli ugurlaryndaky bilelikdäki zähmetine düşünilýär.*

Häzirki zaman dünýäsinde subýektiw zadyň ähmiýetiniň has-da artýandygy mese-mälim duýulýar. Subýektiw we obýektiw faktorlaryň sazlaşygy jemgyýetiň dürs we okgunly ösüşiniň kepilidir.

Taryhyň filosofik seljermesinde özakymlylygyň we düşünjeliligiň dialektikasy meselesi keserip durýar. Özüniň gündelik durmuşynda adamlar, adatça, düşünjeli hereket edýärler: belli-belli maksatlara eýerýärler, öz hereketiniň garaşylýan netijelerini kesgitleýärler. Emma diňe şu esasda adamlaryň zähmetiniň bilelikdäki netijeleri taryh, jemgyýet derejesinde alnanda olaryň özleriniň öňden düşünen, garaşan netijelerini berýär diýip tassyklamak bolarmy? Bolmaz. Sebäbi hiç kimiň hem pikir etmedik, garaşmadyk umumy netijäniň ýüze çykmagy ähtimal: zähmet aňly-düşünjeli edilýär, ýöne onuň ähli, aýratyn hem käbir netijeleri öňden garaşylan netijeler bolup çykmaýar. Hut şu ýagdaýda hem taryhy progresiň özakymlylygy barada söhbet açylýar.

Adamlar öz zerurlyklaryny we isleg-bähbitlerini kanagatlandyrmaga ymtylýarlar, şol bir wagtda hem özüniň meýillerine girmeýän, özüniň düşünmeýän, öz hereketlerinde gizlin ýatan bir zady obýektiw ýagdaýda amal edýärler. Olar özüniň tebigy bähbitlerine eýerip, düşünmän-bilmän başga biriniň aňryýany bilen düşünip etmäge ymtylýan hereketini – işini amal edýär. Bu bolsa jemgyýetiň durmuşynyň obýektiw kanunlarynyň özakymlaýyn hereketidir.

*Taryhda özakymlylyk haýsy-da bolsa bir zada garşy durmak, subutsyz inkär etmek (ynanjy ýitirmek, kelebiň ujuny ýitirmek, käbir çemeleşmelerden närazy bolmak we ş.m.) görnüşde bolup geçýär.*

Özakymlaýyn taryhy ösüşde adamlaryň öz hereketlerinde obýektiw emele gelýän jemgyýetçilik netijelerine düşünmezligi häsiýetlidir. Şol düşünmezlik hem köplenç ýagdaýda, jemgyýete düşünmekde fatalizmiň, wolýuntarizmiň döremegine sebäp bolýar. Fatalizm we wolýuntarizm sosial filosofiýanyň esasy paradigmalarynyň hataryna girýär. Olar sosial filosofiýada adamyň jemgyýetde, jemgyýetçilik durmuşynda, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda tutýan orny bilen baglanyşykly.

*Fatalizm* (latynça *fatalis* – ykbaly kesgitlenen) adamlaryň üstünden ykbalyň, pelegiň agalyk edýändigine, ozal maňlaýa ýazylandan çykyp bolmajakdygyna ynamdyr. Umumylykda alnanda, fatalizm adamyň durmuşynyň, jemgyýetde tutjak ornunyň ykbala, Hudaýa ýa-da dünýäniň obýektiw kanunalaýyklyklaryna baglydygy baradaky pikiri öňe sürýär. Şeýle ýagdaý adamyň jemgyýetdäki işjeňligini inkär edýär. Onuň öz güýjüne bolan ynamyny gaçyrýar. Fatalizm jemgyýetçilik durmuşynda tötänligiň bolup biljekdigini hem inkär edýär.

*Wolýuntarizm* (latynça *voluntas* – erk) fatalizme düýbünden gapma-garşy gelýän pikiri öňe sürýär. Ol adamyň durmuşynda birinji ýere erki goýýar. Wolýuntarizme laýyklykda, adam öz ykbalynyň eýesi. Ol özüniň erkiniň kömegi bilen dünýädäki ähli zatlaryň, şol sanda tebigatyň we jemgyýetiň kanunalaýyklyklarynyň üstünden agalyk edip bilýär. Jemgyýetde, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda, has hem jemgyýeti dolandyrmakda wolýuntarizme ýol berilmegi tebigy we jemgyýetçilik ösüşe ýaramaz täsir edýär.

Taryhda düşünjelilik – bu aýratynlykda alnan adamlaryň maksatlarynyň sosial toparyň ähli agzalarynyň ýa-da tutuş jemgyýetiň umumy maksatlaryna laýyk gelmegi esasynda alnyp barylýan işdir. Düşünjelilik jemgyýetiň kanunlaryna akyl ýetirmegiň netijesinde, işiň maksatlaryny, serişdelerini we ol kanunlary biri-biri bilen özara ylalaşdyrmak esasynda mümkindir.

## 11.6. Sosial filosofiýanyň funksiýalary

Sosial filosofiýanyň funksiýalary filosofiýanyň funksiýalaryna meňzeş. Ýöne olaryň arasynda tapawut hem bar. Tapawutlar, esasan, olaryň predmetleri we obýektleri bilen baglanyşykda ýüze çykýar.

Sosial filosofiýanyň esasy funksiýalary hökmünde onuň dünýägaraýyş, teoretik, metodologik, öňdengörüjilik ewristik, aksiologik funksiýalary ykrar edilýär.

*Dünýägaraýyş funksiýasy.* Sosial filosofiýa adamda jemgyýet, jemgyýetiň düýp manysy, ösüşi barada umumy garaýşy döredýär. Adamyň dünýädäki orny, durmuşynyň manysy we maksady, ölüm we ýaşaýyş, bagt we bagtyýarlyk ýaly meselelere özboluşly jogap berýär.

*Sosial filosofiýanyň teoretik funksiýasy.* Sosial filosofiýanyň bu funksiýasy sosial prosesleriň we hadysalaryň jümmüşine aralaşmaga, olaryň düýp manysynyň, ösüşiniň, ugrunyň kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmaga ýardam berýär.

*Sosial filosofiýanyň metodologik funksiýasy.* Sosial filosofiýanyň metodologik funksiýasy onuň usullaryny, ýörelgelerini jemgyýetiň belli bir taraplaryny öwrenýän beýleki ylymlaryň ulanmak mümkinçiliklerini göz öňüne tutýar. Bu ýagdaýda sosial filosofiýa ol ylymlar üçin metodologiýa bolup çykyş edýär.

*Sosial filosofiýanyň öňdengörüjilik funksiýasy.* Sosial filosofiýanyň öňdengörüjilik funksiýasy tutuş jemgyýetiň, onuň käbir taraplarynyň, aýry-aýry hadysalarynyň, prosesleriniň ösüş meýillerini, şol ösüşiň berip biläýjek netijelerini öňden görmäge mümkinçilik berýär. Şeýle mümkinçiligiň bar ýerinde jemgyýetçilik ösüşinde bolup biläýjek nogsanlyklardan gaça durmaga, oňat netijeleri ösdürmäge ýol açylýar.

*Sosial filosofiýanyň ewristik funksiýasy.* Sosial filosofiýa jemgyýetiň diňe geçmişini öwrenmek, häzirki ýagdaýyny seljermek bilen çäklenmeýär. Ol sosial prosesleriň ösüşiniň, özgerişiniň gelejegini-de görmek, oňa täsir etmek ugrunga göreşýär. Munuň üçin ol jemgyýet barada alnan täze maglumatlary seljerýär, pikir eleginden geçirýär, düşündirýär, alnan bilimleri teswirleýär, anyklaýar.

*Sosial filosofiýanyň aksiologik funksiýasy.* Sosial filosofiýanyň aksiologik funksiýasy jemgyýeti öwrenmek prosesinde onuň ylmy we medeni gymmatlyklary döretmäge gatnaşýandygyny aňladýar.

Sosial filosofiýanyň ähli funksiýalary özara berk baglanyşykly. Olaryň birini beýlekisinden aýry almak mümkin däldir. Diňe olaryň bitewiliginde sosial filosofik biliminiň özboluşlylygy we düýp manysy ýüze çykýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Sosial filosofiýanyň predmetini kesgitläň.
2. Taryhyň nämedigini teswirläň.
3. Sosial filosofiýa bilen taryhyň filosofiýasynyň arabaglanyşygyny ýüze çykaryň.
4. Sosial filosofiýanyň jemgyýeti öwrenýän beýleki ylymlardan häsiýetli tapawutlaryny saýhallaň.
5. Jemgyýetiň esasy taraplary we olary öwrenýän ylymlar hakynda gürrüň beriň.
6. Sosial filosofiýada jemgyýetiň ösüşiniň sebäplerini düşündirýän çemeleşmeleri häsiýetlendiriň.
7. Sosial filosofiýanyň funksiýalaryny teswirläň.
8. Sosial filosofiýanyň jemgyýetçilik ylymlary babatynda metodologiýalygyny esaslandyryň.
9. Jemgyýetiň ösüşiniň kanunalaýyklyklary we olaryň aýratynlyklary barada maglumat beriň.
10. Fatalizm hakynda gürrüň beriň.
11. Wolýuntarizmiň jemgyýetiň ösüşine ýaramaz täsir edýändigini mysallaryň üsti bilen delillendiriň.

# XII. JEMGYÝET WE TEBIGAT

## 12.1. Adam we tebigat

«Tebigat» düşünjesi – örän giň düşünje. Oňa giň we dar manylarda düşünilýär. Giň manyda tebigatyň düzümine iň ýönekeýje bölejiklerden başlap, tutuş älemi gurşap alýan galaktikalar ulgamyna çenli girýär. Tebigatyň çägi ýokdur. Ol gutarnyksyzdyr. Dar manyda tebigat diýlende Ýer togalagyna – onuň topragyna, daglaryna, derýalaryna, howasyna, florasyna we faunasyna, adamzady gurşap alan ähli zatlara düşünilýär. Onuň şertli ýagdaýda iki görnüşi – janly we jansyz tebigat tapawutlandyrylýar. Şeýle bölünişik kabul edilende janly tebigatyň düzümine, esasan, ýer şary we ondaky biosfera girýär. Çünki adamzat henize çenli gutarnyksyzlyga eýe bolan tebigatyň başga çüňklerinde ýaşaýşyň bardygyny delillendirýän ynandyryjy maglumatlara eýe däl.

Filosofiýada ylmynda tebigat diýlende onuň dar manysy alynýar.

Adam – tebigatyň önümi. Ol tebigatyň kanunlaryna boýun egýär. Dogulýar, ýaşaýar, iýýär, içýär, köpelýär, nesilleri barada alada edýär, garraýar, aradan çykýar. Ornuny soňky nesillere berýär. Ýöne adamda diňe bir tebigy başlangyç däl, eýsem sosial başlangyç hem bar. Sosial başlangyç adamy adam edýän, beýleki jandarlardan tapawutlandyrýan sypatlary döredýär. Sosial durmuş adamlarda zähmet çekmek, döredijilik bilen meşgullanmak, gürlemek, dünýä akyl ýetirmek, akyl ýetirişiň dowamynda toplanan tejribäni, bilimleri soňky nesillere ýetirmek ýaly başarnyklary, endikleri kemala getirýär. Şolara daýanyp, adam tebigatdan bölünip aýrylýar. Tebigaty öz zerurlyklaryna we mätäçliklerine hyzmat etmäge boýun egdirmek arkaly adam tebigata işjeň täsir edýän we garşy durýan güýje öwrülýär. Ol tebigat babatda erkin we ruhy jandar hökmünde hereket etmäge başlaýar.

Taryhyň dowamynda adamyň, jemgyýetiň tebigata bolan gatnaşygy dürli döwürlerde dürli görnüşe eýe bolýar. Adam bilen tebigatyň gatnaşygynda zähmet we öndüriji güýçleriň ýagdaýy esasy orny eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda adam-tebigat gatnaşygy bäş ösüş döwrüni başdan geçirýär.

*Birinji döwür.* Bu döwür adamyň tebigatdan saýlanan wagtyndan başlanýar. Bu döwürde adamyň tebigata täsiri ujypsyz bolupdyr. Ol adam aw awlamak, balyk tutmak, miwe, kösük ýygnamak we ş.m. bilen meşgullanypdyr. Tebigatdan taýýar zatlary alyp öz zerurlyklaryny kanagatlandyrypdyr. Tebigata doly baglylykda bolupdyr, özüni ondan aýyrmandyr, garşy durmandyr we garşy goýmandyr. Adamyň ýaşaýşy tebigata garyşyp gidipdir, oňa hiç hili howp salmandyr. Adam tebigata gorky bilen seredipdir. Ony we onuň hadysalaryny keramatlaşdyrypdyr. Adamzadyň zähmet gurallaram ýöntemligi we sadalygy bilen tapawutlanypdyr. Tebigy şertler adamlaryň durmuş keşplerini, meşgul bolýan işlerini kesgitläpdir. Adamlar balygyň köp ýerinde balykçylyk, awuň köp ýerinde awçylyk, miweli we kösükli ýerlerde hem ir-iýmiş ýygnamak bilen meşgullanypdyrlar.

*Ikinji döwür*. Ekerançylygyň, maldarçylygyň döremegi we ösmegi adam bilen tebigatyň gatnaşygynda täze tapgyra badalga berilýär. Adamzat sarp etmek ykdysadyýetinden öndürmek ykdysadyýetine

geçýär. Ekerançylyk üçin amatly bolan Nil, Tigr we Ýewfrat, Ind we Gang, Ýanszy, Murgap we beýleki derýalaryň kenarlarynda ilkinji ekerançylyk siwilizasiýalary döreýär. Ekerançylyk üçin ýaramsyz şertli sähralyklarda, çöllüklerde maldarçylyk gerim alýar.

Ykdysadyýetiň ekerançylyk we maldarçylyk görnüşlerinde-de tebigatyň jemgyýete täsiri uly bolupdyr. Gurakçylyk, baharyň giç gelmegi, gyşyň ir düşmegi ýa-da gyşyň aşa sowuk bolmagy ýaly tebigy hadysalar adamzadyň ýaşaýşynda düýpli kynçylyklary döredip bilipdir. Ýöne şeýle bolsa-da, öndüriji ykdysadyýetiň ýola goýulmagy bilen adam tebigatdan doly garaşly bolmakdan daşlaşýar. Oňa artykmaç önüm öndürmäge, ertirki gününi meýilleşdirmäge mümkinçilik döreýär. Adamzat tebigatyň işine işjeň goşulyşyp ugraýar. Jaýlary, suwaryş desgalaryny gurup başlaýar. Derýanyň akymlaryndan baş alýan ýapdyr kanallary gazýar. Täze ýerleri özleşdirýär. Olaryň bir bölegini ekerançylyk üçin ulansa, ikinji bölegini maldarçylyga niýetleýär. Şeýdip, adamyň tebigata täsiri artýar. Suwaryş desgalarynyň giňden ulanylmagy adamzat taryhynda ilkinji zaýalanan ýerleriň döremegine getirýär. Tigr we Ýefrat derýalarynyň ýaýlasynda ýerleriň zeýleşmegi suwaryş işleriniň ilkinji netijeleri hasaplanylýar. Ýöne ol ýaramaz täsir çäkli häsiýete eýe bolupdyr. Ol diňe şol sebitlerde ýaşaýan adamlaryň ýaşaýşyna täsir edipdir. Köplenç ýagdaýda, şeýle täsiriň netijesinde şol ýerdäki gadymy siwilizasiýalar dargapdyr.

*Üçünji döwür.* Ol orta asyrlary we Täzeden döreýiş döwrüni öz içine alýar. Bu döwürde jemgyýet-tebigat gatnaşyklarynda hristian we yslam dinleriniň täsiri güýjeýär. Hristian dini-de, yslam dini-de jemgyýet-tebigat gatnaşyklarynda adamyň hudaýa meňzeş edilip ýaradylandygy baradaky dini taglymatdan ugur alypdyrlar. Ol taglymata laýyklykda ýerdäki ähli zatlar, ösümlikler, haýwanlar adam üçin niýetlenip döredilýär. Olar ynsanyň hyzmatynda bolmaly. Adam bolsa Hudaýa gulluk etmeli. Olaryň ynsan ýaşaýşy üçin ýaradylandygy sebäpli adam tebigata aýawly çemeleşmeli. Zaýaçylyga, isripçilige ýol bermeli däl. Yslam dininiň tebigata bolan garaýşyny türkmenleriň gahrymançylykly «Gorkut ata» şadessanynyň gahrymanlarynyň keşplerinde hem şöhlelenýär. Olar tebigatdan gereginden artyk almaýan, jandarlaryň güzerine, bogazyna degmeýän, olar hakynda aladalanýan adamlar hökmünde suratlandyrylýar. Eserde oguzlaryň tebigata bolan gatnaşygynyň aýawlylygy, tygşytlylygy, sazlaşyklylygy wasp edilýär.

XV–XVI asyrlarda hristian dinine uýýan ýurtlarda başlanan Täzeden döreýiş döwründe ýaşan akyldarlar Hudaýy diňe doganyň çokunmagyň üsti bilen däl, eýsem onuň döreden tebigatynyň kanunlaryny öwrenmek arkaly hem tanap bolar diýen pikiri ündew edýärler. Olaryň pikirine görä, adamlar diňe bir tebigaty öwrenmek bilen çäklenmeli däl. Ynsan tebigaty, jemgyýeti üýtgetmäge-de işjeň gatnaşmaly. Öňe sürlen bu pikir soňlugy bilen ýewropa ýurtlarynda ylym-bilimiň, tehnikanyň we tehnologiýanyň güýçli ösmegine badalga berýär.

*Dördünji döwür*. XVII asyrdan XX ortalary aralygynda adamzadyň tebigat bilen gatnaşygynda täze döwür başlanýar. Ol gözbaşyny ýewropa döwletlerinden alýar. Ylmyň, bilimiň we tehnikanyň ösmegi adamlarda tebigatyň üstünden agalyk etmek, ony özüne boýun egdirmek islegini döredýär. Iňlis filosofy F. Bekonyň «Bilim – güýç» diýen jümlesi tutuş eýýamyň şygaryna öwrülýär. Adam aňyna, ylmyna, bilimine uly ynam döreýär. Önümçilikde senagat rewolýusiýasy amal edilýär. Adam güýjüni çalyşýan, tebigat bilen gatnaşykda adama ýeňillikler, artykmaçlyklar berýän maşynlar oýlanylyp tapylýar. Senetçilige esaslanýan el zähmeti maşyn zähmeti bilen çalyşýar. Adamyň tebigata gatnaşygynda agressiw, sarp edijilik gatnaşygy esasy ýere çykýar. Bu gatnaşykda adam we tebigat biri-birine gapma-garşy goýulýar. Tebigy proseslere gatyşmak, olary adamyň islegine laýyklamak uly gahrymançylyk hasaplanýar. Tebigat özbaşdak manysyny ýitirýär we adamyň ýaşamagy üçin serişdä öwrülýär.

Ýewropa döwletleri gysga döwrüň içinde tebigaty «boýun egdirmekde» uly üstünliklere eýe bolýarlar. Ol ýerde ýaşaýan ilatyň hal-ýagdaýy oňatlaşýar. Adamlaryň ýaşy uzaýar. Diňe iýmek-içmek, geýinmek üçin däl, eýsem başga işler bilen meşgullanmak üçin hem boş wagtlar döreýär. XIX–XX asyrlarda dünýäniň ähli döwletleri diýen ýaly öz ýurtlarynda agressiw sarp edijilik ykdysadyýetini gurmaklyga girişýärler. XX asyrda adamyň tebigata gatnaşygy has ýumrujy häsiýete öwrülýär. Şeýle gatnaşygyň netijesinde tebigata uly zyýan ýetirilýär. Tebigat ýetirilen zyýanyň öwezini dolmakdan ejiz gelip başlaýar. Adamzada, jemgyýete ýok bolmak howpy abanýar. Tebigata sarp edijilik nukdaýnazaryndan garamaklyk XX asyryň ortalaryna çenli dowam edýär.

*Bäşinji döwür.* XX asyryň ortalaryndan başlanýan bu döwürde ylmy-tehniki rewolýusiýa bolup geçýär. Jemgyýetde tebigat bilen

gatnaşykda öňki köne şygarlardan ýüz döndermekligiň zerurdygyna düşünmeklik başlanýar. Adamzadyň iň dana ogullary tebigata aýawly çemeleşmegiň zerurdygy baradaky pikiri ilata, ilkinji nobatda-da dolandyryjy elita ýetirmäge çalyşýarlar. Bu pikir kynlyk bilen bolsa-da jemgyýete ornaşýar. Döwrüň öňdebaryjy adamlary tebigat bilen sazlaşykly gatnaşygyň çözgüdini gözlemegiň ugruna çykýarlar. Ýyl geçdigi saýyn tebigata aýawly çemeleşmek, onuň bilen sazlaşykly gatnaşygy ýola goýmak baradaky pikirleriň tarapdarlary köpelýär. Tebigata aýawly çemeleşmek bilen baglanyşykly dersler umumy orta we ýokary bilim berilýän okuw mekdepleriniň okuw meýilnamalaryna girizilýär. Adamyň tebigat bilen gatnaşygy düşünjelilige we medenýete daýanyp başlaýar.

## 12.2. Jemgyýet we tebigat

Adamzat taryhyň dowamynda tebigat bilen dürli görnüşli gatnaşykda boldy. Ýöne şol gatnaşyklaryň esasy manysy üýtgemedi: adam – tebigatyň perzendi, tebigatsyz ýaşaýyş ýok. Häzirki döwürde adamzat kuwwatly tehnikanyň kömegi bilen ata-babalarynyň başarmadyk işlerini edýär. Batgalyklary guradyp, olaryň ornuny ekin meýdanlaryna öwürýär. Derýanyň akym ugruny üýtgedýär. Emeli usulda ýagyş ýagdyrýar. Suwuň aşagyna çümüp, aýlap ýaşap bilýär. Howada uçýar. Emeli hemralaryny älem giňişligine uçurýar. Şeýle bolsa-da, adamzat, edil üç million ýyl mundan öň ýaşan ata-babalary ýaly, ol ýa-da beýleki derejede tebigata garaşly. Onuň ýaşaýşy tebigat bilen bagly. Adamyň we jemgyýetiň ýaşamagy, dowam etmegi üçin tebigatyň, tebigy şertleriň, howa, suw, iýmit ýaly tebigatdan önýän zatlaryň bolmagy zerur.

Tebigat ulgamdyr. Onuň düzüminde artykmaç zat ýok. Tebigaty emele getirýän ähli zatlar we hadysalar göze görünmez zynjyr bilen özara baglanyşykly. Olar özara täsir edişip durýarlar. Şol baglanyşygyň bir ýerinde ýüze çykan näsazlyk tutuş ulgamyň kadaly işlemegine päsgel berýär. Mysal üçin, tebigatda guşlaryň azalmagy ösümlikler üçin zyýanly bolan mör-möjekleriň, gemrijileriň köpelmegine sebäp bolýar. Mukdary köpelip, olar ösümlikleriň azalmagyna, hatda käbir görnüşleriniň ýok bolmagyna sebäp bolýarlar. Ösümlikleriň ýok bolmagam ilkibaşda köpelen mör-möjekleriň, gemrijileriň azalmagyna getirýär.

Daşdan täsir aşa uly bolmadyk ýagdaýynda tebigat täzeden dikelmäge, düzüminde bolup geçýän hadysalary kadalaşdyrmaga ukyply. Ýöne munuň üçin wagt gerek. Bu ýagdaý tebigatdaky ähli zatlaryň we hadysalaryň özara baglanyşyklydygyna şaýatlyk edýär. Şeýle baglanyşyk tebigat bilen jemgyýetiň arasynda-da bar. Sebäbi jemgyýet tebigatyň bir bölegidir. Ol tebigatyň önümi bolan adam tarapyndan gurulýar. Şu sebäplem oňa «ikinji tebigat» hem diýilýär. «Ikinji tebigat» adamyň zähmeti we sungaty bilen döredilýär. Adamzat aňy tebigata esaslanýan, ýöne ondan düýpli tapawutlanýan medeniýet dünýäsini döredýär. Medeniýet adam aňynyň we zähmetiniň kömegi bilen döredilen gymmatlyklaryň jemidir. Medeni gymmatlyklar tebigatda taýyn görnüşde duşmaýarlar. Olar jemgyýetde döredilýär we sosial häsiýete eýe bolýar. Olaryň döremegi üçin tebigatam, jemgyýetem zerur. Şu nukdaýnazardan jemgyýet we medeniýet, bir tarapdan, tebigata degişli. Beýleki tarapdan bolsa, olar tebigata gapma-garşydyr we tebigat bilen kesgitli gatnaşyklara girýärler.

Jemgyýet bilen tebigatyň baglanyşygy we özara täsiri daşky gurşawda amal edilýär.

Adamzadyň tebigat bilen gatnaşygynda esasy orun öndüriji güýçleriň ösüş derejesine degişli. Öndüriji güýçleriň ösüş derejesi näçe ýokary bolsa, adamzadyň tebigata täsir etmek mümkinçiligem şonça ýokary bolýar. Olaryň tebigy güýçleriň öňündäki ejizligi aýrylýar. Olarda tebigy prosesleriň we hadysalaryň işine goşulmaga mümkinçilikler döreýär. Beýleki bir tarapdan, jemgyýetiň tebigata täsiriniň atrmagy bilen adamlaryň isleglerem barha artýar. Ilkidurmuş adamlarynyň isleg-bähbitlerini kanagatlandyrmak üçin ony gurşaýan tebigy şertler we urugdaşlarynyň zähmeti ýeterlik bolupdyr. Olaryň islegleri ujypsyz ekeni. Adamlaryň islegleri iýmekden, içmekden we sowukdan goranmak üçin ýönekeýje eşik edinmekden daşa çykmandyr. Adamlar iýmek, içmek isleglerini bilelikde aw-awlamak, balyk tutmak, miwe ýygnamak arkaly kanagatlandyrypdyrlar. Awlan awlarynyň derileri bolsa eşik bolup hyzmat edipdir. Toparlaýyn ýaşaýan adamlaryň hiç haýsysynda artykmaç eşik bolmandyr. Olar iýmiti saklamanyň usullaryny bilmändirler. Şonuň üçinem şu güni bilen ýaşapdyrlar. Soňky günlerine önüm saklajak bolmandyrlar. Gowaklar, çöp-çalamdan edilen çatmalar ýaşaýyş jaýynyň ornuny tutupdyr. Olarda tutuş urug bolup ýaşapdyrlar.

Häzirki zaman jemgyýetiniň isleg-bähbitlerini kanagatlandyrmak üçin ýerli tebigy şertler we adamlaryň zähmeti ýeterlik däl. Onuň isleginiň çägi has giňedi. Onuň yşyga, maglumatlara, bilime, jaý gurmaga, howpsuzlyga, herekete, iýmite we beýlekilere bolan isleglerini kanagatlandyrmaklyk üçin bir maşgala, urug, ýa-da halk, ýeterlik däl. Bu wezipä tutuş dünýä jemgyýetçiligi hyzmat edýär. Jemgyýetiň islegleri şeýle bir köpeldi we ulaldy welin, onuň özi öz isleglerini doly kanagatlandyrmakdan ejiz gelýär. Hatda ABŞ, Hytaý ýaly dünýä ägirtlerem jemgyýetiň köp zatlara bolan isleglerini kanagatlandyrmak üçin başga döwletlere, jemgyýetlere ýüz tutmaga mejbur bolýarlar. Äpet uly jaýlar, elektrik beketleri, kärhanalar, uçarlar, maşynlar, otlular, gämiler, köprüler, dürli geçirijiler, kompýuterler, öýjükli telefonlar, internet ulgamy, sanly tehnologiýalar we ş.m. adamlaryň dürli isleglerini kanagatlandyrmaklyga hyzmat edýärler. Hatda kosmos emeli hemralary hem adamlaryň barha artýan maddy we ruhy isleglerine gulluk edýär.

Häzirki zaman jemgyýeti ylmyň, bilimiň, öndüriji güýçleriň ösmegi bilen tebigatyň öňündäki ejizlikden belli bir derejede halas boldy. Ýöne adamzadyň tebigatdan garaşlylygy azalmady-da, gaýtam, köpeldi. Munuň şeýledigine jemgyýetçilik isleginiň artmagy-da şaýatlyk edýär. Ol islegleri kanagatlandyrmak üçin dünýäniň ähli tebigy baýlyklary hyzmat edýär. Adamzadyň isleglerini kanagatlandyrmak ugrunda amal edýän işleri tebigatyň gerdenine agyr ýük bolup inýär. Öňki döwürlerde tebigat özüne ýetirilen zyýanyň öwezini dolmany, öz-özüini dikeltmäni başarýardy. Soňky döwürlerde oňa özüni dikeltmek barha kyn düşýär. Bu ýagdaý jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky gapma-garşylygyň barha güýjeýändiginden habar berýär.

## 12.3. Jemgyýet-tebigat gatnaşygynda tehnologiýanyň orny

Adamyň, jemgyýetiň tebigat bilen gatnaşygynda tehnologiýanyň tutýan orny örän ýokarydyr.

*Tehnologiýa – bu adamlaryň önüm öndürmek maksady bilen tebigata täsir ediş usullarynyň jemidir.* Tehnologiýanyň önüm öndüriji, saklaýjy, alyş-çalyş ediji, maglumat, biotehnologiýa, sanly tehnolo-

giýa ýaly gaty köp görnüşleri bar. Jemgyýetiň tebigat bilen gatnaşygynyň taryhy ilki bilen tehnologiýalaryň ösüşiniň taryhydyr. Adamzat bütin taryhynyň dowamynda ýaşaýşyny oňatlaşdyrmak ugrunda göreş alyp bardy. Oňat ýaşaýyş, ilki bilen, adamyň ýaşamak üçin zerur bolan iň esasy isleglerini kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly. Adamyň esasy isleglериniň hataryna iýmek, içmek, egin-eşik, ýaşaýyş jaýy ýaly zatlar girýär. Adam ol isleglerini diňe tebigatyň hasabyna kanagatlandyryp bilýär. Ol iýmitem, egin-eşik öndürmek, ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin zerur bolan zatlaram diňe tebigatdan alyp bilýär. Munuň üçin ol tebigat bilen gatnaşyga girmeli.

Dünýäde diňe bir ynsan däl, eýsem beýleki jandarlar, hatda ösümlikler hem tebigat bilen gatnaşyga girýärler. Olar hem ýaşaýyş üçin zerur bolan energiýany tebigatdan alýarlar. Adam dünýädäki beýleki janly organizmlerden tapawutlylykda tebigat bilen gatnaşykda zähmet gurallaryny ulanýar. Zähmet gurallary tebigatda taýyn görnüşde duşmaýar. Ony bejermeli. Ujy ýonulan taýaklar, ýiteldilen, çiş edilen süňkler, ýüzi ýülmenen daşlar ýaly ynsanyň ilkinji zähmet gurallary ýöntem bolupdyr. Muňa garamazdan, olar adama beýleki jandarlara seredilende artykmaçlyk beripdir. Olaryň kömegi bilen adamzat özlerinden has uly güýçli we ýyndam haýwanlaryň hötdesinden gelmegi başarypdyrlar. Zerur bolan ýagdaýynda zähmet gurallary howp-hatardan goranmak üçin ulanylýan ýaraga öwrülipdir. Olar adamzadyň güýjüne güýç goşýan emeli synalaryna öwrülýär.

Adamzat tebigat bilen gatnaşykda ulanýan zähmet gurallaryny kämilleşdirmek başarjaňlygyna eýedir. Olary kämilleşdirmeklige bolan isleg soňlugy bilen ylmyň döremegine sebäp bolýar. Ylym adamzadyň tebigata has netijeli täsir etmeklige bolan isleginiň önümidir.

Wagtyň geçmegi bilen ýönekeý zähmet gurallary tejribäniň we ylmyň täsirinde ýokary tehnologiýalara esaslanýan tehnikalara öwrülýär. Şol tehnikalaryň her haýsysy müňlerçe adamyň zähmetini çalşyp bilýär. Adama başartmaýan inçe amallary, hasaplamalary we ş.m. ýerine ýetirip bilýär. Netijede, adamzadyň ýaşaýşy, maddy hal-ýagdaýy has oňatlaşýar.

Adamzadyň häzirki döwürde tebigat bilen gatnaşykda ulanýan tehnologiýasy ylmy-tehniki progresiň gazananlaryna daýanýar. Ol

jemgyýet-tebigat gatnaşygyny täze bir derejä çykardy. Ylmy-tehniki progresiň derejesi we mundan beýläk ösüşe bolan meýilleri tebigatyň ýaşamagyna howp salýar. Şol bir wagtyň özünde-de ol tehnologiýalar akyla laýyk ulanylanda tebigata has aýawly çemeleşmäge, ony goramaga mümkinçilik döredýär. Häzirki zaman tehnologiýasy az energiýa talap edýän galyndysyz önümçiligi döretmäge ukyply. Şu nukdaýnazardan jemgyýet-tebigat gatnaşyklarynyň öňünde iki ýol açylýar. Olaryň ilkinjisi mundan hem beýläk soňuna saýmazdan, ertirki güni, soňky nesilleri alada etmezden tebigata wagşyçylyk bilen çemeleşmek ýoludyr. Ikinji ýol bolsa bu gatnaşygy has ýokary derejä çykaryp, tebigata aýawly, ylma esaslanýan gatnaşyklary alyp barmak ýoludyr. Adamzadyň haýsy ýoldan gitjekdigi onuň özüne, jemgyýet-tebigat gatnaşyklarynda öz jogapkärçiligini duýmaklygyna baglydy.

## 12.4. Jemgyýet-tebigat gatnaşygy we ekologiýa meselesi

Jemgyýet bilen tebigatyň arasynda ekologik görnüşdäki özara täsir hem bar. Tebigat adama diňe bir iýmiti, çig mallary bermeýär. Tebigat – adamyň öýi, onuň ýaşaýan ýeri. Adam tebigata edil öz öýüne sereden ýaly aýawly çemeleşmeli. Oňa zyýan ýetirmeli däl. Ýöne, gynansak-da, henize çenli adamzat tebigatyň özi üçin ýeke-täk mesgendigine doly düşünip bilenok. Adam tebigat bilen gatnaşykda onuň ekologiýasyna uly zyýan ýetirýär.

Häzirki zaman dünýäsinde adamyň tebigat bilen gatnaşygynda adam aňynyň ähmiýeti ýokarlandy. Ylmyň iň soňky gazananlaryna esaslanýan zähmet gurallary bilen ýaraglanan adamzat daşky gurşawa täsir etmekde bimöçber güýje eýe boldy. Bu ýagdaý jemgyýet bilen tebigatyň gatnaşygynyň has ýitilişmegine, ekologik meseleleriniň täsiriniň barha ýokarlanmagyna sebäp boldy. Adamzatyň tebigat bilen jemgyýetiň gatnaşygy barada aladalanyp ugrady. Jemgyýet-tebigat gatnaşygyny öwrenýän ekologiýa ylmy hem esaslandyryldy.

*Ekologiýa* (grekçe oikos – ýaşaýan, bolýan ýeri, logos – ylym) adamzadyň we beýleki jandarlaryň ýaşaýyş şertleri hakynda ylymdyr. *Jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky gatnaşyklary we ondan gelip çykýan ekologiýa meselelerini öwrenýän ylma sosial ekologiýa diýilýär.*

*Jemgyýet-tebigat gatnaşygyndaky sazlaşygyň bozulmagy netijesinde howanyň, topragyň, suwuň hapalanmagyna, ösümlikler we haýwanat dünýäsiniň zaýalanmagyna ekologiýa meselesi diýilýär.*

Tokaýlaryň çapylmagy, ýeriň şorlaşmagy we çölleşmegi, howanyň, suwuň, derýalaryň, deňizleriň, ummanlaryň hapalanmagy, tebigy resurslaryň azalmagy, ilatyň köpelmegi, ösümlikleriň, haýwanlaryň görnüşleriniň azalmagy, azon deşiginiň peýda bolmagy we ş.m. ekologiýa meselelerini düzýär. Ekologiýa meseleleri adamzadyň ýaşaýşy bilen baglanyşykly meseledir. Wagt geçdigi saýyn ýitileşýändigi üçin, olar tutuş adamzadyň bilelikdäki hereketini talap edýän, ähli adamzadyň ýaşaýşyna howp salýan global meselä öwrüldi.

Häzirki zaman jemgyýetinde tebigat bilen bolan ykdysady gatnaşykda tebigata we onuň resurslaryna aýratyn üns bermeli bolýar. Tebigatyň resurslary iki sany uly topara bölünýär. Birinji topara tebigatyň gutarmaýan resurslary girýär. Ikinji topary tebigatyň gutarýan resurslary düzýär. Gutarmaýan resurslara gün radiasiýasy, ýeliň energiýasy, deňizleriň, ummanlaryň tolkunlarynyň, gaýtgynlarynyň we daşgynlarynyň energiýasy, ýer astynyň energiýasy, suw, howa atmosferasy degişli. Ýöne tebigatyň gutarmaýan resurslarynyň hataryna girýän suwuň we howanyň hem düzümi üýtgeýär. Olaryň ýaşaýyş üçin ýaramlylyk derejesi peselýär. Bu ýagdaý olary önümçilik maksady bilen ulanmak mümkinçiligini azaldýar.

Tebigatyň gutarýan resurslary-da iki topara – öwezini dolup bolýan we öwezini dolup bolmaýan resurslara bölünýär. Öwezini dolup bolmaýan resurslara ýaşaýyş giňişligi, gazylyp alynýan demir, mis, altyn, kümüş, nebit, gaz, kömür ýaly baýlyklar, derýalaryň energiýasy we ş.m. degişli. Öwezini dolup bolýan resurslara haýwanat dünýäsi, ösümlikler we hasylly toprak degişli. Ýeterlik wagt we daşardan täsiriň çakdanaşa bolmadyk ýagdaýynda haýwanlaryň öz mukdarlaryny dikeltmäge mümkinçiligi bolýar. Şeýle ýagdaý ösümliklere-de, hasylly topraga-da degişli. Daşky täsir diýlende, ilkinji nobatda, olaryň özara gatnaşyklaryna, tebigy şertleriň (howanyň yssylygy, sowuklygy, ýagynlylygy, guraklygy we ş.m.) ýagdaýyna düşünilýär. Daşky täsire öwezini dolup bolýan resurslaryň adam bilen gatnaşygy-da girýär. Adamyň haýwanat we ösümlik dünýäsi bilen gatnaşygy soňky döwür-

lerde olaryň ykbalyny çözýän gatnaşyklara öwrüldi. Adamlaryň köpelýändigi, olaryň barha köp ýerleri özleşdirýändigi, tokaýlyklary çapýandygy, batgalyklary guradýandygy, çöllere suw çekýändigi we ş.m. bilen baglylykda haýwanlaryň ýaşaýan, ösümlikleriň ösýän ýerleri azalýar. Netijede, dünýäde ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşleri sany ýyl geçdigi saýyn azalýar. Bu ýagdaý adamyň tebigat bilen gatnaşygyny täze, has ýokary derejä çykarmak zerurlygyny şertlendirýär.

Jemgyýet-tebigat gatnaşyklarynda näsazlyk irki döwürlerde hem belli derejede bolupdy. Ýöne ylmyň, täze tehnologiýalaryň kömegi bilen adamlaryň tebigata täsiriniň artdygyça ol näsazlyk güýçlendi. Ol XX asyryň ikinji ýarymynda çakdanaşa güýjedi. Häzirki zaman dünýäsinde ekologiýa meselesi global meseleleriň esasylarynyň birine öwrüldi. Ekologiýa meselesiniň düýp manysy adamyň ýaşaýan tebigatynyň, tebigy şertleriniň düýpli üýtgändigini, tebigy baýlyklaryň barha azalýandygyny, tebigatyň özüni dikeitmek işiniň epesli gowşandygyny, adamzadyň mundan beýläkki ýaşaýşyna howp abanandygyny aňladýar.

Adamy, jemgyýeti gurşaýan tebigy şertler adamyň tebigata zor salmasynyň, zaýaçylykly önümçiliginiň barha we barha çig maly – ýeriň astyndaky we üstündäki baýlyklary köp ulanmagy bilen özgerýär. Önümçiligiň tebigy prosesleriň işlerine ýaramaz täsir edýän, hatda düzedip bolmajak ýalňyşlyklary goýberýän wagtlary hem seýrek däl.

Adamzat tokaýlary çapmak, ýabany haýwanlary ýok etmek ýaly işler arkaly tebigatyň kadaly işlemeginde düýpli kynçylyklar döredýär. Howanyň, suwuň hapalanmagy-da tebigat kanunlarynyň bozulmagydyr. Sebäbi adam goşulmadyk ýagdaýynda tebigat öz-özüini dikeldýän ulgamdyr. Halkara dünýä resurslary institutynyň we Dünýäniň merkezi tebigaty goraýyş monitoringiniň berýän maglumatyna görä, soňky ýyllaryň dowamynda tokaýlaryň ýary çapylypdyr. Tokaýlaryň ýok edilmegi XX asyrda ýokary derejä ýetipdir. XXI asyryň başlaryna çenli ýok edilen tokaýlygyň 75%-i XX asyryň paýyna düşýär. Olar adamzadyň çalt ösýän önümçilik isleglериniň pidasy boldy. Häzirki döwürde bolsa her minutda tokaýyň 50 gektary ýok edilýär. Eger şeýle ýagdaý dowam etse onda 30–40 ýyldan tokaýlar doly çapylyp gu-

tarylar. Tokaýlaryň oýlanyşyksyz çapylmagy ýeriň çölleşmegine-de ýol açýar. Häzirki wagtda ýer ýüzünde çölleriň tutýan meýdany gury ýeriň 40%-e deň boldy.

Global meselä öwrülen ekologiýa meselesi köp taraply we köp görnüşlidir. Olaryň her haýsysy uly bir ekologiýa meselesi hökmünde çykyş edip, adamzadyň ýaşaýşynda kynçylyklary döredýär. Mysal üçin, nebit, kömür, gaz ýaly zatlaryň kemala gelmegi üçin millionlarça ýyl gerek. Soňky 200 ýylyň içinde olaryň köp bölegi gazylyp alyndy. Häzirki döwürde olaryň gorlary azalýar.

Ekologik meseleleriň hataryna Ýer ýüzünde ýaşaýan adamlaryň ýokary depginde köpelmegem girýär. Adamlaryň çakdanaşa köpelmegi bilen «Tebigatyň adamlary eklemäge güýji ýetermi?» diýen kanuny soragyň döremegine getirýär.

BMG-niň ykdysady we sosial meseleler boýunça Departamentiniň berýän habarlaryna görä, biziň eýýamymyzyň başynda planetamyzda 300 million adam ýaşan bolsa, 1000-nji ýylyň başlarynda ilatyň mukdary 310 milliona, 1500-nji ýylda 500 milliona, 1800-nji ýylda 978 milliona ýetýär. 1900-njy ýylda ýer üýzünde ýaşaýan ilatyň mukdary 1 milliard 650 milliondan geçýär. 2000-nji ýylda ýer şarynda ýaşaýan adamlaryň sany 6.1 milliarddan geçýär. 2020-nji ýylda ilatyň mukdary 7,674,688 müň adama ýetýär. Çaklamalara görä, ýerde ýaşaýan ilatyň sany 2050-nji ýylda 9,3 milliarda, 2100-nji ýylda hem 11 milliarda ýeter. Häzir her ýyl Ýer şarynda ýaşaýan adamlaryň üstüne 100 million çaga goşulýar. Ilatyň köpelmeginiň, esasan, ykdysady taýdan pes ösüşli döwletleriň hasabyna amal edilýär. Ösen ýurtlarda ýagdaý tersinedir. Ol ýerde ilat köpelişi gaty ujypsyzdyr, ösüş ýokdur, ýa-da ölümiň mukdary dogluşdan köpdür.

Ilatyň çalt köpelişine XIX asyrda ýaşan Tomas Robert Maltus üns beripdir. Ol ilkinji bolup ilatlylyk kanunyny işläp düzýär. Maltus özüniň ilatlylyga bagyşlanan işlerinde ilatyň köpelişini sosial faktorlaryň däl-de biologik faktorlaryň täsiri bilen düşündirmäge çalyşýar. Onuň pikirine görä, ilatyň köpelişi uruş, ýokanç keseller, açlyk, tebigy heläkçilikler tarapyndan kadalaşdyrylýar. Ýöne muňa seretmezden, ýer şarynda ilat barha köpelýär. Azyk önümlerinini we ýaşamak üçin zerur bolan beýleki serişdeleri öndürmek bolsa yza galýar. Maltus bu

ýagdaýdan çykalga hökmünde nikany we çaga dogluşyny düzgünleşdirmegi teklip edýär.

Häzirki zaman ylmynyň ilatlylyk kanunyna berýän teswirlemesine laýyklykda, siwilizasiýanyň, medeniýetiň ösmegi bilen çaga dogrulyşy azalýar. Ösen döwletlerde ilatyň köpelmegi adamlaryň ýaşynyň uzalmagynyň ýa-da migrasiýanyň hasabyna amal edilýär.

## 12.5. Biosfera we noosfera

*Biosfera.* Biosfera adalgasyna Ýeriň daşky gabygy we ýaşaýyş çygry hökmündäki düşünjäni ilkiji bolup I. B. Lamark berýär. Geologiýada biosfera düşünjesi Wena uniwersitetiniň professory E. Zýuss tarapyndan girizildi. W. I. Wernadskiý noosfera hakyndaky taglymaty döredip, bu düşünjäni ösdürdi we çuňlaşdyrdy.

*Biosfera – bu ýaşaýşyň ösýän ýer şarynyň daşky bölegidir.* Ol ýeriň taryhynda ýaşaýşyň ýüze çykmagy we ösmegi bilen baglanyşyklydyr. Janly organizmler gury ýeriň üst ýüzünde, atmosferanyň aşaky gatlaklarynda, toprakda ýaşaýar we özüniň düzümi boýunça janly we jansyz tebigatyň özara täsirleşmesiniň önümi hasaplanýar. Ösümlikleriň işiniň netijesinde biosfera kosmosdan biziň planetamyza gelýän energiýanyň özboluşly akkumulýatory hasaplanýar.

Biosferanyň aşaky araçägi –100°C temperaturada. Bu köpsanly bakteriýalaryň ösmegi üçin soňky, aşaky temperaturadyr. Araçägiň çuňlugy tektoniki şertler bilen kesgilenýär. Ýewropada bu takmynan Ýer gabygynyň 10-15 müň metr çuňlugyndadyr. Ýokary araçäk 7-8 müň metr beýiklikde geçýär.

Biosferanyň diňe ýaşaýyş çygry, meýdany, giňişligi hökmünde kesgitlenmesi ýeterlik we doly däldir. Sebäbi ol özüne janly maddalardan başga-da biogen maddalary – janly madda tarapyndan döredilen organiki önümleri (daşkömür, bitum, ýanyjy gazlar, torf, toprak gumusy we ş.m.) birleşdirýär. Biosferanyň üçünji düzüjisi – janly we jansyz tebigatyň bilelikde döredýän zatlary. Bu – suw, atmosfera, dökündi jynslar, toprak minerallary. Şeýlelikde, adamyň ýaşamagy üçin esasy şertler bolan toprak, suw, howa hem biosferanyň möhüm düzüjisidir.

*Noosfera.* Noosfera – paýhas gurşawy adalgasy ilkinji gezek fransuz filosoflary E. Lerua we P. Teýýar de Şarden tarapyndan ylmy dolanyşyga girizilýär. Rus alymy Wernadskiý bolsa noosfera diýlende ylmy pikire öwrülen bitewi geologik gabyga (biosfera) düşünipdir. Onuň pikirine laýyklykda, jemgyýet tarapyndan tebigatyň üýtgedilmegi has ýokary çäklerde biosferanyň hil taýdan üýtgemegine getirýär. Onuň ornuna noosfera gelýär. Alymyň pikiriçe, noosfera – bu ewolýusiýanyň, tebigat bilen jemgyýetiň akylly-başly birleşmeginiň we olaryň geljekki bir ugra sazlaşykly ösüşiniň ýokary basgançagydyr.

Noosfera Ýer togalagynyň ösüşiniň täze eýýamydyr. Ol eýýama gadam basan adamzat düýpli özgermeli bolýar. Noosfera tarap ösüşde ynsan öz durmuşynda ozal bar bolan uruşy ýok etmeli. Noosfera eýýamynda adamzat haýwanat we ösümlik dünýäsinden energiýa almak zerurlygyndan halas bolar. Bu ýagdaý adamzada Ýer ewolýusiýasynyň çäginden çykyp äleme aralaşmaga ýardam berer.

Biosferanyň noosfera geçmegi adamyň biosferanyň geljegi we özüniň ewolýusiýasy üçin şahsy jogapkärçiligi öz üstüne alýandygyny aňladýar. Bu täze basgançak – noosfera konsepsiýasy adamyň tebigata bolan düýpgöter täze gatnaşygynyň esasyny düzmelidir.

## 12.6. Ekologiýa meselelerini çözmekligiň ýollary

Dünýäniň ekolog alymlary we filosoflary ekologiýa meselelerini çözmeklige ýörelge bolup biljek maslahatlary işläp düzdüler. Olaryň esasylary hökmünde aşakdakylar görkezilýär:

• dünýädäki ekologik meseleleri çözmeklik üçin tutuş adamzadyň bilelikdäki hereketi zerurdyr;

• ekologiýa meselelerini çözmeklik üçin dünýä derejesinde tebigaty halas etmegiň ekologik maksatnamasynyň işlenilip düzülmegi zerur. Maksatnamada esasy ekologik meseleler anyk görkezilmeli, olary çözmekligiň ýollary, usullary, serişdeleri kesgitlenilmeli;

• ekologiýa meselelerini çözmeklikde ylmyň gazananlaryny we döwrüň talaplaryny ödeýän iň döwrebap tehnologiýalar ulanylmaly;

• gazylyp alynýan we mineral baýlyklar ýaly täzeden dikeldilmeýän tebigy baýlyklary tygşytly we maksadalaýyk ulanmagy ýola goýmaly;

• täzeden dikeldilýän toprak, suw, ösümlikler, haýwanlar ýaly baýlyklara aýawly şemeleşmeli, olaryň baýlaşmagyna, täzeden dikeldilmegine adamzat derejesinde üns bermeli;

• adadmzadyň ýaşaýşy üçin iňňän zerur bolan energiýanyň täzeden dikeldilýän resurslara esaslanýan çeşmelerini tapmaly;

• ylmyň gazananlaryna daýanmak arkaly bütin dünýäde galyndysyz önümçiligi ýola goýmaly;

• tebigy gurşawy zaýalaýan, hapalaýan zäherli himikatlaryň, radioaktiw galyndylaryň we ş.m. garşysyna göreşmeli;

• tebigaty oýlanyşyksyz, jogapkärçiliksiz gatyşmalardan goramaly;

• adamlaryň ekologik aňyny kämilleşdirmeklige, olaryň ekologik terbiýesine berilýän ünsi güýçlendirmeli we olaryň ekologik medeniýetini kemala getirmeli we başgalar.

Adamzadyň mundan beýläk ýaşamagynda topragy, suwy, ösümlik we haýwanat dünýäsini goramaklygyň ähmiýeti artýar. Topragy goramakda ylma daýanmak gerek. Bu işde täze agaç nahallaryny oturtmaklyga, suwaryşy kämilleşdirmeklige, zeýkeşleri gazmaklyga, organiki we organiki däl dökünleri ulanmaklyga ünsi güýçlendirmeli. Dünýäniň öňdebaryjy ýurtlary ýeri ulanmakda ylma, oba hojalyk ylymlarynyň soňky gazananlaryna daýanýan, iň öňdebaryjy tehnikalary we tehnologiýalary ulanýan intensiw ýoldan gitdiler. Bu ýol – gaty gymmat, adamlaryň aýratyn taýýarlygyny talap edýän, ýöne şol bir wagtyň özünde-de netijeli ýol. Ol zähmet öndürijiliginiň artmagyna, ýeriň hasyllylygynyň ýokarlanmagyna mümkinçilik berýär.

Tebigata aýawly çemeleşmekde, ekologiýa meselelerini çözmekde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan nusgalyk işleri toplumlaýyn amala aşyrýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda tebigaty gorap saklamak, ýerasty we ýerüsti baýlyklary rejeli peýdalanmak, suw, ýer we biologik serişdeleri gaýtadan dikeltmek, howanyň arassalygyny gazanmak, tokaýlary, baglary köpeltmek, çölleşmäniň öňüni almak, ilatyň ekologiýa aňyny we medeniýetini kämilleşdirmek boýunça maksatly işler alnyp barylýar. Türkmenistan daşky gurşawy goramagy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde kesgitläp, bu ugurda halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Ýurdumyz BMG-niň Bioköpdürlülik

hakyndaky we çölleşmä göreş alyp barmak boýunça konwensiýasyna, howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna hem-de Kioto teswirnamasyna, Ozon gatlagyny goramak baradaky Wena konwensiýasyna hem-de Ozon gatlagyny weýran edýän maddalara degişli Monreal teswirnamasyna, Bazel we Orhus konwensiýalaryna, BMG-niň suwly-batgalyk ýerler hakyndaky Ramsar konwensiýasyna we beýlekilere goşuldy.

Ýurdumyz Aralyň meselelerini çözmäge, Hazar deňziniň basseýninde daşky gurşawy goramaga we gadymy Hazaryň özboluşly ekologiýa ulgamyny gorap saklamaga degişli birnäçe başlangyçlaryň awtory bolup çykyş edýär.

Öndürilýän önümleriň ekologik taýdan arassa bolmagyny gazanmak maksady bilen ýurdumyzyň ykdysady pudaklaryna häzirki zaman tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Kärhanalar we desgalar ekologiýa standartlaryna hem-de talaplaryna laýyklykda gurulýar.

Milli Liderimiziň adamyň tebigatyň bir bölegi bolup durýandygy, onuň bütin durmuşynyň tebigy serişdeleri dogry, başarjaň peýdalanmak ukybyna baglydygy, tebigatda gyradeňligi saklamaga mümkinçilik berýän gatnaşyklarda sazlaşygy ýola goýmagyň türkmenistanlylaryň we tutuş ynsanyýetiň öňünde durýan möhüm wezipeleriň biridigi baradaky öwüt-ündewleri Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ähli maksatnamalary hem-de taslamalary durmuşa geçirmekde möhüm ekologik ýörelge bolup çykyş edýär.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Tebigata giň we dar manyda düşünilişini teswirläň.
2. Adamyň tebigat bilen gatnaşygynyň döwürlerini we döwürleriň aýratynlyklaryny häsiýetlendiriň.
3. Jemgyýet-tebigat gatnaşygynyň esasy aýratynlyklaryny ýüze çykaryň.
4. Häzirki zaman jemgyýetiniň isleg-bähbitlerini kanagatlandyrmak üçin ýerli tebigy şertleriň we adamlaryň zähmetiniň ýeterlik däldigini delillendiriň.
5. Adamyň, jemgyýetiň tebigat bilen gatnaşygynda tehnologiýanyň tutýan ornuny kesgitläň.
6. Häzirki zaman dünýäsinde jemgyýet bilen tebigatyň gatnaşygynyň ýitileşmeginiň sebäplerini düşündirmäge çalşyň.

7. Esasy ekologik meseleleri sanaň we olary global meseleler hökmünde esaslandyryň.

8. Öwezini dolup bolýan we dolup bolmaýan tebigy resurslar barada gürrüň beriň.

9. Biosferanyň we noosferanyň özara baglanyşygyny açyň görkeziň.

10. Ekologik meseleleriň çözgütlerini teswirläň.

11. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenenistanyň ekologiýa meselelerini çözmeklige goşýan goşandy barada maglumatnama taýýarlaň.

# XIII. JEMGYÝETIŇ YKDYSADY ESASLARY

## 13.1. Jemgyýetiň ykdysady durmuşy

Jemgyýetiň kadaly ýaşamagynda ykdysady gurşawyň ähmiýeti örän uludyr. Ykdysady gurşawda jemgyýetiň ykdysady durmuşy amal edilýär. Ykdysady durmuşyň dürli taraplary dürli ykdysady ylymlar tarapyndan öwrenilýär. Ýöne onuň käbir meseleleri bilen ykdysady filosofiýa iş salyşmaly bolýar. Ykdysady filosofiýa sosial filosofiýanyň düzümine girýär. Onuň öwrenýän meselelerine jemgyýet bilen ykdysady durmuşyň gatnaşygy, ykdysadyýetiň jemgyýetçilik ösüşine edýän täsiri, ykdysady durmuşyň ösüşiniň çeşmeleri, ykdysady aň, ykdysady bähbitler bilen ykdysady gatnaşyklaryň sazlaşygy we ş.m. degişli. Filosofiýa ykdysadyýeti dolandyrmak we oňa täsir etmek, ykdysadyýetdäki özgertmeler, ykdysadyýetde döwletiň orny ýaly meselesi hem ünsden düşürmeýär. Ol meseleler diňe bir ykdysady häsiýetli bolman, eýsem sosial-filosofik ähmiýete-de eýedir.

Jemgyýetiň, adamzadyň, aýratyn alnan adamyň durmuşynda ykdysady durmuşyň orny örän ýokarydyr. Ol adamzadyň ýaşaýşynyň esasyny düzýär. *Jemgyýetiň ykdysady durmuşyna ilki bilen dürli zatlary we hyzmatlary öndürmek, paýlamak, çalyşmak we sarp etmek girýär.* Ykdysady durmuş ykdysadyýet tarapyndan guralýar. Ykdysadyýet – bu tebigat bilen adamyň arasyndaky alyş-çalyşdyr. Bu alyş-çalyş indiwidiň we adamzat umumylyklarynyň paýhasly işine

daýanýar. Ykdysadyýetiň maddy we maddy däl önümçilik pudaklary bar. Ykdysadyýetiň maddy önümçilik pudagynda adamlaryň maddy islegleri kanagatlandyrylýar. Olaryň ýaşamagy üçin zerur bolan egin-eşik, iýmit, ýaşaýyş jaýy, aragatnaşyk we ş.m. önümler öndürilýär. Maddy däl önümçilige bolsa adamlaryň bilime, aragatnaşyga, sporta, saglygy goramaklyga we dikeltmeklige, aýdym-saza, syýahat etmeklige we ş.m. isleglerini kanagatlandyrmaklyga niýetlenen hyzmatlar girýär. Edebiýat we sungat, medeniýet bilen baglanyşykly ruhy gymmatlyklary öndürmek hem-de sarp etmek ykdysady mazmuna eýedir. Olar hem haryt görnüşinde satylyp, çalşylyp, sarp edilip bilner. Olaryň maksady adamlara ruhy lezzet bermek we ruhy taýdan baýlaşdyrmakdyr. Ykdysadyýetde önüm öndürijiler hökmünde kärhanalar, firmalar, önümçiligi we hyzmatlary guraýjylar, şeýle hem harytlary öndürmek, saklamak, ýerlemek ýaly işleri amala aşyrýan guramalar çykyş edýärler.

Önümçiligiň sosial mazmuny bar. Ol adamlaryň ýaşamaklygynyň maddy şertlerini, jemgyýetçilik indiwdleri hökmünde adamlaryň özlerini, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny we baglanyşyklaryny döretmek, ideýalary we ruhy gymmatlyklary kemala getirmek ýaly jemgyýet üçin iňňän zerur bolan funksiýalary ýerine ýetirýär. Ol diňe adamlaryň bilelikde tebigata täsir etmegi netijesinde mümkindir. Adamlar özara gatnaşykda tebigy zatlaryň başky durkuny üýtgedip, özleriniň isleglerine laýyklaýarlar. Önümçilikde esasy orun önümçilik usulyna degişli. Önümçilik serişdesi kimiň elinde bolsa, şol hem olary eýelemekde, ulanmakda, hojaýynlyk etmekde artykmaçlyga eýe bolýar.

Önümçilik prosesinde adamlar, bir tarapdan, önüm öndürmek, beýleki tarapdan, öndürilen önümleri paýlaşmak we sarp etmek üçin özara gatnaşyga girýärler. Olar bu meselede bilelikde hereket edýärler. Harytlary we hyzmatlary *paýlamak* gatnaşygynyň önümçilige täsiri örän uludyr. Olar önümçiligiň ösmegini höweslendirip ýa-da saklap, hatda yza tesdirip biler. Mysal üçin, önüm öndürýänlere ýa-da hyzmaty amal edýänlere öndüren önümleriniň, hyzmatynyň mukdaryna we hiline laýyk hak tölenende olaryň zähmet öndürijiligini artdyrmaga, oňat hilli haryt öndürmäge, hyzmat etmäge höwesleri artýar. Olar öndürýän önümleriniň, ýerine ýetirýän hyzmatlarynyň hilini ýokar-

landyrmaklygyň, mukdaryny artdyrmaklygyň gözleginde bolýarlar. Paýlamakda deňgyraňlylyk ýörelgesi agalyk edende bolsa, öndürijiler zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak ugrunda alada etmeýärler. Olar hili ýokarlandyrmak ugrunda-da aladalanmaýarlar. Netijede, önümçilik ösmeýär. Peýda görmek, girdeji almak önüm öndürijileriň, hyzmat edijileriň, telekeçileriň esasy maksadydyr.

Önümçiligiň ösmeginiň esasy höweslendirijisi *sarp edişdir*. Ol önümçiligiň giňelmegine, kuwwatynyň artmagyna, öndürilýän önümleriň, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşleriniň köpelmegine täsir edýär. Sarp ediş bilen baglylykda önümçiligiň we hyzmat edişiň täze pudaklary peýda bolýar. Sarp ediş diýlende diňe adamlaryň şahsy we öý hojalyklarynyň sarp edişine düşünmeli däl. Onuň önümçilik sarp edişi görnüşi hem bar. Oňa önüm öndürýän we hyzmatlary amal edýän ykdysady birlikler girýär. Önümçiligiň giňemegi bilen olarda elektrik energiýasynyň, gazyň, nebitiň, pagta, ýüň, agaç ýaly çig mallaryň hem sarp edilişi köpelýär. Bu ýagdaý önümçilikde işleýän adamlaryň köpelmegine, ilatyň hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna täsir edýär.

Jemgyýetiň ykdysady durmuşynda adamlaryň arasyndaky *alyş-çalyş* gatnaşyklarynyň ähmiýeti uludyr. Olar haryt, hyzmat we iş alyş-çalşy hökmünde çykyş edýärler. Onuň esasynda jemgyýetçilik zähmet bölünişigi we şol bölünişigi hem-de alyş-çalşy dürli sosial toparlaryň, gatlaklaryň arasynda berkidýän eýeçilik gatnaşyklary bar. Mysal üçin, gurluşyk harytlaryny öndürýän telekeçi önümçiligi dowam etmek üçin öndüren önümleriniň bir bölegini elektrik toguna, tebigy gaza çalyşmaga mejbur bolýar. Beýleki bir bölegini bolsa iýmite, egin-eşige, jaýa, ulaga we ýaşamak üçin zerur bolan beýleki zatlara çalyşýar.

Jemgyýetde hyzmatlary alyş-çalyş etmekligem bolup geçýär. Bu alyş-çalyşda diňe hyzmat bilen hyzmatyň, mysal üçin, dellek bilen mugallymyň däl, eýsem hyzmat bilen harydyň alyş-çalyşam bolýar. Mysal üçin, lukmanlary hyzmatyndan jemgyýetiň ähli agzalary peýdalanýar. Onuň kadaly ýaşamagy üçin oňa daýhanyň öndürýän iýmitleri-de, gurluşykçynyň gurýan jaýlary-da, elektrik togu-da, tebigy gaz-da, mahlasy, jemgyýetde öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň aglabasy zerur. Lukman ol zerurlyklara özüniň saglygy goramak bilen baglanyşykly hyzmatyny çalyşýar.

Jemgyýetçilik önümçiliginde bar bolan önümçiligiň, paýlaýyşyň, alyş-çalşyň we sarp edişiň arasyndaky özara baglanyşyklar, täsirler hem-de gapma-garşylyklar onuň esasy hereketlendiriji çeşmesi bolup çykyş edýär. *Maddy we ruhy gymmatlyklary öndürilişiniň, paýlanyşynyň, alyş-çalşynyň we sarp edilişiniň bitewiligine ykdysady ulgam hem diýilýär*.

## 13.2. Önümçilik usuly

Jemgyýetiň ösüşi bilen ykdysady durmuş özara berk baglanyşyklydyr. Olar bir bitewiligiň özara baglanyşykly taraplaryny kemala getirýärler. Jemgyýetiň ykdysady durmuşyna jemgyýetiň ähli taraplary täsir edýär. Maddy önümleriň dyngysyz öndürilişini ýola goýmazdan jemgyýetiň ýaşamagy mümkin däldir. Sebäbi maddy önümler diýlende ilki bilen adamlaryň iýim-içime, egin-eşige, ýaşaýyş jaýyna we ş.m. bolan tebigy islegleri göz öňüne tutulýar. Ol islegleri kanagatlandyrmak ynsanyň ýaşaýşyny dowam etdirmek meselesine öwrülýär. Jemgyýetçilik önümçiliginiň, tutuş jemgyýetiň ösüşiniň esasy çeşmesi hökmünde adamlaryň ykdysady we önümçiligiň ösüşine bolan islegleri çykyş edýär. Adamzadyň ýaşaýşy, onuň agyrlygy ýa-da ýeňilligi, maddy we ruhy isleglerini kanagatlandyryş derejesi önümçilik usulyna bagly bolýar. Oňa jemgyýetiň many-mazmunyny kesgitleýän hadysa hökmünde seredilýän wagty-da seýrek däl. Mysal üçin, marksistik taglymatda ulanylýan önümçilik usulynyň görnüşi bilen baglylykda jemgyýetiň ilkidurmuş, gul eýeçilik, feodalistik, kapitalistik we kommunistik jemgyýetçilik-ykdysady formasiýalary tapawutlandyrylýar. Önüm öndürmegiň usulynyň, onuň esasynda kemala gelen zähmet bölünişiginiň we eýeçilige bolan gatnaşyklarynyň gös-göni täsiri bilen jemgyýetiň sosial gurluşy kemala gelýär. Ol jemgyýetde nähili sosial toparlaryň, gatlaklaryň, synplaryň dörejekdigini, sosial ierarhiýada olaryň haýsynyň agalyk ediji, haýsynyň bolsa boýun egiji basgançagy eýelejekdigini kesgitleýär.

Önümçilik usulynyň jemgyýetiň syýasy durmuşyna we gurluşyna ýetirýän täsiri-de uludyr. Jemgyýetde ykdysady taýdan kuwwatly sosial synplaryň, toparlaryň we gatlaklaryň tutýan orny, döwlete, döwlet edaralary tarapyndan kabul edilýän dürli häsiýetli çözgüt-

lere, kararlara, kanunlara täsir etmek mümkinçiligi ýokary bolýar. Ykdysady mümkinçilikleriniň ýagdaýy olaryň döreden syýasy partiýalarynyň, syýasy we jemgyýetçilik guramalarynyň jemgyýetiň syýasy durmuşyndaky netijeliligini ýokarlandyrýar. Saýlawlarda, sala salşyklarda, dürli syýasy çärelerde hereket meýdanyny giňeldýär.

Ýokary netijeli önümçilik usuly jemgyýetiň ruhy-medeni durmuşynyň ösmegine sebäp bolýar. Ol zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna, adamlaryň maddy hal-ýagdaýlarynyň oňatlaşmagyna getirýär. Jemgyýetiň ykdysady mümkinçilikleriniň ýokary bolmagy ilatyň ruhy dünýäsiniň kämilleşmegi üçin zerur bolan boş wagtyň köpelmegine ýol açýar.

Önümçilik usuly özara baglanyşykly iki böleklerden – taraplardan durýar. Olar öndüriji güýçler we önümçilik gatnaşyklarydyr. *Önümçiligi amal edýän güýçlere öndüriji güýçler diýilýär.* Onuň düzümine zähmet gurallary, zähmet serişdeleri we zähmet çekmek üçin zerur bolan endiklere, başarnyklara hem-de tejribelere eýe bolan adamlar – işçi güýji hem-de zähmet predmetleri girýär. *Adamlaryň tebigata täsir etmek we ony öz isleglerine laýyklap üýtgetmekde ulanmak maksady bilen döreden enjamlaryna zähmet gurallary diýilýär.* Orak, çekiç, pil, palta, kätmen ýaly gözbaşyny müňýyllyklara alyp gidýän gurallary, döränine köp wagt bolmadyk ekskawatorlary, traktorlary, ýük awtomobillerini we ş.m. zähmet gurallaryna mysal hökmünde getirip bolar. Olar adamyň tebigat bilen gatnaşygynda adamlara artykmaçlyk berýärler. Adamlaryň tebigata täsir edişini we üýtgedişini ýeňilleşdirýärler. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrýarlar. Zähmet serişdelerine adamlaryň gadymy döwürlerden bäri zähmet prosesinde ulanan suw, ýer ýaly tebigy kommunikasiýalary, ammarlar, ýol, ulag, aragatnaşyk we beýleki hyzmat ediş infrastrukturasy degişli. Olaryň jemgyýetiň ösüşine täsiri örän uludyr. Gündogary we Günbatary birleşdiren Beýik Ýüpek ýoly oňa mysal bolup biler. Ol ýol dürli milletleriň, döwletleriň ykdysadyýetiniň, medeniýetiniň, ylmynyň, biliminiň ösmegine uly täsir etdi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, «Watanymyzyň taryhynda Beýik Ýüpek ýolunyň orny hem juda uludyr. Gadymy ýoluň Hazar deňzinden günbatara, Amyderýadan gündogara, Üstýurt düzlüginden demirgazyga, Köpetdagyň gerişlerini alyp günorta sary uzaýan

ýollaryň ugry bilen türkmen medeniýeti dünýä ýaýrady, oguz paýhasynyň kökleri yklymlara uzady. Şol ýollar hem dürli medeniýetlerden bolan adamlary birleşdirdi, olaryň arasynda hem toplanylan tejribeleriň, başarnyklaryň, açyşlaryň, oý-pikirleriň, ruhy gymmatlyklaryň özara gatnaşygy kemala geldi, ynam-ynançlary ýaýbaňlandy. Netijede, Beýik Ýüpek ýoly yklymlary birleşdiriji güýje öwrüldi».[9]

Öndüriji güýçleriň esasy düzüm bölegi adamlardyr. Adamsyz önümçilik serişdeleriniň ykdysady manysy ýokdur. Adamlar önümçilik serişdelerini herekete getirýärler. Häzirki zaman dünýäsinde işçi güýji hökmünde çykyş edýän adamlar döwrüň talaplaryna laýyk gelmek, çylşyrymly tehnikany dolandyrmak, tehnologiýalardan baş çykarmak üçin hemişe öz üstünde işlemeli, ylymlary öwrenmeli bolýarlar.

*Adamyň maksatly zähmetiniň gönükdirilen zadyna zähmet predmeti diýilýär.* Zähmet predmeti hökmünde çig mal – agaç, demir, ýer, suw we ş.m. çykyş edýär. Adam zähmet prosesinde dürli zähmet gurallarynyň kömegi bilen zähmet prosesine täsir edip, ony üýtgedýär. Ozal tebigatda taýyn görnüşde bolmadyk zatlary ýasaýar. Mysal üçin, jaý ussasy kerpiçleri örüp, kaşaň jaý gurýar. Tikinçi matadan köýnek tikýär. Agaç ussasy agaç böleginde nahar iýer ýaly çemçe bejerýär. *Zähmet predmetleri bilen zähmet serişdelerine bilelikde önümçilik serişdeleri diýilýär.*

Önümçilik usulynyň ikinji bölegini önümçilik gatnaşyklary eýeleýär. *Önümçilik gatnaşyklary – bu maddy gymmatlyklary öndürmek prosesinde adamlaryň arasynda döreýän ykdysady gatnaşyklaryň dürli görnüşleridir.* Önümçilik gatnaşyklarynyň eýeçilik gatnaşyklary, zähmet bölünişigi, alyş-çalyş gatnaşyklary, haryt-pul gatnaşyklary, paýlaýyş gatnaşyklary ýaly esasy görnüşleri bar. Ýöne şol gatnaşyklaryň içinde esasy ýeri önümçilik serişdelerine bolan eýeçilik gatnaşyklary eýeleýär. Önümçilik gatnaşyklarynyň beýlekileriniň ählisi eýeçilik gatnaşyklaryndan garaşlydyr.

Önümçilik usulynyň esasyny düzýän öndüriji güýçler we önümçilik gatnaşyklary özara berk baglanyşyklydyrlar. Olar biri-birlerini şertlendirýärler.

---

[9] *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: TDNG, 2017. 15-18 sah.

Öndüriji güýçleriň kadaly ösmegi üçin hökmany suratda olaryň tebigatyna we häsiýetine laýyk gelýän önümçilik gatnaşyklary zerur. Şeýle önümçilik gatnaşyklarynyň bolan ýagdaýynda öndüriji güýçler talabalaýyk ösmäge, kämilleşmäge mümkinçilik alýarlar. Eger-de, önümçilik gatnaşyklary öndüriji güýçleriň ösüş derejesine we häsiýetine laýyk gelmese, onda olar ykdysadyýetiň çökgünligine sebäp bolup biler. Bu ýagdaý olaryň ornuna öndüriji güýçleriň häsiýetine laýyk gelýän, ösmegine mümkinçilik döredýän täze önümçilik gatnaşyklarynyň gelmegine getirýär. Oňa başgaça önümçilik gatnaşyklarynyň öndüriji güýçleriň derejesine we häsiýetine laýyk gelmek kanuny diýilýär. Dünýäniň köp filosoflary tarapyndan ykrar edilýän bu kanun jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we öndüriji güýçleriň özara baglanyşygyny we täsirini ünsden düşürmezligi talap edýär.

## 13.3. Ykdysadyýetde eýeçiligiň orny

Eýeçilik meselesi islendik jemgyýetiň many-mazmunyny kesgitleýän meseleleriň hataryna girýär. Çünki jemgyýetdäki önümçiligiň, paýlaýyşyň, alyş-çalşyň, sarp edişiň görnüşleri we netijeliligi ilki bilen eýeçiligiň häsiýetine, görnüşine baglydyr. Ol jemgyýetiň sosial gurluşyna, sosial toparlaryň, gatlaklaryň, synplaryň görnüşlerine, ierarhiýasyna aýgytlaýjy täsir edýär. Eýeçiligiň netijeliligi jemgyýetiň sosial durnuklylygyny üpjün edýär. Eýeçiligiň we eýeçilik gatnaşyklarynyň sosial ähmiýetiniň uly bolandygy üçin ony ykdysadyýet, syýasaty öwreniş, hukuk ylymlary jikme-jik seljerýärler. Eýeçilik hukuk manyda dürli taraplaryň maddy baýlygyň nähili eýelenýändigini we olaryň arasynda nähili paýlanýandygyny kesgitleýär. Hukuk kanunlary boýunça zadyň eýesi özüne degişli emläge öz isleýşine görä eýelik etmäge, ondan peýdalanmaga we oňa erk etmäge hukugy bardyr.

Ykdysady manyda eýeçilik önümçilik serişdelerine we önümçiligiň netijesine eýelik etmek boýunça adamlaryň arasynda döreýän çylşyrymly önümçilik gatnaşyklaryny aňladýar. Maddy nygmatlary öndürmek – munuň özi adamlaryň tebigatyň zatlaryna eýelik etmegidir.

Jemgyýetçilik ylymlarynda köplenç ýagdaýda eýeçilige hukuk gatnaşygy hökmünde seredýärler. Filosofiýa bolsa eýeçiligiň düýp

manysyna düşünmäge çalyşýar. *Haýsydyr bir umumylyga girýän islendik adamyň kanuny ýol bilen edinen gymmatlygyny ulanmak, hojaýynlyk etmek, eýelik etmek hukugyna eýeçilik diýilýär.* Miras almak, basyp almak we zähmet eýeçiligiň esasy çeşmelerdir. Miras kimdir biriniň eýeçilik hukugynyň kanuny ýol bilen başga birine (mysal üçin, atadan ogla) geçýändigini aňladýar. Zorluk bilen eýeçilige eýe bolmak basyp almaklyga degişli. Zorluk esasynda eýelemekligiň kanuny bolýan wagtlary-da (mysal üçin, uruşlaryň netijesinde) dünýä tejribesinde seýrek däl. Adatça, uruşlarda ýeňen tarapyň ýeňilen tarapyň emlägine töleg görnüşinde eýe bolmagyna kanuny many berilýär. Eýelemekligiň iň adalatly çeşmesi zähmetdir. Eýe bolmagyň bu çeşmesi eýeçilik edýäniň şahsy tagallasyny göz öňüne tutýar.

*Adamlaryň arasynda emläk serişdelerine we zähmetiň netijesine eýe bolmak babatynda döreýän gatnaşyklara bolsa eýeçilik gatnaşyklary diýilýär.* Eýelik etmek, eýeçilikdäki zatlary peýdalanmak we eýeçiligi ykdysady durmuşa geçirmek eýeçilik gatnaşyklarynyň esasyny düzýär. Eýeçilik gatnaşyklary ähli hojalyk gatnaşyklaryny öz içine alýar. Ol önümçilikde, paýlamakda, alyş-çalyşda we sarp etmekde döreýän ykdysady gatnaşyklaryň üsti bilen ýüze çykýar. Eýeçilik zat düzümi boýunça dürli emläklerden durýar. O1 şol emläklere eýelik etmek, peýdalanmak boýunça emele gelýän ykdysady gatnaşyklary aňladýar.

Eýeçiligiň subýekti we obýekti bardyr. Adam, adamlar topary, olaryň birleşmeleri, guramalary, kärhanalar, firmalar, döwlet we ş.m. eýeçiligiň esasy subýektleridir. Eýeçiligiň obýekti hökmünde ýerasty we ýerüsti baýlyklar, suw resurslary, tokaýlar, jaýlar, desgalar, enjamlar, pul, sarp ediş, dumuş, medeni we beýleki hajatlar üçin niýetlenen gaýry eýeçilik obýektleri, açyşlar, oýlap tapyşlar, haryt hem-de hyzmat ediş nyşanlary ýaly zatlar çykyş edýärler.

Emläge kimiň hojaýynlyk edýändigi bilen baglylykda hususy eýeçilik, döwlet eýeçiligi, jemgyýetçilik birleşikleriniň eýeçiligi, kooperatiw eýeçiligi, bilelikdäki kärhanalaryň eýeçiligi, beýleki döwletleriň, olaryň hukuk taraplarynyň we raýatlarynyň eýeçiligi, halkara guramalarynyň eýeçiligi, gatyşyk eýeçilik ýaly eýeçilik görnüşleri tapawutlandyrylýar.

*Önümçilik serişdelerine we önümçiligiň netijelerine aýry-aýry subýektleriň eýelik etmegine hususy eýeçilik diýilýär.* Hususy eýeçilik

jemgyýetde ykdysady bäsleşigiň döremegine badalga berýär. Ykdysady bäsleşik öndürilýän harytlaryň, amal edilýän hyzmatlaryň arzan bahaly, ýokary hilli bolmagyny gazanýar. Ol zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyny, haryt we hyzmat bolçulygyny gazanýar. Adamlaryň maddy hal-ýagdaýynyň oňatlaşmagyna itergi berýär. Hususy eýeçilik bazar ykdysadyýetiniň esasyny düzýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde eýeçiligiň gatyşyk görnüşi hereket edýär. Ykdysadyýetiň iri pudaklary (gaz, nebit, dokma, energetika, uglewodorod çig malyny täzeden işleýän pudaklar) döwlet eýeçiligine degişli. Oba hojalygynda bolsa eýeçiligiň köp görnüşi hereket edýär. Bilim, saglygy goraýyş, dynç alyş edaralarynyň bir bölegi bölekleýin hojalyk hasaplaşygyna geçdi. Biz oňa mysal edip tölegli hassahanalary, kesel anyklaýyş merkezlerini, tölegli ýörite orta we ýokary bilim berýän mekdepleri görkezip bileris. Ownuk kärhanalar, söwda, hyzmat ediş gurşawy hususy eýeçilige geçdi. Mysal üçin, dükanlar, et, süýt, süýji-köke we s.m. önümleri öndürýän kärhanalar, hyzmat edişde restoranlar, barlar, toýhanalar, kafeler, egin-eşik tikýän hyzmat ediş öýleri we ş.m. olara degişlidir. Toparlaýyn eýeçiligiň möçberi artýar.

## 13.4. Tehnika we önümçilik

Önümçiligiň ösüşi tehnikanyň ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. Häzirki döwürde tehnika (grekçe tehe – başarjaňlyk, ussatlyk, ökdelik) diýlende haýsy-da bolsa bir işi ýerine ýetirmek üçin ulanylýan usullara we işiň dürli görnüşlerinde ulanylýan tehniki enjamlara, gurallara düşünilýär.

Adamzat gaty irki döwürlerden bäri ýaşaýyş ugrunda ýowuz tebigy şertler bilen göreşmeli bolupdyr. Onuň ylgamak, görmek, eşitmek, ýüzmek, çümmek, ys almak, duýmak, syzmak boýunça mümkinçilikleri Ýer togalagynda ýaşaýan beýleki jandarlaryňkydan asgyn gelýär. Ol ýaşamak üçin göreşde özüniň tebigy ýetmezçiliginiň üstüni dolmaga mejbur bolupdyr. Adamzat ewolýusion ösüşiniň dowamynda tebigata täsir etmegiň täze, tebigatda ýok usulyny ulanyp başlaýar. Adamzadyň ilkinji döreden ýöntem zähmet guraly şol tebigy ýetmezçiligiň üstüni dolmaklyga edilen ilkinji synanyşykdyr. Ol

tebigata täsir etmek üçin tapylan birinji tehniki serişdedir. Şol döwürden başlap, tehniki serişdeleri ýasamak we ulanmak ynsan zähmetiniň özboluşly aýratynlygyna öwrülýär. Adam tehniki serişdeleriň kömegi bilen zähmet çekmegi we howp-hatarlardan goranmagy öwrenýär. Ol tehniki serişdeleriň ýardamy bilen özüniň tebigy synalarynyň başarmajak işlerini edip başlaýar. Kesýän, çapýan, ownadýan, arassalaýan zähmet gurallary peýda bolýar. Olar adamzadyň emeli synalaryna öwrülýär. Adamzat olary kämilleşdirýär. Tehniki serişdeleriň kämilleşdigiçe adamyň ýaşaýşy ýeňilleşýär. Onuň janly-jandarlaryň dünýäsindäki hökmürowanlygy güýjeýär, artykmaçlygy artýar.

Adamzat ýaşaýyş ugrundaky göreşde ilki ýönekeý zatlardan – daşdan, taýakdan, süňkden we ş.m. ýöntem zähmet gurallaryny ýasan bolsa, soňlugy bilen tehniki serişdeler has çylşyrymlaşýar. Adam ýabany haýwanlary eldekileşdirýär. Ösümlikleri medenileşdirýär. Tebigat güýçlerini – suwy, ýeli peýdalanmagy öwrenýär. Tebigat kanunalaýyklyklaryny öwrenmek arkaly şolaryň mysalynda çylşyrymly maşynlary, mehanizmleri ýasap başlaýar. Ol tehniki serişdeleriň kömegi bilen deňizleriň, yklymlaryň astyndaky gämilerde ýüzüp we kosmos giňişligine aralaşyp bilmegi başarýar. Ýerasty baýlyklary gazyp almagy başarýar.

Tehnikany kämilleşdirmeklige bolan zerurlyk ylmyň döremegine we ösmegine sebäp boldy. Ylym adamzadyň tebigata täsir etmeklik ugrundaky göreşiniň we zerurlygynyň önümidir. Ylym uzak döwrüň dowamynda tehnikanyň, önümçiligiň yzyndan gitdi. Olaryň zerurlyklaryny, goýan meselelerini çözmek bilen meşgullandy. XIX asyryň aýaklaryndan başlap, ylmyň ösüşi tehnikanyň ösüşinden öňe geçdi. Ylmyň many-mazmuny, ösüş meýilleri önümçiligiň we tehnikanyň ösüş ugruny kesgitläp başlady. Ylmy açyşlaryň esasynda maşyngurluşyk, himiýa, elektrotehnika ýaly senagatyň dürli pudaklary döredildi. Bu ýagdaý jemgyýetçilik aňynyň we dünýägaraýşynyň bir görnüşi hökmünde çykyş edýän ylmyň otnositel özbaşdakdygyna şaýatlyk edýär.

Önümçilikde tehnika düşünjesi bilen birlikde tehnologiýa düşünjesi hem giňden ulanylýar. Tehnologiýa diýlende önüm öndürmekligiň usullarynyň jemine düşünilýär. Tehnologiýanyň önüm öndürmek, saklamak, alyş-çalyş etmek, maglumat, biotehnologiýa ýaly gaty köp

görnüşleri bar. Häzirki döwürde ýokary derejeli tehnologiýalara eýe bolmak jemgyýetiň güýçli ösüşini, zähmet öndürijiliginiň artmagyny, adamlaryň işden boş wagtlarynyň köpelmegini, ýaşaýşynyň oňatlaşmagyny aňladýar. Ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen ylym öndüriji güýje öwrüldi.

Ylmy-tehniki ilerleme jemgyýetiň sosial gurluşynyň düýpli üýtgemegine sebäp bolýar. Ylmyň güýçli depginler bilen ösmegi önümçilikde ylym-bilimden oňat baş çykarýan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak zerurlygyny döredýär. Eger-de mundan ýüz ýyl ozal kärhanalarda işlemek üçin birnäçe aýlyk şägirtlik we ýönekeýje bilim derejesi ýeterlik bolan bolsa, häzirki döwürde ösen öňdebaryjy önümçilik birliklerde ýönekeý işçi, operator bolmak üçin ýokary tehniki bilim talap edilýär. Bu ýagdaý jemgyýetde giň dünýägaraýyşly, ýokary girdejili, özüniň hukuklaryna, erkinliklerine oňat düşünýän adamlaryň artmagyna getirýär.

Tehnika jemgyýetiň ösmegi üçin iňňän zerur güýçleriň biri hasaplanýar. Ony diňe bir takyk ylymlar däl, eýsem jemgyýetçilik ylymlary-da öwrenýärler. Filosofiýada tehnikany tehnikanyň filosofiýasy öwrenýär. Filosofiýanyň aýratyn bölümi bolan tehnikanyň filosofiýasy XIX asyrda Ernest Kapp tarapyndan esaslandyrylýar.

Ylmyň we tehnikanyň ösüşi tutuş dünýäde ekologiýa meselesini çakdanaşa ýiteltdi. Iň täze tehnologiýa esaslanyp bejerilen ýaraglar tutuş adamzada howp salýar. Adamyň tebigata täsiriniň güýjemegi dünýäde energetika meselesiniň döremegine getirdi. Bu ýagdaýlar ylym bilen meşgullanýan adamlaryň ýokary ahlak sypatlaryna eýe bolmagynyň zerurdygyny şertlendirýär.

## 13.5. Ykdysady gatnaşyklarda ykdysady bähbitleriň orny

Jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň ösmeginde, kämilleşmeginde, has ýokary derejä çykmagynda adamlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň ähmiýeti örän uludyr. Kämil ykdysady gatnaşyklar diňe bir önümçilik usulynyň ösüşine täsir etmän, eýsem jemgyýetde durnuklylygyň, abadançylygyň bolmagyna-da aýgytlaýjy täsir edýär. Ykdysady gatnaşyklaryň many-mazmuny jemgyýetdäki so-

sial adalatlylyk baradaky garaýyşlaryň hereketine-de täsirini ýetirýär. Jemgyýetdäki sosial toparlaryň, gatlaklaryň, synplaryň we beýleki sosial umumylyklaryň isleglerini göz öňüne tutýan ykdysady gatnaşyklar sosial adalatlyga ynanýan adamlaryň sanyny köpeldýär. Jemgyýetde adalatly sosial durmuş gurmaga gatnaşýan adamlaryň mukdary artýar.

Jemgyýetiň ykdysady gatnaşyklary bilen berk baglanyşykly düşünjeleriň biri ykdysady bähbit düşünjesidir. Adamlaryň ykdysady bähbitleri olaryň ykdysady gatnaşyklarynda ýüze çykýar. Adamlaryň ykdysady bähbitleriniň biri-birine düýbünden dogry gelmezligi, hatda olaryň gapma-garşy bolmagy-da mümkin. Mysal üçin, bazarda harydyny satýan bilen satyn alýanyň bähbitleri biri-biriniňkä gapma-garşydyr. Olaryň birinjisi, mümkin boldugyndan, harydyny gymmat satmaklyga we uly peýda gazanmaklyga çalyşýar. Hyrydar bolsa harydy arzan satyn almaklyga we pul tygşytlamaga ymtylýar. Görşümiz ýaly, olaryň biriniň utmagy üçin ikinjisi utulmaly. Islendik adamyň bähbidi jemgyýetiň ykdysady gatnaşyklar ulgamynyň many-mazmuny we onuň şol gatnaşyklardaky orny bilen kesgitlenýär.

Adamlaryň ykdysady bähbitleriniň özara baglanyşygy jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň mazmunyny düzýär. Bähbitleriň baglanyşygy ykdysady gatnaşyklaryň ähli döwründe – önüm öndürmek, hyzmatlary amal etmek, paýlaşmak, alyş-çalyş etmek we sarp etmek prosesinde amal edilýär. Başgaça aýdanda, bähbitler zähmetde utgaşýar. *Adamlaryň bähbitlerini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan maddy we ruhy gymmatlyklary öndürmek maksady bilen ýerine ýetirýän işine zähmet diýilýär.* Adatça, zähmetiň iki görnüşi – fiziki zähmet we akyl zähmeti tapawutlandyrylýar. Akyl zähmeti fiziki zähmete seredeniňde has çylşyrymly bolýar we ol köp taýýarlygy talap edýär. Adam zähmet arkaly dürli ykdysady gatnaşyklara girýär. Bu prosesde bähbitleriniň dürlüdigine garamazdan, jemgyýetdäki ähli adamlaryň, sosial toparlaryň, gatlaklaryň, synplaryň, sosial umumylyklaryň bähbitleri özara baglanyşýarlar. Adamlar öz bähbitlerini amal etmek üçin bilelikde hereket etmeli, işlemeli, önüm öndürmek, hyzmat etmek, olary paýlaşmak, alyş-çalyş etmek we sarp etmek işinde öz wezipelerini ýerine ýetirmeli bolýarlar. Bu ýerde adamlaryň bilelikdäki hereketleri olaryň ykdysady bähbitleriniň hereketi hökmünde çykyş edýärler.

Adamlaryň bähbitlerini kanagatlandyrmak olaryň bilelikdäki işinde mümkindir. Ýeke adam hiç wagty öz bähbitlerini doly kanagatlandyryp bilmeýär. Mysal üçin, ýeralma öndürmek bilen meşgullanýan Aman özüniň egin-eşige, ulaga, aragatnaşyga, elektrik energiýasyna bolan zerurlygyny kanagatlandyrmak üçin beýleki adamlaryň ýeralma bolan zerurlygyny kanagatlandyrmaly bolýar. Adamlaryň bilelikdäki hereketi – işi, zähmeti näçe netijeli bolsa, bähbitleriniň kanagatlandyrylyş derejesem şonça ýokary bolýar. Adamlaryň bilelikdäki hereketleriniň netijeliligini artdyrmak üçin bolsa, olaryň bähbitleriniň sazlaşygyny gazanmak zerurlygy döreýär.

Zähmet, ykdysady bähbit we zerurlyk adamlary baglanyşdyrýan, olaryň bilelikdäki hereketini hem-de jemgyýetiň ösüşini gazanýan gymmatlyk hökmünde çykyş edýär. Olar adamlaryň ykdysady durmuşyny zerur tarapa gönükdirýärler.

## 13.6. Ykdysadyýetiň dolandyryş usullary

Jemgyýetiň ykdysady durmuşy agalyk ediji eýeçiligiň görnüşi we dolandyryş usullary boýunça adaty, administratiw-buýruk beriji we bazar gatnaşyklaryna esaslanýan görnüşlere bölünýärler. Adaty ykdysady durmuş däp-dessurlara, tejribelere daýanýar. Onda önüm içki sarp ediş maksady bilen öndürilýär. Alyş-çalyş üçin öndürilýän önümiň mukdary gaty ujypsyz bolýar. Ykdysady ösüş we tehniki progres gaty pesdigi bilen tapawutlanýar.

Administratiw-buýruk beriji ykdysadyýetde döwlet eýeçiliginiň doly agalygy ýola goýulýar. Hususy eýeçilik doly gadagan edilýär. Önüm öndürmeklik ýokardan aşaklygyna gaýdýan döwlet meýilnamasy esasynda alnyp barylýar. Ykdysady kanunlar ýoýulýar. Hojalygy dolandyrmakda, harytlary bahalandyrmakda düýpli kemçiliklere ýol berilýär. Haryt-pul gatnaşyklary hem ýüzleý görnüşde hereket edýär. Önüm öndürmekde hile däl-de, mukdara kowalaşylýar. Ykdysady bäsleşigiň işlemeýändigi üçin önümçilik ösüşi höwessizlikden ejir çekýär. Dolandyryşyň bu görnüşinde döwlet ykdysadyýetiň işine goşulýar. Ol önümçilik prosesiniň ähli derejelerinde-de aýgytlaýjy güýç hökmünde çykyş edýär.

Hususy eýeçilige we bazar gatnaşyklaryna esaslanýan ykdysadyýet ykdysady kanunlara laýyk hereket edýär. Haryt-pul gatnaşykla-

ry, hususy eýeçiligi emele getirmek, erkin telekeçilik we peýda, ykdysadyýetde döwletiň ornunyň çäklendilmegi we ş.m. bazar ykdysadyýetiniň esasyny düzýär. Ol erkin bäsleşik esasynda ösýär. Baha teklip-isleg gatnaşygy esasynda kemala gelýär. Bu ugruň wekilleri döwlet ykdysadyýetiň işine goşulmaly däl, ykdysadyýetde döreýän islendik meseläni ykdysady kanunlaryň özleri kadalaşdyrýar diýen ynanja uýýarlar. Olar döwlet ykdysadyýetiň işine goşulsa ykdysadyýetde bulaşyklyk dörär diýen ýörelgä eýerýärler. Ýöne 1929–1933-nji ýyllarda dünýä ýurtlaryny gurşap alan ykdysady krizis ykdysadyýetiň ösüşine döwletiň goşulmagynyň zerurdygyny görkezdi. Ol krizis bazar ykdysadyýetiniň öz-özüni sazlaşdyryp bilýän mehanizminiň kemçiliksiz däldigini, bu mehanizmiň hem wagtal-wagtal bozulup, uly kynçylyklara getirýändigini doly subut etdi.

Bazar gatnaşyklarynyň obýekti, subýekti, geografik ýagdaýy, bäsleşigiň çäklilik derejesi boýunça esasy häsiýetlerini açyp görkezýän ölçegleri bolýar. Bazaryň islegiň bazary, gozgalmaýan emläk bazary, işçi güýjüniň bazary, ýer bazary, inwestisiýa bazary, maliýe bazary, intellektual önüm bazary ýaly obýektleri bolýar. Onuň öý hojalygy, firmalar, döwlet ýaly subýektleri bardyr.

Häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde gatyşyk ykdysadyýet hem hereket edýär. Bazar gatnaşyklaryna esaslanýan şeýle ykdysadyýetde eýeçiligiň we önümçiligi dolandyrmagyň dürli görnüşleri ulanylýar. Onda döwletiň orny hem ýokary bolýar. Döwlet ykdysadyýeti kadalaşdyrmaklyga işjeň gatnaşýar. «Bazar hojalygynda döwlet kadalaşdyrylyşy – ykdysadyýeti ösdürmekde onuň durnuklylygyny saklamak ýa-da ony jemgyýete gerek bolan ugra üýtgetmek maksady bilen döwletiň makro we mikroykdysady ýagdaýlara maksada gönükdirilen täsir etmesidir»[10].

Gatyşyk ykdysadyýetde döwlet býujetiniň esasy bölegi sosial maksatlara – saglygy goraýşa, bilime, jemgyýetiň az girdejili bölegine – maýyplara, köp çagalylara, işsizlere, garrylara we ş.m. harç edilýär. Olar ykdysady taýdan goldanylýar. Ol ykdysadyýeti dolandyrmak işine işjeň gatyşýar. Döwlet ykdysady ösüşi sazlaýar, belli bir ugra ugrukdyrýar. Ykdysadyýetiň önüm öndürmek, salgyt, bank,

[10] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. – A.: TDNG, 2010, 31 sah.

baha, býujet, gümrük, beýleki döwletler bilen ykdysady gatnaşyk ýaly ugurlaryny kadalaşdyrmaklyga işjeň gatnaşýar. Önüm öndürmekde we hyzmatda monopoliýalara garşy barlyşyksyz göreş alyp barýar. Döwlet ykdysadyýeti, onuň belli-belli pudaklaryny ösdürmekde döwlet buýurmalaryny, dotasiýalary, salgyt, karz ýeňilliklerini giňden ulanyp, ykdysady höweslendirmek syýasatyny alyp barýar.

## 13.7. Ykdysady durmuşda puluň orny

Ykdysadyýeti ösdürmekde, adamlaryň arasyndaky ykdysady we beýleki käbir gatnaşyklary kadalaşdyrmakda puluň ähmiýeti örän uludyr. Onuň kemala gelşiniň köp asyrlyk taryhy bar. Onuň döremekligine zerurlyk ilkinji harytlaryň öndürilmegi bilen ýüze çykýar. Adamzat jemgyýetiniň gadymy ösüş döwürlerinde zähmet bölünişigi döremänkä haryt alyş-çalşygy tötänleýin we birwagtlaýyn häsiýete eýe bolupdyr. Birwagtlaýyn alyş-çalyşda bir haryt başga bir haryda belli bir barabarlyk esasynda çalşylypdyr. Meselem, bir köýneklik elde dokalan mata üç batman jöwene çalşylypdyr. Beýle alyş-çalyşa ykdysadyýetde barter diýilýär. Zerur bolan zadyň ornuna barter berlen zat alnan zadyň gymmat barabarlygyny kesgitleýän ekwiwalentiň wezipesini ýerine ýetirýär.

Barter alyş-çalşynyň oňaýsyzlygy, harytlaryň gymmatyny anyklamakdaky kynçylyklar puluň döremek zerurlygyny emele getirýär. Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi we zähmet öndürijiliginiň artmagy bilen çalşylýan harytlar köpelýär. Ol yzygider ýagdaýa eýe bolýar. Islendik başga haryda çalyşmaklyk ukyby bolan haryt umumy ekwiwalent adyny alýar. Dürli döwürlerde umumy ekwiwalentiň ornunda mal, balykgulaklar, deri ýaly zatlar ulanylýar. Wagtyň geçmegi bilen halkara derejesinde umumy ekwiwalent hökmünde gymmatbaha metallar – altyn we kümüş ulanylyp başlanýar. Şeýlelikde, bu ýagdaý gymmatlygyň pul görnüşiniň döremegine getirýär. Pul islendik haryda çalşyp bolunýan gymmatlyga öwrülipdir. Soňlugy bilen puluň beýleki görnüşlerem döreýär.

*Pul – bu umumy ekwiwalentiň gutarnykly görnüşidir*. Pul jemgyýetçilik zähmeti we gymmatlygy özünde jemleýär. Puly bar bo-

lan adam harytlary ýa-da hyzmatlary öz islegine görä almaga hukuk gazanýar. Hut şu ýerde hem puluň güýji ýüze çykýar.

Ekwiwalentiň pul görnüşine geçilmegi bilen gymmatlygy anyklamagyň usulyny döretmek prosesi gutarnykly görnüşe eýe bolýar.

Puluň milli pullar we dünýä pullary görnüşleri tapawutlandyrylýar. Milli pullar her bir döwletiň içki pul aýlawynda ulanýan pul birlidigir. Meselem, Türkmenistanda – manat, Özbegistanda – som, Russiýada – rubl we beýlekiler milli pullara mysaldyr. Dünýäniň käbir döwletleriniň pul birlikleri halkara pullarynyň wezipesinem ýerine ýetirýärler. Olara mysal hökmünde amerikan dollaryny, ýewrony görkezmek bolar.

Pul jemgyýetde köp funksiýalary ýerine ýetirýär. Onuň ilkinji funksiýasy *puluň ölçeýjilik häsiýetiniň* bolmagy bilen baglanyşykly. Pul ähli harytlaryň we hyzmatlaryň gymmatlygynyň ölçegi bolup çykyş edýär. Ol dürli harytlaryň gymmatlygyny mukdar taýdan deňeşdirýär. Harydyň we hyzmatyň gymmaty baha görnüşinde aňladylýar.

Puluň *dolanyşyk we töleg serişdesi bolmak funksiýasy*. Pul harytlary we hyzmatlary satyn almaklyga hyzmat edýär.

Puluň *toplamagyň serişdesi bolmak funksiýasy*. Bu funksiýa dolanyşykdaky pullaryň dolanyşykdan alnyp, toplum görnüşinde ýygnalmagyny aňladýar. Dolanyşykdan alnyp toplanan pul geljekde onuň eýesine haryt ýa-da hyzmatlary satyn almaga mümkinçilik döredýär. Pul ýygnamagyň iň amatly usuly olary banklarda saklamakdyr. Bankda saklanan pul eýesine bank tarapyndan göterim peýdasy berilýär.

Puluň *dünýä pullary funksiýasyny* ýerine ýetirmekligi. Puluň bu funksiýasy, esasan, döwletleriň arasyndaky söwdada hasaplaşyk geçirilende ulanylýar.

Puluň gymmatlygy olaryň satyn alyjylyk ukyby, dolanyşyga goýberilen puluň mukdary we pula bolan isleg bilen kesgitlenýär. Döwlet pul babatynda oýlanyşyksyz syýasat ýöreden ýagdaýynda puluň hümmetsizlenmegi – infilýasiýa düşmegi mümkindir. Munuň öňüni almak üçin ýurtda pul dolanyşyk kanuny dogry ýerine ýetirilmelidir.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny alandan soň, özbaşdak pul dolanyşygyny alyp barmak maksady bilen 1993-nji ýyň 1-nji noýabrynda türkmen milli manady aýlawa goýberildi. 2009-njy ýyň 1-nji ýanwaryn-

dan başlap türkmen manadýnyň denominasiýasy geçirilip başlandy. Ol aýlawdaky öňki puluň bäş müň manadyny täze aýlawa goýberilen iki manadyna barabarlykda 2010-njy ýylyň birinji ýanwaryna çenli dowam etdi. Geçirilen reformalar türkmen milli manadynyň hümmetiniň durnukly ýagdaýda saklanmagy üçin edilýär. Bu bolsa Türkmenistan döwletimiziň ykdysady taýdan durnukly ösüşiniň esasy subutnamasydyr.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Jemgyýetiň ykdysady durmuşy hakynda gürrüň beriň.
2. Ykdysady filosofiýanyň öwrenýän meselelerini düşündiriň.
3. Önümçiligiň sosial mazmunyny açyp görkeziň.
4. Önümçilik usulynyň jemgyýetiň ösüşine edýän täsirini teswirläň.
5. Öndüriji güýçler bilen önümçilik gatnaşygynyň özara baglanyşygyny esaslandyryň.
6. Eýeçiligiň ykdysadyýetdäki ornuny kesgitläň.
7. Eýeçilik we eýeçilik gatnaşyklarynyň dialektikasyny açyp görkezmäge çalşyň.
8. «Tehnika», «tehnologiýa» we «önümçilik» düşünjeleriniň baglanyşygyny ýüze çykaryň.
9. Ykdysady gatnaşyklarda ykdysady bähbitleriň ornuny teswirläň.
10. Ykdysadyýetiň dolandyryş usullary hakynda gürrüň beriň.
11. Ykdysadyýeti ösdürmekde, adamlaryň arasyndaky ykdysady we beýleki gatnaşyklary kadalaşdyrmakda puluň ähmiýetini açyp görkezmäge çalşyň.
12. Puluň esasy funksiýalaryny häsiýetlendiriň.

# XIV. JEMGYÝETIŇ SOSIAL GURLUŞY WE SOSIAL ESASLARY

## 14.1. Jemgyýet we jemgyýetçilik gatnaşyklary

*Jemgyýet.* Adamyň sözüň doly manysynda adam bolmagynda, onuň adamçylyk häsiýetleriniň döremeginde jemgyýetiň hyzmaty bimöçberdir. Sebäbi adamyň esasy häsiýetleri – jemgyýetiň önümi. Olar jemgyýetde döreýärler, dowam edýärler, kämilleşýärler. Eger-de,

adam perzendi jemgyýetden daşarda ulalsa, onda ondan Kiplingiň ertekilerindäki gahryman Maugli dörär. Maugli – fantaziýanyň önümi. Haýwanlaryň içinde ulalan çaga adam keşbindäki adam pisint haýwan bolup ýetişýär. Onda gürlemek, pikirlenmek, döredijilik ýaly ukyplar bolmaýar. Ol ukyplaryň döremegi üçin jemgyýet gerek.

Jemgyýet sözüne köp manyda düşünilýär. Has giň manyda tutuş Ýer togalagynda ýaşaýan adamzat jemgyýeti barada gürrüň edilýär. Bu ýagdaýda halklary biri-birinden aýyrýan, tapawutlandyrýan, bitewileşmegine päsgel berýän syýasy, ykdysady, medeni, sosial, biologik aýratynlyklar aýrylýar-da, tutuş planetada ýaşaýan adamlaryň ählisiniň adamzat neslidigi, hemmesiniň hem öýüniň Ýerdigi, başga öýüniň ýokdugy göz öňünde tutulýar. Hakykatdan-da dünýädäki adamlaryň daşky keşplerinde tapawutlar köp. Ýöne olaryň biologik gurluşy meňzeşdir. Adamyň burny dem almaga, gözi görmäge, öýkeni dem almaga, ýüregi gan aýlanyşy üpjün etmäge, beýnisi aňlamaga niýetlenendir. Adamy adam edýän, ony beýleki jandarlardan tapawutlandyrýan sosial gymmatlyklar hem belli bir meňzeş wezipeleri ýerine ýetirmeklige hyzmat edýärler. Mysal üçin, dünýädäki dinleriň başga-başga bolmagyna garamazdan, olaryň ählisi bir maksada – adamlaryň ruhy isleglerini kanagatlandyrmaklyga hyzmat edýärler. Dürli bolmagyna garamazdan, dilleriň ählisem gatnaşyk saklamagyň we toplanan bilimleri soňky nesillere ýetirmegiň serişdesidir. Hatlar dürli-dürlüdir. Emma olaryň hemmesi emeli diliň wezipesini ýerine ýetirip, adam pikirlerini, bolan hem bolýan wakalary, hadysalary beýan etmeklige ýardam edýär. Adamzat jemgyýetindäki beýleki islendik gymmatlyk hem jemgyýetde birmeňzeş funksiýalary ýerine ýetirýär.

Milli aýratynlyklar boýunça türkmen, rus, fransuz, ş.m. jemgyýetleri, dini aýratynlyklar boýunça yslam, hristian, buddaçylar we ş.m. jemgyýetleri, döwlet aýratynlyklary boýunça, türkmen, german, amerikan we ş.m. jemgyýetleri tapawutlandyrylýar. Medeni, ýaşaýyş keşpleri, çäk, gyzyklanma, zamana hem döwür we ş.m. aýratynlyklary boýunça hem hereket edýän jemgyýetler özara tapawutlanýarlar.

Jemgyýetiň anyk taryhy (gadymy dünýä jemgyýeti, Orta asyrlar jemgyýeti, Täzeden döreýiş döwrüniň jemgyýeti we ş.m.) we taryhy-tipologik (feodalizm, däp bolan jemgyýet, industrial jemgyýet, industriýadan soňky jemgyýet we ş.m.) derejeleri hem tapawutlandyrylýar.

Jemgyýetiň syýasy gurşawynda hereket edýän raýat jemgyýeti-de bar. Raýat jemgyýeti adamlaryň dürli görnüşli bähbitlerini goramaklyga niýetlenýär. Ol döwlete degişli däl syýasy-jemgyýetçilik, ykdysady, ruhy-medeni, sosial we ş.m. dini guramalardan, birleşmelerden, hereketlerden, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden, syýasy aňdan we ş.m. durýar. Raýat jemgyýeti demokratik jemgyýetde mümkindir. Ol kanuny esasda hereket edip, jemgyýetiň erkinliginiň artmagyna goşant goşýar.

Jemgyýet düşünjesi ulanylanda ilki bilen adamlaryň belli bir köplügi we umumylyklary göz öňüne tutulýar. Ýöne islendik köplük jemgyýet bolup bilmeýär. Islendik umumylyk hem jemgyýet däldir. Adamzat umumylygynyň we köplüginiň jemgyýete öwrülmegi üçin olara girýän adamlaryň belli bir çäkde, döwürde, meňzeş ykdysady, syýasy, medeni şertlerde ýaşamagy, özara gatnaşykda bolmagy, bilelikde ýaşamagyň belli bir düzgünlerine boýun egmekleri zerur.

*Belli bir ýerde we wagtda meňzeş kadalara laýyklykda ýaşaýan hem-de durnukly gatnaşykda we täsirde bolan adamlaryň umumlygyna jemgyýet diýilýär.*

Jemgyýet sosial umumylyklaryň ösmegi, kämilleşmegi, özara baglanyşyga, gatnaşyga girmegi netijesinde döräpdir. Ilkinji adamlar toparlary aw awlamak, balyk tutmak, miwe ýygmak, ýagny tebigatyň taýyn önümlerini sarp etmek arkaly ýaşapdyrlar. Olaryň arasynda emläk bölünişigi bolmandyr. Bilelikde işläpdirler, bilelikde hem tapan zatlaryny paýlaşyp iýipdirler. Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi bilen adamlar ýuwaş-ýuwaşdan sarp ediji hojalykdan önüm öndürýän hojalyga geçip başlapdyrlar. Oturumly ýaşaýyş peýda bolupdyr. Şonuň bilen birlikde olaryň arasyndaky gatnaşyklar hem çylşyrymlaşýar. Bilelikdäki zähmeti, alyş-çalşy, terbiýäni we ş.m. dolandyrmak, ýola goýmak işine niýetlenen durnukly täze gatnaşyklar peýda bolýar. Adamlaryň biri-birlerine täsiri artýar. Şeýle täsirleriň artmagy adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň sosial häsiýete eýe bolmagyny we jemgyýetiň emele gelip başlamagyny aňladýar.

*Adamlaryň we sosial toparlaryň arasyndaky otnositel durnukly jemgyýetçilik baglanyşyga hem-de täsire jemgyýetçilik gatnaşygy diýilýär.*

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ykdysady, syýasy, sosial, ruhy-medeni, hukuk, ahlak, dini estetik, nika, maşgala gatnaşyklary ýaly köp görnüşleri tapawutlandyrylýar. Olar şahsyýetleriň arasynda, şahsyýet bilen sosial umumylyklaryň, sosial topar bilen sosial toparyň, sosial topar bilen döwletiň we ş.m. arasynda bolup bilýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň subýektleri hökmünde adamlar we sosial umumylyklar çykyş edýärler. Olar jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň subýektlerine öwrülmek üçin haýsydyr bir zat babatynda özara jemgyýetçilik gatnaşygyna girmeli.

Jemgyýetde ýaşamak, beýleki adamlar bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryna girmek diýmeklik birek-biregiň täsirine düşmek, birek-birekden garaşly bolmak diýmekligi aňladýar. Dünýäde başgalardan doly garaşsyz adam ýok. Sebäbi doly garaşsyz adam diýlende beýleki adamlara bagly bolmadyk, olardan hiç hili kömeksiz öz-özüni ekleýän adam göz öňüňe gelýär. Şeýle adam barmyka? Şu nukdaýnazardan seretsek, Garagumuň jümmüşinde goýun bakýan çopan iň garaşsyz adam bolaýmaly ýaly. Sebäbi, ol aýlap çölde goýun yzyndan bolýar. Emma ol hem çölde boljak wagtlary iýjek azyklaryny, geýjek eşiklerini çöle gaýdanynda ýany bilen alyp gaýdýar. Onuň goýun bakmak baradaky tejribesem ata-babalardan geçýär. Iýjek azyklaryny, geýjek eşiklerini we ş.m. başga kişiler öndürýär. Göräýmäge, iň ýönekeý zat bolan ot ýakmak üçin ulanýan otly çöplerine-de onlarça adamyň zähmeti siňýär.

Çopanyň çölde goýnuny kadaly bakmagy üçin jemgyýetde ýaşaýan adamlaryň ep-esli bölegi zähmet çekýär. Ýöne olar hem şol çopanyň zähmetine mätäç – çopan et, ýüň ýaly jemgyýet üçin zerur bolan zatlary öndürýär.

Elbetde, gadymy döwürlerde ýaşaýan adamlaryň islegleri häzirki döwrüň adamlarynyňky ýaly uly bolmandyr. Olaryň ilkibaşdaky islegleri ýaşamak üçin iňňän zerur bolan azyk, egin-eşik, ýylylyk bilen baglanyşykly önümlerden daşa çykmandyr. Şeýle bolsa-da, olaryň beýleki adamlardan garaşlylygy häzirki adamlaryň biri-birinden garaşlylygyndan pes bolmandyr. Çünki şol gadymy döwürlerde adamlaryň tebigata täsir etmek mümkinçilikleri gowşak, zähmet gurallary ýöntem, zähmet öndürijiligem pes bolupdyr. Olar diňe bilelikde

zähmet çekmek, ýaşamak arkaly özlerini we maşgalalaryny ekläp, gorap bilipdirler. Şeýle şertlerde haýsydyr bir etmiş üçin ýaşaýan toparyndan kowulmak olar üçin iň agyr jeza hasaplanypdyr. Çünki topardan kowulmaklyk öz-özüňi ekläp bilmezlige, ýaşaýşy dowam edip bilmezlige getiripdir.

## 14.2. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan düzgünler

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan düzgünler adamzat medeniýetiniň ruhy esasyny binýat edýär. Jemgyýetçilik gatanaşyklaryň iň ýönekeý görnüşleriniň döremegi bilen birlikde şol gatnaşyklary kadalaşdyrmaklyga hyzmat edýän ýönekeý kadalar, düzgünler peýda bolýar. Jemgyýetçilik kadalarynyň, düzgünleriniň iň gadymylary däpler we dessurlardyr.

*Däpler we dessurlar.* Däpler we dessurlar adamlaryň ruhy durmuşyna degişlidir. Olar edil jemgyýetçilik durmuşy ýaly üýtgäp, özgerip durýarlar. Durmuş isleglerine laýyk döreýärler, olaryň üýtgemegi, özgermegi bilen üýtgeýärler we özgerýärler.

Däpler irki döwürlerde ilkidurmuş adamlarynyň arasynda ahlak düzgünleriniň wezipesini ýerine ýetiripdir. Olaryň özara we tebigat bilen gatnaşyklaryny kadalaşdyrypdyr. Nämeleri etmek bolýandygyny, nämeleri etmek bolmaýandygyny görkezipdir. Däp boýunça gadagan edilen zatlara *tabu* – gadaganlyk goýlupdyr. Köplenç ýagdaýda, tabu adamlaryň ýaşaýşy üçin iňňän möhüm ýa-da howply zatlara, jandarlara, ösümliklere goýlupdyr. Tabu goýlan zatlary ellemek, eýelemek, iýmek bolmandyr. Tabu goýlan ýerlere barmak bolmandyr. Gadymy adamlar tabuny bozan adamyň adatdan daşary keramatly güýçler tarapyndan jezalandyryljakdygyna ynanypdyrlar. Olaryň özlerem tabuny bozan adama berk çäre görüpdirler. Tabu indiwidumyň isleglerini toparyň isleglerine boýun egdirmeklige hyzmat edipdir.

Däpler gadymy uruglaryň çäkli isleglerini kanagatlandyrmaklyga hyzmat edipdirler. Olar nesillerden-nesillere geçirilipdir. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň çylşyrymlaşmagy bilen ahlak kanunlary hökmünde hereket eden däpler öz ähmiýetlerini ýitirip başlaýar. Olaryň ornuna has kämil hukuk düzgünleri gelýär. Hukuk düzgünleri

adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmakda häkimiýetiň, kanunlaryň güýjüne daýanýar. Şeýle bolsa-da, umumadamzat gymmatlyklaryny saklaýandyklary üçin däpler ýok edilmeýär.

Nesilden-nesle geçmek arkaly däpler dessurlara öwrülýär. Dessurlar däplere seredeniňde has durnuklydyr. Olaryň göwrümem däbiňkä garanyňda has uly we ählumumylyk, köptaraplylyk häsiýetine eýe. Dessurlar adam ýaşaýşynyň ähli gurşawlaryny öz içine alýar.

Dessurlaryň kömegi bilen adamlaryň, maşgalanyň, sosial toparlaryň, tutuş jemgyýetiň toplan durmuş tejribeleri, endikleri, açyşlary goralýar we zerur gymmatlyk hökmünde soňky nesillere geçirilýär. Durmuş tejribelerini soňky nesillere geçirmeklik jemgyýetiň ähli gurşawlarynda amal edilýär. Mysal üçin, türkmen gelin-gyzlarynyň haly dokamak dessury müňýyllyklaryň jümmüşinden geçip biziň günlerimize ýetipdir. Şu nukdaýnazardan dessurlar informasion funksiýany ýerine ýetirýärler. Onuň terbiýeçilik ähmiýetem örän ýokarydyr.

*Ahlak düzgünleri.* Jemgyýetiň ýaşamagynda we dowam etmeginde ahlak düzgünleriniň ähmiýeti örän uludyr. Ahlak düzgünleriniň kemala gelmeginde däpleriň, dessurlaryň, diniň täsiri ýokary bolupdyr. Ahlak düzgünleri jemgyýetde adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Adamlara diňe bir başgalaryň däl, eýsem öz eden işlerinem bahalandyrmaga mümkinçilik berýär. Olary jemgyýetiň halamaýan, ýazgarýan işlerini etmekden saklaýar. Jemgyýetiň ahlak arassalygyny üpjin edýär. Ahlak we onuň düýp manysy, gelip çykyşy, ýerine ýetirýän funksiýalary barada indiki temalarda giňişleýin gürrüň edilýär.

*Hukuk düzgünleri.* Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösmegi, zähmet gurallarynyň kämilleşmegi, zähmet öndürijiliginiň artmagy, zähmet bölünişiginiň bolmagy, tebigy eýeçiliginiň döremegi bilen adamlaryň isleg-bähbitlerem artýar. Olaryň bähbitleri biri-biriniňkä gabat gelmän başlaýar. Netijede, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan öňki jemgyýetçilik düzgünleri öz wezipelerini ýerine ýetirmekden asgyn gelip başlaýar. Adamlaryň umumy bähbitlerini sazlaşdyrmaklyk bilen meşgullanýan ýöriteleşdirilen instituta zerurlyk ýüze çykýar. Şol zerurlygyň esasynda döwlet döreýär.

«Jemgyýet» we «döwlet» düşünjeleri – özara baglanyşykly, emma biri-birlerinden tapawutlanýan düşünjeler. Jemgyýet many göwrümi boýunça döwlete garanyňda has giň. Jemgyýet ilkinji, döwlet ikinjidir. Döwlet jemgyýetiň bir bölegidir, onuň guramaçy güýjüdir.

Döwletiň esasy wezipesi jemgyýetiň işini guramak we adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary sazlamakdyr. Şeýle hem ol ýurduň howpsuzlygyny üpjün etmek we beýleki döwletler bilen gatnaşyklary ýola goramak wezipesinem ýerine ýetirýär. Döwlet adamlaryň kadaly ýaşaýşyny üpjün edýär.

Döwlet belli bir çäkde ýaşaýan adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmagy häkimligiň, hukuk düzgünleriniň kömegi bilen amala aşyrýar.

*Kabul etmäge ygtyýarly adamlar ýa-da edaralar tarapyndan kabul edilip, ýerine ýetirilmesi hökmany diýlip halkyň arasyna ýaýradylan namalara hukuk düzgünleri diýilýär*. Olar Konstitusiýa, kodeks, kanun, perman, karar, buýruk ýaly görnüşde bolup bilýär.

Hukuk düzgünleri jemgyýetdäki ähli gatnaşyklary, gymmatlyklary gurşap alýar. Döwletiň zähmet gatnaşyklaryna, eýeçiligiň dürli görnüşlerine, dolandyryşa, maşgala gatnaşyklaryna, ulaga we aragatnaşyga, raýatlyga, ýaşaýyş jaýyna, salgyda we ş.m. degişli ýörite hukuk namalary döredilýär. Olaryň bozulmagy jenaýat işiniň gozgalmagyna we edilen etmişe laýyklykda jeza çäresiniň bellenilmegine getirýär.

Döwletde hukuk düzgünleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän, olary ýerine ýetirmäge mejbur edýän, olary bozanlary jenaýata çekýän ýöriteleşdirilen kazyýet, prokuratura, polisiýa ýaly mejbur ediş edaralary bolýar.

Hukuk düzgünleri hökmanylyk häsiýetine eýe. Döwletiň ygtyýarlykly adamlary ýa-da edaralary tarapyndan kabul edilmegi we hökmanylyk häsiýeti olary beýleki jemgyýetçilik düzgünlerden tapawutlandyrýar. Adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan beýleki jemgyýetçilik düzgünleriniň ählisi hökmanylyk häsiýetine eýe däldir. Olar jemgyýetçilik ösüşiniň dowamynda özakymlyk ýoly bilen döräpdirler. Şeýle hem olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän edaralar hem bolmandyr.

## 14.3. Jemgyýetiň sosial gurluşy

Jemgyýet çylşyrymly sosial gurluşa eýe. Onuň çylşyrymly bolmagyna adamlaryň biologik esaslaryndaky tapawutlar-da, sosial durmuşda tutýan ornu-da täsir edýär. Mysal üçin, biologik aýratynlyklary adamlaryň jynslara, erkeklere we aýallara, güýçlülere, ejizlere, dürli temperamentlilere we ş.m. bölünmegini üpjün edýär.

*Jynslar*. Häzirki zaman jemgyýetlerde bar bolan iň uly toparlaryň biri jynslardyr. *Jynslar gelip çykyşynyň we nesilden geçmek arkaly alynýan dogabitdi morfologik we fiziologik alamatlaryň umumylygyna daýanýan adamlaryň taryhy emele gelen toparlarydyr.* Jynslaryň ýüze çykmagy, ilkinji nobatda, geografik, klimat şertleri, adamyň biologik mirasgeçirijilik mümkinçilikleri bilen baglanyşykly. Negroid, ýewropeid, mongoloid uly jyns toparlary tapawutlandyrylýar. Ol toparlaryň wekilleri daşky keşpleri, gözleriniň, tenleriniň, saçlarynyň reňkleri ýaly aýratynlyklary boýunça biri-birlerinden tapawutlanýarlar. Dünýäde awstraloid, weddoid, melanezi, amerikanoid, ural, polineziý, negrill, kapoid ýaly ýigrimi töweregi kiçi jyns toparlary hem bar.

*Sosial toparlar.* Jemgyýetiň gurluşynda aýratyn ýeri sosial toparlar eýeleýär. *Umumy bähbit, umumy iş boýunça ýygnalan adamlar toparyna sosial topar diýilýär*. Adamlaryň syýasy, ykdysady, sosial, ruhy bähbitler boýunça dürli toparlara birleşýärler. Olaryň käbirleri wagtlaýyn, beýlekileri hem dowamly, käbirleri uly, beýlekileri bolsa kiçi bolýar. Mysal üçin, talyplar topary wagtlaýyn sosial topardyr. Sebäbi olar ýokary bilimli hünärmen bolmak maksady bilen ýokary mekdebe gelýärler. Okuwlaryny tamamlanlaryndan soň dargaýarlar.

Adamlar toparynyň jemgyýetdäki orunlaryny, olaryň tapawutlaryny aňlatmak üçin ylymda sosial stratifikasiýa düşünjesi ulanylýar. Sosial stratifikasiýa (latynça stratum – gatlak) taglymatyny amerikan sosiology P. A. Sorokin işläp düzýär. Ol jemgyýetiň dürli hukukly we borçly sosial gatlaklardan durýandygyny belleýär. Onuň pikirine görä, uzak wagtlap dowam edýän sosial toparlar wagtyň geçmegi bilen sosial-synpy, sosial-etniki, sosial-demografik sosial umumylyklary we kiçi sosial toparlary kemala getirýärler. Her umumylygyň we sosial toparyň özüne laýyk mazmuny bolýar.

Jemgyýetde bar bolan synplar, toparlar, gatlaklar, kastalar sosial umumylyklara degişli.

*Synplar.* Synplar adamlaryň uly sosial umumylyklarynyň biridir. Olar ilkidurmuş jemgyýetiniň dargaýan döwründe döräp başlapdyr. XIX asyryň başlarynda ýaşan fransuz taryhçylary F. Gizo we O. Týeri, iňlis sosial ykdysadyýetçileri A. Smit we D. Rikardo synplar baradaky meseläniň dürli taraplaryny öwrenipdirler. K. Marks synplar we synpy gatnaşyklar meselesini aşa ýitileşdirýär hem-de ony jemgyýetçilik ösüşini kesgitleýän aňrybaş düşünje derejesine ýetirýär.

Jemgyýetde bar bolan synplary ýüze çykarmakda adamlaryň jemgyýetçilik zähmet ulgamyndaky ornuna, önümçilik serişdesine bolan gatnaşygyna, zähmetiň jemgyýetçilik gurluşyndaky hyzmatyna, bölünişigindäki paýyna we ş.m. üns berilýär. Jemgyýeti synplara bölmek ýa-da synplary ýüze çykarmak meselesi dürlüçe çözülýär. K. Marks kapitalistik gurluşly jemgyýetde iki synp (buržuaziýa we proletariýat) bar diýip belleýär. M. Weber häziki zaman ösen jemgyýetde emläkçiler synpynyň, işçiler synpynyň, ownuk buržuaziýa synpynyň, intelligensiýa synpynyň we «akýakaly» gullukçylar synpynyň bardygyny esaslandyrýar. R. Darendrof jemgyýetiň agalyk ediji synpa, boýun egýän synpa we synpy däl toparlara bölünýändigini belleýär.

*Soslowiýeler.* Däp-dessurlarda ýa-da kanunlarda berkidilen aýratyn hukuklardan, borçlardan peýdalanýan sosial toparlara soslowiýeler diýilýär. Geçmişde türkmen durmuşynda hökümdarlaryň, öwlatlaryň nebereleri aýratyn hukuklardan peýdalanypdyrlar. Olaryň toýda, ýasda, adaty durmuşda aýratyn orunlary, hormaty bolupdyr. Soslowiýe sosial statusy nesilden-nesle geçipdir. Ýöne ony gazanmak hem mümkin bolupdyr. Geçmişde türkmen döwletlerinde ýurt, halk, döwlet üçin aýratyn hyzmatlary bitiren adamlara tarhanlyk statusy berlipdir. Döwlet tarapyndan berlip, dürli ýeňillikleri göz öňüne tutýan soslowiýe statusy nesilden-nesle geçipdir.

*Kastalar*. Käbir jemgyýetlerde kastalaýyn gurluş agalyk edipdir. *Agzalarynyň sosial statusy we hukuk ýagdaýy dogluşy boýunça kesgitlenýän adamlaryň sosial toparyna kastalar diýilýär*. Şeýle jemgyýetde adamyň jemgyýetde kim boljagyny onuň haýsy kastada dogulandygy kesgitleýär. Onda bir kastadan beýleki kasta geçmek inkär edilýär. Kastalaýyn gurluşly jemgyýete Hindistan mysal bolup biler. Geçmişde Hindistanda berk kastalaýyn gurluş agalyk edipdir.

*Gatlaklar*. Jemgyýetiň sosial gurluşynda dürli gatlaklar tapawutlandyrylýar. *Synplaryň we soslowiýeleriň düzüminde dürli alamatlary boýunça tapawutlanýan toparlara gatlaklar diýilýär*. Häzirki döwürde ösen jemgyýetleriň mysalynda bütin jemgyýeti üç sosial gatlaga bölýärler. Birinji gatlaga ýurdy dolandyrmaklyga gatnaşýan adamlar, önümçilik serişdeleriniň eýeleri, iri maýadarlar, döwletde we iri önümçilik birliklerinde esasy wezipeleri eýeleýänler girýärler. Ikinji gatlaga hususy önümçilik serişdeleri bolmadyk ýa-da az mukdarda bolup, dürli pudaklarda ýerine ýetiriji zähmet bilen meşgullanýan, hakynatutma adamlar degişli. Hyzmat ediş ulgamynda zähmet çekýän gullukçylar-da şu gatlaga girýär. Üçünji gatlak birinji we ikinji gatlagyň arasynda ýerleşýär. Oňa ownuk telekeçiler, intelligensiýanyň orta ýagdaýly wekilleri degişli. Ownuk telekeçileriň köpelmegi, intelligensiýanyň sanynyň düýpgöter artmagy, olaryň sosial düzüminiň çylşyrymlaşmagy we mobilliliginiň artmagy üçünji gatlagyň ösüşiniň häsiýetli alamatlarydyr.

*Marginallar.* Jemgyýetde marginallar diýlip atlandyrylan gatlak hem bar. Marginallar (latynça marginalis – çetinde ýerleşýän) topary dürli sebäplere görä jemgyýetdäki sosial statusyna laýyklykda ýitiren, öwrenişen durmuşy bozulan, täze ýaşaýşa entek uýgunlaşmadyk adamlar girýär. Marginallaryň içinde lýumpenler diýlip atlandyrylýan özboluşly bir gatlak hem tapawutlandyrylýar. Lýumpenler jemgyýetden daşlaşan, adamçylyk häsiýetleri ýitireňkirän adamlardyr. Işsizleriň we migrantlaryň käbir görnüşleri, yzly-yzyna jenaýat edýänler, neşekeşler, arakhorlar, öýsüz-öwzarsyz sergezdanlar we ş.m. lýumpenleriň düzümine girýärler. Lýumpenlere ýitileşen ýekelik duýgusy, sosial aragatnaşygyň üzülmegi, işjeňligiň pesligi, ahlaksyzlyk ýaly häsiýetler mahsus bolýar.

*Elita.* Sosial umumylyklary öwrenýän işlerde elita gatlagy düşünjesi giňden ulanylýar. Elita (fransuzça elite – saýlantgy) durmuşyň syýasy, ykdysady, ylmy, harby we ş.m. haýsy hem bolsa ugrunda esasy, öňdäki orny eýeleýän adamlaryň toparydyr. Elitarizm taglymatynda sosial umumylyga elita däl umumylygy gapma-garşy goýýarlar. Elita däl umumylyga elita toparyna boýun bolýan adamlar girýärler. Elita gatlagynyň açyk görnüşde bolmagy, onuň üstüniň dolup durulmagy jemgyýetiň ösmegi üçin zerurlyk hasaplanylýar.

Jemgyýetiň sosial gurluşyny we düzümini seljermesinde sosial mobillilik düşünjesi giň ulanylýar. *Sosial mobillilik – bu adamyň bir sosial statusdan beýleki sosial statusa geçmegidir, onuň jemgyýetdäki ornunyň üýtgemegidir.* Sosial mobilliligiň gapdallaýyn we dikleýin görnüşleri bar. Eger-de bir ýerden başga ýere geçende adamyň sosial statusy üýtgemeýän bolsa, onda beýleki mobillilik gapdallaýyn mobillikdir. Mysal üçin, Oraz mugallym öňki mekdebinden başga bir mekdebe mugallym bolup işe geçýär. Beýle ýagdaýda Orazyň sosial statusy üýtgemeýär-de, diňe işleýän ýeri üýtgeýär. Dikleýin mobillilikde adamyň sosial statusy ýokarlanýar ýa-da peselýär. Mysal üçin, 2-nji umumy bilim berýän mekdepde mugallym bolup işleýän Myrat 17-nji umumy bilim berýän mekdebe müdir bellendi. 17-nji mekdebiň öňki müdiri Sapar bolsa mugallymçylyga geçirildi. Bu ýagdaýda Myradyň sosial statusy ýokarlanýar, Saparyňky bolsa peselýär. Mobilliligiň nesilara mobillilik, geografik mobillilik kimin görnüşleri-de tapawutlandyrylýar.

Sosial mobillilik jemgyýetiň açyklygynyň ýa-da ýapyklygynyň esasy görkezijileriň biri hasaplanýar. Açyk jemgyýetlerde sosial mobillilik has ýeňil amal edilýär. Sosial mobillilik jemgyýetçilik ösüşiniň gazanan uly üstünligi hökmünde seredilýär.

Bitewi ulgam hökmünde çykyş edýän jemgyýet hemişelik ösüşde we özgerişde bolýar. Ösüş, özgeriş onuň esasy häsiýetleriniň biridir. Jemgyýetiň ösüş çeşmeleri jemgyýetiň içinde ýerleşýär. Jemgyýet ösüşini özi üpjün edýän ulgamdyr. Onuň özi, düzüm bölekleri ýuwaş-ýuwaşdan ewolýusion ýol bilen üýtgeýär. Üýtgeýän, täzeden döreýän jemgyýetçilik hadysalary ösüş prosesinde öňki döredilen gymmatlyklary, tejribeleri miras alýarlar we olary baýlaşdyryp, kämilleşdirip soňky nesillere miras geçirýärler. Jemgyýetçilik ösüşinde könesiz täze ýok. Iň täze zatlar, hadysalar, gymmatlyklar öňki döredilen könä esaslanýar.

## 14.4. Nika-maşgala gatnaşyklary

Islendik jemgyýetiň ilkinji öýjügi maşgaladyr. *Bir ýerde ýaşap, bilelikde hojalyk ýöredýän garyndaşlyk gatnaşygynda, nikada ýa-da hossarlykda bolan adamlar toparyna maşgala diýilýär.*

Maşgala jemgyýetçilik gymmatlyklarynyň iň zerurlarynyň hataryna girýär. Maşgalanyň ýaşaýşy bilelikde hojalygy ýöretmeklik, jynsy we ýaş tapawutlaryna laýyklykda zähmet bölünişigi, är-aýalyň maşgala durmuşy, nesli dowam etmeklik we terbiýelemeklik, birek-birege kömek bermeklik, maşgala agzalarynyň ahlak, hukuk we psihologik gatnaşyklary bilen berk baglanyşykly. Çaga üçin maşgala fiziki, psihiki, emosional we intellektual ösüşiniň şertleriniň döreýän ýeridir. Uly ýaşlylar üçin maşgala olaryň ýanýoldaşy bilen bilelikde hojalyk ýöredýän, nesilleri terbiýeleýän, özleriniň mümkinçiliklerini amal edýän, dynç alýan umumylygydyr. Maşgala kiçijik jemgyýetdir. Onda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we baglanyşyklarynyň ähli görnüşi diýen ýaly öz beýanyny tapýar. Maşgaladaky kynçylyklar we näsazlyklar jemgyýetde gaýtalanýar. Jemgyýetiň durnuklylygy we abadanlygy, köplenç ýagdaýda, maşgalanyň durnuklylygyndan we berkliginden garaşly bolýar.

Maşgala sosial umumylyklaryň gadymylarynyň hataryna girýär. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, maşgalanyň iň gadymy görnüşleri bäş ýüz müň ýyl çemesi mundan ozal döräpdir. Şol döwrüň içinde maşgalanyň tipleri we görnüşleri düýpli üýtgäpdir. Häzirki döwürde maşgalanyň göwrümi, çagalaryň sany, nikanyň görnüşleri, maşgala gurýanlaryň jynsy, maşgalanyň düzümi, maşgala agzalarynyň maşgalada tutýan orny we ş.m. boýunça maşgalanyň dürli tipleri we görnüşleri tapawutlandyrylýar. Mysal üçin, hojalygy dolandyrmak bilen baglylykda maşgalanyň matriarhal we patriarhal taryhy tipleri tapawutlandyrylýar. Matriarhal maşgalada maşgalabaşy aýal bolupdyr. Patriarhalda bolsa maşgala erkek adam ýolbaşçylyk edýär. Düzümi boýunça maşgala özbaşdak we bilelikdäki görnüşlere bölünýär. Özbaşdak maşgalada ata-eneler we çagalar bilelikde ýaşaýarlar. Özbaşdak maşgalalar hem doly we doly däl görnüşlere bölünýärler. Doly maşgalada çagalar bilen ata-eneleriň ikisi-de ýaşaýar. Doly däl maşgalada çagalaryň ýanynda olaryň haýsy-da bolsa biri bolýar. Bilelikdäki maşgalada maşgalanyň birnäçe nesli bilelikde ýaşaýarlar. Çagalaryň sany bilen baglylykda çagasyz, az çagaly, orta we köp çagaly, ýaşaýan ýerleri boýunça obaly we şäherli maşgalalar we ş.m. tapawutlandyrylýar.

Maşgalanyň döremeginde we dowam etmeginde nikanyň orny gaty ýokarydyr. *Nika – bu jemgyýet tarapyndan är-aýal gatnaşygynyň resmileşdirilmegidir. Nika – bu maşgala agzalarynyň özara hukuklarynyň we borçlarynyň kesgitlenilmegidir.* Nika maşgalanyň hukuk binýadyny emele getirýär.

Nika gadymy döwürlerde ýüze çykýar. Nikanyň ýüze çykmagy bilen maşgala sosial edara hökmünde resmileşdirilýär. Ol nikalaşýan taraplaryň maşgaladaky hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär. Irki döwürlerde nika gatnaşyklary ahlak düzgünleri tarapyndan kadalaşdyrylypdyr. Döwletiň ýüze çykmagy bilen ol gatnaşyklar hukuk düzgünleri tarapyndan kadalaşdyrylyp başlanýar. Ýöne bu ýagdaý häzirki zaman dünýäsinde nika gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda ahlagyň ornunyň ýokdugyny ýa-da pesdigini aňlatmaýar. Häzirki döwürde-de nika gatnaşyklarynda ahlagyň orny örän ýokarydyr.

Adamzat jemgyýetiniň taryhynda nikanyň köp görnüşi bolupdyr. Monogam, poligam, endogam, ekzogam nikalary onuň esasy görnüşleridir:

• *monogam nikasy* – nikanyň bu görnüşinde diňe bir aýal bilen bir erkegiň nikalaşmagyna ýol berilýär;

• *poligam nikasy* – nikanyň bu görnüşine köp aýallylyk ýa-da köp ärlilik mahsusdyr;

• *endogam nikasy* – nikanyň gadymy görnüşleriniň biri. Endogamiýada diňe öz urugdaşlaryň bilen nika gatnaşygyna girmeklige rugsat edilipdir;

• *ekzogam nikasy* – nikanyň gadymy görnüşleriniň ýene biri bolan ekzodam nikada öz urugdaşlaryň bilen nika gatnaşyklaryna girmeklik gadagan edilip, diňe başga uruglaryň wekilleri nikalaşmaklyga rugsat berlipdir.

Baglanyş usuly boýunça dünýewi we dini nikalar tapawutlanýar. Dini nika dini düzgünlere laýyklykda diniň wekilleri tarapyndan gyýylýar. Dünýewi nika döwlet edaralary tarapyndan baglaşylýar. Oňa ruhanylar gatnaşdyrylmaýar. Häzirki zaman dünýäsinde käbir ýurtlarynda ýazylmadyk nika-da duşýar. Bilelikdäki ýaşaýşyň bu görnüşinde maşgala nika baglaşylmazdan gurulýar.

Maşgalanyň bagtly bolmagynda söýginiň orny ýokarydyr. *Söýgi – bu erkek adamyň aýal maşgala, aýal maşgalanyň erkek ada-*

*ma gönükdirilen özüňi ýatdan çykarmak derejesindäki çuň we berk ahlak-estetiki duýgusydyr*. Söýgi çakdanaşa baý duýgy: adam özüniň şahsyýetiniň iň ýokary derejeli ösüşini başga bir kişä dolulygyna berilmek we ruhunyň çürbaşyna bilelikde ýetmegiň üsti bilen gazanýar.

Adamzat özüniň ahlak-estetiki progresinde söýgä minnetdar bolmalydyr. Adamy ahlak-estetiki taýdan beýgeltmekde söýgi bilen deňleşip biljek zat ýok bolsa gerek. Söýgi şahsyýetiň medeniýetiniň ösdürilip ýetişdirilýän giňişlikdir. Ol şahsyýetiň tebigy adamçylyk, ynsanperwerlik alamatlaryny döredijilikli kämilleşdirýär. Adamzat progresiniň esasy ýörelgesi bolan hyzmatdaşlyk ideýasyny özünde jemlemek bilen söýgi jemgyýetiň ýokary gymmatlygy bolup durýar, jemgyýetiň ösüşiniň deňagramlylygyny üpjün edýän faktor bolup hyzmat edýär.

Akylly-başly söýgi bilen gurşalyp alnan ene-ata gatnaşyklarynyň ruhy-ahlak saglygy maşgalada ösdürilip kemala gelýän çagalaryň saglygyna-da göni täsir edýär. Söýgi maşgalanyň abat, agzalarynyň bagtly bolmagyny üpjün edýär.

Taryhyň dürli döwürlerinde maşgala dürli funksiýalary ýerine ýetiripdir. Taryhy şertleriň, diniň, däp-dessurlaryň, ýaşaýyş keşpleriniň we ş.m. üýtgemegi bilen maşgalanyň käbir funksiýalary öz ähmiýetini ýitiripdir. Olaryň ornuna täzeleri gelipdir. Käbir ýagdaýlarda olaryň haýsy-da bolsa biri esasy ýere geçipdir. Şertleriň üýtgemegi bilen esasy we esasy däl hasaplanýan funksiýalaryň özara çalyşýan wagtlaram seýrek bolmandyr. Şeýle ýagdaý bir maşgalanyň ýaşaýşynyň dowamynda-da bolup bilýär. Mysal üçin, ozal diňe özleri we özleriniň bagty hakynda alada edýän ýaş maşgalada çaganyň dünýä inmegi bilen terbiýeleýjilik funksiýa öň hatara geçýär. Maşgalanyň ähli döwürlerde gaýtalanýan esasy funksiýalary:

*Öndürijilik funksiýasy.* Maşgalanyň esasy wezipeleriniň biri nesli dowam etmekdir. Ol jemgyýetiň ýaşamagy üçin iňňän wajyp mesele. Maşgala çagalaryň dogulýan, önüp-ösdürilýän, jemgyýetdäki ýaşaýşa taýýarlanylýan, olaryň fiziki we psihiki saglygy barada alada edilýän esasy ýerdir. Bu funksiýa ähli döwürlerde-de maşgalanyň esasy funksiýalarynyň biri hasaplandy. Geçmişde hem maşgala nesliň üznüksizligini we köpelmegini üpjün edýän esasy gymmatlyk hökmünde seredipdirler.

*Terbiýeleýjilik funksiýasy.* Maşgala çaga terbiýe berilýän esasy ýerleriň biridir. Jemgyýetde halanýan we halanmaýan, rugsat edilýän we gadagan edilýän, ýagşylyk we ýamanlyk ýaly zatlary çaga maşgalada ata-eneden, ululardan öwrenýär, terbiýelenýär. Maşgala terbiýesi bütin ömrüniň dowamynda her bir adama täsir edip durýar. Çaga maşgalada özüniň hukuklaryny we borçlaryny özleşdirýär. Jemgyýetde gadagan edilýän, rugsat edilýän, höweslendirilýän hereketleri öwrenýär. Maşgalada çaganyň sosiallaşmasy amal edilýär.

*Öwrediji funksiýasy.* Maşgalada nesilleri durmuşa taýýarlamak işi amal edilýär. Onda çaga geplemek, ýöremek, öz-özüňe hyzmat etmek, zähmet çekmek, beýleki adamlar bilen gatnaşyk etmek, ýaly zerur zatlar öwredilýär.

*Hojalyk ýötermek funksiýasy.* Maşgalada adamyň iýmek-içmeklige, egin-eşige, ýaşaýyş jaýa we ş.m. bolan maddy islegleri kanagatlandyrylýar. Maşgala agzalarynyň saglygyny goramaklyga ýardam edilýär.

*Gorag funksiýasy.* Islendik döwürde we islendik jemgyýetde maşgala öz agzalaryny fiziki, psihologik we ykdysady taýdan goraýar.

Maşgalanyň öz funksiýalaryny ýerine ýetirmezligi ýa-da olary ýerine ýetirmekde düýpli kemçilikleriň goýberilmegi diňe bir maşgalanyň däl, eýsem tutuş jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşyna ýaramaz täsir edýär. Mysal üçin, maşgalanyň nesli dowam etmek funksiýasyndaky näsazlyk demografik meseleleriň – jemgyýetiň garramagy, ölýänleriň dogulýanlardan köp bolmagy, pensiýa ýaşynyň uzaldylmagy ýaly adamlaryň ýaşaýşyna ýaramaz täsir edýän sosial hadysalaryň döremegine sebäp bolýar. Bu meseläni öwrenýän ýörite ylym hem bar. Oňa demografiýa (grekçe demos – halk, grapho – ýazýaryn) ylmy diýilýär. Demografiýa ilatyň köpeliş we azalyş derejesini, ýaşaýşyny, gürlügini, göçüp-gonuşyny, maşgalany we ş.m. öwrenýär.

Demografik faktor jemgyýete aýgytly täsirini ýetirýär. Häzirki zaman dünýäsinde çaga dogluşynyň derejesiniň ýokarydygynyň netijesinde käbir ýurtlaryň ilaty has-da artýar. Beýleki tarapdan bolsa, maşgala gymmatlyklaryna ýeterlik üns berilmezligi dünýäniň käbir ösen ýurtlarynda çaga dogluşynyň azalmagyna, ilatyň garramagyna sebäp bolýar. Şeýle häsiýetli demografik meseleler häzirki zaman dünýäsinde derwaýys meseleleriň hataryna girýär.

## 14.5. Millet

Jemgyýetiň esasy düzüm bölekleriniň biri bolan millet adamlaryň taryhyň dowamynda kemala gelen umumylygydyr. *Millet – bu milli döwletiniň, ykdysadyýetiniň, milli aňynyň, buýsanjynyň we guwanjynyň, medeniýetiniň, psihologik gurluşynyň umumylygyna esaslanýan adamlaryň umumylygynyň taryhy görnüşidir.*

Ykdysady we syýasy durmuşynyň umumylygy we bitewi territoriýasynyň bolmaklygy, umumy diliniň bardygy, ýaşaýyş durmuşynyň, sungatyň, milli häsiýetiniň, däp-dessurlarynyň, milli aňyň aýratynlyklarynda ýüze çykýan medeniýetiniň bolmaklygy milletiň döremeginiň şertleri hasaplanylýar. Milli umumylygyň çäklerinde adamyň şu etniki topara, onuň medeniýetine, däp-dessurlaryna dahyllylygyna aň ýetirtýän milli öz-özüňe akyl ýetirişi ýüze çykýar we berkeýär. Bu bolsa adamlaryň millet diýlip atlandyrylýan sosial umumylyga birleşmegine ýardam edýär.

Dil şol dilde gürleýän adamlary baglanyşdyrýar. Olaryň meňzeş pikirlenmesini üpjün edýär. Bir dilde gepleýän adamlar biri-birlerine oňat düşünýärler. Dil adamlary ýakynlaşdyrýan täsirli serişdeleriň biridir. Dil milletiň içki dünýäsine, däp-dessuryna, häsiýetine ýol açýar. Dilde milletiň müňýyllyklaryň dowamynda toplan bilimi, tejribesi, duýgusy saklanýar. Dilde milletiň häsiýeti şöhlelenýär. Millet adamlary ýakynlaşdyrýan, jebisleşdirýän esasy umumylyklaryň biridir. Onuň çäginde milletiň ruhy durmuşy, medeniýeti kemala gelýär. Onuň kemala gelmegine we ösmegine milletiň ähli subýektleri işjeň gatnaşýar. Milletiň her bir subýekti bolsa milli galkynyşdan ruhy güýç alýar.

«Milletiň alamatlarynyň, nyşanlarynyň haýsysy esasy, haýsylary bolsa kömekçi wezipeleri ýerine ýetirýär, olaryň haýsysy milletiň kemala gelmegine has köp goşant goşýar?» diýen soragyň ýüze çykmagy mümkin. Ol alamatlaryň hemmesi-de milletiň kemala gelmegi we ýaşamagy üçin zerurdyr. Şeýle bolsa-da milletiň kemala gelmegi we ösmegi üçin iň zerur başlangyç alamat hökmünde şertli ýagdaýda milli döwlet we ýaşaýyş ýer umumlygy görkezilýär. Milletiň beýleki alamatlary diňe döwletiň hereket edýän umumy ýaşaýyş ýer aýratynlygynyň bolan ýerinde döreýär we ösýär. Ilkibaşda şol umumylygyň bolmadyk ýerinde milletiň beýleki alamatlarynyň döremegi we ösmegi mümkin däldir.

Sosial-etniki umumylygyň taryhy görnüşi bolan milletiň döreýşi we ösüşi çylşyrymly, dowamly prosesdir. Onuň döreýşi urug, tire, taýpa, halkyýet ýaly etnosyň beýleki görnüşleriniň ýaşaýşy bilen özara berk baglanyşyklydyr.

*Urug.* Ilkidurmuş adam sürüsiniň ornuna gelen ilkinji umumylyk urug bolupdyr. *Urug adamlaryň gandüşer garyndaşlyk birleşmesidir.* Urug ganybir garyndaşlardan düzülipdir. Onuň agzalary umumy bir dilde gepläpdirler. Olaryň däp-dessury, häsiýetleri hem meňzeş bolupdyr. Urugdaşlar toparlaýyn zähmet çekipdirler. Birek-birege kömek beripdirler. Bähbitlerini-de bilelikde gorapdyrlar. Uruga garyndaş däl adamlaryň goşulmagy gaty kyn bolupdyr.

*Tire.* Garyndaş uruglaryň birleşmesinden umumylygyň ikinji görnüşi – tire emele gelýär. Tire adamzat umumylygynyň başdaky ýönekeý görnüşinden has çylşyrymly görnüşine geçmeklikdäki aralyk ýeri eýeleýär. Onda ganybir garyndaşlyk duýgusy ýokarydyr.

*Taýpa we taýpa birleşmeleri.* Tireleriň birleşmesinden taýpa emele gelýär. Taýpa adamlaryň etniki-umumylyk we sosial-guramaçylyk görnüşidir. Köplenç ýagdaýda, taýpa öz adyny geçmişde ýaşap geçen hakyky ýa-da hyýaly ata-babalaryň birinden alyp gaýdýar. Ol at taýpa agzalaryny birleşdirýän esasy umumylyklaryň biri hasaplanýar. Şeýle hem taýpanyň nyşanlary hökmünde umumy çäk, ykdysady umumylyk, taýpa dili – şiwesi, özara kömek, taýpa aňy, garyndaşlyk, taýpa totemi, umumy dini ynanç çykyş edýär. Taýpalaryň arasyndaky hojalyk we medeni gatnaşyklaryň güýjemegi, harby çaknyşyklaryň köpelmegi, ilatyň köpelmegi bilen baglylykda migrasiýanyň artmagy, hususy eýeçiligiň döremegi taýpa birleşmeleriniň döremegine getirýär. Taýpa birleşmelerine geçmişde türkmenlerde «il» diýlipdir. Türkmen taryhynda «salyr ili», «alili» ýaly taýpa birleşmeleri bellidir.

*Halkyýet.* Taýpa birleşmeleri ýuwaş-ýuwaşdan täze bir sosial umumylygyň – halkyýetiň döremegine sebäp bolýar. Halkyýetde taýpalar goşulyp garylýar. Öňki ganybir garyndaşlygyň ornuna ýaşaýyş ýer umumylygy geçýär. Halkyýetiň emele gelmegi sosial-taryhy ewolýusiýa hasaplanylýar. Onuň esasyny diňe bir gan ýakynlygy däl, eýsem çäk, goňşuçylyk gatnaşyklary hem düzýär. Halkyýete diňe bir etniki däl, eýsem etniki-sosial umumylyk hökmünde hem seredilýär.

*Halkyýet – bu adamlaryň diliniň, ýaşaýan ýeriniň, medeniýetiniň, ykdysadyýetiniň umumylygydyr.* Adatça, halkyýet dil we gelip çykyş umumylygy bolan birnäçe taýpadan döräpdir. 24 sany garyndaş oguz taýpalarynyň türkmen halkyny döretmeklige gatnaşmaklygy oňa mysaldyr. Kähalatlarda halkyýetiň döremegine beýleki garyndaş halklar-da gatnaşýar. Mysal üçin, garagalpaklaryň döremeginde oguzlar, gypjaklar, tatarlar ýaly türki dilli taýpalaryň, nemesleriň döremeginde şwab, bawar ýaly german taýpalarynyň täsiri uludyr. Sebäbi halkyýetiň döremeginde başga dilli, başga aňly taýpalaryň gatnaşýan wagtlaram seýrek bolmandyr. Köplenç ýagdaýda, basybalyjylykly uruşlar ýa-da göçhä-göçlük sebäpli käbir taýpalar san taýdan has köp, ykdysady we harby taýdan has kuwwatly, medeni taýdan ösen taýpalaryň içine düşüp öz milliliklerini ýitiripdirler. Olaryň dilini, däp-dessurlaryny, medeniýetini kabul edipdirler.

Halkyýet emele gelende has öňdebaryjy we kuwwatly bir taýpanyň dili emele gelýän täze halkyýetiň umumy diline öwrülýär. Başga taýpalaryň dili şiwe derejesine düşýär ýa-da doly ýok bolup gidýär. Halkyýetde onuň düzümine girýänleriň hemmesi üçin umumy bolan «türkmen», «özbek», «gazak» ýaly atlar peýda bolýar. Döwleti döreýär. Olar adamlary birleşdirýän, jebisleşdirýän güýje öwrülýär.

Halkyýet durnukly umumylyk däl. Onuň ýitip gitmegi-de, millete öwrülmegi hem ähtimal. Halkyýetiň dowam etmegi, ilki bilen, onuň döreden döwletiniň kuwwatyna, güýjüne, ýaşaýşa ukyplylygyna bagly. Döwletli bolmak halkyýetiň mundan beýläkki ýaşaýşyny, onuň millete öwrülmek mümkinçiligini aňladýar. Döwletsizlik bolsa ýene-de tire-taýpa gurluşyna düşmekligi, dagynyklygy, hatda döwletini saklamagy başaran beýleki halklaryň, milletleriň düzümine siňip, ýitip gitmek howpuny aňladýar. Döwletli bolmak diýmeklik etnosyň umumy çäkde ýerleşip, umumy däp-dessurynyň, umumy diliniň, umumy aňynyň, umumy medeniýetiniň bolmagyny aňladýar. Döwlet olaryň döremegi üçin zerur işleri amal edýär. Çünki döwlet milleti alamatlandyrýan ýagdaýlaryň ählisiniň-de ösmegini, ýaşaýşyny, dowamatyny şertlendirýän guramaçy güýç bolup çykyş edýär.

Ilkinji döwletleri garyndaş taýpalar döredipdirler. Olar ilkibaşda tire-taýpa bähbitlerini aramaklygy göz öňünde tutupdyrlar. Ýöne olar bu

wezipäni uzak wagtlap ýerine ýetirip bilmändirler. Çünki, taýpa aňy ilki bilen umumy döwlet bähbidini göz öňünde tutmaýar. Onuň agalyk eden ýerinde taýpa bähbidi döwlet bähbidinden üstün çykýar. Tire-taýpaçylyk bölek-büçekligi, dagynyklygy aňladýar. Nirede bölek-büçeklik bar bolsa, şol ýerde-de agzalalyk, sowuk-salalyk, adalatsyzlyk bar. Döwlet has umumy düşünjedir. Onuň güýji bitewilikdedir. Döwletiň tutuş jemgyýete esaslanýan edara öwrülen ýagdaýynda onuň güýji artýar, kuwwatlanýar. Milletiň emele gelmegi adamlaryň ýaşaýşynda düýpli öwrülişik döredýär. Adamlary birleşdirýän umumy edebi dil, umumy ykdysadyýet, sosial-syýasy umumylyk bolan döwlet, umumy däp-dessur, aňyýet döreýär. Hojalykdaky dagynyklyk ýok edilip, halkyýet millete öwrülýär.

Halkyýete garanyňda millet adamlaryň has durnukly umumylygydyr. Milletleriň her haýsysy gaýtalanmazdyr. Milleti millet edýän şol özboluşlylyga millilik diýilýär. Milletleriň her haýsysynyň adamzat taryhynda öz orny, adamzat siwilizasiýasynyň ösüşine-de öz goşandy bar.

## 14.6. Milli öz-özüňe akyl ýetirmek we milletçilik

Adamlaryň raýatlyk kämilligi, öz halkynyň we ýaşaýan jemgyýetiniň bähbitleriniň köklerini äňlap bilmegi milli öz-özüňe akyl ýetirmegiň esasyny düzýär.

*Adamlaryň öz halkynyň ruhy bitewiligine, onuň medeni özboluşlylygyna, däp-dessurlaryna, urp-adatyna, ynançlaryna, buýsançlaryna aň ýetirmegine milli öz-özüňe akyl ýetiriş diýilýär.*

Milli öz-özüňe akyl ýetiriş durmuşy kadalaşdyryjy güýje eýe. Ol milletiň düzümine girýän adamlaryň jebisleşmegine, olaryň beýleki milletleriň wekilleri bilen gatnaşyklarynda medeni aýratynlyklarynyň saklanmagyna ýardam edýär. Ol milliligiň ýok bolmazlygyna sebäp bolýar.

Milli öz-özüňe akyl ýetiriş milletiň milli galkynyşyny, ösüşde beýleki milletlerden yza galmazlygyny üpjün edýär. Milli öz-özüňe akyl ýetiriş – terbiýäniň we bilimiň önümi. Terbiýe we bilim işinde terbiýelenýän adamda milli sungata, däp-dessurlara, urp-adata we ş.m. bolan garaýyş döreýär. Milli taryha we ata-babalaryň gahrymançylyklaryna, döreden medeni gymmatlyklaryna guwanmagy öwrenýär. Watançylyk terbiýesi bilen milliligiň arasy näçe ýygy bolsa, adamyň

milli duýgusy-da şonça ýokary bolýar. Milli öz-özüňe akyl ýetiriş watançylykdan, watançylyk hem milli buýsançdan başlanýar. Milli buýsanjyň bar ýerinde milletiňi söýmek bardyr. Milli söýgi bolsa milletiňe bolan beýik ynamy döredýär. Milletiň her bir subýekti şol söýgüden döretmäge, milletini galkyndyrmaga, ösdürmäge ylham alýar.

Millilik meňzeş dällikdir, özboluşlylykdyr. Her bir millet öz ösüşinde ata-babalaryndan miras geçen milliligini gorap saklamaga, olara guwanmaga, ösdürmäge çalyşýar. Ýöne milliligi ösdürmek diýmeklik öz milliligiň çäginden çykman, daşky täsirleriň ählisinden goranyp oturmagy aňlatmaýar. Şeýdilen ýagdaýda millet dünýä ösüşinden yza galýar. Ykdysadyýeti pese düşýär. Ruhy-medeni durmuşy garyplaşýar. Syýasy umumylygyny – döwletini ýitirmegem ähtimal. Şonuň üçinem milli ösüş beýleki milletleriň gazananlarynam öz milli dünýägaraýşyna laýyklap ulanmaklygy göz öňünde tutýar. Milli öz-öňüňe akyl ýetiriş milli guwanjyň, milli buýsanjyň kemala gelmegine sebäp bolýar. Emma milli buýsanç millilige aşa baha berip, beýleki milletleriň döreden gymmatlyklaryna, başga milletlere ýokardan garamaklygy talap etmeýär. Şeýle garaýyş milli buýsanç däl-de, milletçilikdir.

*Milletçilik – bu bir milletiň beýleki milletlerden ýokarydygyna, şonuň üçin hem onuň artykmaç hukuklardan peýdalanmaklyga hukuklydygyna bolan ynamdyr*. Milletçilik häzirki zaman adamsynyň iň ýaramaz häsiýetleriniň biridir. Sebäbi ol özge milletlere kembaha garamaga, milli duşmançylygyň döremegine sebäp bolýar. Ol beýleki milletleriň wekilleri bilen dostlukly ýaşamaga päsgel berýär. Ol öz milletiniň ösüşindäki kemçilikleri görmekden, olary düzetmegiň ýollaryny gözlemekden mahrum edýär.

Her bir milletiň guwanmaga, buýsanmaga mynasyp gymmatlyklary bar. Öz milletini ýürekden söýýän her bir adam başga milletleriň gymmatlyklaryna hem uly sarpa goýýar. Olardan öwrenmäge, öwrenen zatlaryny öz milletini ösdürmeklikde ulanmaga çalşar.

## 14.7. Garaşsyzlyk we türkmen milletiniň ösüşi

Türkmen milleti dünýäniň gadymy halklarynyň hataryna girýär. Onuň Oguz han Türkmenden gaýdýan bäş müň ýyllyk taryhy ýoly bar. Ol millet hökmünde gadymy döwürde kemala gelipdir. Taryhyň

dowamynda 70-den gowrak döwlet gurupdyr. Ýöne mongollaryň çozuşyndan soňra Ata Watanlarynda galan türkmenler, ykbaly keç gelip, döwletsiz galýarlar. Dagynyklykdan ejir çekýärler. Patyşa Russiýasynyň, söwet döwletiniň düzüminde bolan döwürlerinde hem türkmeniň milli gymmatlyklaryna zeperli täsir ýetdi, milliligiň ýiteňkirlemegi dowam etdi.

Halkymyzyň bitewi döwlet barada eden süýji arzuwlarynyň aňyrsynda örän kyn günler, hasyl bolmadyk arzuwlar, garaşsyzlyk ugrundaky göreş ýatyr. Şonuň üçinem halkymyz milli Garaşsyzlygyny uly guwanç bilen garşylady. Özbaşdak döwletli bolmagymyz türkmeniň asyrlar boýy eden arzuwyna ýetmäge mümkinçilik döretdi.

Adam üçin iň arzyly gymmatlyk azatlykdyr, erkinlikdir, özbaşdaklykdyr, deňlikdir. Edil şonuň ýaly halk üçin hem iň esasy zerurlyk millet bolup ýaşamakdyr. Sebäbi millet bolmaklyk milletiň düzüminde ýaşaýan her bir şahsyýetiň pajarlap ösmegini, mümkinçiliklerini doly açyp bilmeklerini aňladýar.

Garaşsyzlyk gazanylmagy bilen türkmeniň gaýtadan ýene millete öwrülmek mümkinçiligi döredi.

Türkmen halkynyň geçmişde döreden ruhy gymmatlyklary biziň Garaşsyz diýarymyzyň hem-de milletimiziň ruhy esaslaryny emele getirýär. Türkmeniň ruhy gymmatlyklary bolan türkmen dessanlarydyr, şygryýeti, çuň pelsepä ýugrulan sazlary we ş.m. milleti ruhy taýdan kämilleşdirmekde aýratyn orun tutýar. Olarda türkmen halkynyň taryhy geçmişi bilen birlikde milletimiziň ýörelgeleri, türkmeniň gaýduwsyzlygy, batyrlygy, edermenligi giňişleýin beýan edilýär. Olar milletiň ýaş neslini ruhy taýdan kämilleşdirmekde aýratyn ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda türkmen milletiniň agzybirligi, jebisligi, rysgal-döwletliligi artýar. Milli gymmatlyklary ösýär, ýaşaýşy oňatlaşýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Jemgyýetiň esasy alamatlaryny sanaň.
2. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň wezipelerini teswirlemäge çalşyň.
3. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan düzgünler, olaryň görnüşleri, ýerine ýetirýän wezipeleri hakynda gürrüň beriň.

4. Jemgyýetiň sosial gurluşynyň esasy düzüm böleklerini tapawutlandyrmaga çalşyň.
5. Sosial gatlak, synp, kasta, soslowiýe düşünjelerini tapawutlandyryň.
6. Sosial mobilliligiň görnüşleri hakynda gürrüň beriň.
7. Maşgalanyň jemgyýetdäki ornuny teswirlemäge çalşyň.
8. Nikanyň dürli görnüşleriniň aýratynlyklaryny ýüze çykaryň.
9. Maşgalanyň funksiýalaryny teswirläň.
10. Etniki umumylyklaryň arasyndaky meňzeşlikler we aýratynlyklar hakynda gürrüň beriň.
11. Milletiň kemala gelmeginiň esasy şertlerini häsiýetlendiriň.
12. Milletiň durmuşynda milli öz-özüňe akyl ýetirişiň ornuny kesgitläň.
13. Milli öz-özüňe akyl ýetiriş bilen milletçiligi tapawutlandyryň.
14. Garaşsyzlygyň türkmen milli gymmatlyklarynyň ösüşine täsir ýetirendigini subut ediň.

# XV. JEMGYÝETIŇ SYÝASY GURLUŞY WE SYÝASY ESASLARY

## 15.1. Syýasat we onuň gurluşy

Syýasy filosofiýa sosial filosofiýanyň düzüm bölegidir. Ol jemgyýetiň syýasy gurşawyny, jemgyýetiň syýasy ulgamyny, syýasy edaralaryny we syýasy durmuşyny öwrenýär. Syýasaty we onuň netijelerini seljerýär. Döwlet, döwletiň gelip çykyşy we gurluşy, häkimiýet, häkimiýetiň gelip çykyşy we mehanizmleri, azatlyk, erkinlik, syýasy medeniýet, syýasy aň ýaly meseleler hem syýasy filosofiýa degişli. Syýasy filosofiýa jemgyýetiň syýasy gurşawynda hereket edýän syýasy prosesleri, wakalary, gymmatlyklary, edaralary we ş.m. öwrenýär. Şol meseleleriň esasynda syýasat durýar.

Syýasat dürli bähbitli, dürli islegli sosial toparlary, gatlaklary we beýleki sosial umumylyklary bir ýerde ýaşap, biri-birleri bilen gatnaşyga girmegini üpjün edýän umumy bähbidi berýär. Adamlar jemgyýetiň bitewiligini üpjün edýän şol umumy bähbidiň daşyna jemlenip, ýekelikde ýetip bilmejek maksatlaryny amal edýärler.

*Syýasat – bu dolandyryş prosesidir. Syýasat – bu häkimiýeti dolandyrmaklyga ýa-da häkimiýeti dolandyrmaklygy paýlaşmaklyga täsir etmeklige ymtylyşdyr.*

Syýasat sosial hadysadyr. Ol diňe jemgyýetde döreýär we syýasy gatnaşyklara esaslanýar. Syýasat beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan has soň ýüze çykýar.

Adamzat ýaşaýşynyň gadymy döwründe jemgyýetde syýasat bolmandyr. Sebäbi şol döwürlerde adamlary biri-birine garşy goýýan köp bähbitlilik ýok eken. Jemgyýetiň bitewiligi adamlaryň isleg-bähbitleriniň tebigy taýdan gabat gelmegi netijesinde amal edilipdir. Olaryň isleg-bähbitleri gaty ujypsyz bolup, esasan, iýmit tapmakdan, sowukdan, yssydan goranar ýaly öý edinmekden ybarat bolupdyr. Topar bolup ýaşaýan adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar hem dürli dini ynançlaryň, gadagan etmeleriň – tabularyň, däp-dessurlaryň kömegi bilen kadalaşdyrylypdyr.

Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi, zähmet öndürijiliginiň artmagy bilen adamlaryň islegleri artyp ugraýar. Jemgyýetçilik gatnaşyklary çylşyrymlaşýar. Adamlaryň isleg-bähbitlerinde tapawut kemala gelýär. Dürli islegli adamlary ylalaşdyrmak, aýratyn alnan indiwidiň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak zerurlygy syýasatyň we syýasy edaralaryň, döwletiň emele gelmegine getirýär.

Diňe jemgyýetdäki deňsizlik, isleg-bähbitlerdäki dürlülik däl, eýsem halky azyk bilen üpjün etmek, ýurt bitewiligini, halkyň azatlygyny goramak, täze ýerleri özleşdirmek, iri suwaryş desgalaryny gurmak zerurlygy ýaly ýagdaýlar syýasatyň we syýasy edaralaryň döremegine sebäp bolýar.

Syýasatyň çylşyrymly gurluşy bar. Onuň esasy düzüm bölekleri hökmünde syýasy gatnaşyklar, syýasy häkimiýet, syýasy medeniýet, syýasatyň obýektleri, syýasy aň, syýasy gurluş, syýasatyň subýektleri we ş.m. çykyş edýär.

Syýasatda döwlet häkimiýetiniň diregi, daýanjy bolan köp sanly sosial toparlaryň isleg-bähbitleri öz beýanyny tapýar. Olar öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin özara syýasy gatnaşyklara girýärler. Şol gatnaşyklarda erkini ýükleýän, aýdanyny etdirýän, boýun egdirýän adama ýa-da adamlar toparlaryna, edarasyna syýasatyň subýektleri

diýilýär. Syýasatyň subýektleriniň täsir edýän toparlary, hadysalary, prosesleri bolsa syýasatyň obýektlerdir.

Syýasatyň subýektleri öz bähbitlerini syýasy edaralaryň kömegi bilen amal edýärler. Syýasy edaralara döwlet, syýasy partiýalar, syýasy hereketler, jemgyýetçilik guramalary, habar beriş serişdeleri agram salyş toparlary we ş.m. girýär. Syýasy edaralaryň jemi jemgyýetiň syýasy gurluşyny düzýär.

Syýasatyň obýektiw we subýektiw taraplary bardyr. Syýasatyň obýektiw tarapy diýlende syýasy işiň adam aňyndan garaşsyz tarapyna düşünilýär. Subýektiw tarapyny syýasy aň düzýär. Syýasy aň adamlar, toparlar, umumylyklar tarapyndan syýasy gurşawa akyl ýetirilmegidir. Ol syýasy garaýyşly nazaryýeti şöhlelendirýär. Syýasatda adamlaryň dürli görnüşli bähbitrleri çaknyşýarlar. Olar jemgyýetiň ykdysadyýet, döwlet gurluşy, hukuk, milli we dini gatnaşyklary, däp-dessurlary ýaly ulgamlaryny gurşap alýar.

Syýasat birnäçe derejede amal edilýär:

• *syýasatyň aşaky, pes derejesi* ýerli meseleleri (mekdep, ýokary okuw mekdebi, kärhana, daýhan hojalygy we ş.m.) çözmeklige gönükdirilendir. Bu derejede syýasy iş, esasan, aýratyn indiwidler, şeýle hem ýerli guramalar tarapyndan amal edilýär;

• *syýasatyň sebit derejesinde* syýasat öz sebitini ykdysady-durmuş taýdan ösdürmeklik ugrunda alada edýän toparlar we birleşmeler tarapyndan has işjeň durmuşa geçirilýär. Bu dereje döwletiň goşulmagyny hem talap edýär;

• *syýasatyň milli derejesi* syýasy taglymatda esasy orny eýeleýär. Şeýle ýagdaý döwletiň serişdeleri paýlaýjy esasy institutdygy bilen düşündirilýär;

• *syýasatyň halkara derejesinde* syýasatyň esasy subýektleri bolup halkara guramalary we garaşsyz döwletler çykyş edýärler.

Syýasat jemgyýetde köp funksiýalary ýerine ýetirýär:

• *syýasatyň jemgyýetiň bitewiligini we durnuklylygyny üpjün etmek funksiýasy*. Syýasat jemgyýetiň geljegini üýtgetjek taslamalary işläp düzmek, sosial ösüşiň ugurlaryny kesgitlemek arkaly adamlarda geljekde oňat ýaşaýşyň garaşýandygy barada ynam döredýär. Şol ynam hem jemgyýetiň bitewiligini we durnuklylygyny üpjün edýär;

• *syýasatyň bitewileşdirmek funksiýasy.* Syýasat jemgyýetiň abadançylygyny, bitewiligini, jebisligini üpjün edýär;

• *syýasatyň umumy işe çekmek we işiň netijeliligi funksiýasy.* Syýasat indiwidleriň bähbitlerini kadalaşdyrmak ýoly bilen olary umumy işe çekýär we işiň netijeli bolmagyny gazanýar;

• *syýasatyň dolandyryş we kadalaşdyryş funksiýasy*. Syýasat dürli usullary ulanyp sosial prosesleri dolandyrýar. Syýasy kararlaryň kömegi bilen dürli garaýyşly, dürli bähbitli adamlaryň, adamlar toparlarynyň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýar;

• *syýasatyň syýasy sosiallaşdyrmak funksiýasy*. Syýasat şahsyýeti sosial gatnaşyklara çekmek arkaly oňa jemgyýeti ösdürmek we üýtgetmek boýunça toplanan tejribeleri geçirýär. Syýasy durmuşda özüňi alyp barmagyň ýollaryny öwredýär;

• *syýasatyň rasionallaşdyrmak funksiýasy*. Syýasat jemgyýetde bolýan konfliktleri çözýär. Mümkin bolan ýagdaýlarda olaryň öňüni alýar.

Syýasat ykdysadyýet bilen berk baglanyşykly. Ol ykdysadyýet tarapyndan şertlendirilýär – döwletiň ykdysadyýeti näçe kuwwatly bolsa, onuň syýasy mümkinçiliklerem şonça ýokary bolýar. Şol bir wagtyň özünde syýasat otnositel özbaşdakdyr. Jemgyýeti ösdürmekde, özgertmekde, ýurtda sosial ylalaşygy gazanmakda onuň orny ýokarydyr. Syýasatda jemgyýetiň ösüşiniň maksatlary we şol maksatlara ýetmekligiň usullary, serişdeleri kesgitlenilýär. Syýasat jemgyýetiň ähli gurşawlaryny dolap alýar. Hakykata laýyk gelýän syýasat ykdysadyýetiň, sosial durmuşyň, medeniýetiň – tutuş jemgyýetiň ösüşine itergi berýär. Bu ýerde syýasat diýlende hökmany suratda sosial proseslere döwletiň goşulmagyna düşünmeli däl. Döwletiň haýsy-da bolsa bir sosial prosesiň işine goşulmazlygynyň özem syýasatdyr. Mysal üçin, demokratik döwletlerde adamlaryň şahsy durmuşyna goşulmazlyk syýasaty alnyp barylýar.

Döwletiň jemgyýeti ösdürmek we özgertmek bilen baglylykda alyp barýan syýasaty möhleti boýunça strategik we taktik syýasata bölünýär. Strategik syýasat uzak möhletli, orta möhletli we gysga möhletli bolýar. Uzak möhletli syýasat 15–20 (hatda ondan hem köp) ýylda, orta möhletli 3–5 ýylda, gysga möhletli 1,5–2 ýylda amal edilmeli zatlary göz öňüne tutýar. Taktik syýasat bolsa strategik syýasaty amal etmek bilen meşgullanýar.

## 15.2. Syýasy ulgam

Jemgyýetiň kadaly işlemeginde syýasy ulgamyň ähmiýeti örän uly. Onuň kömegi bilen jemgyýetde döwlet dolandyrylýar, häkimiýet amal edilýär. Raýatlaryň azatlyklary, hukuklary amal edilýär. Jemgyýetiň durnuklylygy saklanýar. Syýasy ösüş bolup geçýär. Syýasy ulgam jemgyýetiň syýasy gurşawynda hereket edýär. Ýerine ýetirýän işleri boýunça ol jemgyýetiň beýleki gurşawlaryna-da güýçli täsir edýär. Ol gurşawlaryň işini tijäp ýa-ga bökdäp, ösdürip ýa-da yza tesdirip bilýär.

Syýasy ulgam özara baglanyşykly we özara täsirli dürli düzüm böleklerden durýar. Olaryň esasylary hökmünde döwlet, syýasy partiýalar, syýasy we jemgyýetçilik hereketler, täsir ediş toparlary, syýasy gatnaşyklar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, syýasy ideýalar, syýasy medeniýet, ahlak we hukuk düzgünleri hem-de gymmatlyklary, syýasy ulgamyň daşky gurşaw bilen gatnaşyklary çykyş edýär. Olaryň her haýsysy öz funksiýasyny ýerine ýetirýär.

Häzirki zaman jemgyýetlerinde diniň, dini guramalaryň, metjitleriň, buthanalaryň we ş.m. häkimiýete edýän täsiri demokratiýanyň iň bir ösen döwletlerinde-de duýulýar. Şonuň üçinem din, dini guramalar, dini gatnaşyklar syýasy ulgamyň düzüm bölekleri hökmünde kabul edilýär.

*Syýasy ulgam – bu jemgyýetde syýasy häkimiýeti amal edýän we häkimiýet meselesi boýunça özara gatnaşyklara girýän döwlet we jemgyýetçilik institutlarynyň jemi.* Ol jemgyýetiň syýasy taýdan öz-özüni guraýşyny amal edýär.

Syýasy ulgam özüniň düzüm bölekleriniň kömegi bilen jemgyýetiň agzalaryny häkimiýete, häkimiýet gatnaşyklaryna çekýär. Onuň işi jemgyýetde bolup geçýän syýasy gatnaşyklary we prosesleri kadalaşdyrmaklyga gönükdirilýär.

Syýasy ulgamyň her bir düzüm böleginiň ähmiýeti onuň jemgyýetçilik-syýasy durmuşa täsir ediş derejesi bilen ölçenilýär. Olar biri-birleri bilen berk baglanyşykdadyr. Düzüm bölekleriň biriniň işindäki näsazlyk tutuş ulgamyň işine özüniň täsirini ýetirýär.

*Döwlet.* Döwlet jemgyýetiň syýasy ulgamyň häkimiýet funksiýalary bolan edaralarynyň toparydyr. Ol syýasy ulgamyň esasy düzüm bölegidir. Syýasy ulgamyň beýleki bölekleri döwletiň daşyna

jemlenýärler. Olar öz maksatlaryny diňe döwletiň üsti bilen amal edip bilýärler. Döwlet syýasy ulgamyň özenidir, merkezidir. Şonuň üçin beýleki düzüm bölekleriniň hereketi, maksady döwlete tarapdyr.

Döwlet syýasy ulgamyň beýleki düzüm bölekleriniň döreýiş, işleýiş, aragatnaşyk, arabaglanyşyk tertiplerini kesgitleýän hukuk düzgünlerini çykarýar. Olaryň dowam edişiniň kanuny esaslaryny düzýär. Jemgyýetde asudalygy, durnuklylygy üpjün edýär. Syýasy ulgamyň özüniň-de netijeliligini hem-de bitewiligini şertlendirýär. Döwlet jemgyýeti dolandyrmaklygyň guraly bolup hyzmat edýär. Syýasy ulgamyň öz funksiýalaryny ýerine ýetirmeginde hem döwletiň uly orny bar.

*Syýasy partiýalar we jemgyýetçilik guramalary.* Partiýa (latynça partial – bölek, bölýärin) adamlaryň belli bir toparynyň bähbitlerini goramak üçin döredilen syýasy guramadyr. Syýasy partiýalar häkimiýet ugrunda göreşýärler. Islendik syýasy partiýanyň ahyrky maksady döwlet häkimiýetini eýelemekdir. Olar bu maksada ýetmek üçin dürli usullary ulanýarlar.

Jemgyýetçilik guramalary bolsa adamlaryň ykdysady, sosial, ruhy bähbitlerini goramaklyga niýetlenýär. Partiýalardan tapawutlylykda olar syýasy häkimiýet ugrunda göreşmeýärler. Ýöne öz maksatlaryna ýetmek üçin syýasy häkimiýete güýçli täsir edip bilýärler. Kärdeşler arkalaşyklary, ýaşlar, zenanlar, weteranlar guramalary we ş.m. jemgyýetçilik guramalarydyr.

*Jemgyýetçilik we syýasy hereketler.* Jemgyýetçilik we syýasy hereketler belli bir maksada ýetmek üçin döredilýär. Mysal üçin, sebitiň ekologiýasyny goramak, şol sebitde gurulýan haýsydyr bir kärhana garşy çykmak, ýa-da döwletiň harby bileleşige goşulmagyna garşy durmak maksady bilen döredilýär. Şol maksada ýetilenden soň jemgyýetçilik-syýasy hereketler öz hereketini bes edýärler.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň – gazetleriň, žurnallaryň, radionyň, telewideniýäniň we internetiň hem halky dolandyrmakdaky, jemgyýetçilik garaýşyny döretmekdäki, jemgyýeti habarlandyrmakdaky ähmiýeti örän uludyr.

Syýasy baglanyşygy we täsiri jemgyýetiň ahlak we hukuk düzgünleri amal edýärler. Bu düzgünler adamlaryň syýasy ulgamda talaplary öňe sürmek, talaplary karara öwürmek, kararlary ýerine ýetirmek prosesine gatnaşmaklaryny üpjün edýär.

## 15.3. Syýasy düzgünler

*Syýasy düzgün – bu jemgyýetiň syýasy ulgamynyň işleýşiniň, syýasy häkimiýeti amal etmegiň we syýasy maksatlara ýetmekligiň usulydyr.* Syýasy düzgün syýasy ulgamyň ösüş we zerurlyk häsiýetlerini açyp görkezýär. Adamyň azatlyklary we hukuklary, döwlet häkimiýetini amal etmekligiň usullary, döwlet bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşygyň häsiýeti, jemgyýetiň syýasy kararlary kabul etmeklige täsir edip bilşi ýa-da bilmeýşi, syýasy edaralary döretmekligiň we syýasy kararlary işläp düzmekligiň usullary syýasy düzgüniň hil görkezijileridir. Şol hil görkezijiler bilen baglylykda demokratik we demokratik däl syýasy düzgünler tapawutlandyrylýar.

*Demokratik syýasy düzgünler* üçin häkimiýet guramalarynyň saýlawlar esasynda döredilmegi mahsusdyr. Halk häkimiýetiň esasy çeşmesi hökmünde ykrar edilýär. Şahsyýet azatlygy yglan edilýär. Adamlara söz, metbugat, wyždan we beýleki azatlyklar berilýär. Raýatlara ýaşamak, zähmet çekmek, dynç almak, saglygyny bejertmek, syýasy we jemgyýetçilik guramalaryny döretmek, olara girmek, çykmak, saýlamak we saýlanmak, maglumatlary almak we ýaýratmak, ýygnaklary, ýörişleri geçirmek we ş.m. hukuklary berilýär. Diňe hökümeti goldaýan partiýalara däl, eýsem oňa garşy durýan partiýalara hem kanuny ýol bilen hereket etmäge mümkinçilik döredilýär. Döwlet häkimiýeti biri-birinden garaşsyz, ýöne sazlaşykly işleýän şahalara bölünýär. Kanun çykaryjy hukuk parlamente berilýär. Her bir hereketde Konstitusiýa, kanunlara daýanmak ýörelgesi ykrar edilýär we iş ýüzünde amala aşyrylýar.

*Demokratik däl syýasy düzgünlerde* häkimiýeti şahalara bölmek ýörelgesi saklanmaýar. Häkimiýet şahalara bölünen ýagdaýda-da formal häsiýetde bolýar. Ýerine ýetiriji häkimiýet çakdanaşa güýçlenýär. Döwlet edaralaryna saýlawlylyk, adamyň esasy demokratik hukuklary hem-de azatlyklary düýpli çäklendirilýär ýa-da ýok edilýär. Demokratik däl syýasy düzgünleriň däp bolan, totalitar, awtoritar ýaly görnüşleri bolýar.

*Däp bolan syýasy düzgünlere* çäklendirilmedik patyşalyklar degişli. Onda häkimiýet dolulygyna patyşanyň elinde jemlenýär. Patyşa häkimiýeti başga adamlar ýa-da edaralar bilen paýlaşmaýar.

*Totalitarizm* (latynça totalitas – bitewi, tutuş) häkimiýet başyna gelen partiýanyň diktaturasydyr. Ol partiýa öz ideologiýasyny ýeke-täk hakyky ideologiýa diýip yglan edýär. Täze ideologiýa öňki tertibi doly inkär edýär, düýbünden täze jemgyýeti gurmaklygyň zerurdygyny nygtaýar. Ilatdan resmi ideologiýany hem-de düzgüni gürrüňsiz goldamak talap edilýär. Jemgyýetdäki beýleki partiýalar ýatyrylýar. Jemgyýeti kadalaşdyrýan ahlak, hukuk düzgünleri, ölçegleri syýasy ideologiýa boýun egdirilýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerine gözegçilik girizilýär. Partiýa döwlet edaralaryny gözegçilikde saklaýar. Döwlet, jemgyýetçilik durmuşy çakdanaşa merkezleşdirilýär.

Döwletde hereket edýän Konstitusiýa, häkimiýetiň şahalara bölünişi, saýlawlar formal häsiýetde bolýar. Partiýanyň çykarýan kararlary kanundan ýokarda goýulýar. Jemgyýetde ýaşaýan ähli adamlary partiýanyň ideologiýasyna laýyk pikirlendirmäge, geýindirmäge, ýaşatmaga çalyşýarlar. Başgaça pikirlenýän, hereket edýän adamlar yzarlanylýar. Dürli sütemlere sezewar edilýär. Olaryň öldürilýän wagtlaram seýrek bolmaýar. Totalitarizmde işiň ykdysady, sosial, ruhy görnüşleri we raýatlaryň hususy ýaşaýşy döwletiň gözegçiligine düşýär.

*Awtoritar syýasy düzgünde* (latynça auctoritas – täsir, häkimiýet) häkimiýet bir ýa-da birnäçe adamyň elinde jemlenýär. Häkimiýet başyndaky adam ýa-da adamlar topary döwletiň ähli güýjüni we mümkinçiliklerini häkimiýeti saklamaklyga gönükdirýär. Häkimiýeti saklamak üçin hiç zatdan gaýtmaýar. Häkimiýeti elde saklamak üçin döwlet güýç edaralaryny (polisiýany, goşuny we ş.m.) ulanýar. Häkimiýet şahalara bölünýär. Ýöne ýerine ýetiriji häkimiýet esasy ýerde bolýar. Konstitusiýanyň, kanunlaryň işleýşi formal häsiýetdedir.

Awtoritar syýasy düzgünde ýeke-täk ideologiýa bolmaýar, düzgüne zyýan ýetirmeýän garaýyşlara rugsat edilýär. Eger-de raýat ulgama, düzgüne garşy çykmasa, ol jeza çärelerine sezewar edilmeýär. Awtoritarizmde esasy mesele dünýägaraýyş bolman, häkimiýeti saklamakdyr. Onda terror, zorluk köpçülikleýin häsiýetde bolmaýar. Zorluk, jeza belli-belli adamlaryň garşysyna ulanylýar.

Agalyk ediji toparyň gurluşyna hem-de amal edýän syýasatynyň maksadyna laýyklykda awtoritar syýasy düzgünleriň harby, oligarhik, populistik, býurokratik görnüşleri tapawutlandyrylýar.

## 15.4. Döwlet

Ilkinji döwletleriň kemala gelmegi bilen jemgyýet guramaçylyk taýdan täze bir derejä çykýar. Çünki döwletde jemgyýeti dolandyrmaklyga we guramaklyga ygtyýarly bolan häkimiýet jemlenýär.

Adamlar hakynda aladany etmegi alyp barýan syýasatynyň merkezinde ýerleşdiren döwlet beýik işleri ýerine ýetirmäge ukyplydyr. Ýöne häkimiýete baýamagyň, adamlara zulum etmegiň serişdesi hökmünde seredýän adamyň ýa-da adamlar toparynyň eline düşende döwletiň uly ýykgynçylyklara getirmegem mümkindir. Şonuň üçin hem gadymy döwürlerden başlap, adamlar döwlete hem gorky, hem umyt bilen seredipdirler. Olar döwletiň düýp manysyna düşünmäge çalşypdyrlar. Adamlary bagtly ýaşaýşa eltjek adalatly döwlet barada arzuw edipdirler. Adalatly hökümdarlar barada rowaýatlar düzüpdirler. Döwletiň emele gelmegini düşündirýän taglymatlary döredipdirler. Dini taglymatlar, basybalyjylyk taglymaty, maşgala taglymaty, jemgyýetçilik ylalaşygy taglymaty we sosial deňsizlik taglymaty şol taglymatlaryň esasylarydyr.

*Dini taglymata* laýyklykda, döwlet Hudaý tarapyndan döredilýär. Hökümdaryň kim bolmalydygyny-da Hudaýyň özi kesgitleýär. Dini taglymat döwleti, hökümdarlary keramatlaşdyrýar. Mysal üçin, Gadymy Müsür, Hytaý ýaly döwletlerde hökümdarlar Hudaý, hudaýlaryň ogullary derejesinde görlüpdir. Dini taglymat döwletiň we hökümdarlaryň garşysyna gitmegi Hudaýyň garşysyna gitmek bilen deň görýär.

*Jemgyýetçilik ylalaşygy taglymaty* Täzeden döreýiş döwründe Ýewropada döreýär. Ol döwletiň döreýşini adamlaryň özara meýletin ylalaşygy bilen düşündirýär. Jemgyýetçilik ylalaşygy taglymatynyň J. Lokk, Ž. Ž. Russo ýaly wekilleri döwletiň ylalaşyk esasynda dörändigi üçin ol adamlar hakynda alada etmelidir diýen pikiri öňe sürýärler. Olaryň pikirine görä, döwlet adamyň hyzmatkäri bolmaly.

*Basybalyjylyk taglymaty* döwletiň emele gelmegini gadymy döwürlerde tire-taýpalaryň başga taýpalary basyp almaklary bilen düşündirýär. Taglymata laýyklykda, başga taýpalary basyp alan güýçli taýpalar olaryň üstünden häkimligi saklamak üçin mejbur ediş edaralaryny – döwleti döredýärler. Ilki başga taýpalaryň üstünden agalyk

etmek maksady bilen döredilen döwlet soňlugy bilen öz jemgyýetiň hem üstünden agalyk edip başlaýar.

*Döwletiň döreýşi baradaky maşgala taglymaty* döwletiň uruglaryň tirä, tireleriň taýpa, taýpalaryň hem halkyýete birikmegi netijesinde döreýändigini ykrar edýär. Döwlet uly bir maşgala meňzedilýär. Patyşa bilen raýatlaryň gatnaşygy ata-ogul gatnaşygyny ýada salýar. Bu garaýşyň görnükli wekilleri – Konfusiý, Al Faraby we başgalar.

*Döwletiň döreýşi baradaky sosial deňsizlik taglymatyna* laýyklykda döwlet adamlaryň baýlara we garyplara bölünmegi netijesinde döreýär. Onuň ykdysady esasy bolup hususy eýeçilik çykyş edýär. Döwlet bir synpyň beýleki bir synpyň üstünden agalyk etmeginiň, ezmeginiň guralydyr. Hususy eýeçiligiň ýok edilmegi bilen döwletiň ykdysady esaslary-da ýok bolýar.

Döwletden öň dowam eden häkimiýet görnüşleriniň howpsuzlygy üpjün etmek, indiwidleriň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny goramak, parahatçylygy saklamak, tertip-düzgüni üpjün etmek ýaly sosial talaplary hem-de bähbitleri kanagatlandyryp bilmezligi döwletiň döremegine sebäp bolupdyr.

Umumy maksatlary hem-de wezipeleri amala aşyrmakda döwletiň artykmaçlyklarynyň biri dolandyryjylaryň arasynda zähmet bölünişiginiň ýüze çykmaklygydyr. Döwletiň düzüminde işleýän adamlaryň bir topary zerur kanunlaryň üstünde işlese, beýleki bir topary şol kanunlary durmuşa ornaşdyrmak bilen, üçünji topary bolsa şol kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek bilen meşgullanýar. Döwlet öz wezipesini ýerine ýetirmek üçin polisiýa, goşun ýaly uly güýçleri elinde jemleýär. Ol zerur ýagdaýda mejbur ediş çärelerini ulanmak mümkinçiliklerine eýe.

Döwlet sosial guramadyr. Ol diňe jemgyýetde döreýär. Onuň başga sosial guramalara meňzemeýän, diňe döwlete mahsus alamatlary bar:

1. Döwlet ýurduň bütin çäginde syýasy häkimiýetiň guramasy hökmünde çykyş edýär. Şol çäkde ýaşaýan ilat döwlet häkimiýetine boýun egýär. Jemgyýetiň bitewiligini hem-de onuň agzalarynyň arabaglanyşygyny üpjün edýär. Döwletiň güýji diňe eýeleýän çägine ýaýraýar. Döwletleriň arasy araçäkler bilen bölünýär. Şol çäkde döwlet kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet hukugyna eýedir. Döwlet häkimiýeti şol çäkde ýokarylyk häsiýetine eýe bolýar. Muňa başgaça özbaşdaklyk,

özygtyýarlylyk, garaşsyzlyk – suwerenitet diýilýär. Bu alamaty boýunça döwlet we millet düşünjeleri deň gelýär. Hut şu sebäplem türkmen döwleti, rus döwleti, nemes döwleti hakynda gürrüň edilýär.

2. Döwletiň öz nyşanlary – baýdagy, gerbi, döwlet senasy bolýar. Olarda ýurduň çäginde ýaşaýan ilatyň taryhy, däp-dessurlary, milli aýratynlyklary öz beýanyny tapýar. Döwlet nyşanlary – simwollary mukaddeslik hasaplanýar we aýawly saklanýar.

3. Döwletiň syýasy häkimiýetiň aýratyn bir görnüşi hökmünde jemgyýeti dolandyrmak bilen meşgullanýan kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, kazyýet häkimiýetleri ýaly edaralary bar. Ol aýratyn täsir ediş serişdelerine (goşun, polisiýa, türmeler we ş.m.) eýe bolmaklyga we dolandyryşda olary ulanmaklyga hukukly. Şeýle hem döwletde salgyt we başga tölegleri ýygnamaklyga niýetlenen ýörite edaralar ulgamy bar.

4. Döwlet hukugyň kömegi bilen jemgyýetiň durmuşyny guraýar. Diňe döwlet ähli adamlar üçin hökmany bolan kanunlaryň üsti bilen jemgyýetçilik durmuşyny düzgünleşdirýär. Hukuk kadalarynyň ýerine ýetirilmegini döwlet ýörite edaralaryň, dolandyryjylaryň, kazylaryň we ş.m. kömegi bilen amala aşyrýar.

5. Döwletde häkimiýetiň özygtyýarlygy (suwereniteti) – ýokarylygy, garaşsyzlygy bardyr. Suwerenitet – bu döwletiň ýurtdaky başga häkimiýetlerden ýa-da başga ýurtlar bilen gatnaşykalarynda öz territoriýasynda rüstemligidir.

6. Zerur halatlarda döwletiň mejbur ediş çärelerini ulanmaga haky bardyr.

*Döwlet – bu kanuny ýokarylyga eýe bolan, kanun tarapyndan mejbur ediş çärelerini ulanmaklyga rugsat berlen we ýöriteleşdirilen edaralaryň kömegi bilen jemgyýeti dolandyrýan syýasy häkimiýetiň aýratyn görnüşidir.*

Döwletiň ýerine ýetirýän funksiýalaryny içerki hem-de daşarky funksiýalara bölmeklik ýörgünlidir.

Döwletiň içerki funksiýalary:

• *ykdysady funksiýasy* kanunlaryň, salgytlaryň, karzlaryň we ş.m. üsti bilen ykdysady prosesleri düzgünleşdirmek, ykdysadyýetiň ösmegini höweslendirmek, ykdysady jenaýatlara garşy göreş alyp barmak ýaly çäreleri öz içine alýar:

• *sosial funksiýasy* adamlaryň işlemeklige, dynç almaklyga, ýaşaýyş jaýa, saglygyny goramaklyga bolan isleglerini kanagatlandyrmak, jemgyýetiň mätäç bölegine – garrylara, maýyplara, işsizlere, hossarsyz adamlara, ýaşlara we ş.m. sosial kömek bermegi kepillendirmek bilen baglanyşyklydyr;

• *hukuk funksiýasy* jemgyýetçilik gatnaşyklaryny, raýatlaryň özlerini alyp barşyny düzgünleşdirýän hukuk kadalaryny çykarmak, jemgyýetde tertip-düzgüni ýola goýmak, jemgyýetçilik gurluşyny jenaýatkärlerden goramakdan ybaratdyr. Hukuk kadalaryny goramak prokuraturanyň, kazyýetiň we beýleki ýörite edaralaryň üsti bilen amala aşyrylýar;

• *syýasy funksiýa* jemgyýetde syýasy durnuklylygy üpjün etmekligi göz öňüne tutýar. Bu funksiýany amal etmek üçin giň halk köpçüliginiň bähbitlerine laýyk gelýän syýasy ugur işlenilip düzülýär;

• *bilim bermek funksiýasy* ilata berilýän bilimi, hünär öwredişi hem-de ylmy ösdürmek, kämilleşdirmek üçin zerur şertleri döretmekligi öz içine alýar;

• *medeni-terbiýeçilik funksiýasy* adamlaryň medeni isleglerini kanagatlandyrmaklyga, milli medeniýeti ösdürmeklige, dünýä medeniýetiniň gazananlary bilen ilatyň tanyş bolmagy üçin şertleri döretmeklige, ylmy hem-de çeper döredijiligi ösdürmeklige, nesil terbiýesini amal etmeklige gönükdirilendir.

Döwletiň daşary funksiýalary iki ugur bilen baglanyşyklydyr:

• ýurdy goramak we onuň howpsuzlygyny üpjün etmek;

• başga döwletler bilen ykdysady, syýasy, medeni gatnaşyklary ýola goýmak.

Daşarky funksiýalary döwletiň dünýä jemgyýetçiliginiň bir bölegidiginden we onuň ösmegi üçin beýleki döwletler bilen gatnaşmagynyň zerurdygyndan gelip çykýar.

## 15.5. Döwlet dolandyryşynyň we gurluşynyň formalary

Döwletler syýasatyň kömegi bilen mümkin bolan zady hakykata öwürýärler we syýasaty sungat derejesine çykarýarlar. Olaryň alyp barýan syýasatynyň netijeliligine dolandyryş formasy hem täsir edýär. Dolandyrmaklygyň formasy häkimiýetiň çeşmelerinden gelip çykýar.

*Ýokary döwlet häkimiýetiniň guramaçylyk usulyna, onuň edaralarynyň aragatnaşyklarynyň ýörelgelerine we ilatyň häkimiýetiň kemala gelşine gatnaşygyna dolandyryş formasy diýilýär.*

Dolandyrmaklygyň iki sany esasy formasy bardyr. Olara monarhiýa-patyşalyk we respublika degişli.

*Monarhiýa* – patyşalyk iki görnüşde – çäklendirilmedik we çäklendirilen monarhiýa görnüşinde hereket edýär. Çäklendirilmedik patyşalykda döwletiň başynda duran patyşanyň häkimiýeti hiç zat tarapyndan çäklendirilmeýär. Ol kanundan ýokary bolýar. Döwletiň kanun üpjünçiligem patyşanyň elinde jemlenýär. Döwlet dolandyryşyň bu görnüşi orta asyrlarda uly gerime eýe bolýar. Häzirki döwürde çäklendirilmedik patyşalyk Saud Arabystany, Katar, Oman ýaly käbir döwletlerde saklanyp galypdyr.

Çäklendirilen ýa-da konstitusion monarhiýa dünýäniň 30-a golaý döwletinde – Beýik Britaniýa, Ýaponiýa, Belgiýa, Şwesiýa, Norwegiýa, Ispaniýa we ş.m. ýurtlarda dowam edýär. Ol döwletlerde patyşanyň häkimiýeti çäklendirilýär, onuň hukuklary we borçlary döwletiň esasy kanuny bolan Konstitusiýada öz beýanyny tapýar. Monarh ýurduň halkyň bitewiliginiň alamaty, döwlet baştutany bolup durýar. Esasy ygtyýarlyklar parlament bilen hökümetde bolýar.

*Respublikan döwlet dolandyryşynda* döwlet häkimiýetiniň ähli ýokary wezipeleri saýlanýar ýa-da umumymilli wekilçilikli edara tarapyndan bellenilýär.

Respublikan dolandyryş prezident respublikasy hem-de parlament respublikasy görnüşinde bolýar. Prezident respublikasynda prezident döwlete we hökümete baştutanlyk edýär. Onda premer-ministr wezipesi bolmaýar. Ministrler prezidentiň öňünde jogapkär. Prezident parlamentden özbaşdak saýlanylýar. Şonuň üçin prezidentiň bir partiýanyň wekili bolmaklygy, parlament köpçüliginiň bolsa başga partiýa degişli bolmaklygy mümkin. Prezident respublikasy ABŞ-da, Belarus respublikasynda, Braziliýada, Türkmenistanda we beýleki ýurtlarda hereket edýär.

Parlament pespublikasynda prezident diňe döwletiň baştutanydyr. Ýokary häkimiýete parlament eýe bolýar. Ýerine ýetiriji häkimiýet parlamentiň öňünde hasabat berýär. Premer-ministr hököme-

te ýolbaşçylyk edýär. Hökümet aşaky palatada köpçülige eýe bolan partiýalar tarapyndan düzülýär. Döwlet baştutanynyň hökümeti düzmeklige gatnaşyşy formal häsiýetde bolýar. Gresiýa, Italiýa, GFR, Hindistan, Ysraýyl ýaly döwletlerde parlament dolandyryşy bar.

Parlament we pespublikan dolandyryşyň aralygynda duran döwlet dolandyryşynyň gatyşyk formasy hem tapawutlandyrylýar. Oňa respublikanyň premer-prezident görnüşi hem diýilýär. Dolandyryşyň bu görnüşinde prezident ählumumy saýlawlarda saýlanýar. Ýurtda prezident bilen bir hatarda premýer-ministr wezipesi-de bar, ministrler kabineti hem işleýär. Dolandyrmagyň şeýle görnüşi Fransiýa, Portugaliýa, Finlýandiýa, Islandiýada ýaly döwletlerde hereket edýär.

Döwlet dolandyrylyşy döwlet gurluşy bilen berk baglanyşyklydyr.

*Döwlet gurluşynyň formasy – bu döwletiň milli-çäk gurluşy we merkezi edaralar bilen ýerli edaralaryň özara gatnaşygydyr.*

Dünýä döwletleri gurluşy boýunça unitar we federatiw formalara bölünýärler.

*Unitar döwlet* syýasy häkimiýetiň merkezleşdirilmeginiň ýokarydygy bilen tapawutlanýar. Onuň düzüminde awtonom çäk birlikler (respublikalar, ştatlar we ş.m.) bolmaýar. Döwlet dolandyryş-çäk birliklere (welaýatlara, etraplara we ş.m.) bölünýär. Unitar döwletde bitin döwlet üçin ýeke-täk konstitusiýa, umumy kanunlar, kazyýet, bitewi raýatlyk hereket edýär. Bolgariýa, Wengriýa, Ýaponiýa, Çehiýa, Polşa, Türkmenistan we ş.m. unitar döwletlerdir.

*Federasiýanyň* (latynça foederaite – soýuz, birleşik) aýratynlygy onuň awtonom çäk birliklerden – belli bir derejede özbaşdaklykdan peýdalanýan respublikalardan, ştatlardan we ş.m. durmagydyr. Federasiýanyň bölekleriniň öz kanun çykaryjy edaralary, hökümetleri, konstitusiýalary we başga alamatlary bolýar. Salgyt meselesinde, içki meselelerde, käbir beýleki meselelerde federasiýanyň böleklerine köp hukuklar berilýär. Federasiýany bitewi sosial-ykdysady meýdan, bitewi pul ulgamy, federal raýatlyk, federal konstitusiýa, federal häkimiýetiň we dolandyryşyň edaralary birleşdirýär. Ýöne federasiýanyň subýektleriniň (respublikanyň, ştatlaryň we ş.m.) raýatlygy bardyr. Federasiýa bilen onuň subýektleriniň arasyndaky gatnaşyk federal konstitusiýa we federal kanunlar tarapyndan kadalaşdyrylýar. ABŞ, GFR, Russiýa Federasiýasy we ş.m. döwletler federatiw döwlet gurluşly döwletlerdir.

Geçmişde käbir döwletlerde (Şweýsariýada, ABŞ-da, Germaniýada) döwlet gurluşynyň konfederasiýa formasy hem bolupdy. Häzirki döwürde Şweýsariýanyň we Kanadanyň resmi adynda «konfederasiýa» adalgasy bar hem bolsa, olaryň gurluşy konfederatiw däldir.

*Konfederasiýa* (latynça konfoederatio – bileleşik) garaşsyz döwletleriň bileleşigidir. Oňa girýän döwletler, bölekler diňe käbir meseleleri (meselem, goranmak, pul ulgamy we ş.m.) çözmek ygtyýarlygyny merkezi hökümete berip, galan meseleleri özleri çözýärler. Olar ylalaşykly syýasat alyp barmak üçin merkez bilen habarlaşykly hereket edýärler. Bir ýa-da birnäçe ýöriteleşdirilen edaralary we wezipeleri döredýärler. Karar özara ylalaşyk netijesinde kabul edilýär. Ol diňe döwletleriň merkezi häkimiýetleri tarapyndan tassyklanandan soň güýje girýär. Bitewi salgyt we hukuk ulgamy bolmaýar. Taraplaryň islegi bilen konfederasiýadan çykyp bolýar. Soňky wagtlarda döredilen Ýewropa bileleşiginde konfederasiýanyň alamatlary bar.

## 15.6. Häkimiýetiň bölünişigi ideýasy

Syýasatyň esasy subýekti döwletdir. Sebäbi onda syýasaty ýöretmek, durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly ähli serişdeler jemlenýär. Şol serişdeleriň iň esasysy häkimlikdir. Häkimlik döwletiň baş aýratynlygydyr. *Häkimlik – bu döwletiň adamy, adamlar toparyny, tutuş jemgyýeti boýun egdirmek, hökümini ýöretmek mümkinçiligi we başarjaňlygydyr.* Döwlet häkimiýeti ýurduň çägindäki iň ýokary häkimlikdir. Onuň häkimligi ýurduň çägindäki islendik adamyň, guramanyň, edaranyň häkimliginden ýokarydyr. Beýleki edaralaryň ählisi döwlet häkimiýetine tabyn bolýarlar.

Häkimlige eýe bolan döwlet hökümini ýöretmek üçin dürli usullary, şol sanda mejbur ediş usulyny-da ulanyp bilýär. Syýasatyň beýleki subýektleriniň ählisi döwletdäki häkimligi eýelemek, paýlaşmak ýa-da täsir etmek maksady bilen özara gatnaşyklara girýärler. Döwlet özüniň häkimligine ähli ilat üçin hökmanylyk güýjüni berýär. Onuň hökmanylygy kanunlarda öz beýanyny tapýar. *Kanunlar döwlet ta-*

*rapyndan kabul edilen hökmany suratda ýerine ýetirilmeli hukuk düzgünleridir.* Olaryň ýerine ýetirilmezligi ýa-da bozulmagy jenaýat işiniň gozgalmagyna getirýär. Kanuny berjaý etmedik ýa-da bozan edara, adam jenaýat jogapkärçiligine çekilýär.

Döwlet ýurduň çäginde öz häkimligini ýöriteleşdirilen edaralaryň kömegi bilen amal edýär. Şeýle edaralaryň jemi döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň edaralary diýlip atlandyrylýar.

Häzirki zaman demokratik döwletlerinde döwlet häkimiýeti biri-birinden garaşsyz hereket edýän üç şaha – kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetine bölünýär. Häkimiýeti bölmek ideýasyny iňlis alymy J. Lokk teklip edýär. Ol döwlet häkimiýetiniň netijeliligini ýokarlandyrmak hem-de onuň bir ýa-da birnäçe adamyň elinde jemlenmeginiň öňüni almak maksady bilen häkimiýeti biri-birinden garaşsyz kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji şahalara bölmekligi teklip edýär. Ş. Monteskýe Lokkuň pikirini ösdürýär. Ol döwlet häkimiýetini birek-birekden garaşsyz, ýöne sazlaşykly işleýän üç şaha bölmek baradaky pikiri orta atýar. Şol pikire laýyklykda demokratik döwletlerde kanun çykaryjy edara – parlament döwletiň ýokary wekilçilikli edarasy hasaplanýar. Ol döwletiň öz funksiýalaryny ýerine ýetirmegi üçin wajyp bolan kanunlary kabul edýär. Türkmenistanda kanun çykaryjy häkimiýeti Türkmenistanyň Milli Geňeşi amal edýär.

Kanun çykaryjy edaranyň çykaran hukuk düzgünleri ýerine ýetiriji edara – hökümet tarapyndan amal edilýär. Ýerine ýetiriji edara kabul edilen kanunlary ýerine ýetirýär, ýurdy dolandyrýar. Ol diňe bir ýurduň içki durmuşy bilen baglanyşykly içki syýasaty däl, eýsem beýleki döwletler bilen baglanyşykly daşary syýasaty hem alyp barýar. Ýurdy dolandyrmakda ýerli we öz-özüni dolandyryş edaralarynyň ähmiýeti uludyr. Türkmenistan döwletiniň ýerine ýetiriji edarasy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetidir.

Döwlet häkimiýetiniň üçünji şahasy bolan kazyýet häkimiýeti raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun arkaly goralýan döwlet hem jemgyýetçilik bähbitlerini goramaga niýetlenýär. Kanun bozujylary jenaýat jogapkärçiligine çekýär. Döwletiň beýleki institutlarynyň Konstitusiýa we kanunlara laýyk gelmeýän kararlaryny, buýruklaryny ýatyrýar.

## 15.7. Döwlet we hukuk

Adamlaryň bilelikde oňat ýaşamagy, jemgyýetiň kämilleşmegi üçin hukugyň bolmagy zerur. *Döwlet tarapyndan kabul edilip, ýerine ýetirilmegi hökmany diýlip halkyň arasynda ýaýradylan düzgünleriň jemine hukuk diýilýär*. Hukuk düzgünleri jemgyýetdäki adamlaryň, edaralaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär. Hukuk döwlet häkimiýetiniň güýjüne daýanýar.

Hukuk adalagasy jemgyýetçilik ylymlarynda birnäçe manyda ulanylýar. Onuň birinji manysy jemgyýeti dolandyrmak bilen bagly. Hukuk diýlende, esasan, kanunlara we kanunçylyk namalaryna düşünilýär. Olar jemgyýetiň ähli gurşawlaryna aralaşyp, ol ýerdäki gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Her bir adamyň, her bir sosial edaranyň etmeli we etmeli däl işlerini kesgitleýär. Olaryň hereket meýdanyny belleýär. Hemmeler üçin deň, meňzeş we hökmany bolan düzgünleri ornaşdyrýar. Olary bozýanlaryň garşysyna mejbur ediş çäreleri ulanýar.

Ikinji ýagdaýda hukuk diýlende adamyň tebigy hukugyna düşünilýär. Tebigy hukuga adamyň ýaşamak, ýaşamak üçin ýer saýlap almak, zähmet çekmek, pikirlenmek, maşgala gurmak, nesil öndürmek ýaly gymmatlyklar girýär. Tebigy hukuk adamzat nesliniň ählisine degişli.

Ahlak düzgünleri bilen hukuk düzgünleri özara berk baglanyşyklydyr. Olaryň ikisem jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kasdalaşdyrmaklyga hyzmat edýär. Olaryň arasynda düýpli tapawutlar hem bar. Ahlak jemgyýetde özüňi alyp baramagyň ölçeglerinden, düzgünlerinden durýar. Ol ýagşylyk, mertebe, ynsaplylyk, adalatlylyk, borç ýaly däp bolan ruhy we medeni gymmatlyklara daýanýar. Ahlak düzgünleriň hökmanylyk häsiýeti ýokdur. Ýöne ahlak düzgünlerini bozan adamlar jemgyýetçilik tarapyndan ýazgarylýar, beýleki adamlaryň olar bilen gatnaşygy üýtgeýär.

Hukuk düzgünleri döwletiň güýjüne daýanýar. Olaryň bozulmagy hukuk bozujynyň garşysyna jenaýat jogapkärçiliginiň gozgalmagyna getirýär. Hukugy bozan adam eden etmişine laýyk jeza çäresini çekýär. Adatça, hukuk düzgünleri jemgyýetde hereket edýän ahlak düzgünleriniň talaplaryny hem göz öňünde tutýar. Jemgyýetiň ýazgarýan hereketleri hukuk düzgünlerinde-de gadagan edilýär. Şeý-

le ýagdaýda ahlak düzgünleriniň hukukda berkidilmegi hukuk bilen ahlagyň deň gelmegini aňladýar.

Jemgyýetde adalatyň berjaý edilmegi üçin adamlaryň bähbitlerine laýyk gelýän, olaryň hukuklaryny kepillendirýän adalatly kanunlar kabul edilmeli. Hukuk düzgünleriniň merkezini adam we onuň hukuklary eýelemeli. Häzirki zaman liberal demokratiýasy döwlete adamyň hyzmatkäri hökmünde seredýär. Onuň idealogiýasyna laýyklykda döwlet adamyň şahsy durmuşyna goşulmaly däl. Şahsyýetiň ösmegi, durmuşda öz ornuny tapmagy üçin zerur hukuk düzgünlerini işläp düzmeli. Liberal demokratiýa adam hukuklaryny we şahsyýetiň mertebesini raýat jemgyýetiniň baş gymmatlygy hökmünde ykrar edýär. Ol gymmatlyklar döwletiň ösüş derejesini esasy görkeziji hökmünde kabul edilýär.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Syýasy filosofiýanyň öwrenýän meselelerini anyklaň.
2. Syýasatyň manysyny düşündirmäge synanyşyň.
3. Syýasy ulgamyň we onuň elementleriniň özara baglanyşygyny we täsirini teswirläň.
4. Demokratik syýasy düzgünleriň alamatlaryny häsiýetlendiriň.
5. Demokratik däl syýasy düzgünleriň görnüşleriniň aýratynlyklary hakynda gürrüň beriň.
6. Döwletiň döreýşi hakyndaky esasy taglymatlaryň many-mazmunyny beýan ediň.
7. Döwletiň esasy alamatlaryny häsiýetlendiriň.
8. Döwletiň esasy funksiýalaryny teswirläň.
9. Döwlet dolandyrylyşynyň we gurluşynyň formalary hakynda gürrüň beriň.
10. Häkimiýetiň bölünişiniň öňe sürýän esasy ideýasyny ýüze çykarmaga çalşyň.
11. Döwlet dolandyrylyşynda hukuk düzgünleriniň ornuny kesgitläň.
12. Hukuk bilen ahlagyň arabaglanyşygyny we özara täsirini teswirlemäge çalşyň.
13. Türkmenistanyň prezident respublikasydygyny we unitar döwletdigini delillendiriň.

# XVI. JEMGYÝETIŇ RUHY-MEDENI DURMUŞY

## 16.1. Jemgyýetçilik aňy we onuň gurluşy

Jemgyýetiň ruhy gurşawy diýlende ilki bilen adamlaryň aňlarynyň kemala gelşine, özleşdirilişine, ýaýradylyşyna düşünilýär. Jemgyýetde adamlaryň aňy jemgyýetçilik aňy hökmünde çykyş edýär. Jemgyýetçilik aňy anyk jemgyýetiň mazmunyny beýan edýär. *Jemgyýetçilik aňy – bu jemgyýetçilik barlygyny, adamlaryň durmuşyny, tutuş tebigaty şöhlelendirýän taglymatlaryň, nazaryýetleriň, garaýyşlaryň, pikirleriň, duýgularyň, endikleriň, däp-dessurlaryň jemidir*. Jemgyýetçilik aňynyň predmeti – tebigat, jemgyýet, adamdyr. Jemgyýetçilik aňy adamlaryň daşky dünýä akyl ýetirişiniň, özüniň tebigatynyň we ýaşaýşynyň manysyna düşünişiniň önümidir. Onuň esasy hökmünde jemgyýetçilik durmuşy çykyş edýär. Jemgyýetsiz jemgyýetçilik aňy ýok. Şu nukdaýnazardan jemgyýet ilkinjidir. Ýöne jemgyýetçilik aňy hem otnositel özbaşdak bolýar.

Jemgyýetçilik ösüşinde otnositel özbaşdak bolan jemgyýetçilik aňynyň özüniň ösüş kanunalaýyklary bar. Jemgyýetçilik aňynyň jemgyýetçilik barlyga garaşly bolmak kanuny, jemgyýetçilik aňynyň otnositel özbaşdaklyk kanuny we jemgyýetçilik aňynyň jemgyýetçilik durmuşyna we proseslere işjeň täsir etmek kanuny olaryň esasylarydyr.

Jemgyýetçilik aňynyň ýok ýerinde adamlaryň arasynda aňly-düşünjeli gatnaşyk, jemgyýet ýokdur. Jemgyýet bilen jemgyýetçilik durmuşy özara baglanyşykly. Jemgyýetçilik aňynyň derejesi jemgyýetiň ýeten derejesini görkezýär. Jemgyýetiň derejesi, kuwwaty, mümkinçilikleri hem, öz gezeginde, jemgyýetçilik aňynyň ösüşe bolan mümkinçiliklerini kesgitleýär.

Adamyň düýp mazmunynyň, tebigatynyň esasy düzüjileriniň biri aňdyr. Aýratyn alnan adamyň aňyna indiwidual aň diýilýär. Ol adama çylşyrymly dünýäde ýol-ýörelge tapmaga, goýberen säwliklerini düzetmäge, mydama kämilleşmäge, ösmäge ýol açýar. Barlygyň adam beýnisinde şöhlelenmegi netijesinde dörän aň daşky dünýäni özgertmäge, adamyň islegine, ýaşaýşyna laýyklamaga ukyply. In-

diwidual aň jemgyýetçilik barlygyny näçe çuň şöhlelendirse, adamyň işjeňligi we täsir ediş mümkinçiligi hem şonça ýokary bolýar.

Jemgyýetçilik aňy jemgyýetde ýaşaýan adamlaryň aňynyň jeminden kemala gelýär. Indiwidual aň jemgyýetçilik aňynyň esasy düzüm bölegidir, onuň ilkinji öýjügidir. Onda indiwidiň ýaşaýyş keşbi, bilimi, kesbi-käri, medeniýeti öz beýanyny tapýar. Ol beýleki indiwidleriň, sosial toparlaryň we umumylyklaryň aňy bilen berk baglanyşyklydyr. Indiwidual aňyň derejesi näçe ýokary bolsa, onuň jemgyýetçilik aňynyň baýlaşmagyna goşýan goşandy hem şonça uly bolýar. Indiwidual aňyň kemala gelmegine we ösmegine jemgyýetçilik aňynyň hem täsiri uludyr. Çünki islendik adamyň aňy jemgyýetçilik aňynyň täsirinde kemala gelýär. Indiwidiň ruhy taýdan baýlygy onuň jemgyýetçilik aňyny özleşdiriş derejesine bagly. Jemgyýetcilik aňynda ähli indiwidual aňlara mahsus bolan umumy mazmun jemlenýär. Jemgyýetçilik aňy indiwidiň aňy üçin kesgitleýji ähmiýete eýe bolýar. Ýöne indiwidual aň zerurlyk bolan ýagdaýlarda jemgyýetçilik aňynyň çäklerinden daşaryk çykyp hem bilýär.

Jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik barlygy şöhlelendirýär we onuň täsiri bilen kemala gelýär. Jemgyýetçilik aňynyň çeşmesi jemgyýetçilik barlygydyr. Ol jemgyýetçilik barlyga garaşly. Şeýle bolsa-da, jemgyýetçilik barlygy bilen jemgyýetçilik aňy bir zat däl. Jemgyýetçilik aňy indiwidleriň jemgyýetçilik barlygyny şöhlelendirmeginiň täsiri bilen döreýär. Ýöne ol şöhlelendirme jemgyýetçilik barlygy, jemgyýetçilik durmuşy barada doly maglumat bermeýär. Ol birtaraplaýyn, subýektiw şöhlelendirilýär. Jemgyýetçilik aňynyň jemgyýetçilik barlygy şöhlelendirmesi proses görnüşinde bolup, akyl ýetirişiň kemterlikden dolulyga, otnositellikden absolýutlyga, aşakdan ýokarlyga tarap ösüşini amal edýär.

Jemgyýetçilik aňy özüniň döreýşi we mazmuny boýunça ikinjidigi sebäpli jemgyýetçilik barlygyndan yza hem galýar. Ol jemgyýete we jemgyýetçilik gatnaşyklaryna garanyňda haýal üýtgeýär. Jemgyýetçilik aňynyň üýtgemegi köne pikirleriň, garaýyşlaryň, endikleriň, häsiýetleriň haýal, kem-kemden ýok bolup gitmeginde ýüze çykýar. Köne ideýalar, garaýyşlar, duýgular birden, tutuşlygyna täze ideýalar, duýgular bilen gysylyp çykarylmaýar. Jemgyýetçilik aňynyň jemgyýetçilik barlykdan belli bir wagt aralygynda yza galmaklygy köp derejede köne taglymatlaryň, däp-dessurlaryň, duýgularyň ýaşamaklyga ukyplylygy bilen hem şertlendirilýär.

Jemgyýetçilik aňynyň otnositel özbaşdaklygy taglymatlaryň, däp-dessurlaryň, duýgularyň we ş.m. mirasgalmak häsiýetinde hem ýüze çykýar. Her bir täze eýýam öz ylmyny, sungatyny, bitewilikde – medeniýetini boş ýerde döretmeýär. Ol öňki döwürlerde gazanylanlary peýdalanýar.

Jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşyna, jemgyýetçilik gatnaşyklaryna we proseslere işjeň täsir edýär. Belli bir döwürlerde bolsa zerur şertler bolan ýagdaýynda aýgytlaýjy orny eýeläp bilýär.

Sosial filosofiýada jemgyýetçilik aňynyň syýasy, hukuk, ahlak, estetiki, dini, ylmy, filosofik we ş.m. görnüşleri tapawutlandyrylýar. Olar adamyň alyp barýan işleriniň, gatnaşyklarynyň, baglanyşyklarynyň täsiri bilen döreýärler. Jemgyýetçilik aňynyň görnüşleriniň her biri jemgyýetçilik durmuşynyň degişli taraplaryny şöhlelendirýär we olary ruhy taýdan ýüze çykarýar. Olar taryhy ösüşiň dürli döwürlerinde, dürli sosial şertler bilen baglylykda üýtgeýärler, özgerýärler.

Jemgyýetçilik aňynyň formalary özara baglanyşykda we täsirde bolýarlar. Olarda jemgyýetçilik durmuşynyň bitewiligi açylýar. Jemgyýetçilik aňynyň şu hili düzüm bitewiliginde adamlaryň adaty we nazary aňy, ideologiýa we jemgyýetçilik psihologiýasysy, jemgyýetçilik aňynyň formalary biri-birine täsir edýärler. Jemgyýetiň ösüşiniň anyk taryhy döwründe jemgyýetçilik aňynyň belli bir formasy jemgyýetçilik aňynyň beýleki formalary babatynda kesgitleýji ýeri eýeleýär. Olaryň mazmunyna, hereketine, ýerine ýetirýän sosial funksiýalaryna aýgytlaýjy täsir edýär. Orta asyrlarda dini aňyň ähli jemgyýetlerde esasy ýeri eýelemegi muňa mysaldyr. Häzirki döwürde bolsa jemgyýetiň ösüşine ylmyň täsiri artýar.

Jemgyýetçilik aňy jemgyýetiň ruhy durmuşynyň esasy bolup çykyş edýär. Ol ruhy durmuşy jemgyýetiň aýratyn gurşawyna öwürýär we onuň çäklerini kesgitleýär.

## 16.2. Jemgyýetçilik aňynyň derejeleri

Jemgyýetçilik prosesiniň düýp manysyna aralaşmagy bilen baglylykda jemgyýetçilik aňynyň adaty-praktik we teoretik derejeleri tapawutlandyrylýar. Adaty-praktiki aň jemgyýetçilik durmuşynyň daşky hadysalaryny şöhlelendirýär. Ol adamlaryň prak-

tiki işiniň dowamynda özakymlaýyn döreýär. Adaty-praktiki aňyň düýp özeni bolup pähim-paýhas çykyş edýär. Onda duýgularyň orny pes bolýar. Onuň düzüminde adamlaryň ykdysady, syýasy, sosial, ruhy-medeni durmuş baradaky jemgyýetçilik garaýşy kemala gelýär. Adaty-praktiki aň – bu jemgyýetçilik durmuşyny we tebigy gurşawy aňlamagyň birinji derejesidir. Ol reallyga has ýakyn ýagdaýyň özboluşlygyny doly şöhlelendirýär. Ýöne ol ýöntem we örän çäkli häsiýetde bolýar.

Teoretik aň has çylşyrymlydyr. Ol jemgyýetçilik barlygynyň içki baglanyşyklaryny we kanunalaýyklyklaryny şöhlelendirýär. Teoretik dereje jemgyýetiň ýörite taýýarlykly, bilimli adamlary tarapyndan maksadalaýyk döredilýär. Ol ylma esaslanýar, ylymda, teoriýalarda we kanunlarda ýüze çykýar.

Real durmuşda teoretiki we adaty-praktiki aň öran berk baglanyşykda bolýarlar. Olar biri-birini çalşyp bilmeýärler. Ýöne biri-birleri bilen täsirleşýärler. Teoretiki aň adaty-praktiki aňyň görnüşini, şekilini üýtgedip bilmäge ukyply. Ýöne nazary bilimler, ylym näçe össe-de, adamlaryň gündelik durmuşynda adaty-praktiki aň özüniň zerurlygyny ýitirmeýär.

Jemgyýetçilik aňyny öwrenende sosial filosofiýa jemgyýetçilik psihologiýasyny we ideologiýany tapawutlandyrýar. Jemgyýetçilik psihologiýasynyň düzümine ulgama salynmadyk ideýalar, garaýyşlar, meýiller, urp-adatlar, däpler, dessurlar, sosial häsiýetler, myş-myşlar, duýgular we ş.m. girýär. Jemgyýetçilik psihologiýasy adamlaryň durmuş şertleriniň şöhlelendirilmegi netijesinde özakymlaýyn döreýär. Jemgyýetçilik psihologiýasy adamlaryň praktiki işine gönükdirilendir we şonda iş ýüzüne geçirilýär. Ol adamlaryň işini höweslendirmeklige, duýgularyny durmuşa geçirmeklige, ideýalary real gatnaşyklara öwürmeklige hyzmat edýär. Adaty-praktiki aňdan tapawutlylykda onuň esasyny duýgular düzýär. Jemgyýetçilik psihologiýasynda reallyk hakynda bilim agalyk etmän, bu bilime bolan gatnaşyk, reallyga berilýän baha has wajyp oruny eýeleýär.

Jemgyýetçilik psihologiýasy jemgyýetiň ykdysady, sosial we jemgyýetçilik-syýasy gurluşyna baglydyr. Sosial-ykdysady ösüşde jemgyýetçilik gurluşynda bolup geçýän özgermeler jemgyýetçilik psihologiýasyna täsir edýär. Bazar gatnaşyklaryna geçilýän we raýat jemgyýeti

gurulýan döwürde adamlaryň dürli toparlarynyň jemgyýetçilik psihologiýasynyň üýtgemegi muňa mysaldyr. Bu döwürde adamlaryň öň ynanan gymmatlyklarynyň köpüsi öz ähmiýetini ýitirdi. Adamlaryň olara bolan garaýyşlary, ynamlary üýtgedi.

Jemgyýetçilik psihologiýasy jemgyýetçilik durmuşyň ähli ugurlarynda hereket edýär. Onuň obýekti bolup jemgyýetçilik gyzyklanmasyny döredýän obýektiw we subýektiw hadysalar çykyş edýär. Jemgyýetçilik psihologiýasynyň kemala gelmegine köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň ýaýradýan maglumatlary, ylmy bilimler, indiwidual we toparlaýyn tejribe, dilden-dile geçýän gürrüňler, myş-myşlar we ş.m. uly täsir edýär. Bu ýagdaýlar onuň mazmunynda düýpli yz galdyrýar. Jemgyýetçilik psihologiýasy hakykatyň we ýalňyşlygyň çylşyrymly utgaşmasy bolup ýüze çykýar. Ösen jemgyýetlerde jemgyýetçilik psihologiýasynyň aňlatmasy bolup sala salyşlar (referendumlar), maslahatlar we ş.m. çykyş edýär.

Ideologiýa (ideýalar hakyndaky taglymat, ylym) hakykatyň teoriýa taýdan özleşdirilmegidir. Ol jemgyýetde bar bolan anyk sosial toparlaryň anyk bähbitlerini beýan edýär. Şonuň bilen baglylykda guramaçylykly her bir sosial toparyň özüniň ideologiýasy bolýar. Sosial toparlar olaryň üsti bilen öz bähbitlerini öňe sürýärler we goraýarlar.

Ideologiýanyň esasy görnüşleriniň biri syýasy ideologiýa hasaplanýar. Syýasy ideologiýalar häkimiýet ugrunda göreşýän sosial toparlaryň we synplaryň bähbitlerini goramak maksady bilen döredilýär. Jemgyýetde progressiw, konserwatiw (köne, möwritini ötüren), reaksion, ylmy, ylmy däl, illýuziýa (hyýaly) gatyşykly we ş.m. ideologiýalar tapawutlandyrylýar.

## 16.3. Syýasy aň

Jemgyýetcilik aňyň esasy formalarynyň biri syýasy aňdyr. Ol syýasy durmuşyň adam aňynda şöhlelenmesi netijesinde döreýär. Syýasy aňyň syýasy durmuşdaky orny we ähmiýeti örän uly. Ol syýasy praktikadan öňe gitmäge, syýasy durmuşda boljak hadysalary, ýagdaýlary öňünden görmäge ukyply. Syýasy aň jemgyýetiň syýasy durmuşyna, syýasy medeniýetiniň ösüşine ýokary derejede täsir edýär. Adamlaryň, jemgyýetçilik-syýasy birleşmeleriň syýasy işleriniň, syýasy özüni alyp baryşlarynyň häsiýetleri hem syýasy aňyň ösüş derejesine garaşlydyr.

*Syýasy aň – bu indiwidler, toparlar, umumylyklar we ş.m. tarapyndan jemgyýetiň syýasy gurşawyna aň ýetirilmekdir.*

Syýasy aň, bir tarapdan, akyla laýyk gymmatlyklardan, düzgünlerden dursa, ikinji tarapdan, onuň düzümine aň aşagyndaky, irrasional akyla boýun egmeýän düzüm bölekleri hem girýär. Şolaryň esasynda syýasy ugur alma, gönükme döreýär. Olar indiwidleriň, toparlaryň döwlet institutlaryna we häkimiýete, dolandyryşa gatnaşmaklyga we ş.m. bolan garaýyşlarynyň kemala gelmegine kömek edýär. Syýasy aň iň ýönekeý hadysalardan başlap iň çylşyrymly nazary gurluşdan ybarat bolan syýasy proseslere düşündiriş bermegiň, kabul etmegiň we düşünmegiň ähli derejelerini özünde saklaýar.

Adamyň syýasy aňynyň derejesi näçe ýokary bolsa, onuň syýasy durmuşa uýgunlaşmasy, döwlete, häkimiýete bolan garaýşyny we gatnaşygyny kämilleşdirmesi şonça-da ýeňil bolýar. Şeýdip adam syýasata gatnaşmaklykda tejribe toplaýar.

Syýasy aň jemgyýetdäki adamlaryň, gatlaklaryň, sosial toparlaryň özara gatnaşygyny, olaryň syýasy ulgamdaky ornuny, syýasy edaralaryň arasyndaky gatnaşyklary şöhlelendirýär.

Syýasy aň bilen syýasy medeniýet aýrylmaz baglanyşyklydyr. Jemgyýetde raýatlary syýasata çekmek işleri maksada laýyk ýöredilende, raýatlaryň esasy hukuklary we erkinlikleri kepillendirilende ilatyň syýasy aňynyň we medeniýetiniň derejesi ýokary bolýar. Olar syýasatyň dürli meselelerinden dogry baş alyp çykmagy başarýarlar. Syýasy hukuklaryna dogry düşünip, jemgyýetiň syýasy durmuşyna işjeň gatnaşýarlar. Adamlaryň syýasy aňynyň we medeniýetiniň derejesi olaryň döwlet häkimiýetiniň edaralary bilen gatnaşygynda öz beýanyny tapýar.

Syýasy aň bilen syýasy ideologiýa özara baglanyşyklydyr. Olaryň ikisem jemgyýetde dürli wagyz ediş edaralaryň we serişdeleriň üsti bilen ýaýradylýar we düşündirilýär. Bu işi amal etmekde syýasy we jemgyýetçilik guramalarynyň hem ähmiýeti uludyr. Syýasy ideologiýany işläp düzmekde we ýaýratmakda döwlet häkimiýetiniň örän uly ähmiýeti bar. Onuň işläp düzen ideologiýasy jemgyýetiň sosial gurluşynyň düzüm bölekleriniň bähbitleriniň gös-göni aňladylmasy hökmünde çykyş edýär. Ol özüniň ideologiýasynda sosial toparlaryň ählisiniň bähbitlerini göz öňüne tutmaga, sazlaşykly utgaşdyrmaga çalyşýar. Onuň bu işiniň netijeliligi häkimiýetiň dowamatyna oňyn

täsir edýär. Ideologiýa döwletiň önümidir. Ideologiýasyz döwleti göz öňüne getirmek mümkin däl.

*Ideologiýa – bu döwlet bilen raýatlaryň gatnaşygyny üpjün edýän, döwletiň alyp barýan işlerine kanuny mazmun berýän, jemgyýetiň syýasy ulgamynyň işini tijeýän gymmatlyklar ulgamydyr.*

Ylmy esasda jemgyýetçilik bähbitleri göz öňüne tutulyp taýýarlananda, döwletiň syýasy ideologiýasy jemgyýetçilik aňynyň beýleki formalarynyň ösmegine, kämilleşmegine giň mümkinçilikler açylýar. Döwlet ideologiýasynyň ykdysadyýetiň işine hoşgylaw garamagy, salgyt ýeňilliklerini göz öňüne tutmagy, zerur hukuk düzgünlerini kabul etmegi we ş.m. ykdysady aňyň ösmegine sebäp bolýar. Onuň medeniýete, edebiýata we sungata howandarlyk etmegi netijesinde edebiýat we sungat, medeniýet, estetiki aň ösdürilýär. Döwlet derejesinde hukuk düzgünlerine, ahlak düzgünlerine üns berilmegi hukuk we ahlak aňynyň ösmegine, kämilleşmegine getirýär.

Ideologiýa göwrümi we jemgyýeti gurşap alşy boýunça döwletiň esaslanýan syýasy düzgüni bilen baglylykda toparlaýyn ýa-da halky mazmunda bolup bilýär. Türkmen döwletiniň ideologiýasy halky ideologiýadyr. Ol geljege gönükdirilen ýolgörkeziji hyzmatyny bitirýär. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň garaşsyz döwletimiziň ösüşiniň öňki tapgyrlaryndan düýpli tapawutlanýan döwür bolup durýandygy täze ideologiýanyň zerurdygyny şertlendirýär. Bu ideologiýa hem, öz gezeginde, döwrüň öňümizde goýýan sosial-ykdysady wezipäni – ösen bazar ykdysadyýetini döretmek we halkyň durmuş derejesini üznüksiz ýokarlandyrmak wezipelerini göz öňüne tutmaklyga esaslanýar. Bu iki wezipäni biri-birinden aýyrmak, biri-birinden üzňe göz öňüne getirmeklik mümkin däl. Olaryň bitewiligi täze ideologiýanyň many-mazmunyny düzýär, onuň baş maksadyny kemala getirýär. Hut şonuň üçin-de Türkmenistanyň Prezidenti: «Döwlet adam üçindir!» diýen şygar... döwlet idealogiýamyz üçin hem baş ýörelge bolmalydyr... Meniň öz öňümde goýýan baş maksadym adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramakdan, kanunlaryň hemmeler üçin deň we hökmany bolmagyny üpjün etmekden, ösen, ýokary düşünjeli jemgyýeti gurmakdan ybaratdyr»[11] – diýip nygtaýar.

---

[11] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2 t. – A.: TDNG, 2009, 39–40 sah.

## 16.4. Hukuk aňy

Jemgyýetçilik aňynyň syýasy aň, syýasy medeniýet we dolandyryş bilen berk baglanyşykly görnüşleriniň biri hukuk aňydyr. Hukuk aňy we hukuk medeniýeti adamlaryň dolandyrmaklyga we dolandyrylmaklyga gatnaşmaklyga taýynlyk derejesini görkezýär. Hukuk aňynda hukuk kadalaryny we kanunçylyk namalaryny işläp düzmek hem-de ulanmak bilen baglanyşykly jemgyýetiň hukuk durmuşynyň dürli pursatlary şöhlelenýär.

Hukuk halkyň we onuň düzüm bölekleri bolan sosial toparlaryň, gatlaklaryň, synplaryň, maşgalanyň, adamyň we ş.m. erkini beýan edýär. Ol erk konstitusiýada, kanunlarda we kanunlaryň esasynda kabul edilen kanunasty aktlarda (buýruklarda, kararlarda, aktlarda we beýlekilerde) öz beýanyny tapýar. Hukuk düzgünleriniň iň esasysy Konstitusiýadyr. Konstitusiýa (latynça conctitunio – gurmak, gurluş) Baş Kanundyr. Ol döwletiň jemgyýetçilik we döwlet gurluşyny, häkimiýetiň wekilçilikli edaralarynyň döreýşiniň tertibini we ýörelgelerini, saýlaw ulgamyň işleýşini, raýatlaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän hem-de gysga görnüşde beýan edýän esasy kanundyr. Döwletde ähli hukuk düzgünler konstitusiýa laýyk edilip kabul edilýär. Döwletiň ähli işleriniň esasynda konstitusiýa bolmalydyr. Egerde döwletde konstitusiýa ýok bolsa, onda döwletde onuň ornuny tutýan konstusion kanunlar hereket edýär.

Ýurduň çäginde hereket edýän beýleki kanunlar adaty hasaplanýar. Olarda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaklyga gönükdirilen umumy hukuk düzgünleri beýan edilýär. Kanun çykaryjy edara ýa-da halk tarapyndan kabul edilendigi üçin olaryň ýokary ýuridik güýji bardyr. Beýleki kanunasty aktlar kanunlaryň esasynda kabul edilýär we olara boýun egýär. Kanunasty aktlar umumy, ýerli, pudaklaýyn we guramalaryň içindäki görnüşlere bölünýär. Olar ýurduň prezidenti (permanlar), hökümeti (kararlar), ministrlikleri, Merkezi banky, häkimleri (buýruklar, gözükdirmeler, aktlar we ş.m.) we beýleki ýerli ýerine ýetiriş we öz-özüňi dolandyryş edaralary, kazyýetler tarapyndan kabul edilýär.

Hukuk düzgünleriniň her bir görnüşi rugsat bermeleriň, görkezmeleriň ýa-da gadagan etmeleriň üsti bilen jemgyýetçilik gat-

naşyklaryny kadalaşdyrýar. Olaryň her haýsysynda belli bir möçberde hukuklar we borçlar berkidilýär. Olary öwrenmek, öz hukuklaryňy we borçlaryňy bilmek, ýerine ýetirmek arkaly adamlarda hukuk aňy we medeniýeti kemala gelýär.

Hukuk jemgyýetçilik aňynyň hukuk gatnaşyklary bilen bagly bolan zatlary şöhlelendirýän tarapydyr.

Kanunda görkezilen hukuklary we borçlary meýletin ýerine ýetirmeklige taýyn adamlaryň köpelmegi jemgyýetde hukuk aňynyň we medeniýetiniň ýokary derejesinden habar berýär. Jemgyýeti düzýän adamlaryň her biriniň aýratynlykda alnan hukuk aňy jemgyýetiň hukuk garaýyşlaryny we düşünjelerini özünde jemleýär. Adamlaryň hukuk bilen baglanyşykly düşünjeleri näçe baý bolsa, olaryň hukuk aňy şonça-da giň bolýar. Hukuk aňynyň we medeniýetiniň ýagdaýyna adamlara, raýatlara berilýän erkinlikleriň, hukuklaryň derejesiniň täsiri uludyr. Demokratik jemgyýetlerde adamlara giň hukuklar we erkinlikler berilýär. Berlen hukuklardan az bolmadyk borçlar kesgitlenýär. Çünki adamyň kanunlarda berkidilen erkinliklerini we borçlaryny diňe beýleki adamlar hormatlan ýagdaýda hakyky erkinlik we hukuk hakynda gürrüň edip bolýar. Adamlara berlen hukuklar we borçlar olara bildirilen ynamdyr. Ol ynam adamlarda ýokary hukuk aňynyň we medeniýetiniň döremegine ýardam berýär.

*Hukuk aňy – bu adamlaryň, sosial toparlaryň hukuga bolan gatnaşygyny görkezýän garaýyşlarynyň, ideýalarynyň jemidir.* Hukuga tabyn bolmaklyk mejburlyk däl-de zerurlykdyr. Oňa raýatlaryň akyl ýetirmegi we şoňa laýyk hereket etmegi gerek. Sebäbi gatnaşyklary kanuny esasda kadalaşdyrylmadyk jemgyýetde bitewilik, agzybirlik bolmaýar. Jemgyýetdäki adamlaryň, sosial toparlaryň arasyndaky gatnaşykda sazlaşyk bozulýar.

Hukuk aňy jemgyýetçilik aňynyň ösüşiniň umumy kanunalaýyklyklaryna tabyn bolýar. Ol jemgyýetdäki ykdysady, syýasy we beýleki gatnaşyklar, olara laýyk gelýän jemgyýetçilik aňynyň formalary bilen berk baglanyşykda bolýar. Olaryň ýerine ýetirmeli wezipelerini, gatnaşyk görnüşlerini, hereket meýdanyny hukuk düzgünlerinde görkezýär.

Hukuk syýasy garaýyşlar bilen berk baglanyşykda bolýar. Döwlet dolandyryşynyň, syýasy düzgünleriň görnüşleri, ýurtda agalyk edýän syýasy ideologiýa ýaly zatlar jemgyýetde hereket edýän hukuk

düzgünleriniň häsiýetine we mazmunyna täsir edýär. Häzirki zamanda döwletleriň aglabasynda hukuk garaýyşlary ynsanperwerlik mazmunyna eýe bolýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda türkmen döwletinde raýatlaryň hukuk aňynyň ösmegine, hukuk medeniýetiniň kämilleşmegine aýratyn üns berilýär. Giň dünýägaraýyşly, ýokary medeniýetli döwrebap nesilleri kemala getirmekde hukuk terbiýesiniň örän ýokary ornunyň bardygy nazara alnyp, tutulup ýaşlaryň hukuk sowatlylygy artdyrylýar. Bu meselede Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Konstitusiýasy türkmen jemgyýetindäki hukuk gatnaşyklarynyň, raýatlaryň hukuklarynyň we borçlarynyň birliginiň kepili bolup çykyş edýär.

## 16.5. Ahlak aňy

Ahlak aňy – bu jemgyýetçilik aňynyň aýratyn formasydyr, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň görnüşidir we etika ylmynyň predmetidir. Ol ilkinji dörän jemgyýetçilik aňydyr. Ahlak aňy gadymyýetde, ilkidurmuş jemgyýetinde döreýär we adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmakda köptaraplaýyn häsiýete eýe bolýar. *Ahlak – bu jemgyýeti kadalaşdyrmaklyga niýetlenen ölçegleriň we özüňi alyp barşyň kadalarydyr.* Gadymyýetde ol kadalary bozan adamlara temmi beripdirler. Has çökder işi edenler bolsa topardan kowlupdyr. Topardan kowulmak, ýaşaýyşdan umydy üzmekligi aňladypdyr. Sebäbi ol döwürlerde adamlar topardan daşarda ýaşaýyşlaryny dowam edip bilmändirler. Ahlakda adamlaryň jemgyýete bolan gatnaşyklary we jemgyýetiň adamlardan edýän talaplary öz beýanyny tapypdyr. Onda adamlaryň birek-birege we jemgyýete bolan borçlaryny kesgitleýän özlerini alyp baryş düzgünleri berkidilipdir.

Ahlak kadalary jemgyýetde köp sanly funksiýalary ýerine ýetirýär. Terbiýeleýji, baha beriji, buýruk beriji, gadagan ediji, höweslendiriji funksiýalary onuň esasy funksiýalarydyr. Jemgyýetiň ösüşinde, döwrebap nesilleriň kemala gelmeginde ahlagyň orny örän ýokarydyr. Adamlaryň jemgyýetdäki her bir hereketine ýagşy ýa-da ýaman, oňat ýa-da erbet, ahlakly ýa-da ahlaksyz we ş.m. diýlip baha berlende, ilki bilen hereket edýän ahlak kadalaryndan ugur alynýar. Şol hereketiň ahlak ka-

dalaryna laýyk gelýändigine ýa-da gelmeýändigine seredilýär. Adam bir hereketi etjek bolanynda hem şol hereketiň ahlak kadalaryna laýyk gelýändigine ýa-da gelmeýändigine seretmeli bolýar. Sebäbi ahlak kadalarynyň adamlaryň hereketleriniň, beýleki adamlar bilen gatnaşyklarynyň eýle ýa-da beýle bolmalydygy barada buýruk bermek ukyby bar. Ahlak kadalary adamlaryň hereketlerini etmesi gadagan, edilmesi höweslendirilýän, etseňem – etmeseňem bolýan görnüşlere bölýär. Mysal üçin, ahlak kadalary adamyň janyna kast etmegi, ogurlyk etmegi we ş.m. gadagan edýär. Ahlagyň bu talabynyň bozulmagy ony bozan adamyň tutuş jemgyýet tarapyndan ýazgarylmagyna getirýär. Ulyny hormatlamak, kiçini söýmek, Watanyny goramak ýaly hereketler bolsa ahlak kadalary tarapyndan oňat hereketler hökmünde höweslendirilýär. Beýleki adamlary hem şol hereketleri amal eden adamlardan görelde almaklyga çagyrýar. Adamlar çagalaryna terbiýe berenlerinde-de ilki bilen olaryň ahlak kadalaryny dogry we doly kabul etmeklerine, özleşdirmeklerine üns berýärler. Çünki diňe ahlak kadalaryny özleşdiren adam beýleki adamlar bilen kadaly gatnaşyk saklap, olaryň jemgyýetdäki ornuna, hukuklaryna we borçlaryna hormat goýup bilýär.

Ahlak aňy jemgyýetçilik gatnaşyklary we jemgyýetçilik aňynyň beýleki formalary bilen berk baglanyşykda bolýar. Olaryň ösmegi we üýtgemegi bilen ösüp, üýtgäp durýar. Ahlak aňy adamlardan garaşsyz, obýektiw ýagdaýda dowam edýär we adamzat ýaşaýşyna aýgytlaýjy täsir edýär. Bu täsir etmeler adamyň doglan wagtyndan başlanyp, bütin ömrüniň dowamynda hatda, aradan çykandan soň hem dowam edýär. Mysal üçin, täze çaganyň dogulmagy bilen onuň ata-enesiniň öňünde täze doglan çagany terbiýelemek, onuň jemgyýete, halka peýdaly şahsyýet bolup ýetişmegini gazanmak, öýlendirmek ýa-da durmuşa çykarmak, öýli-işikli etmek ýaly ahlak borçlary döreýär. Ata-enäniň aradan çykmagy bolsa perzentleriniň öňünde olary däp-dessurlara laýyk jaýlamak, sadakalaryny, aýat-töwwirlerini bermek, ýatlap durmak borjuny goýýar.

Adamlaryň jemgyýetde ýaşamagyna, beýleki adamlar bilen oňat gatnaşyklary alyp barmagyna täsir edýän faktorlaryň esasylarynyň biri-de ahlak idealydyr. Ahlak idealy ahlak düzgünlerine we ahlak aňyna esaslanýar. Ahlak idealy – bu kemsiz, kämil ahlak düzgünleriniň keşbidir. Ol adamyň hakykat ýüzünde nähili häsiýetlere eýe bolmalydygy baradaky garaýşydyr. Ahlak idealy adamlaryň ahlak ösüşiniň

baş maksadydyr. Perzendini terbiýelände ata-ene ahlak idealynda bar bolan häsiýetleriň öz perzendinde hem bolmagyny isleýär. Durmuşda öz ornuny gözleýän adam bolsa özüniň edýän hereketlerini, işlerini şol ideal bilen deňeşdirýär.

Halk ahlak ideallaryny özleriniň söýgüli gahrymanlarynda jemleýär. Ol gahrymanlaryň keşpleri ertekilerde, rowaýatlarda, dessanlarda, şadessanlarda we halk döredijiliginiň beýleki görnüşlerinde wasp edilýär. Olaryň şanyna aýdymlar, sazlar düzülýär. Halk ogullarynyň, gyzlarynyň şolara meňzemegini isleýär.

Ahlak aňynyň hukuk düzgünlerine we syýasata täsiri uludyr. Olar öz hereketlerinde ahlak aňynyň talaplaryny göz öňünde tutmaly bolýar. Ahlagyň oňlamaýan ýa-da oňa ters gelýän hukuk düzgünlerini jemgyýete ornaşdyrmak, syýasy çäreleri amala aşyrmak gaty kyn bolýar.

Iň bir wajyp ahlak düşünjeleriň biri-de wyždan düşünjesidir. Wyždan – bu şahsyýetiň edep gymmatlyklaryna akyl ýetirmek, ähli durmuşy ýagdaýlarda olardan ugur almak, öz ahlak jogapkärçiligini özüniň kesgitläp bilmek, başgalaryň öňünde öz borjuňy duýmak ukybydyr. Wyždan – adamyň ýagşy-ýaman işleriniň terezisi, eden işlerini ölçemek üçin ulanýan mähek daşy. Wyždanyň çuňlugy, many-mazmuny terbiýeden, terbiýelenýän adamyň ahlak düzgünlerini kabul edişinden we özleşdirişinden garaşlydyr. Adam üçin iň agyr jeza wyždan jezasydyr. Çünki ol adamyň her bir eden hereketini umumy ahlak ölçegleri bilen deňeşdirýär. Hädogry edilen hereket adama azar berýär. Dogruçyllyk iň ähmiýetli ahlak düşünjeleriň biridir. Ol adamyň mertebesini kesgitleýär. Adamyň gursagyndaky wyždany, dogruçyllygy onuň ruhy kämilliginiň nyşanlary bolýar. Adam «Hiç kim bilmez-le» diýip ýalan sözlese, «Hiç kim görmez-le» diýip erbet iş etse, ol sözüň hakyky manysyndaky adam bolup bilmeýär.

Ahlak kadalary we onuň täsiri bilen dörän wyždan adamyň öz hereketlerini erkin saýlamak mümkinçiligine hem-de şahsyýetiň ahlak jogapkärçiligine gözegçilik edýärler. Olar terbiýeli adamy oýlanyşyksyz hereketlerden saklaýarlar. Ahlak aňy ýagşylyk we ýamanlyk, borç, wyždan, hormat, mertebe, bagt, ýaşaýşyň manysy ýaly ahlak düşünjeleriniň many-mazmunyny kesgitleýär. Olaryň adam durmuşynda öz ýerlerini eýelemekligini üpjün edýär.

Her bir halk öz durmuş tejribesine esaslanyp, adamyň janyna kast etmezlik, zorlukdyr sütemden gaça durmak, ejize hemaýat etmek, halal ýaşamak, sözüňe ygrarlylyk ýaly ýörelgelerden ugur alýar. Husytlyk, namartlyk, aldaw, zorluk, gybat, ýamanlyk ýaly häsiýetler ýaramaz häsiýetler hökmünde ahli halklarda elmydama ýazgarylyp gelnen. Tersine, ynsanperwerlik, mertlik, merdanalyk, halallyk, erkinlik, dogrysözlülik, kiçigöwünlilik, sadalyk ýaly häsiýetler bolsa ähli döwürlerde we ähli milletlerde goldanylypdyr.

Ahlak kadalary anyk taryhy mazmuna eýe. Olar jemgyýetiň ösmegi, özgermegi, täze derejelere göterilmegi, jemgyýetçilik aňynyň giňegi bilen baglylykda giňäp, üýtgäp durýarlar. Bu ýagdaý proses görnüşinde bolup, üznüksiz dowam edýär. Netijede bolsa wakalara, hadysalara, hereketlere bolan garaýyş, berilýän baha üýtgeýär. Çünki olar özbaşdak ýagdaýda ahlak häsiýetlere eýe däldirler. Olary ýagşy ýada ýaman edýän zat ahlak garaýyşlary, ahlak gymmatlyklary we ahlak baha berişleridir. Şu sebäplem şol bir waka, sosial hadysa, herekede bir milletiň wekilleriniň dürli döwürlerde dürlüçe baha bermegi ýa-da şol bir anyk taryhy döwrüň dowamynda dürli milletleriň biri-birinden tapawutly baha bermekleri mümkindir. Munuň sebäpleri halklaryň, milletleriň maddy ýaşaýyşlarynyň, däp-dessurlarynyň, dinleriniň, ýaşaýyş keşpleriniň arasyndaky tapawutdadyr. Jemgyýetde milli ahlak gymmatlyklarynyň umumadamzat ahlak gymmatlyklary bilen utgaşmagy jemgyýetiň ruhy durmuşynyň baý, öňdebaryjy bolmagyna mümkinçilik döredýär. Milli ahlagyň umumadamzat gymmatlyklaryndan, beýleki halklaryň gazananlaryndan daşda bolmagy ýa-da haýsy-da bolsa bir milletiň ahlak aňynyň doly täsirine düşmegi ahlak çökgünligine getirip bilýär. Ahlak çökgünliginiň jemgyýetiň weýran bolmagyna sebäp bolmagy mümkin. Şu nukdaýnazardan halk adamzadyň ahlak gymmatlyklaryny döredijiniň we goraýjynyň ornuny eýeleýär.

## 16.6. Dini aň

Jemgyýetçilik aňynyň özboluşly formalarynyň biri bolan dini aň diniň täsiri bilen döreýär. *Din adamlaryň adatdan daşary, tebigatyň we jemgyýetiň kanunlaryna boýun egmeýän keramatly güýçlere bolan ynanjydyr*. Ol gadymyýetde döreýär we adamzadyň ruhy mede-

niýetinde aýratyn ýeri eýeleýär. Onuň döremeginiň sebäpleri barada dini öwreniji alymlaryň arasynda belli bir ylalaşyk ýok. Ýöne olaryň köpüsi diniň döremegini adamlaryň dünýä akyl ýetirmek mümkinçilikleriniň pesdigi we tebigy güýçlerden garaşlydygy bilen baglanyşdyrýarlar. Olaryň pikirine görä, adamlar tebigatyň ýowuz, garaňky güýçlerine düşünmändirler, olardan gorkupdyrlar. Olara çokunypdyrlar, keramatlaşdyrypdyrlar.

Dini aň özünde, esasan, hiç hili subutnamasyz kabul edilen ynançlary jemleýär. Dini ynançlaryň iň esasylarynyň biri – bu iň ýokary, adatdan daşary güýjüň – Hudaýyň (Taňrynyň, Allanyň, Biribaryň, Hakyň) bardygyna bolan ynançdyr. Dini ynançlara görä, älemi ýaradan hem, bütin adamzadyň durmuşyny gurnaýan hem, adamlary eden etmişleri üçin jezalandyrýan hem, sogap işleri üçin ýalkaýan hem Hudaýdyr.

Dinde iki sany dünýäniň, ýagny adamlaryň şu wagtky, dirikä ýaşaýan «bu dünýäsiniň» we ölenden soň, baky ýaşamaly «o dünýäsiniň» bardygy baradaky ynanç, garaýyş aýratyn tekrarlanýar.

Din dini aň, dini iş, dini gatnaşyk, dini guramalar, dini medeniýet ýaly düzüm böleklerden durýar. Dini aň özboluşlydyr. Oňa ynam, duýgudaşlyk, hyýalkeşlik we ulaltmak mahsusdyr. Dini aňyň üç derejesi: köpçülikleýin dini aň, paýhasa esaslanýan aň we teologiýa – ylahyýet bar.

Dini aňda tutuş dünýäni, tebigaty, jemgyýeti döreden, olara many-mazmun beren, dolandyryp duran keramatly güýçlere bolan berk ynam bolýar. Dindar adam şol keramatly güýçleriň adam durmuşyny kadalaşdyrýandygyna, ýol-ýörelge görkezýändigine ynanýar. Diniň görkezen ýoly bilen gitmäge, gadagan eden zatlaryny etmezlige, günäden gaça durup, sogap gazanmaga çalyşýar. Dine ynanýan adam dürli dini hereketler (doga okamak, sadaka bermek, hudaýdan medet dilemek, toba gelmek we ş.m.) arkaly keramatly güýçler bilen aragatnaşyk saklap boljakdygyna ynanýar.

Dini edaralar we sektalar dini esasy guraýjylardyr. Dini edaralarda (metjitlerde, buthanalarda, sinagogalarda we ş.m.) adamlaryň ruhy islegleri bilen bagly dini dessurlar amal edilýär. Diniň esaslary öwredilýär. Jemgyýetde agalyk edýän dini dogmalar bilen ylalaşmaýan, olara başgaça düşündiriş berýän dindarlar toparlary sektalara birleşýärler. Olaryň dini hereketlerem başgaça bolýar.

Dini aňda keramatly güýçleriň, hudaýlaryň bitirýän işleri bilen baglylykda deizm we teizm tapawutlandyrylýar. Deizm – din bilen baglanyşykly dini-filosofik ugurlaryň biri. Ol dünýäniň, tebigatyň, jemgyýetiň, adamyň Hudaý tarapyndan döredilendigini ykrar edýär. Ýöne, deizmiň wekilleriniň pikirine görä, Hudaý tebigy we jemgyýetçilik proseslere, adamyň ýaşaýşyna goşulmaýar, olary dolandyrmaýar. Teizm bolsa Hudaýyň tebigaty, jemgyýeti, adamy döredendigini we ondan rugsatsyz, emirsiz dünýäde hiç zadyň bolmaýandygyny nygtaýar. Adamlaryň arasynda Hudaýa ynanmaýanlar, dini inkär edýänler hem bar. Olara ateistler diýilýär.

Dinler ýaýraýyş geografiýasy, ynanýanlaryň mukdary boýunça tire-taýpa, milli we dünýä dinlerine bölünýärler. Tire-taýpa dinleri, esasan, bir ýa-da birnäçe tire-taýpanyň arasyna ýaýrapdyr. Diniň bu görnuşi gadymyýetde giň ýaýrawa eýe bolupdyr. Häzirki döwürde bolsa ol käbir etnoslarda duşýar. Olara mysal edip Awstraliýanyň we Okeaniýanyň käbir ýerli halklarynyň uýýan dinlerini görkezmek mümkin.

Milli dinler diňe bir halkyň, bir milletiň içinde ýaýraýar we diňe şol halkyň ýaşaýşy bilen bagly bolýar. Induizm, sikhizm, iudaizm, sintoizm ýaly dinler milli dinler hasaplanylýar.

Dünýä dinleri milli aýratynlyklary nazara almaýar. Olar milliligiň çäginden çykyp, umumadamzat dini gymmatlyklary ýaýradyjy ruhy güýcler hökmünde çykyş edýärler. Şonuň üçinem olar dünýä halklarynyň köpüsiniň arasyna ýaýraýar. Butparazlyk, hristiançylyk we yslam dünýä dinleridir.

Ynanýan keramatly güýçlerine laýyklykda dinleri politeisçilik, panteisçilik we monoteisçilik dinlere bölmek mümkin.

Politeisçilik (grekçe poli – köp, *teos* – hudaý) köp hudaýlylykdyr. Politeisçilikde hudaýlaryň her biri tebigatyň ýa-da jemgyýetiň aýratyn bir ugruna gözegçilik edýär. Şeýle dinler gadymy döwürlerde has köp bolupdyr. Olara mysal edip zarostrçylygy, gadymy grekleriň we rimlileriň dinlerini görkezmek mümkin.

Panteisçilik (grekçe pan – ähli, hemme, teos – hudaý,) dünýä, tebigat bilen hudaýyň birligini ykrar edýär. Panteisçilige laýyklykda hudaýyň keşbi tebigata siňýär.

Monoteisçilik (bir hudaýlylyk) dinlerde diňe bir Hudaý ykrar edilýär. Diniň beýleki görnüşleri inkär edilýär. Olara hakyky ýoldan

gyşarmak ýa-da şeýtanyň, iblisiň ýoluna gitmek hökmünde seredilýär. Bu ýagdaýyň käwagtlar dini ekstremizme – başga dinlere garşy barlyşyksyz göreşe alyp barýan wagtlaram seýrek bolmaýar. Hristiançylyk, yslam, sikhizm, iudaizm dinleri monoteisçilik dinlerdir.

Din jemgyýetde dürli funksiýalary ýerine ýetirýär. Olaryň ilkinjisi indiwidleriň, sosial toparlaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmak bilen baglanyşykly. Din dini kitaplarda berkidilen dürli düzgünleriň, kadalaryň, ölçegleriň, gadagan etmeleriň üsti bilen adamlaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär. Olaryň hereketleriniň dini talaplara laýyk gelmegini gazanýar. Dini talaplaryň aglabasy ahlak kadalarynyň esasyny düzýär.

Diniň talaplary, kadalary, düzgünleri we ýörelgeleri adama ýaşlykdan terbiýäniň kömegi bilen berilýär. Şu ýerdenem diniň terbiýeleýjilik funksiýasy gelip çykýar.

Diniň dünýägaraýyş funksiýasy adamlara dünýä, tebigat, jemgyýet barada dini bilim bermekligi göz öňüne tutýar. Ornuny tutujy ýa-da göwünlik beriji funksiýa diniň dünýägaraýyş funksiýasy we onuň däp-dessur bölegi bilen baglanyşyklydyr. Ol funksiýa adamlaryň tebigatyň we jemgyýetiň kynçylyklaryndan, ýekelikden, ejizlikden gorkusyny, şahsy şowsuzlyklaryny, ýaşaýşyň agyrlyklaryny ýeňip geçmegi diniň kömegi bilen baglanyşdyrýar.

Integratiw funksiýasy diniň jemgyýeti bitewileşdirmäge gönükdirilendiginde ýüze çykýar. Käbir ýagdaýlarda din tutuş jemgyýeti bitewileşdiriji esasy güýç hökmünde çykyş edýär. Mysal üçin, milli azat edijilik hereketinde diniň adamlary birleşdirip, basybalyjylara garşy aýaga galdyrandygyna taryh şaýat.

Din adamlaryň sosial tejribesini ýygnaýar, goraýar we soňky nesillere ýetirýär. Bu ýagdaý onuň medeni funksiýany ýerine ýetirýändigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistan – köp milletli demokratik, hukuk we dünýewi döwlet. Onuň dürli dinlere uýýan raýatlary bar. Dürli dine uýýan raýatlaryň arasynda düşünişmezligiň, çaknyşyklaryň, konfliktleriň bolmazlygy üçin ýurtda zerur bolan hukuk esaslary döredildi. Dürli dini konfessiýalaryň wekilleriniň özara we döwlet bilen oňyn gatnaşygy ýola goýuldy. Döwletiň şu häsiýetinden ugur alnyp konstitu-

sion esasda wyždan azatlygyny yglan edildi. Wyždan azatlygy – bu adam hukuklarynyň aýrylmaz bölegidir. Ol adamlaryň islän dinine uýmak ýa-da uýmazlyk azatlygyny aňladýar. Wyždan azatlygynyň esasy talaplarynyň biri – bu hukuk amal edilende başgalaryň hukuklaryna zyýan ýetirmezlikdir.

Türkmenistanda din döwletden aýrylandyr. Döwlet dini edaralaryň içki işlerine goşulyşmaýar. Dini edaralar hem döwleti dolandyrmaklyga gatyşmaýarlar. Türkmenistanyň kanunçylygy haýsy-da bolsa bir dine hukuk artykmaçlygyny bermeýär. Ýurtda hereket edýän ähli dinler deň hukuklardan peýdalanýarlar.

## 16.7. Estetiki aň

Sungat dünýä akyl ýetirmegiň bir görnüşidir. Ylymda sungat diýilende erkin çeper döredijilige-de, onuň netijesi bolan çeper esere-de düşünilýär. Sungatyň kömegi bilen daşky dünýä estetiki taýdan özleşdirilýär. Sungat adamzadyň ruhy medeniýetiniň bir bölegidir. Jemgyýetçilik aňynyň bir görnüşi bolan sungat jemgyýetçilik aňynyň ylym, ahlak, din ýaly görnüşleri bilen berk baglanyşyklydyr. Sungat hakykatyň obýektlerini çeper keşpleriň üsti bilen beýan edýär. Sungat eserleriniň döremegi üçin ony döredijiniň ussatlygy we daşky dünýäni estetiki nukdaýnazaryndan kabul etmegi zerur.

Dünýä, tebigat, jemgyýet, adam we olaryň özara gatnaşygy sungatyň predmetidir. Sungat olara bolan gatnaşygynda kanunalaýyklyklara däl-de çeper keşplere daýanýar. Sungatyň üsti bilen dünýäniň çeper keşbini döretmek ýa-da görmek diýlende reallyk bilen hyýalyň özboluşly gatyşygyna düşünilýär. Sungat çeper eser görnüşinde (edebiýat, binagärlik, sahna, kinofilm, heýkeltaraşlyk we ş.m.) dowam edýär. Sungat daşky dünýäni şöhlelendirmekde, onuň çeper keşbini döretmekde sesden (saz, aýdym), beden hereketinden (tans), reňkden (suratkeşlik), göwrümden (binagärlik) we ş.m. serişdelerden peýdalanýar.

Sungaty döredijі özüniň içki dünýäsini, gaýgylaryny, şatlygyny, pikirini çeper keşpleriň üsti bilen beýan etmekligi maksat edinýär. Tomaşaçy bolsa sungat eserinden, onuň gözelliginden lezzet almaklygy niýet edýär.

Islendik sungat eserinde dünýä, tebigat, jemgyýet, adam barada obýektiw maglumatlar saklanýar. Ýöne ol döredijiniň ýürek joşgunyny, duýgusyny, ruhy ýagdaýyny we ş.m. bermäge-de ukyplydyr. Sungat eserlerini, ondaky maglumatlary, duýgyny kabul etmek üçin estetiki taýýarlyk zerur. Şol bir sungat eserini dürli kärdäki, dürli estetiki taýýarlykly adamlaryň dürlüçe kabul etmekleri mümkin. Mysal üçin, bütin ömrüniň dowamynda diňe milli sazlary diňlän adamyň haýsydyr bit nätanyş sazy diňläninde, ol sazyň oňa lezzetiň ornuna ezýet beräýmegem ahmal. Emma şol sazy saz ugrundan ýörite taýýarlykly adam diňlände bu sazdaky inçe duýgulary duýar, ondan lezzet alar.

Sungatyň nakgaşlyk, heýkeltaraşlyk, grafika, teatr, opera, edebiýat, dizaýn, aýdym, saz, balet, sirk, kino, estrada ýaly köp görnüşleri bar. Dörediliş, beýan ediliş aýratynlyklary bilen baglylykda olar şekillendiriji, görkeziji, beýan ediji ýaly žanrlara bölünýärler.

Sungat jemgyýetde dürli funksiýary ýerine ýetirýär. Sungatyň estetiki, sosial, akyl ýetiriş, öňdengörüjilik, orun tutujylyk, lezzet berijilik, terbiýeleýjilik funksiýalary olaryň esasylarydyr.

*Estetiki funksiýa.* Sungat hakykaty gözelligiň kanunalaýyklygy boýunça şekillendirmäge kömek edýär, estetiki söýgi döredýär.

*Sosial funksiýasy.* Sungat eserlerindäki ideýalar, maglumatlar, duýgular jemgyýete täsir edýär we jemgyýetiň, adamlaryň üýtgemegine, özgermegine sebäp bolýar.

*Akyl ýetiriş funksiýasy.* Sungat eserleri hakykata çeper keşpleriň üsti bilen seretmäge we seljermäge, akyl ýetirmäge mümkinçilik berýär. Ol käwagtlar biri-birine gapma garşylykly zatlary birleşdirip, hyýalyň we döredijiligiň ösmegine sebäp bolýar. Şeýle hem sungat eserlerinde dine, däp-dessurlara, millilige degişli maglumatlar saklanýar. Mysal üçin, türkmeniň halyçylyk sungaty ene-mamalarymyzyň diňe ussatlygyna däl, eýsem olaryň dünýägaraýşyna, däp-dessurlaryna, dinine, taryhyna degişli baý maglumatlary berýär.

*Lezzet funksiýasy.* Sungat eserleri adamlarda çuň lezzet alma duýgusyny döredýär we ösdürýär.

*Orun tutarlyk funksiýasy.* Sungat eserleri adamlara dürli kynçylyklar bar bolan real dünýäden hyýaly-estetiki dünýä gaçmaga mümkinçilik berýär. Ruhy deňagramlylygy saklamaga, adaty durmuşyň oňaýsyzlyklaryny aýyrmaklyga mümkinçilik döredýär.

*Terbiýeleýjilik funksiýasy.* Sungat eserleri ruhy taýdan şahsyýetiň kemala gelmegine ýardam berýär. Hut şu sebäplem käbir sungat eserleriniň many-mazmunyna syýasy ideýalar hem ýerleşdirilýär. Şol ideýalar şahsyýetiň kemala gelşine, ösüşine özüniň täsirini ýetirýär. Sungat eserlerinde esas hökmünde kabul edilen syýasy ideýalaryň dürli bolmagy mümkin. Sungat eserleriniň kömegi bilen şahsyýetde umumadamzat gymmatlyklaryny sarpalamak duýgusyny-da ösdürip bolýar, başga bir millete ýokardan seretmäge sebäp bolýan milletparazlygy-da döretmek mümkin.

Sungat eserleriniň *sosial garşylyk funksiýasy-da* bar. Jemgyýetdäki kynçylyklar, näsazlyklar käwagtlar döredijilik adamlaryny çykgynsyz ýagdaýa salýar. Şonda olar döredijiliginiň üsti bilen syýasy düzgüne garşylyk bildirýärler. XX asyryň başlaryndaky awangard sungaty syýasy garşylyk hökmünde döräpdi.

Halkyň taryhy, dini, däp-dessurlary, ýaşaýyş keşpleri, käri, jemgyýetiň ösüş derejesi, ylym-bilimiň ýagdaýy we başgalar sungatyň many-mazmunyna, görnüşlerine täsir edýän esasy faktorlardyr.

Türkmen halkynyň gadymyýete uzap gidýän döredijilikli taryhy bar. Ol taryhyň dowamynda ajaýyp sungat eserlerini döretmegi başarypdyr. Dünýä sungatynyň genji-hazynalary hökmünde ykrar edilen türkmen halylary, halk aýdym-sazlary, «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly» ýaly halk döredijilik eserleri, zergärçiligi, milli binagärligi we beýlekiler munuň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmeniň haly sungaty gadymy sungatlaryň biridir. Onuň köki gadymyýete gidýär. Biziň eýýamymyzdan öňki IV–III müňýyllyklarda Türkmenistanda ösen dokmaçylygyň we halyçylygyň bolandygyna Altyndepeden tapylan haly dokmasynyň agram daşlary, arheolog I. N. Hlopiniň Günorta-Günbatar Türkmenistanda b. e. öňki II müň ýyllyga degişli adamlaryň ýaşan ýerinde geçiren gazuw-agtaryş işlerinde tapan bürünçden ýasalan haly keserleri ýaly tapyndylar şaýatlyk edýär.

Marguşdaky binalaryň galyndylary, Köne Nusaýdaky, Merwdäki, Köneürgençdäki binagärlik ýadygärlikleri türkmenlerde binagärlik sungatynyň gaty ýokarda bolandygyna güwä geçýär.

Türkmeniň zergärlik sungatam gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Türkmen zergärleri altyndan, kümüşden gelin-gyzlaryň şaý-seplerini bejeripdirler. Olaryň yhlasy bilen atlar altyna, kümşe beslenipdir. Ýaraglar dürli nagyşlar bilen bezelipdir.

Ata-babalarymyzyň döreden sungat eserleriniň esasy bölegi häzirki wagtda köp sanly muzeýlerde, kitaphanalarda, golýazmalar gorlarynda saklanýar. Olaryň soňky nesillere abat ýetmegi ugrunda döwlet derejesinde alada edilýär.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Jemgyýetçilik aňynyň tebigatyny açyp görkezmäge çalşyň.
2. Jemgyýetçilik aňynyň kanunlary hakynda gürrüň beriň.
3. Jemgyýetçilik aňynyň gurluşyny seljeriň.
4. Jemgyýetçilik aňynyň derejelerini tapawutlandyryň.
5. Syýasy aňyň häsiýetli özboluşlylygyny ýüze çykaryň.
6. Hukuk aňynyň jemgyýetiň ösüşine edýän täsiri hakynda gürrüň beriň.
7. Hukuk aňynyň jemgyýetçilik aňynyň beýleki formalary bilen baglanyşygyny teswirläň.
8. Ahlak aňynyň jemgyýetdäki ornuny kesgitlemäge çalşyň.
9. Ahlagyň ýerine ýetirýän funksiýalaryny teswirläň.
10. Dini aňyň aýratynlyklary barada gürrüň beriň.
11. Türkmenistanda diniň tutýan ornuny kesgitlemäge çalşyň.
12. Estetiki aňyň özboluşlylygyny häsiýetlendiriň.

# XVII. YLYM WE MEDENIÝET

## 17.1. Ylym, onuň gurluşy we funksiýalary

Ylym ruhy önümçiligiň esasy görnüşidir. Ol jemgyýetçilik aňynyň esasy formalarynyň biridir. Ol jemgyýetde sosial institut hökmünde hereket edýär. Ylym bilimdir. Ýöne islendik bilim ylym bolup bilmeýär. Bilimiň ylma öwrülmegi üçin onuň birnäçe häsiýete eýe bolmagy gerek. Birinjiden, bilimiň ulgamlaşdyrylmagy gerek. Tebigy ýa-da jemgyýetçilik hadysalary barada toplanan bilimler gap-

ma-garşylygy bolmadyk, logiki taýdan kämil teoriýalarda beýan edilýär. Şol hadysalaryň, prosesleriň, predmetleriň we ş.m. döremeginiň, dowam etmeginiň, üýtgemeginiň sebäpleri, durnukly we gaýtalanýan baglanyşyklary, kanunalaýyklyklary açylyp görkezilýär. Ylmyň güýji öwrenilýän hadysalaryň, prosesleriň kanunalaýyklyklaryny açyşynyň çuňluk we giňlik derejesi bilen ölçenilýär.

Ikinjiden, ylma öwrülmäge dalaş edýän bilim dogry we praktikada barlanan bolmaly. Dünýägaraýşyň beýleki formalarynda – mifologiýada we dinde beýan edilýän wakalaryň barlanylmagy talap edilmeýär. Olardaky wakalar, deliller, bilimler ynanja daýanýarlar. Ynanjyň gutaran ýerinde mifologiýa we din tamamlanýar. Ylym bolsa dünýädäki ähli zatlara, şol sanda öň alnan bilimlere-de şübhe bilen seretmegi talap edýär. Ol delillere we subutnamalara daýanýar. Ýöne delilleriň ylmy maglumatlara öwrülmegi üçin olaryň düşündirilmegi, umumylaşdyrylmagy, döremeginiň sebäpleriniň açylyp görkezilmegi we toparlama – klassifikasiýa salynmagy zerur.

Ylmyň kanunlara daýanýandygy üçin ol barlygy düşündirmek bilen çäklenmeýär. Ol barlygyň geljekde nähili boljakdygyny, haýsy tarapa üýtgejekdigini öňünden görmegi-de başarýar. Öňünden görmeklik proseslerde, hadysalarda bolup geçýän üýtgeşmeleri gözegçilikde saklamaga, dolandyrmaga mümkinçilik berýär.

Ylmyň esasy häsiýetleriniň biri-de onuň obýektiwligidir. Ol ylmy taýdan öwrenilýän prosesler, hadysalar barada obýektiw, hakyky maglumatlary bermäge ukyplydyr. Ylymda öwrenilýän zatlar barada adamlaryň isleýän zatlary däl-de, hakyky bar zatlar şöhlelenýär.

*Ulgamalaşdyrylan, dogry, praktikada barlanan obýektiw-hakyky bilimleri öndürýän işe ylym diýilýär.* Ylmyň esasy maksady jemgyýet, tebigat we adam barada täze bilimleri almakdyr.

Ylmyň ilkinji ösüntgileri ilkinji siwilizasiýanyň gadymy ojaklary bolan Messopotamiýada, Müsürde, Hindistanda, Hytaýda peýda bolýar. Gadymy siwilizasiýanyň bäş ojagynyň biri hasaplanýan Marguşda hem ylmyň ösüntgileriniň peýda bolandygyna taryhy-arheologik tapyndylar şaýatlyk edýär. Gadymy Gresiýada, Rimde häzirki zaman ylmynyň esaslary goýulýar. Gadymy grek, rim alymlarynyň jemgyýet, adam, tebigat baradaky ylmy garaýyşlary orta asyr musul-

man Gündogarynda ösdürilýär. IX–XIII asyrlarar aralygynda Merw, Köneürgenç, Bagdat ýaly şäherler ylym we medeniýet ojaklaryna öwrülýär. Olarda ilkinji akademiýalar – paýhas öýleri, ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlaýan medreseler açylýar. Diňe ylym bilen meşgullanýan hünärmenler peýda bolýar. Dünýä ylmynyň fizika, matematika, astronomiýa, himiýa, taryh kimin ugurlary boýunça ösüşine saldamly goşant goşan Al Biruni, Al Horezmi, Al Faraby, Ibn Sina, Omar Haýýam ýaly alymlaryň işleri uzak döwrüň dowamynda ähmiýetini ýitirmeýär. Mongol çozuşyndan soň ylmyň mundan beýläkki ösüşini ýewropaly alymlar üpjün edýärler.

XVII–XVIII asyrlarda Ýewropa ýurtlarynda tebigaty we jemgyýet boýunça düýpli işler döredilýär. Tebigat ylymlary bilen bagly tejribeleriň we syn etmeleriň täze usullary kemala gelýär. Ylmyň ykdysadyýete we adamzat durmuşyna täsiriniň uludygyna göz ýetirilýär. Akademiýalar, ýokary okuw mekdepleri döredilýär. Ylym bilen meşgullanýan adamlaryň sosial statusy ýokarlanýar. Ylym bilen meşgullanmak aýratyn hünäre öwrülýär. Ylmyň özi bolsa adam işine we zerur serişdeler bilen üpjün edilen sosial instituta öwrülýär. Ylym bilen meşgullanýan adamlaryň sany ýyl geçdigi saýy köpelýär. Ylmyň emele gelşiniň ilkinji döwürlerinde ylym bilen aýry-aýry adamlar meşgullanan bolsalar, häzirki döwürde ylym müňlerçe adamlaryň esasy kärine öwrüldi. Olar özara baglanyşykly ylmy edaralarda ylmy döredijilik bilen meşgullanýarlar. Ýöriteleşdirilen edaralar bolsa ylmy işgärleri taýýarlaýarlar.

Her bir ylmyň özüniň ösüş kanunalaýyklygy bolýar.Ylmyň kanunlary hadysalaryň arsyndaky zerur, gaýtalanýan, durnukly we düýpli gatnaşyklary açyp görkezýär. Tebigatyň, jemgyýetiň we adam pikirlenmesiniň kanunlaryny öwrenmek ylmyň esasy wezipesidir. Bu wezipäni amal etmekde ylym barlanylýan obýektiň umumy we düýpli taraplaryny açmakdan hem-de olary kategoriýalarda, düşünjelerde berkitmekden durnukly, gaýtalanýan, düýpli we zerur gatnaşyklary anyklamaga çenli ýol geçýär.

Ylymlaryň häzirki zaman klassifikasiýasy çylşyrymly gurluşa we düzüme eýedir. Barlag predmeti boýunça ylymlary tebigy we jemgyýetçilik ylymlaryna bölýärler. Ýerine ýetirýän funksiýalary, maksady boýunça düýpleýin (fundamental) we tejribe (tehniki) ylymlar, barlagyň metodlary boýunça synag we teoretiki ylymlar we ş.m. tapawutlandyrylýar.

Jemgyýetçilik ylymlarynyň jemgyýeti kämilleşdirmekdäki, raýat jemgyýetini kemala getirmekdäki, adamyň sosiallaşmagyndaky ähmiýeti örän uludyr. Ylmy esasda döwrüň talaplary, jemgyýetdäki sosial toparlaryň, gatlaklaryň bähbitleri göz öňüne tutulyp taýýarlanan ideologiýa jemgyýeti dolandyrmaklygy ýeňilleşdirýär. Dolandyryşyň netijeliligini artdyrýar. Şeýle şertlerde döwrüň talaplaryny ödeýän döwrebap durmuş filosofiýasyny kemala getirmek jemgyýetçilik ylymlarynyň esasy wezipesi hökmünde orta çykýar. Ol filosofiýa jemgyýeti täze derejä we hile çykarmaklyga, onuň demokratik häsiýetleriniň işjeň açylmagyna ýardam bermeli.

Ylmy akyl ýetirişiň esasy düzüm böleklerine ylmyň subýekti, ylmyň obýekti we predmeti, usullary we tärleri, ylmy dil degişli bolup durýar.

Ylmyň subýekti ylmy-barlag geçirýän aýratyn adam ýa-da ylmy bileleşik, ylmy edara görnüşde bolýar. Ylmy akyl ýetirişi amala aşyrmak üçin subýektiň ýörite taýýarlygy zerur.Ylmyň predmeti diýlende onuň öwrenýän zadyna, hadysalaryna, proseslerine, wakalaryna we ş.m. düşünilýär. Ol şol ylmy beýleki ylymlardan tapawutlandyrýar. Ylmyň predmetiniň ýerleşýän ýeri onuň obýektini düzýär.

Ylmyň her bir pudagy üçin akyl ýetiriş usullary we tärleri häsiýetlidir. Edil şonuň ýaly-da ylmyň her bir pudagynyň öz toplan bilimlerini beýan ediş dili bolýar. Ylymlaryň köpüsinde bilimler tebigy dilde (türkmen, rus, özbek we ş.m.) beýan edilýär. Ýöne ylymlaryň käbirlerinde bilimleriň beýany emeli diliň, ýagny dürli emeli nyşanlaryň, formulalaryň (matematiki deňlemeler, himiki formulalar) kömegi arkaly amal edilýär.

Ylym jemgyýetde köpsanly funksiýalary ýerine ýetirýär. Akyl ýetiriş, medeni-dünýägaraýyş, sosial, praktik, öňdengörüjilik funksiýalary olaryň esasylarydyr.

*Ylmyň akyl ýetiriş funksiýasy* – ylym zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň düýp manysyna teoretik taýdan aralaşmaga kömek edýär.

*Ylmyň praktiki-hereket funksiýasy* – ylym adamy we jemgyýeti özgertmeklige gatnaşýar. Olary ösdürýär, olaryň täze derejä çykmagyny gazanýar.

*Ylmyň sosial funksiýasy* – ylmyň güýçli depginler bilen ösmegi adamzadyň durmuşyny, işini, isleglerini öwrenmäge, sosial ösüşini

ylmy taýdan dolandyrmaga, alnan bilimleri netijeli ulanmaga giň mümkinçilikleri açýar.

*Ylmyň medeni-dünýägaraýyş funksiýasy* – ylmyň gazananlary medeniýeti baýlaşdyrýar, adamyň dünýägaraýşyny giňeldýär, onuň dünýä we dünýäde adamyň ornuna düşünmesini ýeňilleşdirýär.

*Ylmyň öňdengörüjilik funksiýasy* – ylmy bilimler, daşky dünýäniň kanunalaýyklyklaryna akyl ýetirmeklik tebigatda we jemgyýetde bolup biläýjek zatlary öňden görmäge ýardam berýär.

## 17.2. Ylmyň we önümçiligiň birleşmegi

Ylmyň ösüşi önümçiligiň ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. Müňyllyklaryň dowamynda önümçilik tehnikany we tehnologiýany ösdürdi. Ylmyň öňünde düýpli wezipeleri, meseleleri goýup, onuň ösmegine sebäp boldy. Häzirki zaman şertlerinde bolsa ylym öndüriji güýje öwrüldi. Bu ýagdaý, ilki bilen, ylym bilen önümçiligiň integrasiýasynda – birleşmeginde ýüze çykýar.

Ylym bilen önümçiligiň arasynda baglanyşyk hemişe bolupdyr. Ol baglanyşyk barha giňelipdir, çylşyrymlaşypdyr, berkleşipdir we integrasiýany emele getiripdir. *Ylym bilen önümçiligiň gabat gelmegine olaryň integrasiýasy diýilýär.* Integrasiýa iki ýa-da ondan hem köp düzümleriň birleşmegini, bir bitewilige goşulyşmagyny aňladýar. Birleşmek netijesinde täze has ýokary hil ýagdaýy döreýär.

Integrasiýanyň iki görnüşi bolýar. Birinji görnüşli integrasiýa – bu esasy alamatlary ýakyn, ugurdaş düzümleriň baglanyşmagydyr. Oňa bazarlaryň, ugurdaş önümçilik kärhanalarynyň, maliýe guramalarynyň birleşmegini mysal getirip bolar. Integrasiýanyň ikinji görnüşi dürli ugurdaky düzümleriň birleşmeginden kemala gelýär. Şeýle düzümleriň esasy alamatlary gabat gelmeýär. Şonuň üçin olaryň doly birleşmegi mümkin däl. Biri-biri üçin zerur hem-de özara baglanyşykly bolsalar-da, olar özleriniň aýratynlygyny, özboluşlylygyny ýitirmeýärler. Diňe birleşmäniň esasynda olaryň umumy maksadynyň birligi amal edilýär. Integrasiýa düzümleriň ikisine hem täsir edýär. Ylymda ylmyň amaly pudaklary ýüze çykýar. Olar düýpleýin, teoretiki ylymlaryň netijelerini maddy önümçilikde, jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki ugurlarynda ulanmagyň ýollaryny işläp düzýärler.

Tehniki ylymlar, oba hojalyk ylymlary, lukmançylyk ylymlary we beýlekiler şeýle ylymlardyr. Maddy önümçilikde bolsa hojalygyň ylmy pudaklary döreýär. Şeýlelikde, ylym bilen önümçiligiň integrasiýasy olaryň ikisiniň hem ösüşini tizleşdirýär.

Ylym bilen önümçiligiň birleşmeginde döwletiň orny uludyr. Häzirki wagtda döwlet ylym bilen gatnaşykda aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

- döwlet ylmyň ýaşamagynyň düýpli hukuk esaslaryny goýýar;
- döwlet ylmy barlaglaryň we taslamalaryň esasy maliýe çeşmesidir;
- ol täze tehniki önümleri (harby we raýatlyk) esasy sarp edijidir;
- ol ylmy-tehniki işleriň iri subýektidir;
- ol tutuşlygyna milli ylmy-tehniki mümkinçiligi ösdürmek boýunça bilelikdäki işleri utgaşdyryjy güýçdür;
- döwlet bütin jemgyýetiň ylmy we tehnikany ösdürmek meselelerine garaýşyny kesgitleýär, ylmy goldamaklygy üpjün edýär.

Düýpli we amaly häsiýetli täzelikleri, täze ylmy açyşlary önümçilige köpçülikleýin ornaşdyrmaga, ýaşaýşyň ýokary hilini üpjün etmäge, bäsleşik göreşine ukyplylygy ösdürmäge ylym ýardam edýär. Diňe bir Ýer planetasy möçberinde däl, eýsem bütin kosmos möçberinde ýüze çykýan täze talaplara adamzadyň diňe ylym arkaly, diňe ylma daýanyp üstünlikli uýgunlaşyp biljekdigini aýratyn nygtalmalydyr.

## 17.3. Häzirki zaman türkmen jemgyýetinde ylmy ösdürmegiň esasy ugurlary

Dünýä jemgyýetçiliginiň Türkmenistana bolan gyzyklanmasynyň has-da artýan döwründe ylym ulgamyny mundan beýläk-de ýokary depginde ösdürmek üçin tutumly işler bitirilýär. Ylmy-tehnik ulgamyň gurluşyny we hukuk binýadyny kämilleşdirmäge, ylma goldaw bermegiň we ony maliýeleşdirmegiň netijeliligini ýokarlandyrmaga, ylmyň üpjünçilik ulgamlaryny ösdirmäge we maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga döwlet derejesinde aýratyn ähmiýet berilýär. Häzirki zamanyň ösen bilimlerinden we ylymlaryndan oňat baş çykaryp bilýän zehinli, ýaş hünermenleriň, inženerleriň tehnologlaryň we alymlaryň netijeli işlemegi üçin, döwrebap intellektual elitany kemala getirmek üçin zerur bolan ähli mümkinçilikler döredilýär.

Milli maksatnamalary yzygiderli we netijeli durmuşa geçirmek üçin ylmy kämilleşdirmek meselesine uly üns berilýär. Häzirki döwürde milli ykdysadyýetimiziň innowasion ösüşini üpjün etmäge, ylmy işiň hilini we ahmiýetini ýokarlandyrmaga hem-de halkymyzyň ägirt uly ylmy-döredijilik kuwwatyny ösdürmäge gönükdirilen meýilnamalar üstünlikli amala aşyrylýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ylmy-tehniki ösüşini çaltlandyrmak maksady bilen Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň garamagyndaky ylmy-barlag düzümlerinde, pudaklaýyn ylmy-barlag edaralarynda, şeýle hem ýokary okuw mekdeplerinde köpugurly we düýpli işler alnyp barylýar. Alymlarymyz energetika, ýangyç serişdeleri we olary tygşytlamak, himiýa tehnologiýalaryny we bäsdeşige ukyply täze önümleri öndürmek babatda gazanýan üstünlikleri bilen diňe ýurdymyzyň bähbitlerini araýan däl-de, eýsem, sebit we bütin dünýä ýurtlarynyň we halklarynyň ösüşi bilen bagly örän möhüm meseleleri çözmäge hem uly goşant goşýarlar.

Alym Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen gurlup, ulanmaga berlen Tehnologiýalar merkezi ýurdumyzyň innowasion ykdysadyýetini ösdürmäge goşant goşýan esasy düzüm bölekleriniň birine öwrüldi. Bu merkezde döwrebap enjamlaşdyrylan barlaghanalar, patent-maglumat tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak ýaly bölümler bar. Merkeziň barlaghanalarynda biotehnologiýalar, nanotehnologiýalar, maglumat we himiýa tehnologiýalary ulgamlarynda toplumlaýyn barlaglary geçirmek, maddalary düýpli öwrenmek, biomateriallary, uglewodorod çig mallary molekulýar taýdan derňemek we işläp taýýarlamak bilen baglanyşykly ylmy barlaglary geçirmek üçin zerur bolan ähli şertler döredilen.

Ekologiýa taýdan arassa, energiýa we serişde tygşytlaýjy tehnologiýalary işläp taýýarlamak, täze usullar esasynda nebit-himiýa önümlerini, gazy, miniral serişdelerini gaýtadan işlemek boýunça tehnologiýalary döretmek, alternatiw energetikany ösdürmek, saglygy goraýyş ulgamynda düýpli özgertmeleri geçirmek, keselleriň öňüni almak, olary anyklamak we bejermek bu günki gün ylmy-barlag edaralaryň möhüm wezipeleriniň biri hökmünde ileri tutulýar.

Oba hojalygyny ylmy esasda ösdürmek, ýurdumyzyň toprak-howa şertlerine uýgunlaşan oba hojalyk ekinleriniň ýokary hasyl ber-

ýän täze görnüşlerini döretmek döwrebap derwaýys meselä öwrüldi. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow bu meseläniň zerurlygyny şeýle nygtaýar: «Oba hojalygy ylma daýanmazdan çalt ösüp bilmez. Oba hojalyk önümçiliginiň doly üpjünçiligini ýola goýmak we işleriň ähli görnüşlerini ylmyň talaplaryna laýyklykda berk we takyk alyp barmak zerurdyr. Biziň oba hojalyk ylmymyz ösüşiň we öňdebaryjy tehnologiýalaryň başyny çekip, obanyň ösüşine düýpli täsir etmelidir, önümçiligiň netijeliligine gös-göni bagly bolmalydyr».[12]

Garagumuň we Hazar deňziniň ösümlik hem-de haýwanat dünýäsini gorap saklamak we baýlaşdyrmak, «Altyn asyr» Türkmen kölüni we onuň şor suw akabalaryny hem-de ýanaşyk ýerlerini oba hojalygynda ulanmagyň tehnologiýalaryny döretmek boýunça alnyp barylýan ylmy-barlag işleri Merkezi Aziýa sebitiniň ekologiýa ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna, ylmy taýdan esaslandyrylan ekin dolanyşygyna geçmegiň çaltlandyrylmagyna öz oňyn täsirini ýetirýär. Türkmen ülkesiniň termal suwlaryny, bejergi palçyklaryny, alym Prezidentimiziň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köpjiltli ensiklopedik kitaplarynda öz beýanyny tapan müň bir derde derman ösümliklerini peýdalanmagyň ylmy esaslary işlenip düzüldi. Ýerli çig mallardan ýokary hilli derman serişdeleriniň önümçiliginiň ýola goýulmagy, häzirki zaman lukmançylyk ylymlarynyň we bilimleriniň düýpli ösdürilmegi berkarar döwletimizde ylmyň ähmiýetiniň barha ýokarlanýandygyna şaýatlyk edýär.

Ylmyň geljegi dünýäniň ylmy giňişligine çalt we netijeli goşulyşmagy, halkara ylmy we tehnologiýa hyzmatdaşlygynyň hemmetaraplaýyn giňeldilmegi hem-de pugtalandyrylmagy bilen berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem, häzirki döwürde halkara guramalary, daşary ýurtlaryň ylmy merkezleri bilen ylym, tehnika we inowasion tehnologiýalar boýunça hyzmatdaşlyk etmek babatda gazanylan hökümetara ylalaşyklary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Döwletimiziň ylmy kuwwatynyň artmagy üçin ylym we bilim ulgamlaryna döwlet tarapyndan uly goldaw berilýär. Alymlarymyzyň netijeli işlemegi üçin zerur bolan ähli şertler döredilýär.

---

[12] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3 t. – A.: TDNG, 2010. 121 sah.

«Ylmy edaralar hakynda», «Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda», «Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda» Türkmenistanyň kanunlary, «Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakynda», «Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakynda», «Türkmenistanda ýokary derejeli hünärmenleriň taýýarlanmagyny üpjün etmek hem-de ylmy taslamalara döwletiň maliýe goldawyny bermek hakynda» ýaly kararlar işlenip taýýarlanyldy we kabul edildi. Olar ylmy edaralaryň hukuk ýagdaýyny, maksatlaryny, wezipelerini we ygtyýarlyklaryny, ylmy edaralaryň işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilişini kesgitleýär. Ýurduň ylmy-barlag institutlaryndaky we ýokary okuw mekdeplerindäki aspiranturalarda we doktoranturalarda ýokary hünärli ylmy işgärler taýýarlanýar.

Jemgyýetimiziň hakyky gymmatlyklary halkymyzyň ylym we bilim derejesi bilen kesgitlenýär. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň abadan durmuşynyň gözbaşynyň ylym we bilim ulgamyny has-da ösdürmek bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny bagtyýar durmuşymyz subut edýär.

## 17.4. Filosofiýa we ylym

Jemgyýetçilik aňynyň möhüm formasy hökmünde filosofiýa ylmy we bilimi bitewileşdirmekde möhüm wezipäni ýerine ýetirýär. Filosofiýa, ilki bilen, ylmyň ontologik esasyny işläp düzýär. Dünýäni, onuň alamatlaryny, hereket ediş görnüşlerini we ählumumy kanunlaryny bir bitewilige salyp, dünýäniň filosofik şekilini döredýär. Ol şekil dini, mifologik we beýleki şekillerden tapawutlylykda, dünýäniň fiziki, himiki, biologik we beýleki ylmy şekillerini işläp düzmegiň möhüm serişdesi bolup çykyş edýär.

Ikinjiden, filosofiýa ylmy işgärleri akyl ýetiriş prosesiniň umumy kanunlary, hakykaty açmagyň ýollary we formalary baradaky taglymat bilen üpjün edýär. Üçünjiden, filosofiýa ylmy usullary işläp düzýär. Filosofik usullar ylmy barlaglaryň esasy bolup hyzmat edýär.

Dördünjiden, filosofiýa ylmy adamy dünýägaraýşyň gymmatlyklaryna, durmuşyň manysy baradaky ýörelgelere gönükdirýär. Şeýlelikde, filosofiýa ylmy işgäriň dünýä baradaky garaýyşlarynyň, ynamlarynyň kemala gelmegine täsir edýär.

Ylmy akyl ýetirişde filosofiýanyň ägirt uly ähmiýetiniň bardygyny ylmyň ähli pudaklarynyň ösüşi tassyklaýar. Meselem, meşhur alym A. Eýnşteýniň otnositellik teoriýasyny işläp düzende gözegçilik etmek, giňişligiň we wagtyň otnositelligi ýaly filosofik ýörelgelerden ugur alandygy mälimdir. Kwant teoriýasyny döredenlerinde meşhur fizikler M. Plank, P. Dirak, N. Bor we beýlekiler dialektik garşylyk, bitewilik, sebäplilik, determinizm, akyl ýetirişde subýektiň işjeňligi ýaly filosofik kadalara gollanypdyrlar. Filosofik usulyýetiň ylymda ewristik wezipelerini ýerine ýetirmegi üçin onuň usulyýet bilimleriň beýleki derejeleri, ýagny umumylmy we hususylmy derejeleri bilen bilelikde ulanylmalydyr. Meselem, filosofiýanyň zerurlyk bilen tötänligiň mynasybeti baradaky ýörelgesi ähtimallyk hem maglumatlar teoriýasynyň şeýle hem kibernetikanyň tötänlik baradaky ýörelgesi göz öňünde tutulan mahalynda netijeli boljakdygy jedelsizdir.

## 17.5. Medeniýet düşünjesi

Medeniýet çylşyrymly düşünjeleriň biridir. Ony medeniýeti öwreniş, arheologiýa, etnografiýa, taryh, sosiologiýa ýaly köp sanly ylymlar öwrenýärler. Olaryň her haýsysy medeniýet barada öz garaýyşlaryny öňe sürýär. Arheologiýa gadymy döwürlerden biziň günümize çenli gelip ýeten taryhy tapyndylaryň kömegi bilen häzirki döwürde ýaşaýan ýa-da ýitip giden halklaryň medeni taryhyny öwrenýär. Etnografiýa dürli etnoslaryň wekilleriniň milli-etniki medeniýetini öwrenmek bilen meşgullanýar. Sosiologlaryň we taryhçylaryň hem medeniýete bolan öz çemeleşmeleri bar. Her ylym medeniýete özüçe kesgitleme berýär. Beýleki ylymlardan tapawutlylykda *filosofiýa medeniýeti dünýägaraýyş nukdaýnazaryndan öwrenýär, onuň taryhy prosesdäki ornuny kesgitlemäge çalyşýar.*

Filosofiýanyň bütin taryhynyň dowamynda akyldarlaryň hemmesi diýen ýaly ol ýa-da beýleki derejede medeniýeti öwrenipdirler. Gadymy Hytaýda (žen düşünjesi) we Hindistanda (drahma düşünjesi) medeniýet diýlende, ilki bilen, adamyň daşky dünýä maksadalaýyk edýän täsirine düşünipdirler. Medeniýetiň düzümine adamyň bilimini we terbiýesini hem goşupdyrlar. Gadymy grek akyldarlary üçin medeniýet ilki bilen terbiýeliligi aňladypdyr. Olaryň pikiriçe, terbiýeli-

lik we terbiýesizlik ellinler bilen wagşy halklaryň esasy aýratynlygy bolupdyr. Gadymy Rimiň ylmy, edebiýaty we sungaty grek medeniýetine eýlenipdir. Rimliler üçin medeniýet adamyň şahsy kämillik aýratynlyklarydyr. Orta asyrlarda musulman Gündogarynda medeniýet diýlende ilki bilen dini we dünýewi sowatlylyga, terbiýelilige düşünilipdir. Ýewropa ýurtlarynda medeni gymmatlyklary döretmeklik hudaýa degişli iş hasaplanypdyr. Medeniýeti öwrenmeklige we akyl ýetirmeklige bolan hakyky gyzyklanma magaryfçylar döwründe ýüze çykýar. Diňe şu döwürden başlap medeniýetiň kämilleşmegi diýlende adamlaryň ynsanperwerlik idealyna gabat gelmekligine düşünip ugraýarlar.

Täze döwrüň filosofiýasy üçin medeniýet jemgyýetiň we adamyň dürli görnüşli ruhy we syýasy ösüşidir. Medeniýet ylmyň, sungatyň, ahlagyň, diniň we döwlet dolandyrylyşynyň öňe gitmegine ýardam berýär diýip hasaplanylypdyr. Fransuz magaryfçylary medeni-taryhy ösüşiň maksady – tebigy zerurlyklara we isleglere laýyk ýaşaýan ähli adamlary bagtly etmek diýip hasaplapdyrlar. Nemes nusgawy filosofiýasynyň wekili Gegel medeniýetiň ösmegine adamyň filosofik aňynyň ösüşi diýip düşünýär. Şu nukdaýnazardan medeniýet – adamyň ruhy azatlyk meýdanydyr.

XX asyrda hereket eden köp sanly filosofik mekdepler medeniýetiň gönezligi bilen has içgin gyzyklanyp başlaýarlar. Olaryň tagallasy bilen medeniýetiň filosofiýasy özbaşdak filosofik ylym hökmünde kemala gelýär. Neokantiançylygyň wekilleri (Rikkert we Weber) medeniýete özboluşly gymmatlyklar we ideýa ulgamy hökmünde garapdyrlar. Nemes idealist filosofy Şpengler medeniýete janly organizm hökmünde seredipdir. Edil beýleki organizmler ýaly medeni organizmiň hem belli bir hereket çägi bar. Şol çäge ýetenden soň medeniýet ölýär. Ol ölmezinden öň siwilizasiýa öwrülýär. Şeýlelik bilen Şpengler siwilizasiýany medeniýete garşy goýýar. Onuň pikiriçe, umumadamzat medeniýeti ýok, onuň bolmagy hem mümkin däl.

Medeniýet jemgyýetiň ruhy durmuşy bilen berk baglanyşykly düşünjedir. Ol jemgyýet düşünjesiniň esasyny düzýär. Sebäbi medeniýetiň ýok ýerinde jemgyýet, adamlaryň döredijilikli zähmeti ýok.

Ynsanyň ýaşaýşa ukyply islendik jandardan – ähli haýwanlardan, ösümliklerden we ş.m. tapawutlarynyň esasylarynyň biri onuň

daşky dünýä täsir edip, ony üýtgedip, öz islegine laýyklap bilmegidir. Su nukdaýnazardan alnanda adamlaryň aňynyň kömegi bilen täzeden döredilen, täze görnüşe getirilen gymmatlyklar ulgamy medeni gymmatlyklary düzýär. *Medeni gymmatlyklara adam aňynyň kömegi bilen döredilen we oňa ýagşylyga hyzmat edýän ähli zatlar degişlidir.* Medeniýet düşünjesi adamyň sowatlylyk, bilimlilik we terbiýelilik derejesini aňlatmak üçin hem ulanylýar.

Medeniýetiň döremegi adamzadyň öz islegini kanagatlandyrmak maksady bilen daşky dünýä aňly-düşünjeli, maksatly täsir edip başlamagyny aňladýar. Ilkinji medeni gymmatlyklaryň peýda bolup başlamagy bilen adamzat ýuwaş-ýuwaşdan haýwanat dünýäsinden saýlanýar. Adamyň hakyky taryhy başlanýar. Ol medeni gymmatlyklaryň kömegi bilen gizlin syrlardan doly, şonuň üçin hem gorkunç görünýän daşky dünýäni özleşdirmäge girişýär. Ony özüne laýyklaýar. Öz ýaşaýşy üçin oňaýlylyk döredýär. Netijede, adamyň daşky dünýäni özleşdirmegi bilen baglylykda tebigata esaslanýan, ýöne adam paýhasynyň kömegi bilen özgerdilendigi sebäpli oňa meňzemeýän «ikinji tebigat» – medeniýet dünýäsi peýda bolýar. Şu nukdaýnazardan, çemeleşilende – *medeniýet – bu adamyň daşky dünýäni öz durmuşyna, islegine laýyklamagydyr.*

Medeniýetiň ösmegi bilen jemgyýet ösýär. Adamlaryň daşky dünýä täsir etmegi ýeňilleşýär, ýaşaýşy oňatlaşýar. Onda özüniň içki ruhy dünýäsi hakynda alada etmäge mümkinçilikler peýda bolýar. Medeniýet jemgyýetiň kadaly işlemegini, nesilleriň toplan tejribeleriniň soňky nesillere miras geçmekligini üpjün edýär. Ol jemgyýetiň düzüm bölekleriniň, institutlarynyň, kiçi ulgamlarynyň arabaglanyşygyny, özara täsirini amala aşyrýar.

Medeniýetiň ynsan durmuşynda tutýan orny gaty ýokary. Adam diňe medeni gymmatlyklary özleşdirmek arkaly ynsana mahsus häsiýetlere eýe bolup bilýär.

## 17.6. Medeniýetiň görnüşleri

Häzirki zaman jemgyýetçilik ylymlarynda medeniýeti iki sany esasy uly topara – ruhy we maddy medeniýete bölmek ýörgünli hasaplanýar. Ruhy medeniýete adamyň aňy, ruhy bilen baglanyşyk-

ly bolan söz medeniýeti, ylym, bilim, din, edebiýat, däp-dessurlar, kino, teatr, çeperçilik sungaty, aýdym, saz, ahlak, terbiýe, hukuk we ş.m. degişli. Ruhy medeniýet şahsyýeti, onuň dünýägaraýşyny, gymmatlyklardaky ornuny we ugruny kemala getirýär. Adamyň ruhy dünýäsiniň baýlygyny we derejesini häsiýetlendirýär. Maddy medeniýet kärhanalar, binagärlik, ulag, aragatnaşyk ýaly asly maddylykdan bolan gymmatlyklary-da öz içine alýar. Ýöne medeniýetiň maddy we ruhy görnüşlere bölünişi şertlidir. Sebäbi arassa ruhy ýa-da maddy medeniýet ýok. Olar biri-birleri bilen berk baglanyşykly we biri-birleriniň üstüni dolduryp durýarlar. Käbir mysallara ýüzleneliň. Olaryň ilkinjisi ruhy medeniýetiň önümi bolan saz bilen baglanyşykly. Göräýmäge, şirin owazda ýaňlanyp, bize ruhy lezzet berýän sazyň maddylyk bilen hiç hili baglanyşygy ýok ýaly. Emma ol beýle däl. Cünki sazyň ýaňlanmagy üçin maddy önümlerden ýasalan saz guraly zerur. Ikinji mysaly maddy medeniýete degişli binägärlikden getireliň. Binalar binýadyndan ýokarky nokadyna çenli maddy önüminden durýar. Ony inkär edip bolmaz. Ýöne binagär ilki bilen guralmaly binanyň hyýaly keşbini aňynda dikeldýär. Şeýlelikde, bina hem ilki bilen binagäriň aňynda dörän hyýaly keşbiň maddylaşmasy hökmünde baha bermek mümkin. Kaşaň ymaratlar sungatyň görnüşi hökmünde ruhy medeniýete-de degişlidir.

Ulanylyş derejesi boýunça medeniýetiň toparlaýyn, köpçülikleýin, elitar görnüşleri tapawutlandyrylýar.

*Toparlaýyn medeniýet jemgyýetde bar bolan sosial toparlary beýleki toparlardan tapawutlandyrýan ynançlaryň, bilimiň, özüňi alyp barmagyň, iýip-içmegiň, geýinmegiň we ş.m. düzgünleriniň, gymmatlyklaryň jemidir.* Mysal üçin, daýhanlaryň, işçileriň, gullukçylaryň, ruhanylaryň, telekeçileriň, harbylaryň we ş.m. medeniýetleri tapawutlandyrylýar. Olar biri-birlerinden hakykatdan-da tapawutlanýarlar. Şol tapawutlar hem olary aýry-aýry toparlar hökmünde saýgarmaga mümkinçilik berýär. Ýöne sosial toparlaryň bir jemgyýetde ýaşaýandygy üçin olaryň medeniýetinde umumylyklar hem köp. Şol umumylyklar bir jemgyýetiň çäginde ýaşaýan dürli sosial toparlaryň medeniýetini umumy bir «halk medeniýeti» ady bilen birleşdirmäge mümkinçilik berýär. Halk medeniýetiniň ýeten derejesi halkyň ýaşaýşa bolan ukybyny, aňyny görkezýär. Ol halkyň ýaşaýyş keşbini we usullaryny görkezýär.

*Köpçülikleýin medeniýet* jemgyýetdäki ähli adamlaryň bilimini, saglygyny, edebiýatdan we sungatdan baş çykaryşyny, ahlak, hukuk, syýasy düzgünleri kabul edişini we ş.m. ösdürmeklige niýetlenýär. Ol ilki bilen jemgyýetdäki orta mümkinçilikli adamy göz öňüne tutýar. XX–XXI asyrlarda dünýä halklarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagy, ylmyň we tehnikanyň, habar ýaýradyş we kommunikasiýa serişdeleriniň güýçli ösmegi köpçülikleýin häsiýetli medeniýetiň mümkinçiliklerini örän ýokarlandyrdy. Häzirki zaman dünýäsinde köpçülikleýin medeniýetiň täsirinde adamzadyň umumy medeniýet derejesi ep-esli ýokarlandy. Adamlaryň sowatlylygy artdy. Dünýäniň dürli künjeklerinde ýerleşýän ruhy we medeni gymmatlyklary bilen tanyşmaklyga giň mümkinçilikler açyldy. Ýöne köpçülikleýin medeniýetiň giň ýaýramagy ösüşiň we progresiň esasy çeşmeleri bolan elitar medeniýetiň mümkinçiliklerini çäklendirdi.

*Elitar medeniýet* saýlantgy adamlar üçin niýetlenýär. Döwrüň iň öňdebaryjy akyldarlary tarapyndan döredilen ylmy we sungat eserleri, köplenç ýagdaýda, adamlaryň esasy köpçüligine düşnüksiz bolup galýar. Olar düşünmeklik we özleşdirmeklik ýörite taýýarlygy talap edýär. Geçmişde halk medeniýeti bilen elitar medeniýetiň arasyndaky tapawut uly bolupdyr. Häzirki döwürde adamlaryň sowatlylyk derejesiniň artmagy, halklaryň arasynda gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagy, tehnologiýanyň ösmegi bilen baglanyşykda medeni gymmatlyklary ýaýratmagyň, köpeltmegiň, tanyşmagyň ýeňilleşmegi umumyjemgyýet medeniýetiniň ýokarlanmagyna, elitar medeniýetiň örüsiniň daralmagyna sebäp bolýar. Bu ýagdaýa alymlaryň bir topary medeniýetiň hiliniň peselmegi hökmünde hem garaýarlar.

## 17.7. Medeniýetiň ösüşinde milli we umumadamzat gymmatlyklarynyň ähmiýeti

Medeniýetiň umumadamzat we milli görnüşleri hem tapawutlandyrylýar. *Milli medeniýet bir millet tarapyndan döredilen we şoňa mahsus gymmatlyklardyr*. Ol adamlary belli bir millete degişli edýän baş alamatlaryň biridir. Milletleriň ösüş derejesi olaryň milli medeniýetiniň ösüş ýagdaýy bilen kesgitlenýär. Milli medeniýetiň ösmegi

üçin milli döwletiň bolmaklygy iňňän zerurdyr. Sebäbi döwlet medeniýetiň ösmegine goldaw berýär. Sungat adamlaryna howandarlyk edip, olaryň döretmegi, işlemegi üçin zerur şertleri döredýär. Döwletsizlik halkyň milli medeniýetiniň pese düşmegine getirýär. Şeýle döwri türkmen milletem başdan geçirdi. XIII–XX asyrlarda türkmeniň milli döwleti bolmandygy sebäpli halkyň milli medeniýeti belli bir derejede pese düşdi. Halkyň asyrlar boýy toplan baý tejribesi ýiteňkirläp ugrady. Sowet häkimiýetiniň ýeke-täk, ählumumy sowet medeniýetini mejbury emele getirmeklige gönükdirilen syýasaty hem türkmen halkynyň milli medeniýetine ýaramaz täsir etdi.

Milli medeniýet anyklygy, aýratynlygy aňladýar. Türkmen medeniýeti, rus, ýapon, fransuz medeniýeti diýlende ilki bilen milli medeniýete düşünilýär. Umumadamzat medeniýeti umumylyga, meňzeşlige esaslanýar. Ony dünýäniň ähli milletlerine ýa-da olaryň köpüsine mahsus gymmatlyklar kemala getirýär. Ol umumadamzat gymmatlyklaryny özüne siňdirýär. Şolaryň hasabyna baýlaşýar, ösýär. Ýöne şol bir wagtyň özünde-de umumadamzat medeniýeti mazmuny boýunça-da, görnüşi boýunça-da millidir. Sebäbi umumadamzat medeniýetini düzýän gymmatlyklar ilki dörände bir ýa-da birnäçe milletiň içinde döreýär. Soňra beýleki milletler tarapyndan kabul edilýär. Olar kabul edilende-de milliligiň eleginden geçýär. Ol gymmatlyklar halkyň, milletiň dünýägaraýşyna laýyklanýar, olara milli öwüşgin berilýär. Olaryň milli dünýägaraýşa, däp-dessurlara laýyk gelmeýäni iňkär edilýär. Güýç bilen ornaşdyrylan ýagdaýynda gaýry milletleriň medeni gymmatlyklary milliligiň we milli medeniýetiň ösüşine ýaramaz täsir edýär.

Daşyndan göräýmäge gaty uly ýaly bolup görünýän Ýer togalagy hakykat ýüzünde milletleriň, halklaryň, dürli etniki toparlaryň bilelikde ýaşamaly umumy öýüdir. Adamzat şu öýde ýaşamaga, özara gatnaşyklara girmäge, käbir zatlary almaga, käbir zatlaram bermäge mejbur. Bu medeniýetiň ösüşiniň ählumumy kanunalaýyklygyny düzýär.

Geçmişde ýaşaýşyň agyrlygy, iýmitiň ýetmezçiligi we ýaramazlygy, dürli keseller, ýaşaýşyň üzňeligi we ş.m. etniki toparlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň pes bolmagyny şertlendiripdir. Ýöne haýallyk bilen bolsa-da, taryhyň dowamynda dünýä halklarynyň arasynda medeni gatnaşyklar we medeni täsir bolupdyr. Munuň hakykatdan hem şeýledigine türkmeniň haly sungatynyň dünýä ýaýraýşynda gör-

mek bolýar. Örän nepis we gymmatbaha hasaplanýan türkmen halysy häzirki wagtda dünýä ýüzünde estetiki lezzetiň nyşanyna öwrüldi. Ol dünýä halklarynyň medeni durmuşynda özüne mynasyp orun tapdy.

Geçmişde medenýetleriň özara täsiri basyp alyşlar, kolonizasiýa, söwda usullary we ş.m. bilen amal edilipdir. Medeni gymmatlyklaryň dünýä ýaýramagy üçin gaty köp wagt zerur bolupdyr. Mysal üçin, Hytaýda öndürilen ýüpegiň dünýä halklaryna elýeterli bolmagy üçin iki müň ýyla golaý wagt sarp edilipdir. Häzirki döwürde dünýäniň bir künjeginde döredilen medeni gymmatlyk internetiň, beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň kömegi bilen sanlyja günüň, hatda sagadyň dowamynda tutuş dünýä ýaýramaga ukyply.

## 17.8. Medeniýet we siwilizasiýa

Medeniýet we siwilizasiýa (latynça ciwis – raýat, raýatyňky) bilen iş salyşýan alymlaryň köplüginiň pikirine görä, siwilizasiýa adamzadyň wagşyçylyk döwründen soň kemala gelýän medeniýetiň derejesidir. Jemgyýetiň ösüşiniň bu basgançagynda adam beýleki adamlar bilen bilelikde tertipleşdirilen, düzgüne salnan ýaşaýyşda ýaşamagy, öňde maksat goýup şoňa tarap hereket etmegi öwrenýär. Bu ýagdaý medeniýetiň kämilleşmeginiň wajyp şertini emele getirýär. Köplenç ýagdaýda, medeniýet we siwilizasiýa düşünjeleri sinonimler ýaly hem ulanylýar. Ýöne hakykat ýüzünde olaryň berýän manylary başga. Mysal üçin, Eýran, Merkezi Aziýa we arap ýurtlary meňzeş siwilizasiýada ýaşaýarlar. Emma olaryň medeniýeti biri-birlerinden tapawutlanýar. Başga bir ýagdaýda siwilizasiýa adalgasy jemgyýetiň maddy we ruhy medeniýetiniň ösüşiniň derejelerini aňlatmak üçin ulanylýar. Siwilizasiýanyň görnüşlerini tapawutlandyrmak üçin sebitiň ýa-da yklymyň aýratynlyklary alynýar. Şolaryň esasynda gündogar siwilizasiýasy, antiki döwrüň siwilizasiýasy, ýewropa siwilizasiýasy ýaly siwilizasiýanyň görnüşleri ýüze çykarylýar. Şol aýratynlyklarda taryhy şertleriň, taryhy-medeni umumylyklaryň we ş.m. hakyky häsiýetleri ýüze çykýar. Ýöne geografik usul hemişe sebitiň meňzeşliklerini we umumylyklaryny berip bilmeýär. Beýleki bir ýagdaýda bolsa siwilizasiýa diýlende başgalara meňzemeýän özboluşly, awtonom medeniýetler göz öňünde tutulýar. Siwilizasiýanyň görnüşleri kesgitlenende dini aýratynlyklar hem esasy ýerde durýar. Taryhçy A. Toýnbiniň pikirine görä, siwilizasiýanyň iň esasy aýratynlygy dindir.

Umumylykda alnanda, häzirki zaman filosofiýasynda medeniýet we siwilizasiýa meselesi boýunça üç sany esasy garaýyş bar: birinji garaýş olary birmeňzeş hasaplaýar; ikinji garaýyş olary biri-birine gapma-garşy edip goýýar; üçünji garaýyş bolsa olary biri-birini şertlendriýän hadysalar hökmünde kabul edýär.

Ylymda medeniýeti we siwilizasiýany hil tarapdan tapawutlandyrman, etnologiýanyň nukdaýnazaryndan tapawutlandyrýan garaýyş hem peýda boldy. Şeýle ýagdaýda *siwilizasiýa sebit derejedäki medeniýetleriň jemi hökmünde seredilýä*r. Şonda medeniýetler biri-birinden tapawutlanyp hem bilerler, ýöňe olar bir etnosa degişli bolmagynda galarlar. Şeýlelikde siwilizasiýa medeniýetleri ýöredijileriň birligi bilen kesgitlenilýär. Medeniýetleriň bolsa wagty we mazmuny boýunça dürli bolmagy mümkin. Bu çemeleşme siwilizasiýa medeniýetleriň ewolýusion proses görnüşindäki hereketleri hökmünde düşünmekligi aňladýar.

Siwilizasiýa bilen medeniýetiň arasyndaky real baglanyşyk üç sany esasy formada dowam edýär. Olaryň birinjisi genetik baglanyşykdyr. Medeniýet siwilizasiýany döredýär. Medeniýetiň genetik kody – siwilizasiýanyň maddy bedeninde beýanyny tapýar. Baglanyşygyň ikinji formasy – gurluş-funksional baglanyşyk: medeniýetde we jemgyýetde adamzat zähmetiniň ruhy we maddy taraplary jemlenendir. Olaryň biri-birinden üzňelikde dowam etmekligi mümkin däl. Baglanyşygyň üçünji formasy – bozuk funksional baglanyşyk, ýagny siwilizasiýa medeniýeti özüne tabyn etmeklige synanyşýar. Şeýle baglanyşykda medeniýetiň gymmatlyklary ýatdan çykarylýar. Onuň özeni ýitip başlaýar. Bu ýagdaý täze medeniýetiň esasyny düzjek täze medeni gymmatlyklaryň peýda bolmalydygyny, bu gymmatlyklaryň öz orny boljak täze siwilizasiýanyň döremelidigini aňladýar.

## 17.9. Globallaşmak we milli medeniýet

Ylmyň we tehnikanyň güýçli ösmegi bilen häzirki döwürde medeniýetleriň özara täsiri we gatnaşygy has ýygjamlaşdy. Jemgyýetiň ähli gurşawlarynda, şol sanda medeniýetde-de globallaşmak güýçlendi. Milli medeniýete ýok bolmak ýa-da dünýä ýüzüni gurşap alan global medeniýetiň doly täsirine düşmek howpy abandy. Şeýle şertlerde

dünýä halklarynyň, esasan hem, san taýdan kiçi milletleriň öňünde medeni ösüşde beýleki milletlerden yza galmazlyk, şol bir wagtyň özünde-de milli medeniýeti gorap saklamak zerurlygy döredi. Milli medeniýeti goramaklyk we ösdürmeklik köp derejede milli medeni miras hakynda edilýän aladalar bilen baglanyşykly. Medeni miras – bu ata-babalaryň müňýyllyklaryň dowamynda döreden milli gymmatlyklarydyr.

Türkmen milleti hem dünýäniň gadymy we milli mirasa baý halklarynyň hataryna girýär. Geçmişde türkmen milleti gözellikde deňi-taýy bolmadyk ahalteke atlary, alabaý itleri, sungat derejesine ýetirilen nepis halylary, milli egin-eşigi, şaý-sepleri, şadessanlarydyr dessanlary hem-de beýleki halk döredijilik eserleri, ajaýyp binalary, çuň pelsepä ýugrulan aýdymdyr sazlary bilen dünýä tanalypdyr. Dünýä halklary türkmeni döredijі we gurujy halk hökmünde tanapdyrlar.

Döwletsizlik, dagynyklyk ýyllarynda milli medeniýetine güýçli zarba urlan türkmen milleti döwlet Garaşsyzlygyna eýe bolandan soň medeni mirasyny dikeltmekde we ösdürmekde uly mümkinçiliklere eýe boldy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary bilen ýurdumyzyň paýtagtynda, welaýat merkezlerinde milli mirasy goramak, ündemek we öwrenmek bilen meşgullanýan döwrebap muzeýler guruldy. Merw, Köneürgenç, Nusaý taryhy ýadygärlikleri, «Görogly» şadessany, «Küştdepdi» tansçylyk sungaty ÝUNESKO-nyň «Dünýä Mirasy» sanawyna goşuldy.

Gymmatly medeni mirasy gorap saklamak üçin Türkmenistanda döwlet taryhy-medeni goraghanalaryň 8-si döredildi. Olaryň hataryna «Nusaý», «Abiwerd», «Gadymy Sarahs», «Gadymy Merw», «Köneürgenç», «Kerki», «Gökdepe» we «Gadymy Dehistan» goraghanalary girýär. Şeýle-de türkmeniň milli mirasyny öwrenmeklige bagyşlanan halkara ylmy maslahatlar ýygy-ýygydan geçirilip durulýar. Bu çäreler türkmen milli medeniýetiniň ösmegine, kämilleşmegine, umumadamzat medeniýetine öz goşandyny goşmaklygyna giň ýol açýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Bilimiň ylma öwrülmegi üçin ondan edilýän talaplary teswirlemäge çalşyň.
2. Ylmyň görnüşlerini tapawutlandyryň.
3. Ylmyň funksiýalaryny açyp görkeziň.

4. Ylmyň we önümçiligiň birleşmeginiň düýp manysyny düşündiriň.

5. Ylym bilen önümçiligiň birleşmeginde döwletiň ornuny kesgitlemäge çalşyň.

6. Häzirki zaman türkmen jemgyýetinde ylmy ösdürmegiň esasy ugurlary hakynda gürrüň beriň.

7. Ylmyň ösmeginde filosofiýanyň ornuny anyklaň.

8. Medeniýetiň esasy görnüşlerini häsiýetlendiriň.

9. Milli we umumadamzat gymmatlyklarynyň medeniýetiň ösüşindäki ähmiýetini kesgitläň.

10. Medeniýetiň we siwilizasiýanyň umumylyklaryny we tapawutlaryny ýüze çykaryň.

11. Globallaşmak şertlerinde milli medeniýeti goramagyň zerurlygyny esaslandyryň.

12. Halkymyzyň medeni mirasyny öwrenmek, gorap saklamak we ýaýratmak dogrusynda birmöçber işleriň alnyp barylýandygyny delillendiriň.

# XVIII. HALK KÖPÇÜLIGINIŇ WE ŞAHSYÝETIŇ TARYHDAKY ORNY

## 18.1. Taryhyň esasy güýçleri baradaky taglymatlar

Taryhyň filosofiýasy dünýä halklarynyň taryhy hereketini, onuň esasyny düzýän ýörelgeleri we kanunlary, jemgyýetde bolup geçýän sosial hadysalaryň sebäplerini öwrenýär. Jemgyýetiň meselelerini, dowam etmeginiň maksadyny seljerýär. Ol «Ynsan geçmişden we häzirki döwürden nämelere garaşmaly?» diýen soraga jogap bermäge çalyşýar. Taryhyň filosofiýasy jemgyýeti herekete getiriji güýçleri, onuň ösüş çeşmelerini anyklamaga ymtylýar.

Taryhy herekete getiriji güýç babatynda ylymda üç sany esasy garaýyş bar. Olaryň birinjisine laýyklykda, jemgyýet aýry-aýry şahsyýetleriň tagallasy, başarjaňlygy, aklynyň güýji, görkezen ýoly netijesinde ösýär. F. Nisşe, M. Ştirner, T. Karleýl ýaly filosoflar bu akymyň tarapdarlarydyr. Olaryň pikiriçe, adamlar köpçüliginiň – mähelläniň urjak guşy, tutjak awy bolmaz. Mähelle goýun mysalyn-

dadyr. Ol çopanyň – şahsyýetiň süren tarapyna gider. «Et» diýen işine eder. «Gaýt» diýen ýerinden gaýdar. Akymyň wekilleriniň pikirine laýyklykda, geçmiş seljerilende ýa-da häzirki döwür öwrenilende, ilki bilen, jemgyýetdäki aýry- aýry şahsyýetleriň mümkinçiliklerine, şahsy häsiýetlerine üns bermeli. Sebäbi şahsyýet halky yzyna düşürmäni, öňde belli bir maksat goýup, halky şoňa tarap alyp gitmegi, köpçüligiň agzyny bir edip, güýjüni belli bir ugra ugrukdyrmagy başarýar.

Jemgyýetiň ösüşini aýry-aýry beýik, üýtgeşik, adatdan daşary şahsyýetler bilen baglanyşdyrýan akyldarlar halkyň güýjüne, mümkinçiliklerine, başarjaňlygyna kembaha garaýarlar. Öňüne düşýän şahsyýetsiz halky baş-baratsyz mähellä deňeýärler.

Ikinji garaýyşa laýyklykda jemgyýet halkyň saýlantgy böleginiň – elitanyň tagallasy bilen ösdürilýär. Taryhyň hereketlendiriji güýji hem elitadyr. Bu taglymaty döredijileriň biri italýan sosiology B. Paretto (1848–1923) öz taglymatynda adamlaryň ilkibaşdan deň däldigi baradaky ynançdan ugur alýar. Paretto jemgyýetiň islendik gurşawynda beýleki adamlara garanyňda has ýokary netije görkezýän adamlara elita diýip at berýär. Onuň pikirine görä, islendik jemgyýetde we islendik sosial gurluşda elita bar. Ezmeklige daýanýan döwletde, demokratik döwlet hem jemgyýetde wajyp orun eýeleýän adamlar tarapyndan dolandyrylýar. Elitanyň esasyny düzýän şol adamlar taryhyň ugruny kesgitleýärler.

Elita bilen adamlar köpçüliginiň arasynda hemişe alyş-çalyş bolup durýar. Elitanyň talaplary ödäp bilmedik agzalarynyň bir bölegi «aşak düşüp», köpçülige goşulýar. Özleriniň başarjaňlygy, zehini, akyly bilen köpçülikde abraý gazanan adamlaryň bir topary bolsa elitanyň düzümine goşulýar. Oňa elitanyň aýlanyşygy diýip at berýärler. Elitanyň aýlanyşygy, düzümini täzeläp durmagy jemgyýetde sosial durnuklylygy üpjün edýär hem-de onuň ösmegine sebäp bolýar.

Elita taglymatyny döredijileriň ýene biri – italýan sosiology G. Moska (1853–1941) hem yza galak jemgyýetden başlap ösen jemgyýete çenli adamlar dolandyrylýan we dolandyrýan synplara bölünýärler diýen netijä gelýär. Jemgyýeti dolandyrýan adamlar jemgyýetiň ösüş ugruny, serişdelerini we ýollaryny kesgitleýärler. Oňa agza bolmak üçin jemgyýetdäki adaty adamlardan batyrlyk, baýlyk, sosial gelip çykyş, dolandyrmak başarjaňlygy, akyl, zehin, bilim ýaly

häsiýetler bilen tapawutlanmaly. Syýasy synpyň guramaçylygy, dolandyrmak sungaty, ideologiýa taýdan esaslandyrmak başarajaňlygy dolandyrylýan adamlar köpçüligine garanyňda has ýokary bolýar. Şol häsiýetler oňa jemgyýeti dolandyrmaklyga kömek edýär. Moskanyň pikirine görä, elita jemgyýetiň bitewiligini saklaýar, onuň bir hilden başga bir hile geçmegini üpjün edýär. Elita taryhyň hereketlendiriji güýji hökmünde çykyş edýär.

Nemes alymy R. Mihels (1876–1936) hem elita jemgyýetiň hereketlendiriji güýji hökmünde seredipdir. Ol halk köpçüligi jemgyýeti dolandyrmaga ukypsyz, şonuň üçin hem onuň göni demokratiýasy mümkin däl diýen netijä gelýär. Onuň pikirine görä, jemgyýetiň, onuň islendik edarasynyň ösüşi we işi boýun egmegi talap edýän ýokary gatlagyň emele gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Diňe şol gatlak jemgyýeti dolandyryp, onuň ösmegi üçin zerur şertleri döredip bilýär.

Üçünji garaýşyň wekilleri bolan G. Gegel, F. Engels, K. Marks ýaly nemes filosoflary bolsa taryhy hereketlendiriji güýç hökmünde halky ykrar edýärler. Onuň uly döredijilik güýjüniň bardygyna ynanypdyrlar.

## 18.2. Halkyň taryhy ösüşdäki orny

Taryhyň filosofiýasynyň predmetini açmaklyga köp sanly düşünjeler ýardam edýär. Şol düşünjeleriň esasysy halk düşünjesidir. Ol düşünje ylymda iki manyda ulanylýar. Birinji, sosial-filosofik manyda halk diýlende bir ýurduň çäginde ýaşaýan ilata düşünilýär. Ikinji, etniki manyda halk diýlende sosial umumylyň bir görnüşine – etnosa düşünilýär: türkmen halky, özbek halky we ş.m. Halkyň düzümi taryhy taýdan birmeňzeş däl. Onuň çylşyrymly gurluşy bar. Ol dürli sosial toparlardan, gatlaklardan, synplardan, indiwidlerden, beýleki sosial umumylyklardan durýar. Halkyň düzümine gurply adamlar-da, hor ýaşaýanlar-da orta ýaşaýanlar-da girýär. Olaryň her haýsysynyň umumylygyň düzüminde öz orny bar. Halkyň düzümi hemişe üýtgäp durýar. Dürlüdigine seretmezden düzüm bölekleriniň ählisiniň ykbaly halk bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Olar şol etnosyň ruhy we maddy gymmatlyklary bilen ömürlerini baglaýarlar. Ol gymmatlyklar halkyň düzüm bölekleriniň durmuş manysyny düzýär, halkyň bitewiligini üpjün edýär.

Halk taryhy dörediji, maddy we ruhy gymmatlyklary öndürüji güýç bolup çykyş edýär. Halk jemgyýetiň ösmegi we dowam etmegi üçin zerur bolan maddy eşretleri döredýär. Halkyň döredijilik işjeňligi, ilkinji nobatda, ykdysady ulgamda, maddy önümçilikde jemlenýär. Maddy önümçilik adamlaryň tebigy isleglerini kanagatlandyrmaklyga hyzmat edýär.

Halk köpçüligi ruhy gymmatlyklary döretmäge, olary ösdürmäge, kämilleşdirmäge ägirt uly goşant goşýar. Dünýä belli sungat eserleri halkyň döredijilik işiniň önümleridir. Halk mydama ruhy taýdan baý durmuşda ýaşaýar. Ol öz durmuş tejribesini, arzuwlaryny we umytlaryny şadessanlarda, ertekilerde, aýdymlarda we beýleki halk döredijilik eserlerinde beýan edýär.

Halkyň döreden sungat eserlerinde onuň geçen taryhyny görmek bolýar. Mysal hökmünde türkmen halysyny alyp göreliň. Ilki başda praktiki zerurlyk – düşek hökmünde dörän haly soňlugy bilen diňe düşek bolmaklygyny bes edýär. Ol türkmeniň ata-babalarynyň taryhy, duýgulary, arzuw-hyýallary ýazylan sungat eserine öwrülýär. Halyda gadymy oguzlaryň şanly ýeňişlerini, dabaraly toýlaryny, süýtden doldurylýan howuzlary görmek bolýar. Halkyna buýsanýan edermen oguz hanlarynyň keşplerini, türkmen tebigatyny, ondaky ösümlikleri, sähralyga ýaýylyp ýatan gülleri, al-asmanda pel-pelläp inýän guşlaryny synlamak bolýar. Halylarda beýan edilen halk dünýägaraýşyny, halkyň ahlak we estetiki ideallaryny okamak bolýar.

Ylmyň we sungatyň ilkinji esasyny halk goýýar. Ilkinji nagyşlardyr heýkeller halkyň zerurlygyndan döreýär. Halk oduň kuwwatly güýjüni açýar. Ony ulanmany öwrenýär. Ot onuň öýüni ýyladýar. Oduň kömegi bilen nahar bişirýär. Ojakda ýanyp, ot maşgalany daşyna jem edýär. Otlaryň bejeriş häsiýetlerini açan hem halk. Halkyň paýhasynyň kömegi bilen zähmet gurallary ýasaldy, kämilleşdirildi. Ol gurallar tebigat bilen gatnaşygynda adama artykmaçlyk berdi. Halkyň eşrepi ýaly ýygnap, nesilden-nesle geçiren ägirt uly paýhas gory ylmyň döremegine esas boldy. Halkyň döreden iňňän beýik gymmatlyklarynyň biri-de dildir. Dil ruhy medeniýetiň özenidir. Dilsiz medeniýet, medenýetsiz hem jemgyýet bolmaz. Dil adamlaryň gatnaşyk serişdesine öwrüldi. Halkyň toplan bilimi hem dilde jemlendi. Halk toplan bilimlerini, tejribelerini sözlere ornaşdyryp, olary diliň

kömegi bilen nesilden-nesle geçirmäni başardy. Halk diliň baýlygyny goraýar, ösdürýär we kämilleşdirýär.

Halkyň güýjüniň ýüze çykyşy sosial şertlere baglydyr. Jemgyýetiň ösüşinde halkyň güýjüniň ýüze çykyş şertleriniň hem üýtgemegi mümkin. Mysal üçin, totalitar düzgünlerde halkyň işjeňligi üzül-kesil peselýär. Ol töwrek-daşynda bolup geçýän hadysalara perwaýsyzlyk bilen garamany çykarýar. Sosial durmuşdaky işjeňligi peselýär. Demokratiýanyň çuňlaşmagy bilen halk köpçüliginiň jemgyýeti dolandyryş işine gatnaşmagy işjeňleşýär. Demokratiýanyň ýaýbaňlanýan häzirki zaman türkmen jemgyýetinde hem halk köpçüliginiň ähmiýeti hil taýdan özgerýär. Onuň jemgyýetdäki düýpli özgerişleri amala aşyrmakdaky ähmiýeti artýar. Binýat edilýän raýat jemgyýeti hem halk köpçüliginiň oýlanyşykly döredijiliginiň netijesidir. Onuň syýasy işjeňliginiň önümidir. Syýasy aňynyň we syýasy medeniýetiniň kämilleşmeginden nyşandyr. Halk döwletiň saýlawly wezipelerine dalaşgärleri saýlamaklyga, olary gözegçilikde saklamaga işjeň gatnaşýar. Onuň işjeňligi bilen ýurdumyzyň partiýa ulgamy kämilleşýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda köppartiýaly partiýa ulgamy hereket edýär.

Jemgyýetiň öňünde durýan wezipeler näçe kyn we çylşyrymly bolsa, halkyň hem işjeňligi, jemgyýeti üýtgetmäge gatnaşygy şonçada ýokarlanýar. Şonuň bilen birlikde taryhy ösüşiň tizligi-de artýar. Bu şeýle-de bolaýmaly. Sebäbi taryhy ösüşiň barşynda halk köpçüliginiň orny barha ýokarlanmaly. Bu jemgyýetçilik ösüşiniň kanunydyr. Demokratiýanyň ösmegi, adamlaryň hukuklarynyň we erkinlikleriniň giňemegi bilen halk köpçüliginiň, onuň düzüm bölekleriniň tijenmegine getirýär. Şu nukdaýnazardan jemgyýetde orny bolan her bir adam belli bir derejede taryhy prosesiň subýektidir, ony dörediјidir.

Filosofiýada halk düşünjesi bilen bilelikde adamlar köpçüligini aňlatmak üçin mähelle – adamlar toplumy adalgasy hem ulanylýar. Ýöne toplum halk däl. Olaryň arasynda düýpli tapawutlar bar. Toplum – bu adamlaryň bir ýerde we bir wagtda tötänlikde wagtlaýyn ýygnanan toparydyr. Onuň düzümindäki adamlaryň guramaçylykly bähbit bitewiligi we baglanyşygy bolmaýar. Toplum öz hereketine erk edip bilmeýär. Onuň hereketi-de tertipsizligi, oýlanyşyksyzlygy, özakymlaýynlygy bilen tapawutlanýar. Ol haýsy-da bolsa bir maksat goýmaga, şol maksada ýetmek üçin guramaçylykly hereket etmäge

ukypsyzdyr. Onda emosiýalar, adamlaryň anyklanmadyk, kesgitli talaplara geçirilmedik bähbitleri agalyk edýär. Toplumyň hereketine onuň ýagdaýyna oňat düşünýän lideriň täsir etmegi mümkindir. Lider başy-aýagy ýok, näme isleýänini anyk bilmeýän toplumy öz islegine, bähbidine laýyk ulanyp bilýär. Ol topluma ýolbaşçylyk edip, onuň gözsüz güýjüni islän ugruna ugrukdyryp bilýär. Öňüne düşýän öňbaşçy bolmadyk ýagdaýynda toplumyň bahasy gara şaýydyr. Onuň bitirjek işi bolmaz.

## 18.3. Halk we şahsyýet

Hiç bir şahsyýet, sosial gatlak ýa-da topar öz töweregine kömek, goldaw beräýjek giň halk köpçüligini ýygnaman, olaryň goldawyny gazanman jemgyýetde çuň özgertmeleri amala aşyryp bilmeýär. Jemgyýetdäki islendik başlangyç, özgertme halkyň goldawyna mätäç. Ol özgertmeler näçe çuňňur oýlanyşykly bolsa, olara gatnaşýan we olary amala aşyrýan halk köpçüliginiň mukdary hem şonça-da köp bolmaly. Jemgyýetçilik hereketine näçe köp adam gatnaşýan bolsa, onuň netijeleri-de şonça düýpli we berk bolýar.

Jemgyýet – özara baglanyşykly we özara täsirli, bir wagtda we bir ýerde ýaşaýan adamlar köpçüliginden ybarat bolan umumylyk. Onuň taryhy şol jemgyýeti düzýän adamlaryň ykdysady, syýasy we ruhy-medeni durmuşynyň ösüşi, olaryň arasyndaky sosial gatnaşyklaryň häsiýeti bilen baglanyşykly. Taryhy taryh edýän, ilkinji nobatda, şol jemgyýeti düzýän halk. Öz zähmeti bilen jemgyýetiň ýaşaýşy üçin zerur bolan maddy önümleri öndürýän hem halk. Öndürilen önümleri sarp edýän hem halk. Emma şol bir wagtyň özünde şahsyýeiň taryhy ösüşdäki ähmiýetini, eýeleýän ornuny hem inkär etmek bolmaýar. Sebäbi halkyň öňüne çykyp, ony täze ýeňişlere we üstünliklere tarap gönükdirýän şahsyýetler jemgyýeti ösüş ýoluna düşürýärler.

Şahsyýetleriň hem halkyň içinden çykýandygyny ýatdan çykarmaly däl. Olary öňbaşçy hökmünde ykrar edýän hem halk, onuň daşynda jebisleşip, yzyna eýerýän hem halk. Beýik şahsyýetleri taryhyň sahnasyna belli bir taryhy şertler ýüze çykarýar. Olaryň aň-paýhasyna, öňbaşçylyk ukybyna we başarnygyna köp zat bagly. Ýöne şahsyýetler hem öz pikirlerini we isleglerini diňe halkyň üsti bilen

amal edip bilýärler. Aýdaly, haýsy-da bolsa bir beýik serkerde öz ýeňişlerini söweşlerde taplanan mynasyp goşuny, şol goşuny düzýän müňlerçe esgerleriň edermenligi, gaýduwsyzlygy bolmadyk ýagdaýynda gazanyp bilermidi? Elbetde, gazanyp bilmezdi. Edil şonuň ýaly, syýasy ýolbaşçylar hem özleriniň syýasy maksatlaryny, durmuş özgertmelerini halka daýanyp, halkyň goldawy bilen amal edýärler.

Taryhyň dowamynda şahsyýetiň güýçli we gowşak taraplary ýüze çykýar. Taryh onuň nämeleri edip biljekdigini, nämelere bolsa güýjüniň ýetmejekdigini görkezýär. Şahsyýetiň oňat we ýaramaz taraplarynyň ikisem örän uly sosial mazmuna eýe. Olar halkyň, milletiň, hatda tutuş adamzadyň ýaşaýşyna, ykbalyna täsir etmäge ukyply.

Taryhda esasy we kesgitleýji güýç aýratýnlykda alnan adam däl-de halkdyr. Adamyň sosial güýji halk bilen baglanyşykdadyr. Ýöne halk bilen berk gatnaşykda bolmagy, halkyň näme isleýänini bilmegi diňe beýik şahsyýetler başarýar. Şahsyýetiň hereket ediş çägi we sosial güýji jemgyýetçilik şertleri tarapyndan kesgitlenýär. Ýöne şol bir wagtyň özünde-de şahsyýetiň indiwidual aýratynlyklarynyň ýüze çykmagy üçin jemgyýetde ýeterlik giňişlik galýar. Şahsyýet özüniň başarjaňlygy, zehini, guramaçylyk ukyby bilen jemgyýetiň bir hilden täze bir hile ýeňillik bilen geçmegine kömek edip bilýär. Şahsyýet adamlary täze, kyn, beýik işlere ruhlandyryp, olaryň gizlengi güýçlerini tijäp bilýär. Geçiş döwrüni başdan geçirýän jemgyýetde adamlary yzyna düşürip biljek şahsyýetiň bolmazlygy, täze jemgyýeti gurmakda düýpli kynçylyklaryň ýüze çykmagyny şertlendirýär. Şeýlelik bilen, jemgyýetiň ösmegi we kämilleşmegi üçin halk köpçüligi bilen şahsyýetiň bilelikdäki hereketi zerurdyr.

## 18.4. Harizmaly şahsyýet

Aýratyn adam taryhy wakalaryň akymyna täsir edip bilermi? Eger taryhy gutulgysyz, hökman bolup geçmeli hadysa diýen pikirden ugur alynsa we onda örän berk, täsir edip bolmajak kanunlar hereket edýär diýip ynanylsa, onda «ýok» diýip jogap bermeli bolýar. Şahsyýetiň taryhda yz galdyryp biljegini inkär etmeli bolar. Ýöne taryh göni çekilen tekiz ýol däl. Onuň çarkandaklary, öwrümleri ýeterlik. Onda öňegitmeler yzagaýtmalar bilen çalşyp durýar. Jemgyýetiň

ösüşinde tebigatdaky ýaly yza gaýtmasyzlyk hem ýok. Jemgyýetde her bir sosial meseläni, hadysany çözmek üçin dürli usullary, ýollary saýlamak hem mümkin. Saýlaw bilen baglylykda sosial prosesleriň çepdäki ýoly bilen däl-de sagdaky ýoly bilen gitmek hem bolar. Saýlawlylyk adamlara köp ugurlylyk berýär. Jemgyýetiň ol ýa-da beýleki ýol bilen gitmegi dürli sebäpler, tötänlikler ýa-da zerurlyklar bilen baglylykda halkyň öňüne düşen aýratyn şahsyýetleriň hereketlerine, şol pursatda bar bolan mümkinçilikleriň haýsynyň ulanyljakdygyna bagly bolup bilýär.

Taryhy halk döredýär. Ýöne jemgyýetiň aýratyn sosial toparlary – elitasy ýa-da şahsýetler özleriniň sosial derejeleri, häkimiýete ýakynlygy, ýokary guramaçylygy ýa-da tötänleýin dörän sosial şertler, sebäpler bilen baglylykda taryhy prosesiň akymyna ýeterlik derejede täsir edip bilýärler. Taryhy wakalaryň çürbaşynda peýda bolan adamlar – syýasy liderler, harby serkerdeler, ruhanylar we ş.m. çözgütleri kabul edýärler, buýruklary berýärler, şertnamalara gol çekýärler. Olaryň şahsy erki bu çäreleriň, wakalaryň akymyna ep-esli derejede täsir edýär. Ol täsiriň oňyn ýa-da ýaramaz häsiýetde bolmagy mümkin. Adamzadyň ruhy-medeni taryhyna göz aýlasaň, onda şahsy, indiwidual faktor aýyl-saýyl bolup öňe geçýär. Adamzadyň ruhy taryhynda aýgytlaýjy orun halk köpçüligine däl-de, aýratyn şahsyýetlere degişlidir.

Taryhyň, jemgyýetiň ösüşine täsir edýän şahsyýetleriň bir görnüşi harizmaly şahsyýetlerdir. Harizmaly şahsyýetler jemgyýetde belli bir taryhy şertler kemala gelende anyk taryhy wezipeleri çözmek, anyk maksatlara ýetmek üçin döreýär. Harizma (grekçe charisma – Hudaý tarapyn berlen zehin) – bu bir adamy beýlekilerden güýçli tapawutlandyrýan Hudaý, tebigat tarapyndan berlen häsiýet. Harizmaly şahsyýetler durmuşdaky düýpli kynçylyklary çözmekligiň özboluşly ýoluny salgy berýän gahrymanlardyr, ýiti zehinlilerdir. Halkyň içinden çykyp, durmuşy doly üýtgetmeklik ugrunda göreşýän pygamberlerdir. Oguz han Türkmen, Muhammet pygamber, Osman gazy, Pýotr I, Beýik Karl we beýlekiler harizmaly şahsyýet hökmünde ykrar edilen şahsyýetlerdir.

Harizma häsiýetine eýe bolan adam hiç hili düzgünlere, ölçeglere boýun egmeýär. Bu ýagdaý harizmaly şahsyýetiň aýratyn häsiýetlerine bolan aýratyn ynam bilen düşündirilýär. Harizmaly gatnaşykla-

ryň döremegi üçin diňe harizma eýe bolmak ýeterlik däl. Munuň üçin adamlaryň ony ykrar etmegi zerur. Harizmaly gatnaşyklaryň şertli häsiýeti, adatça, oňa gatnaşýanlar tarapyndan aňlanylmaýar. Şeýle ýagdaýda şahsyýet özüniň aýratyn ornuna ynanýar. Onuň yzyna düşýänler hem oňa ynanýarlar.

Harizmaly şahsyýet, köplenç ýagdaýda, sosial-syýasy krizis şertlerinde döreýär. Çökgünlik döwründe köpçüligiň ruhy isleglerini bilýän şahsyýetler peýda bolýar. Halk olara adatdan daşary häsiýetleri berýär. Harizmaly şahsyýet dowam edýän köne sosial düzgünleriň ornuna täze jemgyýet gurmaga çalyşýar. Adamlaryň ykrar etmegi we onuň yzyna eýermegi üçin harizmaly şahsyýetiň hemişe beýik işleri amal edip durmagy gerek. Onuň beýik işleriniň gutarmagy bilen halkyň şahsyýete bolan ynamy-da gutarýar. Şonuň bilen bilelikde harizmaly şahsyýetiň täsiriniň esaslary-da çagşaýar.

Jemgyýetiň çuň ykdasydy çökgünlige düşüp, adamlaryň kyn günlerden çykalga agtarýan günlerinde orta çykýan harizmaly şahsyýetiň adamlary özüne bakdyrar, yzyna düşerer ýaly aýratyn häsiýetleri bolýar. Ol häsiýetler harizmaly şahsyýeti beýleki adamlardan üzül-kesil tapawutlandyrýar. Şol häsiýetleriň esasylary hökmünde ynanjy, batyrlygy, at-abraýy, dilewarlygy, duýgurlygy görkezmek bolar.

Harizmaly şahsyýetiň esasy häsiýeti ynançdyr. Harizmaly şahsyýetiň ähli aýdýan zatlaryna ilat ynanýar. Ol iň bir gödek, ýerine ýetirilmegi mümkin däl, bulaşyk zatlary-da halk ynanar ýaly edip aýtmagy başarýar. Aýdýan zatlaryna diňe halk däl, eýsem şahsyýetiň özem ynanýar. Onuň öz aýdanlaryna we özüniň hemişe dogrudygyna bolan berk ynamy beýleki adamlaryň hem onuň sözlerine, özüne ynanmagyna sebäp bolýar.

Harizmaly şahsyýetiň akyl-paýhasy hiç kimiňkiden kem bolmaýar. Ýöne onuň batyrlygy we erki aklyndan artyk bolýar. Ol sözde we hereketde batyrgaý bolmagy başarýar. Harizmaly şahsyýet jemgyýetiň iň bir wawwaly meselelerini gozgap, olary çözmegiň ýollaryny salgy berýär. Hödürlenýän çözgüdiň ýalňyş, amala aşyrylmagy mümkin däl bolmagy hem ähtimal. Ýöne ol harizmaly şahsyýetiň agzyndan ynandyryjy ýaňlanýar. Onuň öňde goýýan maksadyna tarap bütin erkini jemläp, tutanýerlilik bilen hereket etmegi şahsyýetiň at-abraýynyň ýokary galmagyna sebäp bolýar. Abraýly, hormatly

adam başgalary özüne tabyn edip bilýär. Ol öňde goýan maksadyna ýeňillik bilen ýetmegi başarýar. Harizmaly şahsyýetiň abraýy sosial status bilen baglanyşykly bolmaýar. Ol abraý şahsyýetiň özüne bendi edýän, özüne çekýän, ynanç döredýän häsiýetlerinden, sypatlaryndan gelip çykýar.

Harizmaly şahsyýetiň esasy häsiýetleriniň biri-de onuň dilewarlygy we duýgurlygy bilen baglanyşykly. Ol öz pikirlerini adamlara düşnükli, sada dilde, özüne çekiji edip aýtmagy başarýar. Onuň duýgurlygy bolsa adamlaryň näme isleýändiklerini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Ol ýygnanan adamlara kesbi-käri, ýaşaýş keşbi, ýaşy, bilim derejesi we beýleki aýratynlyklary bilen baglylykda olaryň isleýän zatlaryny aýdýar we wada berýar.

Harizmaly şahsyýet özüne halk köpçüligini nähili derejede tabyn eden bolsa, onuň özü-de halk köpçüliginden şonça garaşly bolýar. Harizma häsiýetleri näçe güýçli bolsa-da, onuň ýeke özi taryhyň akymyna täsir etmekden ejiz gelýär. Onuň üýtgeşik häsiýeti diňe halk goldanda ýüze çykýar. Şeýlelikde, şahsyýet we halk köpçüligi taryhy prosesiň gapma-garşylykly iki sany taraplary bolup, taryhyň hereketini we mazmunyny kesgitleýärler.

## 18.5. Taryhy şahsyýet

Islendik halkyň, jemgyýetiň, döwletiň taryhyna ser aýlanylanda, taryhy aýratyn şahsyýetler amal eden ýaly bolup görünýär. Olar halky jemleýärler, bitewileşdirýärler, öňde maksat goýup, şol maksada tarap alyp gidýärler. Ýöne hakykat ýüzünde taryhy halk amal edýär. Öňde goýlan maksady amal edýän, jemgyýetde taryhy özgerişleri durmuşa geçirýän halkdyr. Halkyň öňüne düşüp, olara ýolbaşçylyk edýän adamlara taryhy şahsyýetler diýilýär. Taryhy şahsyýetler taryhyň ösüşiniň kesgitleýji pursatlarynda orta çykýarlar. Halky öňe alyp gitjek güýje öwrülmekleri üçin olarda düýpli kynçylyklary çekip biljek ruhy güýç-kuwwat jemlenýär.

Taryhy şahsyýet düşünjesi şahsyýetiň eden işlerininiň örän uly taryhy wakalar bilen baglanyşygyny häsiýetlendirýär. Ol şahsyýet taryhda özüniň işleri, geçiren özgertmeleri bilen yz galdyrýar. Ol yzlaryň düýpli ýa-da ýüzleý bolmagy mümkin. Taryhy şahsyýet düşünjesi

diňe jemgyýetde oňyn iş eden, halk üçin peýdaly özgertmeleri amal eden, Watanyny goran adamlar babatynda däl, eýsem millionlarça adamlaryň gyrylmagyna sebäp bolan Çingiz han, Aleksandr Makedonly, Napoleon Bonapart, Adolf Gitler ýalylar babatynda-da ulanylýar. Şeýtmek bilen taryhyň filosofiýasy olaryň adamzat taryhyna ýaramaz bolsa-da täsir edendiklerini, olaryň işlerinden taryhy sapak almak boljakdygyny ykrar edýär.

Beýik şahsyýetler jemgyýetiň ösüşinde düýpli yz galdyran adamlardyr. Olaryň bitiren işleri progressiw ýa-da regressiw häsiýetde bolup biler. Şonuň bilen baglylykda beýik şahsyýetler hem ynsanperwer, hem zalym häsiýetli bolýarlar.

Ynsanperwer beýik şahsyýetleriň hataryna diňe bir syýasy liderler, serkerdeler däl, eýsem alymlar, nakgaşlar, heýkeltaraşlar, şahyrlar, ýazyjylar, adamzat üçin düýpli oňatlyklary amal eden beýleki adamlar hem girýär. Olar halk köpçüligiň göwnünden turýan ynsanperwer işleri durmuşa geçirmek bilen şöhrat, abraý we meşhurlyk gazanýarlar. Beýik şahsyýet milliligiň we döwrüniň çygryndan çykyp, umumadamzat gymmatlyklary goramagy, geljekde bolup biläýjek zatlary öňünden görmegi başarýar. Ynsanperwer beýik şahsyýetlere mahsus bolan bu häsiýet kähalatlarda olaryň döwürdeşleri tarapyndan kabul edilmezligine, hatda ýazgarylmagyna-da sebäp bolýar. Olaryň öňe süren käbir pikirleri, ideýalary diňe wagtyň geçmegi bilen düşnükli bolýar. Türkmen akyldary Magtymguly Pyragy şeýle beýik şahsyýetdir. Magtymguly Pyragy dagynyklykdan, döwletsizlikden ejir çeken külli türkmen halky üçin umumy bolan, bitewileşdiriji Gymmatlyk derejesine göterilen beýik şahsyýetdir. Onuň öňe süren pikirlerinde diňe bir milli däl, eýsem umumadamzat gymmatlyklary-da jemlenen.

Aristotel, Platon, Muhammet pygamber, Ibn Sina, Leanardo da Winçi we beýlekiler ynsanperwer beýik şahsyýetler hökmünde dünýäde ykrar edildi. Olaryň bitiren işleri diňe bir öz jemgyýetlerine, öz döwürlerine däl, eýsem beýleki jemgyýetlere we soňky döwürlere hem täsirini ýetirdi.

Jemgyýetçilik ösüşine aýgytly täsir edip bilýän taryhy şahsyýetleriň ýuze çykmagy köp sebäplere bagly. Ol ýa-da beýleki bir adamyň taryhy şahsyýet hökmüňde ýuze çykmagyna täsir edýän sebäpleriň esasylary hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

• şahsyýetiň dörän we hereket edýän jemgyýetiniň ösüş derejesi, onuň jemgyýetçilik gurluşy, däpleri, dessurlary, kanunlar we ş.m.;

• jemgyýetiň şol pursatdaky ýagdaýy: ykdysady, syýasy, sosial we ruhy-medeni taýdan durnuklylygy, ösüşi, jemgyýetiň hereketiniň progressiwligi ýa-da regressiwligi we beýlekiler;

• onuň töweregindäki goňşy jemgyýetleriň ykdysady, syýasy, ruhy-medeni aýratynlyklary;

• taryhy pursadyň belli bir hereketleri amal etmek üçin amatlylygy ýa-da amatly däldigi;

• orta çykan şahsyýetiň akyl-paýhasy, tutanýerliligi, guramaçylyk ukyby, talapkärligi, erki, seljeriş ukyby, jemgyýetdäki sosial hadysalara, proseslere dogry baha berip bilmekligi, maksat goýmaklygy başarmaklygy, özüniň töweregine mynasyp egindeşleri, pikirdeşleri jemläp bilmeklik ukyby, ahlak ýörelgeleri we beýleki aýratynlyklary;

• jemgyýetiň şeýle şahsyýete bolan zerurlygy.

Taryhy şahsyýetiň peýda bolmagy, bir tarapdan, jemgyýetiň özünde şeýle şahsyýete bolan islegiň döremegi bilen, ikinji tarapdan bolsa, şahsyýetiň özünde ýolbaşçylyk-harizmalyk aň-paýhasynyň, ukyplarynyň we başarnyklarynyň bolmagy bilen bagly. Şeýle şahsyýete jemgyýetçilik mätäçligini bolsa belli taryhy şertler we pursatlar döredýär. Ol ýa-da beýleki döwlet baştutanynyň hemmeler tarapyndan ykrar edilýän, hormatlanýan görnükli syýasy lider bolup ýetişmegi, ilkinji nobatda, onuň saýlap alan ösüş ýoly, il-ýurt bähbitli durmuşa geçirýän reformalary, jemgyýetde adamyň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin zerur şertleri döredip bilmekligi ýaly sosial syýasaty kesgitleýär. Taryhy şertleriň we zerurlygyň bolmadyk ýagdaýynda ol şahsyýetleriň öz ukyplaryny ýaramaz işler üçin ulanmaklary hem mümkindir.

Taryhy şahsyýet we beýik şahsyýet düşünjeleri özara baglanyşykly düşünjelerdir. Olaryň belli bir şertlerde birek-biregine geçmegi mümkindir. Mysal üçin, Alp Arslan şol bir wagtyň özünde hem beýik, hem taryhy şahsyýetdir. Ýöne şeýle deň gelmelik hemişe bolmaýar.

Türkmeniň milli aňyýetinde şahsyýete esasy orun berilýär. Onda jemgyýeti, döwleti dolandyrmakda, ösdürmekde öňbaşçy şahsyýetiň, syýasy lideriň işine, hereketine, akyl-paýhasyna, öňdengörüjiligine köp zadyň baglydygy tekrarlanýar. «Baş bolmasa, göwre läş», «Müň işçiden – bir başçy», «Serdarym – arkadagym» ýaly nakyllarda

jemgyýetiň syýasy-ykdysady durmuşynda öňbaşçylyk edýän serdaryň uly ähmiýetiniň, ornunyň, bardygy tekrarlanýar. Gahrymançylykly «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly» şadessanlarynda hereket edýän baş gahrymanlar halky täze sepgitlere eltýän şahsyýetler hökmünde suratlandyrylýar. Taryhda görnükli yz galdyran asly türkmen Mahmyt Gaznaly, Çagry beg, Togrul beg, Alp Arslan, Mälik şa, Soltan Sanjar, Ärtogrul gazy, Baýram han, Nedir şa, Gowşut han ýaly ägirtlere türkmen milli filosofiýasy ýokary baha berýär. Olary göreldelik derejesine göterýär.

Geçmişde jemgyýetçilik ýaşaýşynda bir serdara uýmak, bir agza bakmak ýörelgesi türkmen halkynyň esasy döwletlilik ýörelgesi bolupdyr. Halkymyz şol ýörelgeden ugur alyp ýaşanynda nusga bolarlyk işleri amal edipdir. Uly-uly döwletleri gurupdyr. Dünýä medeniýetine mynasyp goşant goşupdyr. Türkmeniň ady dünýä dolupdyr. Bu ýörelge milli Garaşsyzlygymyza eýe bolanymyzdan soň, ýene-de dikeldildi. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüni peşgeş beren hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow dünýäde ykrar edilen milli Liderdir, türkmen halkynyň arkadagydyr. Arkadag Prezidentimiz özüniň zähmetsöýerligi, tutanýerliligi, öňdengörüjiligi, jemgyýetiň ähli ugurlarynda durmuşa geçirýän ynsanperwer özgertmeleri bilen ähli halkyň çuňňur söýgüsine mynasyp boldy. Milli Liderimiziň alyp barýan ynsanperwer syýasaty dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan gyzgyn goldanylýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Taryhy herekete getiriji güýçler baradaky esasy taglymatlar hem-de olaryň tapawudy barada gürrüň beriň.
2. Halk düşünjesini filosofik nukdaýnazardan teswirläň.
3. Halk köpçüliginiň maddy we ruhy gymmatlyklary döretmekdäki ornuny kesgitläň.
4. Halkyň güýjüniň ýüze çykyş şertlerini açyp görkeziň.
5. Halk bilen mähelläni – adamlar toplumyny tapawutlandyryň.
6. Halk bilen şahsyýetiň taryhdaky özara baglanyşygyny subut etmäge çalşyň.
7. Harizamly şahsyýetiň döremeginiň şertlerini, onuň esasy häsiýetlerini sypatlandyryň.

8. «Taryhy şahsyýet» we «beýik şahsyýet» düşünjelerini tapawutlandyrmaga çalşyň.

9. Taryhy şahsyýetleriň ýüze çykmagynyň şertlerini häsiýetlendiriň.

10. Türkmen taryhynda şahsyýetleriň orny hakynda maglumatnama taýýarlaň.

11. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň liderlik häsiýetlerini şöhlelendirýän maglumatlaryň delillerini toplaň.

# XIX. SOSIAL PROGRES WE TARYHYŇ MANYSY

## 19.1. Taryhyň manysy we sosial ösüş

Jemgyýetiň ösüşi düşünjesi diňe häzirki wagtda ýaşaýan adamlara däl, eýsem ýaşap öten we geljekki nesillere degişli meseleleri hem öz içine alýar. Jemgyýetiň ösüşiniň şu gününe düşünmek üçin onuň düýnki günde nähili ýagdaýda bolandygyny bilmeli. Jemgyýetiň ertirki günde nirä barjakdygyna göz ýetirmek üçin bolsa onuň şu günki ýagdaýyny seljermeli. Jemgyýetde haýsy prosesleriň öňe geçip, haýsylarynyň ikinji, üçünji derejelä öwrülýändigini anyklamaly. Başgaça aýdanda, jemgyýeti taryhy, şu güni we geljegi bilen bitewilikde seljermeli. Onuň ösüş, özgeriş ugurlaryny ýüze çykarmaly. *Jemgyýetiň ösüşi, özgerişi, onuň düýnküden bu gün, bu günküden ertir kämil bolmagy taryhyň manysyny düzýär.*

Eýsem ösüş, özgeriş diýlende nämelere düşünilýär?

*Sosial özgeriş tutuş jemgyýetiň ýa-da onuň bir böleginiň bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçmegini aňladýar. Jemgyýetiň hil taýdan düýpli üýtgemegine sebäp bolýan özgerişlere bolsa sosial ösüş diýilýär*.

Tebigatda ösüş yzyna gaýtaryp bolmaýandygy bilen tapawutlanýar. Ol ösüş obýektiwdir. Adama garaşly däldir. Ony üýtgedip bolmaýar. Ýöne jemgyýetçilik ösüşi hem üýtgewsizdir, şol bir çyzyk boýunça hereket edýändir diýip aýtmak bolmaz. Sebäbi sosial ösüş diňe bir öňe tarap hereketi däl, eýsem yza tarap hereketi hem aňladyp bilýär.

Mongol çozuşynyň öň ýanynda häzirki Türkmenistanyň çäginde imperiýa derejesine ýeten Horezmşalar – Annuş Teginler türkmen

döwleti bardy. Ol döwlet ylym-bilim, ykdysadyýet, medeniýet boýunça dünýäniň iň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna girýärdi. Ýurduň çäginde mekdepler, medreseler, kerwensaraýlar, kitaphanalar, önümçiligiň dürli görnüşlerine degişli ussahanalar işleýärdi. Ajaýyp binalar gurulýardy. Ylma, bilime, sungata howandarlyk edilýärdi. Mongol çozuşyndan soň jemgyýetiň ykdysady, syýasy, sosial, runy-medeni gurşawlaryndaky mirasageçijilige güýçli zarba urulýar. Türkmenistanda ýaşaýan türkmenler uzak ýyllaryň dowamynda özlerine gelip bilmeýär. Olaryň aglabasy guma çekilip, ata-babalarynyň meşgullanan çarwaçylyk kärini ýöredip başlaýarlar. Çarwaçylyk kärine dolanmaklyk ozal dünýäniň dürli künjeklerinde döwlet baryny gurup, ylym-bilim bilen meşgullanyp ýören türkmenler üçin jemgyýetçilik ösüşinde yza gaýtgynlygy aňlatsa-da, ol türkmen halkynyň gaty kyn şertlerde ýaşaýşyny dowam etdirmäge mümkinçilik berýär. Şeýle mysallar diňe bir türkmen halkynyň taryhynda däl, eýsem beýleki halklaryň tarynda-da näçe diýseň bar. Bu ýagdaý taryhda jemgyýetiň ösüşiniň diňe öňegidişliklerden ybarat bolman, eýsem onda yza gaýtgynlyklaryň hem bardygyndan habar berýär.

## 19.2. Progres ideýasy

Jemgyýetçilik ylymlarynda *öňe, aşakdan ýokarlygyna, ýöntemlikden kämillige tarap gidýän ösüşe progres diýilýär. Ol tersine özgermeýän hil üýtgeşikligidir. Yza gaýtgynlyk bolsa regresdir*. Ýöne şu ýerde progres düşünjesi bilen regres düşünjesiniň özara berk baglanyşyklydygyny ýatdan çykarmaly däl. Jemgyýetde arassa görnüşli progres ýa-da regres ýok. Jemgyýetçilik durmuşyndaky käbir prosesleriň, hadysalaryň jemgyýetiň bir ýerinde progres, beýleki ýerinde bolsa regres bolmagy mümkin. Mysal üçin, häzirki zaman dünýäsindäki ylmy-tehniki rewolýusiýa ykdysadyýetiň güýçli ösmegine, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna, adamlaryň maddy hal-ýagdaýlarynyň oňatlaşmagyna sebäp boldy. Ýöne şol bir wagtyň özünde-de ylmy-tehniki rewolýusiýa adamzadyň tebigat bilen gatnaşygyndaky deňagramlylygy bozdy. Tebigata uly zyýan ýetirdi. Ekologiýa ýagdaýyny ýaramazlaşdyrdy.

Hadysalary, prosesleri progres hasaplamak üçin onuň ölçeglerini anyklamak zerur. Progresiň ölçegleri babatynda alymlaryň arasynda dürli garaýyşlar bar. Olaryň esasylarynyň biri progresi adam aňynyň ösüşi bilen baglanyşdyrýar. XVIII asyr fransuz magaryfçylary adam aňynyň ösüşine jemgyýetçilik progresi hökmünde seredipdirler. Olaryň pikiriçe, jemgyýetdäki ähli nogsanlyklaryň baş sebäbi adamlaryň bilimsizligidir, aňynyň ösüşiniň derejesiniň pesligidir. Bilimsizlik garyplyga, ezýetlere, ezişlere alyp barýar. Bilimsizlik adamzadyň tebigy hukuklarynyň bozulmagyna getirýär. Bilimi ösdürmek arkaly jemgyýetdäki ähli kemçilikleriň soňuna çykyp bolýar.

Ikinji garaýyşa laýyklykda jemgyýetçilik progresiň esasy ölçegi öndüriji güýçlerdir. Adam zähmet gurallaryny kämilleşdirmek arkaly tebigy güýçleri öz peýdasyna ulanmaklygy öwrenýär. Öndüriji güýçleriň ösüşi diýmeklik zähmet öndürijiliginiň artmagyny, adamlaryň ýaşaýşy üçin zerur bolan önümleriň köp öndürilmegini, onuň özüni kämilleşdirmek üçin zerur bolan wagtyň tygşytlanmagyny, hal-ýagdaýlarynyň gowulaşmagyny aňladýar. Bu garaýşyň tarapdarlary diňe öndüriji güýçlere ösmäge mümkinçilik berýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny progressiw hasaplaýarlar. Öndüriji güýçleriň ösüşine bökdençlik döredýän jemgyýetçilik gatnaşyklary bolsa regresiwdir. Sebäbi olar öndüriji güýçleriň merkezinde duran adamyň kämilleşmegine päsgel berýär. Bu garaýşyň garşydaşlaram ýeterlik. Olaryň pikiriçe, öndüriji güýçleriň we önümçiligiň progresi hemişe jemgyýetiň ösüşindäki progresi aňlatmaýar. Maddy önümçiligiň ösüşiniň ýokary depgini käwagtlar jemgyýet agzalarynyň diňe lezzet ugrunda kowalaşmagyna we ruhy dünýälerini ýatdan çykarmagyna getirýär. Jemgyýetiň ruhy medeniýeti zaýalanýar – degradasiýa düşýär we çökýär.

Üçünji garaýyş progresiň ölçegi hökmünde erkinligi ykrar edýär. Bu garaýşyň tarapdarlary jemgyýetde bolup geçýän hadysalara, proseslere erkinlik nukdaýnazaryndan seredýärler. Olar adamyň erkinliginiň çägini giňeldýän bolsa, progresiwdirler. Sebäbi erkin jemgyýetdäki erkin şahsyýet özündäki döredijilik, intellektual, ahlak häsiýetlerini ösdürmäge mümkinçilik alýar. Adamyň erkinligini gysýan, oňa ýol bermeýän islendik sosial hadysa regressiwdir.

Başga bir garaýyş boýunça progresiň ölçegi ynsanperwerlikdir. Bu garaýşyň wekilleri adamyň ýaşaýşy üçin oňaýly şertleriň döredilen ýagdaýynda jemgyýetiň kämilleşjekdigine berk ynanýarlar. Olaryň pikirine görä, adamlaryň bähbitleri näçe oňat we doly kanagatlandyrylsa, jemgyýetdäki gatnaşyklar hem şonça ynsanperwerlige, ýokary ahlak duýgularyna ýugrular. Olaryň syýasy, ykdysady, ruhy we maddy işlerem şonça köp görnüşli bolar. Bu garaýşy goldaýan alymlar üçin jemgyýetde ynsanperwerligi ösdürmeklige ýardam berýän islendik hereket progresdir.

## 19.3. Ewolýusiýa, rewolýusiýa, reforma

Jemgyýetde ösüşler, özgerişler esasan ýuwaş-ýuwaşdan, tapgyrma-tapgyr, ewolýusion ýol bilen bolup geçýär. Ewolýusiýa gyssanmaçlygy, böküşleri halamaýar. Onuň esasy häsiýetleriniň biri-de üznüksizlikdir. Ewolýusion ösüşde jemgyýetdäki sosial toparlaryň, gatlaklaryň, synplaryň, düzgünleriň, kadalaryň, gymmatlyklaryň we ş.m. üýtgemegi, başga hile geçmegi üçin uzak wagt gerek bolýar. Üýtgeýiş, özgeriş mirasageçijilige, öň döredilen gymmatlyklara esaslanýar.

Jemgyýetiň, esasan, ewolýusion görnüşde ösýändigi üçin ylymda «jemgyýetiň ösüşi» diýen düşünje bilen bir hatarda onuň bilen manydaş «sosial ewolýusiýa» adalgasy-da ulanylýar. Jemgyýetiň ewolýusion ösüşi adamlaryň ösýän, özgerýän gatnaşyklara uýgunlaşmagy üçin oňaýlydyr. Sosial ewolýusiýa dowam edýän jemgyýetçilik gurluşyny ösdürmekligi göz öňünde tutýar. Jemgyýetçilik ylymlarynda ewolýusiýa bilen birlikde «reforma» düşünjesem köp ulanylýar. Jemgyýetiň ewolýusion ösüşi obýektiwdir. Ol adam goşulmazdan özakymyna bolup geçýär. Reformalar – özgertmeler adamlaryň goşulmagyny talap edýär. Olary döwletiň, önümçilik pudaklarynyň, kärhanalaryň başynda duran adamlar, syýasy partiýalar öňden düzülen meýilnama esasynda geçirýärler. Reformalar geçirilýän wagty bilen baglylykda uzak ýa-da gysga möhletli, öňde goýýan maksatlary boýunça düýpli ýa-da ýüzleý bolup biler. Öňde goýlan maksatlaryna ýeten reformalar şowly, ýetmedikleri hem şowsuz hasaplanýar. Reformalar dowam edýän jemgyýetçilik gurluşy üýgetmezden sosial durmuşyň haýsy-da bolsa bir tarapyny üýtgedip gurmaklygy göz öňüne tutýar.

Käbir taryhy şertlerde ösüş rewolýusion häsiýetde hem bolup bilýär. Dolandyryjylaryň täzeçe dolandyryp bilmezligi, dolandyrylýanlaryň bolsa köneçe ýaşamak islemezligi rewolýusiýalaryň bolmagyna sebäp bolýar. *Rewolýusion ösüş jemgyýetçilik durmuşynda gaty gysga döwürde bolup geçýän düýpli özgerişlikler we öwrülişikliklerdir*. Ol gysga döwrüň dowamynda jemgyýetiň sosial gurluşyny ýykmagy we onuň ornuna hil taýdan täze jemgyýetçilik gurluşyny gurmagy göz öňünde tutýar. Rewolýusiýanyň dowamynda jemgyýetiň gurluşynda düýpli özgerişler bolup geçýär. Jemgyýetiň ykdysady, syýasy, sosial we ruhy durmuşy üýtgeýär.

Rewolýusiýalar amal ediliş usuly boýunça parahatçylykly ýa-da gandöküşikli bolýar. Biz gandöküşikli rewolýusiýa 1917-nji ýylda bolup geçen oktýabr rewolýusiýasyny mysal getirip bileris. Ol rewolýusiýada we rewolýusiýadan soňky geçirilen rewolýusion özgerişlerde gaty kän adamlar pida boldy. Köp maşgalalaryň ykbaly syndy. Bu pajygaly wakany türkmenler hem başdan geçirdi. Müňlerçe adamlar ýurtdan çykmaga mejbur edildi. Köp adamlara dürli aýyplamalar esasynda ölüm jezasy berildi ýa-da sürgün edildi. Millilige öwezini dolup bolmajak zyýan ýetirildi.

SSSR döwletiniň synmagy bolsa otnositel parahatçylykly rewolýusiýa arkaly amal edildi.

Sosial rewolýusiýalar jemgyýetçilik ösüşiniň hökmanylyk häsiýeti däldir. Jemgyýeti düýpli özgertmegiň wagtynyň gelendigine akyl ýetiren ýagdaýynda jemgyýeti dolandyrýan adamlar jemgyýetçilik gurluşynyň esasyny üýtgetmäge gönükdirilen reformalar arkaly rewolýusiýalaryň öňüni alyp bilýärler. Şeýle özgerişlere jemgyýetçilik ylymlarynda rewolýusion reformalar diýilýär.

## 19.4. Jemgyýetçilik ösüşiniň sebäpleri

Jemgyýetiň ösüşine köp sebäpler täsir edýär. Olary içki we daşky görnüşlere bölmek mümkin. Daşky sebäpleriň esasylarynyň biri tebigy şertler we jemgyýetiň geografik ýerleşişidir.

Ilkinji siwilizasiýa ojaklary Mesopotamiýada, Müsürde, Hindistanda, Hytaýda we Marguşda döräpdir. Siwilizasiýa ojaklarynyň ählisem derýa boýlarynda kemala gelýär. Derýalaryň bol suwy, suwdan

ganan mes toprak şol siwilizasiýalaryň döremeginde aýgytlaýjy täsir edipdir. Şu ýagdaý jemgyýetiň döremeginde we ösmeginde tebigy şertleriň täsiriniň gaty uludygyna şaýatlyk edýär.

Ýurduň geografik şertleriniň hem jemgyýete ýetirýän täsiri kiçi däl. Geçmişde iň iri medeniýet ojaklary geografik taýdan amatly ýerde ýerleşipdirler. Olaryň üstünden geçýän söwda ýollary şäherleriň gülläp ösmegine, başga döwletler, halklar bilen ýakyn gatnaşykda bolmagyna kömek edipdir. Şol medeni ojaklar özge ýurtlar bilen diňe bir söwda gatnaşyklaryny etmän, eýsem ol ýurtlarda ýaşaýan halklaryň ruhy gymmatlyklary bilenem ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik alypdyrlar. Olar beýleki halklaryň ruhy we maddy durmuşda gazananlarynyň belli bir bölegini öz durmuşlaryna ornaşdyrypdyrlar. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen Merw, Köneürgenç, Nusaý, Amul, Dehistan ýaly şäherler amatly geografik şertlerden doly peýdalanyp, ykdysady, syýasy, ruhy-medeni ösüşde ýokary derejelere ýetipdirler.

Häzirki döwürde-de oňat we oňaýly tebigy şertlerde we amatly söwda ýollarynyň ugrunda ýerleşen döwletleriň ösmäge mümkinçilikleri has uly hasaplanýar. Şu sebäplem jemgyýeti öwreniji alymlaryň bir topary tebigy şertleri we geografik ýerleşişi jemgyýetiň ösmegine täsir edýän esasy sebäp hökmünde kabul edýärler.

Alymlaryň ikinji topary üçin jemgyýetiň ösmegine täsir edýän esasy sebäp adamlaryň sosial islegleridir. Olaryň isleglerini kanagatlandyrmaklyga bolan höwesi jemgyýetçilik ösüşine sebäp bolýar. Kanagatlandyrylan isleg täze islegiň döremegine getirýär. Jemgyýetiň islegleri kanagatlandyrmaklyga bolan mümkinçilikleri ýokarlandygyça adamlaryň isleglerem şonça ýokary artýar. Adatça, adamlaryň islegleriniň ösüşi jemgyýetiň ol islegleri kanagatlandyrmak mümkinçiliklerinden öňde bolýar. Şol islegler hem jemgyýetiň ösmekligine itergi berýär. Ýöne jemgyýetçilik islegleriniň hem öz gezeginde adamlaryň şol islegleri kanagatlandyrmak ugrundaky hereketine sebäp bolup biler. Mysal üçin, jemgyýetde haýsy-da bolsa bir hünäre isleg dörände adamlar şol islegi kanagatlandyrmaklyga çalyşýarlar. Sebäbi şol hünärli adamlar näçe az bolsa, olara tölenýän hak hem şonça ýokary bolýar. Şu nukdaýnazardan köp okamagy, köp taýýarlanmagy talap edýän hünärlere jemgyýetde hemişede isleg ýokary

bolýar. Çünki ol hünärleri ele almak üçin belli bir derejede sowatly, başarjaň, zehinli bolmaly. Ol häsiýetler hemmelerde tapylyp durmaýar. Şeýle häsiýete eýe adamlar, mümkin boldugyndan, şol hünärlere eýe bolmaga çalyşýarlar. Bu ýagdaý kähalatlarda ozal hünärmenleriň az bolan hünärlerini ele alan adamlaryň artykmaç bolmagyna-da getirýär. Ýaşlar geljekki hünärleri barada oýlananlarynda şu ýagdaýlary hem göz öňünde tutmaly bolýarlar.

Islegleri jemgyýeti ösdüriji esasy sebäp hasaplaýan alymlaryň pikirine görä, gün geçdigi saýy ösýän islegler bilimiň, ylmyň, tehnikanyň, täze hünärleriň döremegine we ösmegine getirýär.

Häzirki zaman dünýäsinde ylym-bilim we ýokary tehnologiýalar jemgyýeti ösdüriji esasy faktorlaryň birine öwrüldi. Şonuň üçin-de jemgyýeti öwreniji alymlaryň köpüsi ylmy we ylma daýanýan tehnologiýalary jemgyýeti ösdürýän esasy sebäp hasaplaýarlar. Çünki bilimiň, ylmyň we tehnologiýalaryň ösen ýurtlary jemgyýetdäki ýeter-ýetmezligiň öwezini artygy bilen dolýar. Mysal üçin, Ýaponiýa döwletiniň ykdysadyýetiň ösmegine itergi berer ýaly gazylyp alynýan baýlyklary ýok. Onuň geografik ýerleşişinem şeýle bir oňaýly hasap edip bolmaz. Şeýle bolsa-da, ýapon hökümeti ikinji jahan urşundan soň ylym-bilime we tehnologiýalary ösdürmeklige aýratyn üns bermek arkaly, ýurdy dünýäniň iň bir ösen döwletleriniň hataryna çykarmagy başardy.

Jemgyýetiň ösüşiniň esasy sebäpleri baradaky soraga biragyzdan jogap bermek kyn. Sebäbi jemgyýetçilik durmuşynyň çylşyrymly bolşy ýaly oňa täsir edýän sebäpleriň herekedem çylşyrymly. Haýsy-da bolsa bir sebäbiň bir jemgyýetiň ösmegine aýgytlaýjy täsir edip, beýleki jemgyýetlerde täsir etmezligi mümkin. Mysal üçin, Birleşen Arap Emirlikleri ýurduň geografik şertlerini we baýlyklaryny akylly-başly ulanmak arkaly gysga döwrüň içinde ylymda-bilimde, ykdysadyýetde, medeniýetde, sosial we syýasy durmuşda uly ösüşler gazandy. Ýöne şeýle ösüş onuň bilen deňeçer şertlerde ýaşaýan beýleki ýurtlara başartmaýar.

Jemgyýetiň ösüşiniň sebäpleri hakyndaky taglymatlaryň hemmesi-de belli bir derejede dogrudyr diýen netije çykarmak maksadalaýyk. Sebäpleriň haýsy-da bolsa diňe birini jemgyýetçilik ösüşiň düýp sebäbi hökmünde kabul etmek mümkin däl. Sebäbi jemgyýetçilik ösüşi çylşyrymly we iňňän köp taraply ösüşdir.

## 19.5. Jemgyýetiň görnüşini kesgitlemäge çemeleşmeler

Jemgyýetiň ösüşi, sosial progres we regres düşünjeleriniň seljermesi jemgyýetiň görnüşleri düşünjesiniň hem utgaşykly öwrenilmegini şertlendirýär. Çünki jemgyýetiň görnüşleri sosial ösüşiň netijesinde biri-biriniň yzyndan, aşakdan ýokarylyga, ýönekeýlikden kämillige tarap ösüşiň netijesinde kemala gelýärler. Täze dörän jemgyýet könä esaslanýar. Onuň oňat taraplaryny miras alýar. Kemçiliklerinden saplanmaga çalyşýar. Jemgyýetiň görnüşlerini kesgitlemek çylşyrymly mesele. Şu sebäpden ylymda onuň bilen meşgullanýan köp sanly çemeleşmeler bar. Ýöne şolaryň iki sanysy esasy hasaplanýar. Olar formasiýalaýyn we siwilizasiýalaýyn çemeleşmelerdir.

Formasiýalaýyn çemeleşmäni XIX asyrda ýaşan nemes alymy K. Marks esaslandyrýar. Ol tutuş adamzat taryhyndaky ähli jemgyýetleri önüm öndürmekde ulanan usullaryna laýyklykda görnüşlere bölýär we olara jemgyýetçilik-ykdysady formasiýa diýip at goýýar. Ol ilkidurmuş obşina, gul eýeçilik, feodal, kapitalistik we kommunistik jemgyýetçilik-ykdysady formasiýalary we «önümçiligiň aziýa usulyny» tapawutlandyrýar.

Jemgyýetiň ösüşine siwilizasiýalaýyn çemeleşiş, ilki bilen, döwürleri tehnologiýa aýratynlyklary boýunça bölmekligi göz öňünde tutýar. Siwilizasiýalaýyn çemeleşişiň düýbüni tutujylar – XX asyrda ýaşan iňlis filosofy Arnold Toýnbini we amerikan sosiologlary Daniýel Bell, Toffler we beýlekiler.

Siwilizasiýalaýyn we formasiýalaýyn çemeleşmeleriň ikisi-de jemgyýetiň ösüşini we kämilleşişini ilki bilen maddy önümçiligiň ösüşi bilen baglanyşdyrýarlar. Olaryň ikisi-de jemgyýetiň ösüşini üç sany siwilizasiýa döwrüne bölýärler. Marksizmde gadymy – synpa çenli, synpy jemgyýetler – gul eýeçilik, feodal, kapitalistik jemgyýetçilik-ykdysady formasiýalar we synpsyz – kommunistik jemgyýet tapawutlandyrylýar. Siwilizasiýalaýyn çemeleşmede bolsa industriýa çenli, industrial we industriýadan soňky jemgyýetleriň bardygy ykrar

edilýär. Olaryň ikisi-de geljekde guruljak jemgyýetlere adamlaryň ýaşaýşyny oňatlaşdyrjak rewolýusion hadysa hökmünde seredýärler.

Jemgyýetiň tiplerini kesgitlemekde iki çemeleşmäniň arasynda meňzeşlikler bilen bir hatarda tapawut hem köp.

## 19.6. Jemgyýetiň ösüşine formasiýalaýyn çemeleşme

Karl Marksyň döreden taglymaty ylymda marksistik taglymaty adyny aldy. Marksizmde jemgyýetçilik barlygynyň jemgyýetçilik aňyny kesgitleýändigi baradaky pikir esasydyr. Bu taglymata laýyklykda jemgyýetiň önüm öndürmekde ulanan usuly onuň görnüşini kesgitleýär.

Önümçilik usuly öndüriji güýçlere we önümçilik gatnaşyklaryna bölünýär. Önümçilik gatnaşyklaryna önümçilik serişdelerine we önümleri hem-de ondan düşýän girdejini paýlaşmaklyga gatnaşyk, pul-haryt gatnaşygy we önümçiligi dolandyrmak bilen bagly gatnaşyklar girýär. Öndüriji güýçlere önümçilik bilen meşgullanýan adamlar we önümçilik serişdeleri (kärhanalar, firmalar, zähmet gurallary we ş.m.) degişli.

*Ilkidurmuş obşina gurluşy jemgyýeti.* Marksizm adamlaryň haýwanat dünýäsinden saýlanyp ýaşap başlan jemgyýetine ilkidurmuş obşina gurluşy diýip at berýär. Şol döwrüň adamlary ýöntem zähmet gurallaryny ulanyp, toparlaýyn zähmet çekipdirler. Olaryň zähmet öndürijiligem pes bolupdyr. Öndüren önümleri özlerine zordan ýetipdir. Şu sebäplem olarda toparlaýyn eýeçilik agalyk edipdir. Adamlaryň arasynda sosial deňlik höküm sürüpdir. Toparda bar bolan zatlaryň hemmesi obşinanyňky hasaplanypdyr. Ilkidurmuş obşina gurluşy müňlerçe ýyla çekipdir. Uzaga çeken ewolýusion ösüşiň dowamynda zähmet gurallary kämilleşipdir. Ilkinji zähmet bölünişigi bolup geçipdir. Ozal diňe awçylyk we ýygnaýjylyk bilen meşgullanan adamlaryň bir topary haýwanlary eldekileşdirip, maldarçylyk bilen meşgullanyp başlaýar. Soňrak ekerançylyk bilen meşgullanýan adamlar peýda bolýar. Alyş-çalyş ösýär. Zähmet bölünişigi netijesinde zähmet gurallaryny, hojalyk üçin zerur zatlary ýasaýan adamlar – senetçiler gatlagy emele gelýär.

Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy bilen arytkmaç önüm öndürmäge we oňa eýe çykmaga mümkinçilik döreýär. Öňki toparlaýyn eýeçilik dargap, hususy eýeçilik peýda bolýar. Baý adamlaryň topary kemala gelip, sosial deňsizlik döreýär.

Marksistik taglymata laýyklykda toparlaýyn eýeçiligiň ornuna hususy eýeçiligiň gelmegi ilkidurmuş obşina gurluşynyň dargamagyny aňladýar. Sebäbi hususy eýeçilik sosial deňsizlige we ilkinji synplaryň döremegine sebäp bolýar.

*Gul eýeçilik jemgyýeti* ilkidurmuş obşina gurluşynyň ornuna gelýär. Jemgyýetde gul eýeleriniň bähbidini goraýan döwlet, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmaklyga niýetlenen hukuk düzgünleri, kanunlar döreýär.

Gul eýeçilik jemgyýetinde gul adamlaryň mertebesi zat derejesine çenli peseldilipdir. Olar önümçilik serişdeleriniň düzümine giripdirler. Önümçilik, esasan, gullaryň kömegi bilen işläpdir. Kimiň guly köp bolsa, şonuň hem ykdysady ýagdaýy gowy bolupdyr. Gul eýeçilik jemgyýetinde gullar we gul eýeleri esasy synplar hasaplanýar. Olaryň arasyndaky gatnaşyk esasy gatnaşyk bolupdyr. Ýöne zähmet gurallarynyň kämilleşmegi bilen jemgyýetde gullaryň ähmiýeti gaçyp başlaýar. Özleri üçin işleýän adamlaryň işleriniň netijeliligi has ýokary bolýar. Gullar bolsa eýeleri üçin oňat işlemek islemändirler. Netijede, jemgyýetde önüm öndürmäniň usuly çagşap, onuň ornuna feodal jemgyýeti gelýär.

*Feodal jemgyýetçilik-ykdysady formasiýasynda* ýere hususy eýeçilik berkidilýär. Ýer eýeleri – feodallar bilen ýerde işleýänler – daýhanlar feodal jemgyýetiň esasy synplary hökmünde çykyş edýärler. Daýhanlar feodallaryň şahsy eýeçiliginde bolýarlar. Olar ýerini eýeleýändikleri üçin feodallara dürli görnüşli salgytlar töleýärler. Zähmet borçlaryny ýerine ýetirýärler. Olaryň başga ýerlere gitmäge, gaçmaga, göçmäge, hojaýynlaryny çalyşmaga haklary bolmaýar. Gaçan daýhanlary häkimiýet yzarlapdyr we öňki hojaýynlaryna gaýtaryp getiripdir. Ýöne gulçulykdan tapawutlykda feodallar daýhanlary öldürip bilmändir.

*Kapitalistik jemgyýetçilik-ykdysady formasiýasy.* Marksistik taglymata laýyklykda hususy eýeçilige daýanýan jemgyýetleriň ählisinde esasy synplaryň arasyndaky synpy göreş önüm öndürmäniň usulynyň we jemgyýetçilik-ykdysady formasiýanyň üýtgemegine getirýär.

Kapitalistik jemgyýetde esasy synplar hökmünde önümçilik serişdeleriniň eýeleri bolan kapitalistler we hiç hili eýeçiligi bolmandygy sebäpli özleriniň işçi güýçlerini satmaga mejbur bolan işçiler çykyş edýärler. Jemgyýetde hususy eýeçilige esaslanýan haryt hojalygy ýola goýulýar. Onuň esasy maksady peýda görmek bolýar.

K. Marksyň ynanjyna görä, öndüriji güýçleriň ösüşi we jemgyýetdäki barlyşyksyz synplaryň özara göreşi hususy eýeçiligiň ýok bolmagyna hem-de jemgyýetçilik eýeçiligine daýanýan synpsyz jemgyýetiň berkarar bolmagyna getirýär. Marks ol jemgyýeti kommunistik jemgyýet diýip atlandyrýar.

*Kommunistik jemgyýetçilik-ykdysady formasiýasy*. Marksistik taglymata görä, kommunistik jemgyýetiň gurluşy iki basgançakdan ybarat bolmaly. Birinji basgançak sosializm diýlip atlandyrylýar. Sosializmde ählumumy deňlik yglan edilmeli. Hususy eýeçilik, kapitalyň we kapitalistleriň agalygy ýok edilmeli. Proletar diktaturasy görnüşinde hereket edýän döwlet jemgyýetdäki sosial gapma-garşylyklaryň ählisiniň ýok bolmagy ugrunda zerur işleri alyp barmaly. Jemgyýetde her kimiň islegini kanagatlandyryp bilýän ýokary derejeli ykdysadyýetiň gurulmagy, tutuş jemgyýetde milli, dini, intellektual, synpy, ýaşaýyş we ş.m. garşylyklaryň ýok edilmegi döwlete bolan zerurlygyň ortadan aýrylmagyny, onuň güýjüni ýitirmegini we ikinji basgançagyň kommunistik jemgyýetiň gurulmagyny aňladýar.

Geçen asyryň 80–90-njy ýyllarynda marksistik taglymatyna esaslanyp täze kommunistik jemgyýeti gurmaklyga synanyşan döwletleriň köpüsi krizise düşüp, ýene-de şol köneki bazar ykdysadyýetine daýanýan hojalyga dolanyp gelmäge mejbur boldular. Häzirki wagtda HHR, KHDR, Kuba respublikasy ýaly käbir döwletleriň ideologiýasy marksizme esaslanýar.

## 19.7. Jemgyýetiň ösüşine siwilizasiýalaýyn çemeleşme

Häzirki zaman jemgyýeti öwreniji alymlarynyň arasynda D. Belliň işläp düzen siwilizasiýalaýyn taglymatynyň tarapdarlary köp. Jemgyýetiň ösüş ugruny we görnüşini anyklamaga niýetlenen bu çemeleşmede jemgyýetiň ösen görnüşi hökmünde siwilizasiýa ka-

bul edilýär. Oňa laýyklykda, siwilizasiýa ylmyň, bilimiň, tehnikanyň, ahlagyň, syýasatyň, ykdysadyýetiň, diniň ösüşi boýunça adamzadyň wagşyçylyk döwründen üzül-kesil tapawutlanýar.

Siwilizasiýalaýyn çemeleşmäni esaslandyryjylaryň biri D. Bell «Geljekki industriýadan soňky jemgyýet» diýen kitabynda jemgyýetiň ösüşiniň üç sany esasy taryhy görnüşini tapawutlandyrýar: agrar ýa-da industriýa çenli siwilizasiýa, industrial ýa-da tehnogen jemgyýet, industriýadan soňky ýa-da maglumat jemgyýeti.

*Industriýa çenli ýa-da agrar siwilizasiýa.* Industriýa çenli ýa-da agrar siwilizasiýasynyň düzümine diňe bir ilkidurmuş jemgyýeti däl, eýsem gul eýeçilik we feodal jemgyýetleri hem girýär. Onuň ykdysadyýeti fiziki zähmete, oba hojalygyna, balykçylyga, maldarçylyga, gazylyp alynýan peýdaly zatlara esaslanýar. Önümçilikde, esasan, tebigy güýçler ulanylýar. Jemgyýetiň bu görnüşinde adamyň tebigat bilen gatnaşygy amal edilýär.

Industriýa çenli bolan jemgyýetde adamlaryň sosial statusy onuň şahsy häsiýetleri bilen däl-de sosial gelip çykyşy bilen kesgitlenipdir. Bir sosial gatlakdan beýleki bir gatlaga, bir synpdan başga bir synpa geçmek mümkin bolmandyr. Hatda senetçilik bilen meşgullanmak isleýänleriň öňüne-de dürli bökdençlikler döredilipdir. Şeýle bökdençlikleriň biri senetçileriň sehleri bolupdyr. Senetçileriň sehleriniň düzgünnamasy, köplenç, sehe başga ýerlerden agza almaklygy gadagan edipdir. Senetçilik hünäri nesilden-nesle miras geçirilipdir. Şu sebäplem bir synpa ýa-da gatlaga degişli adamlaryň arasynda raýdaşlyk, ynanç we toparlaýyn jogapkärçilik duýgulary güýçli ösüpdir. Agrar jemgyýetiň adamlary obasyndan, topardan daşarda özlerini göz öňüne getirip bilmändirler. Olaryň ýaşaýşy şol umumylyklar bilen berk bagly bolupdyr. Olaryň arasyndaky gatnaşyklar hem, ilkinji nobatda, kanunlar arkaly däl-de ýazylmadyk düzgünler – däp-dessurlar arkaly kadalaşdyrylypdyr. Dessurlar uzak ýyllaryň dowamynda jemgyýetiň durnuklylygyny gorap saklapdyr. Jemgyýetçilik ösüşi gaty haýal bolup geçipdir.

Jemgyýetiň durnuklylygyna ýokary häkimiýetiň güýjem täsir edipdir. Häkimiýetiň hökümdaryň şahsyýeti bilen deň görülýän wagtam seýrek bolmandyr. Jemgyýetde hereket eden dinlerem hökümdarlary Hudaýyň ýerdäki wekilleri hökmünde ykrar etmekligi ündäpdirler.

Giçki Otra asyrlarda ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýetinde, syýasy durmuşynda we medeniýetinde bolup geçen düýpli özgermeler industrial jemgyýetiň döremegi üçin zerur şertleri döredýär.

*Industrial jemgyýet.* Günbatarlylaryň yslam siwilizasiýasynyň baý ruhy dünýäsi, ylym-bilimleriniň gazananlary bilen tanyşmagy ylmyň ösüşine güýçli itergi berýär. Hristian dininiň güýçli garşylygyna seretmezden, günbatar ýurtlarynda araplaryň, gadymy grekleriň, rimlileriň ýazan ylmy işleri terjime edilip başlanýar. Ylym berýän ýokary okuw mekdepleri açylýar. Olarda dini dogmalar bilen bir hatarda tebigat bilimleriniň esaslary hem okadylýar.

Magellan, Kolumb ýaly meşhur deňizde ýüzüjiler tarapyndan täze yklymlaryň, täze söwda deňiz ýollarynyň açylmagy öndüriji güýçleriň ösmegine güýçli itergi berýär. Ýewropada daşary söwda niýetlenen täze kärhanalar, täze iş ýerleri döreýär. Kärhanalaryň işçi güýjüne bolan zerurlygy ýere we daýhanlara bolan eýeçiligiň esasyny ýumurýar. Daýhanlaryň obadan şähere göçhä-göçlügi başlanýar. Şäherler iri senagat merkezlerine öwrülýär. Ilatyň öňki ýaşaýan obalaryndan, obşinalaryndan arasyny üzmegi bilen olaryň sosial mobililigi artýar. Adamlar bir sosial gatlakdan başga bir sosial gatlaga, bir synpdan beýleki bir synpa geçmäge, iş tapylan ýere göçmäge mümkinçilik alýar. Jemgyýetde bolup geçýän şol üýtgemeleriň täsirinde XVII–XVIII asyrlarda Ýewropa ýurtlarynda industrial jemgyýetiň esaslary goýulýar.

Industrial jemgyýetde ylmy açyşlaryň önümçilige ornaşdyrylmagy ýeňilleşýär. Tehnika we tehnologiýa çalt depginler bilen ösýär. Maşynlara daýanýan senagat önümçiliginiň döremegi olardan baş çykarýan bilimli adamlara – işçilere, tehniki işgärlere bolan zerurlygy döredýär. Tehnikanyň ösdügiçe jemgyýetiň köpçülikleýin bilime, bilimli adamlara bolan zerurlygy artýar. Netijede bilim, tehnika, olar bilen birlikde öndüriji güýçler ösýär. Industrial jemgyýetde ýer adamlaryň ýaşamagynyň we baýamagynyň esasy serişdesi bolmagyny bes edýär. Kapital we zähmet täze görnüşli jemgyýetiň gurluşynyň esasy düzüm bölegine öwrülýär.

Tehnikanyň jemgyýetiň ähli taraplaryna edýän täsiriniň gaty güýçli bolandygy üçin industrial jemgyýete tehnogen siwilizasiýasy diýilýän wagtlaram seýrek däl. Tehniki progresiň netijesinde adamlaryň maddy hal-ýagdaýlary ýokarlanýar. Olarda ylym, bilim, mede-

niýet bilen meşgullanmaga artykmaç wagt peýda bolýar. Adamlaryň ortaça ýaşy uzaýar. Adam şahsy azatlyga eýe bolýar. Adamlaryň jemgyýetdäki gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan kanuny sosial institutlar döreýär. Jemgyýetde maşyngurluşyk, elektrik maşyngurluşygy, himiýa senagaty önümçiligiň esasy pudaklaryna öwrülýär.

Industrial jemgyýetiň adamyň ýaşaýşynda oňaýsyzlyklary döredýän ýerlerem seýrek bolmaýar. Olaryň esasysy jemgyýetiň tebigat bilen gatnaşygynda ýüze çykýar. Industrial jemgyýetde adamyň tebigata täsiri şeýle bir ýokary derejä ýetýär welin, ol özüni tebigatyň patyşasy hasaplap başlaýar Ýokary tehnologiýa esaslanýan önümçilik daşky gurşawdaky umumy baglanyşygyň düýpli bozulmagyna sebäp bolýar. Ekoulgama uly zyýan ýetirilýär. Jandarlaryň, ösümlikleriň köp görnüşi ýok bolýar. Ýer, suw, howa zaýalanýar. Bu ýagdaý adamlaryň ýaşaýşyna, saglygyna, durmuş keşplerine hem täsir edýär. Tebigatda ekologik deňagramlylyga ýitmek howpy abanýar. Industrial jemgyýetiň has ösen döwürlerinde jemgyýetçilik şeýle howpuň barlygyny duýup ugraýar we ony düzetmekligiň ýoluny gözläp başlaýar.

*Industriýadan soňky jemgyýet*. Industriýadan soňky jemgyýetiň esaslary geçen asyryň üçünji böleginde Günbataryň ösen ýurtlarynda goýulýar. Jemgyýeti öwreniji alymlaryň belleýişleri ýaly, industriýadan soňky jemgyýet boş ýerde döremeýär. Ol öňki nesilleriň gazananlaryna esaslanýar. Şeýle hem onda öňden däp bolan oba hojalyk, senagat önümçiligi, hyzmat ediş gurşawy ýaly önümçilik pudaklary ýok bolmaýar. Olar köp ýa-da az derejede täze jemgyýetde hem hereket etmegini dowam edýärler. Ýöne olaryň käbirleri önümçiligiň gadymy görnüşine öwrülýär, beýlekileri bolsa jemgyýetde öňdebaryjy ornuny ýitirip, ikinji, üçünji derejelere geçýärler. Olaryň ornuny industrial jemgyýetiň çäginde dörän we täze görnüşli jemgyýetde esasylara öwrülen gymmatlyklar eýeleýär.

Industriýadan soňky jemgyýete ylmyň agalygy mahsus. Onda mikroelektronika, biotehnologiýa, telekommunikasiýa ýaly pudaklaryň orny ýokarlanýar, hojalykda globalizasiýa artýar. Adam zähmetini, köplenç kompýuterler, robotlar çalyşýarlar. Jemgyýetiň ähli gurşawlary sanlaşdyrylýar.

D. Bell industriýadan soňky jemgyýetiň iň esasy aýratynlyklary hökmünde bäş düzüjini tapawutlandyrýar: ykdysady gurşawda esa-

sy ýeri önüm öndürmek däl-de hyzmat ediş gurşawy eýeleýär; işde ýokary hünärli işgärlere zerurlyk artýar; syýasaty kemala getirmekde we amal etmekde esasy orun nazary bilimlere berilýär; geljekde tehnologiýalardan we tehnologik baha bermeklikden ugur alynýar; täze «intellektual tehnologiýalary» döretmeklik karar edilýär.

D. Belliň pikirine laýyklykda, industriýadan soňky jemgyýetde maglumatlary we bilimleri alyşmak, esasan, telekommunikasiýanyň we kompýuterleriň kömegi bilen amala aşyrylar. Bilim we maglumat täze görnüşli jemgyýetiň gurluşynyň esasy düzüm böleklerine öwrüler. Şunuň bilen baglylykda oňa ylmy edebiýatda «maglumat jemgyýeti» hem diýilýär. « Informasion (maglumat) jemgyýeti» düşünjesini dolanyşyga ýapon alymy Ý. Haýaşi tarapyndan girizilýär.

Maglumat jemgyýeti jemgyýetiň sosial gurşawlarynyň kompýuterleşmegi, maglumat tehnologiýalary we onuň bilen baglanyşykly işiň täze görnüşleriniň emele gelmegi bilen baglanyşykly. Jemgyýetde maglumatlary ýygnamak, kabul etmek we ýaýratmak bilen baglanyşykly täze pudaklar peýda bolýar. Adamlaryň esasy bölegi maddy önümçilikde däl-de, hyzmat ediş we maglumatlar bilen baglanyşykly gurşawlarda zähmet çekýärler. Ylymly, bilimli adamlara goýulýan sarpa artýar. Olar jemgyýetiň iň köp gazanç edýän adamlaryna öwrülýärler. Jemgyýetde hem iň baý adamlar maglumatlary ýygnamak, saklamak bilen baglanyşykly adamlaryň içinden çykýar.

Ýokary derejeli tehnologiýalaryň ulanylmagy bilen baglylykda önüm öndüriji senagatdaky we oba hojalygyndaky adamlaryň mukdary azalýar. Adamlarda tebigata aýawly çemeleşmek baradaky garaýyşlaryň – ekoaňyň döreýşi bolup geçýär. Şeýle jemgyýetde tebigata täsir etmegiň has aýawly görnüşlerini göz öňüne tutýan tehnologiýalara üns berýär. Ilatyň ulanan zatlaryny, galyndylaryny gaýtadan işleýän senagat has ösýär. Energiýalary az sarp edýän tehnologiýalara berilýän üns güýçlenýär.

## 19.8. Uruş, parahatçylykly ýaşaýyş we progres

Jemgyýetçilik progresi we regresi bilen baglanyşykly hadysalaryň biri uruş bilen baglanyşykly meseledir. *Uruş jemgyýetçilik hadysasydyr. Ol syýasatyň zorlukly serişdeler arkaly dowam etdirilme-*

*gidir.* Bu mesele hemişe-de adamzadyň ýaşaýşyna täsir eden esasy meseleleriň biri bolupdy. Uruş öwrenişilen ýaşaýşyň bozulmagyny, ölüm-ýitimi, açlyk-horlugy, ýeter-ýetmezçiligi aňladýar. XX asyryň başlaryna çenli adamzadyň taryhynyň diňe uly bolmadyk sebitleýin we bölekleýin häsiýetli uruşlar bolupdyr. Adamzat jemgyýetiniň ähli gurşawlarynyň globallaşmagy we dünýä hojalygynyň döremegi bilen birlikde dünýäde agalyk etmäge ymtylýan güýçlerem peýda bolýar. Adamzadyň jemgyýetçilik durmuşynyň globallaşmagynyň obýektiw kanunalaýyklygy, köplenç ýagdaýda syýasy, milli, döwletara, dini we beýleki gapma-garşylyklaryň ýitileşmegi görnüşinde ýüze çykdy. Ol gapma-garşylyklar dürli ýaragly çaknyşmalaryň, uruşlaryň döremegine sebäp boldy. Dawa-jenjelleriň dowamynda köp adamlar pida boldy. XX asyrdaky iki jahan urşunda 65 milliondan gowrak adam aradan çykdy. Millionlarça adam ýaradar, maýyp boldy. Göräýmäge, şol pajygaly uruşlardan sapak alaýmaly, dawa-jenjellerden baş tartyp, parahatçylykly ýaşaýşa başlaýmaly ýaly.Ýöne ikinji jahan urşundan soň-da dünýä ýüzünde ululy-kiçili 200-den gowrak uruşlar boldy. Olarda takmynan 20 milliondan hem köp adam aradan çykdy. Köp döwletlere uly mukdarda maddy zyýan ýetirildi. Millionlarça adamyň ýaşaýşy pese düşdi.

Uruşlar birmeňzeş däl. Olaryň dürli görnüşleri bar. Uruşlar göwrümi boýunça jahan, sebit, döwletara, raýatlyk; ahlak gymmatlyklaryna gatnaşygy boýunça adalatly we adalatsyz; häsiýeti boýunça basyp alyjylykly we goranyş görnüşde bolýarlar. Soňky döwürlerde uruşlaryň sowuk, gibrid, maglumat ýaly görnüşleri-de tapawutlandyrylýar. *Dünýä döwletleriniň esasy köpçüliginiň gatnaşmagynda bolýan uruşlara jahan uruşlary diýilýär*. XX asyrda jahan uruşlarynyň ikisi bolup geçdi. Dünýäniň bir sebitinde bolup geçýän birnäçe döwletleriň özara uruşlary sebit uruşlarydyr. Iki döwletiň arasyndaky uruşlara döwletara uruşlary diýilýär. Bir döwletiň raýatlarynyň arasyndaky uruşlar raýatlyk urşuna degişli. Başga bir döwleti basyp almak, onuň ilatyny bakna etmek maksady bilen alnyp barylýan uruş adalatsyz, basybalyjylykly uruşdyr. Basybalyjy döwlete garşy alnyp barylýan uruş goranyş häsiýetli, adalatly uruşdyr.

Görnüşlerine seretmezden, uruşlaryň hemmesem regresiw hadysadyr. Olar adamzadyň ýaşaýşyna howp salýar. Ýöne şeýle bolsa-da, syýasatçylaryň, alymlaryň arasynda urşa progresiw hadysa hökmünde seredýänlerem tapylýar. Olar urşuň progressiwligini hamala onuň ylmyň ösmegine düýpli badalga berýändigi, ilatyň çakdanaşa köpelmeginiň öňüni alýandygy bilen delillendirmäge çalyşýarlar. Emma dünýä jemgyýetçiliginiň esasy bölegi urşuň, dawa-jenjelleriň tarapdarlary däl. Olaryň tagallalary bilen uruşlaryň öňüni almak barada aladalanylýar. Dünýä jemgyýetçiliginde halkara dawalary we konfliktleri parahatçylykly ýol bilen, syýasy, diplomatik serişdeler arkaly çözmek ileri tutulýan ýörelge hökmünde ykrar edildi. Dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň syýasy liderleri, halkara guramalar bu mesele boýunça uly işleri amal edýärler. Halkara guramalarynyň esasy bolan BMG dünýä ýüzünde uruşlaryň öňüni almak, parahatçylykly ýaşaýşy ündew etmek boýunça tutumly çäreleri durmuşa ornaşdyrýar. Şeýle progressiw başlangyçlaryň biri hem 2007-nji ýylda hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen paýtagtymyz Aşgabatda açylan BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit Merkezidir.

Sebitde we dünýäde parahatçylykly ýaşaýşy ündew etmekde Garaşsyz Türkmenistan döwleti hem uly işleri durmuşa geçirýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmagyň, howpsuzlygy berkitmegiň we durnukly ösüşi üpjün etmegiň daýanjy bolup hyzmat edýär. Alym Arkadagymyzyň öňe süren «Ösüş arkaly parahatçylyk!» şygary dünýä jemgyýetçiliginde barha uly goldawa eýe bolýar. Muňa hormatly Prezidentimiziň energiýa diplomatiýasynyň, ulag diplomatiýasynyň, suw diplomatiýasynyň barha rowaçlanmagy-da şaýatlyk edýär.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Sosial ösüş we özgeriş düşünjelerini tapawutlandyryň.
2. Progresiň we regresiň özara gatnaşygyny açyp görkeziň.
3. Progresiň esasy ölçegleri hakynda gürrüň beriň.
4. Ewolýusiýa, rewolýusiýa, reforma düşünjeleriniň umumylygyny we aýratynlyklaryny teswirläň.

5. Jemgyýetçilik ösüşiniň esasy sebäplerini häsiýetlendirmäge çalşyň.

6. Jemgyýetiň görnüşini kesgitlemäge bolan esasy çemeleşmeler hakynda gürrüň beriň.

7. Jemgyýetiň görnüşini kesgitlemäge bolan formasiýalaýyn çemeleşmäniň esasy pikirlerini teswirläň.

8. Jemgyýetiň görnüşini kesgitlemäge bolan siwilizasiýalaýyn çemeleşmäniň aýratynlyklaryny açyp görkeziň.

9. Jemgyýetiň ösüşinde urşuň täsirini kesgitlemäge çalşyň.

10. Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen Aşgabatda açylan BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit Merkeziniň işi barada maglumatnama taýýarlaň.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 9 t. – A.: TDNG, 2016.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 10 t. – A.: TDNG, 2017.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 11 t. – A.: TDNG, 2018.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 12 t. – A.: TDNG, 2019.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. – A.: TDNG, 2010.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. II tom. –A.: TDNG, 2010.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. – A.: TDNG, 2011.

9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet guşy. – A.: TDNG, 2013.

10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ynsan kalbynyñ öçmejek nury. – A.: TDNG, 2014.

11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A.: TDNG, 2014.

12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ile döwlet geler bolsa … – A.: TDNG, 2015.

13. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan.– A.: TDNG, 2015.

14. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmen medeniýeti. – A.: TDNG, 2015.

15. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan. – A.: TDNG, 2016.

16. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Arşyň nepisligi. – A.: TDNG, 2016.

17. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Mertler Watany beýgeldýär. – A.: TDNG, 2017.

18. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar. – A.: TDNG, 2017.

19. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: TDNG, 2017.

20. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. II kitap. – A.: TDNG, 2018.

21. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Enä tagzym – mukaddeslige tagzym. Çeper-publisistik traktat. – A.: TDNG, 2018.

22. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.

23. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Atda wepa-da bar, sapa-da. – A.: TDNG, 2019.

24. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmen alabaýy – A.: TDNG, 2019.

25. Dünýäde ykrar edilen Lider. – A.: TDNG, 2014.

26. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017-2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy. // Türkmenistan, 2017-nji ýylyň 19-njy fewraly.

27. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. – A.: 2019.

28. Türkmenistanyň Umumymilli Galkynyş hereketiniň VII gurultaýynyň maglumatlary (2011-nji ýylyň 15-nji dekabry). // Türkmenistan, 2011-nji ýylyň 16-njy dekabry.

29. *Andalyp*. Goşgular. – A.: TDNG, 2012.

30. *Aşyrow S.* Sosiologiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – A.: TDNG, 2011.

31. *Aýdogdyýew P.* «Gorkut ata» eposy we grek mifleri. // Türkmen dili we edebiýaty. – 1995. – № 2.

32. *Aýdogdyýew P.* we başg. Syýasaty öwreniş. Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – A.: TDNG, 2010.

33. *Aýdogdyýew P.* «Gorkut ata» eposyndaky ahlak garaýyşlar. // Gorkut ata – 1500. – A.: Magaryf, 2002.

34. *Aýdogdyýew P., Atdaýew E.* Türkmeniň ruhy tugy. // Garagum. – 2002. – №6.

35. *Baýramsähedow N.* Gündogaryň beýik danalary. – A.: Magaryf, 1992.

36. *Danagulyýew O., Ýusupowa S. A.* Filosofiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw-usuly gollanma. – A.: Ylym, 2010.

37. Döwletmämmet Azady. Wagzy-Azat. – A.: TDNG, 2011.

38. Gorkut ata. – A.: Magaryf, 1994.

39. Görogly. – A.: TDNG, 2012.

40. *Jumalyýewa O.* «Görogly» şadessanynda sinkretik mazmun we haýwanlar kultunyň şöhlelendiriliş aýratynlyklary. //Görogly ýordumy we

gündogar edebiýaty. Halkara ylmy maslahatynyň nutuklarynyň gysgaça beýany. – A.: 2009.

41. Kitaby dädem Gorkut. – A.: TDNG, 2015.

42. *Magtymguly*. Saýlanan eserler: – A.: TDNG, 2012.

43. *Muhametberdiýew Ö. B., Suwhanow N.* Filosofiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – A.: Ylym, 2011.

44. Oguznama. – A.: TDNG, 2001.

45. *Orazow O. Gylyçdurdyýew N.* «Görogly» şadessanyndaky dini şahslar. //Görogly ýordumy we gündogar edebiýaty. Halkara ylmy maslahatynyň nutuklarynyň gysgaça beýany. – A.: 2009.

46. *Töräýew B.* Seýit Ymadeddin Nesiminiň ahlak-etiki garaýyşlary. // “Beýik Türkmen ruhunyň dür däneleri” atly ylmy-amaly konferensiýanyň makalalarynyň toplumy. – A.: 2001.

47. *Пронина Е. Н.* Философия. Учебник / Е.Н. Пронина; Моск. гос. ун-т печати им. Ивана Федорова. – М.: МГУП им. Ивана Федорова, 2011.

48. *Спиркин А.Г.* Философия. Учебник. – 2-е изд. – М.: Гардарики, 2006.

49. Философия [учеб. пособие] / [С. А. Азаренко и др.]; под общ. ред. докт. филос. наук, проф. Т. Х. Керимова ; М-во образования и науки Рос. Федерации, Урал, федер. ун-т. – Екатеринбург : Изд-во Урал, ун-та, 2016.

50. Философия. Учебник / Л.Н. Кочеткова, Л.Ф. Матронина, Е.В. Гладышева и др.; под общ. ред. д-ра филос. наук Л.Н. Кочетковой. – М.: МИРЭА, МГУПИ, 2015.

# MAZMUNY

Sözbaşy . . . 7

I. FILOSOFIÝA, ONUŇ PREDMETI WE JEMGYÝETDÄKI ORNY

1.1. Filosofiýa we onuň ylymlaryň düzümindäki orny . . . 9
1.2. Filosofiýa we dünýägaraýyş . . . 12
1.3. Dünýägaraýyş we gymmatlyklar . . . 17
1.4. Filosofiýanyň esasy meselesi . . . 19
1.5. Filosofiýanyň bölümleri we funksiýalary . . . 24
1.6. Durmuş filosofiýasy . . . 27

II. FILOSOFIÝANYŇ ÖSÜŞ TARYHY

2.1. Filosofiýanyň taryhy we filosofiýa . . . 29
2.2. Gadymy Müsürdäki we Wawilondaky filosofik garaýyşlar . . . 31
2.3. Gadymy Hindistandaky we Hytaýdaky filosofik garaýyşlar . . . 34
2.4. Gadymy Türkmenistanda paýhasly garaýyşlaryň kemala gelmegi . . . 39
2.5. Gadymy grek we rim filosofiýasy . . . 43
2.6. Ellin-rim filosofiýasy . . . 51
2.7. Orta asyr ýewropa filosofiýasy . . . 55
2.8. Orta asyr musulman filosofiýasy . . . 60
2.9. Türkmen halkynyň Orta asyr şadessanlaryndaky filosofik pikirleri . . . 68
2.10. Täzeden döreýiş filosofiýasy . . . 74
2.11. XVII–XVIII asyrlaryň günbatar ýewropa filosofiýasy . . . 79
2.12. Fransuz magaryfçylarynyň filosofiýasy . . . 84
2.13. Nemes nusgawy we marksçylyk filosofiýa . . . 88
2.14. XVIII-XX asyrlarda ýaşan türkmen akyldarlarynyň filosofik garaýyşlary . . . 94
2.15. Häzirki zaman günbatar filosofiýasy . . . 100
2.16. XX – XXI asyrlarda Türkmenistanda filosofiýanyň ösüşi . . . 115

III. BARLYK HAKYNDAKY TAGLYMAT

3.1. Barlyk düşünjesi . . . 119
3.2. Barlyk düşünjesiniň taryhy . . . 122
3.3. Barlygyň görnüşleri . . . 125

IV. MATERIÝA, ONUŇ DOWAM ETMEGINIŇ ESASY FORMALARY WE DÜNÝÄNIŇ MADDY BITEWILIGI

4.1. Substansiýa düşünjesi . . . 129
4.2. Materiýa we onuň häsiýetleri . . . 131
4.3. Materiýanyň gurluşy . . . 133
4.4. Hereket barada düşünje. Hereket we dynçlyk . . . 138
4.5. Giňişlik we wagt . . . 141

## V. AŇ, ONUŇ GELIP ÇYKYŞY WE DÜÝP MANYSY


5.1. Filosofiýada aň meselesi . . . . . . . . . . 145
5.2. Aňyň döremeginiň şertleri . . . . . . . . . . 148
5.3. Aň we şöhlelenme . . . . . . . . . . 152
5.4. Aňyň düýp manysy we funksiýalary . . . . . . . . . . 155
5.5. Aňyň gurluşy . . . . . . . . . . 158
5.6. Aň we aňsyzlyk . . . . . . . . . . 161


## VI. FILOSOFIÝADA ADAM MESELESI


6.1. Adam hakynda umumy düşunje. . . . . . . . . . 163
6.2. Adamda biologik we sosial zadyň mynasybeti . . . . . . . . . . 165
6.3. Adamyň älemdäki orny . . . . . . . . . . 168
6.4. Indiwid we şahsyýet . . . . . . . . . . 170
6.5. Şahsyýetiň görnüşleri. . . . . . . . . . 173
6.6. Filosofiýada adam ömrüniň manysy meselesi . . . . . . . . . . 175
6.7. Adam Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygydyr . . . 177


## VII. DÜNÝÄ FILOSOFIK AKYL ÝETIRMEGIŇ METODLARY


7.1. Dünýä akyl ýetirmegiň filosofik metodlary barada düşünje . . . . . . . . . . 179
7.2. Metafizika metody . . . . . . . . . . 180
7.3. Dialektika metody . . . . . . . . . . 182
7.4. Dialektikanyň esasy ýörelgeleri. . . . . . . . . . 186
7.5. Sinergetika . . . . . . . . . . 188


## VIII. FILOSOFIÝANYŇ ESASY KATEGORIÝALARY


8.1. Filosofiýada kategoriýa düşünjesi . . . . . . . . . . 191
8.2. Ýekeleýinlik, aýratynlyk, umumylyk . . . . . . . . . . 192
8.3. Gurluş baglanyşyklary . . . . . . . . . . 194
8.4. Mazmun we forma . . . . . . . . . . 197
8.5. Sebäp we netije . . . . . . . . . . 198
8.6. Zerurlyk we tötänlik. . . . . . . . . . 201
8.7. Düýp many we hadysa . . . . . . . . . . 203
8.8. Mümkinlik we hakykat . . . . . . . . . . 204


## IX. FILOSOFIÝANYŇ ÄHLUMUMY KANUNLARY


9.1. Ylmy kanunlar . . . . . . . . . . 206
9.2. Gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanuny. . . . . . . . . . 208
9.3. Mukdar we hil üýtgemeleriniň özara geçiş kanuny . . . . . . . . . . 212
9.4. Inkär etmäni inkär etme kanuny . . . . . . . . . . 216


## X. AKYL ÝETIRIŞ TEORIÝASY


10.1. Akyl ýetiriş barada düşünje . . . . . . . . . . 220
10.2. Akyl ýetirişiň görnüşleri . . . . . . . . . . 223

10.3. Akyl ýetirişiň obýekti we subýekti . . . 225
10.4. Hakykylyk, onuň obýektiwligi we görnüşleri . . . 227
10.5. Otnositel we absolýut hakykylyk. . . 228
10.6. Akyl ýetirişiň basgançaklary . . . 230
10.7. Akyl ýetirişdäki azaşmalar we ýalan . . . 232
10.8. Bilimiň hakykylygynyň ölçegleri . . . 234
10.9. Ylmy akyl ýetiriş we onuň görnüşleri . . . 237
10.10. Empiriki akyl ýetiriş . . . 239
10.11. Teoretiki akyl ýetiriş . . . 241
10.12. Ylmy akyl ýetirişiň metody, metodikasy we metodologiýasy . . . 244
10.13. Empiriki akyl ýetirişiň metodlary . . . 245
10.14. Teoretiki akyl ýetirişiň metodlary . . . 246
10.15. Paýhasyň döredijilik işjeňligi. . . 250
10.16. Akyl ýetiriş we intuisiýa . . . 251
10.17. Akyl ýetirişde döredijilikli fantaziýanyň we göz öňüne getirmeleriň orny . . . 253

**XI. SOSIAL FILOSOFIÝA, ONUŇ PREDMETI, DÜZÜMI WE JEMGYÝETDÄKI ORNY**

11.1. Sosial filosofiýa, jemgyýet we taryh . . . 255
11.2. Sosial filosofiýa we beýleki jemgyýetçilik ylymlary . . . 259
11.3. Jemgyýetiň esasy taraplary we olary öwrenýän ylymlar . . . 261
11.4. Sosial filosofiýada jemgyýetçilik-taryhy kanunalaýyklyklar meselesi . . . 263
11.6. Sosial filosofiýanyň funksiýalary . . . 267

**XII. JEMGYÝET WE TEBIGAT**

12.1. Adam we tebigat . . . 269
12.2. Jemgyýet we tebigat. . . 273
12.3. Jemgyýet-tebigat gatnaşygynda tehnologiýanyň orny. . . 275
12.4. Jemgyýet-tebigat gatnaşygy we ekologiýa meselesi . . . 277
12.5. Biosfera we noosfera . . . 281
12.6. Ekologiýa meselelerini çözmekligiň ýollary . . . 282

**XIII. JEMGYÝETIŇ YKDYSADY ESASLARY**

13.1. Jemgyýetiň ykdysady durmuşy . . . 285
13.2. Önümçilik usuly. . . 288
13.3. Ykdysadyýetde eýeçiligiň orny . . . 291
13.4. Tehnika we önümçilik . . . 293
13.5. Ykdysady gatnaşyklarda ykdysady bähbitleriň orny . . . 295
13.6. Ykdysadyýetiň dolandyryş usullary. . . 297
13.7. Ykdysady durmuşda puluň orny . . . 299

## XIV. JEMGYÝETIŇ SOSIAL GURLUŞY WE SOSIAL ESASLARY


14.1. Jemgyýet we jemgyýetçilik gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 301
14.2. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan düzgünler. . . . . . . . . . . . . . 305
14.3. Jemgyýetiň sosial gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 308
14.4. Nika-maşgala gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 311
14.5. Millet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 316
14.6. Milli öz-özüňe akyl ýetirmek we milletçilik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 319
14.7. Garaşsyzlyk we türkmen milletiniň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 320


## XV. JEMGYÝETIŇ SYÝASY GURLUŞY WE SYÝASY ESASLARY


15.1. Syýasat we onuň gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 322
15.2. Syýasy ulgam. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 326
15.3. Syýasy düzgünler. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 328
15.4. Döwlet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 330
15.5. Döwlet dolandyryşynyň we gurluşynyň formalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . 333
15.6. Häkimiýetiň bölünişigi ideýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 336
15.7. Döwlet we hukuk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 338


## XVI. JEMGYÝETIŇ RUHY-MEDENI DURMUŞY


16.1. Jemgyýetçilik aňy we onuň gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 340
16.2. Jemgyýetçilik aňynyň derejeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 342
16.3. Syýasy aň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 344
16.4. Hukuk aňy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 347
16.5. Ahlak aňy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 349
16.6. Dini aň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 352
16.7. Estetiki aň. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 356


## XVII. YLYM WE MEDENIÝET


17.1. Ylym, onuň gurluşy we funksiýalary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 359
17.2. Ylmyň we önümçiligiň birleşmegi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 363
17.3. Häzirki zaman türkmen jemgyýetinde ylmy ösdürmegiň esasy ugurlary . 364
17.4. Filosofiýa we ylym. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 367
17.5. Medeniýet düşünjesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 368
17.6. Medeniýetiň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 370
17.7. Medeniýetiň ösüşinde milli we umumadamzat gymmatlyklarynyň ähmiýeti . . . 372
17.8. Medeniýet we siwilizasiýa. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 374
17.9. Globallaşmak we milli medeniýet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 375


## XVIII. HALK KÖPÇÜLIGINIŇ WE ŞAHSYÝETIŇ TARYHDAKY ORNY


18.1. Taryhyň esasy güýçleri baradaky taglymatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 377
18.2. Halkyň taryhy ösüşdäki orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 379
18.3. Halk we şahsyýet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 382

18.4. Harizmaly şahsyýet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 383
18.5. Taryhy şahsyýet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 386

## XIX. SOSIAL PROGRES WE TARYHYŇ MANYSY

19.1. Taryhyň manysy we sosial ösüş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 390
19.2. Progres ideýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 391
19.3. Ewolýusiýa, rewolýusiýa, reforma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 393
19.4. Jemgyýetçilik ösüşiniň sebäpleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 394
19.5. Jemgyýetiň görnüşini kesgitlemäge çemeleşmeler . . . . . . . . . . . . . . . . . . 397
19.6. Jemgyýetiň ösüşine formasiýalaýyn çemeleşme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 398
19.7. Jemgyýetiň ösüşine siwilizasiýalaýyn çemeleşme. . . . . . . . . . . . . . . . . . . 400
19.8. Uruş, parahatçylykly ýaşaýyş we progres . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 404

Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 408

*Orazmuhammet Danagulyýew, Ikramguly Jumagulyýew,
Maral Hanaýewa, Peýşembaý Aýdogdyýew,
Goçmyrat Hanow*

# FILOSOFIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *B. Şabasanowa* |
| Teh. redaktor | *A. Nurýagdyýew* |
| Kompýuter bezegi | *O. Handöwletowa* |
| Neşir üçin jogapkärler | *A. Baýgeldiýew, B. Begseýidow* |

Çap etmäge rugsat edildi 24.12.2020.
Ölçegi 60×90 $^{1}/_{16}$. Times New Roman garniturasy.
Çap listi 26. Şertli çap listi 26. Hasap-neşir listi 24.
Neşir № 75. Sargyt № 00. Sany 4200.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Ylym» neşirýaty.
744000. Aşgabat, 2011-nji (Azady) köçesi, 61.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.